TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy, III neşir)

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygyna hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň 18 ýyllygyna bagyşlanýar

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2026

UOK 327(575.4)
H 44

H 44 **«Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň derwaýys meseleleri»** atly makalalar ýygyndysy, III neşir. – A.: Ylym, 2026. – 304 sah.

Bu ýygyndy Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygyna hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň 18 ýyllygyna bagyşlanyp, onda institutyň magistrantlarynyň öz hünär ugurlarynyň maksatnamasyna laýyklykda ýerine ýetirilen özbaşdak ylmy-barlag işleriniň temalary bilen baglanyşykly makalalary ýerleşdirildi.

Bu ýygyndyda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň magistrantlarynyň öz hünär ugurlarynyň maksatnamasyna laýyklykda ýerine ýetiren özbaşdak ylmy-barlag işleriniň temalary bilen baglanyşykly makalalary ýerleşdirildi.

Ýygyndy institutyň magistrlik okuwlarynyň atlaryna laýyk gelýän baplardan ybarat görnüşde taýýarlanyldy. Ýygynda girizilen makalalar häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň, diplomatiýasynyň, halkara hukugynyň, halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryň we halkara gatnaşyklarynda žurnalistikanyň ornuna degişli meselelere bagyşlanylyp, olaryň aglabasynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen alnyp barylýan öňdengörüjilikli, ynsanperwer ýörelgelere esaslanan daşary syýasatyň netijesinde ýurdumyzyň halkara derejede gazanylan üstünliklerine degişli maglumatlar hem giňişleýin beýan edilýär.

Kitapdaky makalalaryň häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň şu günki gün köpleri gyzyklandyrýan meselelerine bagyşlanandygy üçin, ol okyjylaryň giň köpçüliginiň ünsüni özüne çeker diýlip çaklanylýar.

TDKP № 29, 2026 KBK 66.4(2Tü)

© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2026
© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty, 2026
© «Ylym» neşirýaty, 2026



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň çuňňur paýhasly baştutanlygynda ýurdumyzyň bilim ulgamy hem özgerýär we ösýär. Türkmenistanda bilim ulgamynda geçirilýän özgertmeler jemgyýetiň durmuş-ykdysady taýdan ösüşine, täze tehnologiýalary özleşdirmäge, halkara hyzmatdaşlygyny işjeň alyp barmaga şert döredýän mümkinçilikleri has-da kämilleşdirýär.

Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjiligi bilen binýady goýlan döwrebap bilim ulgamynyň çäklerinde ýurdumyz üçin zerur bolan ugurlarda, şol sanda halkara gatnaşyklary hem-de diplomatiýa boýunça hem dünýä ölçeglerine laýyk gelýän okatmagyň häzirki zaman hünärmen, bakalawr, magistr, şeýle-de aspirantura we doktorantura okuwlary ornaşdyrylyp hem-de kämilleşdirilýär. Ýurdumyzda bolşy ýaly, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hem ýokary hünär bilimini almagyň däp bolan hünärmen taýýarlygy bilen bilelikde, iki derejeli gurluş düzgüni boýunça taýýarlyklar hem alnyp barylýar. Bakalawr derejesi – hünär işiniň ähli görnüşlerini amala aşyrmaga mümkinçilik berýän ýokary bilim hökmünde kesgitlenilýär we bilim maksatnamalary dört okuw ýylynyň möhleti bilen amala aşyrylýar.

Magistr – taýýarlyk ugurlary boýunça okatmagyň amala aşyrylýan gurluş düzümi bolan ýokary hünär biliminiň ikinji derejesi bolup durýar. Magistr – hünär we dolandyryş wezipeleriniň birnäçesini özbaşdak çözmäge, pedagogik işiň dürli görnüşlerini geçirmäge we ylmy-barlag işlerini alyp barmaga taýýarlamagy üpjün edýän ýokary bilim hökmünde kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň milli diplomatiýasynyň ýokary mekdebi häzirki zamanyň döwrebap bilim ulgamynda bolup geçýän täzeçillik özgertmeleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýar. Institutda häzirki wagtda ozalky bäşýyllyk hünärmen maksatnamasy boýunça bilim alýan talyplar bilen bir hatarda, hünärmenleri taýýarlamagyň iki basgançakly bilim ulgamy, ýagny bakalawr we magistr maksatnamalary açylyp, olarda talyplar bilim alýarlar.

Bu ýygyndyda institutyň 2025–2026-njy okuw ýylyndaky magistrlik okuwlarynyň sanly diplomatiýa, seljeriş we strategik meýilleşdiriş, gündogary öwreniş, halkara hususy hukugy, halkara jemagat hukugy, halkara arbitraž we işewürlik hukugy, halkara ykdysadyýeti we syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugurlarynyň magistrantlarynyň öz hünärine degişli alyp barýan magistrlik ylmy-barlag işiniň temasy bilen baglanyşykly bolan ylmy makalalary ýerleşdirildi.

Makalalarda häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýasynyň, halkara hukugynyň, analitika hem-de strategik seljeriş işleriniň, halkara ykdysady

gatnaşyklaryň, internet žurnalistikasynyň derwaýys meselelerine, Gündogar we Merkezi Aziýa döwletleriniň diplomatiýasyna, syýasy taryhyna we ykdysady ýagdaýyna bagyşlanylan temalar esasy tutýar.

Gahryman Arkadagymyzyň esaslandyran hem-de hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli amala aşyrylýan Türkmenistanyň Bitarap daşary-syýasy strategiýasynyň we diplomatiýasynyň parahatçylygy döredijі kuwwaty makalalarda anyk mysallar arkaly beýan edilýär.

Şunuň bilen baglylykda, makalalarda türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklarynyň, daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň ileri tutulýan ugurlary, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, BMG we beýleki abraýly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy, şeýle-de şu günki günüň derwaýys meselelerine bolan oňyn çemeleşmeleri açylyp görkezilýär. Bitarap Türkmenistanyň halkara gatnaşyklary ulgamyndaky başlangyçlary hem-de olaryň üstünlikli durmuşa geçirilişi baradaky seljeriş maglumatlary hem gyzykly bolup biler.

Ýygyndyda ýerleşdirilen makalalar halkara gatnaşyklarynyň dürli ugurlaryny içgin öwrenýän talyplar we ýaş alymlar üçin, şeýle-de häzirki zamanyň derwaýys meseleleri bilen gyzyklanýan bilermenler, şeýle hem hünärmenler üçin hem ünsi çekiji bolup biler diýip hasaplaýarys.

**Begenç KARAÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty*

# I BAP
# SANLY DIPLOMATIÝA

**Kasym AMANOW,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty.*

## MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERINIŇ SANLY DIPLOMATIÝASYNYŇ GIŇIŞLEÝIN SELJERMESI

Häzirki wagtda sanly tehnologiýalaryň we internetiň örän çalt depginde ösmegi halkara gatnaşyklaryň hem özgermegine sebäp boldy. XX asyryň ikinji ýarymynda aragatnaşyk serişdeleriniň, ylmy-tehniki ösüşiň giňelmegi netijesinde diplomatiýanyň mazmuny we iş usullary düýpgöter täzelendi. Indi diplomatlar diňe öňki ýaly adaty diplomatik çemeleşmeleri ulanmak bilen çäklenmän, eýsem, häzirki zaman onlaýn platformalaryň, maglumat portallarynyň hem-de sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanýarlar. «Sanly diplomatiýa» ýa-da «e-diplomatiýa» diýlip atlandyrylýan bu ugur döwletleriň daşary syýasatyny amala aşyrmak üçin internet serişdeleriniň we sanly aragatnaşyk tehnologiýalarynyň maksadalaýyk ulanylmagydyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem sanly özgertmeleriň häzirki döwrüň möhüm talaby hökmünde çykyş edýändigini BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda nygtap, Türkmenistanyň deňhukuklylyk, ynanyşmak we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň parahatçylygyň, howpsuzlygyň hem-de durnukly ösüşiň zyýanyna ulanylmagynyň öňüni almak ýörelgelerine esaslanýan «Sanly integrasiýa boýunça bütindünýä platformasyny» döretmek başlangyjy bilen çykyş etmegi meýilleşdirýändigini beýan etdi [2].

Ýurdumyzyň daşary syýasatynda hem sanly ýörelgelere geçmeklige aýratyn ähmiýet berilýär. Daşary işler ministrliginiň düzüminiň Daşary syýasy habarlar we sanly diplomatiýa departamenti ýurdumyzy halkara maglumat giňişliginde has netijeli tanatmak, diplomatik aragatnaşygy häzirki zaman talaplaryna laýyk derejede guramak maksady bilen döredildi.

Mundan başga-da milli ykdysadyýetiň we jemgyýetiň ähli ulgamlarynyň sanlylaşdyrylmagyny üpjün edýän möhüm hukuk binýady döredildi. Şolaryň hatarynda «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy», şeýle hem «Mahabat hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (2016), «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» (2017) we «Türkmenistanda ylym ulgamyny 2020–2025-nji ýyllarda sanly ulgama geçirmegiň Maksatnamasy» (2020) ýaly resminamalar bar. Bu hukuknamalar ýurduň sanly ulgama geçişini tizleşdirmegi we maglumat dolanyşygyny kämilleşdirmegi maksat edinýär.

Sanly diplomatiýanyň esasy ýörelgeleri köp halatda ýumşak güýç (soft power) we jemgyýetçilik diplomatiýasy bilen baglanyşyklydyr. Bu düşünje giň manyda döwletleriň öz daşary syýasatynyň maksatlaryny, başlangyçlaryny we garaýyşlaryny internet arkaly dünýä jemgyýetçiligine ýetirmegi aňladýar. Şeýlelikde, sanly diplomatiýa döwletiň syýasy usulyýetiniň häzirki zaman kommunikasiýa serişdeleri bilen sazlaşdyrylmagyny, halkara jemgyýetçiligine takyk, doly we açyk maglumatlaryň ýetirilmegini hem-de bu maksatlar üçin howpsuz maglumat çeşmeleriniň döredilmegini göz öňünde tutýar [3].

Sanly diplomatiýa häzirki döwrüň halkara gatnaşyklarynda möhüm orny eýeleýär. Ol döwletleriň daşary syýasatyny has täsirli, açyk we çalt görnüşde alyp barmagyna mümkinçilik berýär. Merkezi Aziýa ýurtlary–Gazagystan, Özbegistan, Gyrgyzystan, Täjigistan we Türkmenistan sanly diplomatiýany dürli derejede ösdürýärler.

Türkmenistan sanly diplomatiýany Bitaraplyk syýasatynyň çäklerinde ulanmak bilen, halkara forumlarda we sebitleýin maslahatlarda sanly aragatnaşyk mümkinçiliklerinden giňden peýdalanýar. Türkmenistanda sanly diplomatiýa, esasan, sebitleýin hyzmatdaşlygyň berkidilmegine gönükdirilýär. Ýurduň Daşary işler ministrligi sanly platformalar arkaly halkara jemgyýetçiligine açyk maglumat berýär. Şeýle hem Türkmenistan sanly diplomatiýany energetika we ulag pudagyndaky halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde ulanýar [4].

Gazagystan daşary syýasatda sanly diplomatiýany giňden ornaşdyran ýurtlaryň biridir. Ýurduň Daşary işler ministrligi sanly ulgamlarda işjeň çykyş edýär, halkara jemgyýetçiligini anyk maglumatlar bilen üpjün edýär. Bu bolsa ýurduň halkara abraýyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Gazagystan sanly diplomatiýany ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde hem ulanýar, daşary ýurtlardaky maýadarlar bilen aragatnaşykda sanly çeşmelerden peýdalanýar.

Özbegistan soňky ýyllarda sanly diplomatiýany ösdürmekde uly ädimler ätdi. Prezident administrasiýasynyň we ministrlikleriň resmi web-sahypalary, şeýle hem «Twitter», «Facebook» ýaly sanly ulgamlardaky işjeňlik daşary ýurt jemgyýetçiligine açyk maglumat bermegiň möhüm guraly bolup hyzmat edýär. Özbegistan sanly diplomatiýany halkara hyzmatdaşlygy giňeltmekde we daşary ýurtlardaky diaspora bilen aragatnaşyk saklamakda ulanýar. Şeýle hem sanly diplomatiýa arkaly ýurtdaky syýasy özgertmeleri we ykdysady ösüşleri halkara derejesinde wagyz edilýär [7].

Gyrgyzystan sanly diplomatiýany, esasan, halkara guramalar bilen gatnaşyklarda ulanýar. Mobil diplomatiýa hyzmatlary arkaly daşary ýurtlardaky raýatlar bilen aragatnaşyk saklanýar. Şeýle hem Gyrgyzystan sanly platformalar arkaly halkara forumlara gatnaşyp, öz garaýyşlaryny dünýä jemgyýetçiligine ýetirýär. Ýurduň Daşary işler ministrligi sanly usullary ulanyp, halkara jemgyýetçiligine maglumat berýär [6].

Täjigistanda sanly diplomatiýa haýal depginde ösýär. Ýurduň Daşary işler ministrligi halkara guramalar bilen gatnaşyklarynda sanly aragatnaşyk usullaryny ulanýar. Täjigistan esasan BMG we sebitleýin guramalar bilen gatnaşyklarynda sanly diplomatiýadan peýdalanýar. Ýurduň sanly diplomatiýa tejribesi häzirki wagtda çäkli bolsa-da, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmekde möhüm gural hökmünde ulanylýar. Täjigistan sanly diplomatiýany ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde hem ornaşdyrmaga synanyşýar.

Sanly diplomatiýa häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynyň dinamiki, çalt we strategik aýratynlygyna öwrülip, döwletleriň abraýyny, täsirini we maglumat giňişligindäki güýjüni kesgitleýän esasy ugurlaryň biridir [7].

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda Türkmenistan öz milli syýasatynyň yzygiderliligi, parahatçylyk söýüjilikli diplomatiýanyň sanly giňişlikde ilerledilişi, halkara başlangyçlarynyň açyk we tiz ýaýradylmagy bilen aýratyn tapawutlanýar.

Türkmenistanyň sanly diplomatiýasy häzirki wagtda diňe bir maglumat beriş ulgamy däl, eýsem, döwletimiziň halkara derejesinde abraýyny pugtalandyrýan, ykdysady mümkinçiliklerini giňeldýän we halkara gatnaşyklarynyň täze tapgyrynyň binýadyny düzýän strategik ulgamdyr.

Sanly tehnologiýalaryň giňden ösmegi bilen dünýäniň diplomatik ulgamynda-da düýpli üýtgeşmeler ýüze çykdy. Şeýle ösüşlerden yza galman, Türkmenistan hem halkara gatnaşyklaryny täze sanly serişdeler arkaly alyp barmaga ýokary ähmiýet berýär. Sanly kommunikasiýa serişdeleriniň diplomatiýada peýdalanylyşy ilkinji gezek 2000-nji ýyllaryň başlarynda ýurdumyzyň döwlet edaralarynyň internet ulgamyna birikdirilmegi, resmi maglumatlaryň sanly görnüşde ýaýradylyp başlanmagy bilen kemala geldi. Şol döwürlerde daşary syýasy maglumatlar diňe metbugat arkaly däl, eýsem, täze döredilen web-portallar arkaly daşary ýurt okyjylaryna elýeterli edildi. Bu bolsa Türkmenistanyň daşary syýasatynyň dünýä giňişligine sanly ýol bilen çykmagynyň başlangyjy boldy.

2010–2017-nji ýyllar sanly diplomatiýanyň institusional taýdan berkidilen tapgyry boldy. Döwlet habar serişdeleriniň elektron görnüşde neşir edilmegi, ministrlikleriň internet portallarynyň giňeldilmegi, daşary ýurtlardaky ilçihanalaryň web sahypalarynyň döwrebaplaşdyrylmagy diplomatik maglumat alyş-çalşygyny tizleşdirdi. Şol ýyllarda kabul edilen «Mahabat hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, şeýle hem «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» ýaly resminamalar jemgyýetçilik diplomatiýasynyň we maglumat açyklygynyň hukuk esasyny emele getirdi. Şeýlelikde, döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy wagyz etmek, halkara başlangyçlary dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek üçin sanly kommunikasiýanyň ornunyň ýokarlanýan döwri başlandy [8].

Ösüşiň täze we möhüm tapgyry «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» kabul edilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu strategik resminama diňe ykdysady ulgamy däl, eýsem, diplomatiýanyň sanly

mazmunyny hem öz içine alýar. Daşary işler ministrliginiň düzüminde döredilen Daşary syýasy habarlar we sanly diplomatiýa departamenti daşary syýasat maglumatlarynyň sanly ulgamlarda utgaşykly we tiz ýaýradylmagyny üpjün edýän möhüm merkezdir. Bu departament diplomatik beýanatlaryň, Prezident çykyşlarynyň, halkara duşuşyklaryň we döwletimiziň başlangyçlarynyň halkara arenasynda doly we açyk ýagdaýda görkezilmegini maksat edinýär.

Umuman, Türkmenistanyň sanly diplomatiýasynyň taryhy ösüşi döwletimiziň öňe süren strategik özgertmeleri bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Sanly kommunikasiýanyň giňden ornaşdyrylmagy diňe bir daşary syýasatyň täze ugruny emele getirmän, eýsem, ýurduň halkara abraýyny berkitdi, daşary ýurt jemgyýetçiliginiň hemişelik Bitarap Türkmenistana bolan gyzyklanmasyny artdyrdy we halkara gatnaşyklaryň okgunly ösdürilmegine şert döretdi. Häzirki döwürde sanly diplomatiýa ýurdumyzyň dünýä giňişligindäki ornuny pugtalandyrýan, parahatçylyk syýasatyny wagyz edýän we Türkmenistan baradaky oňyn keşbi berkitmäge hyzmat edýän döwrebap strategik gurala öwrüldi.

## EDEBIÝATLAR


1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar–Watanyň daýanjy. A.:TDNG, 2023.

2. *Serdar Berdimuhamedow*. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda çykyşyndan nutuklar ýygyndysy. – A., 2025.

3. Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisindäki çykyşy. – Türkmenistan // 25.09.2025.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan–Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020.

5. «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy». – A.: Resmi neşir, 2019.

6. «Mahabat hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2016.

7. «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy». 2017.

8. «Türkmenistanda ylym ulgamyny 2020–2025-nji ýyllarda sanly ulgama geçirmegiň Maksatnamasy». – A.: TYA, 2020.

9. «Daşary syýasy maglumatlar we sanly diplomatiýa bölüminiň döredilmegi barada maglumat», DIM-niň resmi metbugaty. – A., 2022.

10. *Bjola C., Holmes, M.* Digital Diplomacy: Theory and Practice. – London: Routledge, 2015.

11. *Nye J.* Soft Power: The Means to Success in World Politics. – New York: Public Affairs, 2004.

## ВСЕСТОРОННИЙ АНАЛИЗ ЦИФРОВОЙ ДИПЛОМАТИИ ГОСУДАРСТВ ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

Сравнительный анализ цифровой дипломатии государств Центральной Азии показывает важные результаты относительно роли и возможностей цифровых технологий в международных отношениях региона. Цифровая дипломатия сегодня становится новым направлением международных отношений, выступая важным инструментом для государств в выходе на мировое сообщество и укреплении собственного авторитета. В период пандемии COVID-19 цифровые средства коммуникации стали основным каналом дипломатии, что ускорило её развитие. В целом цифровая дипломатия государств Центральной Азии находится на пути развития.

Несмотря на различия между странами, общая тенденция заключается в превращении цифровых технологий в ключевой инструмент дипломатии в региональном сотрудничестве.

## A COMPREHENSIVE ANALYSIS OF THE DIGITAL DIPLOMACY OF THE CENTRAL ASIAN STATES

The comparative analysis of the digital diplomacy of Central Asian states demonstrates important results regarding the role and opportunities of digital technologies in the region's international relations. Digital diplomacy has now become a new direction in international relations, serving as an essential tool for states to engage with the global community and to enhance their reputation. During the COVID-19 pandemic, digital communication tools became the primary channel of diplomacy, accelerating its development.

In general, the digital diplomacy of Central Asian states is on the path of development. Although there are differences among the countries, the common trend is the transformation of digital technologies into a key instrument of diplomacy and the necessity of regional cooperation.

**Ysmaýyl BERDIÝEW,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty.*

# DÖWLETIŇ SANLY DIPLOMATIÝASYNA ONUŇ MEDIA SYÝASATYNYŇ TÄSIRI

Sanly tehnologiýalar we internet ulgamynyň ösýän häzirki döwründe halkara gatnaşyklar ulgamy hem döwrebaplaşdy. XX asyryň ikinji ýarymynda aragatnaşyk gurallarynyň, ylmyň we tehnikanyň ösmegi diplomatiýanyň häsiýetini düýbünden üýtgetdi. Diplomatlar ozalky adaty kommunikasion çeşmeler bilen bir hatarda onlaýn platformalary we sosial ulgamlary ulanýarlar. Sanly diplomatiýa (e-diplomatiýa) – döwlet edaralarynyň we diplomatik wekilhanalaryň daşary syýasat maksatlaryna ýetmek üçin sanly internet platformalary we beýleki aragatnaşyk serişdelerini peýdalanmaklarydyr. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisindäki çykyşynda sanly özgertmeleriň möhüm şertlerinden ugur almak bilen, Türkmenistanyň garaýyşlaryny şeýle beýan etdi: «Türkmenistan deňhukuklylyk, ynanyşmak we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň zyýanyna ulanylmagyna ýol bermezlik ýörelgelerine esaslanýan Sanly integrasiýa boýunça bütindünýä platformasyny döretmek başlangyjy bilen çykyş etmegi meýilleşdirýär» [2]. Ýurdumyzyň degişli ugurdaky syýasatynda hem şu döwrebap çemeleşmä uly üns berilýär. Daşary işler ministrliginiň gurluşynda Daşary syýasy habarlar we sanly diplomatiýa departamenti döredilip, döwletimiziň halkara derejesinde aragatnaşyklaryny kämilleşdirmek maksat edinildi. Milli ykdysadyýete sanly ulgamyň kämil mümkinçiliklerini ornaşdyrmak maksady bilen «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Şeýle-de, sanly ulgam we media syýasat babatda kabul edilen 2016-njy ýylda «Mahabat hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 2017-nji ýylda «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» ýaly hukuknamalary hut şol maksada gönükdirilendir.

Sanly diplomatiýanyň ýörelgeleri köplenç ýumşak güýç (soft power) we jemgyýetçilik diplomatiýasy düşünjeleri bilen baglanyşyklydyr. Ol has giň manyda, döwletleriň öz daşary syýasatyny we başlangyçlaryny dünýä giňişligine internet ulgamy arkaly ýetirmekligi aňladýar. Sanly diplomatiýa strategiýasy syýasatyň strategiki meýilleşdirilişiniň häzirki zaman kommunikasion tehnologiýalary bilen arabaglanyşygynyň üpjün edilmegini, döwletiň daşary syýasatynyň dünýä jemgyýetçiligine aýdyň we doly ýagdaýda ýetirilmegini hem-de bu maksatlar üçin howpsuz aragatnaşyk gurallarynyň ýola goýulmagyny amala aşyrýar.

ABŞ-da media syýasatynyň sanly diplomatiýa bilen ilkinji utgaşmasyny Döwlet departamentiniň sekretary Hillary Klintonyň döwründe «XXI asyryň

döwlet dolandyryşy» maksatnamasy bilen sanly aragatnaşyk tehnologiýalarynyň daşary syýasata giňden ornaşdyrlmagyny görkezmek bolar. ABŞ-nyň mysalynda media syýasatynyň sanly giňişlikde alnyp barlyşy açyk we merkezleşdirilmedik aragatnaşyk modeline esaslanýar. Açyklyk öz gezeginde žurnalistleriň, hökümete degişli bolmadyk guramalaryň, publisistleriň, analitikleriň daşary syýasy meselelerine işjeň gatnaşmaklaryna rugsat berýär [4; 228 sah.]. Döwlet ýolbaşçylary «Meta», «X» sosial platformalary arkaly ýurduň syýasatyny ilerledýärler. Emma merkezleşdirilmedik ulgamyň hem öz gezeginde käbir ýetmezçilikleri bolup biler. Kähalatlarda daşary syýasy çözgütler boýunça döwlet ýolbaşçylarynyň merkezleşdirilmedik syýasata eýermekleri we sosial platformalarda öz pikirlerini beýan etmekleri halkara derejede düşünişmezliklere getirip bilýär.

Hytaýyň media syýasaty ýurduň milli bähbitlerine laýyklykda utgaşdyrylyp, merkezleşdirilen häsiýete eýedir. Media syýasat ýurtdaky başlangyçlar, uly taslamalar, dürli pudaklarda ýetilen sepgitler we Hytaýyň dünýä arenasyndaky orny babatda maglumatlar berýär. Halkara derejesinde hereket edýän «CGTN», «China Daily», «Global Times» ýaly hytaý media platformalarynda ýurduň başlangyçlary barada dünýä jemgyýetçiliginde habar berilýär. Mysal hökmünde, «CGTN» we «China Daily» platformalary ýurduň «Bir guşak, bir ýol» taslamasy barada habarlary, media kontentleri paýlaşýarlar [5; 127–160 sah.]. Ýurduň daşary ýurtlardaky ilçihanalary, wekilhanalary hem öz gezeginde şeýle habarlary sosial torlarda paýlaşýarlar. Bu utgaşykly çemeleşme bolsa merkezleşdirilen media syýasatynyň esasynda amala aşyrylýar.

Russiýanyň media syýasaty ABŞ-daky ýaly köpugurly we giň jemgyýetçilik gatnaşygyna esaslanýan modelden tapawutlanyp, merkezleşdirilen maglumat dolandyryşynyň aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýär. 2014-nji ýylda ýurtda «Sputnik» atly täze multimedia topary döredilip, birnäçe radio stansiýalaryny we habar agentliklerini öz içine aldy. Ýurt media syýasatynda köptaraplaýyn ulgamyň tarapdarydygyny görkezýär. Şol wagtky «Rossiýa Segodnýa» atly media platformasynyň ýolbaşçysynyň: «Biz dünýä bir polýarly modeli ornaşdyrýan agressiw propoganda garşy» diýmegi hem munuň şeýledigini tassyklaýar **[7]**. Russiýada döwlet ýolbaşçylary resmi habarlary ýaýratmak üçin birnäçe sosial torlardan peýdalanýarlar. Hususan-da, daşary ýurtdaky ilçihanalar «Weibo», «WeChat» ýaly sosial torlardan peýdalanýarlar we raýatlary ýurduň daşary syýasaty hem-de strategik orny bilen habarly edýärler [5; 78 sah.].

Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB) media syýasaty we sanly diplomatiýasy aýratyn bir modele esaslanmak bilen, şoňa laýyklykda hem sebitiň gymmatlyklary we syýasy başlangyçlary dünýä giňişliginde öňe sürülýär. Sebitiň media syýasatynda plýuralizm, açyklyk we demokratik gymmatlyklary goramaklyk esasy orundadyr. 2024-nji ýylyň 7-nji maýynda güýje giren Ýewropa Media Azatlyk Kanuny onuň möhüm bölegidir.

Ýeri gelende bellesek, 2022-nji ýylyň iýulynda «ÝB-niň sanly diplomatiýasynyň geňeşiniň jemleri» atly resminama tassyklanyldy. Resminama bileleşigiň ähli agzalarynyň ileri tutulýan ugurlary durmuşa geçirmek üçin «Ýewropa topary» çemeleşmesinde hereket etmegini nazara alýar. Şu ugurdaky sanly maglumatlarda bellenilmegine görä, köptaraplaýyn gatnaşyklarda utgaşykly we strategik aragatnaşyk, ikitaraplaýyn we sebitleýin gatnaşyklaryň täze döreýän tehnologiýalar babatda mundan beýläk hem ösdürilmegi, halkara hyzmatdaşlar bilen sanly ulgam boýunça gatnaşyklary berkitmek, ÝB-niň we onuň agzalarynyň sanly ulgam üpjünçiligine üns bermek esasy wezipeler bolup durýar [8].

Türkmenistanda indi birnäçe ýyllar bäri, syýasy we ykdysady durmuş sanly ulgama gönükdirilýär. Gahryman Arkadagymyz durnukly ösüşi ykysadyýet bilen utgaşdyrmak babatda: «Ykdysadyýetiň hemmetaraplaýyn sanly ulgama geçirilmegi ähmiyetli hasaplanylýar» diýip nygtaýar [3; 82 sah.]. Bitarap Türkmenistanyň Daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda sanly ulgamlaryň halkara ylym we tehnologiýa hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmagyň esasy wezipeleriniň biridigi kesgitlenilýär. Konsepsiýada sanly maglumat tehnologiýalary pudagynda halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek we daşary ýurtdaky diplomatik wekilhanalaryň resmi sosial platforma hasaplaryny kämilleşdirmek, şeýle-de döwletiň daşary syýasy başlangyçlaryny internet sahypalarynda hem-de multimedia platformalarynda giňden beýan etmek çärelerine aýratyn üns berilýändigi bellenilýär. Döwlet ýolbaşçylarynyň görkezmesi bilen ýaş hünärmenleri çekilip, «Sanly integrasiýa» boýunça bütindünýä platformasyny döretmek we sanly kommunikasion tehnologiýalary, platformalaryny özgertmek degişli işleriň gün tertibine girizildi.

Ýurdumyzda elektron metbugat we döwlet habar serişdeleri (tdh.gov.tm., turkmenmetbugat.gov.tm we başgalar) döredilip, olaryň sanly ulgam maglumat bazasy üpjün edildi. Daşary syýasy habarlaryň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýüzlenmeleriniň, çykyşlarynyň, amala aşyran saparlarynyň, Türkmenistanyň agza bolan halkara guramalarynyň we tassyklan konwensiýalaryň ýurduň birnäçe pudaklaýyn edaralarynyň degişli web sahypalarynda, platformalarynda ýaýradylmagy, ýurduň sanly kommunikasion platformalar boýunça ýeten sepgitlerini tassyklaýar. Hormatly Prezidentimiz: «Ýurdumyzda çap edilýän ähli gazet-žurnallaryň bir bitewi internet saýty hem-de mobil goşundysy görnüşde neşir edilmeginiň ýola goýulmagy hem ýaşlarymyzyň döwürleýin neşirleri öz ykjam telefonlarynyň üsti bilen islendik ýerde, islendik wagty okap bilmeklerine, şunlukda, bilimlerini artdyrmaga, dünýägaraýşyny giňeltmäge mümkinçilik berýär» diýip belleýär [1; 153 sah.]. Ýurduň media syýasaty parahatçylyk söýüjilikli milli bähbitlere eýerýän özara hyzmatdaşlygy we düşünişmegi ündeýän ýörelgelere esaslanýar. Döwletler we halkara guramalar bilen sanly ulgam arkaly forumlar, ýygnaklar, metbugat brifingleri we dürli pudaklar boýunça ikitaraplaýyn hem-de

köptaraplaýyn duşuşyklar geçirilýär. Daşary ýurtlardaky ilçihanalarymyz utgaşykly şekilde dünýä jemgyýetçiligini Türkmenistanyň syýasy başlangyçlary resmi habarlar bilen üpjün edýärler. Mundan başga-da ilçihanalar öz sanly platformalary arkaly konsullyk meseleleri boýunça hyzmatlary hödürleýärler.

Netijede, häzirki döwrüň maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ösmegi döwletleriň sanly diplomatiýasyny hem düýpgöter üýtgetdi. Şeýlelikde, sanly diplomatiýa we media syýasaty daşary syýasatyň möhüm ugurlaryna öwrülip, döwletiň halkara giňişligindäki ornuny we täsirini kesgitleýän strategiýalaryň özenini emele getirýär. Döwletleriň bu ugurlardaky tejribeleri olaryň ykdysady, medeni we syýasy gurluşlaryna görä tapawutlanýar. ABŞ-da açyk, plýuralist we giň jemgyýetçilik gatnaşygyna esaslanýan media syýasaty sanly diplomatiýada-da merkezleşdirilmedik kommunikasiýa gurluşyny emele getirýär. Hytaýyň döwlet tarapyndan utgaşdyrylýan we milli bähbitlere laýyklykda döredilen maglumat dolandyryşy bolsa sanly diplomatiýanyň mazmunynyň hem umumy syýasat arkaly alnyp barylýandygyny görkezýär. Russiýanyň alternatiw maglumat giňişligini döretmäge gönükdirilen çemeleşmesi hem media syýasaty bilen sanly diplomatiýanyň berk baglanyşykly strategik gurallara öwrülendigini tassyklaýar. Ýewropa Bileleşigi bolsa media erkinligini, maglumat açyklygyny we demokratik gymmatlyklary goramaga gönükdirilen düzgünleşdirilen ulgam arkaly sanly diplomatiýany utgaşykly strategik kommunikasiýa mehanizmine öwürdi.

Türkmenistanda hem döwlet dolandyrylyşynyň sanly ulgama geçirilmegi, maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegi we halkara maglumat alyş-çalşygynyň kämilleşdirilmegi boýunça kabul edilen konsepsiýalar arkaly sanly diplomatiýa bilen media syýasatynyň utgaşykly ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Döwlet edaralarynyň we daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryň sanly platformalarda işjeňleşmeginiň ýurdumyzyň daşary syýasy başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligine has açyk we tiz ýetirilmegini üpjün edýändigi aýratyn bellenilmelidir.

Şeýlelikde, dürli ýurtlaryň tejribesi sanly diplomatiýa bilen media syýasatynyň häzirki döwrüň global maglumat giňişliginde biri-biriniň üstüni ýetirýän strategiki ulgamlara öwrülendigini görkezýär. Bu iki ugur döwletleriň diňe özleri bilen bagly habarlaryny dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek üçin däl, eýsem, halkara derejesinde öz abraýyny, täsirini we maglumat giňişligindäki ornuny pugtalandyrmak üçin peýdalanýan möhüm syýasy mehanizmleridir. Geljekde sanly kommunikasiýa we media dolandyryşy döwlet syýasatynyň merkezinde ýerleşip, halkara gatnaşyklaryň ösüşinde möhüm orny eýelemegini dowam etdirer.

## EDEBIÝATLAR


1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar–Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisindäki çykyşy. – Türkmenistan // 25.09.2025.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020.

4. *Denis McQuail*. McQuail's Mass Communication Theory. – London: Sage Publication Ltd, 2010.

5. *Mei Lei*. Chinese Television and Soft power Communication in Australia. – Anthem Press, 2020.

6. Russian International Affairs Council. Russia–China Report. Issue 46.

7. themoscowtimes.com

8. eeas.europa.eu


## ВЛИЯНИЕ МЕДИАПОЛИТИКИ ГОСУДАРСТВА НА ЕГО ЦИФРОВУЮ ДИПЛОМАТИЮ


Статья раскрывает влияние медийной политики различных государств на развитие цифровой дипломатии. Проводится сравнительный анализ опыта США, Китая, России, Европейского союза и Туркменистана в сфере цифровой дипломатии, демонстрируются различия в уровне открытости, степени централизации и стратегической направленности. Особое внимание уделяется тому, что современные информационно-коммуникационные технологии создают условия для укрепления внешней политики государств и эффективного представления национальных интересов на международной арене. Также подробно рассматриваются принятые в Туркменистане концепции развития цифровой дипломатии, процессы цифровизации медиапространства и активизация деятельности официальных цифровых платформ. Констатируется, что цифровая дипломатия и медийная политика выступают важнейшими стратегическими механизмами укрепления престижа и влияния государств в современном глобальном информационном пространстве.


## THE IMPACT OF A STATE'S MEDIA POLICY ON ITS DIGITAL DIPLOMACY


This article examines the effect of media policy in various states on the development of digital diplomacy. It provides a comparative analysis of the approaches adopted by the United States, China, Russia, the European Union, and Turkmenistan in the realm of digital diplomacy, highlighting differences in

openness, centralization, and strategic orientation. Particular emphasis is placed on how contemporary information and communication technologies enable states to strengthen their foreign policy and effectively articulate their national interests within the international arena. The article also presents a detailed overview of Turkmenistan's adopted concepts for advancing digital diplomacy, the digitalization of its media landscape, and the increasing activity of official digital platforms. Ultimately, it demonstrates that digital diplomacy and media policy constitute essential strategic mechanisms for reinforcing states' prestige and influence in today's global information environment.

**Maral KAKAGELDIÝEWA,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty.*

## HÄZIRKI ZAMAN EMELI AŇ TEHNOLOGIÝASYNYŇ DIPLOMATIK GULLUKLARDAKY ÄHMIÝETI

XXI asyr adamzadyň taryhynda çuňňur we giň gerimli tehnologik ösüşler bilen häsiýetlendirilýär. Maglumat tehnologiýalarynyň, sanly ulgamlaryň, uly möçberdäki maglumatlary seljermek usullarynyň, aýratyn-da, emeli aň tehnologiýalarynyň çalt ösüşi döwlet dolandyrylyşynyň ähli ugurlaryna täsirini ýetirýär. Bu ýagdaý döwletleriň daşary syýasatyny amala aşyrýan diplomatik gulluklarda hem aýdyň duýulýar [1].

Häzirki döwürde halkara gatnaşyklarynyň çylşyrymly häsiýete eýe bolmagy, geosyýasy ýagdaýlaryň üýtgemegi we maglumat akymlarynyň artmagy diplomatik işde täze tehnologiýalaryň ulanylmagyna getirýär. Emeli aň diplomatik işgärlere diňe bir maglumat bermek bilen çäklenmän, eýsem, syýasy hadysalaryň ösüş ugurlaryny öňünden çaklamaga, halkara ýagdaýlaryna çalt akyl ýetirmäge, maglumat akymlaryny netijeli dolandyrmaga hem-de mümkin bolan dartgynly ýagdaýlaryň öňüni almaga mümkinçilik berýär [2]. Şonuň üçin emeli aň häzirki wagtda diplomatiýanyň täze tapgyryny emele getirýän strategik serişde hökmünde çykyş edýär.

Ýer ýüzünde sanly tehnologiýalaryň çalt depginde ösmegi bilen diplomatiýanyň mazmuny has hem giňedi. Häzirki wagtda diplomatiýa maglumat, sanly diplomatiýa, jemgyýetçilik, global seljerme we kiberhowpsuzlyk diplomatiýasy ýaly birnäçe ugurlary öz içine alýar. Bu ugurlaryň ählisinde emeli aň tehnologiýasynyň orny aýratyn ähmiýete eýedir [4].

ABŞ, Hytaý, Fransiýa, Ýaponiýa, Singapur ýaly öňdebaryjy döwletler emeli aň diplomatiýasyny döwlet derejesinde ösdürýärler. Käbir ýurtlarda daşary işler ministrlikleriniň düzüminde emeli aň boýunça ýöriteleşdirilen merkezler döredilip,

bu merkezlerde halkara maglumatlarynyň seljermesi, jemgyýetçilik pikiriniň öwrenilmegi we halkara gatnaşyklarynda ýüze çykyp biljek dartgynly ýagdaýlaryň öňüni almagyň usullary işlenip taýýarlanylýar [5].

Häzirki döwürde emeli aň diplomatiýada syýasy wakalaryň ösüş ugruny öňünden çaklamaga, halkara ykdysady maglumatlaryny seljermäge, jemgyýetçilik pikiriniň üýtgeýşini anyklamaga, dartgynly ýagdaýlarda çalt çözgütleri teklip etmäge mümkinçilik berýär [1]. Emeli aň diňe bir tehniki gural däl, eýsem, häzirki zaman daşary syýasy strategiýalaryň esasyny düzýän möhüm serişdä öwrülýär.

Mälim bolşy ýaly, diplomatik işgärleriň esasy wezipeleriniň biri maglumatlary ýygnamak, seljermek we degişli seljerme netijelerini taýýarlamakdyr. Şunuň bilen baglylykda emeli aň tehnologiýasy halkara metbugat maglumatlaryny, ykdysady hasabatlary, geosyýasy seljerme materiallaryny hem-de sosial ulgamlardaky maglumatlary gysga wagtda işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär [5]. Şeýle mümkinçilikler diplomatlara maglumatlary tiz we takyk seljermäge, möhüm maglumatlary saýlap almaga, wagt tygşytlamaga, ýüze çykyp biljek ýalňyşlyklaryň ähtimallygyny azaltmaga şert döredýär [1].

Emeli aň dürli çeşmelerden alnan maglumatlaryň arasyndaky baglanyşyklary anyklap, olaryň netijelerini görkezýär. Bu bolsa diplomatik strategiýalaryň has esasly taýýarlanylmagyna mümkinçilik berýär [2].

Häzirki wagtda köp dillilik diplomatik gatnaşyklaryň möhüm bölegidir. Emeli aň tehnologiýasy resminamalaryň çalt terjime edilmegini we gepleşikleriň wagtynda sinhron terjime hyzmatlarynyň amala aşyrylmagyny üpjün edýär. Bu bolsa diplomatik aragatnaşygyň netijeliligini ýokarlandyrýar [4].

Bilşimiz ýaly, XXI asyrda global jemgyýetçilik pikiriniň halkara gatnaşyklardaky täsiri barha artýar. Bu babatda emeli aň sosial media maglumatlaryny, jemgyýetçilik tendensiýalaryny we halkara pikirleriň ugruny seljerip, diplomatik çäreleriň has netijeli meýilleşdirilmegine ýardam edýär [4].

Diplomatik ulgamlarda ulanylýan maglumatlar ýokary derejede gizlinligi talap edýär. Emeli aň zyýanly programma üpjünçiliklerini ýüze çykarmaga, tor hüjümleriniň alamatlaryny öňünden anyklamaga we maglumat howpsuzlygyny güýçlendirmäge mümkinçilik berýär [3]. Bu ýagdaý diplomatik ulgamlaryň ygtybarly işlemegini üpjün edýän möhüm şertleriň biridir.

Ýeri gelende bellesek, emeli aň diplomatik gulluklaryň işiniň netijeliligini aşakdaky ugurlar boýunça ýokarlandyrýar:

**maglumat çaltlygy** – adam güýji bilen deňeşdirilende müňlerçe esse çalt işleýär;

**takyklyk** – seljerme maglumatlaryň dogrulygyny ýokarlandyrýar;

**strategik görkezijiler** – syýasy ýagdaýlary öňünden çaklamaga mümkinçilik berýär;

**dartgynly ýagdaýlaryň öňüni almak** – dartgynly ýagdaýlary öňünden ýüze çykaryp, duýduryş berýär;

**tygşytlylyk** – wagt we adam güýjüni tygşytlaýar.

Şeýle artykmaçlyklar diplomatiýanyň täze derejä çykmagyna mümkinçilik berýär.

Alymlaryň pikirine görä, geljek ýyllarda emeli aň tehnologiýasy diplomatiýanyň ähli ugurlaryna giňden ornaşar. Hususan-da, sanly ilçihanalaryň döredilmegi, diplomatik gepleşikleriň wirtual görnüşleriniň giňden ulanylmagy, halkara dartgynlyklaryň öňüni alýan awtomatlaşdyrylan usullaryň işlenip taýýarlanylmagy hem-de döwletleriň arasynda sanly diplomatiýanyň güýçlenmegi halkara gatnaşyklaryň ösüşiniň esasy ugurlary bolar **[5].**

## EDEBIÝATLAR


1. *Nye Joseph S.* The Future of Power. – Oxford University Press, 2011.
2. *Floridi, Luciano.* The Ethics of Artificial Intelligence. – Cambridge University Press, 2022.
3. *Schmitt, Michael N.* Tallinn Manual 2.0 on the International Law Applicable to Cyber Operations. – Cambridge University Press, 2017.
4. *Bjola Corneliu., Holmes Marcus.* Digital Diplomacy: Theory and Practice. – Routledge, 2015.
5. United Nations. AI Governance Recommendations, 2023.


# ЗНАЧЕНИЕ СОВРЕМЕННЫХ ТЕХНОЛОГИЙ ИСКУССТВЕННОГО ИНТЕЛЛЕКТА В ДЕЯТЕЛЬНОСТИ ДИПЛОМАТИЧЕСКИХ СЛУЖБ


В данной работе рассматривается значение технологий искусственного интеллекта (ИИ) в деятельности дипломатических служб и их влияние на современную систему международных отношений. ИИ повышает эффективность дипломатии благодаря быстрому анализу данных, механизмам раннего предупреждения, оптимизации аналитических отчётов и развитию цифровой дипломатии. Он позволяет дипломатам извлекать достоверную информацию из больших массивов данных, прогнозировать геополитические тенденции, отслеживать общественное мнение и формировать более точные стратегии в международных переговорах. Использование ИИ показано как важный инструмент для укрепления национальной безопасности, повышения результативности дипломатической деятельности и развития международного сотрудничества. Вместе с тем этические вопросы, риски кибербезопасности и алгоритмическая предвзятость подчёркивают необходимость ответственного и регулируемого применения ИИ в дипломатической сфере.

## THE IMPORTANCE OF MODERN ARTIFICIAL INTELLIGENCE TECHNOLOGY IN DIPLOMATIC SERVICES

This paper examines the significance of artificial intelligence (AI) technologies within diplomatic services and their impact on the modern system of international relations. AI enhances diplomatic work by providing rapid data analysis, early-warning mechanisms, optimized analytical reporting, and the advancement of digital diplomacy. It allows diplomats to extract reliable information from large data flows, forecast geopolitical trends, monitor public opinion, and develop more precise strategies during international negotiations. The use of AI in diplomacy is highlighted as an essential tool for strengthening national security, increasing the effectiveness of diplomatic activities, and fostering international cooperation. However, ethical concerns, data security risks, and algorithmic bias underscore the need for responsible and well-regulated implementation of AI in diplomatic environments.

**Amangül MUHAMMEDOWA,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty.*

## SANLY DIPLOMATIÝANYŇ MAGLUMAT ULGAMYNDA HOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEK MESELESI

XXI asyr sözüň doly manysynda, ylym asyry hökmünde badalga aldy we adamzadyň taryhynda ylmyň, tehnikanyň pajarlap ösýän zamanasy hökmünde girdi. Ol ynsan durmuşyna giňden ornaşdy we jemgyýetçilik ösüşiniň esasy hereketlendiriji güýjüne öwrüldi. Häzirki wagtda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli ýaýrawlaryna sanly tehnologiýalaryň, tehnikalaryň, aragatnaşyk serişdeleriniň giňden ornaşdyrylmagynyň netijesinde ylym-bilimiň kömegi bilen awtomatik tilsimatlar, maksatnamalaýyn dolandyrylýan kuwwatlyklar, kompýuterleşdirilen enjamlar ynsanyň bähbidine gulluk etdirilýär. Şeýle hem häzirki zaman global maglumat jemgyýetini emele getirýän maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň we internetiň çalt ösmegi milli serhetler bilen çäklenmeýär. Netijede, jemgyýetiň we döwletiň ähli ugurlaryna, şol sanda halkara syýasatyna öz täsirini ýetirýär. Şol bir wagtyň özünde, internetiň täsiri ep-esli artýar we jemgyýetçilik pikirini dolandyrmak mümkinçilikleri giňeýär. Internetiň kömegi bilen jemgyýeti dolandyrmak meselelerine, şol sanda syýasy maksatlar üçin ulanmak mümkinçiligine has köp üns berilýär.

Häzirki wagtda daşary syýasy maksatlar durmuşa geçirilende sanly diplomatiýanyň gurallary ulanylýar. Sanly ýa-da elektron diplomatiýa – bu diplomatik

meseleleri çözmek üçin internetiň, maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň (IKT) mümkinçiliklerinden peýdalanmak bolup durýar. Sanly diplomatiýanyň çäginde täze ulgamlar hökmünde, jemgyýetçilik (sosial) ulgamlar, bloglar we global ulgamdaky mediýa platformalary ulanylýar. Elektron diplomatiýany alyp barmakda döwlet edaralary, ilkinji nobatda, daşary syýasaty durmuşa geçirýän döwlet edaralary, şeýle hem hökümete degişli bolmadyk guramalar gatnaşýarlar. Sanly diplomatiýanyň esasy maksatlary bolup, ýurduň daşary syýasatyny wagyz etmek, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine gönükdirilen internet telewideniýesini, jemgyýetçilik ulgamlaryny we öýjükli telefonlaryň üsti bilen maglumatlary ýaýratmaklyk bolup durýar. Diplomatiýanyň bu görnüşi beýlekiler bilen deňeşdirilende, öňde goýlan wezipelere ýetmek üçin ulanylýan usullar we maksatlaýyn jemgyýetçilik topary bilen tapawutlanýar. Başgaça aýdanymyzda, sanly diplomatiýa–bu daşary syýasat bilen bagly täze we öňden bellenen wezipeler toplumynyň maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly onlaýn usulda alnyp barylmagydyr. Sanly diplomatiýanyň yzygiderli amal edilmegi wagty tygşytlamaga hem-de işiň netijeliligini birnäçe esse ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

«Sanly diplomatiýa» adalgasy ilkibaşda ABŞ-da ulanylyp, ol ABŞ-nyň sanly tehnologiýalara esaslanýan jemgyýetçilik syýasatyna degişlidir. Sanly diplomatiýa adalgasy bilen birlikde başgaça «internet diplomatiýasy», «sosial ulgam diplomatiýasy» we «Web 2.0 diplomatiýasy» adalgalary hem ulanylýar. Bu ugurda ilkinji maksatnamalaryň ösüşi 2002–2003-nji ýyllarda bolup geçdi. 2006-njy ýylda ABŞ-nyň Döwlet sekretary Kondoliza Raýs sanly aragatnaşyk toparyny döredip, ol sosial ulgamlarda ulanyjylar tarapyndan ABŞ baradaky ýaýradylan maglumatlara gözegçilik edýän hünärmenleri öz içine aldy. Şol bir wagtyň özünde Döwlet departamentiniň ilkinji resmi blogynyň açylandygy yglan edildi, şeýle-de hökümet portaly we birnäçe elektron žurnallary döredildi. Sanly diplomatiýanyň filosofik esaslary 2009–2011-nji ýyllarda ABŞ-nyň Döwlet Departamentinde Syýasat meýilnamalaşdyryş müdiri bolup işlän Anne-Meri Sloteriň işlerinde bellenilip geçilýär.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan sanly diplomatiýa ulgamlaýyn esasda ýola goýuldy. Sanly diplomatiýanyň we sanly ulgamyň türkmen diplomatiýasynyň işine maksatnamalaýyn ornaşdyrylmagy hormatly Prezidentimiziň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky Karary bilen tassyklanylan «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» esaslanýar [3]. Häzirki wagtda Türkmenistanyň diplomatik hyzmatlarynyň sanlylaşdyrylyşy ep-esli güýçlendirildi. Bu bolsa ýokary tehnologik mümkinçiligini, internet torunyň ýüküni köp esse ýokarlandyrmaga we wideoşekilli görnüşde ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gepleşikleri, geňeşmeleri, iş maslahatlaryny geçirmäge taýýardygyny görkezdi.

Umuman, sanly döwürdäki täzelikler diplomatiýanyň amala aşyrylyş usullaryny aňsatlaşdyrdy. Şeýle-de bolsa, sanly diplomatiýanyň giň derejede ulanylmagy, adaty diplomatiýanyň ýerini dolup bilmeýär. Sebäbi adaty diplomatiýa usullary häzirki wagtda hem möhümdir.

Sanly diplomatiýa–bu ählumumy internet torunyň üsti bilen maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň, şol sanda täze media, jemgyýetçilik torlarynyň we beýleki media meýdançalaryň daşary syýasat bilen bagly meselelerde giňden ulanylmagyny aňladýar. Diplomatiýanyň bu görnüşi beýlekiler bilen deňeşdirilende, öňde goýlan wezipelere ýetmek üçin ulanylýan usullar we maksatlaýyn jemgyýetçilik topary bilen tapawutlanýar. Muňa garamazdan, daşary syýasy maksatlar döwletiň daşary syýasy gyzyklanmalaryny öňe ilerletmek, milli gymmatlyklary ýaýbaňlandyrmak, ykdysady ösüşi gazanmak, dünýäde howpsuzlygy üpjün etmek, özara düşünişmegi ýola goýmak ýaly yzygiderliligi saklaýar. Başgaça aýdanymyzda, sanly diplomatiýa–bu daşary syýasat bilen bagly täze we öňden bellenen wezipeler toplumynyň maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly onlaýn usulda çözülmegidir.

Soňky ýyllarda döwletler sanly diplomatiýa aýratyn ähmiýet berýärler. Degişli ugurda alymlaryň geçiren seljermelerine görä, sanly diplomatiýa, esasan, bäş ugur boýunça amal edilýär. Olaryň ilkinjisi syýasy meýilnamalaşdyryş işidir. Bu döwlet edaralary üçin daşary syýasatyň netijeli utgaşdyrylmagyna we meýilnamalaşdyrylmagyna giň mümkinçilikleriň ýola goýulmagyny üpjün edýär. Ikinjiden, ol jemgyýetiň dürli gatlaklaryny onlaýn giňişligiň hem-de beýleki döwrebap usullaryň (web-sahypalar, akkauntlar, jemgyýetçilik torlary, SMS maglumat beriş we ş.m.) üsti bilen daşary syýasy işlere çekmekden ybaratdyr. Bu babatda üçünji ugur bolsa maglumat dolanyşygydyr. Bu halkara maglumat akymy zerarly ýüze çykyp biläýjek adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak maksady bilen, ony ulgamlaýyn yzarlamak işinde juda derwaýysdyr. Döwletleriň daşary ýurtlardaky we ýurduň içindäki raýatlarynyň hukuklaryny goramak we dürli sebäpler boýunça ýüze çykyp biläýjek meselelerde dessin ýardam bermek maksady bilen, aragatnaşygyň göni ýollaryny üpjün etmek onuň dördünji ugry bolup durýar. Bäşinjiden, ol iň oňat bilimlerdir tejribeleri jemlemäge hem-de olary daşary ýurtlarda milli bähbitleri üpjün etmek üçin işjeň we netijeli görnüşde yaýratmaga goldaw berýär. Türkmenistanda sanly diplomatiýa hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ulgamlaýyn ýola goýuldy we häzirki wagtda üstünlikli amal edilýär. Şeýle-de onuň berk hukuk binýadyna esaslanýandygyny bellemek gerek. Sanly diplomatiýanyň daşary syýasy işine maksatnamalaýyn ornaşdyrylmagy döwlet Baştutanymyzyň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky Karary bilen «Türkmenistanda tassyklanylan 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» esaslanýar. Şeýle hem ol degişli ugurda kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan «Aragatnaşyk hakynda», «Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini

we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Kiberhowpsuzlyk hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryndan ugur alyar. Häzirki wagtda mili diplomatiýanyň aýrylmaz bölegine öwrülen sanly wideoaragatnaşyk arkaly geçirilyän onlaýn duşuşyklardyr geňeşmeler we iş maslahatlary sanly diplomatiýada kesgitlenen anyk ugurlaryň biridir. Bu ugruň yzygiderli amal edilmegi wagty tygşytlamaga hem-de işiň netijeliligini birnäçe esse artdyrmaga ýardam edyär. Mundan başga-da sebit, yklym we ählumumy derejede geçirilyän halkara çäreleriň işine türkmen tarapynyň işjeň gatnaşmagyny üpjün etmäge hem-de hormatly Prezidentimiziň öňe süryän syýasy başlangyçlaryny dürli meýdançalarda öňe ilerletmäge giň mümkinçilik döredýär. Sanly diplomatiýanyň ugurlarynyň ýene biri bütindünýä internet torunyň üsti bilen ýurdumyzyň halkara abraýyny hemmetaraplaýyn ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Ol hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän daşary syýasatyny dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek bilen bagly maglumatlar toplumyny halkara media giňişligine ýerleşdirmek, utgaşdyrmak we yzygiderli baýlaşdyrmak ýaly işleri öz içine alýar. Şu ýerde Daşary işler ministrliginiň «Halkara täzelikler» atly elektron işiniň ýola goýlandygyny hem bellemek gerek. Bu gazet ministrligiň web-saýtynda ýerleşdirilip, hepdede bir gezek neşir edilýär. Bu daşary ýurtly okyjylara Türkmenistan bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik beryär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasaty, şol sanda araçyl-lyk, oňyn hyzmatlar, gepleşikler, ýörite wekilleriň wekilçiligi, resmi däl geňeşmeler ýaly parahatçylyk döredijilik we ösüş ulgamynda maksada gönükdirilen çäreler öňüni alyş diplomatiýasynyň gurallarynyň ulanylyşynyň ýaýbaňlandyrylmagyna gönükdirilendir [1]. Şunuň bilen baglylykda sanly diplomatiýa daşary syýasatyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Häzirki wagtda onuň yzygiderli we ulgamlaýyn ýola goýulmagy boýunça degişli işler alnyp barlyp, halkara guramalar, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bllen hyzmatdaşlygy giňeltmek göz önünde tutulýar. Olaryň hatarynda BMG-niň Ösüş maksatnamasyna, Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasyna, Söwda we ösüş boýunça konferensiýasyna, Ösüşiň bähbidine Ylym we tehnika boýunça komissiýasyna, Halkara elektroaragatnaşyk birleşigine aýratyn ähmiýet berilyär. Bir söz bilen aýdylanda, sanly ugur diplomatiýada berk ornaşdy, emma bu daşary syýasaty amala aşyrmakda öňden gelýän ugurlaryň, şol sanda ýüzbe-ýüz (face to face) diplomatiýanyň aradan aýrylmagyna täsirini ýetirer diýip bilmeris. Çünki öňden gelyän ugurlar eýýäm asyrlarboýy tejribede ulanylýan usullar hökmünde has netijeliligi bilen tapawutlanýar. Sanly diplomatiýa bolsa, öz gezeginde, işiň netijeliligini artdyrmaga gönükdirilen goşmaça ugur hökmünde diplomatiýanyň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň öňünde kesgitlän wezipelerini döwrüň talabyna laýyklykda,

hus「usan-da, diplomatiýanyň ähli usullaryny utgaşdyryp ýerine ýetirmek bolsa biziň borjumyzdyr.

Sanly diplomatiýa döwlet bilen daşky dünýäniň arasyndaky (G2-Government to World) ylalaşyk, bir tarapdan, häkimiýet edaralarynda daşky dünýädäki üýtgeşmeler barada maglumat almaga ýardam etse, beýleki tarapdan, daşky dünýäde, şol sanda daşary ýurtly maýa goýujylarynyň, syýahatçylarynyň we ş.m. arasynda döwletiň abraýyny galdyrýar [2].

Ösüş döwrebaplygy talap edýär. Biz tehnologiýalar eýýamynda ýaşaýarys. Durmuşyň ähli pudaklaryna täsirini ýetiren öňdebaryjy tehnologiýalar halkara gatnaşyklar ulgamyna-da düýpli täsir edýär. Ol diplomatiýanyň häzirki zaman şertlerine uýgunlaşan tärleriniň we usullarynyň kemala gelmegine giň ýol açdy. Munuň özi sanlylaşdyrma eýýamyna gabat gelýän sanly diplomatiýanyň durmuşa berk ornaşmagyna getirdi.

### EDEBIÝATLAR

1. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin konsepsiýasy.

2. *Geldimuhammedowa O.* Sanly ykdysadyýet. 2021.

3. Интернет – газета Международные новости // 6.11.2021.

## ВОПРОС ОБЕСПЕЧЕНИЯ БЕЗОПАСНОСТИ В ИНФОРМАЦИОННОЙ СИСТЕМЕ ЦИФРОВОЙ ДИПЛОМАТИИ

В данной статье рассматриваются ключевые аспекты обеспечения безопасности в цифровой дипломатии в условиях стремительного развития информационно-коммуникационных технологий. Анализируются возможности применения социальных сетей, интернет-платформ и электронных медиа в реализации внешней политики, а также потенциальные риски и угрозы, связанные с цифровой средой. Особое внимание уделяется опыту Туркменистана в формировании нормативно-правовой базы, внедрении цифровых инструментов и укреплении кибербезопасности. Подчеркивается необходимость сочетания цифровой дипломатии с традиционными дипломатическими методами.

## THE ISSUE OF ENSURING SECURITY IN THE INFORMATION SYSTEM OF DIGITAL DIPLOMACY

This article explores the key issues related to ensuring security in digital diplomacy amid the rapid expansion of information and communication technologies. It examines how states employ social media, online platforms, and digital communication tools to conduct foreign policy, while also discussing potential risks and cybersecurity challenges that accompany digital engagement. The article highlights Turkmenistan's approach to institutionalizing digital diplomacy through legal frameworks, technological modernization, and strengthened cybersecurity measures. It concludes that although digital diplomacy offers efficiency and new opportunities, it must complement rather than replace traditional diplomatic practices.

**Gülşirin MYRADOWA,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty.*

## TÜRKMENISTANYŇ MEDENI DIPLOMATIÝASY PARAHATÇYLYGY PUGTALANDYRMAGYŇ ÝÖRELGESI HÖKMÜNDE

Berkarar Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy dünýä döwletleri bilen syýasy, ykdysady, medeni, ylym-bilim ulgamlarynda giň hyzmatdaşlygy ýola goýmakda möhüm orny eýeleýär. Türkmenistan dünýä döwletleri bilen gatnaşyklaryny olaryň halklarynyň medeniýetine, däplerine we dessurlaryna, taryhy hakydasyna sarpa goýmak esasynda guraýar. Döwletimiz halkara gatnaşyklarynda ynanyşmak, dostluk, özara düşünişmek ýörelgelerini pugtalandyrmakda medeni diplomatiýa aýratyn ähmiýet berýär. Medeni diplomatiýanyň ösdürilmegi diňe bir halkara hyzmatdaşlygyň däl, eýsem, Türkmenistanyň dünýä derejesindäki abraýyny ýokarlandyrmagynyň hem möhüm guralydyr.

Ýurdumyzyň daşary syýasy strategiýasynda umumadamzadyň bähbitlerini nazarlaýan hoşniýetli garaýyşlar ileri tutulýar. Bu strategiýanyň esasy ugurlarynyň biri bolan döwletimiziň medeni diplomatiýasy häzirki döwrüň ýagdaýlaryny we adamlaryň isleglerini, maglumat tehnologiýalarynyň kämilleşdirilmegini, özara gatnaşyklaryň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyny göz öňüne tutmak bilen alnyp barylýar. Medeni çäreleriň yzygiderli geçirilmegi bolsa medeniýetara baglanyşygy ösdürmäge gönükdirilendir. Olar halklaryň däpleriniň we medeniýetleriniň häzirki zamanyň ylmy-tehnologik gazananlary bilen sazlaşykly baglanyşýandygyny görkezýär. Halkara medeni-köpçülikleýin çäreler parahatçylyk söýüjilik we dost-

doganlyk gurşawyny döredýär, ynsanperwerlik däplerini berkidýär. Sergiler we konsertler dürli ýurtlaryň wekillerine biri-biriniň däp-dessurlaryna we medeni aýratynlyklaryna hormat goýmaga, netijede, özara düşünişmäge, parahatçylyk hem-de ynanyşmak gatnaşyklaryny giňeltmäge mümkinçilik berýär.

Medeniýet halklaryň arasynda dostluk köprüsini gurmak üçin kuwwatly serişdedir. Ýurtlar sungatyň, sazyň we däpleriň dili bilen özleri, taryhy hem-de milli gymmatlyklary hakynda gürrüň berýärler. Bu olara ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda gatnaşyklary ösdürmäge, özara ynanyşmagy berkitmäge kömek edýär. Türkmenistan medeni-ynsanperwer ugur boýunça hereketlere halklaryň we döwletleriň arasyndaky özara düşünişmegiň kuwwatly guraly, bir-birege hormat goýmagyň, dostlukly gatnaşyklary berkitmegiň usuly hökmünde ýokary baha berýär. Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda «Türkmenistanyň medeni diplomatiýasynyň maksady halkara gatnaşyklarynda medeni hyzmatdaşlyk bilen bagly şertleriň ornuny ýokarlandyrmakdan, bu ulgamda adamzadyň toplan iň gowy gazananlaryny giň gerimde we erkin alyşmak üçin hemmetaraplaýyn şertleri döretmekden ybaratdyr» diýip beýan edilýär [3]. Şol nukdaýnazardan, şeýle-de bu işleri dowam etdirmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite Karary bilen Türkmenistanyň medeni diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026–2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy hem-de şu Strategiýany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy. Strategiýanyň esasy maksady ýurdumyzyň medeni diplomatiýasyny ösdürmekden, milli medeni mirasymyzyň, ata-babalarymyzdan gözbaş alýan ajaýyp däp-dessurlarymyzyň halkara derejede ykrar edilmegini, millilige ýugrulan, kämillige gönükdirilen ýol-ýörelgelerimiziň mynasyp wagyz edilmegini, döwletleriň arasynda uzak möhletleýin gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

Häzirki döwürde ýurdumyz parahatçylygy berkitmek we dostlukly gatnaşyklary işjeňleşdirmek üçin gyzyklanma bildirýän döwletler, abraýly halkara hem-de sebit düzümleri bilen dürli ugurlarda, şol sanda medeniýet ulgamynda hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. 2025-nji ýylyň oktýabrynda geçirilen Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň sammitinde Gahryman Arkadagymyz çykyş etmek bilen, türki döwletleriň arasyndaky gatnaşyklarda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň aýratyn ornuna ünsi çekdi. Milli Liderimiz bu ugurda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk halklarymyzyň özboluşly milli aýratynlyklaryny we ruhy gymmatlyklaryny gorap saklamakda, kämilleşdirmekde, dünýä tanatmakda uly ähmiýete eýedigini belläp, bilelikdäki medeni-köpçülik çärelerini guramak boýunça işleri güýçlendirmegi teklip etdi. Şunda, hususan-da, Medeniýet günlerini, teatr çykyşlaryny, dürli sergileri, kino günlerini geçirmek boýunça uly we köp işleriň

durmuşa geçirilýändigi bellenilip, ýurdumyzyň bu ugurda gazanan baý tejribesini dowam etdirmegiň maksadalaýyk boljakdygy bellenildi. Şol mynasybetli 13–15-nji oktýabrda Baku we Genje şäherlerinde geçirilen Türkmenistanyň Azerbaýjan Respublikasyndaky Medeniýet günleri möhüm ähmiýete eýedir.

Türkmen topragy halkymyzyň gadymy medeniýetiniň maddy subutnamalary bolan taryhy, medeni ýadygärliklere örän baýdyr. Ýurdumyzda dürli medeni ýadygärliklerini, tebigatyň, ýaşaýşyň gaýmagy bolup duran gözellikleri aýawly saklamak boýunça örän netijeli işler alnyp barylýar. Bu barada hormatly Prezidentimiz «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabynda: «Biziň halkymyz beýik sungaty, nusgawy ýörelgeleri we gaýtalanmajak medeni mirasy bilen giňden tanalýar. Türkmen medeniýeti dünýä medeniýetiniň ösüşine mynasyp goşant goşdy. Biz medeniýet ulgamyny döwrebap ýagdaýa getirmek, milli mirasymyzyň gymmatlyklaryny düýpli öwrenmek, gorap saklamak we dünýä ýaýmak, şeýle-de taryhy medeni mirasymyzyň desgalaryny abat saklamak, öwrenmek, taryhy we medeni ýadygärliklerimizi dikeltmek boýunça işleri mundan beýläk hem dowam etdireris» diýip jaýdar belleýär [1]. Şu ugurda ýurdumyzyň ÝUNESKO bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň netijeli häsiýete eýedigini belläp geçmek zerurdyr. Häzirki wagtda ýurdumyzyň dünýäniň ençeme abraýly guramalary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň gerimi barha giňeýär. BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bolan ÝUNESKO-nyň Türkmenistan bilen ýola goýan işleri aýratyn ähmiýete eýedir. Şeýle hem bu abraýly gurama adamzadyň ählumumy mirasyny goramak, bilimiň we ylmyň hemmelere elýeterliligi, bu ugurda dürli ýurtlaryň hem-de halklaryň arasynda hyzmatdaşlygyň ynsanperwer ýörelgeler esasynda ösdürilmegi ugrunda uly tagallalar edýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan alnyp barylýan oňyn daşary syýasatymyz hem milli medeni mirasy öwrenmäge, goramaga, wagyz etmäge, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny berkitmäge gönükdirilendir. «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň desgalaryny abat saklamak hem-de öwrenmek boýunça ýurdumyzda alnyp barylýan işleriniň türkmen halkyna mahsus gymmatlyklary, taryhy ýadygärlikleri gorap saklamaga we geljekki nesillere ýetirmäge hem-de dünýä derejesinde dabaralandyrmaga giňden ýardam etjekdigi barada bellenilýär [2]. Bu işleriň ählisi ýurdumyz bilen ÝUNESKO-nyň arasyndaky ýokary derejeli hyzmatdaşlygyň geriminiň has-da giňeýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

## EDEBIÝATLAR

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet. – A.: TDNG, 2024.

2. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy.

3. Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy.


# КУЛЬТУРНАЯ ДИПЛОМАТИЯ ТУРКМЕНИСТАНА КАК ПРИНЦИП УКРЕПЛЕНИЯ МИРА


Постоянно нейтральный Туркменистан последовательно развивает дружественные, братские и взаимовыгодные отношения с другими государствами мира. В международном сотрудничестве, основанном на принципах мира и взаимного доверия, особое место занимают культурные и гуманитарные связи. В Туркменистане придаётся большое значение развитию унаследованных от предков мировозренческих установок и гуманистических традиций, творческого потенциала туркменского народа, национальной культуры, а культурная дипломатия рассматривается как важная часть государственной политики. Туркменистан активно участвует в реализации принципов и идеалов ЮНЕСКО в реализации ключевых программ и инициатив, способствующих укреплению партнёрства и развитию международного гуманитарного сотрудничества.


# CULTURAL DIPLOMACY OF TURKMENISTAN AS A PRINCIPLE OF STRENGTHENING PEACE


Permanently Neutral Turkmenistan is constantly developing friendly, fraternal and mutually beneficial relations with the countries of the world. Mutual cultural and humanitarian relations hold a special place in international cooperation based on peace and mutual trust. In Turkmenistan, great importance is attached to the development of the traditions and humanitarian principles inherited from our ancestors, the creative potential of the Turkmen people, and national culture, and cultural diplomacy is considered an important part of state policy. Turkmenistan actively participate UNESCO's principles and ideals in the implementation of key programs and initiatives that contribute to strengthening partnerships and developing international humanitarian cooperation.

**Aýlar SAPARMUHAMMEDOWA,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty.*

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNY DURMUŞA GEÇIRMEKDE DIPLOMATIK WEKILHANALARYŇ ORNY

Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň netijeliligi we yzygiderliligi, ilkinji nobatda, hormatly Prezidentimiziň çuňňur oýlanyşykly we maksada okgunly daşary-syýasaty bilen berk baglanyşyklydyr. Döwlet Baştutanymyzyň öňe sürýän halkara başlangyçlary häzirki zamanyň derwaýys meseleleriniň çözülmegine, Ýer ýüzünde özara düşünişmegiň we ynanyşmagyň pugtalandyrylmagyna, ählumumy ösüşi üpjün etmegiň hatyrasyna alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň berkidilmegine gönükdirilendir. Bu möhüm başlangyçlaryň iş ýüzünde amala aşyrylmagy Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy maksatlary hökmünde kesgitlenendir.

Döwletimiz «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen Türkmenistanyň Prezidentiniň derwaýys başlangyçlaryndan gelip çykýan, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan daşary syýasatyň ösdürilmeginde ileri tutulýan uzak we gysga möhletleýin maksatlary hem-de wezipeleri durmuşa geçirmek bilen bagly hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmaga, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan halkara hyzmatdaşlygy ösdürýär.

XXI asyrda halkara gatnaşyklarynyň çylşyrymly häsiýete eýe bolýan şertlerinde ýüze çykýan dürli meseleleri, gapma-garşylyklary çözmekde parahatçylykly usullardan peýdalanmak örän derwaýysdyr. Şunuň bilen baglylykda esasy düşünjeler bolsa parahatçylyk, agzybirlik, özara düşünişmek, birek-birege kömek bermek, deňhukuklylyk, demokratiýa we özara ynamy pugtalandyrmak bolup durýar.

Häzirki döwürde özara ynam bolmadyk ýagdaýynda döwletleriň arasynda berk, durnukly gatnaşyklary ýola goýmak we amala aşyrmak asla mümkin däldir. Özara ynam halkara durmuşynyň üýtgewsiz kanuny bolmalydyr hem-de döwletleriň köpüsi muňa düşünmek bilen, özleriniň daşary syýasatyny şoňa laýyklykda guraýar, sebäbi tanyşlyk, düşünişmek, özara ynam näçe çuň bolsa, hyzmatdaşlygyň binýady şonça-da pugta we giň bolýar.

Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasy hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň milli bähbitleriniň hem-de hemişelik Bitaraplyk ýörelgeleriniň esasynda çuňňur oýlanyşykly işlenip düzülýär we üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň ylmy-teoretiki Bitarap daşary syýasat ugry häzirki döwrüň möhüm meselelerine gönükdirilip, tutuş sebitiň geosyýasy giňişliginde we ondan hem has giň çäklerde netijeli hereket etmegiň guraly bolmak bilen, nazary we amaly taýdan berkidilýär. Munuň hut şeýledigini Gahryman

Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň eserlerinde we çykyşlarynda aýdyň görmek bolýar. «Bitarap Türkmenistan» atly ajaýyp kitabynda Gahryman Arkadagymyz: «Bitaraplyk bize ynamly ädimler bilen öňe gitmäge ýardam edýän, halkymyzyň ynsanperwerlik, parahatçylyk ýörelgelerini dabaralandyrýan, kuwwatly döwletimiziň, agzybir milletimiziň, adyny, şan-şöhratyny dünýä ýaýýan gymmatlykdyr» diýip jaýdar belleýär [1].

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty ýurdumyzyň özbaşdaklygyny we howpsuzlygyny üpjün etmäge, onuň dünýädäki ornuny berkitmäge, durmuş-ykdysady ösüşine ýardam etmäge, türkmen halkynyň medeni däplerini saklamaga we ösdürmäge gönükdirilen içerki syýasatynyň logiki dowamydyr [2].

Häzirki döwürde biziň ýurdumyzyň bähbitleri sebit, yklym we ählumumy derejede kesgitlenendir. Bu gün Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda anyk maksatlary nazarlamak bilen, ählumumy meseleler bolan parahatçylygy we howpsuzlygy goramak hem-de berkitmek, ýaragsyzlanmak, täze wehimlere, howplara garşy durmak, adam hukuklaryny goldamak, goramak, ekologiýa, azyk meseleleri, maliýe-ykdysady çökgünligiň netijelerini ýeňip geçmek, ylym, medeniýet hem-de bilim ulgamlaryny ösdürmegiň meseleleri ýaly ugurlar boýunça öz garaýyşlaryny öňe sürýär. Türkmen diplomatiýasy dürli ugurlar boýunça döwletler, halkara guramalary bilen alyp barýan işlerini barha ilerledýär.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny üstünlikli durmuşa geçirmegiň esasynda bu asylly işe saldamly goşant goşmak ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň baş wezipesi bolup durýar. Döwletimiziň daşary ýurtlardaky wekilhanalary Türkmenistanyň daşary syýasy ugruny durmuşa geçirmek, ýurduň milli bähbitlerini, türkmen raýatlarynyň we ýuridiki şahslarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramak, bolýan döwletiniň hökümeti bilen gepleşikleri alyp barmak, döwlet häkimiýetiniň edaralary, şeýle hem daşary syýasy edaralary, jemgyýetçilik birleşmeleri, işewür toparlary, ylmyň, medeniýetiň wekilleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň, diplomatik korpusyň wekilleri bilen aragatnaşyklary saklamak ýaly işleri durmuşa geçirýärler.

«Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ilçihana bolýan döwletiniň daşary syýasat edarasy bilen, şeýle hem bu döwletde ýerleşýän diplomatik, gaýry wekilhanalary we konsullyk edaralary bilen hemişelik aragatnaşyk saklamak; ýokary, hökümet we parlament derejelerinde döwletara gatnaşyklaryny, şeýle hem resmi wekiliýetleriň saparlaryny taýýarlamaga we amala aşyrmaga gatnaşmak, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň tabşyrmagy boýunça bolýan döwletine Türkmenistanyň wekiliýetlerini ugratmagyň meselelerini ylalaşmak ýaly wezipeleri ýerine ýetirýärler [3].

Umuman, ýurdumyzyň milli bähbitleriniň, ileri tutulýan daşary syýasy ugurlaryň we wezipeleriň durmuşa geçirilmeginde Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky

diplomatik wekilhanalary möhüm orun eýeleýär. Şeýle-de olar Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň mazmunyny baýlaşdyrmakda, ýurdumyzyň pajarlap ösmeginde, Ýer ýüzünde parahatçylygyň hem-de özara ynamyň pugtalandyrylmagynda, dünýä siwilizasiýasynyň üstünlikleriniň hatyrasyna netijeli hyzmatdaşlygyň ýokarlandyrylmagynda örän ähmiýetli bolup durýar.

### EDEBIÝATLAR


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015.
2. *Rahmanow A.* Diplomatik gullugyň esaslary. – A.: TDNG, 2021.
3. Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda Türkmenistanyň Kanuny. 2011.


## РОЛЬ ДИПЛОМАТИЧЕСКИХ ПРЕДСТАВИТЕЛЬСТВ В РЕАЛИЗАЦИИ ВНЕШНЕЙ ПОЛИТИКИ ТУРКМЕНИСТАНА

Под руководством Президента Туркменистана тщательно разрабатывается и успешно реализуется внешнеполитическая стратегия Туркменистана, основанная на национальных интересах народа и принципах постоянного, позитивного нейтралитета. Главная задача дипломатической службы страны – внести свой вклад в это благородное дело, основанное на успешной реализации приоритетных направлений внешней политики государства. В соответствии с Законом Туркменистана «О статусе дипломатических представительств Туркменистана в зарубежных странах», они должны поддерживать постоянную связь с внешнеполитическим ведомством страны, в которой находится посольство, а также с дипломатическими, другими представительствами и консульскими учреждениями, расположенными в этой стране; участвовать в подготовке и проведении межправительственных встреч на высоком, правительственном и парламентском уровнях, а также визитах официальных делегаций, выполнять такие задачи, как согласование вопросов направления делегаций Туркменистана в государства при Министерстве иностранных дел Туркменистана.

## THE ROLE OF DIPLOMATIC MISSIONS IN THE IMPLEMENTATION OF TURKMENISTAN’S FOREIGN POLICY

Under the leadership of the President of Turkmenistan, the foreign policy strategy of Turkmenistan, based on the national interests of the people and the principles of constant, Positive Neutrality, is carefully developed and successfully

implemented. The main task of the country's diplomatic service is to contribute to this noble cause, based on the successful implementation of the priority directions of Turkmenistan's foreign policy. In accordance with the Law of Turkmenistan «On the Status of Diplomatic Missions of Turkmenistan in Foreign Countries,» maintain constant communication with the foreign policy department of the country in which the embassy is located, as well as with diplomatic, other missions and consular offices located in that country; participate in the preparation and holding of intergovernmental meetings at the high, governmental and parliamentary levels, as well as visits of official delegations, perform such tasks as coordinating issues of sending delegations of Turkmenistan to states under the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

# II BAP
# SELJERIŞ WE STRATEGIK MEÝILLEŞDIRIŞ

**Myratbeg BERDIMYRADOW,**
*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty.*

## MERKEZI AZIÝANYŇ SUW-EKOLOGIÝA MESELELERINIŇ GEOSYÝASY ÝAGDAÝLARA TÄSIRINI SELJERMEK WE ÇAKLAMAK

Merkezi Aziýa sebitinde suw serişdeleri diňe bir ykdysady ösüşiň we ekologik durnuklylygyň binýady bolman, eýsem, döwletleriň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny berkitmegiň möhüm esasy bolup durýar. Soňky onýyllyklarda global klimatyň üýtgemegi Merkezi Aziýanyň esasy suw çeşmeleri bolan Pamir we Týan-Şan daglaryndaky buzluklaryň eremegini çaltlandyrdy. Şol bir wagtyň özünde, sebitdäki ilat sanynyň demografik ösüşi we ykdysadyýetiň senagatlaşmagy suwa bolan islegi artdyrdy. Merkezi Aziýanyň suw-ekologiýa meseleleriniň özboluşlylygy, suw serişdeleriniň döwletler boýunça deň paýlanylmandygy bilen şertlendirilýär. Sebit şertli ýagdaýda iki topara bölünýär: suw serişdeleriniň emele gelýän zolagynda-ýokary akymda Gyrgyzystan, Täjigistan we aşaky akymda ýerleşýän Türkmenistan, Özbegistan, Gazagystan ýaly ýurtlar ýerleşýär. Ýokary akymdaky ýurtlaryň gidroenergetika mümkinçiliklerini artdyrmak islegi bilen, aşaky akymdaky ýurtlaryň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek zerurlygynyň arasyndaky deňagramlylygy saklamak häzirki zaman diplomatiýasynyň iň çylşyrymly wezipeleriniň biridir. Mundan başga-da, Aral deňzi halas etmek we serhetüsti derýalaryň (Amyderýa we Syrderýa) hapalanmagy ýaly ekologiýa meseläniň çözgüdini tiz tapmagy talap edýär.

Häzirki döwürde global klimatyň üýtgemegi we ekologik meseleleriň durnukly ösüşe edýän täsiriniň artmagy bilen, suw serişdelerini netijeli we paýhasly dolandyrmak meselesi halkara gatnaşyklarynyň gün tertibinde esasy orny eýeleýär. Sebitdäki suw-ekologiýa meseleleri indi diňe bir tehniki ýa-da hojalyk wezipesi bolman, eýsem, geosyýasy durnuklylygyň we sebitleýin integrasiýanyň girewidir. Şoňa görä-de, bu ugurda alnyp barylýan syýasat, döwletleriň umumy bähbitlerini sazlaşdyrmaga we geljekki nesiller üçin amatly daşky gurşawy gorap saklamaga gönükdirilendir.

Merkezi Aziýanyň döwletleri suw serişdeleriniň umumylygyna we özara baglylygyna esaslanyp, meseleleri diňe bilelikdäki tagallalar we konstruktiw gepleşikler arkaly çözmäge ymtylýarlar. Şu nukdaýnazardan, «suw diplomatiýasy»

düşünjesi sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň netijeli mehanizmi hökmünde ýüze çykýar. Bu diplomatiýa halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna, özara hormat goýmak we bähbitleri hasaba almak ýörelgelerine esaslanýar.

Howanyň maýlamagy we suw gorlarynyň üýtgemegi bilen bagly ýagdaýlar, sebit ýurtlaryny suw tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, Aral deňziniň sebitindäki ekologik ýagdaýy gowulandyrmak we serhetüsti derýalary bilelikde dolandyrmak boýunça hyzmatdaşlygy has-da çuňlaşdyrmaga iterýär.

Merkezi Aziýada suw serişdelerini dolandyrmak, diňe bir milli kanunçylyklara däl, eýsem, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna esaslanýar. Sebit döwletleriniň suw diplomatiýasy BMG-niň «Serhetüsti suw akymlaryny we halkara köllerini goramak we peýdalanmak boýunça Konwensiýasynyň» (Helsinki, 1992) we beýleki esasy resminamalaryň ýörelgeleri bilen sazlaşýar. Bu ýörelgeleriň içinde iň esasylary – adalatly we paýhasly peýdalanmak hem-de zyýan ýetirmezlik ýörelgeleridir.

Sebitdäki bäş döwlet hem suw serişdeleriniň bitewi ekoulgamy emele getirýändigine düşünmek bilen, Garaşsyzlyk ýyllarynda özara gatnaşyklary kadalaşdyrýan birnäçe möhüm ylalaşyklary gazandylar. Hususan-da, 1992-nji ýyldaky Almaty ylalaşygy, Amyderýanyň hem-de Syrderýanyň suw serişdelerini bilelikde dolandyrmagyň we gorap saklamagyň hukuk binýadyny goýdy. Bu resminama sebitde suw paýlanyşygy boýunça hyzmatdaşlygyň ilkinji we wajyp ädimi bolup, häzirki wagtda hem döwletara gepleşikleriň esasy utgaşdyryjysy hökmünde hyzmat edýär.

Merkezi Aziýanyň suw-ekologiýa diplomatiýasynyň iň uly üstünligi we özboluşly mehanizmi – Araly halas etmegiň Halkara gaznasydyr (IFAS). Bu gazna 1993-nji ýylda Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlary tarapyndan Aral deňzini halas etmek, sebitdäki ekologik hem-de durmuş-ykdysady ýagdaýy gowulandyrmak üçin bilelikdäki taslamalary maliýeleşdirmek we amala aşyrmak maksady bilen döredilýär. Bu gurama dünýä tejribesinde sebitiň ähli döwletleriniň Baştutanlarynyň birleşmeginde döredilen we işjeň hereket edýän ýeke-täk sebitleýin platformadyr. Araly halas etmegiň Halkara gaznasy diňe bir Aral deňziniň guramagy bilen bagly ekologik meseleleri çözmek bilen çäklenmän, eýsem, tutuş sebitde suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak, durnukly ösüşi üpjün etmek we ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin syýasy meýdança öwrüldi.

Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň düzümindäki Döwletara suw hojalyk utgaşdyryjy komissiýasy (MKWK) we onuň ylmy-maglumat merkezleri, suw serişdeleriniň operatiw dolandyrylyşyny üpjün etmekde möhüm orun eýeleýär. 2017–2019-njy ýyllarda Türkmenistanyň bu gaznada başlyklyk eden döwürlerinde gaznanyň işini kämilleşdirmek, onuň hukuk ýagdaýyny berkitmek, sebit ýurtlarynyň arasyndaky ynanyşmagy pugtalandyrmak boýunça birnäçe strategik teklipler öňe

sürüldi we durmuşa geçirildi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2018-nji ýylyň 18-nji aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «BMG-niň we Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi bu babatda ygtybarly binýat boldy.

Merkezi Aziýada suw meseleleriniň parahatçylykly ýol bilen çözülmeginde BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň (UNRCCA) orny aýratyn bellenilmelidir. Ştab-kwartirasy Aşgabat şäherinde ýerleşýän bu merkez, sebit ýurtlarynyň arasynda suw-energetika meseleleri boýunça yzygiderli gepleşikleri guramakda we öňüni alyş diplomatiýasyny durmuşa geçirmekde bitarap araçy bolup çykyş edýär. Merkeziň goldawy bilen suw serişdelerini dolandyrmagyň hukuk gurallaryny kämilleşdirmek boýunça ekspert toparlarynyň duşuşyklary yzygiderli geçirilýär. Türkmenistanyň bu merkeziň işine hemmetaraplaýyn goldaw bermegi, ýurduň sebitdäki durnuklylygy üpjün etmekdäki işjeň ornuny we Bitaraplyk derejesini netijeli ulanýandygyny subut edýär.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri suw serişdelerine halkara howpsuzlygynyň we durnukly ösüşiň aýrylmaz bölegi hökmünde garamakdyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynda, «Rio+20» Bütindünýä sammitinde we Täjigistanda geçirilen «Durnukly ösüş üçin suw 2018–2028-nji ýyllar» atly halkara maslahatynda we beýleki halkara forumlarda öňe süren başlangyçlary, sebitde suw diplomatiýasynyň täze ülňülerini döretmäge gönükdirilendir. Bu başlangyçlar suw serişdelerini dolandyrmagyň aýdyňlygyny, ähli taraplaryň bähbitleriniň deň derejede göz öňünde tutulmagyny we ylmy taýdan esaslandyrylan çemeleşmeleriň ulanylmagyny üpjün etmegi maksat edinýär.

Türkmenistan sebitde ekologiýa meseleleriň täsirlerini azaltmak boýunça diňe bir teklipler bilen çykyş etmän, eýsem, milli derejede iri möçberli amaly taslamalary durmuşa geçirýär. Ýurtda kabul edilen Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasy esasynda tutuş ýurt boýunça tokaý zolaklaryny döretmek işleri giň gerimde alnyp barylýar. Bu «ýaşyl guşak» diňe bir howany arassalamak bilen çäklenmän, eýsem, şorlaşan topragyň tozmagynyň öňüni almakda we biodürlüligi gorap saklamakda tebigy galkan bolup hyzmat edýär. Bu ugurdaky iň iri we täzeçil inžener-tehniki taslamalaryň biri hem Garagum sährasynyň jümmüşinde döredilen «Altyn Asyr» Türkmen kölüdir. Bu ägirt uly gidrotehniki ulgam, ekerançylyk meýdanlaryndan çykýan şor suwlaryň Amyderýa guýulmagynyň öňüni alyp, olary tebigy çöketlige ýygnaýar. Netijede, serhetüsti derýanyň suwunyň hiliniň gowulanmagy üpjün edilýär we sährada täze ekologiki gurşaw, ösümlik we haýwanat dünýäsi üçin amatly şertler döredilýär. Bu taslama Türkmenistanyň sebitiň ekologik howpsuzlygyna goşýan goşandy hökmünde halkara bilermenleri tarapyndan ýokary baha berilýär.

Merkezi Aziýada suw-ekologiýa meseleleriniň geljekki çözgüdi suw serişdeleriniň ulanylyş netijeliliginiň ýokarlandyrylmagynda jemlenendir. Ylmy çaklamalara görä, sebitde oba hojalygyň ekstensiw usulyndan intensiw usula geçilmegi, suw ýetmezçiliginiň öňüni almagyň iň önjeýli çykalgasy boldy. Bu ugurda suw tygşytlaýjy döwrebap tehnologiýalaryň–damjalaýyn we ýagmyrlaýyn suwaryş ulgamlarynyň, şeýle hem ekerançylykda şorlaşma çydamly ösümlikleriň ekilmegi strategik ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň we sebitiň beýleki ýurtlarynyň oba hojalygynda sanly ulgamlary we suw serişdeleriniň elektron hasaba alnyşynyň ornaşdyrylmagy, suw ýitgilerini 30–40% aralygynda azaltmaga mümkinçilik berýär. Geljekde suw hojalygynda «akylly» tehnologiýalaryň ulanylmagy, suwuň paýlanyşygynyň aýdyňlygyny üpjün eder we döwletleriň arasyndaky ynamy has-da berkider. Tehnologik hyzmatdaşlyk sebitiň ýurtlaryny birleşdirýän täze integrasion platforma öwrüler.

Geosyýasy durnuklylygyň möhüm şerti suw we energetika pudaklarynyň arasyndaky tebigy baglanyşygy ykdysady hyzmatdaşlygyň guralyna öwürmekdir. Ýokary akymda ýerleşýän ýurtlaryň gidroenergetika mümkinçilikleri bilen aşaky akymda ýerleşen ýurtlaryň uglewodorod serişdeleriniň arasyndaky özara alyş-çalyş, bazar ykdysadyýetiniň kadalaryna esaslanýan sebitleýin konsorsiumlaryň döredilmegine esas bolup durýar. Şeýlelikde, suw sebit meselesi bolmakdan galyp, sebitara söwdanyň we ykdysady integrasiýanyň özenine–katalizatoryna öwrüler. Ekologiýa taýdan arassa önümçiligiň–gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň (gün we ýel energiýasy) ulanylmagy we suw serişdeleriniň gaýtadan işlenilmegi, sebitiň durnukly ösüşiniň esasy ugurlarydyr. Bu çemeleşme BMG-niň Durnukly Ösüş Maksatlaryna (DÖM) doly laýyk gelýär hem-de Merkezi Aziýanyň halkara arena ekologik taýdan jogapkärli we jebis sebit hökmünde çykmagyny üpjün edýär.

**EDEBIÝATLAR**

1. IFAS. Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň Esasy düzgünnamasy.
2. UNRCCA (BMG-niň Merkezi Aziýa üçin sebit merkezi) resmi sahypasyndaky suw diplomatiýasy boýunça maglumatlar.
3. mfa.gov.tm

## АНАЛИЗ И ПРОГНОЗ ВЛИЯНИЯ ВОДНО-ЭКОЛОГИЧЕСКИХ ПРОБЛЕМ ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ НА ГЕОПОЛИТИЧЕСКИЕ ПРОЦЕССЫ

В данной научной работе анализируется влияние водно-экологических проблем Центральной Азии на региональные геополитические процессы и даются прогнозы на будущее. Неравномерное распределение водных ресурсов в регионе, изменение климата, таяние ледников, рост численности населения, а

также увеличение потребности в воде в связи с развитием сельского хозяйства и промышленности превращают водную проблему не только в техническую, но и в стратегическую и политическую.

Противоречия между стремлением стран верхнего течения увеличить свои гидроэнергетические мощности и необходимостью стран нижнего течения обеспечивать продовольственную безопасность становятся важным фактором геополитического баланса в регионе на современном этапе.

## ANALYSIS AND FORECAST OF THE GEOPOLITICAL IMPACT OF CENTRAL ASIA'S WATER-ECOLOGICAL ISSUES

This scientific work analyzes the impact of water-ecological issues in Central Asia on regional geopolitical dynamics and provides forecasts for the future. The unequal distribution of water resources in the region, climate change, glacier melt, population growth, as well as the increasing demand for water driven by the development of agriculture and industry, turn the water problem into not only a technical issue but also a strategic and political one.

The contradictions between the upstream countries' desire to expand their hydropower capacity and the downstream countries' need to ensure food security have become an important factor shaping the geopolitical balance in the region today.

**Aýjahan ÇARYÝEWA,**
*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty.*

## ÖŇÜNI ALYŞ DIPLOMATIÝASYNDA DAWALARY GOWŞATMAGYŇ MEDIASIÝA USULY

XXI asyrda halkara gatnaşyklarynyň ösüş ugurlary halkara jemgyýetçiliginde täze we çylşyrymly wezipeleri ýüze çykardy. Häzirki döwürde globalizasiýa güýjüniň we ykdysady arabaglanyşygyň artmagy netijesinde dürli ýurtlaryň içeri hem-de daşary syýasy meseleleriniň birek-birege täsiri barha ýokarlanýar. Şeýle ýagdaýda halkara hyzmatdaşlygynyň özeni bolup durýan parahatçylyk, ynanyşmak, düşünişmek ýörelgeleri aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şunda öňüni alyş diplomatiýasy tutuş dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmekde möhüm mehanizmleriň birine öwrülýär.

Häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynda durnukly ösüşi üpjün etmegiň, parahatçylygy saklamagyň we dawalaryň öňüni almagyň iň möhüm syýasy gurallaryndan biri hökmünde öňüni alyş diplomatiýasy çykyş edýär. Onuň esasy

maksady halkara parahatçylyk we howpsuzlyk üçin zerur bolan çäreleriň hem-de hyzmatdaşlygyň öňünden alnyp barylmagy bolup durýar. Daşary syýasatda öňüni alyş diplomatiýasy diňe bir gapma-garşylykly ýagdaýlary gowşatmak bilen çäklenmän, eýsem, olaryň düýpli sebäplerini aradan aýyrmaga gönükdirilen giň gerimli çemeleşme bolup durýar [1].

Hemişelik Bitarap Watanymyzyň durmuşa geçirýän daşary syýasy strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri hem halkara gatnaşyklarynda özara dialogy berkitmek arkaly dawalaryň öňüni almak we jedelli meseleleri parahatçylykly ýollar bilen çözmek ýörelgesidir. Hemişelik Bitaraplyk syýasaty bolsa bu ýörelgäniň halkara derejesindäki hukuk binýadydyr. Şu çäkde öňüni alyş diplomatiýasy, onuň çäklerinde-de mediasiýa usuly ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli diplomatiýasynyň esasy ugruna öwrüldi. Şunda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen halkara başlangyçlar aýratyn ähmiýete eýedir. Olaryň hatarynda Ýer ýüzünde parahatçylygy we durnukly ösüşi berkitmekde Bitaraplyk syýasatynyň orny, energetika howpsuzlygy, ulag diplomatiýasy, tebigaty goramak, ynsanperwer hyzmatdaşlygy berkitmek ýaly ugurlar boýunça öňe sürlen teklipler bar. Şeýle beýik başlangyçlar BMG-niň Baş Assambleýasynda uly goldawa eýe boldy we umumadamzat bähbitli Kararnamalar kabul edildi.

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlan döwletimiziň daşary syýasy strategiýasy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda dünýäde iň iri, abraýly halkara gurama bolan Birleşen Milletler Guramasy bilen öňüni alyş diplomatiýasyny ilerletmek boýunça oňyn hyzmatdaşlyk edilýär.

Türkmenistan döwletimiziň halkara derejesinde öňe sürýän asylly başlangyç-lary öňüni alyş diplomatiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň mysallary bolup durýar. Bu başlangyçlar diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, tutuş dünýäde parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkidilmegine hem-de dawalaryň öňüni alynmagyna oňyn täsir edýär.

Bu makalamyzda mediasiýanyň öňüni alyş diplomatiýasyndaky ähmiýeti, onuň halkara tejribesi, Türkmenistanyň daşary syýasatynda tutýan orny, şeýle hem BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň çäklerinde bu gurallaryň amala aşyrylyş aýratynlyklaryny seljermegi maksat edindik.

Öňüni alyş diplomatiýasy – halkara gatnaşyklarynda dawa-jenjelleriň döreme-zinden öň, olaryň sebäplerini ýüze çykarmaga, ýetip gelýän howpuň täsirini peseltmäge, gapma-garşylykly ýagdaýlaryň giňemeginiň öňüni almaga gönükdirilen diplomatik usullaryň toplumydyr. Bu düşünje ilkinji gezek BMG-niň ozalky Baş sekretary Butros Butros Galiniň 1992-nji ýylyň «Parahatçylyk üçin gün tertibi» atly beýanynda hukuk taýdan giňden beýan edildi [1].

Öňüni alyş diplomatiýasynyň mazmuny ýagdaýlara seljerme bermek, taraplaryň arasynda pikir alyşmak, öňünden duýduryş mehanizmlerini, gepleşik guramak üçin meýdançalary döretmek, mediasiýa we hoşniýetli hyzmatlar arkaly ýagdaýy gowşatmak, sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek, ynanyşmak çäreleriniň girizilmegi hem-de konfliktleriň gaýtadan döremeginiň öňüni almak boýunça çäreler ýaly ugurlary öz içine alýar.

Bu mehanizm diňe bir krizisiň öňüni almak bilen çäklenmän, eýsem gapma-garşylygyň döremeginiň asyl sebäplerini aradan aýyrmaga ýardam berýär. Şeýlelikde, öňüni alyş diplomatiýasy – dinamiki, köpbasgançakly ulgamy özünde jemleýän ýörelgedir.

Mediasiýa dawa edýän taraplaryň arasynda dartgynly ýagdaýlary gowşatmak, olaryň aragatnaşygyny dikeltmek, gepleşikler üçin amatly syýasy-psihologik şertleri döretmek maksady bilen üçünji bitarap subýekt tarapyndan amala aşyrylýan diplomatik kömek usulydyr. Mediatorda hökümleri zor bilen ýerine ýetirmek ygtyýary bolmaýar; onuň güýji ynam, bitaraplyk, abraý we pikir alyşmak ukyby bilen ölçenilýär [4].

Mediasiýanyň esasy ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:

– bitaraplyk;
– ynanyşmak;
– deňhukuklylyk;
– açyklyk;
– parahatçylykly çemeleşme;
– taraplaryň meýletin gatnaşmagy.

Mediasiýa ilkinji nobatda dartgynly ýagdaýlaryň gowşadylmagy, soňundan bolsa onuň parahatçylykly çözülmegi üçin şertleriň döredilmegine gönükdirilendir.

BMG-niň Tertipnamasynyň VI babynda jedelli meseleleriň parahatçylykly çözgütleri, şol sanda mediasiýa, hoşniýetli hyzmatlar we gepleşikler ýaly usullary görkezýär [2]. Şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalarynda, ÝHHG-nyň resminamalarynda, sebitara hyzmatdaşlygyň ýörelgelerinde mediasiýa aýratyn orun berilýär. Şu nukdaýnazardan, mediasiýa halkara jemgyýetçiliginde ykrar edilen parahatçylykly usullaryň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara derejesinde parahatçylyk, hoşniýetlilik, özara ynanyşmak ýaly ýörelgeleri öz içine alýar. Bitaraplyk jemgyýetçilik-syýasy taýdan diňe bir harby birleşmelere goşulmazlygy aňlatman, eýsem, jedelli ýagdaýlarda mediator bolmaga taýýarlyk, gepleşikler üçin meýdança döretmek ýaly möhüm borçlary hem özünde jemleýär.

Türkmenistanyň daşary syýasatynda mediasiýanyň birnäçe modal mehanizmleri peýdalanylýar:

1. Sebitara dialogy ösdürmek: Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda hyzmatdaşlyk, ynanyşmak gatnaşyklaryny güýçlendirmek;

2. Halkara guramalaryň işine işjeň gatnaşmak: BMG-niň araçyllyk däplerini pugtalandyrmak;

3. Parahatçylyk forumlary we halkara başlangyçlar: «Dialog–parahatçylygyň kepili» taglymaty, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», «Merkezi Aziýa–parahatçylykda ýaşamagyň giňişligi» ýaly teklipler;

4. Sebitleýin howpsuzlygyň netijeli modellere esaslanmagy: Suw, energetika, ulag, ekologiýa diplomatiýasynda özara bähbitli gatnaşyklary pugtalandyrmak.

Şeýle çäreler Türkmenistanyň mediasiýa mümkinçilikleriniň halkara derejesinde ykrar edilmegine esas bolup hyzmat edýär.

2007-nji ýylda Aşgabatda açylan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkezi häzirki zaman halkara ulgamynda öňüni alyş diplomatiýasynyň ilkinji sebit institutlaryndan biri bolup durýar [3]. Merkez:

– sebitleýin çylşyrymly ýagdaýlary seljerýär;
– döwletleriň arasynda ynanyşmak çärelerini ilerledýär;
– mediasiýa dialoglaryny guraýar;
– Owganystan we Merkezi Aziýa ýurtlary bilen bilelikde meseleleriň çözgütlerine gatnaşýar;
– terrorçylyga garşy hyzmatdaşlyk meýilnamalaryny utgaşdyrýar;
– Zenanlaryň dialogy we Ýaşlar akademiýasy ýaly täze ölçegleri öňe sürýär.

Bu merkeziň paýtagtymyz Aşgabat şäherinde döredilmegi, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň halkara derejesinde ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Mediasiýa halkara gatnaşyklarynda ýüze çykýan jedelli meseleleriň düýp sebäplerini anyklamaga we seljermäge mümkinçilikleri döredýär. Mysal üçin:

– suw we energetika meselelerinde hyzmatdaşlyk mehanizmleriniň işlenilmegi;
– halkara howplaryň öňüni almak;
– migrasiýa we sosial ykdysady meselelerde hyzmatdaşlyk;
– Sebitleýin gatnaşyklarda mediasiýa gepleşikleriň kadaly dowam etdirilmegini üpjün edýär.

Ynam – parahatçylygyň dowamly bolmagy üçin ilkinji şertdir. Mediasiýa ynamyň emele gelmegine, taraplaryň ýüze çykýan dürli ýagdaýlary, pikir-garaýyşlary oňyn kabul etmegine mümkinçilik döredýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan öňe sürülýän beýik başlangyçlar mediasiýanyň halkara gatnaşyklarynda parahatçylykly dialogy berkitmekde möhüm gural bolup durýandygyny görkezýär. Olaryň arasynda 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek, Parahatçylyk we ynanyşmak medeniýeti boýunça dünýä sammitini geçirmek, «Halkara araçyllyk gününi» döretmek ýaly teklipler, başga-da BMG-niň çäklerinde howpsuzlyk, ulag, energetika bilen bagly başlangyçlar bar. Bu başlangyçlaryň her biri mediasiýanyň ornunyň halkara derejesinde berkidilmegine gönükdirilendir.

Mediasiýa häzirki wagtda daşary syýasatyň möhüm ugurlarynyň biri bolup, onuň geljeginiň uludygyny aşakdaky deliller aýdyňlygy bilen görkezýär:

– halkara gurluşyň demokratiýalaşdyrylmagy;

– syýasy gapma-garşylyklaryň Sowuk urşy döwründäkä garanyňda has çylşyrymly görnüşe eýe bolmagy;

– sebitara hyzmatdaşlygyň berkidilmegi;

– döwletleriň özara baglanyşygynyň güýçlenmegi;

– wehimleriň transmillileşmegi.

Şu nukdaýnazardan, öňüni alyş diplomatiýasynyň esaslarynyň berkidilmegi halkara howpsuzlygynyň geljegini üpjün edýän möhüm ugurdyr.

Maglumatlardan hem görnüşi ýaly, mediasiýa häzirki zaman öňüni alyş diplomatiýasynyň iň täsirli gurallarynyň biridir. Ol döwletleriň arasynda özara ynamy berkitmekde, jedelleriň çuňlaşmagynyň öňüni almakda, taraplaryň parahatçylykly dialoga gatnaşmagyny üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk syýasaty, halkara derejesinde öňe sürýän başlangyçlary, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň işine ýakyndan ýardam bermegi halkara jemgyýetçiliginiň mediasiýa mehanizmlerini pugtalandyrmakda möhüm orun eýeleýär. Umuman, döwletimiziň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça öňe sürýän asylly başlangyçlary Merkezi Aziýa sebitinde we tutuş dünýäde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň berkidilmegine oňyn täsir edýär.

## EDEBIÝATLAR


1. Бутрос-Гали Б. Повестка дня для мира. Доклад Генерального секретаря ООН. – Нью-Йорк: ООН, 1992.

2. United Nations. Charter of the United Nations. – New York: UN, 1945.

3. United Nations. United Nations Regional Centre for Preventive Diplomacy for Central Asia. – Official documents and reports, 2007–2024.

4. *Ramares L.* Mediation in International Relations. – London: Routledge, 2011.


# МЕДИАЦИЯ КАК МЕХАНИЗМ СМЯГЧЕНИЯ КОНФЛИКТОВ В ПРЕВЕНТИВНОЙ ДИПЛОМАТИИ


Статья посвящена исследованию роли медиации как инструмента смягчения конфликтов в рамках превентивной дипломатии, проводимой Туркменистаном и международными организациями, прежде всего ООН. Автор анализирует теоретические основы превентивной дипломатии, её взаимосвязь с внешнеполитической доктриной нейтралитета Туркменистана, а также практику деятельности Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии. Особое внимание уделяется механизмам

медиации, их применению в разрешении региональных споров, укреплении доверия, предотвращении эскалации и налаживании диалога. Освещаются международные инициативы Туркменистана, направленные на создание эффективной архитектуры безопасности, повышение роли дипломатии и мирных переговоров. На основе сравнительного анализа представлено значение медиации для институционализации устойчивого мира и стабильности в Центральной Азии. Работа опирается на реальную нормативную базу, документы ООН и актуальные научные исследования.

## MEDIATION AS A MECHANISM FOR MITIGATING CONFLICTS IN PREVENTIVE DIPLOMACY

This article examines the role of mediation as a key mechanism for mitigating disputes within the framework of preventive diplomacy practiced by Turkmenistan and the United Nations, particularly through the UN Regional Centre for Preventive Diplomacy for Central Asia. The author explores the theoretical foundations of preventive diplomacy, its compatibility with Turkmenistan’s foreign policy doctrine of Permanent Neutrality, and its practical implementation in regional conflict-prevention processes. Special attention is given to mediation tools used to de-escalate tensions, promote dialogue, strengthen confidence-building measures, and prevent the outbreak of armed conflicts. The article analyzes Turkmenistan’s international initiatives aimed at reinforcing multilateral diplomacy, enhancing regional cooperation, and developing sustainable peace architectures. Through case studies and comparative perspectives, the study highlights the central role of mediation in maintaining stability in Central Asia and supporting long-term peaceful development. The research draws on UN documents, legal instruments, and relevant academic literature.

**Selim GURBANSÄHEDOW,**
*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty.*

## OWGANYSTANDAKY SYÝASY ÝAGDAÝLARY KADALAŞDYRMAKDA SYÝASY-DIPLOMATIK ÇEMELEŞMELERIŇ ÄHMIÝETI

Owganystan – Merkezi we Günorta Aziýanyň geosyýasy taýdan möhüm merkezinde ýerleşýän döwlet bolup, onuň durnuklylygynyň tutuş sebitiň howpsuzlygyna göni täsir edýändigi anyk hakykatdyr. Bu ýurt onýyllyklaryň dowamynda dürli syýasy, dini we etnik garşylyklaryň meýdanyna öwrüldi. Şunuň

bilen baglylykda, Owganystanyň içerki durnuksyzlygy goňşy döwletleri, şeýle-de halkara jemgyýetçiligini hem aladalandyrýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri: «Owganystanda parahatçylygy dikeltmek, energiýa we ekologik howpsuzlygy üpjün etmek üçin täsirli çäreleri görmek ýaly möhüm meseleler boýunça garaýyşlarymyzyň umumydygyny beýan etmegi zerur hasaplaýaryn» diýip belleýär [1; sah. 160]. Şoňa görä-de, häzirki döwrüň halkara gatnaşyklarynda Owganystandaky ýagdaýy syýasy-diplomatik çemeleşmeler arkaly kadalaşdyrmak meselesi möhüm ähmiýete eýedir. Parahatçylykly gepleşikleriň guralmagy, goňşy ýurtlaryň we halkara guramalaryň hyzmatdaşlygy bu ugurda esasy orun eýeleýär.

Owganystanyň taryhy XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap, daşary güýçleriň täsiri, içerki etnik bölünişikler we jemgyýetdäki sosial deňsizlikler bilen baglanyşykly boldy. 1979-njy ýylda sowet goşunlarynyň girizilmegi, soňra 1990-njy ýyllarda «Taliban» hereketiniň ösüşi, 2001-nji ýyldan soň bolsa daşary ýurt goşunlarynyň ýerleşdirilmegi ýurduň syýasy gurluşyny düýpli üýtgetdi.

2021-nji ýylda daşary ýurt goşunlarynyň çykarylmagyndan soňra Owganystanda täze häkimiýet ulgamy emele geldi. Bu ýagdaý ýurduň içerki gurluşynda täze meseleleri döretdi: döwlet dolandyrylyşyny berkitmek, adam hukuklaryny goramak, ykdysady ýagdaýy durnuklylaşdyrmak ýaly kynçylyklar ýüze çykdy. Şonuň üçin häzirki döwürde halkara jemgyýetçiliginiň esasy maksady bu ýurtda syýasy durnuklylygy we parahatçylygy üpjün etmekdir.

Syýasy-diplomatik çemeleşmelerde dialogyň orny uludyr. Owganystandaky gapma-garşylyklaryň çözgüdi diňe syýasy gepleşikler arkaly mümkin bolýar. Ýurduň dürli dini we etnik toparlarynyň gatnaşmagyndaky milli dialog Owganystanyň içerki bitewüligini dikeltmäge ýardam edip biler. Şeýle gepleşikleriň halkara derejesinde goldanylmagy Birleşen Milletler Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly düzümleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Şunda dialogyň esasy maksady ýurt içinde umumy ylalaşyk, ynanyşmak we birleşdiriji syýasy platforma döretmekdir.

Owganystanyň durnuklylygy diňe onuň öz içki ýagdaýyna däl, eýsem, goňşy ýurtlaryň alyp barýan syýasatyna hem baglydyr. Türkmenistan, Özbegistan, Täjigistan, Eýran we Pakistan ýaly ýurtlaryň Owganystan bilen taryhy, medeni we ykdysady taýdan birnäçe umumylyklary bardyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň: «Milli bitewülige we hoşniýetli goňşuçylyga, beýleki halklar bilen parahatçylyk söýüjilikli we dostlukly gatnaşyklara gadyr goýmagy türkmen halkyna taryhyň özi öwretdi» diýip belleýşi ýaly, dünýäde parahatçylyk söýüjilikli meýilleri aýan etmek biziň döwlet syýasatymyzda jemlenendir [2; sah. 47–104]. Şunda Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän parahatçylykly başlangyçlar – Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan transmilli gaz geçirijisi, «Lapis Lazuli» ulag geçelgesi, Demirgazyk–

Günorta ulag geçelgesi ýaly halkara taslamalar diňe ykdysady ähmiýetli däl, eýsem, Owganystanyň halkara hyzmatdaşlygyna goşulyşmagyna hem ýardam berýär. Bu taslamalar arkaly ýurduň içerki ykdysady binýady güýçlendirilýär we durnuklylygy pugtalandyrylýar. Ýeri gelende bellesek, 2024-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Mary welaýatynda Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçiriji taslamasynyň wajyp tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat–Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygyna badalga berildi. Mundan başga-da şol gün Türkmenistan bilen Owganystanyň arasynda hoşniýetli hyzmatdaşlygyň barha rowaçlanýandygyny görkezýän täze desgalar ulanmaga berildi, başga-da möhüm ähmiýetli desgalaryň gurluşygyna badalga berildi.

Owganystan boýunça syýasy gepleşikleriň halkara derejesinde utgaşdyrylmagy möhüm ähmiýete eýedir. Bu ugurda BMG-niň ýörite wekilleri we missiýalary wajyp orny eýeleýär. Şeýle-de halkara guramalar tarapyndan ýurduň ykdysady taýdan goldanylmagy, jemgyýetçilik infrastukturasy üçin serişdeleriň berilmegi we adam hukuklarynyň goragy boýunça çäreler Owganystanyň parahatçylykly ösüşine täsir edýär.

Halkara diplomatiýasynyň esasy wezipesi Owganystanyň dünýä jemgyýetçiliginden üzňe galmazlygyny üpjün etmekdir. Şunda Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty Owganystan bilen gatnaşykda aýratyn ähmiýete eýedir. Türkmenistan parahatçylykly, deňagramly we içeri işlere gatyşmaýan çemeleşmeler arkaly bu ýurduň ýagdaýyny kadalaşdyrmaga gatnaşýar.

Türkmenistanyň başlangyçlary parahatçylykly gepleşikleriň geçirilmegi, ynanyşmak çäreleriniň güýçlendirilmegi, ynsanperwer kömekleriň berilmegi ýaly ugurlarda halkara derejesinde ykrar edildi. Bu tejribe Owganystan üçin «ýumşak güýç» diplomatiýasynyň oňyn nusgasyny görkezýär.

Gahryman Arkadagymyz 2025-nji ýylyň martynda «Euronews» teleýaýlymyna beren interwýusynda Owganystan bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy barada aýratyn durup geçdi. Şunda Milli Liderimiz: «Owgan halky–biziň goňşymyz. Biz bu halk bilen ýüzýyllyklaryň dowamynda ysnyşykly ýaşaýarys. Owganlaryň däp-dessurlary, ruhy we medeni gymmatlyklary bize has ýakyn. Türkmenler bilen owganlaryň uzak döwürlerden bäri dowam edip gelýän taryhy gatnaşyklary bar. Şoňa görä-de, Owganystanyň, ol ýerde ýaşaýan adamlaryň ykbaly biziň üçin parhsyz däldir» diýip bellemegi hoşniýetliligiň, dost-doganlygyň, ynsanperwerligiň, agzybirligiň özboluşly dabaralanmasyna öwrüldi [3].

Türkmenistan bilen Owganystanyň arasyndaky gatnaşyklar, ilkinji nobatda, hoşniýetli goňşuçylyga, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk bolsa deňhukuklylyga we özara bähbitlere hormat goýmaklyga esaslanýar. Türkmenistan goňşy Owganystanda durnukly ykdysadyýeti dikeltmek, owgan halkynyň abadan durmuşyny üpjün etmek üçin dostana goldaw berýär. Owganystana elýeterli bahadan türkmen elektrik energiýasynyň eksport edilmegi hem muňa mysaldyr.

Dürli ulag-logistika taslamalaryny durmuşa geçirmek bilen bir hatarda, Türkmenistan Owganystana demirýolçulary taýýarlamakda hem goldaw berýär, ýagny owganystanly demirýolçularyň Türkmenistanda hünärlerini kämilleşdirmekleri üçin mümkinçilik döredilýär. Mysal üçin, 2023-nji ýylda owganystanly demir ýol işgärleriniň birnäçesi «Türkmendemirýollary» agentliginiň Türkmenabat şäherindäki hünär tehniki okuw mekdebinde dört aýlyk okuwy tamamlap, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan şahadatnamalaryň eýesi boldular.

Türkmenistan bilen Owganystanyň arasynda ylym-bilim ulgamynda hem hyzmatdaşlyk ösdürilýär. 2004-nji ýyldan bäri hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda owgan ýaşlary Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde mugallymçylyk, oba hojalygy, nebit-gaz, energetika pudaklary, lukmançylyk ýaly ugurlar boýunça bilim alýarlar [4]. 2017-nji ýylda Owganystanyň Prezidentiniň Aşgabada saparynyň barşynda Ylym-bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Jowuzjan uniwersitetiniň arasynda Ylalaşyga gol çekildi. Owganystanyň alymlary, medeniýet we sungat işgärleri Türkmenistanda geçirilýän halkara ylmy maslahatlara, festiwallara yzygiderli gatnaşýarlar.

Owganystanyň syýasy durnuklylygy diňe bir bu ýurduň ösüşi üçin däl, eýsem, tutuş Merkezi Aziýanyň howpsuzlygy, energetika hyzmatdaşlygy we ulag-logistika ulgamynyň ösüşi üçin hem möhüm şertdir. Eger-de, Owganystanda parahatçylyk we durnuklylyk üpjün edilse, sebitleýin ykdysady taslamalar giňelip, Aziýanyň hem-de Ýewropanyň arasynda täze strategik baglanyşyk döreýär. Şeýlelikde, Owganystanyň durnuklylaşdyrylmagy sebitleýin hyzmatdaşlygyň we halkara parahatçylygyň möhüm bölegidir.

Jemläp aýdanyňda, Owganystandaky syýasy ýagdaýlary kadalaşdyrmakda syýasy-diplomatik çemeleşmeler iň täsirli usullaryň biri bolup durýar. Häzirki wagtda syýasy gepleşikleriň guralmagy, sebitleýin hyzmatdaşlygyň güýçlendirilmegi, halkara guramalaryň we bitarap ýurtlaryň işjeň gatnaşmagy Owganystanyň parahatçylykly ösüşine itergi berýär. Syýasy-diplomatik usullaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi diňe bir Owganystanyň däl, eýsem, tutuş sebitiň howpsuzlygynyň, durnuklylygynyň we ykdysady ösüşiniň kepilidir.

## EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysynyň dowamaty. – A.: TDNG, 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.

3. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Euronews» teleýaýlymyna beren interwýusy. – Türkmenistan // 08.03.2024.

4. Türkmenistan–Owganystan: parahatçylygyň we döredijiligiň bähbidine hyzmatdaşlyk. – Türkmenistan // 21.06.2015.

# ЗНАЧЕНИЕ ПОЛИТИКО-ДИПЛОМАТИЧЕСКИХ ПОДХОДОВ В УРЕГУЛИРОВАНИИ ПОЛИТИЧЕСКОЙ СИТУАЦИИ В АФГАНИСТАНЕ

Афганистан – государство, расположенное в геополитически важном центре Центральной и Южной Азии, и его стабильность оказывает непосредственное влияние на безопасность всего региона, что является очевидным фактом. На протяжении нескольких десятилетий эта страна превратилась в арену различных политических, религиозных и этнических противостояний. В результате внутренняя нестабильность Афганистана вызывает обеспокоенность не только внутри страны, но и у соседних государств, а также у международного сообщества в целом. В связи с этим в современных международных отношениях особую значимость приобретает вопрос урегулирования ситуации в Афганистане не только военными средствами, но прежде всего посредством политико-дипломатических подходов. Организация мирных переговоров, сотрудничество соседних стран и международных организаций занимают ключевое место в данном направлении. С учетом этих обстоятельств в работе рассматривается значение политико-дипломатических подходов в урегулировании политической ситуации в Афганистане, а также всесторонне анализируется их роль в региональных и международных отношениях.

# THE SIGNIFICANCE OF POLITICAL AND DIPLOMATIC APPROACHES IN STABILIZING THE POLITICAL SITUATION IN AFGHANISTAN

Afghanistan is a country located at a geopolitically important crossroads of Central and South Asia, and it is an undeniable fact that its stability has a direct impact on the security of the entire region. Over several decades, the country has become a field of various political, religious, and ethnic confrontations. As a result, Afghanistan's internal instability causes concern not only for the country itself but also for neighboring states and the international community as a whole. Therefore, in contemporary international relations, the issue of stabilizing the situation in Afghanistan through political and diplomatic approaches, rather than solely through military means, is of particular importance. The organization of peaceful negotiations, as well as cooperation among neighboring countries and international organizations, play a central role in this process. Taking these factors into account, this study examines the significance of political and diplomatic approaches in stabilizing the political situation in Afghanistan and provides a comprehensive analysis of their role in regional and international relations.

**Muhammet MÄHREMOW,**
*Seljeriş we strategiki meýilleşdiriş ugrunyň magistranty.*

## SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ GEOSYÝASY MESELELERE TÄSIRI

XXI asyr «sanly öwrülişiň» asyry hökmünde dünýä taryhyna girdi. Sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşmagy diňe bir ykdysadyýetiň, ylym-bilim ulgamynyň däl, eýsem, halkara gatnaşyklarynyň hem düýpli üýtgemegine getirdi. Dünýäniň ähli döwletleri maglumat tehnologiýalarynyň ösmegine aýratyn ähmiýet berýärler, sebäbi ol diňe içerki ösüşi däl, eýsem, halkara derejesindäki täsir güýjüni hem kesgitleýär. Şonuň üçin sanlylaşma häzirki döwrüň geosyýasy bäsdeşliginiň esasy guralyna öwrüldi. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: «Biziň maksatlarymyz ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy hem-de durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmekden ybaratdyr» diýip belleýär [1; sah. 27].

Geosyýasat diňe çäk we harby güýç bilen kesgitlenmeýär, eýsem, maglumat giňişligindäki täsir we sanly mümkinçilikler arkaly hem ýüze çykýar. Häzirki wagtda «sanly diplomatiýa», «kiberhowpsuzlyk», «milli maglumat giňişligi», «sanly ykdysadyýet» ýaly düşünjeler dünýä geosyýasatynyň möhüm adalgalaryna öwrüldi.

Sanly tehnologiýalaryň barha kämilleşýän döwründe maglumatlar täze strategiýa serişdesine öwrülýär. Maglumat XXI asyryň täze «strategik baýlygy» hökmünde kabul edilýär. Maglumat akymlarynyň dolandyrylmagy döwletleriň halkara syýasatyndaky täsir derejesini kesgitleýär. Öň ykdysady taýdan baý serişdeler – nebit, gaz, altyn ýaly faktorlara esaslanyp syýasy täsir görkezilýän bolsa, häzirki wagtda maglumat we tehnologiýa güýçleriň täze ölçegi boldy. Şu jähetden, türkmen halkynyň Milli Lideri döwletleriň ylmy-tehniki ösüşiniň, sanlylaşdyrmagyň we innowasion standartlarynyň derejesini deňleşdirmegiň möhümdigini nygtaýar [2].

Häzirki globallaşan jemgyýetimiziň ýene-de bir wajyp meselesi bar. Ol maglumat we maglumat tehnologiýalary meselesidir. Maglumat tehnologiýalarynyň durmuşymyza işjeň ornaşmagy netijesinde, maglumat elýeterliligi gitdigiçe ösýär. Olary ýaýratmak üýtgeşik bir serişdäni talap etmeýär. Şeýle bolansoň, daşky täsirleriň hereketi netijesinde halkyň ýaşaýyş gymmatlyklaryna gabat gelmeýän pikir-garaýyşlaryň ýaýradylmak mümkinçiligi hem artýar. Anyk aýdanyňda, maglumat häzirki zamanyň iň netijeli täsir ediş usullarynyň biri hasaplanyp, bikanun maglumatlardan degişli giňişligi gorap saklamak zerurlygy ör-boýuna galýar. Şonuň üçin-de, 2022-nji ýylyň 21-nji iýulynda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň dördünji konsultatiw duşuşygynda Türkmenistan tarapyndan sebitiň ýurtlarynyň

döwlet maglumat düzümleriniň arasynda hünär gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň üstünde işlemek teklip edilip, ony durmuşa geçirmegiň ugurlary salgy berildi [3].

Maglumatlaryň üsti bilen jemgyýetçilik pikirini emele getirmek, täsir döretmek, şeýle hem halkara jemgyýetçiliginde belli bir döwlet barada ornaşan garaýyşlary üýtgetmek mümkin bolýar. Şonuň üçin maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek milli howpsuzlygyň möhüm bölegine öwrüldi.

Maglumatlar bilen birlikde, kiber giňişlik hem täze geosyýasy meýdança hökmünde ähmiýetli orna eýedir. Kiber giňişlik häzirki wagtda döwletleriň bähbitleriniň kesişýän täze meýdanydyr. Kiberhüjümler, maglumat ogurlyklary, infrastrukturalara edilen täsirler döwlet howpsuzlygyna göni howp döredýär. Bu ýagdaý sebäpli dünýäniň köp ýurtlarynda «kiber goranyş güýçleri» döredilýär.

Kiber giňişlikde edýän hereketler diňe tehniki däl-de, syýasy ähmiýete-de eýedir. Mysal üçin, maglumat torlarynyň togtadylmagy ýa-da sanly platformalaryň çäklendirilmegi käbir ýagdaýlarda geosyýasy basyş guraly hökmünde ulanylýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda sanly ulgamy ornaşdyrmak bilen birlikde maglumat howpsuzlygyny üpjün etmekde-de netijeli işler durmuşa geçirilýär. Maglumat howpsuzlygynyň maddy-enjamlaýyn we kanunçylyk binýadynyň yzygiderli berkidilmeginiň çäklerinde ýurduň ministrliklerinde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda, şeýle hem olaryň garamagyndaky düzümlerde, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynda maglumat-aragatnaşyk ulgamlarynyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, Sanly ulgam merkeziniň we «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň ýanyndaky Döwlet kiberhowpsuzlyk gullugynyň işi ýola goýlup, döwrüň talabyna laýyklykda yzygiderli kämilleşdirilýär. «Aragatnaşyk hakynda», «Türkmenistanda internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda», «Kiberhowpsuzlyk hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi degişli ugruň hukuk binýadyny pugtalandyrmaga ýardam etdi. «Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň internet ulgamyndaky wehimleriň öňüni almakda, jemgyýetçilik düzgün-tertibiniň, guramalaryň we raýatlaryň kanuny hukuklarynyň hem-de bähbitleriniň üpjün edilmeginde ähmiýeti uludyr. Ýeri gelende sanly diplomatiýanyň hem häzirki döwürde daşary syýasaty amala aşyrmagyň täze görnüşidigini bellemelidiris. Döwletleriň daşary işler edaralary, ilçihanalary, halkara guramalar internet we sosial ulgamlary ulanmak arkaly jemgyýetçilik pikirini şekillendirýärler. Bu diplomatiýanyň çalt täsir edýän, köpçülikleýin we aragatnaşygy ýeňilleşdirýän görnüşidir.

Şeýle mysala ýüzleneliň. Hazar sebiti şu günki gün Ýewraziýa giňişliginiň wajyp geosyýasy we geoykdysady merkezleriniň birine öwrüldi. Şonuň üçin hem bu ýerde anyk halkara-hukuk kadalaryna, deňhukuklylyga we ähli Hazarýaka

döwletleriniň bähbitlerini hasaba almaklyga esaslanýan köptaraplaýyn halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň ähmiýeti örän uly bolup durýar. 2002-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň teklibi boýunça Aşgabatda Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň birinji sammiti hyzmatdaşlygyň düýpli meseleleriniň çözülmegine güýçli itergi berdi [4; sah. 265].

Sanly ykdysadyýet häzirki wagtda dünýä ykdysady ulgamynyň esasy ugurlarynyň biridir. Kripto pul serişdeleri, emeli aň, blokçeýn tehnologiýalary, elektron söwda ýaly ulgamlaryň ösmegi täze ykdysady güýç merkezlerini döretdi. Bu ýagdaý dünýä geosyýasatynyň ykdysady esaslaryny üýtgetdi: maglumat serişdelerini öndürýän, saklaýan we dolandyrýan döwletler dünýä täsir merkezlerine öwrülýärler. ABŞ, Hytaý, Ýaponiýa, Koreýa Respublikasy ýaly ýurtlaryň sanly ykdysadyýetdäki üstünlikleri olaryň halkara täsirini güýçlendirýär. Elbetde, sanly aragatnaşyk ulgamynyň ösüşi–internet, optiki tolkunly torlar, maglumat merkezleri–häzirki wagtda halkara ykdysady täsirleriň esasyny düzýär. Sanly infrastrukturalara maýa goýum edýän ýurtlar diňe ykdysady däl, syýasy taýdan hem öňe çykýarlar. Mysal üçin, Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjynyň çägindäki «Sanly Ýüpek ýoly» taslamasy diňe ulag we söwda däl, eýsem maglumat aragatnaşygyny giňeltmek arkaly geosyýasy täsir gurallarynyň biri bolup hyzmat edýär.

Sanly tehnologiýalaryň ösüşi diňe bäsdeşlik däl, eýsem, hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini hem döredýär. Kiberhowpsuzlyk, maglumat alyş-çalyş, emeli aň boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek dünýä parahatçylygynyň hem esasy şerti bolup biler. Bu ugurda halkara hukuk ulgamynyň kiber giňişlige degişli düzgünlerini kämilleşdirmek, maglumat howpsuzlygy babatynda ynanyşmak çärelerini güýçlendirmek möhüm mesele bolup durýar. Türkmenistan ýaly bitarap ýurtlar bu meselede parahatçylykly, ynanyşmaga esaslanýan halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde özara gatnaşyklaryň deňagramly we durnukly ýoluny hödürläp bilerler.

Sanly tehnologiýalaryň ösüşi häzirki döwrüň geosyýasatynda täze bäsdeşlik we hyzmatdaşlyk gurallaryny döretdi. Maglumat howpsuzlygy, sanly diplomatiýa, kiber giňişlikdäki hereketler–bularyň hemmesi döwletleriň halkara syýasy güýjüni kesgitleýän möhüm faktorlara öwrüldi. Şonuň üçin her bir döwletiň sanly ösüş strategiýasy diňe ykdysady ösüşe däl, eýsem, geosyýasy täsiriniň berkemegine gönükdirilmeli. Sanly giňişlikdäki parahatçylykly we ynanyşmaga esaslanýan hyzmatdaşlyk dünýäniň durnukly ösüşiniň möhüm binýadydyr.

## EDEBIÝATLAR

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – A.: TDNG, 2015.

2. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň üçünji Antalýa diplomatiýa forumyndaky çykyşy. Antalýa şäheri, 2024-nji ýylyň 1-nji marty.

3. Çaryýarow K. Merkezi Aziýa: mümkinçilikleriň «altyn açary». – Nesil // 26.07.2022.
4. *Rahmanow A.* Diplomatik gullugyň esaslary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2012.

## ВЛИЯНИЕ ЦИФРОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ НА ГЕОПОЛИТИЧЕСКИЕ ВОПРОСЫ

Развитие цифровых технологий создало в современной геополитике новые инструменты конкуренции и сотрудничества. Информационная безопасность, цифровая дипломатия, деятельность в киберпространстве– всё это превращается в важные факторы, определяющие международно-политическую мощь государств. Поэтому цифровая стратегия каждой страны должна быть направлена не только на экономическое развитие, но и на укрепление её геополитического влияния. Миролюбивое, основанное на доверии сотрудничество в цифровом пространстве является важной основой устойчивого развития мира. В связи с этим в работе анализируется влияние цифровых технологий на геополитические вопросы, а также подчеркивается, что в эпоху стремительного совершенствования цифровых технологий информация превращается в важный стратегический ресурс.

## THE IMPACT OF DIGITAL TECHNOLOGIES ON GEOPOLITICAL ISSUES

The development of digital technologies has created new tools of competition and cooperation in modern geopolitics. Information security, digital diplomacy, and activities in cyberspace are all becoming important factors that determine the international political power of states. Therefore, the digital strategy of each country should be aimed not only at economic development but also at strengthening its geopolitical influence. Peaceful and trust-based cooperation in the digital space is an important foundation for the sustainable development of the world. In this regard, the work analyzes the impact of digital technologies on geopolitical issues and emphasizes that, in an era of rapid advancement of digital technologies, information is turning into an important strategic resource.

**Dursunjemal MEREDOWA,**
*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty.*

# HALKARA ÜSTAŞYR GEÇELGELERIŇ AZIÝA SEBITINDE GEOSYÝASY ÝAGDAÝLARA TÄSIRI

Globalizasiýanyň çalt depginde ösmegi bilen dünýä ykdysady ulgamynda üstaşyr geçelgeler esasy strategik elemente öwrüldi. Logistika infrastrukturasynyň giňeldilmegi, üpjünçilik zynjyrynyň çylşyrymlaşmagy, energetiki serişdeleriň ugradylmagy hem-de söwda akymlarynyň durnuklylygy döwletleriň geosyýasy strategiýasynda möhüm ugurlaryň birine öwrüldi. Aziýa, aýratyn-da, Ýewraziýa giňişligi häzirki wagtda dünýäniň iň çalt ösýän sebitleriniň biri bolup, köp ugurly logistik ulgamlar arkaly ýurtlaryň geosyýasy täsiriniň giňelmeginde möhüm orny eýeleýär. Şeýle ýagdaý halkara üstaşyr geçelgeleriniň sebit syýasatyna, ykdysadyýetine we howpsuzlyk arhitekturasyna edýän täsiriniň ylmy taýdan çuňňur seljerilmegini talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, bu makalanyň maksady Aziýa sebitindäki halkara üstaşyr geçelgeleriniň görnüşlerini öwrenmek, olaryň geosyýasy ähmiýetini seljermek, ösüş strategiýalarynyň döwürleýin aýratynlyklaryny açyp görkezmek hem-de sebitdäki ýurtlaryň, şol sanda Türkmenistanyň bu ulgamdaky ornuna baha bermekden ybaratdyr.

Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda: «Türkmenistanyň dünýäniň aragatnaşyk giňişliginde möhüm baglanyşyk ulgamyna öwrülmegi üçin, ulag ulgamynyň ähli pudaklarynda iri maýa goýumlaryny gönükdirmek bilen, iri göwrümli taslamalaryň başyny başladyk. «Demirgazyk – Günorta» ulag geçelgesiniň hem-de onuň yklymlara ulag ugry «Gündogar – Günbatar» birikmesiniň kemala gelmegi Ýewraziýa yklymynyň ýurtlaryna Ýewropanyň, Ýakyn, Orta Gündogaryň, Merkezi Günorta, Günorta-Gündogar bazarlaryna çykalgalary giňden açýar» diýip, jaýdar nygtaýar [1].

Garaşsyz ýurdumyzyň gatnaşmagynda we başlangyçlary esasynda dünýä üstaşyr ulag gatnawlary bilen baglanyşykly köp işler amala aşyrylýar. TRACECA taslamalarynyň çäklerinde Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek, iň täze ulag tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, multimodal gatnawlary guramak we kämilleşdirmek boýunça yzygiderli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Munuň özi ulag ulgamyndaky gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmakda tagallalary berkitmäge ýardam edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň bu ugra gönükdirilen sebit, yklym hem-de ählumumy derejedäki başlangyçlary Merkezi Aziýa we Hazar sebitinde degişli üstaşyr ulag, logistik ulgamyň döredilmeginde, bu babatdaky tapgyrlaýyn ösüşde wajyp orun eýeledi. Türkmenistan bu gün multimodal ulag-aragatnaşyk ulgamyny, şol sanda demir ýollar, awtoulag, deňiz ýollary, portlar ýaly infrastrukturalary ösdürmek we goldamak üçin döwlet bilen hususy

pudagyň hyzmatdaşlygyny jebisleşdirmegiň, bu ugra maýa goýumlary çekmegiň möhümdiginden ugur alyp, bäsdeşlige ukyply milli logistika kompaniýalarynyň emele gelmegine aýratyn üns berýär [2].

Bilşimiz ýaly, Aziýa giňişliginde üstaşyr geçelgeler köplenç üç esasy görnüşe bölünýär:

– demir ýol we multimodal geçelgeler;

– deňiz üstaşyr ýollary;

– awtomobil we energiýa geçiriji infrastrukturalar (gaz, nebit, elektrik geçelgeleri).

Şolaryň arasynda multimodal ulgamlar soňky ýyllarda has depginli ösüşe eýe boldy. Şunda Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjyna aýratyn orun degişlidir. «Bir guşak, bir ýol» taslamasy häzirki döwürde Aziýada iň giň gerimli geosyýasy we ykdysady taslamalaryň biridir. Taslama ýurduň günbatar sebitleriniň ykdysady ösüşini güýçlendirmek bilen bir wagtda Hytaýyň dünýä ykdysady giňişligindäki täsirini giňeltmegi maksat edinýär. Onuň esasy aýratynlyklary şulardan ybaratdyr:

– 70-den köp döwleti özünde birleşdirýär;

– demir ýol, deňiz portlary we logistika merkezleri arkaly täze üpjünçilik zynjyrlaryny döredýär;

– döwletleriň ösüşini tizleşdirýär;

– sebitdäki döwletleriň Hytaý bilen strategik hyzmatdaşlygyny güýçlendirýär.

«Demirgazyk – Günorta» halkara geçelgesi hem Aziýada iri logistik taslamalaryň biridir. Russiýa–Kawkaz–Eýran–Hindistan ugruny ýakynlaşdyrýan bu ýol üstaşyr ýük daşamalaryň wagtyny 40–60 göterime çenli gysgaldýar. Taslama diňe bir ykdysady däl, eýsem, syýasy taýdan hem möhüm faktorlary öz içine alýar.

Merkezi Aziýanyň we Günorta Kawkazyň ýurtlary Ýewraziýa sebitindäki üstaşyr ulag geçelgelerinde möhüm orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, bu döwletleriň gatnaşmagynda multimodal ulag ugurlaryna uly ähmiýet berilýär. «CASCA+» ugrunyň Aziýa–Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary–Hytaý–Gyrgyzystan–Özbegistan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa–Ýewropa halkara multimodal ugrunyň hil taýdan täze görnüşdäki dowamydygyny bellemek gerek. Bu ugur 2019-njy ýylda Daşkentde agzalan ýurtlaryň döwlet demir ýol edaralarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygynda döredildi. Türkiýe 2021-nji ýylyň dekabr aýynda taslama goşuldy.

Häzirki wagtda «CASCA+» geçelgesi 3 sebiti–Merkezi Aziýany (Gyrgyz Respublikasy, Özbegistan, Türkmenistan), Günorta Kawkazy (Azerbaýjan, Gruziýa), şeýle hem Anadoly sebitini (Türkiýe) öz içine alýar. «CASCA» bu sebitleriň iňlis dilindäki atlarynyň gysgaldylan görnüşidir. Ulag geçelgesiniň adyndaky «+» belgisi bolsa Günorta–Gündogar Aziýanyň döwletlerini, hususanda, Hytaýy Ýewropa bilen birleşdirmegi maksat edinýän ulag geçelgesi boýunça ýük daşamalara gyzyklanma bildirýän täze gatnaşyjylary kabul etmäge taýýarlygy aňladýar.

Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Ýewropanyň arasynda ulag arabaglanyşygynyň üpjün edilmegi bu ugruň esasy maksatlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, 46 wagondan we 91 konteýnerden ybarat bolan otlynyň Özbegistandan Bolgariýa ugramagy möhüm waka boldy. Otly «CASCA+» geçelgesine gatnaşyjy ýurtlar tarapyndan 2022-nji ýylyň dekabr aýynda ugradyldy we Özbegistan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa–Bolgariýa ugry boýunça 4 müň kilometrden gowrak ýoly geçdi. Şeýle otlularyň bu ugur boýunça yzygiderli esasda hereket etmegi esasy wezipe bolup durýar. Iki deňziň we köp sanly ýurduň üstünden geçýän ugruň multimodallygy bu geçelgäniň mümkinçiliklerini netijeli ulanmaga şert döredýär. Işe girizilenden bäri bu ugur boýunça konteýnerleriň 30 müňe golaýy daşaldy. Bu taslamada Türkmenistana aýratyn orun degişlidir. Geçen döwürde agzalan geçelge boýunça ýük daşamalarda ýurdumyzyň paýyna import ugry boýunça 9 müň, eksport ugry boýunça 12 müň we üstaşyr ýük daşamalarda 9 müň konteýner düşdi. Operatorlar şu ýylda konteýner ýük daşamalarynyň möçberini 30 müňe çenli ýetirmegi maksat edinýärler [3].

Energetika geçelgeleri – gaz we nebit turbalary–Aziýanyň howpsuzlyk strategiýasynyň möhüm bölegidir. Türkmenistandan Hytaýa çekilen gaz geçirijisi sebit howpsuzlygynda täze ugur açdy. Energiýa geçelgeleriniň möhüm täsirleri eksport edýän ýurtlaryň ykdysady garaşsyzlygy ýokarlanýandygy, satyn alýan ýurtlar üçin üpjünçiligiň durnukly üpjün edilýändigi, energetik bäsdeşligiň täze ykdysadysyýasy platformalary döredýändigi bilen baglanyşyklydyr.

Häzir ykdysadyýetimiziň strategik pudagy – ýangyç-energetika toplumy düýpli özgerdildi. Türkmenistandan Hytaýa, Eýrana gaz geçirijiler çekildi. TOPH gaz geçirijisi gurulýar. Uglewodorod çig malyny gaýtadan işlemäge ýöriteleşdirilen döwrebap senagat kärhanalarynyň önümlerine hem isleg artýar, onuň eksportynyň çägi giňeýär. Türkmenistan halkara bazarlara ekologiki taýdan arassa benzini, dizel ýangyjyny, suwuklandyrylan gazy, beýleki ýangyç-çalgy serişdelerini, elektrik energiýasyny ugradýar [4].

Üstaşyr geçiriji ýurtlar logistikadan, terminal hyzmatlaryndan, gümrük tölegleriden uly girdeji alýar. Türkmenbaşy Halkara Deňiz portunyň işe girizilmegi Türkmenistanyň üstaşyr mümkinçiligini birnäçe esse artdyrdy. Üstaşyr geçelgeler halkara söwdany hem tizleşdirýär. Şunda transport çykdajylary azalýar, logistik birnäçe ugur birleşdirilýär, täze bazar mümkinçilikleri emele gelýär.

Türkmenistanyň geografik ýerleşişi Ýewraziýa we Günorta Aziýa birleşýän merkezde ýurduň logistik strategiýasynyň düýp binýadydyr. Şunuň bilen baglylykda, Owganystany Türkiýe hem-de Ýewropa bilen birleşdirýän «Lapis-Lazuli» geçelgesiniň hem geljegi uludyr. 2017-nji ýylda Türkmenistanyň, Owganystanyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň hem-de Türkiýäniň arasynda bu geçelge baradaky ylalaşyga gol çekildi. Bu ulag geçelgesi sebitiň ykdysady taýdan goşulyşmagyny

ýokarlandyrmaga hem-de Owganystany dünýä söwdasyna çekmek arkaly, onuň halkynyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda ýardam bermäge gönükdirilendir.

Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmekde, Merkezi Aziýanyň, Hazar deňzi sebitiniň ýurtlary bilen goňşy sebitleriň arasynda söwdany ösdürmekde strategik ähmiýete eýe bolan Gazagystan–Türkmenistan–Eýran halkara demir ýoly hem yklymyň ýurtlarynyň arasynda ýük dolanyşygynyň artdyrylmagy üçin täze mümkinçilikleri açdy. Şeýle hem häzirki wagtda Hazar deňziniň üsti boýunça ösdürilýän «Hytaý–Gazagystan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa–Türkiýe–Ýewropa» ulag ugrunyň, Ýewropa–Kawkaz–Aziýa ugry boýunça Türkmenistanyň üstünden geçýän TRACECA halkara ulag geçelgesiniň möhümdigini bellemek gerek. Bu taslamalar üstaşyr döwlet hökmünde Türkmenistanyň halkara abraýyny artdyrýar, ykdysady özgertmeleri çaltlandyrýar; daşary söwdanyň ugurlaryny giňeldýär; sebitdäki durnuklylyga goşant goşýar.

Netijede, Aziýa sebitinde halkara üstaşyr geçelgeleri häzirki döwürde strategik, syýasy, ykdysady we howpsuzlyk taýdan örän möhüm mehanizmdir. Olaryň gurluşy we ösdürilişi ýurtlaryň geosyýasy täsirini täze derejelere çykarýar, täze söwda we energetiki üpjünçilik zynjyrlaryny döredýär, döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygyň we diplomatik gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýardam edýär. Sebit derejesinde Türkmenistanyň eýeleýän translogistik orny aýratyn ünsden düşmeli däldir. Ýurduň ösýän infrastrukturalary, halkara ulag başlangyçlaryna goşulmagy we täze multimodal geçelgeleriň döredilmegine goşýan goşandy Türkmenistanyň Ýewraziýa giňişligindäki strategik ähmiýetini güýçlendirýär.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Durnukly ulag: durnukly ösüşe goşant» atly halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşyjylara Gutlagy. 2023-nji ýylyň 26-njy noýabry.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2018.

3. *Abdyýew O.* Türkmenistan dünýä bazarynda ornuny pugtalandyrýar. – Türkmenistan // 16.08.2024.

4. Türkmenistanda Aziýa-Ýuwaş ummany sebiti – Ýewropa ulag geçelgesiniň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşylýar. – Türkmenistan // 15.11.2023.

## ВЛИЯНИЕ МЕЖДУНАРОДНЫХ СОБЫТИЙ НА ГЕОПОЛИТИЧЕСКУЮ ОБСТАНОВКУ В АЗИАТСКОМ РЕГИОНЕ

В условиях стремительного развития глобализации транзитные коридоры стали ключевым стратегическим элементом мировой экономической системы. Расширение логистической инфраструктуры, усложнение цепочек поставок, размещение энергетических ресурсов и обеспечение стабильности торговых потоков стали важными направлениями геополитической стратегии государств. Азия, и особенно евразийское пространство, в настоящее время является одним из наиболее быстрорастущих регионов мира и играет важную роль в расширении геополитического влияния стран посредством разнонаправленных логистических систем. Эта ситуация требует глубокого научного анализа влияния международных транзитных коридоров на региональную политику, экономику и архитектуру безопасности. В этой связи целью данной статьи является исследование типов международных транзитных коридоров в Азиатском регионе, анализ их геополитического значения, выявление периодических особенностей стратегий развития, а также оценка роли стран региона, в том числе Туркменистана, в этой системе.

## IMPACT OF INTERNATIONAL OVERSEAS EVENTS ON GEOPOLITICAL CONDITIONS IN THE ASIA REGION

With the rapid development of globalization, transit corridors have become a key strategic element in the world economic system. The expansion of logistics infrastructure, the complexity of supply chains, the deployment of energy resources and the stability of trade flows have become important directions in the geopolitical strategy of states. Asia, and especially the Eurasian space, is currently one of the fastest growing regions in the world and plays an important role in expanding the geopolitical influence of countries through multi-directional logistics systems. This situation requires a scientific in-depth analysis of the impact of international transit corridors on regional politics, economics, and security architecture. In this regard, the purpose of this article is to study the types of international transit corridors in the Asian region, analyze their geopolitical significance, reveal the periodic features of development strategies, and assess the role of the countries of the region, including Turkmenistan, in this system.

**Kowus ÝAZGURDOW,**
*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty.*

# ÖŇÜNI ALYŞ DIPLOMATIÝASYNYŇ NETIJELI UGURLARYNY SELJERMEK

Globalizasiýanyň çalt depginde ösýän häzirki döwründe halkara gatnaşyklarda dartgynly ýagdaýlaryň öňüni almak, gapma-garşylyklary çözmek we parahatçylykly gatnaşyklary saklamak meseleleri möhüm orunda durýar. Şol nukdaýnazardan, öňüni alyş diplomatiýasy halkara howpsuzlygynyň berkidilmeginde we çökgünlikleriň ýüze çykmagynyň öňüni almakda esasy gural bolup çykyş edýär. Bu diplomatiýa diňe konflikt ýüze çykandan soň däl, eýsem, onuň öňüni almak, sebäplerini aradan aýyrmak we hyzmatdaşlygy berkitmek bilen hem baglanyşyklydyr.

Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan–Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda ata-babalarymyzyň diplomatiýa sungatyna erk edip, çylşyrymly meseleleri parahatçylykly ýol bilen çözmek arkaly dawalaryň öňüni alyşlarynyň hem-de dawalaşýan taraplary ylalaşdyryp bilişleriniň ýurdumyzyň daşary syýasat ýörelgesinde mynasyp orun eýeleýändigini nygtaýar. Milli Liderimiziň «Bitarap Türkmenistan» atly kitabynda beýan edişi ýaly, türkmen halky hemişe-de islendik jedelli meseläni çözmegiň, ilki bilen, parahatçylykly ýoluny öňe sürüpdir [1].

Diplomatiýa üçin wakalary öňünden duýmak zerurlygy indi hiç hili düşündiriş talap etmeýär. Şonuň üçin hem biziň şu günki günlerimizde öňüni alyş diplomatiýasynyň ähmiýeti has-da artýar [2; sah. 367]. Şeýlelikde, öňüni alyş diplomatiýasy döwletleriň we halkara guramalarynyň gatnaşyklaryndaky dartgynly ýagdaýlaryň öňüni almak, şeýle hem gapma-garşylyklaryň döremegine sebäp bolup biljek ýagdaýlary erkinde saklamak üçin alnyp barylýan syýasatdyr.

Öňüni alyş diplomatiýasy baradaky pikirleri ilkinji gezek 1953-nji ýylyň aprel aýynda saýlanan BMG-niň 2-nji Baş sekretary Dag Hammerşeld öňe sürüpdi. Ol bu düşünjäni 1950-nji ýyllaryň ahyryndan başlap ulanyp ugrady we 1960-njy ýyldaky öz hasabatlarynyň birinde oňa bolan garaýşyny beýan etdi. Dag Hammerşeldiň nygtamagyna görä, «öňüni alyş diplomatiýasy» düşünjesi BMG-niň tagallalaryny aňladýardy we olar özara göreşdäki taraplaryň gapma-garşylygyny çuňlaşdyryp biläýjek jedelleriň we uruşlaryň çäklendirilmegine gönükdirilen bolup durýardy. Ol tagallalar Baş sekretaryň we Howpsuzlyk geňeşiniň üsti bilen araçylyk, faktlary aýdyňlaşdyrmak babatynda kömek bermegi, şol sanda ykdysady ýardamy we şu maksada gönükdirilen beýleki hereketler arkaly amala aşyrylýardy [3; sah. 262].

Öňüni alyş diplomatiýasynyň esasy aýratynlyklary şulardan ybarat:

– konfliktiň başlangyç sebäplerini ýüze çykarmak;
– syýasy gepleşikleri dowamly esasda ýola goýmak;
– howpsuzlyk ulgamynda ynamy we açyklygy döretmek;

– parahatçylykly hyzmatdaşlyk platformalaryny ösdürmek.

BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy baradaky konsepsiýasy bu ugurda halkara derejesindäki tagallalaryň utgaşdyrylmagyny maksat edinýär. Şeýle diplomatiýanyň netijeliligi döwletleriň özara ynanyşygyna we hyzmatdaşlyk mümkinçilikleriniň giňeldilmegine baglydyr. Öňüni alyş diplomatiýasynyň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin dialog platformalary aýratyn ähmiýete eýedir. Döwletleriň arasynda yzygiderli dialog geçirmek dartgynly ýagdaýlaryň öňüni almakda möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle gepleşikler diňe hökümet derejesinde däl, eýsem, jemgyýetçilik, ylmy we syýasy guramalar derejesinde hem geçirilmelidir.

Ynam dörediji çäreler parahatçylykly gatnaşyklaryň ösmeginiň esasy bolup durýar. Şunda söwda we ykdysady hyzmatdaşlyk arkaly gatnaşyklary güýçlendirmek ýaly çäreler netijeli hasaplanýar. Ykdysady bähbitleriň utgaşdyrylmagy döwletleriň arasynda durnukly hyzmatdaşlygyň esasyny düzýär. Şol bir wagtyň özünde ekologik diplomatiýa suw, howa we tebigy serişdeler boýunça düşünişmezlikleriň öňüni almakda möhüm orny eýeleýär.

Medeniýet we bilim-jemgyýetleri ýakynlaşdyrýan, ynam döredýän möhüm baglanyşyk bolup durýar. Ylym we bilim pudagyndaky hyzmatdaşlyk arkaly ýurtlaryň arasyndaky düşünişmezlikleriň öňüni almak mümkinçiligi artýar.

Türkmenistanyň öňüni alyş diplomatiýasyndaky tejribesi nusga alarlykdyr. Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty öňüni alyş diplomatiýasynyň nusgalyk görnüşi hasaplanýar. Şulardan ugur alnyp, Milli Liderimiziň başlangyjy bilen 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi açyldy. Ol BMG-niň diňe bir sebitde däl, eýsem, bütin dünýäde hem şu görnüşdäki ilkinji düzüm birligidir. 15 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda bu merkez üstünlikli işläp gelýär.

2023-nji ýylyň 24-nji fewralynda Nýu-Ýork şäherinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 60-njy umumy mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Munuň özi Türkmenistanyň halkara abraýynyň ýokarydygynyň, biziň alyp barýan daşary syýasat ugrumyzyň netijelidiginiň nobatdaky aýdyň beýanydyr. Öňüni alyş diplomatiýasynyň ähmiýetiniň tassyklanmagydyr. Şeýle-de parahatçylygy goldamak we dünýä gurluşy babatda BMG-niň ýörite syýasy edaralarynyň ornunyň wajypdygynyň ykrar edilmegidir [4].

Öňüni alyş diplomatiýasynyň meşgullanmaly meseleleri barada hormatly Arkadagymyz şeýle belleýär: «Dawalary çözmegiň we olaryň öňüni almagyň ilkinji kadasy umumy bähbitleri gözlemekdir... Ýöne şol umumy bähbitleri üns berip we oýlanyşykly gözlemeli, gapma-garşylygyň ähli taraplar üçin kabul ederlikli çemeleşmelerini hödürlemeli, düşünişmezligi we duşmançylygy çuňlaşdyrýan we çylşyrymlaşdyrýan, birtaraplaýyn çözgütleri zor bilen kabul etdirjek bolmaly däl».

Türkmen taryhynyň jümmüşinden susulyp alnan bu mysallary Bitarap Türkmenistan bu gün özüniň daşary syýasy ugrunda işjeň ulanýar [5].

Türkmenistanyň Bitaraplygynyň halkara derejesinde ykrar edilmegi ýurdumyzyň öňüni alyş diplomatiýasynyň üstünlikli alnyp barylýandygyny görkezýär. Türkmen modeli dünýä derejesinde ynamly hyzmatdaşlygyň we parahatçylykly gatnaşyklaryň ýoluny açýar. Ýeri gelende bellesek, geljekki diplomatlary taýýarlaýan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hem BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen bilelikde birnäçe işler durmuşa geçirilýär. Olaryň hatarynda ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «BMG-niň modeli», Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli dürli temalara bagyşlanan «Breýn-ring» bäsleşiklerini mysal getirmek bolar. Her ýylyň 24-nji oktýabrynda bellenilýän BMG-niň gününe gabatlanyp, merkez bilen bilelikde çäreleriň tutuş toplumy guralýar.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan häzirki wagta çenli ençeme Kararnama kabul edildi. Şolaryň üçüsi halkara gatnaşyklarda öňüni alyş diplomatiýasynyň ähmiýeti bilen baglanyşyklydyr. Bu günki günde Milli Liderimizi dünýä bileleşigi halkara gatnaşyklarda «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog–parahatçylygyň kepili» atly ynsanperwer filosofiýalaryň öňbaşçysy hökmünde tanaýar. Netijede, öňüni alyş diplomatiýasy häzirki döwrüň iň möhüm syýasy gurallarynyň biridir. Onuň netijeliligi döwletleriň özara ynanyşygyna, halkara hukuk kadalaryna hormat goýmagyna we hyzmatdaşlygy ösdürmekde deňhukukly gatnaşygyna baglydyr. Şunda Türkmenistanyň tejribesi, halkara jemgyýetçiligine öňüni alyş diplomatiýasynyň diňe parahatçylygy saklamak däl, eýsem, ösüşe itergi berýän ýoldugyny görkezýär.

## EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015.

2. *Rahmanow A.* Diplomatik gullugyň esaslary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2012.

3. *Karaýew B.* Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2019.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Kararnamanyň kabul edilmegi mynasybetli Gutlagy. 2023-nji ýylyň 27-nji fewraly.

5. *Gurbangeldiýew J.* Öňüni alyş diplomatiýasy – ylalaşykly ýaşaýşa çagyryş. – Türkmenistan // 01.03.2023.

## АНАЛИЗ РЕЗУЛЬТАТОВ ПРЕВЕНТИВНОЙ ДИПЛОМАТИИ

В современном мире предотвращение напряженности в международных отношениях, разрешение конфликтов и поддержание мирных связей являются важнейшими задачами. В этом контексте превентивная дипломатия является одним из самых важных политических инструментов современности. Ее эффективность зависит от взаимного доверия между государствами, соблюдения международных правовых норм и равноправного участия в сотрудничестве. С этой точки зрения превентивная дипломатия играет ключевую роль в укреплении международной безопасности и предотвращении возникновения кризисных ситуаций. Эта дипломатия направлена не только на разрешение конфликтов после их возникновения, но и на их предотвращение, устранение причин и укрепление сотрудничества. Исходя из этого, анализируются эффективные направления превентивной дипломатии с акцентом на ее историко-политическое значение. В данном контексте подчеркиваются особенности инициатив Туркменистана и достигнутые успехи.

## ANALYZING THE RESULTS OF PREVENTIVE DIPLOMACY

In the modern world, preventing tensions in international relations, resolving conflicts, and maintaining peaceful relations are of vital importance. In this context, preventive diplomacy is one of the most crucial political tools of our time. Its effectiveness depends on mutual trust among states, respect for international legal norms, and equal participation in cooperation. From this perspective, preventive diplomacy plays a key role in strengthening international security and preventing crises. This diplomacy is not only aimed at resolving conflicts after they arise but also at preventing them, eliminating their causes, and strengthening cooperation. Based on this, the effective directions of preventive diplomacy are analyzed, emphasizing its historical and political significance. In this regard, the peculiarities of Turkmenistan’s initiatives and the achievements reached are highlighted.

# III BAP
# GÜNDOGARY ÖWRENIŞ

**Kakabaý AŞYRBERDIÝEW,**
*Gündogary öwreniş ugrunyň magistranty.*

## ÝAPONIÝANYŇ TEHNOLOGIK ÖSÜŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY

XXI asyrda jemgyýetiň ösüşinde tehnologik täzelikleriň, sanlylaşdyrmagyň we innowasiýalaryň orny örän uludyr. Çünki häzirki wagtda dünýä ykdysadyýeti, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň gurluşy hem-de medeni ösüş prosesleri täze derejä çykyp, tehnologik ösüşiň täsiri bilen çalt depginde üýtgäp durýar. Dünýäde bolup geçýän sanly öwrülişik diňe önümçiligiň däl, eýsem, jemgyýetiň düşünje, ýaşaýyş-durmuş ýörelgeleriniň hem üýtgemegine sebäp bolýar. Şol sebäpli häzirki döwürde tehnologik ösüşiň ykdysadyýetiň we jemgyýetiň ösüşine edýän täsirini öwrenmek möhüm ylmy we amaly ähmiýete eýedir. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan hem ösüşiň täze tapgyrynda sanly ykdysadyýete geçmek, innowasion jemgyýeti döretmek boýunça möhüm çäreleri amala aşyrýar. Bu babatda dünýä tejribesiniň öwrenilmegi, häzirki döwrüň tehnologik ösüşiniň aýratynlyklarynyň seljerilmegi we onuň jemgyýetçilik ösüşine täsiriniň bahalandyrylmagy döwlet strategiýasynyň üstünlikli amala aşyrylmagynda wajyp ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, global tehnologiýa ösüşiniň esasy täsirlerini aşakdaky ulgamlarda has aýdyň görmek bolýar:

**Ykdysady täsir:** Sanly ykdysadyýet, elektron söwda, maglumat platformalary we innowasiýa önümçilik ulgamlary dünýä ykdysadyýetiniň täze binýadyny döretdi. Tehnologiýa taýdan ösen döwletler halkara söwda ulgamynda öňe saýlandy, maglumat baýlyklary bolsa ykdysady güýç hökmünde peýdalanylýar.

**Syýasy täsir:** Tehnologiýalar döwletleriň täsir güýjüni artdyrýan täze syýasy gurala öwrülýär. Maglumat diplomatiýasy, sanly hyzmatdaşlyklar we maglumat arkaly diplomatik gatnaşyklary ösdürmek XXI asyryň diplomatiýasynyň esasy ýörelgeleriniň biridir.

**Howpsuzlyk täsiri:** Kiberhowpsuzlyk, maglumat goragy, maglumat hüjümleriniň öňüni alyş çäreleri halkara howpsuzlyk ulgamynyň möhüm bölegine öwrüldi. Şunuň bilen baglylykda, maglumat giňişliginde parahatçylykly gatnaşyklaryň esaslaryny işläp düzmek ugruna aýratyn üns berilýär.

**Durmuş we medeni täsir:** Sosial torlaryň, maglumat torlarynyň, onlaýn aragatnaşyklaryň giňelmegi jemgyýetiň pikirlenme we özara gatnaşygynda düýpli

üýtgeşmeleri döretdi. Maglumat torlary jemgyýetçilik pikiriniň kemala gelmeginde möhüm orny eýeledi.

**Durnukly ösüş täsiri:** «Ýaşyl tehnologiýalar» we ekologiýa taýdan arassa innowasiýalar global ösüş maksatlarynyň möhüm bölegine öwrüldi. Energiýa tygşytlaýan, arassa önümçilik ulgamyna geçmek halkara hyzmatdaşlygynyň täze ugruna öwrüldi. Netijede, tehnologiýa ösüşi halkara gatnaşyklaryň ähli ulgamyna täsir edýär [1]. Ol ykdysady ösüşiň täze ýoluny açýar, döwletleriň syýasy mümkinçiliklerini giňeldýär, global howpsuzlyk ulgamyny täzeden gurmaga itergi berýär. Şunda döwletleriň geljekki ösüş strategiýalarynda tehnologiýanyň netijeli we adalatly ulanylmagy, maglumat deňsizligine garşy göreş hem-de durnukly ösüş maksatlaryna laýyklykda halkara hyzmatdaşlygyň güýçlendirilmegi möhüm orun eýeleýär.

Bitaraplyk ýörelgelerine eýerýän döwletimiziň parahatçylyk döredijilikli orny gapma-garşylyklaryň öňüni almaga, olary diplomatik ýollar arkaly çözmäge gönükdirilen halkara başlangyçlarda öz beýanyny tapýar. Hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasyna gatnaşyp, parahatçylyk we howpsuzlyk; durnukly ösüş, ulag, energetika; ekologiýa, howa we suw; ynsanperwer hyzmatdaşlyk; halkara hukuk we Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk ýaly bäş ugur boýunça öňe sürlen wajyp başlangyçlary we teklipleri häzirki ählumumy ösüş strategiýasynyň esasynda durýan wajyp ädimlerdir. Şunda ýurdumyz döwrüň maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryna we sanlylaşdyrmak prosesine hem aýratyn ünsi çekip, bu işiň halkara gün tertibinde ileri tutulmagynyň wajyplygyny şeýle beýan edýär: «Häzirki wagtda sanly özgertmeler ösüş gün tertibiniň ileri tutulýan meseleleriniň hatarynda durýar. Bu prosesiň deňagramly häsiýete eýe bolmalydygyna, onuň ähli döwletleriň, şol sanda ösüp barýan ýurtlaryň kanuny bähbitlerini göz öňünde tutmalydygyna, syýasylaşdyrylmakdan we birtaraplylykdan azat bolmalydygyna ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan deňhukuklylyk, ynanyşmak we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň zyýanyna ulanylmagyna ýol bermezlik ýörelgelerine esaslanýan Sanly integrasiýa boýunça bütindünýä platformasyny döretmek başlangyjy bilen çykyş etmegi meýilleşdirýär» [2]. Ýurdumyzyň bu garaýşy, şol bir wagtda maglumat-tehnologiýa diplomatiýasynyň döwrebap ösdürilmeginiň wajyplygyny esaslandyrýar. Şunda dünýäde tehnologik ösüşiniň derejesi boýunça emeli intellekt, IT pudagy we innowasiýa işläp düzüjiler babatynda tapawutlanýan Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan we ýokary tehnologiýaly önümçilik, robototehnika, sanly ykdysadyýetde çalt ösüşi bilen öňdebaryjy Hytaý Halk Respublikasyndan soň Ýaponiýanyň tehnologik täzeçillikleri bilen dünýä bazarynda giňden ornaşan döwlete öwrülendigini aýratyn bellemek gerek. Çünki häzirki wagtda Ýaponiýa

dünýäniň esasy ykdysady güýçleriniň biri bolup, tehnologik we ylmy ugurlarda öňdäki orunlary eýeleýär.

Ýurduň tehnologik aýratynlyklary – IT, robotlaşdyrma, emeli aň – AI, biosenagat, täzelenýän energiýa, akylly şäherler konsepsiýasy ýaly wajyp ugurlar öň hatarda durýar. 2000-nji ýyllaryň dowamynda tehnologiýa, IT, robototehnika we innowasiýa ykdysadyýeti ýurduň ösüşiniň esasyna öwrüldi. 2020–2025-nji ýyllar aralygynda bolsa Ýaponiýa ykdysady ösüşde täze strategiýany – «Society 5.0» konsepsiýasyny durmuşa geçirýär. Bu konsepsiýa adam merkezli sanly jemgyýeti döretmek, tehnologiýany jemgyýetiň ähli ugurlaryna ornaşdyrmak maksadyny göz öňünde tutýar. Ýaponiýanyň 2021–2030-njy ýyllar aralygy üçin kabul eden «Innowasiýa Strategiýasy – 2030» maksatnamasy bolsa, ýurduň täze ykdysady we diplomatik ugruny kesgitleýär. Bu maksatnama boýunça Ýaponiýa diňe özi üçin däl-de, bütin Aziýa sebitinde tehnologik ösüşiň durnuklylygyny ileri tutýan döwlet hökmünde çykyş edýär [3].

Ýaponiýanyň tehnologik ösüş tejribesiniň dünýä üçin nusga hökmünde giňden öwrenilýändigi, şeýle ösüşiň diňe ykdysady ösüş bilen çäklenmän, eýsem, jemgyýetçilik ösüşiniň hem esasyny düzýändigi aýratyn ähmiýete eýedir. Hususanda, sanly ykdysadyýet, robototehnika, «ýaşyl» energetika we emeli aň ugrunda alnyp barylýan çäreleriň ýurduň ykdysady durnuklylygyny üpjün edýändigini aýratyn bellemek gerek. «Society 5.0» konsepsiýasy bolsa, diňe ykdysady maksat däl-de, jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň durmuş hilini ýokarlandyrmagy hem öz içine alýar. Şu nukdaýnazardan, hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň 13-nji aprelinde Ýaponiýa amala aşyran saparynyň çäklerinde uzak möhletli geljegi göz öňünde tutup, ýapon işewür toparlary bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin birnäçe anyk teklipleri beýan etdi:

**Birinjiden**, Türkmenistanyň bazarynda ýapon tehnologiýalaryny we önümlerini, aýratyn-da, olary maşyngurluşyk, elektronika, himiýa senagaty ýaly pudaklarda ornaşdyrmaga taýýardyrys.

**Ikinjiden**, biziň ýurdumyz suw tygşytlaýjy we arassalaýjy, galyndylary gaýtadan işlemek, «ýaşyl» hem-de wodorod energetikasy boýunça ösen ýapon tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga gyzyklanma bildirýär.

**Üçünjiden,** Türkmenistanda kiçi we orta ýapon kärhanalarynyň işewürligini ýöretmek, Ýaponiýada türkmen kärhanalarynyň iş alyp barmak mümkinçiligini öwrenmegi teklip etmek bilen, Türkmenistanyň bu teklipleri ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygyny, ykdysady hem-de işewürlik hyzmatdaşlygyny ynamly meýilleşdirmek üçin ýurdumyzda ähli şertleriň bardygyny beýan etdi [4].

Türkmenistanda Ýaponiýanyň gazanan ýokary tehnologiýalarynyň, döwrebap maglumat-üpjünçilik ulgamlarynyň ornaşdyrylmagy ilkinji nobatda döwletimiziň tehnologik ösüşine, dörebap dolandyrylyşyna, akylly şäherleriň, innowasion täzeçillikleriň özleşdirilmegine, durnukly we ekologik taýdan howpsuz tehnologik

jemgyýetiň kemala gelmegine zerur şertleri üpjün eder. Soňky ýyllarda Türkmenistan milli ykdysadyýetiň pudaklaryny, şol sanda elektroenergetika, nebitgaz senagaty, himiýa, gurluşyk, ulag we oba hojalygy, bilim, saglygy goraýyş ulgamlaryny işjeň döwrebaplaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, durnukly ösüşi gazanmak üçin tehniki-innowasion çemeleşmeleriň özleşdirilmegi nukdaýnazaryndan hem, Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygyň has-da berkidilmegi döwrüň wajyp talabydyr. Bu barada döwlet Baştutanymyz «Ýaponiýa biziň üçin öňdebaryjy tehnologiýalary, innowasiýalary, ykdysady we ekologiýa strategiýasyny ösdürmekde görelde bolup durýar. Ýaponiýanyň ylymda, senagatda gazanan üstünlikleri, dolandyryş ulgamynda toplan özboluşly tejribesi Türkmenistan üçin örän möhümdir. Biz innowasion senagaty kämilleşdirmäge, «ýaşyl» ykdysadyýete geçmegi çaltlandyrmaga uly üns berýäris. Şeýle hem energetikany diwersifikasiýalaşdyrmaga, milli we halkara ulag arabaglanyşygyny ösdürmäge aýratyn orun degişlidir» [5] diýip jaýdar belleýär.

Ýaponiýanyň häzirki ýokary tehnologiýa derejesi birnäçe onýyllyklaryň dowamynda toplanylan tejribe we döwlet syýasatynyň netijesidir. 1950–1980-nji ýyllar aralygynda ýurtda tehniki ösüşiň güýçli tapgyry emele geldi. Bu döwürde döwlet ylmy-barlag işlerini hem-de önümçilik bilen hyzmatdaşlygy güýçlendirdi.

1980–1990-njy ýyllarda halkara arenasynda Ýaponiýanyň tehnologiýa diplomatiýasynyň güýçlenen döwri boldy. Bu döwürde Ýaponiýa diňe önüm öndüriji däl, eýsem, innowasiýa dörediji döwlet derejesine çykdy. Ylmy-tehnologik ösüş strategiýasy üç ugurda öňe sürüldi:

1. Ylym bilen önümçiligiň integrasiýasy,
2. Maglumat tehnologiýalarynyň ösdürilmegi,
3. Energetika we ekologiýa taýdan durnukly ösüşiň üpjün edilmegi.

XX asyryň ahyryna çenli Ýaponiýa dünýäde ýokary hilli elektronika, awtomobil, robot we optiki enjamlaryň öňdebaryjy öndürijisine öwrüldi. «Sony», «Toshiba», «Canon», «Panasonic» ýaly brendler diňe bir ykdysady üstünlik däl, eýsem, dünýäde tehnologik ösüşiň nyşany hökmünde kesgitlenildi [6]. Ýaponiýanyň tehnologik ösüşiniň taryhy häzirki dünýäniň ykdysady we tehniki ösüşleri bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. XIX asyryň ortalarynda Meiji döwri bilen Ýaponiýa öz modernizasiýa syýasatyna girişdi. Bu döwürde ýurtda oba hojalykdan senagata geçiş tapgyry başlandy, daşary ýurt tehnologiýalarynyň gerimi giňedi.

Ýurduň ykdysady ösüşi innowasion işjeňligiň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar. Şol bir wagtda innowasion pikirleriň döreýşinden başlap olaryň taýýar innowasion önüm derejesinde özleşdirilmegine çenli birnäçe zerur şertleriň berjaý edilmegi işiň netijeliligini kesgitleýär.

XXI asyrda Ýaponiýanyň tehnologiýa syýasaty «Society 5.0» konsepsiýasy bilen berk baglanyşyklydyr. Bu konsepsiýanyň esasy maksady adam merkezli innowasiýa jemgyýetini döretmekden ybarat bolup durýar. «Society 5.0» konsepsiýasynyň esasy ugurlary:

– Emeli aň (AI) we robototehnika arkaly önümçiligiň awtomatlaşdyrylmagy;

– Sanly maglumatlaryň (Big Data) işlenilmegi we jemgyýetçilik hyzmatlarynda ulanylmagy;

– Kiberhowpsuzlygyň üpjün edilmegi;

– Energiýa netijeliligi we «ýaşyl» ykdysadyýet;

– Ilatyň garramagyna garşy sosial tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy.

2020–2025-nji ýyllar aralygynda Ýaponiýa bu konsepsiýany durmuşa geçirmek üçin uly maýa goýumlary amala aşyrdy. 2023-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ýurduň ylmy-barlag çykdajylarynyň derejesi jemi içerki önüminiň 3,6 göterimine deň bolup, dünýä boýunça ilkinji bäşlikde ýerleşýär [7].

Ýaponiýanyň «Society 5.0» (bäşinji jemgyýet) konsepsiýasy jemgyýetiň tehnologik integrasiýasyny utgaşdyrýan we ýurduň häzirki tehnologiýa ugruny kesgitleýän esasy strategik konsepsiýasydyr. Bu konsepsiýa 2016-njy ýylda Ylmy we tehnologik ösüş boýunça hökümet tarapyndan hödürlenip, onuň maksady– adamyň durmuşynyň ähli ugurlaryny ýokary tehnologiýalaryň üsti bilen integrasiýa etmekden ybaratdyr. «Society 5.0» konsepsiýasy şu jemgyýetleriň ewolýusiýasyna esaslanýar:

Society 1.0 – awçylyk we ýygnaýjylyk jemgyýeti;

Society 2.0 – oba hojalyk jemgyýeti;

Society 3.0 – senagat jemgyýeti;

Society 4.0 – maglumat jemgyýeti;

Society 5.0 – ýokary akylly, tehnologik taýdan integrirlenen jemgyýet.

Bu konsepsiýa boýunça, maglumat tehnologiýalary diňe ykdysady taýdan däl, eýsem, sosial taýdan hem deňagramly ösüşi üpjün edýär. Başgaça aýdanyňda, tehnologik ösüş adamlaryň abadançylygyna hyzmat etmeli, olaryň ýaşaýyş hilini ýokarlandyrmaly. «Society 5.0» konsepsiýasy diňe IT ýa-da AI bilen çäklenmän, IoT (Internet of Things), Big Data, robototehnika, kyn emeli intellekt we blokçeýn ýaly täze ulgamlary hem birleşdirýändigi bilen tapawutlanýar [8].

Ýaponiýanyň tehnologik üstünligi bolan robototehnika tejribesi .

Ýaponiýa dünýäde robot öndürmek boýunça ilkinji orny eýeleýär. Munuň şeýledigini Robotlar boýunça Halkara Federasiýasynyň (IFR – International Federation of Robotics) mynasyp agzasy hökmünde Ýaponiýanyň 2024-nji ýylda senagat robotlarynyň eksport möçberiniň dünýäniň umumy eksportynyň 40 göterimini düzendigi baradaky hasabaty doly tassyklaýar [9]. Bu Federasiýanyň döredilen ýyllaryndan bäri ilkinji agzalarynyň biri hökmünde Ýaponiýa «Fanuc», «Yaskawa», «Kawasaki», «Mitsubishi», «Denso» ýaly dünýä belli kompaniýalary arkaly robot öndürijiligi boýunça dünýäde ilkinji orunda durýar. Bu kompaniýalaryň üstünlikleriniň esasy sebäbi – bar bolan Günbatar tehnologiýalaryny diňe göçürmek däl-de, olary ýerli şertlere laýyklykda kämilleşdirmekden ybaratdyr.

Tehnologik ösüşiň netijesinde Ýaponiýa 1970-nji ýyllarda dünýäniň esasy elektronika we awto senagat merkezi hökmünde tanaldy. Bu döwürde ýapon tehnikasy dünýä bazarynda «hil» we «ynamlylyk» düşünjeleri bilen baglanyşdyrylyp başlandy. Olar hususan-da:

**Fanuc Corporation** – önümçilik robotlarynyň öňdebaryjysy hökmünde tanalýar;

**SoftBank Robotics** – hyzmat robotlaryny öndürýär (mysal: «Pepper» roboty);

**Yaskawa Electric** – senagat awtomatlaşdyrmasynda şeýle hem «Kawasaki», «Honda», «Toyota», «Mitsubishi Electric» ýaly dünýä belli brendler dürli ugurlarda robot senagaty babatynda giňden tanalýar.

**Maglumat tehnologiýalary we sanly ykdysadyýet** häzirki döwürde Ýaponiýanyň ykdysadyýetiniň möhüm ugruny maglumat tehnologiýalary (IT) düzýär. Ýurduň IT infrastrukturasynyň ösmegi birnäçe esasy ugurlarda jemlenýär:

5G we 6G aragatnaşyk ulgamlarynyň ösdürilmegi – bu ulgamdaky öňdebaryjy kompaniýalar: NTT Docomo, KDDI, SoftBank;

Bulut maglumat ulgamlarynyň giňeldilmegi – döwletiň elektron dolandyryş strategiýasy bilen baglanyşykly;

Kiberhowpsuzlyk ulgamynyň güýçlendirilmegi;

Emeli aň ulgamynda döwlet derejesindäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegi.

2021-nji ýylda döredilen Ýaponiýanyň Sanly agentligi (Digital Agency) ýurduň ähli döwlet hyzmatlaryny sanly platformalara geçirmek wezipesini ýerine ýetirýär. Bu bolsa ykdysady netijeliligi hem-de jemgyýetçilik hyzmatlarynyň elýeterliligini ýokarlandyrýar.

**Ýaponiýanyň akylly şäherler «smart cities» konsepsiýasy.**

Ýaponiýa dünýäde «akylly şäherler» taslamalary boýunça öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. Bu taslamalaryň maksady – şäher infrastrukturasyny, ulag ulgamyny, energiýa üpjünçiligini we jemgyýetçilik hyzmatlaryny sanly tehnologiýa bilen dolandyrmakdyr. «Smart City Tokio», «Kashiwa-no-ha Smart City» we «Fukuoka Green City» ýaly taslamalar döwletiň innowasiýa strategiýasynyň esasy bölegini düzmek bilen, öňdebaryjy innowasion çemeleşmeleriniň durmuşda özleşdirilmegi bilen tapawutlanýar.

2024-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Ýaponiýanyň şäherleriniň 40 göterimin-de «akylly» ulgamlaryň käbir görnüşleri ýa-da uçarman taslamalary bar. Bu ugur ýurtda infrastruktura innowasiýasynyň möhüm bölegi hökmünde kabul edilýär. Bu taslama arkaly paýtagtda energiýa tygşytlaýjy ulgamlar, sanly jemgyýetçilik hyzmatlary we awtonom ulaglar üpjün edilýär.

**Energetika we «ýaşyl» ösüş babatynda** Ýaponiýanyň energetika syýasaty 2011-nji ýyldan soň düýpli üýtgedildi. Hökümet ýurduň energetika ulgamyny «ýaşyl» energiýa çeşmelerine geçirmäge gönükdirdi. 2020–2025-nji ýyllar aralygynda Gün we ýel energiýasy boýunça täze stansiýalar gurlup, ýurduň

umumy energiýa balansynda täzelenýän çeşmeleriň paýy 25 göterime golaýlady. Tehnologiýa taýdan bu ugur «ýaşyl ykdysadyýet» strategiýasynyň bölegi bolup, täze energiýa saklaýjy ulgamlaryň, wodorod energetikasynyň, energiýa tygşytlaýjy önümçilik ulgamlarynyň we ekologiýa taýdan howpsuz önümçiligiň ösdürilmegine gönükdirilýär, bu ugurlarda maýa goýumlar goldanylýar. Netijede, 2024-nji ýylda Ýaponiýanyň energetika çykdajylarynyň 30 göterimi gaýtadan dikeldilýän çeşmelere gönükdirilip, onuň hasabyna düşýän san 2018-nji ýyldaky görkezijiden 2 esse ýokary bolup durýar [10].

Umuman, geçirilen seljermäniň netijesinde häzirki döwürde Ýaponiýanyň tehnologik ösüşiniň esasy aýratynlyklaryny jemläp alanymyzda, olary tehnologiýa ösüşiniň döwlet derejesinde strategik taýdan dolandyrylmagy; ylmy-barlaglara goýulýan maýanyň ýokary derejesi; hususy pudagyň innowasiýalara giňden gatnaşmagy; robototehnika we emeli aň ulgamynda dünýäde öňdeligi; bilim ulgamynyň ýokary tehnologik ugruň talaplaryna laýyk bolmagy; «Society 5.0» konsepsiýasynyň durmuşy ösüş bilen baglanyşdyrylmagy hem-de halkara hyzmatdaşlygyň giň geriminiň bolmagy ýaly ýagdaýlarda öz beýanyny tapýar.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji mejlisinde eden çykyşy. – Türkmenistan // 25.09.2025.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýanyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşygyndaky çykyşy. – Türkmenistan // 16.04.2025.
3. Türkmenistan // 16.04.2025.
4. OECD. The Future of Artificial Intelligence and Global Governance. – Paris, 2022.
5. Japan Ministry of Economy, Trade and Industry (METI). Annual Economic Report 2024. – Tokyo, 2025.
6. *Saito, T.* Digital Transformation in Japan: Challenges and Opportunities. –University of Tokyo Press, 2023.
7. OECD Economics Survaves: Japan 2024.
8. Japan: OECD Economic Outlook, Volume 2025 Issue 1.
9. ifr.org
10. meti.go.jp


## ОСОБЕННОСТИ ТЕХНОЛОГИЧЕСКОГО РАЗВИТИЯ ЯПОНИИ

В статье утверждается, что будущее развитие японской экономики обеспечивается скоординированным образом с технологиями. В XXI веке технологии являются не только ключевым направлением экономического развития, но и средством дипломатического воздействия. Развитые страны

мира развивают технологическую дипломатию как отдельное направление своей внешней политики, а Япония является одной из ведущих стран в этой области, используя технологии не только для производства, но и для международного сотрудничества и глобального влияния. В статье анализируется стратегическая роль международного технологического сотрудничества. В этой связи утверждается, что такие области как цифровая экономика, искусственный интеллект, информационная безопасность, квантовые технологии и робототехника являются основными условиями, влияющими на политический баланс мира. По этой причине утверждается, что текущие технологические стратегии Японии направлены не только на внутреннее экономическое развитие, но и на укрепление ее позиций в международных отношениях.

## FEATURES OF JAPAN’S TECHNOLOGICAL DEVELOPMENT

The article argues that the future development of the Japanese economy is ensured in a coordinated manner with technology. In the 21st century, technology is not only a key direction for economic development, but also a means of diplomatic influence, developed countries of the world are developing technological diplomacy as a separate direction in their foreign policies, and Japan is one of the leading countries in this field, using technology not only for production, but also for international cooperation and global influence, and its strategic role is analyzed. In this regard, it is stated that areas such as the digital economy, artificial intelligence, information security, quantum technologies and robotics are the main conditions affecting the political balance of the world. For this reason, it is argued that Japan’s current technological strategies are aimed not only at domestic economic development, but also at strengthening its position in international relations.

**Atamyrat BEKÇIÝEW,**
*Gündogary öwreniş ugrunyň magistranty.*

## ÝAPON DIPLOMATIÝASYNA MILLI DÄPLERIŇ TÄSIRI (NAZARY WE AMALY NUKDAÝNAZARDAN)

Häzirki zaman şertlerinde Ýaponiýa diplomatik gatnaşyklarynda diňe ykdysady we syýasy bähbitleri däl, eýsem, milli däplerini, ahlak ýörelgelerini, estetikasyny hem-de jemgyýetçilik medeniýetini hem işjeň ulanýar. Bu ýagdaý ýurduň daşary syýasatynyň aýratynlygyny we üstünlikli derejesini kesgitleýär. Ýaponiýanyň taryhynda Günbatar ýurtlary bilen täze gatnaşyklary ýola goýmak zerurlygy ýurduň diplomatik ulgamyny düýpli özgertmäge mejbur etdi. Emma bu döwürde Ýaponiýa

Günbatar tejribesini gönümel alman, öz milli däpleriniň we ruhy gymmatlyklarynyň esasynda täzelemegi başardy. Meiji döwründen başlap, ýapon diplomatiýasynyň ýörelgeleri «modernizasiýa» bilen birlikde «millilik» düşünjesiniň utgaşmasyna daýanýar [1].

Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň diňe bir döwletimiz üçin däl-de, eýsem, tutuş adamzat parahatçylygynyň we ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilendigi babatdaky garaýyş Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynda eden çykyşynda: «Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet hökmünde öz jogapkärçiligine düşünip, hyzmatdaşlyk, özara düşünişmek ýagdaýyny, ählumumy hem-de sebit derejesinde durnukly ösüşi üpjün etmäge ukyply esasy we kesgitleýji şert hökmünde özara hormat goýmak dialogyny döretmäge gönükdirilen anyk çäreleri mundan beýläk-de amala aşyrmaga taýýardyr. Häzirki wagtda bu wezipeleri ilerletmekde we ýerine ýetirmekde iň netijeli gurallaryň biriniň bitaraplyk ýörelgeleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilmelidigine berk ynanýarys» [3] diýlip beýan edilýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda alnyp barylýan daşary syýasy strategiýamyzda dünýäniň ähli döwletleri, şol sanda Aziýa–Ýuwaş umman sebitiniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyň biri bolan Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ilerletmäge uly ähmiýet berilýär. Çünki Ýaponiýa gadymy medeniýeti, ýokary tehnologik we ykdysady ösüşi bilen dünýäde tanalýan ýurtlaryň biridir. Ikinji jahan urşy döwründe Ýaponiýa agyr harby we ykdysady ýitgilere sezewar boldy, ýurduň ykdysadyýeti doly weýran boldy, millionlarça adam ýaşaýyş serişdelerinden mahrum galdy. Şol ýagdaýdan soň hem Ýaponiýanyň özüni täzeden dikeltmegi, ykdysady taýdan dünýäde öňdebaryjy, tehnologik döwletleriň birine öwrülmegi döwlet dolandyryş we ykdysady galkynyş nukdaýnazaryndan ösüşiň örän täsirli nusgasy hökmünde giňden öwrenilýär [4].

Tebigy serişdeleriň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistan ýapon tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bu baýlyklary has netijeli peýdalanmaga çalyşýar. Soňky ýyllarda Türkmenistan milli ykdysadyýetiň pudaklaryny, şol sanda elektroenergetika, nebitgaz senagaty, himiýa, gurluşyk, ulag we oba hojalygy pudaklaryny işjeň döwrebaplaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda durnukly ösüşi gazanmak üçin tehniki-innowasion çemeleşmeleriň özleşdirilmegi, Ýaponiýa ýaly öňdebaryjy ýurtlar bilen hyzmatdaşlygyň berkidilmegi döwrüň wajyp talaby hökmünde öňe çykýar.

Türkmenistanyň Ýaponiýa bilen gatnaşyklary uzak möhletleýin strategik häsiýete eýe bolup, deňhukuklylyk, özara hormat goýmak, ynanyşmak ýörelgeleri esasynda alnyp barylýar. Häzirki wagtda türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda okgunly ösdürilýär. Türkmenistan hem-de Ýaponiýa abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň çäklerinde, «Merkezi Aziýa–Ýaponiýa» formatynda üstünlikli hyzmatdaşlyk

edýär. Ýaponiýa ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlaryny yzygiderli goldaýar.

Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylda ýola goýuldy. 2005-nji ýylda Aşgabatda Ýaponiýanyň Ilçihanasy, 2013-nji ýylda bolsa, türkmen döwletiniň Ilçihanasy Tokioda açyldy. Iki ýurduň daşary syýasy edaralarynyň arasynda syýasy geňeşmeler, ykdysadyýet we tehnologiýa babatda ikitaraplaýyn iş duşuşyklary yzygiderli geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň 2009-njy, 2013-nji, 2015-nji, 2019-njy we 2022-nji ýyllarda Ýaponiýa döwletine amala aşyran saparlarynyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga we özara gatnaşyklary mazmun taýdan baýlaşdyrmaga uly ähmiýet berilýändigini subut edýär. 2025-nji ýylyň 13-nji aprelinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýa amala aşyran saparynyň netijeleri boýunça resminamalaryň giň toplumyna gol çekilmegi hem özara bähbitli hyzmatdaşlygyň durnukly ösüşini beýan edýär. Hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň 15-nji aprelinde Ýaponiýanyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşygyndaky çykyşynda: «Ýaponiýa biziň üçin öňdebaryjy tehnologiýalary, innowasiýalary, ykdysady we ekologiýa strategiýasyny ösdürmekde görelde bolup durýar. Ýaponiýanyň ylymda, senagatda gazanan üstünlikleri, dolandyryş ulgamynda toplan özboluşly tejribesi Türkmenistan üçin örän möhümdir. Biz innowasion senagaty kämilleşdirmäge, «ýaşyl» ykdysadyýete geçmegi çaltlandyrmaga uly üns berýäris. Şeýle hem energetikany diwersifikasiýalaşdyrmaga, milli we halkara ulag arabaglanyşygyny ösdürmäge aýratyn orun degişlidir» diýip nygtamak bilen, Türkmenistanyň hyzmatdaşlygyň ileri tutýan strategik ugurlaryny beýan etdi [5].

Häzirki zaman şertlerinde Ýaponiýanyň halkara gatnaşyklarynda ynamdar hyzmatdaş hökmünde çykyş etmegi we bu ornuny milli ykdysady hem-de tehnologik ösüş nusgasy bilen barha berkitmeginiň taryhdan gelýän medeni aýratynlyklary, özboluşly edep we ahlak kadalary şeýle hem jemgyýetçilik düzgün-tertibiniň gadymy kökleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny bellemek gerek. Her bir halkyň taryhdan gözbaş alyp gaýdýan ahlak-etiki gymmatlyklaryny, edim-gylymlaryny, diplomatiýasyny öwrenmek şol halkyň ruhy dünýäsine aralaşmakda, olar bilen netijeli gatnaşyklary alyp barmakda iň ähmiýetli serişde bolup hyzmat edýär. Şunuň bilen baglylykda «Ýapon diplomatiýasyna milli däpleriň täsiri» temasynyň ylmy esasda seljerilmegi hem syýasy diplomatiýa, milli medeniýet we halkara gatnaşyklaryň özara baglanyşygyny ýüze çykarýan möhüm meseleleri öwrenmekde ähmiýetlidir.

Bu medeni dereje diňe jemgyýetçilik gatnaşyklarynda däl, eýsem, ýurduň diplomatik däplerinde hem öz beýanyny tapýar. Ýaponiýanyň diplomatik ulgamy, gadymy «Reigi» (礼儀 – edep) we «Chitsujo» (秩序 – tertip) ýörelgelerine esaslanmak bilen, häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda aýratyn nusga hökmünde çykyş edýär. Ýapon diplomatik gullugynyň ösüşi jemgyýetde bar bolan hormat,

agzybirlik, jogapkärçilik we durnuklylygyň jemgyýetçilik gymmatlyklary bilen utgaşyp, ýurduň daşary syýasatynyň medeni esasyny düzýär.

Ýaponiýanyň häzirki zaman diplomatik ulgamynyň emele gelşi XIX asyryň ahyrlaryndaky Meiji döwri bilen baglydyr. Bu döwürde «Günüň dogýan ýurdy» ýapyk döwletlik syýasatyndan ýüz öwrüp, Günbatar döwletleriniň halkara kadalaryny öwrenmäge başlady. Şol döwürden bäri ýapon diplomatiýasy iki esasy ýörelgä daýanýar: milli medeniýetiň hem-de edebiýatyň goralmagy we halkara gatnaşyklarynda medeni hormatyň saklanylmagy [6]. Şu nukdaýnazardan, ýurduň halkara gatnaşyklarynyň mazmunyndan eriş-argaç bolup geçýän milli däp-dessurlar, ýurduň milliligi şöhlelendirýän döwlet gullugy we diplomatiýasy halkara gatnaşyklarynyň nazaryýetde hem-de tejribesinde diplomatik protokolyň wajyp şertleriniň hatarynda aýratyn gyzyklanma döredýär. Çünki olar resmi çärelerde, döwlet protokol kadalarynda zerur hasaplanylýan sabyrlylyk, hoşamaýlyk ýörelegeleriniň, edep kadalarynyň aýdyň nusgasyny görkezýär.

Häzirki zaman etiketi ähli halklaryň gadymy döwürlerden biziň günlerimize çenli gelip ýeten iň oňat ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny özünde jemleýär. Özüňi alyp barmagyň bu düzgüni diňe bir anyk jemgyýetiň wekillerine däl, eýsem, bütin dünýäde bar bolan dürli durmuş-syýasy we ykdysady ulgamlaryň wekillerine hem degişli bolup durýar. Dürli medeniýetlere, däp-dessurlara eýe bolan ýurtlaryň, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ösmegi daşary ýurt döwletleriniň wekilleri bilen resmi we resmi däl gatnaşyklary saklamak üçin özüňi alyp barmagyň umumy düzgünlerini, kadalaryny işläp düzmegi talap edýär. Şoňa görä-de milli medeniýet, däp-dessur aýratynlyklary nazara alnyp düzülen bu düzgün-kadalar islendik ýurduň etiket we diplomatiýa tejribesiniň esasy bolup durýar [7]. Şeýlelikde, Ýaponiýanyň halkara guramalardaky we ykdysady hyzmatdaşlykda milli däplere eýermegi ýurt üçin ygtybarlylyk we ynam gazanmagyna sebäp bolýar. Milli däpleriň diplomatik ulgamda ornaşdyrylyşyny aşakdaky ugurlarda görmek bolýar:

**Protokol we resmi aragatnaşykda milli däpleriň täsiri.** Ýapon diplomatiýasynyň esasy aýratynlyklaryndan biri protokol düzgünleriniň milli däplere esaslanmagydyr. Resmi duşuşyklarda baş egmek (ojigi) hormaty, parahatçylykly niýeti we deňhukukly gatnaşygy görkezýär; sowgat bermek däbi (omiyage) gatnaşyklaryň ynamly we dostlukly häsiýetini pugtalandyrmagyň nyşanydyr; sessiýa we gepleşikleriň gurluşy garşy tarapyň pikirine uly üns berlip, gürrüňde ýumşak we diplomatik çemeleşme ulanylýar.

**Diplomatiýada däp-dessurlar we estetika.** Ýapon medeniýetiniň estetiki ýörelgeleri bolan sadalyk, sazlaşyk, üns we arassa düşünje diplomatik çykyşlarda hem öz beýanyny tapýar. Diplomatlaryň gepleşiklerde ulanýan sözleýiş stili, geýim aýratynlygy we duşuşyk ýerleriniň bezegi köplenç Zen filosofiýasynyň rahatlyk we

sazlaşyk ýörelgelerine laýyklykda düzülýär. Diplomatik çärelerde ulanylýan çaý dabarasy (Sadō) bolsa, parahatçylykly gepleşikleriň atmosferasyny döredýär.

**Medeni diplomatiýa.** Milli däpleriň halkara derejesinde ýaýbaňlandyrylmagy netijesinde daşary syýasatda «ýumşak güýç» düşünjesine möhüm orun berilýär. Bu strategiýa milli däpleriň, medeni gymmatlyklaryň we sungatyň halkara gatnaşyklarynda peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar. Şunda «Sakura diplomatiýasyny» bellemek gerek. Ýaponiýanyň ýaz döwründe geçirilýän sakura (alça güli) baýramçylyklary dünýäniň köp ýurtlarynda guralýar. Bu çäreleriň maksady ýapon medeniýetiniň mylaýymlygyny, parahatçylyk we dostluk düşünjelerini dünýä jemgyýetçiligine ýetirmekdir.

Ýapon diplomatiýasynyň esasy aýratynlyklaryndan biri, onuň hormat, ylalaşyk, üns we durnuklylyk ýörelgelerine daýanmagydyr. Bu ýörelgeler ýapon jemgyýetiniň däp bolan düşünjelerinden–«wa» (sazlaşyk, agzybirlik) we «rei» (hormat, edeplilik) ýörelgelerinden gelip çykýar. Diplomatik duşuşyklarda, gepleşiklerde we halkara çärelerinde bu däpler şeýle görnüşlerde ýüze çykýar:

**Protokol medeniýeti:** Myhmanlary garşy almak, sowgat bermek, baş egmek (ojigi) ýaly däp bolan hereketler diplomatik ýagdaýlarda möhüm orun tutýar.

**Dil sowatlylygynda ýumşaklyk:** Ýapon diplomatlary gürrüňdeşlikde adaty «meniň pikirim däl-de, şeýle pikir bar…» ýaly inçe, ýumşak beýan usulyny ulanýarlar. Bu gepleşiklerde garşy tarapy kemsitmezlik üçin niýetlenendir.

**Diplomatiýada üns we sowgat:** Ýapon sowgatlary (çaý, keramika, kagyz önümleri) diňe zat däl, eýsem, milli medeniýetiň simwolydyr.

Ýaponiýa milli däplerini diplomatik strategiýa öwürmek arkaly daşary syýasaty diňe ykdysady güýç bilen däl, eýsem, «ýumşak güýç», ýagny medeni täsir arkaly hem güýçlendirýär.

**Çaý dabarasy (Sadō):** Parahatçylykly gepleşiklerde «çaý medeniýeti»gatnaşýan taraplaryň arasyndaky ynamy we rahatlygy döredýär.

**Zen filosofiýasy:** Sabyrlylyk, üns we duýgurlyk ýapon diplomatlarynyň karar kabul ediş görnüşlerine täsir edýär.

**Medeni diplomatiýa:** Ýaponiýa dünýäde öz däplerini tanatmak üçin «Sakura diplomatiýasy» (gül festiwaly arkaly dostluk), anime we gastronomiýa arkaly milli däplerini ýaýbaňlandyrýar şeýle hem «Japan House» merkezlerini, «Kawado diplomatiýasyny» (medeniýet arkaly gatnaşyklary) döredip, diplomatiýany medeniýet bilen utgaşdyrýar. Häzirki wagtda-da Ýaponiýanyň diplomatik gatnaşyklarynyň binýadyny birnäçe milli ýörelgeler düzýär.

Ýapon diplomatiýasynda edeplilik ýörelgeleri.

Ýapon diplomatik gatnaşyklarynda edep diňe bir şahsy häsiýet däl-de, döwlet derejesindäki medeni syýasatyň esasy sütüni hökmünde kabul edilýär. «Reigi» düşünjesi, ýagny edep we özüňi alyp barmak medeniýeti – diplomatik gatnaşyklarda şu aşakdaky görnüşlerde ýüze çykýar:

– Hormatlylyk (sonkei)–her gatnaşygyň başynda we soňunda baş egmek (ojigi) däbi garşydaşa bolan çuňňur hormatyň alamatydyr.

– Gepleşik medeniýeti – diplomatlar duýguly we garşydaşy ýaralap biljek çykyşlardan gaça durýarlar.

– Dymmak medeniýeti – dymmak Ýaponiýada jedel däl-de, pikirlenmegiň we garşydaşa düşünmegiň alamaty hökmünde kabul edilýär.

– Ýumşak söz ulanylyşy – göni «ýok» diýmegiň ýerine, ýapon diplomatlary «bu biraz kyn bolup biler» ýa-da «bu mesele boýunça goşmaça pikirlenmek gerek» ýaly garaýyşlary ulanýarlar. Bu ýörelgeler diplomatik gepleşiklerde garşydaş tarap bilen düşünişmek we gatnaşyklary durnukly saklamak üçin möhüm täsir döredýär.

– Düzgün-tertip we iýerarhiýa ýörelgeleri.

Ýapon jemgyýetiniň ähli gatlaklarynda bolşy ýaly, diplomatik gatnaşyklarynda hem iýerarhiýa aýratyn orun eýeleýär. Her bir işgär öz wezipesiniň çäklerinden geçmezlik, ýokary derejeli ýolbaşçylara doly hormat bildirmek, karar kabul ediş prosesinde jemleýji orunlaryň hökmürowanlygyny ykrar etmek bilen tapawutlanýar. Düzgün-tertip kadalarynyň esasy aýratynlyklary:

– Wagt tertibi: Ýaponiýada wagtynda gelmek diňe düzgün däl, eýsem, şahsy abraýyň bir bölegidir.

– Resminama medeniýeti: Diplomatlaryň hatlary, hasabatlary, çykyşlary iň ownuk grammatik we stilistik jikme-jikliklere çenli taýýarlanylýar.

– Toparlaýyn pikir alyşma (nemawashi): Karar kabul edilmezden öň ähli gatnaşyjylaryň garaýyşlary yzygiderli öwrenilýär.

– Agzybirlik ýörelgesi (wa): Diplomatik gatnaşyklarda umumy bähbidi tapmak baş maksat hasaplanýar. Ýaponiýanyň diplomatik tejribesinde möhüm ähmiýet berilýän bu ýörelgeler aýratyn nusgalyk bolup, «ýumşak güýç» hökmünde berkidilýär [8].

Ýapon jemgyýetiniň ruhy we medeni gymmatlyklarynyň merkezinde hormat goýmak, üns we agzybirlik düşünjeler durup, olaryň gündelik durmuşda we resmi gatnaşyklarda beýany hökmünde baş egmek däbi – «ojigi» giňden ulanylýar. Bu däp diňe gündelik etiketiň bir bölegi bolman, eýsem, Ýaponiýanyň diplomatik gullugynda hem möhüm aragatnaşyk serişdesi hökmünde ornaşypdyr. Ýaponiýada baş egmek däbi asyrlaryň dowamynda Zen buddizmi, samuraý etikasynyň (Bushido) we Konfusiýçilik ýörelgeleriniň täsiri astynda kemala gelipdir. Bu däp diňe bir hormat görkezmek däl, eýsem:

– edepliligi görkezmek;

– garşy tarapyň mertebesine, pikirine we ýagdaýyna üns bermek;

– jemgyýetdäki sazlaşygy (wa) saklamak maksady bilen ýerine ýetirilýär.

Diplomatlaryň aragatnaşygynda bu ýörelge halkara gatnaşyklarynyň syýasy, medeni we psihologik taraplaryna täsir edýär. Ýapon diplomatik gullugynda baş egmek diňe formal hereket däl – duýgur, medeni aragatnaşygyň bir bölegidir. Ol diplomatik çäreleriň birnäçe tapgyrynda peýdalanylýar:

– Salamlaşyk we garşylamak dabarasynda–resmi garşy almalarda, döwlet ýolbaşçylarynyň duşuşyklarynda ýa-da halkara maslahatlarda ýapon diplomatlary myhmanlary garşylanda belli derejede baş egýärler. Bu hereket bilen, garşy tarapa hormat bildirilýär, deňhukukly gatnaşygy görkezilýär we gepleşikleriň parahatçylykly atmosferasy döredilýär.

– Gepleşiklerde we resmi çykyşlarda – ýapon diplomatlary gepleşik başlananda we tamamlananda baş egmek arkaly garşy tarapyň sabyrlylygyny we gatnaşygyny üns merkezine alýarlar. Bu ýagdaý gepleşikleriň dartgynly däl, dostlukly ýagdaýda geçmegine kömek edýär.

– Diplomatik protokolda–Ýaponiýanyň daşary işler ministrliginiň resmi protokol düzgünlerinde baş egmek–«ojigi» aýratyn bellidir. Bu düzgüniň derejesi (ýönekeý, orta, çuň egiliş) dürli ýagdaýlara laýyklykda ulanylýar. Mysal üçin:

– 15° – gündelik salamlaşyk ýa-da deň derejeli gatnaşygy görkezýär;

– 30° – resmi duşuşykda ulanylýar;

– 45° – ýokary mertebeli şahslara ýa-da aýratyn hormat görkezilýän pursatlarda ulanylýar. Ýapon diplomatlarynyň baş egmek däbi daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň arasynda köplenç üns bilen garşylanýar. Bu däbiň diplomatik gatnaşyklarynda örän inçe täsiri bardyr.

Baş egmek däbiniň Günbataryň diplomatiýasy bilen baglanyşyny Günbatar diplomatiýasynda el gysyşyň ýa-da ýüzlenme sözleriniň möhüm orny eýeleýändiginde, ýapon diplomatiýasynda bolsa, bu däbiň Günbatar medeniýeti bilen sazlaşdyrylyp, köplenç baş egmek bilen el gysmagyň birleşdirilýändiginde görmek bolýar. Mysal üçin, ýapon diplomatlary daşary ýurtly ýolbaşçylar bilen duşuşanda el gysýarlar (Günbatar däbine görä) şol bir wagtyň özünde, ýeňil baş egýärler (ýapon däbine görä). Bu hereket iki medeniýetiň sazlaşygynyň, ýagny global diplomatiýada milli aýratynlygyň saklanylmagynyň nyşanydyr. Şeýlelikde, ýapon medeniýeti onuň diplomatiýasynyň netijeliligini ýokarlandyrýan güýçli serişde bolup hyzmat edýär [9].

Geçirilen ylmy seljermeler Ýaponiýanyň halkara derejesindäki üstünlikleriniň esasy sebäpleri hökmünde:

– köptaraplaýyn gatnaşyklarda durnuklylyk;

– medeni diplomatiýanyň netijeli ulanylmagy;

– uzakmöhletleýin ynam döretmek strategiýasy;

– gapma-garşylygyň öňüni alýan syýasatynyň çykyş edýändigini ýüze çykarýar. Ýapon diplomatlary köplenç halkara gatnaşyklarynda araçylyk, bitaraplyk we ynanyşmak ýörelgelerini öňe sürýärler.

Halkara hyzmatdaşlygynda salamlaşmak edebinden başlap etiketiň kadalaryndan, aýratyn hem her sebitiň ýa-da ýurduň medeniýetinden, ugur alynmagy wajypdyr. Munuň özi, şol ýurda aýratyn hormat goýulýandygyny aňladýar. Elbetde, her ýurtda salamlaşmak edebi hem dürli-dürlüdir. Ýaponlar salamlaşylanda şah-

syýetara giňişligiň bozulmazlygy üçin ýakyn aralyk-tejribesinden ugur alýarlar. Ýapon medeniýeti işewür we halkara gatnaşyklarynyň etik tarapyna çynlakaý çemeleşýär. Çünki bu halkyň edep-etiket düşünjesi örän inçe bolup, hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklarda aýratyn ünslüligi talap edýär. Muňa mysal edip, Ýaponiýada «4» sanyň şowsuzlyk bilen baglanyşyklydygyny bilmek zerurdyr we olara sowga etmek tejribesinde dört predmetden durýan sowgady etmek bolmaýar. Sowgat etmek hyzmatdaşlara bolan çuň hormatyňy beýan etmegiň, geljekde hem hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyňy görkezmegiň iň gowy usulydyr. Aýratyn hem Gündogar we Aziýa ýurtlarynyň wekilleri sowgada uly ähmiýet berýärler. Etiket kadalaryna laýyklykda, birinji duşuşyk wagtynda kabul edýän tarapyň wekilleri sowgat edýärler. Şunuň bilen baglylykda, sowgadyň derejeler boýunça (subordinasiýa) berilýändigine aýratyn üns bermek gerek. Eger-de, ýolbaşça we ýönekeý döwlet gullukçylaryna birmeňzeş sowgat edilse, onuň etiket kadalarynyň bilinmeýändigi, has ýiti ýagdaýynda bolsa äsgermezçilik hökmünde hem kabul edilip bilner [10]. Bular ýaly ýagdaýda Aziýa ýurtlarynyň wekilleri şol sanda, ýaponlar hem sylanyşygyň bozulmagyny örän ýokuş görýärler.

Umuman, Ýaponiýanyň diplomatik tejribesi milli däpleriniň halkara gatnaşyklarynda üstünlikli ornaşdyrylmagynyň iň görnükli mysallarynyň biridir. Bu tejribe diplomatiýanyň diňe syýasy däl-de, medeni-ahlak işidigini, milli däpleriň döwletleriň halkara abraýyny pugtalandyrýan ýumşak güýç bolup hyzmat edýändigini görkezýär. Ýaponiýanyň mysalynda bolsa, hakyky diplomatiýanyň diňe güýç bilen däl-de, edeplilik, tertip, ynam we ýokary jogapkärçilik duýgusy arkaly üstünlik gazanylýandygyny görmek bolýar. Şol bir wagtda däp bilen döwrebaplygyň sazlaşygynyň diplomatik üstünlikleriň açary bolup çykyş edýändigini tassyklaýar.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji mejlisinde eden çykyşy. Türkmenistan // 25.09.2025.

2. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýanyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşygyndaky çykyşy. Türkmenistan // 16.04.2024.

3. Türkmenistan // 24.03.2025.

4. *Geldymuhammedowa O. we başg.* Halkara etiketi we diplomatiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2019.

5. *Dower J. W.* Embracing Defeat: Japan in the Wake of World War II. – New York: Norton, 1999.

6. *Jansen M.* The Making of Modern Japan. – Harvard University Press, 2000.

7. *Gordon A.* A Modern History of Japan: From Tokugawa Times to the Present. – Oxford University Press, 2013.

8. *Akihiro Tanaka.* Japan’s Diplomatic Style and Cultural Identity. – Tokyo University Press, 2019.

9. Ministry of Foreign Affairs of Japan (MOFA). Japan's Cultural Diplomacy Strategies, 2023.
10. *Nye J. S.* Soft Power: The Means to Success in World Politics. – Public Affairs, 2004.

## ВЛИЯНИЕ НАЦИОНАЛЬНЫХ ТРАДИЦИЙ НА ЯПОНСКУЮ ДИПЛОМАТИЮ (ТЕОРЕТИЧЕСКИЙ И ПРАКТИЧЕСКИЙ АСПЕКТЫ)

В статье анализируются особенности национальных традиций Японии и роль туркменского нейтралитета в обеспечении глобального мира и развития в современных условиях. Показывается, что правила этикета и дисциплины в японских дипломатических отношениях являются ключевым фактором успеха не только общественной культуре, но и международной политике государства. В этой системе принципы этикета, порядка и единства усиливают мощь культурной дипломатии и создают условия для сохранения стабильной репутации Японии на международной арене. В результате доказывается, что истинная дипломатия достигается не только силой, но и культурными связями, этикетом, порядком и доверием.

## THE INFLUENCE OF NATIONAL TRADITIONS ON JAPANESE DIPLOMACY (THEORETICAL AND PRACTICAL ASPECTS)

The article analyzes the peculiarities of Japan's national traditions and the role of Turkmen Neutrality in ensuring global peace and development in modern conditions. It is shown that the rules of etiquette and discipline in Japanese diplomatic relations are a key factor in the success of not only public culture, but also the state's international policy. In this system, the principles of etiquette, order, and unity increase the power of cultural diplomacy and create conditions for the continuation of Japan's stable reputation in the international arena. As a result, it is proved that true diplomacy is achieved not only through force, but also through cultural connection, etiquette, order, and trust.

**Mähri DURDYMYRADOWA,**
*Gündogary öwreniş ugrunyň magistranty.*

# KOREÝA RESPUBLIKASYNYŇ MEDENI DIPLOMATIÝASYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda Aziýa–Ýuwaş ummany sebitindäki iri hyzmatdaşlaryň biri bolup durýan Koreýa Respublikasy bilen ýurdumyzyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Şondan bäri geçen döwrüň içinde deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ösdürilýär we işjeňleşýär. Iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn görnüşde, şeýle-de halkara guramalarynyň çäklerinde hem giň gerime eýe bolýar. 2007-nji ýylda Aşgabatda Koreýanyň, 2013-nji ýylda bolsa Seulda Türkmenistanyň ilçihanalarynyň açylmagy iki dostlukly döwletiň diplomatik gatnaşyklarynyň taryhynda möhüm ädimleriň biri boldy. Türkmenistan döwletimiz Koreýa Respublikasy bilen gatnaşyklara uly ähmiýet berip, ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, ýokary tehnologiýaly senagat, ulag-aragatnaşyk, ylym we medeniýet, sport ýaly ugurlar boýunça netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini üns merkezinde saklaýar.

2022-nji ýylyň 29-njy noýabrynda Seul şäherinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda türkmen wekiliýeti Koreýa Respublikasynyň «KEXIM» eksport-import banky, «K-SURE» Koreýa söwda ätiýaçlandyryş korporasiýasy, «Hyundai Engineering», «Hyundai Corporation», «LX International Corp.», «Omnisystem Co Ltd», Koreýa Respublikasynyň Deňiz enjamlary ylmy-barlag instituty, (KOMERI), «BS Medical», «Chungdo Pharm.», «Yuwonmeditech», «Olive Union», hem-de «Poonglim Pharmatech» lukmançylyk enjamlary öndürýän kompaniýalary, «SK Telecom» Koreýa Respublikasynyň telekommunikasiýa kompaniýasy, şeýle hem «LS Cable & System», «LG CNS», «STEALIEN», «ROVIGOS» ýaly kompaniýalaryň ýolbaşçylary hem-de wekilleri bilen duşuşyklar geçirildi [3]. Ýeri gelende bellesek, döwletimize «Hyundai Motor Company» zawodynda öndürilen «Hyundai» kysymly awtobuslar yzygiderli getirilýär. Şeýle-de, Koreýanyň «LG», «Samsung», «Daewoo» kompaniýalary «Awaza» mili syýahatçylyk zolagyndaky taslamalarda işjeňlik görkezdi.

Iki ýurduň arasynda ylym we bilim, medeniýet, syýahatçylyk babatda gatnaşyklar barha ösdürilýär. Dostlukly ýurduň alymlary, döredijilik wekilleri ýurdumyzda geçirilýän halkara forumlaryň we festiwallaryň işine yzygiderli gatnaşýarlar. 2014-nji ýylyň aprel aýynda Koreýa Respublikasynyň Seul şäherinde Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygyna bagyşlanan ylmy konferensiýa geçirildi. Aşgabatda şanly sene mynasybetli şahyryň goşgular ýygyndysynyň koreý dilinde neşir edilen kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasynyň geçirilmegi baýramçylyk çäreleriniň özboluşly dowamyna öwrüldi.

2023-nji ýylyň 3–5-nji noýabrynda Aşgabatda Koreýanyň Medeniýet hepdeligi geçirildi. Koreýa Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky sazly drama teatrynda aýdym-sazly konsert geçirildi. Koreýa Respublikasynyň «ONDO» topary meşhur K-Pop aýdymlary bilen birlikde, dürli koreý aýdymlaryny ýerine ýetirdiler. Bu çärä diplomatik korpusyň, halkara guramalaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, koreý medeniýetiniň köp sanly muşdaklary we paýtagtymyzyň myhmanlary gatnaşdylar.

«Koreý tolkuny» ýa-da «Hallýu» – bu Koreýa Respublikasynyň medeniýetiniň tutuş dünýäde güýçli ýaýramagyna we meşhurlygynyň artmagyna berilýän atdyr. Bu söz «Koreý» we «Tolkun» diýen manylary aňladýar.

«Koreý tolkuny» ýa-da «Hallýu» 1990-njy ýyllardan bäri Koreýa Respublikasynyň meşhur medeniýetine bolan global gyzyklanmanyň çalt ýokarlanýandygynyň alamatydyr. Bu tolkun K-Pop, K-dramalar we filmler arkaly öňe sürüldi. Onuň esasy üstünliklerine K-Pop toparlary – BTS we Blackpink, Oskar baýragyny alan «Parazit» filmi (2019) we «Kalmaryň Oýny» (Squid Game) atly teleserial (2021) degişlidir. Koreý tolkuny ýumşak güýç (soft power) hökmünde ykrar edildi we Koreýa Respublikasy üçin eksport hem-de syýahatçylyk arkaly girdeji döredýän möhüm ykdysady baha (gymmatlyk) bolup durýar.

1990-njy ýyllaryň ahyrynda sputnik (hemra) mediasynyň ýaýramagy K-dramalaryň we Koreý kinosynyň Gündogar Aziýa we Günorta-Gündogar Aziýanyň käbir böleklerine ýaýramagyna ýardam berdi. Hytaýly žurnalistler 1999-njy ýylda «Koreý tolkuny» atly adalgany döretdiler. 2000-nji ýyllaryň dowamynda «hallýu» global hadysa öwrüldi we Günorta-Gündogar Aziýanyň galan böleklerine, Günorta Aziýa, Ýakyn Gündogara we Gündogar Ýewropa çalt ýaýrady. Sosial medianyň we internetiň döremegi Koreý medeniýetini daşary ýurtly tomaşaçylara ýetirmäge we Koreýa Respublikasynyň hökümetiniň goldawyny almaga kömek etdi.

«Hallýu» adalgasy «hal» we «lýu» sözlerinden gelip çykyp, «hal» – «koreý» diýmegi, «lýu» – «akym», «tolkun» diýmegi aňladýar [4]. 1999-njy ýylyň 19-njy noýabrynda «Beijing Youth Daily» atly gazet Hytaýly tomaşaçylaryň Koreý telewideniýe dramalaryna we pop aýdymlaryna bolan höwesini beýan edýän makalada «Koreý tolkuny» adalgasynyň ilkinji gezek ulanylandygyny neşir etdi. Şol wagt ulanylan beýleki adalgalaryň arasynda «Koreý joşguny», «Koreý gyzgynlygy» we «Koreý şemaly» ýaly adalgalar bardy. Hytaýda bu hadysany ýurtda bolan guş dümewi pandemiýasyna meňzedilip «Han ysytmasy» adalgasy hem ulanyldy. Bu adalga, aýratyn-da, Ýaponiýada uly üstünlik gazanan romantik K-drama – «Gyş sonatasy» (Winter Sonata) görkezilenden soň giňden ulanylyp başlandy.

Hallýu harby dolandyryş gutarandan we meşhur medeniýet senagaty liberallaşdyrylandan soň, 1990-njy ýyllardan bäri Koreýa Respublikasynyň medeniýetiniň halkara derejesinde ýaýramagyny aňladýar. Bu adalga, esasan, Koreý telewideniýesiniň, pop aýdym-sazynyň, filmleriniň we modasynyň ýaýramagyny

aňladýar, ýöne ol animasion filmleri, wideo oýunlary, tehnologiýany, edebiýaty, kosmetikany we naharlary hem öz içine alyp biler. 1990-njy ýyllaryň ahyryndan 2000-nji ýyllaryň başyna çenli bolan hallýunyň birinji nesli diňe Aziýa bilen çäklenip, bu yklymda Koreý dramalarynyň we filmleriniň meşhurlygyny aňladýardy. «Ikinji nesil» ýa-da «hallýu 2» bolsa, esasan, «YouTube» ýaly onlaýn platformalarda ýaýradylan K-popyň meşhurlygy bilen güýçlendi. 2021-nji ýylda «hallýu» we «Korean Wave» (Koreý tolkuny) adalgalary Oksford iňlis dili sözlügine goşuldy.

Pak Çun Hiniň harby diktaturasy döwründe Günorta Koreýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hökümetiň barha artýan gözegçiligine we senzurasyna sezewar bolsa-da, çalt ösüş prosesinden geçdi. Pakyň ösüş meýilnamalarynyň bir bölegi hökmünde, ilkinji täjirçilik radio we telewideniýe stansiýalary 1960-njy ýyllaryň başynda açyldy we olar Ýaýlym Etikasy Komitetiniň berk senzurasy astynda boldular. Bu gysga wagtlyk erkinlik 1972-nji ýylda Pak öz ygtyýarlyklaryny giňeldýän we hakyky diktatorlyk düzgünini kanunlaşdyrýan Ýuşin Konstitusiýasyny kabul edende tamamlandy. Ýuşin Konstitusiýasynyň kabul edilmegi Pakyň «daşary ýurtlardan gelýän çüýrän medeniýetiň» täsiri diýip atlandyran zatlaryna garşy Koreýa Respublikasynyň medeniýetine giň gerimli ýowuz çäreleriň görülmegine getirdi. Pak aradan çykandan soň, şeýle-de 1979-njy ýylyň 12-nji dekabryndaky döwlet agdarylyşygyndan soň Çun Du Hwanyň harby düzgüni netijesinde köpçülikleýin habar beriş serişdelerine goşmaça çäklendirmeler girizildi. 1980-nji ýylda Çun ähli 29 sany hususy ýaýlymçyny döwlete degişli Koreýa Ýaýlym Ulgamyna (KBS) we Munhwa Ýaýlym Korporasiýasyna (MBC) birleşmäge mejbur etdi we şeýlelikde döwlet tarapyndan dolandyrylýan media monopoliýasy döredi.

Koreýa Respublikasynda dekolonizasiýa prosesiniň bir bölegi hökmünde, ähli Ýapon mediasynyň önümleriniň importy 1945-nji ýylda gadagan edildi. Muňa garamazdan, Ýapon mediasy Koreýa Respublikasynda giňden ýaýradyldy we bikanun köpeldildi. 1998-nji ýylda Ýaponiýa–Koreýa Respublikasy Bilelikdäki Jarnamasyna gol çekilmegi bu gadaganlygy ýatyrdy we ol 1998-nji we 2004-nji ýyllar aralygynda dört tapgyrda kem-kemden aýryldy. Koreýa Respublikasynyň medeniýetini goramak maksady bilen, býujetiň uly bölegi Medeniýet ministrligine berildi, bu bolsa ýurt boýunça ýokary okuw mekdeplerinde ýüzlerçe medeniýet bölümleriniň döredilmegine mümkinçilik berdi. Ministrlik 2012-nji ýylda bahasyny 83,2 milliard ABŞ dollary diýip çaklan hallýu üçin maliýe goldawyny Koreýa Respublikasynyň eksporta gönükdirilen ykdysadyýeti bilen baglanyşdyrmak arkaly esaslandyrdy.

Koreý pop medeniýeti Taýwanda gaty meşhurdyr we Koreý dilini öwrenýän taýwanlylaryň sany barha artýar. «Köşkdäki Şaý-sepler» (Jewel in the Palace) atly dramanyň gaty meşhur bolan Taýwanda, käbir janköýerleriň baş keşbi janlandyran aktrisa Li Ýoung-ae meňzemek üçin kosmetik operasiýa geçirendikleri habar berildi. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Häzirki Zaman Diller Assosiasiýasy 2006-njy

we 2016-njy ýyllar aralygynda Koreý dilini öwrenýän talyplaryň sanynyň iki esse artandygyny habar berdi. 2020-nji ýylda Koreý dili Meksikada we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda iň çalt ösýän daşary ýurt dili boldy. Koreýa Respublikasynyň Bilim Ministrligi Koreý diline bolan bu gyzyklanmanyň artmagyny Koreý Tolkunynyň netijesi hökmünde düşündirdi. Koreý tolkuny Britaniýanyň köp sanly talyplarynyň Koreý dili boýunça hünär derejelerini almagyna itergi berdi.

Hindistanda «millennial» (müňýyllyk nesli) we Z nesliniň agzalary Koreý Tolkunyna has uly gyzyklanma bildirýärler. 2022-nji ýylyň 31-nji maýynda BTS topary aziýalylara garşy jenaýatlaryň artmagyny ara alyp maslahatlaşmak üçin ABŞ-nyň Prezidenti Jo Baýdeniň ýanyna Ak Tama bardy.

Koreý medeni diplomatiýasynyň esasy maksatlary we ugurlary:

**Medeni alyş-çalyşlar arkaly beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek:** Durmuşa geçirilýän dürli medeni alyş-çalyş maksatnamalarynyň goldanylmagy Koreýa bilen beýleki ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk üçin berk binýady döreder. Globalizasiýa döwründe, medeni alyş-çalyş maksatnamalary Koreýanyň diňe bir milli medeni özboluşlygyny ösdürmäge kömek etmän, eýsem, onuň halkynyň bütin dünýädäki dürli medeniýetler baradaky düşünjesini we olara bolan hormatyny artdyrar.

**Milli mertebäni ýokarlandyrmak arkaly bäsdeşlige ukyplylygy güýçlendirmek:** «Medeniýet» XXI asyryň esasy açar sözleriniň birine öwrülmegi bilen, häzirki döwürde medeniýetiň ykdysadyýete täsiri ýokarlanýar [5]. Şonuň üçin medeni meselelerdäki diplomatik tagallalar Koreýanyň daşary ýurtlardaky milli mertebesini ýokarlandyrmaga goşant goşar, bu bolsa öz gezeginde Koreýa Respublikasynyň halkara jemgyýetçiligindäki umumy bäsdeşlige ukyplylygyny güýçlendirmäge ýardam eder.

**Medeniýet hem-de mahabatlandyryş işlerini hemmetaraplaýyn we ulgamlaýyn durmuşa geçirmek:** Medeni alyş-çalyş maksatnamalarynyň hil we mukdar taýdan ösmegi netijesinde, medeni alyş-çalyşlary has ulgamlaýyn we gurala gowşan görnüşde durmuşa geçirmek üçin, ähli zatlary öz içine alýan orta we uzak möhletleýin meýilnamanyň zerurlygy ýüze çykdy. Daşary ýurtlardaky wekilhanalarda geçirilýän dürli medeni çäreleri utgaşdyrmak arkaly, medeni maksatnamalaryň orta we uzak möhletleýin meýilnamalaşdyrylmagy býujeti iň ýokary mahabatlandyryş täsiri bilen netijeli ulanmaga mümkinçilik berer.

**Degişli ýurtlar ýa-da sebitler üçin ýöriteleşdirilen medeni hem-de mahabatlandyryş strategiýalaryny düzmek we ösdürmek:** Degişli ýurtlaryň ýa-da sebitleriň aýratyn medeni aýratynlyklaryny hasaba almak arkaly, olar üçin ýöriteleşdirilen medeni maksatnamalary ösdürmek, şeýle hem Koreýa Respublikasynyň daşary ýurtlardaky mertebesini netijeli mahabatlandyrýan strategiýalary düzmek we medeni alyş-çalyş maksatnamalaryny goldamak.

Ýerli guramalar we daşary ýurtlardaky koreý korporasiýalary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny güýçlendirmek:

Ýerli metbugatyň mümkinçilikleriniň netijeli ulanylmagy Koreý medeniýeti barada oňyn (gowy) jemgyýetçilik garaýyşlaryny döretmäge goşant goşar. Koreýanyň daşary ýurtlardaky wekilhanalary arkaly Koreýanyň Milli Syýahatçylyk Guramasynyň (Korea National Tourism Organization), KOTRA-nyň, Koreý korporasiýalarynyň, ýerli Koreý jemgyýetleriniň we Koreý medeniýet merkezleriniň daşary ýurtlardaky şahamçalary bilen ulgamlaýyn hyzmatdaşlygy üpjün etmek we saklamak hem bu işiň möhüm ugurlarynyň biridir.

**Geljegi nazarlaýan medeni maksatnamalary giňeltmek:** Medeni diplomatiýanyň orta we uzak möhletleýin täsirlerini gazanmak üçin, esasan, ýaş nesle gönükdirilen medeni maksatnamalary öwrenmek.

**Halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk:** Koreý hökümeti ÝUNESKO ýaly halkara guramalary bilen Medeni Dürlülik Konwensiýasy (Convention on Cultural Diversity) boýunça geçirilýän çäreleri goşmak arkaly, medeni diplomatiýany yzygiderli pugtalandyrýar.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbangeldiýew J.* Aziýa we Afrika ýurtlarynyň daşary syýasaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2024.
2. *Tae-Jin Yoon, Dal Yong Jin, Anthony Y.H. Fung.* The Korean Wave: Evolution, Fandom, and Transnationality. – Lanham: Lexington Books, 2017.
3. iirmfa.edu.tm
4. wikipedia.org
5. mofa.go.kr


# ОСОБЕННОСТИ КУЛЬТУРНОЙ ДИПЛОМАТИИ РЕСПУБЛИКИ КОРЕЯ


В данной научной статье анализируются современные тенденции, особенности культурной дипломатии Республики Корея и ее влияние на международную арену. Автор, уделяя особое внимание важности культурной дипломатии в развитии сотрудничества, показывает, что отношения между Туркменистаном и Кореей в культурной, научно-образовательной, туристической и творческой сферах развиваются в соответствии с взаимными интересами сторон. В статье всесторонне анализируется происхождение термина «Корейская волна» (Халлю), экономические, социальные и исторические факторы, приведшие к ее широкому распространению в различных регионах мира, а также усиление роли K-pop, K-drama, кино и других культурных продуктов на международной арене.

Также научно обоснованы основные цели стратегии культурной дипломатии, проводимой южнокорейским государством: расширение международного сотрудничества, укрепление национального престижа, усиление «мягкой силы» Кореи посредством специализированных культурных программ и рекламной политики, адаптированной к странам мира. В статье также описывается активное участие Кореи в международных организациях и важная роль культурных проектов, ориентированных на молодое поколение.

## FEATURES OF THE CULTURAL DIPLOMACY OF THE REPUBLIC OF KOREA

This scientific article analyzes the current trends, features of the cultural diplomacy of the Republic of Korea and its impact on the international arena. The author, paying special attention to the importance of cultural diplomacy in the development of cooperative relations, reveals that relations between Turkmenistan and Korea in the cultural, scientific and educational, tourism and creative spheres are developed in accordance with the mutual interests of the parties. The article comprehensively analyzes the origin of the term «Korean Wave» (Hallyu), the economic, social and historical factors that led to its widespread spread in different regions of the world, as well as the strengthening of the role of K-pop, K-drama, cinema and other cultural products in the international arena.

Also, the main goals of the cultural diplomacy strategy pursued by the South Korean state – expanding international cooperation, strengthening national prestige, strengthening Korea's soft power through specialized cultural programs and advertising policies adapted to the countries of the world – are scientifically substantiated. The article also describes Korea's active participation in international organizations and the important role of cultural projects aimed at the younger generation.

**Eziz HALLAÝEW,**
*Gündogary öwreniş ugrunyň magistranty.*

## EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ SANKSIÝALAR ŞERTLERINDE YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY

XXI asyrda dünýäniň syýasy-ykdysady ulgamynda emele gelen täze geosyýasy ýagdaýlar döwletleriň arasynda özara gatnaşyklaryň täzeçe guralmagyna getirdi. Bu şertlerde halkara ykdysady gatnaşyklarynda möhüm orun eýeleýän Eýran Yslam Respublikasy hem öz ykdysady ösüş strategiýasyny dowam etdirmek bilen

bir wagtda, daşary syýasatda aýratyn ýol saýlap aldy. Şol ýol sanksiýalar şertlerinde milli ykdysady durnuklylygy üpjün etmek we halkara ykdysady gatnaşyklaryny täze esasda ösdürmäge gönükdirilendir. Eýran Yslam Respublikasy dünýä ykdysadyýetinde energiýa serişdelerine baý döwletleriň biri hökmünde tanalýar. Şol bir wagtda, onuň geosyýasy ýagdaýy – Orta Gündogar, Merkezi Aziýa hem-de Hazar sebitleriniň üsti bilen halkara söwda we ulag geçelgeleriniň strategik nokadynda ýerleşmegi bilen aýratyn tapawutlanýar [1]. Şeýle ýagdaýlar bu döwleti diňe sebit däl, eýsem, global geosyýasy deňagramlylygyň möhüm bölegine öwürýär. Emma soňky onýyllyklarda Eýranyň halkara giňişliginde ýüze çykan dartgynlyklar we Birleşen Milletler Guramasy, ABŞ hem-de Ýewropa Bileleşigi ýaly taraplaryň girizýän sanksiýalary ýurduň ykdysady ösüşine täsir edýän esasy faktorlaryň birine öwrüldi [2].

Eýran Yslam Respublikasy häzirki wagtda jemi içerki önümiň möçberi boýunça yslam dünýäsinde dördünji, Günbatar Aziýada ikinji orny eýeleýär. Şeýle-de, bu döwlet özüniň nebit gorlary boýunça dünýäde üçünji, tebigy gazyň gorlary boýunça ikinji orunda durýar. Ýurduň çäginde kömür, demir magdany, marganes, sink ýaly gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň hem uly gorlary bar.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasatynyň binýatlyk ýörelgesi hökmünde milli diplomatiýamyzyň strategik ugurlaryny, ýörelgelerini we wezipelerini kesgitleýär. Bu Konsepsiýada kesgitlenen esasy wezipeleriň biri hem goňşy döwletler bilen özara bähbitli, deňhukukly we dostlukly gatnaşyklary ösdürmekdir [3].

Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 18-nji fewralynda ýola goýuldy. Geçilen döwürde iki doganlyk döwletlerimiziň arasynda döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde baglaşylan halkara resminamalary esasynda berk şertnama-hukuk binýady döredildi. Asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan türkmen-eýran gatnaşyklarynyň häzirki döwürde ýokary depginler bilen ösdürilýändigini aýratyn bellemek gerek.

Türkmenistan bilen Eýran halkara guramalarynyň çäklerinde hem birek-birege goldaw bermek bilen özara hyzmatdaşlygy alyp barýarlar. Hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynda, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynda, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynda, Goşulyşmazlyk Hereketinde netijeli we özara bähbitli gatnaşyklary alyp barmakda uly tejribe toplanyldy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny Eýran Yslam Respublikasy hem goldady. Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň 2015-nji we 2018-nji ýyllaryň mart aýynda Türkmenistana bolan döwlet saparlary, Gahryman Arkadagymyzyň 2015-nji ýylyň 22–23-nji noýabrynda Eýran Yslam Respublikasyna bolan resmi sapary türkmen-eýran gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykardy [5]. Hormatly Prezidentimiziň

döwlet Baştutany hökmünde daşary ýurtlara ilkinji saparlarynyň birini Eýran Yslam Respublikasyna 2022-nji ýylyň 14–15-nji iýunynda amala aşyrandygyny aýratyn nygtamak gerek [6].

2024-nji ýylyň 28-nji awgustynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy. Saparyň çäklerinde ýurdumyzyň Eýran Yslam Respublikasy bilen hyzmatdaşlygynda geljekde ileri tutýan strategik ugurlarynyň hatarynda tebigy gaz, elektroenergetika pudagy we ulag ulgamy kesgitlenildi. Şunda Eýrana we onuň üsti bilen «SWAP» görnüşinde beýleki ýurtlara türkmen tebigy gazynyň iberilýändigi bellenildi hem-de bu işleri has giň gerimde dowam etdirmäge taýýardygy nygtaldy. Şunuň bilen bir hatarda, Gahryman Arkadagymyz Eýrana iberilýän türkmen tebigy gazynyň möçberini her ýylda 40 milliard kub metre çenli artdyrmak babatda tagallalaryň edilýändigini aýdyp, bu ugurda eýran kompaniýalary bilen taslamalary amala aşyrmagy teklip etdi. Saparyň barşynda ikitaraplaýyn resminamalaryň dördüsine: Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2025–2026-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlyk etmek hakynda Maksatnama; Türkmenistanyň Türkmenbaşy Halkara deňiz porty bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Amirabad portunyň arasynda doganlyk port gatnaşyklary barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Tebigy gaz babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek barada «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Eýranyň Milli gaz kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Gümrük edarasynyň arasynda hyzmatdaşlygyň geljekde çuňlaşdyrylmagy we giňeldilmegi boýunça bilelikdäki çäreleriň 2025–2026-njy ýyllar üçin Maksatnamasyna gol çekildi [7].

Wajyp sebit meseleleri boýunça netijeli pikir alyşmalaryň mysalyny ýurtlaryň arasyndaky Hazar deňzi babatynda hyzmatdaşlykda hem görmek bolýar. Biziň ýurtlarymyz gojaman Hazaryň parahatçylyk we dostluk deňzi bolmalydygyny aýratyn ileri tutýarlar we onuň hemmetaraplaýyn ylalaşylan halkara-hukuk durkuna gyşarnyksyz eýermek ugrundaky tagallalara işjeň gatnaşýarlar. Türkmen-eýran gatnaşyklaryny işjeňleşdirmekde iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň arasynda yzygider geçirilýän syýasy geňeşmelere hem möhüm orun degişlidir. Ikitaraplaýyn daşary-söwda gatnaşyklarynyň giňelmeginde bolsa Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-eýran topary möhüm ähmiýetli işleri alyp barýar. 2025-nji ýylyň 24-nji iýunynda Eýran Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministri Seýed Abbas Arakçiniň Türkmenistana sapar bilen gelmegi hem özara bähbitli gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilýändigini görkezýär [8].

Halkara sanksiýalar – döwletleriň daşary syýasy täsir guraly hökmünde giňden ulanylýan çäre bolup, olaryň esasy maksady belli bir döwletiň halkara hukuk kadalaryna laýyklykda hereketini üpjün etmekdir. Emma soňky ýyllarda bu

çäreleriň ykdysadyýetiň dürli ugurlaryna edýän täsiri diňe syýasy däl, eýsem, global ykdysady durnuklylygyň hem derejesine täsir edýän mesele hökmünde ýitileşýär. Şu nukdaýnazardan, Eýran Yslam Respublikasynyň tejribesi sanksiýalaryň milli ykdysadyýete ýetirýän täsirini we şol şertlerde ösüşiň mümkin bolan strategik ýoluny hem-de ugurlaryny öwrenmekde möhüm ähmiýete eýedir. Taryha ser salsak, sanksiýalar, esasan, XX asyryň başynda halkara gatnaşyklarynda peýda boldy. Ikinji jahan urşundan soň, sanksiýalar halkara syýasatynda giňden ulanylýar. 1950–1980-nji ýyllarda sanksiýalar, husussan-da, harby we diplomatik çäklendirmeler görnüşinde peýdalanylan bolsa, soňky döwürlerde ykdysady sanksiýalaryň ähmiýeti ep-esli artdy. Häzirki döwürde sanksiýalar dünýä ykdysady ulgamynda güýçli täsirli serişde hökmünde kabul edilýär.

Sanksiýalaryň nazary esaslaryna göz aýlasak, «sanksiýa» sözi latyn dilindäki «sanctio» diýen sözünden gelip çykyp, «düzgünleşdirmek, kanunlaşdyrmak» ýa-da «bozulýan düzgüne garşy çäre görmek» diýen manyny, «embargo» sözi bolsa, ispan sözi bolup, «gadagan etmek» manysyny berýär. Halkara hukugynda sanksiýa, bir döwlet ýa-da döwletleriň topary, halkara gurama tarapyndan başga bir döwletiň ykdysady, syýasy ýa-da harby işjeňligine täsir etmek maksady bilen girizilýän çäklendiriji çäreleriň toplumy, olaryň halkara hukugynyň ýörelgeleriniň bozulmagyna garşy girizýän jezasydyr. Embargo bolsa, belli bir döwlete ýa-da ýurtlaryň toparyna degişli söwda, ulag, harby ýa-da ykdysady gatnaşyklaryň wagtlaýyn ýa-da doly togtadylmagy diýlip kesgitlenilýär [9]. Şeýle çäreleriň hukuk esaslary BMG-niň Düzgünnamasynyň 41-nji maddasynda görkezilýär. Bu madda laýyklykda, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi «harby güýji ulanmazdan öň» ykdysady we diplomatik çäreleri ulanmak hukugyna eýedir [10]. Halkara gatnaşyklaryndaky terjibä görä, sanksiýalaryň esasy görnüşleri şulardyr:

**syýasy** – diplomatik gatnaşyklaryň derejesiniň peseldilmegi, ilçihanalaryň işiniň togtadylmagy;

**harby sanksiýalar** – ýarag embargosy ýa-da harby hyzmatdaşlygyň gadagan edilmegi;

**ykdysady sanksiýalar** – eksport, import, maýa goýum, bank hyzmatlary,

ulag we ykdysady gatnaşyklary çäklendirýän çäreler. Ykdysady sanksiýalarynyň maliýe (bank hasaplaryna girizilýän çäklendirmeler), söwda embargosy (belli bir harytlaryň eksport-importyna girizilýän gadagançylyklar) görnüşlerini hem tapawutlandyrmak bolýar;

**şahsy sanksiýalar** – belli bir şahslara şol sanda, hökümet wekillerine ýa-da kompaniýalara garşy maliýe we syýahat çäklendirmeleri.

**adam hukuklary bilen baglanyşykly sanksiýalar –** hukuk bozujylara garşy şahsy we maliýe çäklendirmeleri girizmek.

Eýrana garşy halkara sanksiýalarynyň taryhy 1979-njy ýyldan soň başlanýar. Bu döwlet 1979-njy ýyldaky Yslam rewolýusiýasyndan soň öz ykdysady modelini

özbaşdak ösüş ýoluna gönükdirdi. Eýranda Yslam rewolýusiýasy netijesinde ABŞ bilen diplomatik gatnaşyklar kesildi we ilkinji sanksiýalar girizildi. Şol döwürde Eýranyň ABŞ bilen söwda gatnaşyklary çäklendirildi, ykdysady hyzmatdaşlyk togtadyldy. Şeýle ýagdaý onuň halkara gatnaşyklaryndaky ornuna, aýratyn-da, Günbatar döwletleri bilen gatnaşyklaryna täsir etdi. Bu döwürde ýurduň ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary: nebit we gaz eksporty, senagat pudagy, oba hojalygy we bank ulgamy bilen bagly boldy. Şeýle-de daşary ýurt maýa goýumlaryna we halkara hyzmatdaşlygyna gönükdirilen çäklendirmeler bilen bilelikde içerki ykdysady durnuklylygy üpjün etmek çäreleri durmuşa geçirildi. Bu strategiýa Eýranyň ykdysadyýetini diňe içerki bazara gönükdirip, onuň daşarky täsirlere çydamlylyk derejesini ýokarlandyrdy. 1990-njy ýyllaryň ahyrynda Eýrana garşy täze sanksiýalar girizilip, bu tejribe häzirki wagtda hem dowam edýär [11].

Sanksiýalaryň täsiri diňe bir syýasy ýa-da diplomatik taýdan däl, eýsem, ykdysady ulgamyň ähli ugurlarynda – önümçilikde, eksport-importda, maliýe akymlarynda, iş bilen üpjünçilikde we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesinde ýüze çykýar. 2010-njy ýyllarda halkara nebit söwdasyna, bank ulgamyna, ykdysady hyzmatdaşlyga degişli girizilen sanksiýalar Eýranyň ykdysadyýetinde täze ýagdaýlary döretdi. Bu ýagdaýlar ýurduň içerki ykdysady ösüşi bilen birlikde, halkara hyzmatdaşlygyna hem gönüden-göni täsir edýär. Şol bir wagtda, bu ýagdaý ýurduň ykdysady strategiýasynyň üýtgemegine, içerki önümçiligi ösdürmäge we sebit hyzmatdaşlygyny giňeltmäge itergi berdi. Netijede, Eýran häzirki sanksiýalar şertlerinde «sanksiýalara garamazdan ösüş» strategiýasyny amala aşyrýan az sanly döwletleriň birine öwrüldi. Munuň özi, döwlet dolandyrylyşynyň, ykdysady meýilleşdirmegiň hem-de halkara gatnaşyklarynda deňagramly çemeleşmegiň özboluşly mysaly hökmünde çykyş edýär. 2015-nji ýylda ýurduň ýadro maksatnamasy boýunça Eýran bilen «P5+1», ýagny Hytaý, Russiýa, ABŞ, Fransiýa, Britaniýa we Germaniýa döwletleriniň gatnaşmagynda «Hereketleriň bilelikdäki giňişleýin meýilnamasyna» (JCPOA) ylalaşygyna gol çekilmegi netijesinde Eýran tarapyndan käbir çäklendirmeleriň kabul edilmegi, munuň ýerine ykdysady sanksiýalaryň ýeňilleşdirilmegi bilen ýurduň ykdysadyýeti durnuklylaşyp başlaýar [12].

Eýranyň nebit we gaz eksporty döwletiň ykdysadyýetiniň esasy bölegini düzýär. Ýurduň oba hojalyk pudagy ilatyň uly bölegini iş bilen üpjün edýär. Ýurtda senagat, esasan, şäherlerde ösýär. Şunda metal işläp taýýarlamak, azyk önümleri we nebiti gaýtadan işlemek esasy ugurlar bolup durýar. Şol bir wagtda, sanksiýalaryň netijesinde Eýranyň ykdysady görkezijileri aşakdaky aýratynlyklary bilen düýpli tapawutlanýar: umumy içerki önümiň ösüş depgini haýallaýar; nebit eksportyndan gelýän girdeji azalýar; hümmetsizlenmäniň derejesi ýokarlanýar we işsizlik belli bir derejede artýar. Nebit eksporty ýurduň girdejileriniň takmynan 80 göterimini emele getirýärdi. Sanksiýalaryň girizilmegi bilen nebit eksporty çäklendirilip, halkara şertnamalaryň ýerine ýetirilmegi bes edilýär we girdeji azalýar. Şol bir wagtda,

içerki bazarda hem nebit harytlarynyň bahasy üýtgäp, işsizligiň derejesine täsir etdi. Nebit we gaz serişdeleri diňe ykdysady däl, eýsem, syýasy täsir taýdan hem möhüm ähmiýete eýe bolup, Eýranyň halkara gatnaşyklarynda täsirini güýçlendirýär. Şeýlede bu baýlyklar sebitdäki beýleki ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin esasy şertleri döredýär. Maglumatlara görä, 2012–2016-njy ýyllarda girizilen sanksiýalar netijesinde nebitiň eksport girdejisi takmynan 40 göterim azalýar. Şeýle ýagdaýlar içerki bazarda nebitiň bahasyny ýokarlandyryp, ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryna basyş döredýär. Bu ýagdaýyň döwlet býujetine göni täsir etmegi ýurtda içerki ykdysady strategiýalaryň üýtgedilmegine mejbur edýär. Şeýle hem, Eýran alternatiw energiýa çeşmelerini ösdürmek we içerki nebit ýataklaryny döwrebaplaşdyrmak ugrunda strategiýalary girizýär [13].

Eýran içerki milli önümlerini ösdürmek we importy çalyşýan strategiýalary girizmek wezipelerini durmuşa geçirmäge mejbur bolýar. Bu ýagdaý, içerki önümçiligi artdyrmaga we ýerli kompaniýalary ösdürmäge itergi berýär. Sanksiýalaryň netijesinde halkara banklary bilen gatnaşygyň çäklendirilmegi daşary ýurt maýa goýumlarynyň azalmagyna, ykdysady ösüşiň haýallamagyna getirýär. Döwlet banklary içerki ykdysadyýet üçin girdeji çeşmelerini özbaşdak tapmaga mejbur bolýar. Bu bolsa, pul dolanyşygynyň çäklendirilmegine we içerki haryt öndürijileriň goldanylmagyna sebäp boldy. Eýranyň bank hasaplaryna girmeginiň çäklendirilmegi we daşary ýurt maýa goýumlarynyň azalmagy içerki ykdysady durnuklylyk üçin täze strategiýalary işläp düzmegi talap edýär [14].

Eýranyň ykdysadyýetiniň aýratynlygy döwlet dolandyryşynyň güýçli bolmagydyr. Sanksiýalaryň ykdysadyýetde uýgunlaşma täsirleri köplenç ýagdaýda ykdysady uýgunlaşma strategiýalarynyň ulanylmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Eýran üçin «ykdysady uýgunlaşma» düşünjesi diňe bir çökgünlik şertlerinde durmuşa geçirilýän çäreleriň toplumy bolman, eýsem, uzak möhletleýin ösüş strategiýasyny hem aňladýar. Bu strategiýanyň esasy maksady sanksiýalaryň ykdysady täsirini azaltmak, içerki öndürijilik kuwwatyny ýokarlandyrmak we daşary ykdysady gatnaşyklary täze esasda gurmakdyr. Bu strategiýalar aşakdaky wezipeleri özünde jemleýär:

– Alternatiw eksport bazarlaryna çykmak – Günbatar bazarlarynyň ýerine Aziýa bazarlaryna çykmak;

– Içerki önümçiligi ösdürmek arkaly importy azaltmak-importa garaşlylygy azaltmak;

– Milli maliýe ulgamyny berkitmek, maliýe durnuklylygyny goramak üçin monetar çäreleri geçirmek-dollaryň ornuna milli walýuta bilen hasaplaşygy giňeltmek;

– Sebit hyzmatdaşlygyny güýçlendirmek.

Şunuň bilen baglylykda, Eýran içerki bazary ösdürmek, içerki önümçiligi goldamak we tehnologik taslamalary durmuşa geçirmek arkaly milli ykdysady

durnuklylygy saklamaga çalyşýar. Ýurt içerki önümçiligi, importyň ornuny tutýan senagaty ösdürmek we täze eksport ugurlaryny döretmek arkaly uýgunlaşma strategiýasyny durmuşa geçirýär. Döwlet maksatnamalary we ykdysady strategiýalar içerki bazary goramak, iş ýerlerini döretmek we innowasion taslamalary amala aşyrmak ugrunda alnyp barylýar. Sanksiýalaryň täsiri bilen, Eýran hökümeti eksportdan gazanylan girdejileri ýerli önümçiligi ösdürmäge gönükdirýär. Şeýle hem pudaklaýyn strategiýalar arkaly ýurduň nebit pudagyna bolan garaşlylygyny azaltmak maksat edinilýär.

Eýranyň sanksiýalara garşy strategiýasyny, esasan, alternatiw bazarlar, içerki önümçiligi ösdürmek, bank we maliýe ulgamyny işjeňleşdirmek we diplomatik hyzmatdaşlygy giňeltmek ýaly ugurlarda görmek bolýar. Şol bir wagtda, Eýranyň ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary, halkara sanksiýalar, görnüşleri, taryhy we sebäpleri, ýurduň ykdysady gurluşyna, eksport-import amallaryna ýetirýän täsiri, şeýle hem halkara, hususan-da, sebit hyzmatdaşlygynda orny, sanksiýalar şertinde ýurduň ykdysady ösüş modeli we onuň ähmiýeti bilen bagly meseleleriň seljerilmegi islendik ýurduň ykdysadyýetiniň dürli şertlerde ösmeginiň zerurlygy nukdaýnazaryndan wajypdyr. Şeýlelikde, Eýranyň ykdysady uýgunlaşmasynyň dünýä ykdysadyýetinde «importy çalyşýan industrializasiýa» we «öz-özüni üpjün edýän ykdysadyýet» modelleri bilen baglanyşyklydygyny görmek bolýar. Bu ugurda esasy iki sany nazary garaýyşlar öňe sürülýär, ýagny «Center–Periphery» nazaryýeti–gowşak ösýän ýurtlaryň has ösen (merkez) ýurtlaryň bazarlaryna garaşlylygyny azaltmak we **«Resilient Economy» konsepsiýasy** – ykdysady ýagdaýlara garşy durnuklylyk döretmek ýörelgelerine eýerýär. Bilermenler Eýranyň ykdysady ýagdaýyny bu iki garaýşyň utgaşmasy hökmünde kesgitleýär. Çünki ýurduň ykdysady gurluşy sanksiýalaryň täsirine garşy durnukly mehanizmleri döretmegi başardy. Eýranyň içerki ykdysady durnuklylygyny üpjün etmegiň ilerleýän ugurlarynyň hatarynda:

**Içerki önümçiligiň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilmegi** – sanksiýalar döwründe Eýranyň ykdysady durnuklylygyny üpjün etmekde içerki önümçiligiň artdyrylmagy esasy strategiýa bolup durýar. Döwlet içerki bazary goramak, içerki kompaniýalary goldamak we importy azaltmak üçin maksatnamalary işläp düzdi. Bu maksat bilen, oba hojalyk, senagat we gurluşyk pudaklarynda önümçiligiň ösüşi üstünlikli amala aşyryldy.

**Alternatiw energiýa çeşmeleri** – Eýran nebitiň we gazyň eksportyna garaşlylykdan azat bolmak maksady bilen alternatiw energiýa çeşmelerini ösdürýär. Gün, ýel we beýleki ekologik taýdan arassa energiýa çeşmeleri içerki bazarda ulanylýar. Bu ugur Eýranyň energiýa howpsuzlygyny ýokarlandyrmaga we geljekki ösüş mümkinçiliklerini artdyrmaga ýardam berýär.

**Oba hojalyk we azyk howpsuzlygy** – Eýran içerki azyk önümçiligini ösdürmek arkaly, daşary ýurt importyna garaşlylygy azaltmagy maksat edinýär. Oba

hojalyk pudagyna döwrebap tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy ekinleriň hilini we hasylyň möçberini ýokarlandyrýar. Şeýlelik bilen ýurt azyk howpsuzlygyny üpjün edýär we içerki bazary durnukly saklaýar.

**Maliýe we bank strategiýalarynyň täsiri** – Eýranyň merkezi banky sanksiýalara garşy çäreleri işläp, içerki maliýe ulgamyny durnukly saklamaga çalyşýar. Döwlet serişdelerini ýerli taslamalara gönükdirip, maýa goýumlary goldamak bilen ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny ösdürýär. Bu çäreler, sanksiýalaryň döredýän basyşyna garamazdan, ykdysady durnuklylygy saklamaga mümkinçilik berýär.

**Tehnologik we innowasion ösüş** – Eýranyň ykdysady durnuklylygynyň möhüm ugurlarynyň biri – innowasiýa we tehnologiýa. Döwlet, içerki önümçiligiň netijeliligini artdyrmak we ykdysady ösüşi çaltlandyrmak üçin innowasion taslamalara maýa goýýar.

**Eksporty diwersifikasiýalaşdyrmak we täze bazarlara çykmak** – nebit we gaz eksportyna garaşlylygy azaltmak maksady bilen, Eýran dürli senagat önümleriniň eksportyna üns berýär. Bu ugur, ýurt üçin täze daşary ýurt bazarlaryna çykmaga we ykdysady mümkinçilikleri artdyrmaga şert döredýär.

**Importyň çäklendirilmegi we substitusiýa syýasaty** – sanksiýalaryň täsiri bilen Eýran daşary ýurtlardan haryt getirilişini çäklendirdi. Munuň öwezine içerki önümçiligi ösdürmek we daşary ýurt harytlaryny ýerli önümler bilen çalyşmak – import substitusiýasy syýasaty girizildi. Substitusiýa syýasatynyň maksady daşary ýurtlardan getirilýän harytlary ýurduň özünde öndürmek arkaly çalyşmakdan ybaratdyr. Bu syýasat ykdysadyýetiň durnuklylygyny üpjün etmekde we iş ýerlerini döretmekde möhüm orny eýeleýär.

**Sebit hyzmatdaşlygyň orny** – sanksiýalara garşy göreşmekde Eýran sebit hyzmatdaşlygyny güýçlendirýär. Şeýlelikde, sanksiýalaryň täsiriniň peseldilmegi babatda Eýran öz ykdysady durnuklylygyny saklamagy ussatlyk bilen başardy.

Sanksiýalar Eýranyň ykdysady ösüş depginini haýallatsa-da, ony halkara ulgamlara uýgunlaşmaga, içerki öndürijilik kuwwatyny artdyrmaga we ykdysady diwersifikasiýa ösüşine mejbur etdi. Ýurduň eksportynyň 80 göterimden gowragynyň nebit önümlerine we gazdan alnan harytlara degişlidigine garamazdan, soňky ýyllarda döwletiň eksport syýasatynda nebit eksportyna bolan garaşlylygy gowşatmak strategiýasy güýçlendirildi. Bu strategiýa boýunça: himiýa we nebithimiýa önümleri, elektrik enjamlary, oba hojalyk önümleri, demir we alýumin metallary, dokma we haly önümleri eksportda täze ugurlar hökmünde ösdürilýär. Ýurdumyzyň hökümeti tarapyndan 2021–2025-nji ýyllar aralygy üçin kabul edilen «Ykdysady uýgunlaşma we eksporty ösdürmek Maksatnamasynda» bolsa, daşary ýurtlara çykarylýan önümleriň görnüşlerini giňeltmek we eksport bazarlaryny Hytaý, Russiýa, Türkiýe, Hindistan we Merkezi Aziýa ýurtlaryna gönükdirmek öňe sürülýär.

Eýranyň importy esasan senagat enjamlary, lukmançylyk serişdeleri, oba hojalyk tehnikasy, ulag serişdeleri we azyk önümlerinden ybaratdyr. Ýurduň import boýunça esasy hyzmatdaşlary bolup Hytaý, Birleşen Arap Emirlikleri, Türkiýe, Hindistan we Russiýa döwletleri çykyş edýär. Importyň köp bölegi daşary ýurt walýutasynda amala aşyrylýandygy üçin, sanksiýalar döwründe walýuta üpjünçiliginde bökdençlik döreýär. Şonuň üçin Eýran soňky ýyllarda barter söwda, raýdaş ýurtlaryň milli walýutalarynda hasaplaşyk ýaly usullary giňden ulanýar [15]. Eksportda Aziýa ýurtlarynyň paýynyň ýokarlanmagy, importda bolsa içerki önümçiligiň ösüşi ýurduň ykdysady garaşsyzlygyny berkitmäge ýardam edýär. Umuman, Eýranyň sanksiýalar şertlerinde ykdysady uýgunlaşma tejribesi halkara derejesinde aýratyn model hökmünde çykyş edýär.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistan // 09.07.2022.
2. Türkmenistan // 15.06.2022.
3. Türkmenistan // 29.08.2024.
4. turkmenistaninfo.gov.tm
5. mfa.gov.tm
6. *Keddie, N. R.* Modern Iran: Roots and Results of Revolution. – New Haven: Yale University Press, 2006.
7. *Abrahamian, Ervand.* A History of Modern Iran. – New York: Cambridge University Press, 2008.
8. *Farhadi H.* Eýranyň geografiýasy we tebigy baýlyklary. – Teheran, National Geographic Publications.
9. *Смирнов Е.Н.* С50 «Международные экономические санкции». – Н.: Изд. ООО «СибАК», 2025.
10. un.org
11. *Floor, W.* The Economy of Iran: Past and Present. – London: I.B. Tauris, 2011.
12. K1 Project / Columbia University – From «Atoms for Peace» to «JCPOA»: History of Iranian Nuclear Development.
13. Official Iranian Statistical Yearbook. – Statistical Center of Iran, 2023.
14. *Кожанов Н.А.* Социально-экономическая ситуация в Иране. 2013.
15. kommersant.ru

## ОСОБЕННОСТИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО РАЗВИТИЯ ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ИРАН В УСЛОВИЯХ САНКЦИЙ

В статье всесторонне анализируются приоритетные тенденции, такие, в частности, как основные условия международного экономического развития в современных условиях, влияние геополитического и экономического положения страны на ее современное развитие, историко-теоретические основы и виды международных санкций в отношении Исламской Республики Иран, а также стратегические направления развития соседнего государства в этих условиях. На конкретных примерах анализируется эффективность национальной экономической стратегии адаптации и принимаемых мер в условиях санкций в отношении Ирана, тем самым устанавливается важность выхода на новые рынки, в частности, активизации отношений с такими странами как государства Азии, Китай и Россия для достижения экономического развития в будущем. В результате подтверждается, что основным направлением будущего экономического развития для Ирана является укрепление экономической системы, устойчивой к санкциям, и развитие диверсификации видов экспорта-импорта.

## FEATURES OF ECONOMIC DEVELOPMENT OF THE ISLAMIC REPUBLIC OF IRAN UNDER SANCTIONS

The article comprehensively analyzes the priority trends as the main conditions for international economic development in modern conditions, the impact of the country's geopolitical and economic situation on its modern development, the historical and theoretical foundations and types of international sanctions, with recpect to the Islamic Republic of Iran's and the strategic directions of our neighboring country in these conditions. The effectiveness of the national economic adaptation strategy and the measures taken under the sanctions of Iran is analyzed with specific examples, thereby establishing the importance of accessing new markets, in particular, activating relations with countries such as Asian countries, China and Russia, in achieving economic development in the future. As a result, it is confirmed that the main direction of future economic development for Iran is to strengthen the economic system resistant to sanctions and develop diversification of export-import types.

**Gülnur HOJAÝEWA,**
*Gündogary öwreniş ugrunyň magistranty.*

# «AZIÝA GAPLAŇLARY» ÝURTLARYNYŇ YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY

XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap, Aziýanyň Koreýa Respublikasy, Singapur, Malaýziýa, Taýland ýaly döwletleriniň ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösüp başlady. Bu ýurtlar soňlugy bilen «Aziýa gaplaňlary» ady bilen tanaldy. Olaryň ösüşiniň esasy aýratynlygy ykdysady strategiýanyň döwletiň işjeň gatnaşmagynda eksporta ugrukdyrylan senagatlaşma syýasaty bilen utgaşdyrylmagydyr. Bu ýurtlarda bilim ulgamynyň ösdürilmegi, innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy we daşary ýurt maýasyna açyklygyň üpjün edilmegi ykdysady ösüşiň esasy hereketlendiriji güýji boldy. Şeýle hem hökümet tarapyndan bazar mehanizmleri bilen sazlaşykly döwlet dolandyryşy ýola goýuldy. Netijede, «gaplaň» ýurtlary gysga döwrüň içinde agrar ykdysadyýetden ýokary tehnologiýaly senagatlaşan ykdysadyýete geçmegi başardylar. Bu ýagdaý dünýä ykdysadyýetinde döwlet strategiýasynyň we meýilnamalaşdyrylan ykdysady özgertmeleriň ähmiýetini görkezdi.

«Aziýa gaplaňlary» ýurtlarynyň ykdysady ösüşiniň üstünlikleriniň esasy sebäpleri birnäçe ugurlary öz içine alýar. Ilki bilen, bu ýurtlar ösüşiniň başynda eksporta ugrukdyrylan ykdysady strategiýany saýlap aldylar. Eksporta gönükdirilen önümçilik senagaty ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etdi. Ikinji sebäbi bolsa, döwlet bilen hususy ulgamyň arasyndaky sazlaşykly hyzmatdaşlykdyr. Hökümetleriň ykdysady syýasaty innowasiýalaryň, bilim ulgamynyň we işçi güýjüniň hiliniň ýokarlanmagyna göni täsir etdi. Üçünjiden, daşary ýurt maýasyny we tehnologiýasyny çekmek üçin amatly hukuk we dolandyryş şertleri döredildi. Bu ýagdaý içerki önümçiligiň hilini artdyrmaga, bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmaga we ykdysady ösüşi çaltlandyrmaga ýardam berdi. Şeýle hem «Aziýa gaplaňlarynda» adam kapitalynyň ösüşine aýratyn üns berildi. Bilim we hünär taýýarlygy ýokary derejede üpjün edilip, bu ýagdaý önümçiligiň netijeliligine täsir etdi. Şeýlelikde, bu ýurtlaryň ykdysady ösüşi diňe ykdysady syýasatlar bilen däl-de, eýsem, jemgyýetiň bilimli we tehnologik taýdan taýýarlykly bolmagy bilen hem bagly boldy.

XX asyryň ahyrynda Koreýa Respublikasy, Taýland, Singapur, Malaýziýa dünýäniň ösen, täze tehnologiýalaryna patentleri satyn alyp, öz ýurtlaryndaky arzan işçi güýji bilen ýokary hilli, amatly önümleri öndürip, dünýä bazarlarynda satmagyň hasabyna baýadylar. Olara diňe bir «Aziýa gaplaňlary» diýilmän, *«täze* senagatlaşan döwletler» hem diýilýär. Agzalan döwletler Ýaponiýanyň tejribesini nusga edindiler [2; sah. 436].

Çünki Ikinji Jahan urşundan soň Ýaponiýa başga bir döwletiň hasabyna bagtly ýaşaýşy döredip bolmajakdygyna doly göz ýetirdi. Ýapon halky Watana, halkyna bolan beýik söýgüsi bilen, täzeden galkynmagy başardy. Ýaponiýa milliligi baýdak edinip, bilimli, ylymly ýaşlary taýýarlap we ylmyň iň täze gazananlaryny ykdysadyýetiň ähli ulgamlaryna ornaşdyryp, «ýapon gudraty» adyny alan ykdysady ösüşi gazandy. Bu tejribeden «Aziýa gaplaňlary» üstünlikli peýdalandylar.

Koreýa Respublikasynyň senagatlaşma modeli ykdysady ösüşe döwletiň işjeň gatnaşmagy bilen amala aşyryldy. Döwlet möhüm senagat ugurlaryny saýlap, olara maliýe we tehniki goldaw berdi [3; sah. 45–47]. Şeýle strategiýa ýurduň ýokary ösüş gazanmagyna we eksporta ugrukdyrylan senagatyň döredilmegine sebäp boldy [4; sah. 56]. Koreýa Respublikasynyň senagatlaşmagy tehnologik we bilim ulgamyndaky özgertmeler bilen berk baglanyşyklydyr [3; sah. 53]. Bu model beýleki Aziýa ýurtlaryna hem öz täsirini ýetirdi we olaryň ykdysady ösüşinde möhüm orny eýeledi [5; sah. 39].

Koreýa Respublikasy hem täze tehnologiýalary satyn almaga däl-de, şol täze tehnologiýalary döredip biljek nesli kemala getirmäge üns berip, çalt ösýän senagatly döwlete öwrüldi. Şeýlelikde, bu ösüş döwlet babatda «Hangan derýasynyň boýundaky gudrat» adalgasynyň ulanylmagyna getirdi. «Koreý ykdysady gudratynyň» döremeginde ABŞ-nyň we Ýaponiýanyň kompaniýalary tarapyndan Koreýa berlen kömegiň hem ornunyň bardygyny bellemek zerurdyr.

Koreý hökümetiniň öz hususy öndürijilerine kömek bermäge gönükdirilen proteksionizm syýasaty döwleti ilki bilen öz önümi, soňra bolsa bu önümler bilen daşary bazary üpjün etmäge mümkinçilik döretdi.

Çig mala garyplygy Koreýa Respublikasyny ylma daýanýan önümçilige üns bermäge mejbur etdi. Koreýler ykdysadyýeti ösdürmek, döwrebaplaşdyrmak üçin, ozaly bilen, pikirlenmegi döwrebaplaşdyrmagyň zerurdygyna düşündiler. Hökümet koreý halkynyň intellektual goruna hem-de jepakeş zähmetine daýanyp, ýurduny bary-ýogy soňky 40 ýylyň dowamynda dünýäniň iň bir ösen döwletleriniň hataryna çykardy. Koreýler öz ýurduny *«dinamiki Koreýa»* diýip atlandyrýarlar. Şeýle diýmäge doly esas bar. Munuň şeýledigine ýurduň ykdysady görkezijileri hem güwä geçýär [2; sah. 419-422].

Koreýa Respublikasy Türkmenistan döwleti bilen hem ykdysady, medeni gatnaşyklary giňeltmek syýasatyny alyp barýar. Türkmenistan 2007-nji ýyldan bäri Seulda geçirilýän «Koreýa–Merkezi Aziýa» atly forumlara yzygiderli gatnaşýar [1; sah. 107].

2008-nji ýyldan bäri söwda-ykdysady we ylmy-tehnologik hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara türkmen-koreý toparynyň mejlisleri, türkmen-koreý ykdysady forumlary yzygiderli geçirilýär [1; sah. 108].

«Aziýa gaplaňlarynyň» ýene biri bolan Singapuryň ykdysady ýörelgeleri hakynda aýtsak, Singapur ykdysady ösüşlerini, esasanda, açyk bazar modeli bilen

gazandy [5; sah. 33]. Bu ýurtda hökümetiň orny çäklendirildi, emma hukuk we infrastrukturanyň ösüşine uly ähmiýet berildi [4; sah. 78]. Netijede, bu ýurt halkara söwdasynda bäsdeşlige ukyply bolup, yzygiderli ykdysady ösüşe ýetdi [3; sah. 65]. Singapur ykdysady babatda Günorta-Gündogar Aziýada has ösen ýurt hasaplanýar, hatda, 1998-nji we 2001-nji ýyllaryň sebit ykdysady çökgünligi Singapura zyýanyny ýetirmedi. Ýurtda nebiti gaýtadan işlemek senagaty ösendir. Deňiz ýalpaklygynda nebit agtarmakda baý tejribe bar. Dünýädäki dört sany iri portuň biri Singapurdadyr. Ýük dolanyşygy boýunça Singapuryň deňiz porty dünýäde ikinji ýerde durýar. «Singapur ykdysady gudraty» bank işewürligini, elektronika pudagyny, söwda we syýahatçylyk pudagyny höweslendirmek üçin zerur şertleri döretdi. Daşary ýurt işewürlerini höweslendirmek üçin çözgütleri kabul etmek we ygtyýarnamalary almak has-da ýeňilleşdirildi. Netijede, geçen asyryň 70-nji ýyllarynda bergä batan Singapur indi daşary ýurtlara 300 mlrd amerikan dollaryny maýa goýýan döwlete öwrüldi. Singapur dünýäde iri maliýe we söwda merkezidir. Döwlet gije-gündiziň dowamynda üznüksiz hyzmat edýän bank ulgamyny döredendigi üçin bütindünýä maliýe merkezine öwrülmegi başardy. Ol walýuta biržasynyň dolanyşygy boýunça diňe Londondan, Nýu-Ýorkdan we Tokiodan yza galýar. Daşary döwletleriň maýadarlary Singapuryň ykdysadyýetine maýa goýumyny goýmaga gyzyklanýarlar. 1999-njy ýyldan başlap, ABŞ-nyň maliýe ýardamy bilen hökümet informatika we biotehnologiýalar babatda ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak işine üns berýär. Kompýuterleşdirmegiň we robotlary önümçilige ornaşdyrmagyň derejesi boýunça Ýaponiýadan soňra ikinji ýerde durýar. 2030-njy ýyla çenli Singapur «beýik kiçi millete» öwrülmek maksadyny goýýar [2; sah. 457–459].

Türkmen-singapur hyzmatdaşlygy 1996-njy ýylda ýola goýuldy. Türkmenistan bilen Singapuryň 2018-nji ýyldaky söwda dolanyşygy 2016-njy ýyl bilen deňeşdirlende 5 esse artdy. 2018-nji ýylda iki döwletiň özara söwda dolanyşygy 102,8 mln dollara deň boldy. Türkmenistandan Singapura eksport edilýän harytlaryň agramly bölegini nebit önümleri we mineral serişdeleri düzýär [1; sah. 147].

«Aziýa gaplaňy» adyna mynasyp bolan Malaýziýa hem çalt ösýän senagatly, oba hojalykly ýurt hasaplanýar. «Perspektiwa 2020» maksatnamasyna laýyklykda, Malaýziýa ýurtda ösen senagaty döretmegi maksat edinýär. Ykdysadyýetiniň esasyny senagat (JIÖ-niň 46%) we hyzmatlar pudagy (41%), oba hojalygy (13%) düzýär. Nebiti gaýtadan işleýän, elektronika we elektrotehnika senagatlary has ösendir. Malaýziýa elektron çipleri we öý sowadyjylaryny öndürmekde dünýäde 1-nji ýerde durýar. «Proton» markaly milli awtoulaglary öndürýär. Malaýziýa dünýäde galaýyny we tebigy kauçugy köp öndürýän ýurtdur. Dünýäde öndürilýän kauçugyň 20%-e golaýy bu ýerde öndürilýär. Malaýziýa ASEAN-a agza ýurtlaryň arasynda Singapurdan soň ösüş depgini boýunça ikinji ýerde durýar. Iki asyryň sepgidinde ol, takmynan, ýyllyk 8% ösüş gazandy. Ol Günorta-Gündogar Aziýada

Singapurdan soň 2-nji ýerde durýan iri söwda döwletidir. Ýaponiýa, Singapur, Beýik Britaniýa, Taýland, Koreýa Respublikasy Malaýziýanyň ykdysadyýetine esasy maýa goýumyny goýujy döwletler hasaplanýar. Ýurduň esasy kompaniýalary barada bellesek, «Petronas» nebiti gaýtadan işlemekde dünýä belli kompaniýadyr. Dünýäniň meşhur nebit kompaniýalary onuň ýakyn hyzmatdaşlarydyr. «Petronas» dünýäde iri korporasiýalaryň biri bolan «Fortune Global 500» korporasiýasynyň düzümine girýär. Ol 2014-nji ýylda iri kompaniýalaryň arasynda ululygy boýunça 75-nji orny eýeledi. Dünýäde we Aziýada iň girdejili kompaniýalaryň arasynda 12-nji ýerde durýar. Onuň girdejisi döwlet býujetiniň 45%-ini düzýär [2; sah. 463–465].

Malaýziýanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy durnukly, özara bähbitli we uzakmöhletli häsiýete eýedir. Ýurtlaryň ikisi hem halkara derejesindäki meselelerde birek-biregi goldaýar, netijeli gatnaşyklary diňe bir ikitaraplaýyn derejede däl-de, eýsem, köptaraplaýyn esasda iri halkara guramalarynyň we düzümleriniň çäklerinde işjeň ösdürýär. Döwletleriň arasyndaky söwda-ykdysady we maýa goýum ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmekde köpýyllyk tejribesi we ajaýyp däpleri bar. Türkmen-malaý hyzmatdaşlygynyň geçen döwürde söwda-ykdysady ugurda, ýangyç-energetika toplumynda, bilim ulgamynda oňyn tejribeler toplanyldy. Geljekde syýahatçylyk pudagy babatda hem hyzmatdaşlygy ýola goýmaga taraplarda uly mümkinçilikler bar [1; sah. 156–157].

Ýokarda getirilen maglumatlardan görnüşi ýaly, «Aziýa gaplaňlary» ýurtlarynyň ykdysady strategiýalary dürli häsiýetlere eýedir **[3; sah. 75].** Koreýa Respublikasy döwletiň işjeň gatnaşmagynda senagatlaşdy, Singapur bolsa açyk bazar we hukuk ýörelgelerine esaslandy [4; sah.105]. Bu ýurtlaryň üstünlikleriniň umumylygy – işjeň ykdysady syýasat we döwlet-senagat gatnaşyklarynyň strategik sazlaşygydyr [3; sah. 78].

«Aziýa gaplaňlarynyň» ösüş tejribesi döwlet bilen bazar ykdysadyýetiniň sazlaşykly utgaşdyrylmagynyň üstünlikli nusgasydyr. Bu ýurtlaryň ösüş ýolundan görnüşi ýaly, üstünlikli ykdysady ösüş diňe tebigy baýlyklara däl, eýsem, bilim, innowasiýa we adam kapitalyna daýananda mümkin bolýar. Şeýle hem «Aziýa gaplaňlarynyň» tejribesi ykdysady syýasatyň durnuklylygynyň, eksporta ugrukdyrylan senagatlaşmanyň we döwlet tarapyndan goldanylýan bilim syýasatynyň ähmiýetini tassyklaýar. Bu tejribe beýleki ösüp barýan ýurtlar üçin ykdysady ösüşiň üstünlikli nusgasyny görkezýär.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbangeldiýew J.* Aziýa we Afrika ýurtlarynyň daşary syýasaty. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2024.

2. *Hatamow J., Gurbangeldiýew J.* Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy (XX-XXI asyrlar). Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2018.

3. *Amsden, A. H.* Asia’s Next Giant: South Korea and Late Industrialization. – Oxford University Press, 1989.

4. *Wade, R.* Governing the Market: Economic Theory and the Role of Government in East Asian Industrialization. – Princeton University Press, 1990.
5. *Johnson, C.* MITI and the Japanese Miracle. – Stanford University Press, 1982.

## ОСОБЕННОСТИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО РАЗВИТИЯ СТРАН, НАЗЫВАЕМЫХ «АЗИАТСКИМИ ТИГРАМИ»

Опыт развития государств, называемых «азиатскими тиграми», является успешным примером гармоничного сочетания государственного и рыночного экономического устройства. Как видно из пути развития этих стран, успешный экономический рост возможен, когда он опирается не только на природные богатства, но и на образование, инновации и человеческий капитал. Кроме того, опыт «азиатских тигров» подтверждает важность устойчивости экономической политики, экспортно-ориентированной индустриализации и политики в области образования, поддерживаемой государством.

## FEATURES OF THE ECONOMIC DEVELOPMENT OF THE «ASIAN TIGERS» COUNTRIES

The development experience of the Asian Tigers is a successful example of the harmonious integration of state and market economies. As evidenced by the development path of these countries, successful economic growth is possible when it relies not only on natural resources, but also on education, innovation, and human capital. Furthermore, the experience of the Asian Tigers confirms the importance of stable economic policies, export-oriented industrialization, and education policies supported by the state.

**Begenç HUDAÝBERDIÝEW,**
*Gündogary öwreniş ugrunyň magistranty.*

## HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ KOMMUNISTIK PARTIÝASYNYŇ DÖWLET SYÝASATYNA TÄSIRI

XX asyryň dowamynda dünýäniň syýasy kartasynda iň uly özgertmeleriň biri Hytaý Halk Respublikasynyň (HHR) emele gelmegidir. Hytaý Halk Respublikasy häzirki döwrüň global ösüşinde möhüm geosyýasy merkezleriň biridir. Bu döwletiň syýasy ulgamynda döwlet häkimiýetiniň gurluşynyň esasynda diňe bir döwlet edaralary däl, eýsem, ilkinji nobatda Hytaý Kommunistik partiýasy (HKP) durýar. HKP – ýurduň strategik ugurlaryny, içeri we daşary syýasatynyň esaslaryny, ykdysady ösüş ulgamyny we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýörelgelerini kesgitleýän esasy syýasy güýçdür.

**Hytaý Halk Respublikasynyň döreýiş taryhy we häzirki döwürde syýasy ýagdaýy.** Hytaý Halk Respublikasy 1949-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda Mao Szedunyň ýolbaşçylygyndaky Hytaý Kommunistik partiýasynyň ýeňşi netijesinde döredildi. Bu ýeňiş Hytaýyň birnäçe asyr dowam eden feodal gurluşyndan, XIX–XX asyrlardaky kolonial basyşlardan we ak goşun bilen gyzyl goşunyň arasyndaky raýatlyk urşundan soň, täze jemgyýetçilik-syýasy ulgamynyň emele gelmegine ýol açdy.

Döredilen döwründen bäri HHR ýörite «halk demokratiýasyna daýanýan sosialist döwlet» hökmünde häsiýetlendirilýär. Şeýlelikde, ýurt üçin iň ýokary syýasy ýolbaşçylyk Kommunistik partiýanyň elinde jemlenýär.

Häzirki wagtda Hytaý dünýäniň iň iri ykdysadyýetleriniň biridir. Ol dünýä söwda-syýasy ulgamynda ilkinjileriň hatarynda bolup, strategik howpsuzlyk boýunça möhüm sebit güýji, ilat sany boýunça dünýäde ikinji ýerde duran döwletdir.

Hytaýyň döwlet gurluşynda «bir partiýaly ulgam» saklanyp galýar, ýöne saýlawlar, ýaşaýjylaryň teklip-hereketleri ýaly jemgyýetçilik işjeňliginiň elementleri hem bar. Emma syýasy taýdan ýolbaşçylygy doly HKP ýerine ýetirýär.

**Hytaý Kommunistik partiýasynyň döreýiş taryhy we gurluş aýratynlyklary.** Hytaý Kommunistik partiýasy 1921-nji ýylda Çen Dusýu tarapyndan döredildi. Bu partiýa döredilende halkara kommunistik hereketiniň täsiri, hususan-da, Sowet Soýuzynyň tejribesinden ugur alyndy. HKP ilkinji ýyllarynda milli azat ediş hereketleri bilen birleşip, soňra bolsa Kuomintang bilen garşydaşlyga geçipdir.

HKP-nyň ösüşiniň esasy tapgyrlary:

1921–1949-njy ýyllar: Partiýanyň gurluş döwri, daşary güýçlere garşy milli göreş, raýatlyk urşy.

1949–1976-njy ýyllar: Mao Szedun döwri-sosialistik ideologiýanyň döwletiň ähli ugurlary boýunça ornaşdyrylmagy. «Uly böküş», «Medeniýet çalşygy» ýaly uly jemgyýetçilik hereketleri.

1978–1997-nji ýyllar: Den Sýaopin döwri – bazara gönükdirilen ykdysady özgertmeler, daşary ýurtlara açyklyk, ykdysady ösüşiň güýçlenmegi.

2002–2012-nji ýyllar: Hu Szintao döwri – «Uýgunlaşdyrylan jemgyýet», tehnologiýalaryň ösdürilmegi.

2012-nji ýyl – häzirki wagta çenli: Si Szinpin Merkezi dolandyryşyň güýçlendirilmegi, «Täze döwrüň hytaý häsiýetli sosializmi» doktrinasy, korrupsiýa garşy uly kompaniýa, global täsiriň giňeldilmegi.

**HKP-niň gurluş aýratynlyklary.** HKP merkezi taýdan dolandyrylýan, içki düzgünleri berk, derejesi ýokary syýasy gurama bolup durýar. Onuň gurluşy birnäçe möhüm basgançaklary öz içine alýar:

• Milli gurultaý.

• Syýasy býuro (Politbýuro) – ýurduň iň möhüm syýasy meseleleri çözýän edara.

• Baş sekretar.

HKP diňe bir syýasy partiýa däl, eýsem jemgyýetiň ähli ulgamlaryna täsir edýän dolandyryş mehanizmidir.

**HKP-nyň döwletiň içeri we daşary syýasatyna edýän täsiri.** HKP-niň ýurduň içeri syýasatyndaky täsiri örän uludyr. Muny aşakdaky ugurlarda görmek bolýar:

Syýasy dolandyryş: döwlet ýolbaşçylarynyň ählisi HKP-nyň ýokary derejeli wekilleridir. Partiýa döwlet kararlaryny kabul edýär, ministrlikleri, welaýat ýolbaşçylaryny belleýär.

Ykdysady syýasat: HKP ykdysadyýetiň strategik ugurlaryny kesgitleýär, ösüş maksatnamalaryny düzýär. «Sosialistik bazar ykdysadyýeti» düşünjesi partiýa tarapyndan işlenip düzülen resmi ugurdyr. Häzirki wagtda Hytaýyň ykdysady ösüşiniň esasy ugruny sanlylaşdyrma, ýokary tehnologiýalar, eksport kuwwatynyň artdyrylmagy düzýär.

Jemgyýetçilik ulgamy: HKP jemgyýetiň ideologiýasyna täsir edýär, ykdysady we syýasy durnuklylygy üpjün edýär. Jemgyýetçilik howpsuzlygyny saklaýan edaralar hem partiýanyň gözegçiligi astyndadyr.

Harby syýasat: Hytaýyň Halk Azat Ediji Goşunynyň ýolbaşçylary HKP-niň komiteti tarapyndan bellenilýär. Goşun partiýa hyzmat edýän güýç hökmünde häsiýetlendirilýär.

Daşarky syýasat: HKP-niň daşary syýasat strategiýasy halkara gatnaşyklaryna güýçli täsir edýär. «Bir guşak – bir ýol» syýasaty HKP-niň dünýä derejesinde ykdysady täsirini giňeltmek strategiýasynyň esasy bölegidir.

Geosyýasy hyzmatdaşlyk: Birleşen Milletler Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, BRICS ýaly düzümler bilen hyzmatdaşlyk HKP durmuşa geçirýän daşary syýasatynyň netijesidir.

Taýwan meselesi: HKP-niň esasy daşary syýasatynyň esasy wezipeleriniň biri bir döwlet – iki ulgam syýasaty we Hytaýyň territorial bitewüligini goramakdyr.

Hytaý dünýäniň dürli ýurtlaryna maýa goýumlaryny, gurluşyk taslamalaryny, ykdysady goldawy hödürläp global täsirini artdyrýar. HKP-niň daşary syýasaty dünýä derejesinde durnuklylygy saklamaga, Hytaýyň ykdysady we syýasy bähbitlerini goramaga gönükdirilendir.

Hytaý Halk Respublikasynyň Kommunistik partiýasy döwletiň ähli ugurlarynda – syýasy, ykdysady, harby hem-de jemgyýetçilik ulgamlarynda möhüm täsir güýji bolan dolandyryjy mehanizmdir. Hytaý döwletiniň döredilmeginde, ösüşinde we häzirki döwrüň global ykdysady-syýasy giňişliginde eýeleýän ornunyň kesgitlenmeginde onuň orny möhüm ähmiýete eýedir. HKP-niň syýasy strategiýalary diňe bir ýurduň içerki ösüşine däl, eýsem, dünýäniň geosyýasy deňagramlylygyna-da güýçli täsir edýär. Şonuň üçin HKP-niň döwlet syýasatyndaky täsirini öwrenmek häzirki zaman halkara gatnaşyklaryny seljermekde hem möhüm ylmy ugurdyr.

## EDEBIÝATLAR


1. Hytaý Halk Respublikasynyň döwlet resminamalary (constitution.gov.cn)

2. *Lieberthal K.* Governing China: From Revolution Through Reform. – New-York: W.W.Norton & Company, 1995.

3. *Shambaugh D.* China's Communist Party: Atrophy and Adaptation. – Berkeley: University of California Press, 2008.

4. *Vogel E.* Deng Xiaoping and the Transformation of China. – Cambridge: Harvard University Press, 2011.

5. *Dikötter F.* The Tragedy of Liberation: A History of the Chinese Revolution. – London: Bloombsbury Publishing, 2013.

6. BRICS, ŞHG we BMG-niň resmi maglumatlary.


## ВЛИЯНИЕ КОММУНИСТИЧЕСКОЙ ПАРТИИ КИТАЙСКОЙ НАРОДНОЙ РЕСПУБЛИКИ НА ГОСУДАРСТВЕННУЮ ПОЛИТИКУ


В статье всесторонне анализируется история образования Китайской Народной Республики, структура КПК и её влияние на политику государства. Реализуемые в рамках партийной структуры программы приводят к большим успехам не только во внутренней, но и во внешней политике страны. В результате исследования показано, что в результате осуществляемой в стране политики могут быть достигнуты большие успехи.


## THE INFLUENCE OF THE COMMUNIST PARTY OF THE PEOPLE'S REPUBLIC OF CHINA ON STATE POLICY


The article comprehensively analyzes the history of the founding of the People's Republic of China, the structure of the CPC and its influence on the state's policy. The programs implemented within the party's structure lead to great successes not only in the country's domestic but also in its foreign policy. As a result, it is studied that as a result of the policy pursued in the country, great successes can be achieved.

# IV BAP
# HALKARA HUSUSY HUKUGY

**Gülnar AKMYRADOWA,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty.*

## TÜRKMENISTANYŇ NOTARIAL EDARALARYNYŇ MIRAS MESELELERI BABATYNDAKY IŞLERINI HALKARA HUKUGYNA LAÝYKLYKDA KÄMILLEŞDIRMEK

Bazar ulgamynyň kemala gelmegi we onuň bilen baglanyşykly raýat hukuk gatnaşyklarynyň ösmegi şertlerinde, notariat edaralary aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Mälim bolşy ýaly, miras hukuk gatnaşyklary belli bir derejede her bir raýatyň bähbitlerine täsir edýär. Bu ýagdaý raýatlaryň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagy, şeýle hem raýat dolanyşygynyň çylşyrymlaşmagy we onuň obýektleriniň sanynyň giňelmegi bilen bagly bolup biler. Raýat dolanyşygynyň, şol sanda miras boýunça geçýän emlägiň howpsuzlygyny we durnuklylygyny üpjün etmek döwletiň durmuş we hukuk goraýyş wezipesi bolup durýar.

Halkara hususy hukukda miras bilen bagly meseleler hemişe iň çylşyrymly we jedelli meseleleriň biri bolmagynda galýar. Miras gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde, bu gatnaşyklaryň daşary ýurt alamatlary bilen çylşyrymly bolýandygy sebäpli, jedelleri çözmegiň kollizion usuly agdyklyk edýär. Miras gatnaşyklary nika we maşgala gatnaşyklary ýaly, taryhy, milli hem-de dini aýratynlyklara eýedir. Köp halatlarda milli kanun emläge bolan hukuklary dürli-dürli kesgitleýär. Döwlet bu meseläni hukuk kadalaryny unifisirlemek arkaly çözýär. Bu babatda iki sany halkara şertnama hereket edýär:

Ölen şahslaryň emlägini halkara dolandyrmak baradaky Gaaga Konwensiýasy 1973-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda kabul edildi. Ol unifisirlenen resminamany–sertifikaty girizmegi göz öňünde tutýar, ony islendik şertnama baglaşyjy döwletiň çäginde görkezmek, eýesine miras goýlan emläk babatda islendik gorag çärelerini görmäge hukuk berýär [3; sah.486–489].

1973-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda kabul edilen Halkara wesýetnamanyň formasy babatynda birmeňzeş kanun hakyndaky Waşington Konwensiýasy.

Miras hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde notarial edaralaryna hem aýratyn orun degişlidir. Notarial edaralar miras açylandan soň emlägiň hasaba alynmagyny, mirasçylaryň kesgitlenmegini we ahyrky netijede mirasyň geçmegini kanun esasynda resmileşdirýärler.

Taryha nazar salanymyzda, notariat instituty Rim buthanasy tarapyndan döredilendir. Notarius sözüniň asyl çeşmesi Orta asyr latyn dilindäki «notarius», ýagny «kätip, çalasyn ýazyjy» sözünden gelip çykýar. «Notarius» sözüniň özi latyn dilindäki «noto», ýagny «belleýärin, ýazýaryn» sözünden gelip çykýar, ol bolsa öz gezeginde «nota», ýagny «alamat, bellik, yşarat» diýen manyny aňladýar.

«Notarius» sözi 1866-njy ýylda etrap kazyýetleriniň ýanynda notarial bölümi döredilenden soň giňden ulanylyp başlady. W. Dalynyň sözlüginde «notarius» we «notariý» sözleri «nota» diýen maddada ýerleşdirilip, aşakdaky ýaly kesgitlenýär: notarius – «hususy adamlar arasyndaky şertnamalary, borçnamalary we beýleki geleşikleri tassyklamak üçin kasam eden emeldar» [4; sah.46].

Notarial edaralary tarapyndan amala aşyrylýan notarial hereketler, miras gatnaşyklaryna durnuklylyk we ynamlylyk getirýär. Resmileşdirilen resminamalar ýokary delillendiriş güýjüne eýedir. Bu geljekde ýüze çykyp biläýjek miras jedelleriniň we düşünişmezlikleriniň öňüni almaga ýardam edýär, sebäbi notarial tertipde resmileşdirilen geleşik, diňe kazyýet tertibinde hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

A. A. Safonowanyň belleýşi ýaly, häzirki wagtda Fransiýada notariuslaryň işi esasan gozgalmaýan emläk amallaryna we binalar üçin kepillik şertnamalaryny baglaşmaga, nika şertnamalary, haýyr-sahawatlar, miras ýa-da maşgala emläkleri bilen baglanyşykly geleşiklere gönükdirilendir [5; sah.42].

Miras birnäçe hukuk gatnaşyklaryny öz içine alýar, olary aşakdaky toparlara bölmek bolar:

– miras hukuklaryny edinmek bilen baglanyşykly hukuk gatnaşyklary;

– miras hukuklaryny amala aşyrmak pursatynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary;

– miras goýulýan emlägi dolandyrmak boýunça hukuk gatnaşyklary.

Jemgyýetçilik namasy görnüşindäki wesýetnama birnäçe talaplara laýyk gelmelidir: iki şaýatdan az bolmadyk adamyň gatnaşmagy; wesýet edýän adamyň wesýetnamanyň mazmunyny notariusa dilden beýan etmegi; notarius tarapyndan beýan edilenleriň ýazylmagy we sesli okalmagy; wesýet edýän adamyň we şaýatlaryň tekste razylygyny bildirmegi we olara gol çekmegi; notarius tarapyndan amala aşyrylan hereketler barada goşmaça ýazgynyň girizilmegi; onuň gol we möhür bilen berkidilmegi [2; sah.50].

Türkmenistanyň notarial edaralarynyň öňünde duran esasy wezipeleriň biri, daşary ýurt emläkleri ýa-da daşary ýurtly mirasçylar bilen bagly miras işlerini alyp barmakda milli kanunçylygyň we tejribäniň halkara hukugynyň kadalaryna doly laýyk gelmegini üpjün etmekdir.

Miras hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde esasy orny Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolup durýan halkara şertnamalary eýeleýär. Garaşsyz Döwletler Arkalaşygynyň ýurtlarynyň arasynda Raýat, maşgala we jenaýat hukugy boýunça

hukuk kömegini bermek hakyndaky 1993-nji ýylda kabul edilen Minsk konwensiýasy we 2002-nji ýylda kabul edilen Kişinew konwensiýasy hukuk kömegini bermegiň tertibini, miras hukugynyň gapma-garşylykly kadalaryny düzgünleşdirmegi we bir ýurtda berlen resminamalaryň beýleki ýurtda ykrar edilmegini ýeňilleşdirmegi göz öňünde tutýar.

Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralarynyň ulgamynda döwlet notarius edaralarynyň möhüm orny bardyr. Türkmenistanda notariat–bu jedelsiz hukuklary, şeýle hem ýuridik ähmiýeti bolan faktlary tassyklamak we olara ýuridik takyklygy bermek üçin notarial işini amala aşyrmak wezipeleri ýüklenen edaralardan we ygtyýarly adamlardan ybarat bolan ulgamdyr.

Türkmenistanda döwlet notarius edaralary dürli notarial işleriniň we hereketleriniň dürs hem-de öz wagtynda amala aşyrmak arkaly raýatlaryň, döwlet edaralaryň, guramalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goraýarlar, kanunylygyň we hukuk tertibiň pugtalandyrylmagyna ýardam edýärler, şeýle hem kanun bozulmalaryň öňüni alýarlar.

«Notariat we notarial işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 34-nji maddasyna laýyklykda, döwlet kepillendiriş edaralaryň ygtyýarlyklaryna aşakdakylar degişlidir: geleşikleri (şertnamalary, wesýetnamalary, ynanç hatlaryny we başgalary) tassyklaýarlar; miras emlägini goramaga çäreleri görýärler; mirasa bolan hukugy hakynda şaýatnamalary berýärler; är–aýalyň umumy emläginiň bir bölegine eýeçilik hukugynyň bardygy hakynda şaýatnamalary berýärler; kanun tarapyndan bellenen halatlarda ýaşaýyş jaýyny, bagçylyk öýüni, beýleki gozgalma-ýan emlägi çetleşdirmäge gadaganlyk girizýärler; resminamalaryň göçürmeleriniň dogrudygyna güwä geçýärler; resminamalardaky gollaryň hakykydygyna güwä geçýärler; resminamalaryň bir dilden beýleki dile edilen terjimesiniň dogrudygyna güwä geçýärler; subutnamalary üpjün edýärler; Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döwlet kepillendiriş edaralaryna beýleki kepillendiriş hereketleri amala aşyrmak wezipesi hem ýüklenilýär [1].

Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda, ýerinde ýok mirasdarlaryň, wesýetnamalaýyn ýüz dönderişi kabul edijileriň bähbitlerini we köpçülikleýin bähbitleri goramak üçin mirasyň ýüze çykan ýerindäki notarius we degişli ygtyýarly wezipeli adamlar gyzyklanýan taraplaryň, wesýetnamany ýerine ýetirijiniň ýa-da özüniň başlangyjy boýunça mirasy goramaga zerur çäreleri görýär

Türkmenistanyň notarial edaralarynyň miras meseleleri boýunça işiniň kämilleşdirilmegi üçin esasan üç ugur boýunça çäreleri durmuşa geçirmek zerurdyr: kanunçylygy kämilleşdirmek, hünär derejesini ýokarlandyrmak we sanlylaşdyrmak. Kanunçylygy kämilleşdirmek ugrunda milli kanunçylyga halkara elementli miras işlerini has doly we aýdyň düzgünleşdirýän halkara hususy hukugynyň kadalaryny ornaşdyrmak zerurdyr. Bu miras bilen bagly meselelerde haýsy hukugyň ulanylmalydygy barada düşnükli we bitewi kadalary döretmäge ýardam eder.

Hünär derejesini ýokarlandyrmak ugrunda halkara notariuslar bileleşigi ýaly abraýly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek we tejribe alyş-çalşygyny ýola goýmak wajypdyr.

Sanlylaşdyrmak ugrunda elektron notariat ulgamyny ornaşdyrmak, halkara elementli miras işlerini ýöretmegi ep-esli ýeňilleşdirer we daşary ýurtlar bilen elektron resminamalaryň howpsuz alşylmagyny üpjün eder. Notarial tejribede sanly resminama dolanyşygyny işjeň ulanmak, maglumat alyş-çalşygyny çaltlaşdyrmaga ýardam eder.

Türkmenistanda miras bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirmekde notariat edaralary esasy orny eýeleýärler. Olar mirasyň dogry we kanuny esasda geçmegini kepillendirýärler, mirasdarlaryň hukuklaryny goraýarlar we emläk jedelleriniň öňüni alýarlar. Notarial hereketleriň ýerine ýetirilmeginiň anyk we açyk düzgünleri, miras hukugynyň adalatly we netijeli ulanylmagyny üpjün edýär.

Notarial işi boýunça ýakyn halkara hyzmatdaşlyk zerurdyr. Bu notariat ulgamynda bar bolan ähli oňyn mümkinçilikleri öz içine aljak halkara notariat ulgamynyň kem-kemden kemala gelmegine getirer.

## EDEBIÝATLAR


1. «Notariat we notarial işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2023.
2. Апелляционное определение Московского городского суда от 18.10.2013 по делу №11-34755 // СПС Консультант Плюс, 2017.
3. *Дмитриева Г. К., Бякишев К. А*. Международное частное право. – 2004.
4. *Лепидевский Н*. История нотариата. – Нотариальный вестник // 1997. № 2.
5. *Сафонова А.А*. Французская модель латинского нотариата, зарубежный опыт. – Нотариус // 2016. №4.


# СОВЕРШЕНСТВОВАНИЕ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ НОТАРИАЛЬНЫХ ОРГАНОВ ТУРКМЕНИСТАНА В СФЕРЕ НАСЛЕДСТВЕННЫХ ДЕЛ В СООТВЕТСТВИИ С НОРМАМИ МЕЖДУНАРОДНОГО ПРАВА

Статья анализирует роль и значение нотариальных органов в рамках наследственного права. Определяются ключевые функции нотариальных органов в защите законных прав и интересов граждан, а также в обеспечении справедливого и упорядоченного распределения наследственного имущества. Обосновывается особая роль нотариальных органов в обеспечении правовой определенности и стабильности в вопросах наследования. Также предлагаются рекомендации по совершенствованию деятельности нотариальных органов.

## IMPROVING THE ACTIVITIES OF TURKMENISTAN'S NOTARIAL INSTITUTIONS IN INHERITANCE MATTERS IN ACCORDANCE WITH INTERNATIONAL LAW

The article analyzes the role and significance of notarial bodies within the framework of inheritance law. It defines the key functions of notarial bodies in protecting the legal rights and interests of citizens, and in ensuring the fair and orderly distribution of hereditary property. The special role of notarial bodies in providing legal certainty and stability in inheritance matters is substantiated. Recommendations are also provided for improving the activities of notarial bodies.

**Süleýman AMANOW,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty.*

## HALKARA HOWA GATNAWLARYNY WE DAŞAMALARYNY DÜZGÜNLEŞDIRMEGIŇ HALKARA HUKUK ESASLARY

Halkara howa hukugynyň ösüşiniň häzirki tapgyrynda döwletleriň hyzmatdaşlygy, olaryň özygtyýarlygyndaky howa giňişliginden daşarda aeronawigasiýa ulgamyndaky kanunçylygyny amala aşyrmagy, howa giňişliginiň hukuk düzgünini kesgitleýän düzgünleri durmuşa geçirmek üçin iş ýörediş kadalarynyň ulanylmagy, şeýle hem adamlaryň hukuklaryny goramak boýunça kadalar, howa gämileriniň ulanylmagy, awiakompaniýalaryň we döwlet edaralarynyň özara hereketi bilen baglanyşykly dürli meseleleri düzgünleşdirýän kadalaryň durnukly toplumy emele geldi. Kadalar toplumynyň ählisini toparlara bölmek üçin halkara howa hukugyny özara baglanyşykly, belli bir wezipeleri ýerine ýetirýän we pudagyň iki esasy sütünini – «halkara uçuşlaryň hukugyny» hem-de «halkara howa gatnawy we daşaýyş hukugyny» döredýän institutlar ulgamy hökmünde häsiýetlendirmek möhümdir [3; sah.26]. Halkara howa hukugynyň halkara howa gatnawlary milli hukuk bilen ýakyn arabaglanyşykdadyr, hatda Halkara Raýat Awiasiýasy hakynda Çikago Konwensiýasy hem milli kanunçylyga salgylanýan birnäçe kadalary öz içine alýar [2; sah.29].

Halkara howa gatnawlary ulgamynda esasy halkara şertnamalar: Halkara howa gatnawlaryna degişli käbir düzgünleri unifisirlemek hakyndaky 1929-njy ýylyň Warşawa konwensiýasy (1955-nji ýylyň Gaaga, 1971-nji ýylyň Gwatemala we 1975-nji ýylyň Monreal teswirnamalary bilen üsti ýetirildi); Halkara howa gatnawlaryny amala aşyrmagyň esasy ýörelgelerini berkidýän 1944-nji ýylyň Halkara Raýat Awiasiýasy hakyndaky Çikago konwensiýasy, şeýle-de Halkara Raýat Awiasiýasy boýunça Çikago Konferensiýasyndan başga-da birnäçe möhüm

resminamalar kabul edildi. Şeýle-de 1944-nji ýylyň Halkara howa gatnawlary boýunça tranzit hakyndaky ylalaşygy, 1944-nji ýylyň Halkara howa ulagy baradaky ylalaşygy, 1999-njy ýylyň Monreal konwensiýasy ýaly halkara şertnamalary bardyr. Awiakärhanalarynyň täze hyzmatdaşlyk görnüşleri (şol sanda «açyk asman» syýasatyna esaslanýan howa gatnawlary) halkara howa gatnawlarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginiň ösüşinde täze ugurlary döredýär.

Halkara howa hukugy boýunça, şol sanda sebit ähmiýetli köptaraply ylalaşyklary hem öz içine alýan başga-da köp sanly resminamalar bar. Bu babatda 1995-nji ýylda güýje giren Bütindünýä Söwda Guramasynyň ylalaşygy bolan Hyzmatlaryň söwdasy baradaky ylalaşyk hem-de howa ulag hyzmatlary boýunça «üç ýumşak hukugy» öz içine alýan goşundysyny bellemek zerurdyr. Şeýle hem bu ylalaşyk aşakdaky çärelere täsir edýär:

– uçarlary bejermek we tehniki hyzmat etmek;
– howa ulag hyzmatlaryny satmak we marketing;
– kompýuter bronirleme ulgamynyň hyzmatlary.

Halkara howa daşaýyş bazarlaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmek köplenç ikitaraplaýyn howa gatnaw ylalaşyklary ýa-da howa ulag ylalaşyklary arkaly amala aşyrylýar.

Şeýle-de halkara howa gatnawlary diýlip, diňe yzygiderli esasda amala aşyrylýan we döwletleriň arasynda yzygiderli howa hereketleriniň bolup geçýän gatnawlaryna aýdylýar. Emma 1994-nji ýylda Monrealda geçirilen 4-nji Bütindünýä Howa ulag konferensiýasynyň çäklerinde Halkara Raýat Awiasiýasy Guramasy howa ulagy bilen baglanyşykly adalgalara has anyk kesgitlemeler bermegi maksat edinip, has giňişleýin maksatnamalary işläp taýýarlady. Konferensiýanyň çäklerinde halkara howa gatnawlary yzygiderli ýa-da yzygiderli däl esasda amala aşyrylyp bilner, birinjisi bolsa belli we neşir edilen tertipnama boýunça köpçülikleýin ulanmak üçin açyk bolan, yzygiderli uçuşlar toplumyny aňladýan gatnawdyr [3; sah.112]. Başga islendik halkara howa gatnawy yzygiderli däl hasaplanylýar.

Şeýle hukuk gatnaşyklary düzgünleşdirilende, halkara howa hukugynyň bir ýörelgesi döwletleriň öz territoriýasynda doly we aýratyn özygtyýarlyk ýörelgesi aýratyn tapawutlandyrylýar. Bu ýörelge howa giňişligini ulanmak isleýän tarapyň döwlet serhedini geçmek üçin ygtyýarly döwlet häkimiýet edarasyndan rugsat almagyň zerurlygyny aňladýar. Rugsat beriş tertibi howa gämisiniň döwletiň çäginde bolan döwründe uçuş serişdesi hökmünde uçardan hem-de onuň ekipažyndan, ýolagçylaryndan ýurduň içerki kanunçylygy bilen kesgitlenen şertlere we düzgünlere laýyklykda hereket etmegi talap edýär. K.A. Bekýaşewiň belleýşi ýaly, agzalan şertlere gäminiň gelmegi, wagtlaýyn bolmagy we ugrukdyrylyşy boýunça düzgünler, dürli barlag tertipleri, aýratyn zolaklaryň üstünden uçuşlaryň düzgünleşdirilişi we ş.m. degişli edilýär [2; sah.567–568].

1944-nji ýylyň Çikago Konwensiýasynda dürli döwletleriň howa gämilerine bildirilýän talaplaryň kemsidilmesiz esasda bellenilmelidigi hem berkidilendir [4; 44-nji madda]. Agzalan düzgün halkara howa hukugynyň halkara howa gatnawlaryny düzgünleşdirmekde ýüze çykýan ýörelgeleriniň biri bolup durýar.

Ýokarda agzalan ylalaşyklar bilen bir hatarda howa gatnawlarynyň dürli ugurlaryny düzgünleşdirýän halkara ylalaşyklar kabul edildi. Olardan 1952-nji ýylyň Howa gämisi tarapyndan üçünji tarap ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky Rim Konwensiýasy, 1963-nji ýylyň Howa gämisinde edilýän birnäçe bidüzgünçilikler we hukuk bozulmalar hakyndaky Tokio Konwensiýasy, 1970-nji ýylyň Howa gämisini bikanun eýelemeklige garşy göreşmek hakyndaky Gaaga Konwensiýasy, 1971-nji ýylyň Raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyna garşy gönükdirilen bikanun kadalara garşy göreşmek hakyndaky Monreal Konwensiýasy we ş.m. aýratyn bellemek bolar.

Howa gatnawlaryny düzgünleşdirmekde Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasyna aýratyn orun degişlidir. Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasy 1944-nji ýylyň Çikago Konwensiýasynyň II bölümi esasynda 1947-nji ýylda döredildi. Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasynyň Düzgünnamasyna laýyklykda, bu guramanyň esasy maksady bütin dünýäde raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyny berkitmek, onuň sazlaşykly ösüşine ýardam bermek we şu ugra degişli ähli meseleleri netijeli çözmekden ybaratdyr.

Türkmenistan Ýewraziýa yklymynyň uly ýollarynyň çatrygynda örän amatly ýerleşmegi ählumumy ösüşi üpjün etmekde milli ulag mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmaga giň ýol açýar. Türkmenistan bu ulgamda ähli ugurlar, şol sanda raýat awiasiýasynda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirýär. Türkmenistan raýat awiasiýasy ulgamynda işleri kadalaşdyrýan halkara konwensiýalar boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny üýtgewsiz ýerine ýetirýär, howa gämileriniň hem-de howa menzilleriniň howpsuzlygy, uçarmanlaryň hem-de ýerüsti işgärleriň ýokary taýýarlykly düzümini kemala getirmek boýunça halkara talaplaryny berk berjaý edýär. Bu babatda Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasy ýaly Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy bolup durýan düzümler bilen hyzmatdaşlygyň ähmiýeti uludyr. Bu guramanyň hünärmenleri bilen howa menzillerini hem-de howa gämileriniň ugurlaryny dolandyrmagyň ähli ugurlary boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle hem howa uçuşlarynda howpsuzlyk boýunça Ýewropa agentligi bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy.

Şunuň bilen baglylykda milli derejede «Türkmenhowaýollary» gullugy tarapyndan «Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2012–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» işlenip taýýarlanyldy. Maksatnama özüne üç tapgyry birleşdirýär: birinji tapgyr 2012–2015-nji ýyllar, ikinji tapgyr 2016–2020-nji ýyllar we üçünji tapgyr 2021–2030-njy ýyllary öz içine alýar. Ahyrky netijede bu maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi bar bolan önümçilik kuwwatlyklarynyň

giňeldilmegini, pudagyň iň täze enjamlar bilen enjamlaşdyrylmagyny, ýokary hünärli hünärmenleriň taýýarlanmagyny, häzirki zaman uçarlarynyň alynmagyny, ýolagçylara edilýän hyzmatlaryň medeniýetiniň we hiliniň ýokarlandyrmagyny, täze howa menzilleriniň gurulmagyny hem-de häzir hereket edýän menzilleriň durkunyň täzelenmegini göz öňünde tutýar.

Agzalanlar bilen bir hatarda, Türkmenistanyň Howa kodeksiniň 81-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýat awiasiýasynda uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreleri meýilleşdirmek we amala aşyrmak maksady bilen «Türkmenistanyň raýat awiasiýasynda uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmegiň Döwlet maksatnamasy» tassyklanyldy [1; 81-nji madda]. Aýdylanlar bilen bir hatarda, howa gämileriniň halkara uçuşlarynyň kadalarynyň, halkara howa ýollaryna, halkara howa menzillerine we howa gämileriniň halkara uçuşlary üçin açyk aerodromlara degişli aeronawigasiýa maglumatlarynyň, şeýle hem halkara howa gatnawyny amala aşyrmak üçin zerur bolan beýleki maglumatlaryň Türkmenistanyň aeronawigasiýa maglumatlarynyň ýygyndysynda çap edilýändigini bellemek zerurdyr.

Ýokarda aýdylanlardan ugur alsak, halkara howa gatnawlarynyň döwletleriň arasyndaky dürli görnüşli ylalaşyklar esasynda düzgünleşdirilýändigi we amala aşyrylýandygy barada netije çykarmak bolar. Munuň netijesinde, bu instituta girýän hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek, täze görnüşli kadalaryň we tejribeleriň ýüze çykmagynyň mümkin bolan dinamiki we ösýän prosesdir, ýöne muňa garamazdan, ol halkara howa hukugynyň esasy ýörelgelerine we kadalaryna daýanýar.

**EDEBIÝATLAR**

1. Türkmenistanyň Howa kodeksi. – Aşgabat, 2012.

2. *Бекяшев К. А.* Международное публичное право. Учебник. – М., 2009.

3. *Бордунов В. Д.* Международное воздушное право. Учебное пособие. – М.: НОУ ВКШ «Авиабизнес»; изд-во «Научная книга», 2006.

4. Конвенция о международной гражданской авиации. 1944.

# МЕЖДУНАРОДНО-ПРАВОВЫЕ ОСНОВЫ РЕГУЛИРОВАНИЯ МЕЖДУНАРОДНЫХ ВОЗДУШНЫХ СООБЩЕНИЙ И ПЕРЕВОЗОК

В статье проводится анализ международно-правовых актов, регулирующих международные воздушные сообщения и перевозки. Особое внимание уделяется Чикагской конвенции 1944 года, являющейся основой международной гражданской авиации, и созданной ею организации – Международной организации гражданской авиации (ИКАО). Также в статье

исследуется значение Варшавской (1929 г.) и Монреальской (1999 г.) конвенций, которые устанавливают юридическую ответственность перевозчика при перевозке пассажиров и грузов.

## INTERNATIONAL LEGAL FOUNDATIONS FOR REGULATING INTERNATIONAL AIR TRAFFIC AND TRANSPORT

The article analyzes the international legal instruments regulating international air traffic and transport. Special attention is given to the 1944 Chicago Convention, which serves as the foundation of international civil aviation, and the organization it established, the International Civil Aviation Organization (ICAO). Furthermore, the article examines the significance of the Warsaw (1929) and Montreal (1999) Conventions, which define the legal liability of the carrier in the transport of passengers and cargo.

**Atajan AŞYROW,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty.*

## DAŞARY SÖWDADA SARP EDIJILERIŇ BÄHBITLERINI GORAMAKLYGYŇ HALKARA HUKUK TEJRIBESI

Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek, raýatlarymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak we sarp edijileriň hukuklaryny goramak häzirki wagtda öňde goýlan esasy wezipeleriň biridir. Hormatly Prezidentimiz wezipä girişen gününden bäri ýurdumyzda sarp edijileriň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanun arkaly goralýan bähbitlerini goramaklyga uly üns berýär. Bu barada häzirki wagtda birnäçe kadalaşdyryjy hukuknamalar işlenip taýýarlanyldy we olar ýurdumyzda ýokary netijelilik bilen amala aşyrylýar.

Söwda gatnaşyklarynyň esasy bölegi sarp edijiler bolup durýar. Harydyň iň soňky sarp edijilerine we sarp ediji kärhanalara sarp edijiler diýilýär. Ahyrky sarp edijiler bu şahsy sarp edijiler bolup, olar maşgalalar we öý hojalyklarydyr. Sarp ediji kärhanalara önümçilik kärhanalary, lomaý we bölek söwda kärhanalary, döwlet we kommersiýa däl guramalar degişlidir. Ahyrky sarp edijiler harytlary we hyzmatlary özleri üçin ulanmak maksady bilen satyn alýarlar. Önümçilik kärhanalary dürli harytlary we hyzmatlary haryt önümlerini öndürmek ýa-da başga sarp edijilere satmak maksady bilen satyn alýarlar. Bölek satyjylar lomaý satyjylardan harytlary ahyrky sarp edijilere ýetirýärler. Olara söwda meýdançalary, enjamlary, mahabat serişdeleri zerurdyr. Sarp edijileriň özüni alyp barşyna dürli faktorlar täsir edýär. Olar daşky faktorlardan, sarp edijileriň şahsy tapawut faktorlaryndan (girdejiler,

delilleri, biliminiň derejesi, hususy durmuş häsiýeti, demografik häsiýetleri we ş.m.) we psihologik faktorlardan ybaratdyr. Sarp edijileriň özüni alyp barşynyň emele gelmeginde wajyp orny alyjylaryň garşylyk reaksiýalaryny häsiýetlendirýän psihologiki proses eýeleýär. Sarp edijileriň özüni alyp barşy 4 sany ýörelgeler bilen häsiýetlendirilýär:

– sarp ediji garaşsyzlygy;

– sarp edijileriň özüni alyp barşynyň we olaryň delilleriniň gözlegler bilen öwrenilmegi;

– sarp edijileriň özüni alyp barşyna täsir edilmegi;

– sarp edijileriň kanun esasynda goraglylygy.

Sarp edijiniň garaşsyzlygy olaryň özüni alyp barmagynyň takyk maksada gönükdirilendigi bilen ýüze çykýar. Bu bolsa harytlaryň we hyzmatlaryň olaryň talaplaryna gabat gelmeginiň derejesine görä kabul edilýär ýa-da kabul edilmeýär. Haryt – bu zähmetiň satylmagy ýa-da alyş-çalyş üçin niýetlenilen, dolanyşykdan aýrylmadyk islendik önüm hasap edilýär [1]. Kärhanalar alyjylara harydy saýlamaga mümkinçilik beren ýagdaýynda üstünlik gazanyp bilýärler. Bäsdeşlik şertlerinde her bir kärhananyň ömrüniň uzak bolmagy sarp edijileriň özüni alyp barşyna bagly bolýar. Sarp edijileriň özüni alyp barşynyň we delilleriniň barlaglary şol prosesleriň amala aşyrylmagy bilen geçirilýär. Bazarda dürli sarp edijileriň özüni alyp barşy olaryň talaplaryna görä dürlüdir. Muňa garamazdan, olaryň birmeňzeş taraplary hem bardyr. Bu bolsa sarp edijiniň özüni alyp barşynyň garaşsyzlygyna, onuň hukuklaryna esaslanýar. Olaryň ýerine ýetirilmegi diňe jemgyýetiň meselesi däl, eýsem, kärhanalaryň hem meselesidir. Sarp edijileriň hukuklarynyň adat kadalaryna laýyklygy olaryň talaplarynyň hemmetaraplaýyn kanagatlandyrylmagynyň kepilidir. Kärhanalar alyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin olaryň özüni alyp barşynyň ýörite barlaglaryny geçirýärler. Sarp edijileriň özüni alyp barşy talaplaryň häsiýetleri we zerurlygy bilen şertlendirilýär.

Ilkinji gezek sarp edijileriň hukuklary 1961-nji ýylda ABŞ-da kesgitlenildi. Häzirki wagtda dünýä tejribesinde sarp edijileriň harydy saýlap almaga, harydyň howpsuz bolmagyna we onuň satyjynyň teklibine dogry gelmekligine, harydyň möhüm häsiýetleri, onuň satuwy, kepili hakda maglumatlary almaga hukuklary bardyr. Bu hukuklar sarp edijä harydy dogry saýlamaga we satyn almaga kömek edýär. Şeýle-de, sarp edijiniň hili pes harytlardan goranmaga we olardan gelen zyýanyň öwezini dolmaga, arzasynyň diňlenmegine, döwlet hem-de jemgyýetçilik edaralar tarapyndan goldanylmaga hukuklary bardyr [4].

Biziň ýurdumyzda sarp edijileriň esasy hukuklarynyň goralmagy 2014-nji ýylyň 8-nji noýabrynda kabul edilen «Sarp edijileriň hukuklary hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda amala aşyrylýar. Bu Kanun boýunça harytlar satyn alnanda sarp edijilere harytlaryň öndürijisi, hiliniň standarty, onuň esasy häsiýetleri, düzümi barada maglumatlary bilmäge hukugy bardyr. Ady agzalan

Kanunda sarp edijilere giňişleýin düşündiriş berilýär, ýagny sarp ediji – girdeji almak bilen bagly bolmadyk şahsy (durmuş) hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin harydy (işi, hyzmaty) satyn almakçy (buýurmakçy) bolýan, satyn alýan (buýurýan) ýa-da satyn alnan harydy (işi, hyzmaty) ulanýan fiziki şahs [2].

Wagtyň geçmegi bilen sarp edijilik häsiýetleri peselýän harytlaryň ýüzünde olaryň öndürilen senesi we ýaramlylyk möhleti bellenilmeli. Harydyň kepillik möhleti öndürijiniň, satyjynyň (ýerine ýetirijiniň) sarp edijiniň harydyň (işiň, hyzmatyň) kemçiligi babatda talaplarynyň belli bir wagtyň dowamynda tölegsiz kanagatlandyrylmagy boýunça borçnamalary öz üstüne alýan döwri hasap edilýär. Çagalar üçin harytlar, iýmit, himiýa harytlary, parfýumeriýa, kosmetika, senagat harytlary hökmany ýagdaýda sertifikatlanmaly bolup durýar.

Sarp edijiniň hukuklaryna satyjynyň we öndürijiniň ähli maglumatlar bilen üpjün etmek borjy hem degişlidir. Alyjylaryň saglygyna zyýan getiren, doly bolmadyk ýa-da barlanylmadyk maglumatlaryň berilmegi satyjynyň maddy jogapkärçiligini getirýär. Satyjy harydyň kemçilikleri barada alyja öňünden aýtmaly. Kemçilikli harydy satyn alan sarp ediji satyjydan şeýle talaplary edip bilýär: kemçilikleri tölegsiz düzetmek, olary düzetmäge harajatlary ýapmak ýa-da satuw bahany peseltmek, harydy meňzeş ýa-da başga haryda çalyşmak ýa-da zyýanyň öwezini doldurmak. Kemçilikleri düzetmek barada talaplary kepil berlen möhletiniň dowamynda edip bolýar. Bu hukuklar ýurdumyzda Türkmenistanyň Konstitusiýasy arkaly kepillendirilip, bu barada şeýle bellenilýär: «Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary we azatlyklary halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda ykrar edilýär hem-de şu Konstitusiýa we Kanunlar bilen kepillendirilýär» bu hili beýan edilmegi ykdysady gatnaşyklary hem öz içine alýar [3].

Sarp ediji harydyň hiliniň barlagyna gatnaşyp bilýär. Sarp edijiniň talaby boýunça satyjy we öndüriji hili pes harydy şol wagt çalyşmaly. Eger harydyň hilini goşmaça barlamaly bolsa haryt 20 günüň dowamynda çalşylmaly. Bazary öwrenişde sarp edijileriň hukuklaryny bilmegi we olaryň ýerine ýetirilmegi wajyp meseleleriň biridir. Bu meselelere hukuk nazaryýetinden garalanda, ilki bilen, satyjynyň alyja haryt barada maglumat bermek borjy ýüze çykýar. Bu borç barada Türkmenistanyň «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakyndaky» Kanunynyň 14-nji maddasynda şeýle bellenilýär: «Sarp edijiniň satyjy, öndüriji (ýerine ýetiriji) hakynda, haryt (iş, hyzmat) hakynda doly we ygtybarly maglumat almaga hukugy bardyr. Görkezilen maglumat sarp edijileriň dykgatyna harydy bölekleýin satyn almak-satmak şertnamasy, işi ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek hakynda şertnama baglaşylanda sarp edijilere hyzmat etmegiň aýry-aýry ulgamlarynda kabul edilen usullar bilen aýdyň we elýeterli görnüşde ýetirilýär» [2].

Haryt hakynda, esasan hem, şu maglumatlar sarp edijä mälim edilýär: harytlaryň (işiň, hyzmatyň) esasy sarp edijilik aýratynlyklary we häsiýetleri hakyn-

da maglumatlar; azyk harydy babatda onuň düzüminde iýmitlik goşundylarynyň, biologik taýdan işjeň goşundylaryň bardygy hakynda maglumatlar; azyk harydynda genetik taýdan modifisirlenen organizmleriň (mikroorganizmleriň) ýokdugy hakynda maglumatlar; Türkmenistanda öndürilen önümler üçin, azyk harytlarynyň iýmitlik gymmaty, niýetlenilişi, ulanylyş we saklanylyş şertleri hakynda, taýýar naharlary taýýarlamagyň usullary hakynda, azyk önüminiň agramy (göwrümi), öndürilen we gaplanan (çekilip gaplanan) senesi we ýeri hakynda maglumatlar; keselleriň aýry-aýry görnüşlerinde ulanylmagyna ýol berilmeýän görkezmeler hakynda maglumatlar. Keselleriň aýry-aýry görnüşlerinde ulanylmagyna ýol berilmeýän görkezmeler hakyndaky maglumatlary görkezilmeli azyk harytlarynyň sanawy Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyndaky ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar. Ýokarda beýan edilen maglumatlar sarp edijä ýetirilmedik ýagdaýynda sarp edijiniň hukuklarynyň bozulmagy hasap edilýär we bu ýagdaýlar taraplaryň arasyndaky hukuk gatnaşyklaryň bes edilmegine hem-de sarp edijä ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyna getirýär.

Sarp edijiler halkara we milli ykdysadyýetimiziň özenini düzýär. Şol sebäpli sarp edijileriň hukuklaryny we kanun arkaly goralýan bähbitlerini halkara şeýle hem milli derejede goramak döwletiň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar.

### EDEBIÝATLAR

1. «Söwda işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2016.
2. «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
3. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2023.
4. wikipedia.org

## МЕЖДУНАРОДНАЯ ПРАВОВАЯ ПРАКТИКА ПО ЗАЩИТЕ ПРАВ ПОТРЕБИТЕЛЕЙ ВО ВНЕШНЕЙ ТОРГОВЛЕ

Практически невозможно представить торговые отношения без потребителей, поэтому уместно начать с понятия «потребитель». Лиц, которые являются конечными пользователями товара, а также потребительские предприятия называют потребителями. Впервые права потребителей были определены в 1961 году в США. В настоящее время в мировой практике права потребителей включают следующее: право на выбор товара, право на безопасность товара и его соответствие предложению продавца, право получать информацию о основных характеристиках товара, условиях его продажи и гарантии; право на защиту от некачественных товаров и на возмещение ущерба, причинённого ими; право на рассмотрение потребительских жалоб и поддержку со стороны государственных и общественных организаций; право

на расширение знаний о приобретаемых товарах; а также право на безопасную для здоровья окружающую среду и условия жизни.

## INTERNATIONAL LEGAL PRACTICE OF CONSUMER PROTECTION IN FOREIGN TRADE

It is almost impossible to imagine trade relations without consumers; therefore, it is reasonable to begin with the concept of a consumer. Individuals who are the final users of a product and consumer enterprises are called consumers. Consumer rights were first defined in 1961 in the United States. Today, according to global practice, consumer rights include the following: the right to choose a product, the right to the safety of the product and its compliance with the seller's offer, the right to receive information about the essential characteristics of the product, its sale conditions, and warranty; the right to protection from low-quality products and compensation for any damage caused by them; the right to have consumer complaints heard and supported by state and public institutions; the right to expand knowledge about purchased goods; and the right to an environment and living conditions that are safe for public health.

**Dünýä DIDAROWA,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty.*

## HUSUSY KÄRHANALARYŇ HUKUKLARYNYŇ HALKARA HUKUGYNYŇ KADALARY ESASYNDA GORAGLYLYGYNYŇ ÜPJÜN EDILMEGI (DAŞARY WE MILLI TEJRIBÄNIŇ SELJERMESI)

Häzirki döwürde ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz ulgamyny ösdürmek, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, dünýäniň ösen tejribesinden ugur alnyp, hususy ulgamyň döwletleriň ykdysadyýetlerinde eýeleýän ornunyň berkidilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Munuň özi ýurtlaryň telekeçilik ulgamynyň yzygiderli ösdürilmegine giň ýol açýar.

Dünýä hojalygy dört sany gatnaşyjy tarapdan (subýektden) – milli ykdysadyýetlerden, transmilli kompaniýalardan, goşulyşmalardan (integrasiýalardan), halkara ykdysady guramalardan ybaratdyr. Taraplaryň dünýä hojalygyndaky ähmiýeti, olaryň biri-biri bilen arabaglanyşygy hemişe üýtgäp durýar. Öz gezeginde milli ykdysadyýetler hem dünýä hojalygynyň gürrüňsiz esasy tarapydyr. Halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ösmegi bilen daşarky basyşlaryň güýçlenýändigine

garamazdan, ýurtlar öz çäginde özbaşdaklygyny saklap galýarlar. Harytlar, hyzmatlar, pul serişdeleri we maýa goýumlar, aň, işçi güýji daşary bazarlarda hemişe milli öwüşginini, milli gelip çykyşyny saklaýarlar [1].

Dünýäde durmuş-ykdysady ösüşiň ilerlemeginde hususy pudagyň ähmiýeti ýylsaýyn artýar. Häzirki döwürde işewürler döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge, adamlaryň gündelik durmuşyny ýeňilleşdirýän önümleriň täze-täze görnüşlerini öndürmäge, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga uly goşant goşýar. Ýer ýüzüniň ýüzlerçe ýurdunda iş alyp barýan transmilli kompaniýalaryň sany hem ýylsaýyn artýar we döwletleriň arasynda hususy pudagyň ähli ugurlary giňeýär. Şeýle şertlerdäki gatnaşyklarda hususy kärhanalaryň hukuklary hem belli bir derejede ýüze çykýar we olary halkara hukugynyň ülňüleri esasynda ygtybarly goralmagy diňe bir ykdysady taýdan däl, syýasy we jemgyýetçilik taýdan hem strategik ähmiýete eýe bolýar.

Häzirki döwürde ýurdumyz halkara hukugynyň we gatnaşyklarynyň deňhukukly agzalarynyň birine öwrüldi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan bäri Türkmenistan dünýä bileleşigine goşulmak, dünýäniň ähli ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmak meselelerine uly ähmiýet berýär. Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmeklige gönükdirilen maksatnamalar, özgertmeler we amala aşyrylýan işler ýurdumyzyň kuwwatly ykdysadyýetiniň binýadyny berkidýär. Bütindünýä Söwda Guramasyna girmek üçin, ilkinji nobatda, milli hojalygy we telekeçiligi has-da ösdürmek zerurdyr. Bilşimiz ýaly, hormatly Prezidentimiziň jemi içerki önümiň düzüminde döwlete degişli däl pudagyň paýyny 70%-e çenli ýetirmekligi maksat edip goýdy we bu ugurda birnäçe işleri amala aşyrylýar. Telekeçiligi ösdürmekligiň hukuk binýady kämilleşdirilýär [1].

Döwlet kärhanalarynyň hukuklarynyň we onuň kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillendirýär, maddy, maliýe, zähmet we başga çeşmelere bolan rugsada deň mümkinçilikleri üpjün edýär, erkin bäsdeşligiň ösüşine ýardam edýär. Kärhananyň hukuk ýagdaýy – munuň özi kanunçylyk tertibinde kärhananyň hukuk subýekti hökmünde hukuklarynyň we borçlarynyň berkidilen ulgamy bolup durýar [2].

Hususy kärhanalaryň hukuklaryny goramak, diňe bir milli kanunçylyk bilen çäklenmän, eýsem, halkara kadalary bilen sazlaşykly iş alyp barmagy talap edýär. Bu bolsa içerki we daşarky bazarlarda bäsdeşlik mümkinçiliklerini giňeltmäge, maýa goýum çekmäge we ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdirilendir. Hususy pudak häzirki zaman ykdysadyýetiniň hereketlendiriji güýji hasaplanylýar. Telekeçilik erkinligi, emlägiň goralmagy we işewürligiň durnuklylygy bolmasa, ykdysady ösüşiň derejesi hem peselýär.

Halkara hukuk kadalary hususy kärhanalaryň hukuk goraglylygyny kepillendirýär. Anyk mysallara ýüzlensek, BMG-niň Ykdysady, sosial we medeni hukuklar baradaky halkara şertnamasy (1967) hususy işewürligi goramak,

innowasiýalary ösdürmek, adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormat goýulmagy üçin şertleri döretmek baradaky halkara şertnama bolup durýar [3].

ABŞ-da hususy kärhanalaryň hukuk taýdan goragy dürli guramalar arkaly amala aşyrylýar. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Federal Söwda Geňeşi (FTC) bäsdeşlik hukugyny gorap, monopoliýa garşy çäreleri amala aşyrýar. Ştat derejesindäki guramalar maliýe howpsuzlygy we patent hukugyny goramakda möhüm orun eýeleýär. Bu usullar hususy işewürligiň netijeliligini ýokarlandyrýar we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekýär [4].

Awstriýa Respublikasy kazyýet we hukuk ulgamlary hususy kärhanalaryň işini goramakda merkezi orny eýeleýär, döwlet gözegçiligi adalatlylygy üpjün edýär. Şeýle hem hususy kärhanalaryň maliýe howpsuzlygy we şertnama laýyk hukuklary aýratyn ähmiýetli hasaplanylýar [5].

Fransiýa Respublikasy hemişe daşary ýurtlaryň maýa goýumlaryny höweslendirýän döwletleriň biridir. Fransiýada kärhana (kompaniýa) termini peýda gazanmagy maksat edinýän ähli guramalary aňladýar. Munuň içine şahsy hem-de aksiýaly jemgyýetler degişlidir. Iň köp ulanylýan kärhanalaryň görnüşleri jemgyýetçilik hem-de ýönekeýleşdirilen aksiýaly jemgyýet bolup durýar. Şeýle-de bolsa, daşary ýurt kärhanalarynyň Fransiýada iş alyp barmagy üçin hukuk taýdan başga-da birnäçe mümkinçilikler bar. Şeýle görnüşleriň arasynda iň möhüm meseleleriň biri-de, jogapkärçiligiň çäkli ýa-da çäksiz görnüşinden birini saýlamakdyr [8].

Türkmenistanyň kanunçylygy hususy kärhanalaryň hukuk goraglylygyny doly üpjün edýär. Eýýäm Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda «Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda», «Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary hakynda» (1992), «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakynda» (1993) Kanunlar, şeýle-de, «Daşary ýurtlaryň inwestisiýalaryny we maýalaryny goramagyň kepilnamalary hakynda» (1993), «Türkmenistanda daşary ykdysady işi düzgünleşdirmek boýunça çäreler hakynda» (1994) Kararlar kabul edildi. Ol möhüm hukuk namalarynda ýurduň ykdysady ulgamynyň kanunçylyk esaslary kesgitlenildi. Bazar gatnaşyklaryna geçilýän şertlerde ykdysady ulgamyň hukuk giňişligi emele geldi [6].

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 48-nji maddasyna laýyklykda, edaralara, kärhanalara, guramalara ýuridik şahs diýilýär. Ýuridik şahslar bolup durýan kärhanalar, guramalar hem raýat-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylara degişlidir, ýagny islendik kärhana emläk gatnaşyklaryna özbaşdak girip bilmez. Olaryň ýuridik şahs diýlip ykrar edilmegi üçin aşakdaky alamatlary bolmalydyr:

**Birinjiden**, kärhananyň tertipnamasy ýa-da döredijilik şertnamasy we tertipnamasy görnüşinde guramaçylyk taýdan resmileşdirilmegi zerur bolup durýar.

**Ikinjiden**, emläk aýratynlygy, ýagny onuň bankda öz adynda açylan hasaby bolmaly hem-de hasabynda durýan emläkleri bolmaly.

**Üçünjiden**, şu aýrybaşgalaşdyrylan emläge öz borçnamalary boýunça jogap bermäge ukyby, ýagny özbaşdak jogapkärçiligi bolmaly.

**Dördünjiden**, dürli raýat-hukuk gatnaşyklarynda kazyýetde öz adyndan çykyş etmäge ukyby bolmaly.

Häzir Türkmenistanda kärhanalaryň birnäçe guramaçylyk-hukuk görnüşleri bar. Muňa mysal hökmünde döwlet, ýekebara maşgala, hyzmatdaşlyk, jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalaryny, hojalyk şereketlerini, paýdarlar jemgyýetlerini, golçurly kärhanalaryny görkezmek bolar [7].

Häzirki zaman tejribesinde, hususy kärhanalaryň hukuk goragy diňe kanunçylyga däl, eýsem, maýa goýum çekmek we ykdysady ösüşi goldamak maksadyna hyzmat edýär. Hususy kärhanalaryň hukuk goragy diňe milli kanunçylyk bilen çäklenmän, halkara hukugynyň kadalary bilen hem sazlaşykly bolmalydyr. Halkara tejribede hususy kärhanalaryň hukuk goragy ykdysady ösüşiň we maýa goýumy çekmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Olaryň hukuklaryny goramakda ýüze çykýan meseleleri aradan aýyrmak we hususy ulgamda adalatlylygy dikeltmek häzirki zaman halkara tejribesiniň möhüm maksatlarynyň biridir. Türkmenistanyň bu ugurdaky tejribesi bolsa şeýle ýörelgeleri milli kanunçylyk bilen utgaşdyrmaklygyň aýdyň nusgasydyr.

Umuman, hususy kärhanalaryň hukuk taýdan goraglylygy döwletiň ykdysady ösüşiniň möhüm esaslarynyň biridir. Daşary ýurt tejribesiniň seljermesi milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmekde we olaryň goraglylygyny üpjün etmekde, hususy ulgamy ösdürmekde möhüm ähmiýete eýedir.

## EDEBIÝATLAR

1. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2000.

2. *Ataýew G., Haşyrow B., Jumaýew R*. Halkara ykdysady guramalar. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat: TDNG, 2019.

3. BMG-niň Ykdysady, sosial we medeni hukuklar baradaky halkara şertnamasy. 1967.

4. *Orazgylyjow Ý*. Türkmenistanyň taryhy. Türkmenistan Garaşsyzlyk zamanynda. I kitap. – Aşgabat, 2015.

5. *Tyllaýew M., Bekiýew I., Nuryýew Ý., Saryýewa G., Orazdurdyýewa B., Zahyrow B*. Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary. – Aşgabat: TDNG, 2011.

6. WTO Agreements and the Protection of Private Enterprises. – Geneva, 2018.

7. European Union Directives on Private Sector Protection. – Brussels, 2017.

8. lexmundi.com

## ОБЕСПЕЧЕНИЕ ЗАЩИЩЁННОСТИ ПРАВ ЧАСТНЫХ ПРЕДПРИЯТИЙ НА ОСНОВЕ НОРМ МЕЖДУНАРОДНОГО ПРАВА (СРАВНИТЕЛЬНЫЙ АНАЛИЗ ЗАРУБЕЖНОГО И НАЦИОНАЛЬНОГО ОПЫТА)

В статье подробно изучается обеспечение защиты прав частных предприятий на основе норм международного права. Дается юридическое определение прав частного бизнеса, их роли в экономике и сравнительный анализ международного опыта защиты прав частных предприятий. Также рассматривается национальное законодательство Туркменистана и его гармонизация с международными стандартами.

## ENSURING THE PROTECTION OF THE RIGHTS OF PRIVATE ENTERPRIES THE BASIS OF INTERNATIONAL LAW (COMPARISON ANALYSIS OF FOREIGN AND NATIONAL PRACTICE)

This article examines in detail the protection of private enterprise rights based on the norms of international law. It provides a legal definition of private business rights, outlines their role in the economy, and presents a comparative analysis of international experience regarding the protection of private enterprises. Furthermore, the article reviews the national legislation of Turkmenistan and its harmonization with international standards.

**Nurşat ESENOWA,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty.*

## ZÄHMET RUGSATLARY BILEN BAGLANYŞYKLY HALKARA HUKUGYNYŇ KADALARYNYŇ MILLI TEJRIBEDE ULANYLYŞY

Häzirki wagtda zähmet gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi, işgärleriň hukuklaryny goramak we olara döredijilikli dynç alyş şertlerini döretmek dünýä jemgyýetçiliginiň esasy hukuk-ykdysady ugurlarynyň biridir. Zähmet rugsatlary bilen baglanyşykly hukuk kadalary diňe bir milli derejede däl, eýsem, halkara derejesinde hem giňden kadalaşdyrylýar. Halkara Zähmet Guramasynyň (HZG) konwensiýalarynda rugsatlaryň dowamlylygy, tölenilmegi we işgärleriň saglygyny dikeltmekdäki orny aýratyn görkezilýär. Türkmenistan hem bu babatda halkara borçnamalary ýerine ýetirmegi we milli hukuk binýadyny halkara tejribä

laýyk getirmegi maksat edinýär. Şonuň üçin zähmet rugsatlary ulgamyndaky halkara kadalaryň milli tejribede nähili ulanylýandygyny seljermek häzirki döwrüň möhüm ylmy-amaly meseleleriniň biridir. Halkara derejede zähmet rugsatlaryny kadalaşdyrýan esasy hukuk çeşmeleri Halkara Zähmet Guramasynyň Konwensiýalarydyr.

Halkara Zähmet Guramasynyň 1936-njy ýyldaky «Tölegli ýyllyk rugsat hakynda» 52-nji Konwensiýanyň esasy maksady işçilere zähmet rugsatlaryny bermegiň düzgünlerini kesgitlemek we dünýäde bu ugurda standartlary döredip, döwletleriň milli kanunlaryna uýgunlaşdyrmakdan ybaratdyr. Konwensiýa işçi hukuklaryny halkara derejesinde düzgünleşdirýär, zähmet rugsatlarynyň ulanylmagyny we işgärleriň dynç alyş mümkinçiliklerini kepillendirýär. Milli zähmet kanunlarynyň halkara talaplaryna laýyk gelmegini üpjün edýär. Işgärleriň saglyk we dynç alyş mümkinçiliklerini ýokarlandyrýar, iş berijiler üçin iş şertlerini deňleşdirýär.

Halkara Zähmet Guramasynyň 1970-nji ýyldaky 132-nji Konwensiýasy tölenilýän ýyllyk rugsatlar babatynda täze kadalary kesgitleýär. Konwensiýanyň maksady her bir işçi üçin ýyllyk tölegli dynç alyşlara hukugyny üpjün etmekden, tölegli dynç alşyň dowamlylygyny kesgitlemekden ybarat. Konwensiýanyň ähmiýeti işçileriň dynç alyş hukuklaryny üpjün edýär. Zähmet şertnamalary we kompaniýanyň düzgünleri konwensiýa laýyklykda işlenilmeli [1].

Halkara Zähmet Guramasynyň 1974-nji ýyldaky «Tölegli bilim rugsady hakynda» 140-njy Konwensiýasynyň baş maksady işçileriň bilim derejesini ýokarlandyrmak ýa-da hünär mümkinçiliklerini ösdürmek üçin tölegli dynç alyş hukugyny üpjün edýär. Bu olaryň iş başynda-da täze bilim we hünär başarnyklaryny almagyna mümkinçilik berýär. Konwensiýanyň ähmiýeti işçileriň hünär derejesini ýokarlandyrmak arkaly ykdysadyýetiň, iş şertleriniň we zähmet öndürijiliginiň artdyrylmagyna goşant goşýar. Konwensiýa yzygiderli bilim we hünär kämilleşdirmek maksadyny öňe sürýär.

Şeýle hem BMG-niň Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasynyň 24-nji maddasynda her bir adamyň zähmet rugsadyna we tölenilýän dynç alşa bolan hukugy beýan edilýär. Bu kadalar boýunça her bir işgär ýylyň dowamynda belli bir wagt dynç almaga, şol döwürde zähmet hakynyň tölenilmegine, rugsat döwründe işden çykarylmazlyk kepilliklerine eýe bolýar. Şeýlelikde, halkara hukuk kadalary işgärleriň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün edýär. Işgäriň iş ýeriniň (wezipesi) saklanyp galmagy bilen berilýän her ýylky esasy rugsada bolan hukuk zähmet şertnamasy bilen işleýän ähli işgärlere kärhananyň eýeçiliginiň görnüşine we guramaçylyk-hukuk görnüşine, pudaklaýyn degişliligine we tabynlygyna, zähmet şertnamasynyň görnüşlerine we möhletlerine, işgäriň esasy ýa-da utgaşdyrma şertnamasy bilen işleýändigine, işgäriň raýatlygy, haýsydyr bir ýagdaýlaryna garamazdan degişlidir [2].

Işgäriň rugsada bolan hukugyny durmuşa geçirmekligiň ýeke-täk şerti işgäriň iş beriji bilen zähmet gatnaşygynda bolmagy bolup durýar. Işgär ilkinji işläp başlan ýyly üçin esasy rugsady almak hukugyna zähmet şertnamasynyň baglaşylan gününden başlap üznüksiz on bir aý işländen soň eýe bolýar. Işiň ikinji we soňky ýyllary üçin her ýylky esasy rugsat kärhanada bellenilen rugsatlaryň tertipnamasyna laýyklykda berilýär. Rugsatlaryň tertipnamasy kärhananyň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ol kärhanada işleýän işgärlere we işe kabul edilýän täze işgärlere hem-de iş berijä degişlidir. Rugsatlaryň tertipnamasy düzülende kanuna laýyklykda aýry-aýry adamlaryň rugsady özlerine amatly wagtda ulanmaklyga bolan hukuklary hasaba alynmalydyr. Ähli görnüşlerdäki bilim edaralarynyň pedagogik işgärlerine her ýylky esasy rugsat olaryň işe giren wagtyna garamazdan, tomusky rugsatlar döwründe berilýär. Her ýylky esasy rugsat başlamazyndan ozal onuň peýdalanylmagyna päsgel berýän sebäpler ýüze çykan mahalynda, iş beriji bilen ylalaşylyp rugsady peýdalanmagyň täze möhleti bellenilýär. Her ýylky esasy rugsat döwründe şeýle sebäpler ýüze çykan mahalynda, iş beriji bilen ylalaşylyp, rugsat günleriň peýdalanylmadyk sanyna uzaldylýar ýa-da başga möhlete geçirilýär [3].

Işgär wagtlaýyn zähmete ukypsyz bolan mahalynda, göwreliligi ýa-da çaga dograndygy boýunça rugsat berlende, her ýylky esasy rugsat okuw rugsady bilen toý dabaralaryny geçirmek we jaýlama hem-de ýatlama däp-dessurlaryny amala aşyrmak üçin goşmaça rugsat bilen gabat gelende, döwlet borçlaryny ýa-da saýlawly edaralardaky borçlaryny ýerine ýetirende her ýylky esasy rugsady başga wagta geçirmek ýa-da uzaltmak hukugyna eýedir. Eger, iş beriji kanunda bellenilen möhletde her ýylky esasy rugsadyň başlanýan wagty hakynda işgäri habarly etmese ýa-da rugsadyň başlanmagyna çenli işgäre onuň üçin töleg geçirilmese, onda rugsat işgäriň arzasy boýunça başga möhlete geçirilýär. Iş beriji önümçilik zerurlygy bolan mahalynda işgäriň razylygy bilen her ýylky esasy rugsady indiki iş ýylyna geçirmäge haklydyr, ýöne ol iki ýyldan köp bolmadyk çäklerde bolmalydyr. Her ýylky esasy rugsadyň peýdalanylýan döwründe wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk bolan halatlarynda bu rugsat wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň günleriniň sanyna uzaldylýar.

Türkmenistanda zähmet rugsatlary bilen baglanyşykly meseleler Türkmenistanyň Zähmet kodeksi arkaly kadalaşdyrylýar. Şol kodeksiň 83–109-njy maddalarynda işgärleriň rugsat hukugy, rugsadyň görnüşleri, dowamlylygy we tölenilmegi baradaky meseleler anyk görkezilýär. Işgärleriň her ýylky esasy tölenilýän rugsadynyň dowamlylygy kalendarlyk 30 gün, aýallara çaga dogurmak we çagany ideg etmek rugsatlary 112 kalendar gününden az bolmadyk dowamlylykda berilýär. Onuň okuw rugsatlary, goşmaça rugsatlar, tölenilmeýän rugsatlar ýaly görnüşleri bar. Rugsat döwründe işgär üçin ortaça aýlyk haky saklanyp galýar. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kabul edilen birnäçe kararlar we ministrlik düzgünnamalary hem rugsatlaryň berliş tertibini, bellik senelerini, şeýle-de işgärleriň iş tejribesine baglylykda goşmaça rugsatlary kesgitleýär [3; 87-nji madda].

Türkmenistan Halkara Zähmet Guramasynyň birnäçe Konwensiýasyna goşulyp, olaryň düzgünlerini milli kanunçylykda durmuşa geçirýär. Mysal üçin, Halkara Zähmet Guramasynyň 132-nji Konwensiýasyndaky ýyllyk rugsadyň iň az dowamlylygy 3 hepdeden az bolmaly däl diýlen talap, Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde 30 günlük rugsat görnüşinde ýerine ýetirilýär. Şeýle hem halkara tejribesine görä, rugsat döwründe işgär üçin işden çykarylmazlyk kepilligi üpjün edilýär. Şeýlelikde, Türkmenistan halkara borçnamalaryny içeri hukuk ulgamyna ornaşdyrmak boýunça oňyn tejribe toplanyldy. Şeýle-de döwlet işgärleriniň, mugallymlaryň we lukmanlaryň rugsat dowamlylygy boýunça käbir ulgamlaýyn aýratynlyklar hem döredildi. Türkmenistanyň hukuk kadalary halkara kadalara laýyk gelýär.

Türkmenistan halkara hukugynyň zähmet rugsatlary bilen baglanyşykly esasy kadalaryny milli hukuk ulgamyna üstünlikli ornaşdyran döwletleriň biridir. Rugsatlaryň dowamlylygy, tölenilmegi we işgärleriň goraglylygy halkara talaplaryna laýyk gelýär. Häzirki wagtda amaly derejede rugsatlaryň berliş tertibini elektron ulgam arkaly dolandyrmak, işgärleriň rugsat hukuklary barada habarlylygyny ýokarlandyrmak zerur. Şeýlelikde, döwletiň adamlaryň ýaşaýan ýerinde dynç almagy hem-de işden boş wagtyny netijeli peýdalanmagy hem-de rugsatda bolýan döwürlerinde oňat dynç almaklary üçin döredilýän şertler hukuk kadalary bilen berkidilýär [4; 160 sah.].

Halkara tejribesine laýyklykda, sosial taýdan aýratyn ýagdaýdaky işgärler maýyplar, köp çagaly ene-atalar üçin goşmaça rugsat mümkinçilikleri giňeldilmeli. Şeýlelikde, zähmet rugsatlary ulgamyndaky halkara kadalaryň milli derejede ornaşdyrylmagy diňe kanunçylyk taýdan däl, eýsem, durmuş taýdan hem ýurdumyzyň işgärleriniň saglygyny goramaga, öndürijiligi artdyrmaga we sosial adalatlylygy üpjün etmäge gönükdirilendir.

Bu ugurda Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan alnyp barylýan işler diňe kanunçylyk bilen çäklenmän, eýsem, zähmet gatnaşyklaryny halkara tejribe bilen utgaşdyrmak boýunça hem giň mümkinçilikleri açýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Halkara Zähmet Guramasy bilen yzygiderli alyp barýan hyzmatdaşlygy, Halkara Zähmet Guramasynyň maslahatlaryna gatnaşmagy we milli kanunçylygyň bu ugurda yzygiderli kämilleşdirilmegi döwletimiziň halkara abraýyny pugtalandyrýar.

Netijede, zähmet rugsatlary bilen bagly halkara hukugynyň kadalarynyň milli tejribede ornaşdyrylmagy, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň halkara ülňülere laýyklygyny tassyklaýar. Halkara Zähmet Guramasynyň Konwensiýalarynyň düzgünleri milli kanunçylykda öz mynasyp ornuny tapyp, işgärleriň durmuş we sosial hukuklaryny goramagyň ygtybarly kepiline öwrülendir.

Türkmenistanyň halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmekde görkezen işjeňligi, diňe hukuk ulgamynyň ösüşine däl, eýsem, adamyň zähmet we dynç almaga bolan hukuklaryny üpjün etmäge gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň subutnamasydyr.

## EDEBIÝATLAR

1. Halkara Zähmet Guramasynyň Tölegli zähmet rugsatlary hakynda Konwensiýasy. – Ženewa, 1970.

2. Halkara Zähmet Guramasynyň Iş bilen üpjünçilik baradaky syýasat hakynda Konwensiýasy. – Ženewa, 1964.

3. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. – A.: TDNG, 2025.

4. Zähmet hukugy okuw gollanmasy. – A.: TDNG, 2023.

## ОСУЩЕСТВЛЕНИЕ МЕЖДУНАРОДНЫХ ПРАВОВЫХ НОРМ, СВЯЗАННЫХ С ТРУДОВЫМИ ОТПУСКАМИ, В НАЦИОНАЛЬНОЙ ПРАКТИКЕ

Современное развитие трудового права отражает стремление государств к созданию справедливых, безопасных и гуманитарных условий труда, где особое место занимают нормы, регулирующие вопросы рабочего времени и предоставления отпусков. Международная организация труда разработала ряд ключевых конвенций, направленных на обеспечение права работников на отдых, справедливое вознаграждение и социальную защиту. Эти международные стандарты стали основой для формирования национальных правовых систем, включая законодательство Туркменистана.

Туркменистан, являясь членом МОТ с 1993 года, ратифицировал основные конвенции, касающиеся охраны труда, минимальных условий работы, равенства и отпуска. Гармонизация международных норм с национальной практикой способствует укреплению социальной справедливости, повышению качества трудовых отношений и устойчивому развитию трудового законодательства страны.

## IMPLEMENTATION OF INTERNATIONAL LEGAL NORMS RELATED TO LABOUR LEAVE IN NATIONAL PRACTICE

The modern development of labour law reflects the global commitment to ensuring fair, safe, and humane working conditions, where special attention is given to the regulation of working hours and paid leave. The International Labour Organization (ILO) has established a number of fundamental conventions aimed at safeguarding workers' rights to rest, fair remuneration, and social protection. These international standards serve as a foundation for national legal systems, including the labour legislation of Turkmenistan. Since becoming a member of the ILO in 1993,

Turkmenistan has ratified core conventions related to labour protection, minimum working conditions, equality, and paid leave. The integration of international legal norms into national practice strengthens social justice, enhances the quality of labour relations, and supports the sustainable development of the country's legal framework in the field of labour.

**Döwletmyrat ORAZOW,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty.*

# JENAÝATÇYLYK ÝOLY BILEN EDINILEN EMLÄKLERI DÖWLET HAÝRYNA GEÇIRMEGIŇ HALKARA TEJRIBESI

Häzirki döwürde halkara jemgyýetçiliginiň ýüzbe-ýüz bolýan esasy meseleleriniň biri jenaýatçylykly girdejileriň we emläkleriň gizlin hereketidir. Guramaçylykly jenaýatçylyk, korrupsiýa, neşe söwdasy ýaly dürli jenaýatçylykly hadysalar dünýä ykdysady ulgamynyň durnuklylygyny bozýar. Şol sebäpli köp ýurtlaryň hukuk syýasatynda jenaýatçylyk ýoly bilen edinilen emläkleri döwlet haýryna geçirmegiň täsirli mehanizmleri döredilýär. Bu bolsa diňe jenaýatyň netijelerini aradan aýyrmak bilen çäklenmän, eýsem, onuň maliýe çeşmelerini ýok etmek arkaly öňüni almaga hem ýardam edýär.

Mundan başga-da, häzirki zaman ýurtlarynyň islendiginiň jenaýat kanunçylygy tutuş jemgyýetiň gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde merkezi orny eýeleýändigini bellemek gerek. Jenaýat hukugynyň kadalarynyň durmuşyň talaplaryna laýyklygy, olaryň ulanylyşynyň netijeliligine, ahyrynda bolsa jemgyýetiň ösüşine täsir edýär. Şonuň üçin hem jenaýat hukugy ylmy hemişe dürli jenaýat hereketlerinden hukuklary we kanuny bähbitleri goramagyň döwrebap ösüşe laýyk gelýän täze, netijeli usullaryny gözleýär hem-de kesgitleýär.

Häzirki döwürde emlägi döwletiň haýryna geçirmegiň jezanyň görnüşleriniň arasynda tutýan ornuny kesgitlemek meselesi her bir ýurduň kanun çykaryjy edarasy tarapyndan çözülýär we şonuň bilen baglylykda, emlägi döwletiň haýryna geçirmek meselelerine dürli çemeleşmeler bar. Häzirki wagta çenli köp döwletleriň kanunçylygynda emlägi döwletiň haýryna geçirmek esasy jezanyň täsirini güýçlendirýän goşmaça çäre hökmünde kabul edilýär [4; 100 sah.].

Jenaýatçylykly ýol bilen edinilen emläk – bu jenaýatyň ýerine ýetirilmegi netijesinde ýa-da oňa ýardam edýän ýol arkaly gazanylan islendik maliýe serişdesi, peýda ýa-da emläkdir. Jenaýatçylykly ýol bilen edinilen emlägi döwletiň haýryna geçirmegiň iki görnüşi bardyr:

1) Jenaýat kazyýetiniň hökümi esasynda jenaýat işiniň netijesinde subut edilen ýagdaýda kazyýet tarapyndan alnyp, döwlet haýryna geçirilýär;

2) Jenaýat kazyýetiniň hökümi bolmazdan, şahsyýet jenaýat jogapkärçiligine çekilmezden emlägiň jenaýatçylykly gelip çykyşynyň subut edilmegi bilen döwlet haýryna geçirilýär.

2000-nji ýylda kabul edilen BMG-niň Transmilli guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreşmek boýunça Palerma konwensiýasynyň 12-nji maddasyna laýyklykda, gatnaşyjy döwletlere jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileriň döwletiň haýryna geçirilmegi, yzarlanylmagy we saklanylmagy boýunça çäreleri

görmek tabşyrylýar. Şeýle hem ýurtlaryň arasynda maglumat alyşmak, özara ýardam bermek we döwletiň haýryna geçirilen serişdeleriň ulanylyşyny ylalaşmak boýunça düzgünler göz öňünde tutulýar.

Jenaýatçylykly ýol bilen edinilen girdejileri döwletiň haýryna geçirmek jenaýat jezasynyň görnüşi hökmünde Fransiýa, Şwesiýa, Şweýsariýa, Niderlandlar, Belgiýa, Daniýa, Polşa, Estoniýa, Latwiýa, Hytaý we beýleki birnäçe ýurtlaryň jenaýat kanunçylygynda giňden ulanylýar [6; 107 sah.].

Daniýanyň Jenaýat kodeksiniň 77-nji maddasyna laýyklykda, jenaýatçylykly ýol bilen edinilen emläk diňe şol emläk bilen baglanyşykly hak isleýiş arzasy bolmadyk halatynda döwletiň haýryna geçirilip bilner. Jenaýat gurallary bolsa jemgyýetçilik howpsuzlygy üçin zerur hasaplanylsa döwletiň haýryna geçirilip bilner.

Angliýanyň jenaýat kanunçylygynyň jeza çäreleri esasy we goşmaça hökmünde toparlara bölünmeýär. Bu kanunçylyk ulgamy jezalaryň bäş toparyny öz içine alýar, şol sanda olaryň hatarynda emlägi döwletiň haýryna geçirmek ýaly maliýe häsiýetli jezalar hem bar. 1973-nji ýylyň Jenaýat kazyýetleriniň ygtyýarlyklary hakynda kanuny kazyýetlere jenaýatyň amala aşyrylmagynda ulanylan, ony amala aşyrmaga itergi beren ýa-da ulanylmaga niýetlenen jenaýatçynyň eýeçiligindäki ýa-da gözegçiligindäki islendik emlägi döwletiň haýryna geçirmek hakynda çözgüt çykarmak hukugyny berdi. Kanunda görkezilişi ýaly, şeýle ýagdaýlarda kazyýet emlägi döwletiň haýryna geçirmek hakynda çözgüt kabul etmezinden öň emlägiň bahasyna hem-de mümkin bolan maliýe we beýleki netijelere täsirine görä kesgitlemelidir. Mundan başga-da kazyýet jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileri döwletiň haýryna geçirmek barada çözgüt çykarmak hukugyna hem eýedir.

ABŞ-nyň jenaýat hukugy ulgamy hem aýratyn gyzyklanma döredýär. ABŞ-da her bir ştatda goşmaça jeza çärelerini ulanmak göz öňünde tutulýar.

ABŞ-nyň Kanunlar ýygyndysyna görä, emlägi döwletiň haýryna geçirmek goşmaça jeza görnüşi hökmünde, 60-dan gowrak jenaýat maddasynda göz öňünde tutulýar. Hususan-da, ol maliýe edaralaryndaky korrupsiýa, neşe serişdeleriniň söwdasy we beýleki köp jenaýatlar üçin ulanylyp bilner. Muňa garamazdan, Nýu-Ýork ştatynyň Jenaýat kodeksi emlägi döwletiň haýryna geçirmegi «raýat sanksiýasy» hökmünde kesgitleýär we onuň jenaýat kanunçylygy tarapyndan ulanylmagyny göz öňünde tutmaýar.

Emlägi döwletiň haýryna geçirmegiň jezanyň görnüşleriniň arasyndaky ornuny kesgitlemek meselesiniň Günbatar Ýewropanyň birnäçe ýurdunyň jenaýat kodekslerinde, şeýle hem ozalky SSSR-iň düzümine girýän ýurtlaryň kanunçylygynda anyk kadalaşdyrylýandygyny bellemek zerurdyr. Emlägi döwletiň haýryna geçirmegi goşmaça jeza çäresi hökmünde berkitmek pikiri Fransiýanyň jenaýat kanunçylygynda öz beýanyny tapdy. Fransiýanyň 1992-nji ýylyň Jenaýat

kodeksinde emlägi döwletiň haýryna geçirmek goşmaça jeza hökmünde iki görnüşde göz öňünde tutulýar–umumy we ýörite. Umumy görnüşi diňe adamzada garşy jenaýatlar hem-de bikanun neşe serişdeleriniň önümçiligi, getirilişi ýa-da çykarylyşy üçin göz öňünde tutulýar. Fransiýanyň Jenaýat kodeksiniň 131–39-njy maddasynyň 8-nji bölegine laýyklykda, ýuridiki şahslar jenaýat amala aşyrylan ýa-da oňa niýetlenen emlägi hem-de jenaýatçylykly ýol bilen edinilen emlägi döwletiň haýryna geçirmek bilen jezalandyrylýar.

Ýapon jenaýat kanunçylygyndaky ýagdaý hem agzalanlar bilen gabat gelýär. Ýaponiýanyň Jenaýat kodeksinde jezalar ulgamy 2-nji bapda beýan edilip, 9-njy maddada sanksiýalaryň görnüşleri beýan edilip, goşmaça jeza hökmünde emlägi döwletiň haýryna geçirmek göz öňünde tutulýar. Ýaponiýanyň Jenaýat kodeksiniň 19-njy maddasynyň 1-nji bölegi döwletiň haýryna geçirilip bilinjek zatlaryň görnüşini anyk çäklendirilýär:

1) jenaýat hereketiniň düzüm bölegi bolan zat;

2) jenaýatyň amala aşyrylmagy üçin berlen ýa-da şoňa niýetlenen zat;

3) jenaýatyň netijesinde peýda bolan ýa-da jenaýat üçin sylag hökmünde alnan zat;

4) öňki bentde agzalan zadyň çalşyrylyşy esasynda alnan zat.

Häzirki wagtda Ukrainanyň we Gazagystan Respublikasynyň jenaýat kanunçylygynda hem şeýle ýagdaý berkidilýär. Agzalan kanunçylyklarda hem emlägi döwletiň haýryna geçirmek goşmaça jezalaryň sanawynda göz öňünde tutulýar hem-de bu çäräniň agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin bellenilýändigi kesgitlenýär.

Ýewropa ýurtlarynyň jenaýat kanunçylygyny seljermek meselesine dolanyp gelsek, emlägi döwletiň haýryna geçirmekligi hem goşmaça jezalaryň hataryna girizýän Awstriýanyň jenaýat kanunçylygy aýratyn tapawutlanýar. Häzirki zaman Awstriýanyň kanunçylygynda emlägi döwletiň haýryna geçirmek boýunça umumy düzgün göz öňünde tutulmaýar. Awstriýanyň Jenaýat kodeksi emlägi döwletiň haýryna geçirmegi goşmaça jezalara degişli edýär we ony «Jezalar, peýdanyň elinden alynmagy, emlägiň döwletiň haýryna geçirilmegi we mejbury çäreler» atly üçünji bölüme geçirýär. Şol bölümiň 20-nji maddasynda şeýle diýilýär: «Jenaýatçylykly guramanyň ýa-da terrorçylyk birleşiginiň ygtyýaryndaky ýa-da terrorçylygy maliýeleşdirmek maksady bilen berlen we ýygnalan emläk gymmatlyklary döwletiň haýryna geçirilmäge degişlidir».

Birnäçe ýurtlaryň jenaýat kanunçylygynda emlägi döwletiň haýryna geçirmekligiň başga çäre hökmünde berkidilendigine hem duş gelmek bolýar.

Şeýlelikde, 1937-nji ýylyň 21-nji dekabrynda kabul edilen Şweýsariýanyň Jenaýat kodeksi emlägi döwletiň haýryna geçirmegi üçünji bölümde başga çäreleriň hataryna goşýar we şeýle düzgün bellenilýär: «Eger zatlar adamlaryň howpsuzlygyna, ahlagyna ýa-da jemgyýetçilik tertibine howp salýan bolsa, kazy

jenaýat amala aşyrylanda ulanylan, şoňa niýetlenen ýa-da jenaýatyň netijesinde alnan serişdeleri döwletiň haýryna geçirmek boýunça çözgüt çykarýar».

Ýuridik netije hökmünde emlägi döwletiň haýryna geçirmek Norwegiýanyň jenaýat kanunçylygynda takyk kesgitlenendir. Norwegiýanyň jenaýat kanunçylygynyň tapawutly aýratynlygy, ilki bilen, bu çäräniň jenaýatçylykly girdejileriň alynmagy bilen baglanyşykly ähli görnüşli jenaýatlara giňden ulanylmagydyr. Norwegiýanyň Jenaýat kodeksinde jenaýatçylykly hereketiň netijesinde gazanylan islendik girdejiniň döwletiň haýryna geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

1926-njy ýylyň 1-nji martynda kabul edilen Türkiýäniň Jenaýat kodeksiniň 36-njy maddasyna laýyklykda, «jenaýat ýa-da ýeňil jenaýat etmekde ulanylan ýa-da ulanmak üçin taýýarlanan ýa-da hereketiň netijesinde gazanylan zatlar» kazyýetiň karary bilen konfiskasiýa edilýär. Şeýle hem Ispaniýanyň jenaýat kanunçylygy emlägi döwletiň haýryna geçirmegi jezanyň görnüşleriniň hataryna goşmaýar, ony goşmaça netijeleriň biri hökmünde görkezýär. Bu barada Jenaýat kodeksiniň VI bölümi – «Goşmaça netijeler» bölüminde gürrüň edilýär.

Daşary ýurt tejribesinde emlägi döwletiň haýryna geçirmegiň aýratynlyklaryny öwrenmek, ilki bilen milli jenaýat kanunçylygyny kämilleşdirmek nukdaýnazaryndan gyzyklanma döredýär. Daşary ýurt alymlarynyň tejribesinde emlägi döwlet haýryna geçirmek sanksiýasy köp halatlarda korrupsiýa garşy göreşmek bilen baglylykda öwrenilýär. S.A. Boçkarewiň belleýşi ýaly, şeýle görnüşdäki jogapkärçilige çekilip bilinjek şahslaryň doly sanawynyň bellenilmegi «korrupsiýa garşy netijeli göreşi bökdeýär we degişli wezipeli adamlaryň bikanun şahsy baýamagyna ýardam edýär» [5; 8 sah.]. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň kanunçylygynda hem şeýle kadanyň hukuk taýdan berkidilendigini bellemek zerurdyr. «Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasyna laýyklykda, döwlet gullukçylarynyň korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalarynyň netijesinde baýan ähli halatlarynda kanun tarapyndan gadagan edinilen usul bilen ýa-da esassyz baýlaşmagyň netijesinde edinilen emläk Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döwletiň eýeçiligine geçirilip, şeýle usul bilen edilen hyzmatlaryň bahasy bolsa döwletiň haýryna tutulyp alnyp bilner diýlip bellenilýär [2]. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde emlägi döwletiň haýryna geçirmek edilen jenaýat üçin jezanyň görnüşleriniň hatarynda kesgitlenilýär [3; 443 sah.].

Türkmenistanyň Jenaýat ýerine ýetiriş kodeksiniň 53-nji maddasyna laýyklykda eýesi anyklanylmadyk pullar, gymmatly kagyzlar we beýleki gymmatlyklar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwletiň haýryna geçirilýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 130-njy maddasyna laýyklykda jenaýatly ýol bilen gazanylan pullar we beýleki gymmatly zatlar döwletiň haýryna berilýär [1].

Emlägi döwletiň haýryna geçirmek instituty häzirki zaman jenaýat hukugynyň möhüm serişdeleriniň biridir. Ol diňe döwletiň eýeçiligine geçirmek çäresi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, korrupsiýa, bikanun baýamak, ykdysady we guramaçylykly jenaýatlaryň öňüni almakda netijeli täsir edýän serişdedir. Dürli ýurtlaryň jenaýat kanunçylygynda emlägi döwletiň haýryna geçirmek dürli görnüşde esasy ýa-da goşmaça jeza hökmünde berkidilen bolsa-da, onuň esasy maksadynyň jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan girdejileri aradan aýyrmak we jemgyýetde adalatlylygy dikeltmek bolup durýandygyny dünýä tejribesi görkezýär.

Umuman, daşary ýurt tejribesiniň öwrenilmegi milli jenaýat kanunçylygyny kämilleşdirmekde we aýry-aýry jenaýatlara garşy göreşmek ulgamynda uly ähmiýete eýedir.

**EDEBIÝATLAR**

1. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. – Aşgabat, 2009.

2. «Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.

3. *Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A.* Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleriniň hukuk öwreniş hünäri üçin okuw gollanmasy. – A., 2010.

4. *Eser A.* Die Strafrechtlichen Sanktionen gegen das Eigentum. – Tübingen, 1969.

5. Бочкарев С.А. Субъекты гражданско-правовой ответственности за коррупцию // Законность. – 2021. №3.

6. Уголовное право зарубежных государств. Вып. 4. – М., 1975.

## МЕЖДУНАРОДНЫЙ ОПЫТ ОБРАЩЕНИЯ ИМУЩЕСТВА, ПОЛУЧЕННОГО ПРЕСТУПНЫМ ПУТЕМ В ГОСУДАРСТВЕННУЮ СОБСТВЕННОСТЬ

В статье подробно изучается международный опыт передачи в государственную собственность имущества, приобретённого преступным путём. В начале определяются юридические понятия, рассматривается правовое и общественное значение передачи имущества, полученного преступным путём, в государственную собственность. Также проводится сравнительный анализ положений международно-правовых актов в данной области.

## INTERNATIONAL EXPERIENCE IN CONVERTING PROPERTY OBTAINED BY CRIMINAL MEANS INTO STATE PROPERTY

The article provides a comprehensive study of the international experience in transferring assets acquired through criminal activity to state ownership. First, the legal concepts are defined, and the legal and societal significance of transferring

criminally acquired assets to the state is analyzed. Additionally, the article presents a comparative analysis of the provisions of international legal instruments in this field.

**Amanbagt USSAÝEWA,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty.*

## ELEKTRON SÖWDA GATNAŞYKLARYNDA ÝÜZE ÇYKÝAN MESELELERINIŇ HALKARA HUKUGYNYŇ KADALARY ESASYNDA ÇÖZÜLIŞINIŇ TEJRIBESI

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Milletimiziň agzybirligi, jemgyýetimiziň jebisligi bu gün bize içeri we daşary syýasatymyzy sazlaşykly alyp barmaga, döwlet gurluşyny hemmetaraplaýyn ösdürmäge hem-de has-da kämilleşdirmäge oňyn şertleri döredýär» diýip örän jaýdar belleýär [1]. Häzirki döwür biziň ählimizden alyp barýan işlerimize täzeçe çemeleşmegi talap edýär. Şunuň bilen baglylykda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösüşiň möhüm ugurlary esasynda täze sepgitlere çykarmak derwaýys wezipeleriň biridir. Bu wezipe döwlet maksatnamalarynda aýdyň beýanyny tapyp, milli ykdysadyýetiň her bir pudagy döwrüň talaby esasynda yzygiderli kämilleşdirilýär. Munuň şeýledigine söwda ulgamynyň ösüşlerinden hem göz ýetirmek bolýar.

Söwda ulgamyny kämilleşdirmek, onuň işini täze usullar esasynda ilerletmek möhüm bolup durýar. Söwda toplumynyň sergisiniň geçirilmeginiň maksady hem müşderileri ýerli önümler bilen tanyşdyrmak we olara bolan islegi dünýäde ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Sergide türkmen önümleriniň internet arkaly satuwyny ilerletmek babatdaky tagallalar hem beýanyny tapdy. Munuň özi söwda gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginden başlap, elektron söwdanyň döwrebap ösdürilmegine çenli wajyp ugurlary öz içine alýar. Elektron söwda häzirki wagtda Ýer ýüzüniň 5 milliarda golaý ilatynyň işjeň peýdalanýan hyzmaty bolmak bilen, bu ugra täzeçil çemeleşmek döwrüň derwaýyslygy hökmünde öňe çykýar. Şunda esasy tagallalar, ilkinji nobatda, mümkinçilikleri aýdyňlaşdyrmak, dünýä bazaryna çykmak, daşary ýurtlarda türkmen önümlerine bolan islegi ýokarlandyrmak bilen baglanyşyklydyr.

Eýýäm birnäçe ýyl bäri dünýäde okgunly ilerleýän işewürlik we söwda gatnaşyklary sanly ulgamyň täsiri bilen görnetin özgerişleri başdan geçirýär. Onuň ösüş ugurlarynyň artmagy bilen, bu üýtgeşmeler dünýä bazarynda bäsdeşligiň günsaýyn ýokarlanmagyna täsir edýär. Bir söz bilen aýdylanda, internet torunyň hem-de elektron enjamlaryň adamlar üçin elýeterli bolmagy söwdanyň täze gurşawynyň – elektron söwdanyň gündelik durmuşda giňden orun almagyna getirdi.

Satuw we satyn alyş gatnaşyklarynyň çeýe ulgamy bolan elektron söwda, adaty söwdadan tapawutlylykda, has köp sanly alyjyny özüne çekmäge ukyplydyr. Onuň esasy aýratynlygy harytlaryň we hyzmatlaryň görnüşleri bilen tiz hem-de ýeňil tanşyp bolýandygydyr. Munuň özi elektron söwdany netijeli dolandyrmagyň usullary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şunda satmagyň köp sanly häzirki zaman ýollaryny, ýagny işjeň gözleg optimizasiýasyny, jemgyýetçilik gatnaşyklary esasynda söwda platformasynyň meşhurlygyny artdyrmak, marketing çemeleşmelerini, mahabatyň täsirli usullaryny netijeli ulanmak möhüm zerurlyk bolup öňe çykýar. Bu usullar barada Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça maslahatynyň çözgütlerinde, berýän maslahatlarynda hem yzygiderli beýan edilýär. Agzalyp geçilen çemeleşmeleriň täsirlidigini elektron söwda boýunça ýurdumyzyň işjeň hyzmatdaşlary bolan Hytaýyň hem-de Türkiýäniň tejribesinden-de görmek bolýar.

Türkmenistanda elektron söwdanyň ösdürilmegi bilen bagly işler yzygiderli amala aşyrylýar. Bu pudagyň binýady biri-birinden täze mümkinçilikleri we ýeňillikleri hödürleýän sanly taslamalar esasynda pugtalandyrylýar. Soňky ýyllarda internet dükanlarynyň dürli görnüşleri açyldy. Olaryň hatarynda «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň internet dükany, «TmTrade» söwda platformasy, «Gerekli», «Aýterek» marketpleýsleri, «Ynamdar», «Asman», «100 haryt», «Ýönekeý» we başga-da onlarça internet dükanlary bar. Şunuň bilen birlikde, «Aşgabat», «Ak ýol», «Ak gaýa», «Galam» ýaly dükanlaryň söwdany internet arkaly hem amala aşyrýandygyny bellemek bolar. Ýurdumyzyň raýatlary bu internet dükanlaryndan zerur bolan islendik görnüşli harytlary daşary çykmazdan satyn alyp, onlaýn söwdanyň giň mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar. Netijede, özboluşly bäsdeşligiň döreýän şertlerinde bazary öwreniş we mahabat ýaly netijeli usullary ulanmagyň wajyplygy has-da artdy. Şonuň bilen bir hatarda, elektron söwdada girdejili ugry saýlap almakda hem-de olary durmuşa ornaşdyrmakda degişli işler geçirilýär.

2024-nji ýylda Daşkent şäherinde geçirilen Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 16-njy sammitinde eden çykyşynda döwlet Baştutanymyzyň sanly tehnologiýalar we elektron söwda boýunça YHG-nyň Çarçuwaly ylalaşygyny işläp taýýarlamak bilen bagly öňe süren teklibi giň goldawa eýe boldy. Bu başlangyjyň özeninde sebitiň döwletleriniň ösüşine deň derejede täsir etjek özara baglanyşykly, köp sanly ugurlary özünde jemleýän bitewi söwda gatnaşyklar ulgamynyň kemala gelmegine gönükdirilen wezipeler durýar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, guramanyň sebitinde ykdysady geçelgeleriň döredilmegi bilen, döwletimiz olary harytlaryň, hyzmatlaryň we maliýe serişdeleriniň hereket etmegi üçin durnukly esasy ugurlaryň ulgamy hökmünde görýär. Şunda degişli ýurtlaryň öňdebaryjy senagat we maýa goýum kompaniýalarynyň, banklarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak hem-de ony ulgamlaýyn ösdürmek derwaýysdyr. Elektron söwdanyň ilerledilmegi sebitiň ykdysadyýetini ösdürmekde möhüm ähmiýetlidir.

Häzirki wagtda söwdanyň bu görnüşini jemgyýetçilik talaplaryna görä, täze derejelere çykarmakda «Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasyna» hem-de «Türkmenistanyň sergileri, ýarmarkalary we maslahatlary guramak işini 2020–2025-nji ýyllarda ösdürmegiň Strategiýasyna» laýyklykda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Söwda işini ilerletmekde maglumat tehnologiýalaryny ýerlikli peýdalanmagyň täze ugurlaryny gözlemek we öwrenmek möhüm ähmiýete eýedir. Aslynda munuň özi elektron söwdanyň bazary öwreniş we mahabat «hereketlendirijileriniň» esasynda durýan möhüm guraldyr. IT ulgamyny kämilleşdirmekde, onuň esasynda täze sanly söwda taslamalaryny işläp düzmekde ýurdumyzyň ýeterlik tejribesiniň hem-de intellektual mümkinçilikleriniň bardygy bu wezipeleriň amaly tarapyny doly kepillendirýär. Munuň özi Türkmenistanda internetiň tizliginiň yzygiderli ýokarlanýandygy, elektron söwda hyzmatlaryna islegleriň barha artýandygy bilen aýrylmaz bagly bolup, ýerli önümleri sanly giňişlikde ýerlemekde telekeçilere giň mümkinçilikleri açýar [2].

Ösen bazar ykdysadyýetine geçmeklige ynamly gadam urýan Türkmenistan bu ugurda täze ösüşlere ýetýär. Gazanylýan ösüşlere saldamly goşant goşýan elektron söwda we internet dükanlar indi sanly Türkmenistanyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna sanly ulgamy, täze innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, aragatnaşyk, şol sanda sanly hyzmatlary köpeltmek, olaryň hilini ýokarlandyrmak, howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär.

Bilşimiz ýaly, 2020-nji ýylda «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Kanun elektron resminamalaryň, elektron resminamalaryň dolanyşygynyň we sanly hyzmatlaryň hukuk ýagdaýyny, olara bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär hem-de bu çygyrda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmäge gönükdirilendir. Kanunyň 49-njy maddasynda döwlet häkimiýet edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, gaýry ýuridik we fiziki şahslar, şol sanda kiçi hem-de orta telekeçiligiň subýektleri tarapyndan hyzmatlaryň sanly görnüşde edilmegi bilen baglanyşykly hukuk gatnaşyklary şu Kanun we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär [3; 49-njy madda]. Sanly hyzmatlar internetde ýörite saýtlar arkaly edilýär. Internetde ýörite saýt Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýär. Sanly hyzmatlar ýörite internet saýtlary, sanly hyzmatlaryň edilmegini, şeýle hem Kanunyň 51-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen ugurlar boýunça bu hyzmatlaryň sanawynyň özünde saklanylmagyny, sanly hyzmatlary almak üçin gerek bolan resminamalary elektron görnüşde doldurmagyň mümkinçiligini, sanly hyzmatlary almak üçin resminamalary elektron görnüşde bermek mümkinçiligini, sanly hyzmatlaryň ýerine ýetirilmeginiň barşy hakynda maglumaty elektron görnüşde almak mümkinçiligini, eger şeýle mümkinçilik bu hyzmatyň düýp mazmunyna garşy gelmese, sanly hyzmatlaryň netijesini elektron

görnüşde almak mümkinçiligini, sanly hyzmatlaryň berilmegi üçin tölegi elektron görnüşde girizmegiň mümkinçiligini üpjün etmelidir.

Dünýäde milliardlarça dollarlyk elektron söwda amala aşyrylýar we elektron söwda mowzugy giňişleýin seljermäge degişli ulgamlaryň esasylarynyň biridir. Häzirki wagtda kanun arkaly elektron söwda düzgünleşdirilýär. Bu babatda «Elektron resminama, elektron resminama dolanşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny aýratyn bellärliklidir. Kanuna görä, elektron söwda diýlip, elektron maglumat ulgamlaryndan, telekommunikasiýa aragatnaşyk torlaryndan we elektron amallaryndan peýdalanmak bilen, geleşikler edilende elektron resminamalaryň alşylmagy arkaly amala aşyrylýan uzaklykdan satmak arkaly edilýän söwdanyň görnüşine düşünilýär [3; 53-nji madda].

Elektron söwda diňe bir satyn almak-satmak amallaryny öz içini almak bilen çäklenmän, üpjün etmek, daşamak, karz, bank hyzmaty, saklamak, ätiýaçlandyryş, tabşyryk, eýeçiligiň ynanç haty esasynda dolandyrylmagy, bäsleşik, Türkmenistanyň Raýat kodeksinde göz öňünde tutulan beýleki geleşikler, şeýle hem telekeçilik işiniň çygrynda gaýry hukuklaryň we borçlaryň edinilmegi we amala aşyrylmagy ýaly amallary hem öz içine alýar [3; 53 m., 1b.]. Kanuna görä, elektron söwda satyjy, satyn alyjy we maglumat dellaly gatnaşýarlar.

Satyjy–elektron resminamalary peýdalanmak bilen, telekeçilik çygrynda harytlaryň satuwyny, işleriň tölegli ýerine ýetirilmegini we hyzmatlaryň edilmegini, beýleki işleri amala aşyrýan ýuridik şahs ýa-da hususy telekeçi hökmünde bellige alnan fiziki şahsa düşünilýär [3; 53 m., 2 b., 1 b.].

Satyn alyjy–elektron söwdany amala aşyrýan şahs bilen baglaşylan şertnama esasynda emlägi almaga, işlere we hyzmatlara hukugy bar bolan, şeýle hem gaýry hukuklary bar bolan ýuridik şahs ýa-da hususy telekeçi hökmünde bellige alnan fiziki şahs elekton söwdanyň satyn alyjysy bolup çykyş edýär [3; 53 m., 2 b., 2 b].

Ýeri gelende bellesek, uzakdan satmak arkaly edilýän söwdanyň görnüşi hökmünde internet torunda söwdanyň amala aşyrylmagynyň düzgünleri Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenilýär.

Maglumat dellaly elektron resminamalary başga bir şahsyň adyndan iberýän, alýan, saklaýan ýa-da bu maglumatlar babatynda beýleki hyzmatlary edýän şahsdyr [3; 53 m., 2 b., 3 b.].

Satyjynyň we satyn alyjynyň özara hereketi geleşigi baglaşmagyň ähli tapgyrlarynda satyn alyjynyň satyjy bilen özara hereketini telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň üsti bilen üpjün edýän maglumat we tehniki çözgütleriň toplumy bolup durýan elektron söwda ulgamlarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Satyn alyjylar elektron söwdalary (bäsleşikli söwdalary, bäsleşikleri, nyrhlaryň we teklipleriň talap edilmegini) geçirýärler, satyjylar bolsa, geçirilýän satyn alyşlara gatnaşýarlar, teklip edilýän harytlar (işler, hyzmatlar) baradaky maglumaty ýerleşdirýärler [3; 53 m., 4 b.].

Geleşik boýunça elektron söwdadaky ähli elektron amallar taraplaryň ylalaşygy we Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen talaplara hem-de tertibe laýyklykda resmileşdirilmelidir [3; 53 m., 6 b.].

Elektron söwdada şertnama şertleriň ylalaşylmagynyň we ony elektron geleşigiň taraplarynyň arasynda elektron resminamalary alyşmak arkaly döretmegiň netijesi hökmünde resmileşdirilýär.

Elektron şertnama elektron maglumat, telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndan we elektron amallaryndan peýdalanmagyň esasynda amala aşyrylýan raýat-hukuk şertnamasy hökmünde kesgitlenilýär. Elektron geleşigiň taraplary elektron şertnamanyň dogrulygyny we bitewüligini barlamagyň Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän amallary barada özara deslapky ylalaşyga gelip bilerler [3; 53 m., 7 b.].

Elektron geleşigiň taraplarynyň maliýe hasaplaşyklary elektron geleşigiň tarapy bilen töleg ulgamynyň operatorynyň arasyndaky ylalaşyk esasynda bellenilen borçnamalarynyň çäklerinde elektron töleg ulgamlarynyň operatorlarynyň üsti arkaly geçirilip bilner. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan bank däl karz edaralary ýa-da aragatnaşyk operatorlary we beýleki ýuridik şahslar elektron geleşigiň tarapy bilen şertnamanyň (goşulyşmak şertnamasynyň) şertlerinde elektron töleg ulgamlarynyň operatorlary bolup bilerler [3; 53 m., 10 b.].

Halkara hukugynda söwdany düzgünleşdirýän köp sanly kanunlar we konwensiýalar hereket edýär. Olar elektron söwda gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri we jedelleri çözmekde çeşme hökmünde ulanylýar. Olardan Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň 2000-nji ýylyň 30-njy iýunynda güýje giren «Global we milli söwda boýunça elektron gollary goýmak hakynda» Federal Kanunyny [4], «Elektron gol hakyndaky» Model Kanunyny (2001) we «Elektron habar beriş serişdeleri baradaky» Konwensiýasyny (2005), BMG-niň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň kabul eden «Elektron söwda hakyndaky» Kanunyny (1996) görkezmek bolar [5]. Bu kanunlar döwletlere öz milli kanunçylygynda elektron şertnamalary, sanly maglumatlary we elektron goly düzgünleşdirmekde nusga hökmünde hyzmat edýär.

Häzirki zaman ykdysadyýetinde sanly ulgamlar we internet tehnologiýalary söwda gatnaşyklarynyň möhüm bölegine öwrüldi. Elektron söwda diňe bir haryt alyş-çalşynyň täze görnüşi bolman, eýsem, hukuk, maliýe we maglumat ulgamyny täze esasda gurmagy talap edýär. Elektron şertnamalaryň emele gelişi, olaryň ýerine ýetirilmegi we subutnama hökmünde ulanylmagy häzirki döwrüň möhüm hukuk meselesidir. Bu babatda Türkmenistan Bütindünýä Söwda Guramasyna (WTO) goşulmak arkaly elektron söwdada halkara standartlaryna has giňden integrirlenmek mümkinçiligini alar. Bu ýurdumyzyň sanly ykdysadyýetiň ösmegine we elektron şertnamalaryň halkara derejesinde ykrar edilmegine goşmaça şertler döreder.

Umuman, daşary ýurt tejribesiniň öwrenilmegi milli kanunçylygy kämilleşdirmekde möhüm ähmiýete eýedir.

## EDEBIÝATLAR

1. Maliýe we ykdysadyýet // № 5, 2025.
2. Türkmenistan // 7.05.2024.
3. «Elektron resminama, elektron resminama dolanşygy we sanly hyzmatlar hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2020.
4. fdic.gov
5. uncitral.un.org


## ОПЫТ РЕШЕНИЯ ВОПРОСОВ, ВОЗНИКАЮЩИХ В ОТНОШЕНИЯХ ЭЛЕКТРОННОЙ ТОРГОВЛИ, НА ОСНОВЕ МЕЖДУНАРОДНОГО ПРАВА


В статье комплексно рассматривается международная практика заключения электронных договоров, их исполнения и использования в качестве доказательств – важная правовая проблема современности. В первую очередь анализируется значение дополнительных возможностей для развития цифровой экономики и международного признания электронных договоров, а также обеспечения информационной безопасности в интернет-магазинах. Также сравниваются положения международно-правовых актов в данной области.


## EXPERIENCE IN RESOLVING ISSUES ARISING IN ELECTRONIC COMMERCE RELATIONS BASED ON INTERNATIONAL LAW


This article comprehensively examines international practices for concluding, executing, and using electronic contracts as evidence–a significant legal issue today. It primarily analyzes the importance of additional opportunities for the development of the digital economy and the international recognition of electronic contracts, as well as ensuring information security in online stores. It also compares the provisions of international legal instruments in this area.

# V BAP
# HALKARA JEMAGAT HUKUGY

**Nurjahan ANNANAZAROWA,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty.*

## DAŞARY ÝURT RAÝATLARYNYŇ HUKUKLARYNYŇ HALKARA HUKUGYNDA DÜZGÜNLEŞDIRILMEGI

Häzirki döwürde halkara jemgyýetçiliginiň esasy meseleleriniň biri hem daşary ýurt raýatlarynyň hukuklarynyň halkara hukugynda düzgünleşdirilmegi, şeýle hem olaryň Türkmenistanyň çäginde bolmagy (ýaşamagy) we zähmet çekmegi, telekeçilik ýa-da gaýry işlerini amala aşyrmagy bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklary bolup durýandyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 11-nji maddasyna laýyklykda, «Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň kanunlaryna we halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyňky ýaly hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar hem-de borçlary ýerine ýetirýärler. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara kanunda bellenilen tertipde gaçybatalga berýär» diýlip bellenilip geçilýär [1].

Şeýle-de, Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň Kanunynda «Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan hem-de özüniň haýsydyr bir daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişlidiginiň subutnamalary bar bolan adamlar Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary diýlip ykrar edilýär. Türkmenistandaky Daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kanundan hem-de Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kanundakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar» [2].

Mundan başga-da, ýokarda aýdylanlaryň esasynda 1969-njy ýylyň Halkara şertnamalar hukugy hakyndaky Wena Konwensiýasynyň kadalarynyň milli kanunçylyga ornaşdyrmak meselesinde hem öz beýanyny tapdy. Muňa mysal hökmünde, «Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara kanunda bellenilen tertipde gaçybatalga berýär» [3].

Konstitusiýa we hukuk doktrinasyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýaty bolup durmaýan hem-de özüniň haýsydyr bir daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişlidigininiň subutnamasy bar bolan adamdyr. Şol sebäpden hem Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagynyň ykrar edilmegine esaslanýar we şu Kanundan hem-de Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan ybaratdyr [4/2].

Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň kanunlaryna we halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyňky ýaly hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar hem-de borçlary ýerine ýetirýärler. Türkmenistanda daşary ýurt raýatlary milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ynam-ygtykadyna ýa-da gaýry ýagdaýlara garamazdan, kanunyň öňünde deňdirler. Türkmenistanda daşary ýurt raýatlary tarapyndan öz hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, şeýle hem ahlak kadalaryny, kanunyň talaplaryny, jemgyýetçilik tertibini bozmaly däldir, milli howpsuzlyga, jemgyýetiň hem-de döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirmeli däldir, diýlip bellenilip geçilýär [5/2].

Dünýä bileleşiginiň ösüşiniň häzirki tapgyry, döwletleriň içerki ygtyýarlygyna degişli bolan ähli täze ugurlary öz içine alýan, adam hukuklarynyň halkara derejesinde düzgünleşdirilmeginiň hemişe giňelmegi bilen häsiýetlenýär. Halkara hukugynyň bu artýan ähmiýeti, adam hukuklary boýunça ýörelgeleriň we kadalaryň işlenip düzülmeginde we anyklaşdyrylmagynda, şeýle hem dürli ählumumy we sebit edaralary tarapyndan olaryň berjaý edilişine gözegçiligiň amala aşyrylmagynda öz beýanyny tapýar.

Soňky ýyllarda halkara bileleşigi raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryna degişli meseleleri öwrenmäge has uly ähmiýet berip başlady, sebäbi olara bolan üns öň ýeterlik däldi. Bu ýörelgäniň bir görnüşi, BMG-niň Adam hukuklary boýunça topar tarapyndan raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklary çygrynda derňew işiniň taýýarlanmagy boldy.

Häzirki zaman halkara hukugy her bir adamyň hiç hili tapawut goýulmazdan ähli hukuklara we azatlyklara eýedigi hakykatyndan ugur alýar. Bu düzgün Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasynda, Adam hukuklary baradaky halkara paktlarda, şeýle hem beýleki halkara resminamalarynda berkidilendir. Emma halkara hukugy käbir ýagdaýlarda raýatlar bilen raýatlygy bolmadyk adamlaryň arasynda belli bir tapawutlary hem geçirýär.

Şol bir wagtyň özünde, köplenç, halkara hukugynyň kadalary tarapyndan kepillendirilýän raýatlygy bolmadyk adamlaryň esasy azatlyklary we hukuklary bozulýar. Aslynda, raýatlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklarynyň arasynda uly tapawut bar. Köp ýurtlarda raýatlygy bolmadyk adamlar etnik häsiýetli meselelere duş gelýärler.

Raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny bozmagyň giňden ýaýran tejribesi halkara kanunçylygyna we hukuk tertibine zyýan berýär. Şol bir wagtyň özünde, rus edebiýatynda halkara hukuk häsiýetli, raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryna bagyşlanan ylmy işler ýok. Bu meselä degişli gaty az sanly ylmy işler daşary ýurtlarda bar. Şeýle-de bolsa, bu tema bilen baglanyşykly köp meseleler we kynçylyklar iň ünsli öwrenilmegi hem-de jikme-jik derňelmegini talap edýär.

Olaryň hataryna, ilkinji nobatda, şular degişlidir: ylmy edebiýatlarda raýatlygy bolmadyk adamlaryň umumy ykrar edilen düşünjesiniň ýoklugy; olaryň hukuklary we azatlyklary; diskriminasiýanyň (kemsitme) gadagan edilmegi; raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklary bilen baglanyşykly meseleleriň ählumumy we sebit edaralary tarapyndan seredilişi; raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny goramak maksady bilen durmuşa geçirilmegi zerur bolan çäreler we başgalar.

Getirilen derwaýys meseleleriň we kynçylyklaryň ählisi şu makalanyň we onda seredilýän taraplaryň aýratyn öz wagtynda gozgalandygyny şertlendirýär. Şeýle-de raýatlygy bolmadyk adamlar bilen olaryň ýaşaýan ýa-da bolýan döwletiniň arasyndaky gatnaşyklar; raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny düzgünleşdirmek nukdaýnazaryndan halkara hukugynyň we halkara şertnamalarynyň esasy ýörelgeleri we kadalary; şeýle hem seredilýän ugurda ählumumy we sebit edaralarynyň işiniň teoretiki we amaly taraplary durýar. Raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny halkara derejesinde düzgünleşdirmek meselesi, degişli BMG edaralarynda we akademiki toparlarda (hünärmenleriň, alymlaryň, halkara hukugyny öwrenijileriň arasynda) uzak wagtdan bäri ýiti çekişmeleriň dowam edýän möhüm meseleleriniň biridir.

Alymlaryň nukdaýnazaryndan, bu mesele umumy häsiýete eýedir. Şonuň üçin oňa dürli subýektiw we obýektiw faktorlaryň şahsyýetiň şahsy ýagdaýynyň raýatlygy bolmadyk adamyň hukuk ýagdaýyna öwrülmegine edýän täsirini mümkin boldugyça doly hasaba almak arkaly, köptaraplaýyn seretmek zerurdyr.

Bu meseläniň doly çözgüdi, Raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny goramak baradaky Halkara Konwensiýanyň işlenip düzülmezden we soňra kabul edilmezden mümkin däldir. Bu halkara hukuk resminamasy, öz çäginde ýaşaýan ýa-da bolýan döwletiň raýaty bolmadyk adamlaryň hukuklaryny goraýyş mehanizminiň netijeliligini ýokarlandyrmakda esasy orun eýelemäge çagyrylandyr.

Geljegiň Konwensiýasy kabul edilýänçä, öň çaklanylyşy ýaly, eýýäm häzirki wagtda BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklary boýunça ýörite hasabat üçin jogapkär bellemelidir. Ol Geňeşe raýatlygy

bolmadyk adamlaryň hukuklaryny goramagyň netijeliligini ählumumy we sebit derejelerinde ýokarlandyrmak üçin anyk çäreleri hödürläp biler.

Konwensiýanyň düzgünlerinde berkidilmeli umumy häsiýetli çärelere degişli bolup, gatnaşyjy döwletler, ilkinji nobatda, milli kanunçylygy Konwensiýa doly laýyk gelmegini üpjün etmek üçin derňemeli we zerur ýagdaýlarda gaýtadan seretmelidir.

Mundan başga-da gatnaşyjy döwletler milli kanunçylygyň durmuşa geçirilmeginde raýatlygy bolmadyk adamlara kemsidiji täsir etmezligini üpjün etmelidir. Hususan-da, olar raýatlygy bolmadyk adamlaryň (mysal üçin, zähmet migrantlarynyň çagalary we är-aýallary) hemmeler bilen duş gelýän «köp görnüşli diskriminasiýa» meselesine aýratyn üns bermelidirler. Gatnaşyjy döwletler, raýatlygy bolmadyk adamlara, reňk, gelip çykyş ýa-da milli (ýa-da etniki) degişliligi boýunça hiç hili kemsidiji täsir etmeýän immigrasiýa syýasatyny geçirmelidirler.

Şeýlelikde, daşary ýurt tejribesiniň öwrenilmegi daşary ýurt raýatlary tarapyndan öz hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy beýleki adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny, şeýle hem ahlak kadalaryny, kanunyň talaplaryny, jemgyýetçilik tertibini bozmaly däldir, milli howpsuzlyga, jemgyýetiň hem-de döwletiň bähbitlerini goramak ulgamynda uly ähmiýete eýedir.

Konstitusiýanyň esasy hukuk çeşmesi bolmagy netijesinde, döwletimiziň syýasy, ykdysady hem-de durmuş ulgamlarynyň häsiýetli aýratynlyklary, şeýle-de many-mazmunyny, içeri hem-de daşary syýasaty kesgitleýär, häkimiýet we dolandyryş edaralaryny, kazyýet ulgamyny, olaryň işiniň guramaçylyk-hukuk esaslaryny belleýär. Şeýle hem raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmegiň, ýurdumyzyň durmuşynda hukuk tertibini, kanunçylygy ykrar etmegiň hukuk taýdan kepillendirmelerini özünde jemleýär.

Türkmenistan döwletimiziň Bitaraplyk hukuk derejesi adam hukuklary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Döwlet Baştutanymyzyň harby we hukuk goraýjy edaralaryna berýän goldawy ýurdumyzyň her bir raýatlaryna adalatly, jogapkärçilikli, arassa, päk ýürekden zähmet çekmäge uly itergi berýär. Raýatlaryň hukuklary kanun tarapyndan goralýan, jemgyýetçilik bähbitleri ileri tutulýan ýurdumyzda kada-kanunlar ýokary derejede doly berjaý edilýär. «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr» diýen konstitusion ýörelgeden ugur alyp, ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkara şertnamalaryna we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna, şonuň ýaly-da, türkmen halkynyň gadymdan gelýän ynsanperwerlik ýörelgelerine laýyklykda, diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň we bosgunlaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramak babatda degişli işler alnyp barylýar [5].

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2023.

2. Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2011.

3. Milli kanunçylygyň we halkara hukugynyň kadalarynyň sazlaşygy. – Demokratiýa we hukuk // 2023.

4. dissercat.com

5. Institutyň ylmy ýygyndysy. 2025.

## РЕГУЛИРОВАНИЕ ПРАВ ИНОСТРАННЫХ ГРАЖДАН В МЕЖДУНАРОДНОМ ПРАВЕ

В статье подробно изучается международный опыт регулирования права иностранных граждан, обеспечивающего их правовой статус на территории другого государства. Основным принципом является предоставление «национального режима», когда иностранцам предоставляется тот же объем прав, что и гражданам принимающей страны, с некоторыми исключениями. Помимо национальных законов, регулирование осуществляется через двусторонние и многосторонние международные договоры, которые устанавливают конкретные правила поведения и права для иностранных граждан в зависимости от их правового статуса (например, временно пребывающие или постоянно проживающие).

## REGULATION OF THE RIGHTS OF FOREIGN CITIZENS IN INTERNATIONAL LAW

This article examines in detail international practices in regulating the rights of foreign citizens, ensuring their legal status in another state. The fundamental principle is the provision of «national treatment,» whereby foreigners are granted the same rights as citizens of the host country, with some exceptions. In addition to national laws, regulation is implemented through bilateral and multilateral international treaties, which establish specific rules of conduct and rights for foreign citizens depending on their legal status (e.g., temporary stay or permanent residence).

**Kerim DÖRTGULYÝEW,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty.*

# ZÄHMET MIGRANTLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝYNY DÜZGÜNLEŞDIRMEGIŇ HALKARA HUKUK ESASLARY

XXI asyrda dünýä ykdysadyýetiniň giňden ösmegi, işçi güýjüniň hereketliligi we globallaşmanyň çalt depginde dowam etmegi netijesinde zähmet migrasiýasy jemgyýetçilik durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Şeýlelikde, zähmet migrantlaryň hukuklarynyň üpjün edilmegi diňe bir jemgyýetçilik-durmuş meselesi bolman, eýsem, halkara hukugynyň möhüm ugry hökmünde kesgitlenilýär.

Migrasiýanyň halkara hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginiň aýratynlyklary kesgitlenende, ony mejbury we meýletin diýen görnüşlere bölmek bolar.

Zähmet migrasiýasyny halkara hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň esaslarynyň öz aýratynlyklary bardyr. Bir tarapdan, zähmet we durmuş hukuklarynyň umumy ýörelgeleri 1966-njy ýylda kabul edilen Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara Paktda berkidilendir we olar agza döwletler tarapyndan hiç hili kemsitmesiz ähli adamlara degişlidir. Bellenilen ülňüler daşary ýurt raýatlaryna hem, öz raýatlaryna hem deň derejede degişlidir. Her bir agza döwlet Paktda bellenilen hukuklary we azatlyklyklary öz milli hukuk ulgamyna ornaşdyrmagyň görnüşini özi kesgitleýär.

Beýleki tarapdan, kabul ediji döwlet zähmet migrantlarynyň ýurda girmegi, ýaşaýşy we ýurtdan çykmagy bilen baglanyşykly tertibi öz islegine görä kesgitleýär. Halkara migrasiýa guramasynyň bilermenleriniň pikiri boýunça döwletara zähmet migrasiýasy ilki bilen migrasiýa boýunça milli kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär we «käbir ýurtlar daşarky zähmet migrasiýasyny kadalaşdyrmakda hem-de öz raýatlary üçin daşary ýurtlarda amatly şertleri döretmekde işjeň orun eýeleýärler» [5; sah. 130].

1990-njy ýylyň BMG-niň Ähli zähmet migrantlaryň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak baradaky halkara Konwensiýasynyň 2-nji maddasynyň 1-nji böleginde olar «özleri raýaty bolmadyk döwletiň çäginde tölegli zähmet işi bilen meşgullanjak, meşgullanýan ýa-da meşgullanan şahslar» hökmünde kesgitlenilýär [6]. Bu konwensiýa migrantlaryň ykdysady, durmuş, medeni we raýat hukuklarynyň üpjün edilmegini kepillendirýär. Mälim bolşy ýaly, her bir adamyň zähmete bolan hukugy ählumumy halkara hukuk derejesindäki ülňi hökmünde kabul edildi. 1966-njy ýylda kabul edilen Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky halkara Paktynyň 6-njy maddasynyň 1-nji böleginde bu hukuk «adamyň öz islegi boýunça saýlap alan we erkin razy bolan zähmeti arkaly öz durmuş üpjünçiligini gazanmak mümkinçiligine bolan hukugy» hökmünde düşündirilýär.

Halkara zähmet guramasynyň 1949-njy ýylda 97-nji we 1975-nji ýylda kabul edilen 143-nji Konwensiýalary migrantlaryň iş şertlerinde deňhukuklylygy, kemsitmäniň ähli görnüşleriniň gadagan edilmegi we olaryň durmuş taýdan goragynyň üpjün edilmegi bilen bagly meseleleri kesgitleýär. Şol bir wagtda bu resminamalar migrantlaryň diňe iş ýerinde däl-de, jemgyýetçilik durmuşynda hem doly hukuk kepilliklerine eýe bolmagyny maksat edinýär.

1949-njy ýylda kabul edilen Zähmet migrantlary hakyndaky 97-nji Konwensiýasy esasy ünsi zähmet migrantlaryny işe almak meselelerine hem-de olaryň zähmet şertlerine gönükdirýär. Agzalan Konwensiýa döwletleri kanuny esaslara laýyklykda öz territoriýasynda bolýan zähmet migrantlaryny milletine, jynsyna, dini ynam-ygtykadyna ýa-da gelip çykyşyna görä kemsitmän, öz raýatlaryna berilýän şertlerden kem bolmadyk mümkinçilikleri we şertleri üpjün etmäge borçlandyrýar. Şol bir wagtyň özünde, döwletlere döwlet bähbitlerini goramak maksady bilen zerur bolan halatlarda, migrantlaryň belli bir görnüşdäki işlerde zähmet çekmäge bolan hukuklaryny çäklendirmek ygtyýarlygy berilýär.

Zähmet migrantlary hakyndaky 143-nji Konwensiýanyň kabul edilmegi işsizlik derejesiniň we düzgünleşdirilmedik migrasiýanyň möçberiniň düýpli artmagy bilen şertlendirilendir. Bu resminama bikanun migrantlaryň ýagdaýy bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak boýunça ilkinji köptaraplaýyn synanyşyk bolup, bikanun zähmet güýji bilen söwda edýän şahslara garşy sanksiýalary göz öňünde tutýar. Konwensiýanyň 11-nji maddasynyň 1-nji böleginde zähmet migranty «islendik işi almak maksady bilen bir ýurtdan beýlekä göçýän ýa-da göçüp giden adam» hökmünde kesgitlenilýär; bu adalga «ýurda zähmet migranty hökmünde kanuny esasda giren islendik adamy» öz içine alýar. Şeýle-de bolsa, halkara migrasiýa hukugynda, dünýäniň ýurtlarynyň köpüsiniň milli kanunçylyklarynda bolşy ýaly, häzirki wagta çenli zähmet migranty düşünjesine degişli umumylaşdyrylan we ylalaşylan çemeleşme kemala gelen däldir.

Ýeri gelende bellesek, 1975-nji ýylyň Konwensiýasynyň 12-nji maddasyna laýyklykda, agza döwletler ähli zähmet migrantlary üçin zähmetiň deň şertlerini üpjün etmäge borçlanýarlar.

1943-nji ýylyň «Zähmet migrantlary üçin deň mümkinçilikleri we deň çemeleşmeleri üpjün etmekde hyýanatçylyklar hakynda» Konwensiýa 1990-njy ýylyň Konwensiýasyndan maşgala agzalaryna degişli adalgany kesgitlemekde tapawutlanýar. 1943-nji ýylyň Konwensiýasyna laýyklykda diňe resmi nikada durýan är-aýal, çagalar we migrantyň eklenjindäki adamlar maşgala agzalary hasaplanylýar.

1997-nji ýylyň Hususy zähmet üpjünçilik agentlikleri baradaky 181-nji Konwensiýasy zähmet migrantlarynyň hususy zähmet üpjünçilik agentlikleri arkaly işe alyş we işe ýerleşdiriş meselelerinde olara garşy bikanun çemeleşmeleriň öňüni almak maksady bilen kabul edilen möhüm düzgünleri öz içine alýar.

W.A. Woloh döwletleriň alyp barýan syýasatyny göz öňünde tutmak bilen, ilatyň bir ýurtdan başga ýurda göçmeginiň möçberine we ugruna möhüm derejede täsir etmäge mümkinçilik berýän, şeýle-de «jemgyýetçilik taýdan guralan» zähmet migrasiýasynyň ähmiýetiniň uludygyny belleýär [3; sah. 14.].

BMG-niň Ähli zähmet migrantlaryň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak baradaky halkara konwensiýasy zähmet migrasiýasynyň görnüşlerini kesgitleýär.

Konwensiýanyň 2-nji maddasy «zähmet migranty» diýen düşünjäniň düzümine serhetýaka we möwsümleýin daşary ýurtly işçileri, deňizçileri hem-de deňiz ýakasyndaky stasionar desgalarda işleýän şahslary; zähmet işiniň dowamynda bir döwletiň çäginden beýlekä gysga wagtlyk geçýän migrantlary; taslama boýunça ýa-da kärendede işleýän işçileri, şeýle hem kabul ediji ýurtda başga esaslar boýunça işleýän daşary ýurtlulary hem goşýar. Alymlaryň pikirine görä, 1990-njy ýyldaky Konwensiýanyň 2-nji maddasy degişli ikitaraplaýyn şertnamalarda we agza döwletleriň milli kanunçylygynda zähmet migrantlarynyň görnüşlerini anyk tapawutlandyrmak üçin giňişleýin beýan edilendir.

Dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan berjaý edilmeli esasy ýörelgeleriň biri hem ähli migrantlara deň çemeleşme ýörelgesidir. Bu ýörelge Konwensiýanyň 1-nji maddasynda berkidilýär: «Zähmet migrantlary hakyna tutma zähmeti ulanmak üçin kabul edýän döwlet tarapyndan höweslendirilmek we zähmet şertleri meselelerinde deň çemeleşmelerden peýdalanmaga hukuklary bardyr» [6].

Gresiýa, Portugaliýa, Italiýa, Niderlandlar, Finlýandiýa, Awstriýa ýaly birnäçe Günbatar Ýewropa ýurtlary möwsümleýin daşary ýurtly işçileriň hukuk ýagdaýyny öz migrasion kanunçylygyna girizdiler. Häzirki wagtda Fransiýa, Estoniýa, Çehiýa Respublikasy we Finlýandiýa ýaly käbir Ýewropa Bileleşiginiň agza döwletleri möwsümleýin zähmet migrantlaryny çekmek üçin ýönekeýleşdirilen düzgünleri ulanýarlar. Ýönekeýleşdirilen düzgünleriň çäginde ýurda girmek we zähmet işi bilen meşgullanmak üçin diňe giriş wizasyny almak talap edilýär [4; sah. 87].

1977-nji ýyldaky Zähmet migrantlaryň hukuk ýagdaýy baradaky Ýewropa Konwensiýasynyň (ETS № 093) 5-nji maddasy agza döwletleriň borjuny–zähmet migranty ýurtdan çykmazdan öň oňa zähmet şertnamasyny ýa-da anyk iş teklibini üpjün etmegi öz içine alýar.

32-nji madda Konwensiýanyň düzgünleriniň ylalaşýan taraplaryň milli kanunçylygyna ýa-da migrant işçileri goramak meselesinde has amatly çemeleşmegi göz öňünde tutýan islendik ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn şertnamalara goşmaça güýje girjekdigini göz öňünde tutýar.

Ýewropa Geňeşiniň zähmet migrantlarynyň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän sebit resminamalarynyň biri hem 1961-nji ýylda kabul edilip, 1966-njy ýylda täzeden garalan Ýewropa durmuş hartiýasydyr. Hartiýanyň 18-nji maddasynyň 4-nji bölegi gatnaşyjy döwletleriň raýatlarynyň başga döwletleriň territoriýasyna iş maksady bilen gitmek hukugyny kesgitleýär.

Zähmet migrantlarynyň halkara hukuk goraglylygynyň esasy ýörelgeleriniň hatarynda şulary görkezmek mümkin:

Kemsitmesizlik ýörelgesi – her bir zähmet migrantynyň milletine, dinine, diline ýa-da jynsyna garamazdan deňhukukly bolmagy;

Adam mertebesine hormat goýmak ýörelgesi – zähmet migrantlary ynsanperwer şertlerde ýaşamaly we işlemelidir;

Adalatly iş şertleri bilen üpjün etmek – zähmet migrantlary ýerli raýatlar bilen deň zähmet şertlerinde işläp bilmeli;

Maşgalanyň bitewüligi ýörelgesi – zähmet migrantlarynyň maşgalasyny ýanlaryna getirmegine mümkinçilik berilmelidir.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary esasynda kämilleşdirilýär. Zähmet çekmäge bolan hukuk adamyň esasy konstitusion hukuklarynyň biridir. Zähmet çekmäge bolan hukugy üpjün etmek döwletiň esasy wezipeleriniň hatarynda durýar. Türkmenistan hem halkara jemgyýetçiliginiň doly hukukly agzasy hökmünde zähmet migrantlarynyň hukuklaryny goramakda halkara kadalaryna eýerýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasynda: «Her bir adamyň zähmete, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine hukugy bardyr. Mejbury zähmet we çaga zähmetiniň ýaramaz görnüşleri gadagandyr. Hakyna durup işleýän adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine we hiline laýyk gelýän hak almaga hukugy bardyr. Bu hakyň möçberi döwlet tarapyndan bellenilen iň pes zähmet hakynyň möçberinden az bolup bilmez» diýip bellenilýär [1].

«Migrasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hem migrasiýa hadysalarynyň döwlet derejesinde düzgünleşdirilmegini üpjün edýär, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýär. Agzalan Kanunda zähmet migrasiýasy Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginden daşary, şeýle hem daşary ýurt döwletlerinde hemişelik ýaşaýan we Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň zähmet işini amala aşyrmak maksady bilen kanuny esasda meýletin ondan oňa geçmegi hökmünde kesgitlenilýär [2].

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Halkara Zähmet Guramasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça çäreleriň 2024–2025-nji ýyllar üçin «Ýol kartasynyň» kabul edilmegi, onda bu gurama bilen bilelikdäki işleri ýerine ýetirjek ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň anyk kesgitlenilmegi öňde goýlan wajyp wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagyna, hususan-da, durmuş-zähmet gatnaşyklaryny halkara hukuk kadalaryna laýyklykda ösdürmäge ýardam berer.

Netijede, zähmet migrantlarynyň hukuklarynyň üpjün edilmegi häzirki döwrüň ählumumy meseleleriniň biri bolmagynda galýar. Halkara hukuk kadalary döwletleriň bu ugurda alyp barýan syýasatlaryna ýol görkeziji bolup durýar.

Umuman, zähmet migrantlarynyň hukuklaryny goramak diňe bir halkara borçnama däl, eýsem, döwletiň hukuk ösüşiniň, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň möhüm bölegi hökmünde çykyş edýär.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2023.

2. «Migrasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2012.

3. *Волох В.А*. Трудовая миграция: политико-правовые и социально-экономические аспекты привлечения и использования иностранной рабочей силы. – М.: Спутник, 2010.

4. Правовые основы привлечения и использования неквалифицированных и низкоквалифицированных иностранных работников – граждан третьих стран в 27 государствах Европейского союза. Краткое описание. Первая версия. – Женева: МОМ, 2010.

5. Справочник по терминологии в области миграции (русско-английский). – М.: МОМ, 2001.

6. Текст Конвенции ООН о защите прав всех трудящихся-мигрантов и членов их семей 1990 г. приводится по инф.правовой системе. «Гарант Аэро», 2015.

## МЕЖДУНАРОДНО-ПРАВОВЫЕ ОСНОВЫ РЕГУЛИРОВАНИЯ СТАТУСА ТРУДЯЩИХСЯ МИГРАНТОВ

Статья посвящена современным международно-правовым основам регулирования статуса трудовых мигрантов. Рассмотрены подходы к управлению различными видами трудовой миграции и формы межгосударственного сотрудничества в этой сфере. Особое внимание уделено компонентам международно-правовых механизмов миграционного регулирования в рамках деятельности региональных и субрегиональных интеграционных объединений.

## INTERNATIONAL LEGAL FRAMEWORK FOR REGULATION OF THE STATUS OF MIGRANT WORKERS

The article focuses on the modern international legal foundations for regulation of the status of labor migrants. It examines approaches to managing various types of labor migration and forms of interstate cooperation in this area. Special attention is given to the components of international legal mechanisms for migration regulation within the framework of regional and subregional integration associations.

**Myrat DURDYMÄMMEDOW,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty.*

# KORRUPSIÝA GARŞY GÖREŞMEK: HALKARA HUKUK NAMALAR WE MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERINIŇ TEJRIBESI

Korrupsiýa garşy göreş usullarynyň ähmiýeti häzirki wagtda dünýä ýurtlaryndaky korrupsiýanyň raýatlaryň durmuşynyň ähli ugurlaryna aralaşmagy we olara ýaramaz täsir etmegi bilen baglanyşyklydyr.

Korrupsiýa müňlerçe ýyl ozal peýda bolupdyr. Etimologik taýdan korrupsiýa sözi latynça «corruptio» – «bozmak», «azdyrmak» manysyny berýär.

N. W. Şedrin: «Korrupsiýanyň alamatlaryny öz içine alýan korrupsiýa jenaýaty, kanun tarapyndan göz öňünde tutulan günäli hereket» diýip belleýär [4; sah. 22].

XX asyryň ortalaryndan bäri korrupsiýa garşy göreş meselesi belli bir döwletiň hukuk ulgamynyň çäginden çykyp, halkara häsiýetine eýe boldy. Halkara derejesinde korrupsiýa garşy göreşmek maksady bilen bitewi hukuk binýadyny döretmek üçin ilkinji synanyşyklar BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Transmilli we beýleki korporasiýalar, olaryň araçylary we beýleki taraplar tarapyndan amala aşyrylýan korrupsiýa garşy çäreler» atly 35/14 belgili Karary bilen edildi. Resminama korrupsiýa düşünjesini kesgitlemeýär we korrupsiýanyň öňüni alyp boljak serişdeleri we mehanizmleri teklip etmeýär, diňe islendik döwletiň korrupsiýa işleri bilen baglanyşykly korporasiýalara garşy kanun çykarmak, derňemek we çäre görmek hukugyny tassyklaýar [2; sah. 87–89].

Hususy telekeçilik pudagynda korrupsiýa bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirmek maksady bilen 1977-nji ýylda Halkara Söwda Palatasy «Korrupsiýa garşy göreş düzgünlerini» kabul etdi.

1980-nji ýyldan 1990-njy ýyla çenli döwür «durgunlyk» döwri hökmünde häsiýetlendirilip bilner. Sebäbi şol döwürde korrupsiýa garşy göreşmek üçin täsirli usullary hödürleýän möhüm halkara nama kabul edilmändir [3; sah. 8].

1996-njy ýylyň 29-njy martynda Karakas şäherinde kabul edilen Korrupsiýa garşy Amerikanara konwensiýasy diňe bir Amerikan Döwletleriniň Guramasynyň agza ýurtlarynyň çäginde däl, eýsem, bütin dünýäde korrupsiýa garşy göreşde täze tapgyr boldy.

1961-nji ýylyň 16-njy dekabrynda kabul edilen Halkara täjirçilik geleşiklerinde korrupsiýa we para garşy göreş Jarnamasy halkara täjirçilik amallaryny amala aşyrmakda korrupsiýa garşy göreşmäge, şeýle hem bu amallaryň ähli ýurtlarda amala aşyrylýan şertleriniň durnuklylygyny we aýdyňlygyny saklamaga gönükdirilendir. Sebäbi bu şertler serhetara maýa goýum akymlaryny herekete getirmek üçin zerurdyr.

Halkara hukuk kadalaşdyrylyşyny ösdürmegiň ikinji basgançagy 1997-nji ýylyň 6-njy noýabryndaky Ýewropa Geňeşiniň Ministrler komitetiniň «Korrupsiýa garşy göreşiň ýigrimi ýörelgesi» ýaly möhüm resminamanyň kabul edilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu rezolýusiýasynyň kabul edilmeginiň maksady döwletleri milli kanunçylykda ýigrimi ýörelgäni durmuşa geçirmäge höweslendirmekden, şeýle hem iş ýüzünde ulanmakdan ybaratdyr.

1971-nji ýylyň 26-njy maýynda Ýewropa Bileleşiginiň işgärleriniň we agza ýurtlaryň işgärleriniň Korrupsiýa garşy göreş Konwensiýasy Ýewropa Bileleşiginde ilkinji gezek wezipeli adamlaryň arasynda korrupsiýa garşy göreşi düzgünleşdirýän we serhetüsti para geçirmek üçin jenaýat jogapkärçiligini göz öňünde tutýan kadalaşdyryjy hukuk namasy bolup durýar.

2003-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy korrupsiýanyň tebigatyny görkezýän köptaraplaýyn halkara hukuk resminamasy bolan Korrupsiýa garşy Konwensiýasyny kabul etdi we bu hadysa garşy göreşmek üçin dürli çäreleri teklip etdi. Resminamanyň tekstinde korrupsiýanyň ösüşi pese gaçyrýandygy, demokratiýany we döwletleriň ykdysadyýetini gowşadýandygy bellenilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda korrupsiýa bilen bagly hereketler jenaýat kanunçylygy tarapyndan yzarlanylýar we ony amala aşyran şahs jogapkärçilige çekilmäge degişlidir. Hukuk jogapkärçiliginiň ýörelgeleriniň biri bolsa edilen jenaýat üçin jogapkärçiligiň gutulgysyzdygyny göz öňünde tutýar.

«Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, korrupsiýa garşy göreş korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalaryny duýdurmak, ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak we üstüni açmak, olaryň netijelerini aradan aýyrmak, günäkär adamlary jogapkärçilige çekmek maksatlary bilen alnyp barylýar hem-de ol korrupsiýanyň ýüze çykmalaryndan gelip çykýan howplardan raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny goramaga, Türkmenistanyň milli howpsuzlygyny, döwlet edaralarynyň, şeýle hem döwlet gullugynyň wezipelerini ýerine ýetirýän adamlaryň we olara deňleşdirilen adamlaryň netijeli işini üpjün etmäge gönükdirilendir [1].

Kanun korrupsiýa garşy hereket etmegiň esasy ýörelgelerini, korrupsiýa garşy göreşiň, korrupsiýany duýdurmagyň, korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalaryna ýardam edýän sebäpleri we şertleri aradan aýyrmagyň, olaryň netijelerini ýok etmegiň hukuk hem-de guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

Kanunyň 3-nji maddasynda korrupsiýa düşünjesine şeýle düşündiriş berilýär: «Korrupsiýa – döwlet gullukçylarynyň wezipe ygtyýarlyklaryny ýa-da olar bilen bagly mümkinçilikleri peýdalanmak arkaly hut özi ýa-da arada durýan adamyň üsti bilen özi üçin ýa-da üçünji şahslar üçin pul, gymmatlyklar, gaýry emläk ýa-da emläk häsiýetli hyzmatlar, gaýry emläk hukuklary görnüşinde peýda almagy, şonuň ýaly-da görkezilen adamlara şeýle peýdany beýleki fiziki şahslaryň bikanun bermek arkaly olara bermit bermegi, şeýle hem ýokarda görkezilen hereketleriň ýuridik şahslaryň adyndan ýa-da olaryň bähbitlerine edilmegi».

Türkmenistanyň Konstitusiýasy, agzalan Kanun we olaryň esasynda kabul edilen Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary korrupsiýa garşy hereket etmegiň hukuk esaslaryny emele getirýärler.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň başlangyjy bilen ýurduň Parlamentine «Korrupsiýa garşy göreşmek hakynda» atly Özbegistan Respublikasynyň Kanunynyň taslamasy girizildi we ol 2017-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda kabul edildi. Bu kanun Özbegistan Respublikasynyň korrupsiýa garşy göreşmek boýunça syýasatynyň kanunçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de 6 bapdan we 34 maddadan ybaratdyr. Kanunyň taýýarlanylmagynyň esasy maksady korrupsiýanyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek babatyndaky hukuk gatnaşyklaryny toplumlaýyn düzgünleşdirmekden ybaratdyr. Kanunyň esasy ugurlary döwlet edaralarynyň, guramalaryň we raýat jemgyýetiniň institutlarynyň korrupsiýa garşy göreş çäreleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda korrupsiýa ýagdaýlarynyň ýüze çykmagynyň öňüni almak, raýatlaryň hukuk düşünjesini we hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak arkaly jemgyýetde korrupsiýanyň ähli görnüşlerine garşy çydamsyzlyk ýagdaýyny döretmekden ybaratdyr.

Gazagystan Respublikasynda korrupsiýa garşy göreşmegiň hukuk taýdan düzgünleşdirilmegi Konstitusiýadan başlanýar. Gazagystan Respublikasynda korrupsiýa garşy göreşmegi düzgünleşdirýän milli kanunçylygy iki topara bölüp bolýar.

Birinji topara gönüden-göni korrupsiýa garşy göreşmegi düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalar girýär. Bu topara aşakda görkezilenler degişlidir:

– 2015-nji ýylyň 18-nji noýabrynda kabul edilen №410-V «Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Gazagystan Respublikasynyň Kanuny;

– 2015-nji ýylyň 18-nji noýabrynda kabul edilen №411-V «Gazagystan Respublikasynyň korrupsiýa garşy göreşmek meseleleri boýunça käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Gazagystan Respublikasynyň Kanuny.

Ikinji topara bolsa korrupsiýa garşy göreşmek meselelerine degişlilikde täsir edýän, emma esasan korrupsiýa bilen bagly bolmadyk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän, ýagny gytaklaýyn täsir edýän kadalaşdyryjy hukuk namalary girýär.

«Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Gazagystan Respublikasynyň Kanunyň 3-nji maddasynda korrupsiýa garşy göreşmegi düzgünleşdirýän kanunçylygyň Gazagystan Respublikasynyň Konstitusiýasyna esaslanýandygy anyk beýan edilýär [5].

Gazagystan Respublikasynyň Jenaýat Kodeksiniň 15-nji babynyň dolulygyna döwlet gullugy we döwlet dolandyryşynyň bähbitlerine garşy korrupsiýa we beýleki jenaýat hukuk bozulmalaryna bagyşlanandygyny bellemek zerurdyr.

Gyrgyz Respublikasynyň «Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Kanuny 2012-nji ýylyň 8-nji awgustynda kabul edildi. Bu Kanunyň 2-nji maddasyna laýyklykda Gyrgyzystanyň korrupsiýa garşy göreşmegiň hukuk esaslaryny Konstitusiýa, Konstitusion kanunlar, «Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Kanun we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şol sanda halkara ylalaşyklary düzýär [6].

2012-nji ýylyň 2-nji fewralynda Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentiniň «Korrupsiýa garşy syýasatynyň döwlet strategiýasy we korrupsiýa garşy göreşmek boýunça çäreler hakynda» Karary tassyklanyldy. Agzalan kadalaşdyryjy hukuknamasy korrupsiýa garşy göreşde ähli döwlet edaralaryny, ýerli dolandyryş edaralaryny we raýat jemgyýetini herekete getirmäge gönükdirilendir. Onuň düzgünlerinde jemgyýetde korrupsiýanyň döremeginiň esasy sebäplerini ýok etmekde, şeýle hem goýlan maksatlara ýetmekde yzygiderlilik we dowamlylyk ýörelgelerine üns berilýär.

2011-nji ýylyň 14-nji dekabrynda Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan «Gyrgyz Respublikasynyň Milli howpsuzlyk döwlet komitetiniň düzüminde Korrupsiýa garşy göreşmek gullugyny döretmek hakynda» Karar kabul edildi. Agzalan edara korrupsiýanyň öňüni almaga, ýüze çykarmaga we oňa garşy göreşmäge gönükdirilendir.

Täjigistanyň hökümeti korrupsiýa garşy göreşmek boýunça döwletiň kanunçylygynda we strategiýalarynda kesgitlenen çäreleri amala aşyrýar. Ýerine ýetiriş üçin jogapkärçilik döwlet edaralaryna, ilkinji nobatda ýöriteleşdirilen korrupsiýa garşy göreş gullugyna ýüklenýär. Döwlet maliýe gözegçiligi we korrupsiýa garşy göreş agentligi korrupsiýa bilen bagly jenaýatlary derňeýär we döwlet maliýe hasabatyny geçirýär. Kadalaşdyryjy hukuknamalar babatynda aýdanymyzda bolsa «Korrupsiýa garşy göreşmek hakynda» Täjigistan Respublikasynyň Kanuny korrupsiýa garşy göreşmegiň guramaçylyk-hukuk esaslaryny kesgitleýär, hukuk bozulmalarynyň görnüşlerini we olar üçin jogapkärçilik çärelerini belleýär.

Täjigistanda uzak möhletleýin döwlet strategiýalary durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda hereket edýän maksatnama Täjigistan Respublikasynda korrupsiýa garşy göreşmek boýunça 2030-njy ýyla çenli döwlet strategiýasydyr. Şeýle hem bu babatda 2008–2012-nji we 2013–2020-nji ýyllar üçin strategiýalar hereket etdi. Täjigistanyň Korrupsiýa garşy göreş boýunça Milli Geňeşi dürli döwlet edaralarynyň, ministrlikleriň we ýerli dolandyryş edaralarynyň korrupsiýa garşy göreş işlerini utgaşdyrýar.

Umuman, korrupsiýa garşy göreşmek babatynda halkara hukugynyň namalary we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň tejribesi özara utgaşdyrylmalydyr. Halkara düzgünler bilen ýerli tejribäniň utgaşdyrylmagy bolsa korrupsiýa garşy syýasatlaryň netijeliligini artdyrmaga mümkinçilik berer. Bu ugurda sebitiň ýurtlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi we milli institutlaryň kuwwatynyň ýokarlandyrylmagy möhüm ähmiýete eýedir.

## EDEBIÝATLAR

1. «Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.

2. *Ашавский Б.* Организация Объединенных Наций против коррупции. –Чистые руки. 1999. № 1. С. 87–89.

3. *Шалимова М. А.* Транснациональное антикоррупционное законодательство и его применение в России // Внутренний контроль в кредитной организации. 2014. № 1.

4. *Щедрин Н.В.* Основы общей теории предупреждения преступности. – Красноярск: Красноярский университет, 1999.

5. Korrupsiýa garşy göreşmek hakynda. Gazagystan Respublikasynyň Kanuny.

6. Korrupsiýa garşy göreşmek hakynda. Gyrgyz Respublikasynyň Kanuny.

7. Korrupsiýa garşy göreşmek hakynda. Täjigistan Respublikasynyň Kanuny.


## ПРОТИВОДЕЙСТВИЕ КОРРУПЦИИ: МЕЖДУНАРОДНО-ПРАВОВЫЕ ДОКУМЕНТЫ И ОПЫТ ГОСУДАРСТВ ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ


В статье рассматриваются международно-правовые основы противодействия коррупции и опыт государств Центральной Азии. Анализируются нормы Конвенции ООН против коррупции, документов Совета Европы и других международных актов. Особое внимание уделено национальному законодательству и институциональным механизмам борьбы с коррупцией в Туркменистане, Казахстане, Кыргызстане, Таджикистане и Узбекистане. Автор подчеркивает важность гармонизации международных норм с национальной правовой практикой для повышения эффективности антикоррупционной политики в регионе.


## COMBATING CORRUPTION: INTERNATIONAL LEGAL INSTRUMENTS AND THE EXPERIENCE OF CENTRAL ASIAN STATES


This article analyzes the international legal framework for combating corruption and examines the experiences of Central Asian states. It explores the norms of the United Nations Convention against Corruption, Council of Europe instruments, and other international legal documents. The study also evaluates the legal and institutional mechanisms established in Turkmenistan, Kazakhstan, Kyrgyzstan, Tajikistan, and Uzbekistan to fight corruption. The paper emphasizes the importance of harmonizing international standards with national practices to enhance the effectiveness of anti-corruption policies in the region.

**Aýgözel GAPUROWA,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty.*

# ADAMYŇ DURMUŞ-YKDYSADY WE MEDENI HUKUKLARYNYŇ HALKARA HUKUK GORAGLYLYGY

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esaslaryna laýyklykda, raýatlaryň durmuş goraglylygy, zähmet çekmäge we medeni gymmatlyklardan doly peýdalanmaga hukuklaryny esasy kanuny hukuklar hökmünde üpjün edilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleridir» diýip bellenilýär [1]. Bu ýörelge diňe bir içerki hukuk ulgamynda däl, eýsem, halkara hukuk derejesinde hem türkmen döwletiniň borçnamalary bilen berkidilýär. Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalary, şol sanda BMG-niň Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar baradaky Halkara pakty (1966 ý.) raýatlaryň durmuş we medeni hukuklarynyň amala aşyrylmagyna halkara hukuk taýdan kepili bolup çykyş edýär [2].

Adam hukuklary ulgamynda aýratyn orny eýeleýän durmuş-ykdysady we medeni hukuklar, ilkinji nobatda, şahsyýetiň jemgyýetdäki mynasyp durmuş derejesini üpjün etmäge gönükdirilendir. Bu hukuklar diňe bir adamyň ykdysady abadançylygyny däl, eýsem, onuň medeni ösüşini, sosial howpsuzlygyny hem üpjün edýär.

Häzirki döwrüň global meseleleri, halkara ykdysady, sosial we medeni hukuklaryň üpjün edilmegini diňe içerki kanunçylyk bilen çäklenmän, eýsem, halkara guramalarynyň mehanizmleri arkaly hem amala aşyrmagy talap edýär. Bu bolsa döwletlere öz raýatlarynyň durmuş, ykdysady we medeni hukuklaryny üpjün etmekde möhüm orun eýeleýär.

Adamyň durmuş-ykdysady we medeni hukuklary häzirki zaman halkara hukuk ulgamynyň aýrylmaz bölegi bolup, olaryň goraglylygy jemgyýetiň durnukly ösüşiniň hem-de adalatly döwlet dolandyrylyşynyň möhüm şertidir. Bu hukuklaryň ähmiýeti diňe bir şahsyýetleriň durmuşynda däl, eýsem, döwletleriň durmuş-ykdysady ösüşinde hem öz beýanyny tapýar. Şeýle hukuklaryň üpjün edilmegi her bir adamyň mertebesine hormat goýmagyň we jemgyýetde deň mümkinçilikleri döretmegiň kepili bolup durýar. Bu hukuklaryň aýratynlygy şundadyr: olar diňe bir döwletiň öz raýatlaryna garaşly däl, eýsem, halkara hyzmatdaşlygyny hem talap edýär. Sebäbi ykdysady, durmuş we medeni ösüş meseleleri dünýä derejesinde özara baglanyşyklydyr.

XX asyryň ortalaryna çenli halkara hukukda, esasan, syýasy we raýat hukuklary üns merkezinde boldy. Emma Ikinji jahan urşundan soňra adamzadyň başdan geçiren kynçylyklary, açlyk, ykdysady çökgünlik we sosial deňsizlik halkara

jemgyýetçiliginde täze düşünjeleriň kemala gelmegine itergi berdi. Netijede, adam hukuklarynyň täze bir ugry – ykdysady, durmuş we medeni hukuklar halkara derejesinde ykrar edildi.

Ykdysady-durmuş we medeni hukuklaryň taryhy taýdan ösüşi adamyň jemgyýetdäki sosial ýagdaýynyň üýtgemegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. XIX asyrda sosial deňsizlikleriň artmagy netijesinde jemgyýetde iş, dynç alyş, durmuş taýdan gorag, bilim, saglygy goraýyş ýaly hukuklaryň döwlet tarapyndan üpjün edilmegi zerur boldy we XX asyrda bolsa bu hukuklar halkara derejesinde hukuk taýdan berkidildi.

Ykdysady-durmuş we medeni hukuklaryň ösüşi birnäçe tapgyrda ýüze çykdy.

**I tapgyr** (1919–1945) – Halkara Zähmet Guramasynyň (ILO) döredilmegi bilen zähmet hukuklarynyň halkara derejesinde kabul edilip başlandy.

**II tapgyr** (1945–1966) – BMG döredildi, onuň çäginde Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasy kabul edildi.

**III tapgyr** (1966–1980) – «Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar baradaky halkara pakty» güýje girdi, şol sanda döwletleriň halkara hukuk jogapkärçiligi kesgitlendi.

**IV tapgyr** (1980–häzirki döwür) – döwletleriň milli kanunçylyklarynda halkara borçnamalary ornaşdyrmak we jemgyýetçilik gözegçiliginiň artmagy bilen häsiýetlendirilýär.

1948-nji ýylda kabul edilen Adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynyň 22–27-nji maddalarynda ykdysady, durmuş we medeni hukuklar anyk beýan edilýär. Jarnamanyň 22-nji maddasynda: «Her bir adam jemgyýetiň agzasy hökmünde durmuş taýdan goraga, ykdysady, medeni we sosial hukuklaryň amala aşyrylmagyna hukugy bardyr» diýip görkezilýär [3].

1966-njy ýylda kabul edilen Halkara ykdysady, durmuş we medeni hukuklar baradaky pakt bolsa bu hukuklary halkara-hukuk taýdan berkitdi. Pakt döwletlere bu hukuklaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge, jemgyýetde deň mümkinçilik döretmäge borçlandyrýar. Bu pakta laýyklykda döwletler raýatlaryna iş, adalatly zähmet şertleri, durmuş üpjünçiligi, bilim, saglygy goraýyş, medeni ösüş we ylmy döredijilik azatlyklaryny üpjün etmelidirler [4].

Ykdysady-durmuş we medeni hukuklaryň halkara goraglylygy birnäçe derejede amala aşyrylýar:

*1. BMG-niň derejesinde* – bu ugurda esasy gözegçi institut Halkara ykdysady, durmuş we medeni hukuklar boýunça komitetdir. Ol döwletleriň hasabatlaryny kabul edýär we bu hukuklaryň ýerine ýetirilişine baha berýär.

*2. Sebitleýin derejede* – Ýewropa, Afrika, Amerikanyň ýurtlarynda degişli şertnamalar we kazyýet edaralary hereket edýär. Mysal üçin, Ýewropa Adam hukuklary kazyýeti ykdysady we durmuş hukuklary bilen bagly kazyýet tejribesini ösdürýär.

*3. Halkara ýöriteleşdirilen guramalar* – Halkara Zähmet Guramasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, ÝUNESKO ýaly guramalar bu hukuklaryň ýörite ugurlaryny goraýarlar [5].

BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary ykdysady-durmuş we medeni hukuklaryň amala aşyrylmagyna gönükdirilen işleriň esasy ýerine ýetirijileri bolup çykyş edýär. Halkara Zähmet Guramasy – adalatly iş şertleri, işçileriň goraglylygyny, durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça halkara kadalary döredýär, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy – adam saglygynyň üpjün edilmegini dünýä derejesinde goldaýar, ÝUNESKO – bilim, ylym we medeniýet boýunça adam hukuklaryny ösdürmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygyny güýçlendirýär.

BMG-niň Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar boýunça komiteti bolsa döwletleriň Pakta laýyklykda ýerine ýetirýän borçlaryny gözden geçirýär, teklipler berýär we halkara hasabatlaryny seljerýär.

Ykdysady-durmuş we medeni hukuklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilikde halkara kazyýet edaralarynyň hem ähmiýeti uludyr. Mysal üçin, Ýewropanyň adam hukuklary boýunça kazyýeti ykdysady hukuklaryň doly üpjün edilmegini syýasy hukuklar bilen baglanyşykda seljerýär. Şeýle-de BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi bu ugurda döwletleriň kanunlaryna we tejribesine baha berýär. Bu mehanizmler arkaly döwletleriň borçnamalaryna gözegçilik edilýär, ýüze çykan hukuk bozulmalary boýunça teklipler we maslahatlar berilýär. Şeýlelikde, halkara ulgam bu hukuklaryň diňe kagyz ýüzünde däl-de, eýsem, tejribede hem üpjün edilmegine ýardam berýär.

Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan bäri BMG-niň we beýleki halkara guramalaryň işine işjeň gatnaşyp gelýär. Döwletimiziň Esasy Kanunynyň 49-njy maddasynda her bir adamyň zähmet çekmäge, adalatly zähmet şertlerine we durmuş taýdan goraglylyga hukugynyň bardygy görkezilýär. Şeýle hem 55-nji maddada raýatlaryň bilim almaga, 56-njy maddada medeni gymmatlyklardan peýdalanmaga hukugy berkidilýär [1].

Türkmenistan 1997-nji ýylda Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar baradaky Halkara pakta goşuldy we onuň düzgünlerini ýerine ýetirmegi öz üstüne aldy. Mundan başga-da döwletimiz Zenanlara garşy diskriminasiýanyň ähli görnüşlerini ýok etmek baradaky Konwensiýa we Çagalaryň hukuklary baradaky Konwensiýa ýaly halkara resminamalara goşulýar.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda bilim, saglygy goraýyş, iş üpjünçiligi we medeniýet ulgamlarynda halkara standartlaryna laýyk özgertmeler amala aşyrylýar. Bu özgertmeler adamyň ykdysady-durmuş we medeni hukuklarynyň ösdürilmegine gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adamyň ykdysady-durmuş we medeni hukuklarynyň hukuk kepillikleri öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda adam hukuklary babatdaky esasy hukuk

ýörelgeleri, 49-njy maddasynda zähmet çekmek hukugy, 50-nji maddasynda dynç almak hukugy, 55-nji maddasynda bilim almak hukugy, 52-nji maddasynda saglygy goraýyş hyzmatlaryndan peýdalanmak hukugy kepillendirilýär. Türkmenistanyň «Bilim hakynda», «Medeniýet hakynda», «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda» Kanunlary hem halkara hukuk kadalaryna laýyklykda işlenip düzülendir.

Türkmenistan Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar baradaky Halkara pakta goşulmak bilen, onuň düzgünlerini ýerine ýetirmek boýunça birnäçe çäreleri amala aşyrdy. Ýurtda durmuş taýdan goraglylyk ulgamynyň ösdürilmegi, mugt bilim we saglygy goraýyş hyzmatlary, medeni mirasy goramak boýunça maksatnamalar bu ugurda alnyp barylýan üstünlikleriň mysalydyr. Mundan başga-da Türkmenistan BMG, ÝUNESKO, HZG ýaly halkara guramalar bilen işjeň hyzmatdaşlykda bolup, halkara derejesinde kabul edilen ýörelgeleri milli hukuk ulgamyna ornaşdyrýar.

Adamyň ykdysady-durmuş we medeni hukuklarynyň halkara hukuk taýdan goraglylygy häzirki zaman jemgyýetiniň durnukly ösüşiniň esasy şertidir. Halkara hukuk bu hukuklary kepillendirýän mehanizmleri döredip, döwletleriň öz raýatlaryna bolan borçlaryny anyk kesgitleýär. Türkmenistan bolsa halkara derejesindäki borçlaryny ýerine ýetirmek bilen, bu hukuklaryň milli derejede doly üpjün edilmegi onuň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde görkezilýär. Netijede, adamyň ykdysady-durmuş we medeni hukuklary – jemgyýetçilik ösüşiniň möhüm sütüni bolup durýar. Halkara hukuk bu ugurda döwletlere anyk borçnamalar berýär we jemgyýetde deň mümkinçilik döretmegiň hukuk esasyny üpjün edýär.

### EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Konstitutiýasy. – A., 2023.

2. United Nations. International Covenant on Economic, Social and Cultural Rights. 1966.

3. United Nations. Universal Declaration of Human Rights. 1948.

4. *Энтин Л.* Европейское право: Право Европейского союза и правовое обеспечение защиты прав человека. – М., 2021.

5. *Müller-Chen M.* International Law and Human Rights Protection. – Zürich, 2020.

## МЕЖДУНАРОДНО-ПРАВОВАЯ ЗАЩИТА ЭКОНОМИЧЕСКИХ, СОЦИАЛЬНЫХ И КУЛЬТУРНЫХ ПРАВ ЧЕЛОВЕКА

В статье рассматриваются вопросы международно-правовой защиты экономических, социальных и культурных прав человека. Особое внимание уделено правовым основам, закрепленным в документах ООН и региональных механизмах, в частности, в Международном пакте об экономических, социальных и культурных правах 1966 года. Анализируется

опыт Туркменистана по реализации этих прав в национальной правовой системе и участию в международных конвенциях. Делается вывод о важности обеспечения эффективной защиты данных прав для устойчивого развития общества.

## INTERNATIONAL LEGAL PROTECTION OF ECONOMIC, SOCIAL AND CULTURAL RIGHTS OF A PERSON

The article analyzes the international legal protection of economic, social, and cultural rights of individuals. It focuses on the legal foundations established by the United Nations Organization and regional mechanisms, particularly the International Covenant on Economic, Social, and Cultural Rights (1966). The paper also examines Turkmenistan's experience in implementing these rights through its Constitution and participation in international conventions. The study concludes that ensuring effective protection of such rights is vital for social justice and sustainable development.

**Bagtyýar GARAJAÝEW,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty.*

## EKSTRADISIÝA INSTITUTY: TARYHY, ÖSÜŞI, AÝRATYNLYKLARY WE HALKARA HUKUGYNDA DÜZGÜNLEŞDIRILIŞI

Döwletleriň arasynda jenaýatkärleriň tabşyrylmak meseleleri gadymy döwürlerden bäri halkara gatnaşyklarynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup gelipdir. Bir ýurtda kanuny bozup, soňra jenaýat edilen ýurtlaryň ýurisdiksiýasy ýaýramaýan beýleki ýurtlara erkin geçip bilýän adamlary jogapkärçilige çekmäge mümkinçilik berýän halkara jenaýat hukugynyň gurallarynyň biri ekstradisiýa (jenaýatçyny bermek) institutydyr. Ekstradisiýa halkara hukuk ulgamynda döwletleriň özara ynanyşygyna, hyzmatdaşlygyna we adalatlylygyň üpjün edilmegine hyzmat edýän ýörite hukuk institutydyr.

Häzirki wagtda jenaýatlaryň halkara derejesinde ýaýramagy, serhetleriň açyk bolmagy we döwürleýin migrasiýa akymlarynyň artmagy bilen, jenaýatkärleriň bir döwletiň çäginden başga birine geçip gizlenmegi aňsatlaşýar. Şol sebäpli hem ekstradisiýa institutynyň netijeli işledilmegi halkara jemgyýetçiliginiň howpsuzlygy babatda aýratyn ähmiýete eýedir.

Ekstradisiýanyň taryhy ösüşine ser salnanda, onuň ilkibaşda diňe syýasy we diplomatik häsiýetdäki şertnamalara esaslanyp alnyp barlandygyny görmek bolýar.

Wagt geçdigiçe, bu ugurda ýörite halkara-hukuk kadalary emele gelip, döwletleriň arasynda ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn şertnamalar baglaşylyp başlanyldy. Şeýlelikde, ekstradisiýa diňe jenaýat hukugynyň däl-de, eýsem, halkara hukuk ulgamynyň hem aýrylmaz bölegine öwrüldi.

Ekstradisiýa – halkara jenaýat hukukynyň iň gadymy institutlarynyň biridir. Taryhy taýdan garalanda, ekstradisiýa konsepsiýasy feodalizm döwrüne çenli uzaýar. Şol döwürde ol latyn diliniň «extradere» adalgasy bilen kesgitlenilip, gaçgagy öz eýesine mejbury gaýtaryp bermek manysyny aňladypdyr.

Ekstradisiýa bilen baglanyşykly ilkinji resminamalaryň biri hökmünde biziň eramyzdan öňki 1296-njy (käbir maglumatlara görä 1278-nji ýyl) ýylda Müsür faraony Ramzes II bilen Hettleriň patyşasy Hattuşil III-niň arasynda baglaşylan parahatçylyk we dostluk şertnamasy görkezilýär. Agzalan şertnama gaçgak gullary yzyna bermek hakynda kadalary özünde jemläpdir [2; sah.16-17].

Rus alymlary A.K.Romanowyň we O.B.Lysýaginiň belleýişlerine görä, ekstradisiýa halkara jenaýat hukugynyň iň gadymy hukuk institutlarynyň biridir [6].

Ý.G.Wasilýew we A.M.Teslenko ekstradisiýany jenaýat etmekde güman edilýänleri hem-de aýyplanýanlary bermek hukuk ulgamynyň aýratyn institutu hökmünde häsiýetlendirilipdir. Ý.G.Wasilýewiň belleýşi ýaly, jenaýatçylary tabşyrmak instituty hukuk ulgamynda özüni onuň düzüm bölekleriniň toplumlaýyn häsiýeti arkaly esaslandyrýan hukuk instituty hökmünde çykyş edýär. Ý.G.Wasilýewiň pikiriçe, bu ulgama, ilki bilen, döwletleriň arasynda hukuk kömegini bermek baradaky şertnamalary düzgünleşdirýän konwension kadalary, ikinji orunda, döwletleriň uzak dowam eden tejribesiniň netijesinde emele gelen we hukuk taýdan hökmany ýörelgeler hökmünde ykrar edilen adat hukugynyň düzgünleri, üçünjiden, milli hukuk kadalary girýär [4; sah.70].

Halkara jenaýat hukugy ugrunda işlän rus alymlarynyň aglabasy ekstradisiýa düşünjesini jenaýat etmekde günäkär hasaplanylýan şahslaryň olary talap edýän döwlete tabşyrylmagy arkaly adalatlylygyň üpjün edilmegine gönükdirilen hukuk çäreleriniň toplumydyr diýip kesgitleýärler. Agzalan çemeleşme häzirki wagtda hukuk tejribesinde giňden ulanylýan we köp ýurtlaryň milli hukuk ulgamynda kabul edilen düşünje hökmünde orun alýar.

Ekstradisiýa instituty hukuk kadalarynyň toplumlaýyn ulgamydyr. Bu institut halkara hukugy bilen aýratyn döwletleriň milli hukuklarynyň çatrygynda ýerleşýändigi sebäpli, ony amala aşyrmak milli hukuk hem-de halkara-hukuk mehanizmleriniň üsti bilen üpjün edilýär.

1948-nji ýyldaky Adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasy, 1950-nji ýylyň Adam hukuklaryny we esasy azatlyklary goramak boýunça Ýewropa Geňeşiniň konwensiýasy, 1966-njy ýylyň Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara pakty, 1984-nji ýylyň Gynamalara we çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy konwensiýasy

halkara derejede jenaýat işleri boýunça hyzmatdaşlyk etmegiň çäginde, şol sanda ekstradisiýa meselelerinde adam hukuklarynyň berjaý edilmeginiň zerurdygyny tassyklaýar. Bu kadalar ekstradisiýanyň hukuk düşünjesini täzeden seljermäge aýratyn täsirini ýetirdi.

Ý. Braunli ekstradisiýa meselesini seljerip, onuň hukuk taýdan diňe adam hukuklarynyň bozulmagyna ýa-da halkara hukugyna garşy jenaýatlara gatnaşmak häsiýetinde bolmadyk ýagdaýynda kanuny bolup durýandygyny nygtapdyr [3; sah. 448].

Ekstradisiýa instituty öz mazmuny boýunça döwletleriň özygtyýarlyk hukuklary bilen adam hukuklarynyň arasynda deňagramlylygy üpjün edýän hukuk utgaşmasydyr. Ekstradisiýa barada karar kabul etmek döwletiň özygtyýarlyk hukuklarynyň biri hökmünde onuň ygtyýarynda bolup, şol bir wagtyň özünde bu hukuk halkara-hukuk kadalaryna hem-de degişli döwletleriň milli hukuk düzgünlerine laýyklykda ýerine ýetirilýär.

Dürli ýurtlaryň milli kanunçylyklarynda jenaýatçylary bermek baradaky meseleleri düzgünleşdirmek tapawutlanýar we her döwletiň hukuk ulgamynyň aýratynlyklaryna görä düşündirilýär. Awstriýa, Belgiýa, Beýik Britaniýa, Daniýa, Irlandiýa, Lýuksemburg, Finlýandiýa, Fransiýa we Şwesiýa ýaly birnäçe döwletleriň konstitusion namalarynda jenaýatçylary bermek meseleleri boýunça aýratyn kadalar göz öňünde tutulmaýar. Şol bir wagtyň özünde, beýleki ýurtlaryň konstitusiýalarynda ekstradisiýanyň amala aşyrylmagyny üpjün edýän umumy ýörelgeler konstitusion derejede berkidilendir.

Dürli ýurtlaryň konstitusiýasy ekstradisiýa bilen baglanyşykly meseleleri milli kanunçylygynyň aýratynlyklaryna laýyklykda berkidýär:

– Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 10-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň öz raýatlygy bar. Raýatlyk kanuna laýyklykda edinilýär, saklanylýar we bes edilýär. Türkmenistanyň raýatyna başga döwletiň raýatlygy ykrar edilmeýär. Hiç kim raýatlygyndan ýa-da raýatlygyny üýtgetmek hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Türkmenistanyň raýaty başga döwlete berlip, Türkmenistanyň çäginden kowlup çykarylyp ýa-da onuň Watanyna gaýdyp gelmek hukugy çäklendirilip bilinmez. Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň çäginde-de, onuň çäginden daşarda-da döwletiň goragy we penakärligi kepillendirilýär [1].

– Russiýa Federasiýasynyň Konstitusiýasynyň 61-nji maddasyna laýyklykda, Russiýa Federasiýasynyň raýaty Russiýa Federasiýasyndan çykarylyp ýa-da başga bir döwlete berlip bilinmez.

– Belarus Respublikasynyň 10-njy maddasyna laýyklykda, Belarus Respublikasynyň raýaty Belarus Respublikasynyň halkara şertnamalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurda berlip bilinmez.

– Azerbaýjan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 70-nji maddasyna laýyklykda, syýasy ynançlary üçin yzarlanan, şeýle hem Azerbaýjan Respublikasynda

jenaýat hasap edilmeýän hereket üçin yzarlanan adamlaryň başga bir döwlete berilmegine ýol berilmeýär.

– Latwiýa Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 98-nji maddasyna laýyklykda, Latwiýanyň raýaty Seým tarapyndan tassyklanan halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda başga bir döwlete berlip bilinmez.

– Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 16-njy maddasyna laýyklykda, hiç bir nemes daşary ýurda berlip bilinmez. Syýasy ynançlary üçin yzarlanan adamlar gaçybatalga hukugyndan peýdalanýarlar [5; sah. 186].

– Gresiýa Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasyna laýyklykda, erkinlik maksady bilen eden işleri üçin yzarlanan daşary ýurt raýatyny başga ýurda bermek gadagandyr [5; sah. 246].

– Ispaniýa Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 13-nji maddasyna laýyklykda, adamlary beýleki döwletlere bermek diňe şertnama ýa-da kanun esasynda, özaralyk ýörelgesine laýyklykda amala aşyrylýar. Syýasy jenaýat eden adamlar beýleki döwletlere berilmeli däldir; terrorçylyk hereketleri syýasy jenaýat hasaplanylmaýar. Kanun beýleki ýurtlaryň raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara gaçybatalga bermegiň şertlerini kesgitleýär [5; sah. 373].

– Italiýa Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 26-njy maddasyna laýyklykda, Raýatyň başga döwlete berilmegi diňe halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda bolup biler. Syýasy jenaýatlar üçin islendik ýagdaýda başga döwlete bermek gadagandyr [5; sah. 427].

– Niderlandlar Patyşalygynyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, daşary ýurt raýatyny başga bir döwlete bermek diňe halkara şertnamasyna laýyklykda amala aşyrylyp bilner. Daşary ýurt raýatyny başga bir döwlete bermegiň tertibi Parlamentiň namasy bilen kesgitlenýär [5; sah. 529].

– Portugaliýa Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 33-nji maddasyna laýyklykda, Portugaliýanyň raýatlaryny milli çäklerden çykarmak ýa-da başga ýurda bermek gadagandyr. Syýasy sebäplere görä başga ýurda bermäge ýol berilmeýär. Soraýan ýurduň kanunynda ölüm jezasy göz öňünde tutulan jenaýat eden adamlary bermek gadagandyr. Jenaýatçyny bermek diňe kazyýetiň karary bilen amala aşyrylýar. Gaçybatalga hukugy demokratiýa, jemgyýetçilik we milli erkinlik, halklaryň arasynda parahatçylyk, adam hukuklary we azatlyklary ugrunda göreşýänligi sebäpli yzarlanýan daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara kepillendirilýär [5; sah. 477].

Netijede, dürli döwletlerde ekstradisiýa bilen bagly meseleleriň konstitusion-hukuk taýdan kadalaşdyrylyşy birmeňzeş däldir we her döwletiň hukuk ulgamynyň aýratynlyklaryna görä tapawutlanýar. Käbir döwletleriň milli kanunçylyklarynda halkara şertnamalarynda degişli düzgün bolmadyk halatlarda şahsyň berilmegine gönüden-göni gadagançylyk göz öňünde tutulýar. Bu ugurdaky döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygyň iň täsirli görnüşi halkara şertnamalarynyň baglaşylmagy bolup durýar.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ýurtlarynyň arasynda ekstradisiýa mehanizminiň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine aýratyn üns bermelidir. GDA agza ýurtlaryň arasyndaky bu ugurdaky hukuk hyzmatdaşlygy 1993-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda (Minsk konwensiýasy) we 2002-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda (Kişinew konwensiýasy) gol çekilen raýat, maşgala we jenaýat işlerinde hukuk kömegini bermek hem-de hukuk gatnaşyklary baradaky konwensiýalaryň esasynda amala aşyrylýar. Bu halkara şertnamalaryň düzgünleri adamlary jenaýat jogapkärçiligine çekmek ýa-da hökümiň ýerine ýetirilmegi üçin şertleri, esaslary we mehanizmleri giňişleýin düzgünleşdirýär.

Ekstradisiýa instituty halkara hukuk ulgamynda möhüm orny eýeleýän, döwletleriň arasyndaky jenaýatçylary bermek arkaly adalatlylygyň üpjün edilmegine hyzmat edýän ýörite hukuk mehanizmidir. Onuň taryhy ösüşine syn edilende, bu institut gadymy döwürlerden bäri dürli derejede ulanylyp gelip, döwür geçdigiçe hukuk taýdan berkidilipdir.

Ilkibaşda ekstradisiýa syýasy-diplomatik gatnaşyklarynyň bir görnüşi hökmünde ýüze çykyp, diňe hökümdarlaryň özara ylalaşyklaryna esaslanyp amala aşyrylypdyr. XIX asyrda bolsa döwletleriň arasynda ikitaraplaýyn şertnamalaryň giňden baglaşylmagy netijesinde, ekstradisiýa hukuk taýdan berkidilen halkara institutyna öwrülipdir. XX asyrdan başlap, bu ulgam halkara guramalarynyň we halkara konwensiýalarynyň üsti bilen has yzygiderli düzgünleşdirilip, onuň kämilleşmegine giň ýol açylypdyr.

Häzirki wagtda ekstradisiýanyň ösüşinde esasy üns döwletleriň özygtyýarlyk hukuklaryny hormatlamak bilen bir wagtda, adam hukuklaryny goramak ýörelgesine gönükdirilýär. Şonuň bilen birlikde, ekstradisiýa ulgamy jenaýatlaryň öňüni almak, halkara howpsuzlygyny üpjün etmek we adalatlylygyň ählumumy derejede ornaşmagyna ýardam etmek ýaly möhüm wezipeleri ýerine ýetirýär.

Netijede, ekstradisiýa diňe jenaýatçylary bermek arkaly hukuk tertibini saklamagyň serişdesi bolman, eýsem, döwletleriň arasyndaky ynanyşygy, hyzmatdaşlygy we halkara hukuk ulgamynyň durnukly ösüşini üpjün edýän möhüm institut hökmünde şekillenýär.

Geçirilen ylmy barlaglar aşakdaky netijeleri çykarmaga mümkinçilik berýär:

1. Ekstradisiýa jenaýat işlerinde ýurtlaryň arasyndaky halkara hyzmatdaşlygyň täsirli görnüşidir we adalatlylygy üpjün etmekde döwletiň özygtyýarlylygyna gönüden-göni täsir edýän iň çylşyrymly prosesleriň biridir.

2. Ekstradisiýa konstitusiýa, halkara, jenaýat we jenaýat iş ýörediş kadalaryny öz içine alýan ýörite hukuk institutydyr.

3. Ekstradisiýa meselelerinde halkara hyzmatdaşlyk döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmezden amala aşyrylyp bilinmez. Milli kanunçylygyň kadalary bu ugrunda halkara şertnamalaryny ýerine ýetirmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

4. Türkmenistanyň ekstradisiýa bilen baglanyşykly kanunçylygy halkara hukugynyň umumy ýörelgelerine we kadalaryna doly laýyk gelýär. Ol adalatdan gizlenýän şahslary jenaýat jogapkärçiligine çekmekde bu instituty netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A., 2023.

2. *Баскин Ю., Фельдман Д.* История международного права. – М., 1990.

3. *Броунли Я.* Международное право: в 2 кн. – М., 1977. Кн. 1.

4. *Васильев Ю.* Институт выдачи преступников (экстрадиция) как отдельный институт права // Государство и право. 2003. №3.

5. Конституции государств Европейского союза / под общ. ред. Окунькова Л. // Институт законодательства и сравнительного правоведения при Правительстве Российской Федерации. – М., 1997.

6. *Романов А., Лысягин О.* Институт экстрадиции: понятие, концепция, практика // Право и политика. 2005. №3.


## ИНСТИТУТ ЭКСТРАДИЦИИ: ИСТОРИЧЕСКОЕ РАЗВИТИЕ, ОСОБЕННОСТИ И РЕГУЛИРОВАНИЕ В МЕЖДУНАРОДНОМ ПРАВЕ


В статье рассматриваются вопросы роли и значения экстрадиции в системе международной правовой помощи по уголовным делам. Представлен генезис института экстрадиции, приведены сведения об исторических документах, в которых впервые были закреплены нормы, касающиеся выдачи преступников. Также анализируются различные научные подходы к определению понятия экстрадиции. Особое внимание уделяется фактору соблюдения прав человека в процессе реализации процедуры экстрадиции. Приводится сравнительно-правовой анализ особенностей конституционного регулирования экстрадиции в различных странах. Описывается договорно-правовая база ряда государств в сфере экстрадиции как наиболее эффективная форма международного сотрудничества.


## THE INSTITUTE OF EXTRADITION: HISTORICAL DEVELOPMENT, FEATURES AND REGULATION IN INTERNATIONAL LAW


The article examines the role and significance of extradition within the system of international legal assistance in criminal matters. It presents the genesis of the institution of extradition and provides information on historical documents in

which the provisions concerning the surrender of offenders were first established. Various scholarly approaches to defining the concept of extradition (surrender) are also analyzed. Particular attention is given to the observance of human rights in the process of implementing extradition procedures. A comparative legal analysis of the constitutional regulation of extradition in different countries is presented. The treaty and legal framework of several states in the field of extradition is described as the most effective form of international cooperation.

**Işanguly GULMYRADOW,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty.*

## HAZAR DEŇZINIŇ HUKUK STATUSY HAKYNDAKY KONWENSIÝANY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ DERWAÝYS MESELELERI

2018-nji ýylda Hazar deňziniň hukuk statusy baradaky Konwensiýanyň işlenip düzülmegi we gol çekilmegi Hazar diplomatiýasynyň inkär edip bolmajak üstünligi boldy. 1982-nji ýyldaky BMG-niň Deňiz hukugy baradaky Konwensiýasyna (Deňizleriň Konstitusiýasy) meňzeşlikde «Hazar Konstitusiýasy» diýlip atlandyrylan bu resminama Hazar deňziniň deňizmi ýa-da kölmi we oňa haýsy halkara hukuk kadalarynyň ulanylmalydygy baradaky uzak wagtlap dowam eden jedellere jogap boldy [1].

2018-nji ýyldaky Konwensiýanyň esasy netijesi dünýä ummany bilen tebigy baglanyşygy bolmadyk içerki suw howdany üçin düýbünden özboluşly hukuk düzgüniniň döredilmegidir. Hazar deňzi 1982-nji ýyldaky BMG-niň Deňiz hukugy baradaky Konwensiýasynyň gönüden-göni ulanylmagyndan çykaryldy. Şoňa görä, sebitden daşardaky döwletlere belli bir hukuklar berjek nusgawy deňiz zolaklary (territorial deňiz, aýratyn ykdysady zolak, kontinental şelf) döredilmedi. Munuň ýerine, «suw howdany» düşünjesi ylalaşyk hökmünde işlenip düzüldi: özygtyýarlyk zolaklary (içki we territorial suwlar) we serişdeler ýurisdiksiýasy (balykçylyk zolagy) döredildi, şol bir wagtyň özünde, umumy suw giňişligi saklanyp galdy, ýöne deňiz düýbi serhetlere bölünmäge degişli boldy [2].

2018-nji ýyla çenli Hazar deňziniň hukuk düzgüni Russiýanyň (SSSR) we Eýranyň arasyndaky ikitaraplaýyn ylalaşyklara esaslanýardy. Has takygy, 1921-nji ýyldaky şertnama we 1940-njy ýyldaky şertnama Hazardaky işleri düzgünleşdirýän hukuk esasy hökmünde ykrar edildi, şol sanda öz baýdaklarynyň aşagynda ýüzmek üçin aýratyn hukugy üpjün etmek we Hazary Hazarýaka döwletleriniň baýdaklaryny göterýän gämiler üçin ýapmak ykrar edildi [3], [4].

2018-nji ýyldaky Konwensiýa ähli taraplar tarapyndan tassyklanan halatynda (Eýran ony tassyklamady), köne Sowet-Eýran hukuk düzgüniniň ornuny tutmak we

onuň üstüni ýetirmek üçin niýetlenendir. Ol öňki ylalaşyklaryň esasy alamatlaryny, mysal üçin, döwletleriniň ýaragly güýçleriniň bolmagyna gadagançylyk girizmek ýaly düzgünleri öz içine aldy, bu bolsa Russiýanyň we Eýranyň bähbitlerine hyzmat edýär hem-de halkara hukugynyň adaty kadasy hasaplanyp bilner. Şeýle-de bolsa, SSSR-iň dargamagy bäş sany özygtyýarly Hazarýaka döwletiniň (Russiýa, Eýran, Gazagystan, Azerbaýjan we Türkmenistan) döremegine getirdi, bu bolsa öňki döwrüň täze halkara syýasy şertlerine degişli däldigini görkezdi hem-de täze bäş taraply esaslandyryjy resminamanyň işlenip düzülmeginiň esasy sebäbi boldy.

Konwensiýa gol çekilendigine garamazdan, deňziň günorta böleginde birnäçe möhüm meseleler çözülmän galýar. Demirgazyk Hazar deňziniň kenarynda (Russiýa, Gazagystanyň we Azerbaýjanyň arasynda) deňiz düýbüniň we ýerasty çäklerini kesgitlemek ozal ikitaraplaýyn hem-de üçtaraplaýyn ylalaşyklar esasynda, «demirgazyk baýlyk çäklerini kesgitlemek modeli» diýlip atlandyrylýan usul ulanylyp amala aşyrylýardy. Bu model deňligi, geologik gurluşlary we beýleki aýratyn ýagdaýlary (rus-gazak we rus-azeri ylalaşyklarynda bolşy ýaly) hasaba almak üçin üýtgedilen orta çyzyk usulyna esaslanýar. Şeýle-de bolsa, Azerbaýjan bilen Gazagystanyň, şeýle hem Gazagystan bilen Türkmenistanyň arasyndaky ylalaşyklarda ýönekeý orta çyzyk usuly üýtgedilmezden ulanylýar.

Eýran deňziň günorta böleginde özboluşly orun eýeleýär. Ilkibaşda, ol kondominium (bilelikdäki eýeçilik) düzgüni ýa-da bölünen ýagdaýynda bäş bölege deň bölünmegi (her biri 20%) goldaýardy, sebäbi onuň kenarýaka zolagy iň gysga we ýönekeý orta çyzyk oňa iň kiçi paýy (deňiz düýbüniň, takmynan, 14,6%) bererdi. Eýran üçin üýtgedilen orta çyzygy ulanmak milli bähbitleri goramak meselesidir. Günorta bölekde (Eýran Azerbaýjan bilen, Eýran Türkmenistan bilen we Türkmenistan Azerbaýjan bilen) çözülmedik serhetleşdirme delimitasiýa modelleri boýunça ylalaşyk talap edýär. Esasy tehniki, ýöne syýasy taýdan çylşyrymly mesele göni esas çyzyklaryny kesgitlemekdir. Bular özygtyýarlyk zolaklarynyň (territorial suwlar–15 deňiz mili) we ýurisdiksiýa zolaklarynyň (balykçylyk zolaklary–territorial suwlardan 10 deňiz mili daşda) daşky çäklerini ölçemek üçin ulanylýar.

2018-nji ýyldaky Konwensiýa (1-nji madda) adaty başlangyç çyzygy (uzyn möhletli ortaça deňiz derejesiniň minus 28,0 metrdäki çyzygy) kesgitledi. Şeýle-de bolsa, göni başlangyç çyzyklaryny kenarýaka zolagynda ýa-da adalaryň golaýyndaky nokatlary birleşdirýän göni segmentleri kesgitlemek üçin bäş tarapyň hemmesiniň arasynda aýratyn ylalaşyk gerek we munuň usuly heniz ylalaşylmady. Bu, esasan hem, kenarýaka zolagynyň zyýanly bolan Eýran üçin möhümdir (ol gysga we çykyp duran ýerleri we adalary ýok).

Konwensiýanyň 1-nji maddasynda eger, döwletiň kenarýaka konfigurasiýasy ony zyýanly ýagdaýa salýan bolsa, usulyýet işlenip düzülende munuň göz öňünde tutuljakdygy aýratyn bellenilýär. Eýran öz içki suwlaryny iň ýokary derejä çykarmak we territorial we balykçylyk zolaklarynyň daşarky çäklerini iň ýokary

derejä çykarmak üçin göni esaslara gyzyklanýar, bu bolsa deňiz düýbüniň çäklerini kesgitlemekde ýitgileriň öwezini dolup biler [1; 1-nji madda].

2018-nji ýyldaky Konwensiýanyň ykbaly bu ugurda gepleşikleriň we ylalaşyklaryň üstünlikli bolmagyna doly baglydyr, sebäbi Tähranyň ylalaşylan usulyýeti kabul etmezden, Konwensiýany tassyklamagy mümkin däl.

Hazar deňziniň deňiz däl-de, «suw howdany» hökmünde klassifikasiýa edilmegi ony 1982-nji ýyldaky BMG-niň Konwensiýasynyň çäginden çykardy, ýöne ummanlardaky işleri düzgünleşdirýän beýleki birnäçe halkara ylalaşyklarynyň ulanylmagy barada soraglary döretdi. Mysal üçin, MARPOL (gämilerden hapalanmagyň öňüni almak) ýa-da COLREG-1972 (gämileriň arasyndaky çaknyşyklaryň öňüni almak) ýaly konwensiýalaryň Hazar deňzine awtomatik usulda degişli bolup bolmaýandygy belli däl. Bilermenler bu näbelliligiň deňiz hukugy boýunça her bir anyk halkara ylalaşygynyň ulanylmagy üçin Kaspi döwletleriniň bäştaraplaýyn razylygyny talap edýändigini belleýärler.

Mundan başga-da, 2018-nji ýyldaky Konwensiýa goşmaça ylalaşyklary talap edýän birnäçe meseläni düşündirmegi talap edýär. Turba geçirijileriň we kabelleriň ugry deňiz düýbüniň haýsy böleginden geçýän tarap bilen ylalaşylmaly. Şeýle-de bolsa, olaryň deňiz düýbüniň territorial suwlarynyň we balykçylyk zolaklarynyň ugrunda çekilip bilinjekdigi belli däl. Konwensiýada «oturýan görnüşler» (mollýuskalar, rak şekilliler) agzalmaýar, bu bolsa olaryň eýeçiligi we ulanylyş tertibi babatda kanuny näbelliligi döredýär. Hazar deňzi bilen Dünýä ummanynyň arasynda Russiýanyň territoriýasyndan (Wolga-Don, Wolga-Baltika) geçýän tranzit ikitaraplaýyn ylalaşyklar ýa-da Russiýanyň milli kanunçylygy bilen düzgünleşdiriler, bu bolsa geçişiň «açarlaryny» Moskwanyň elinde galdyrar we goşmaça ylalaşyklary talap eder.

2018-nji ýyldaky Konwensiýa hukuk boşluklaryny dolduryp, Hazar deňziniň köne düzgünini döwrebaplaşdyrylmagy uly üstünlik boldy. Ol özara gatnaşyklaryň esasy ýörelgelerini berkitdi we deňiz giňişligini «suw howdany» düşünjesine esaslanyp zolaklara böldi. Şeýle-de bolsa, hakyky «Hazar üçin Konstitusiýa» bolmak üçin Konwensiýanyň doly güýje girmegi gerek bolup durýar, bu bolsa onuň Eýran tarapyndan tassyklanmagyny talap edýär. Bu maksada ýetmek üçin, öz gezeginde, üstünlikli ylalaşyklar gerekli bolup durýar. Bu ugurda Eýranyň özboluşly geografik ýerleşişini göz öňünde tutup, göni esaslary döretmek usulyýeti zerur bolup durýar.

Gazagystan, Azerbaýjan we Türkmenistan deňiz düýbüniň çäklerini kesgitlemek baradaky 2018-nji ýyldaky Konwensiýanyň düzgünleri üçin esas bolan «serişdeleriň çäklerini kesgitlemegiň demirgazyk modelini» berjaý etdiler. Gazagystan we Azerbaýjan 2018-nji ýyldaky Konwensiýadan öň Hazar deňziniň demirgazyk böleginde ikitaraplaýyn gatnaşyklaryny üstünlikli çözüp gelen esasy nusga boldy. Bu ýurtlar, Russiýa bilen bilelikde, deňziň düýbüni we ýerasty bölegini üýtgedilen orta çyzyk usulyny (Russiýa Federasiýasy bilen ylalaşyklarda

ulanylýar) ýa-da ýönekeý orta çyzyk (2001-nji ýyldaky ikitaraplaýyn ylalaşykdaky ýaly) ulanyp çäklendirmeleriň tarapdary boldular. Esasy maksat bolsa uglewodorod serişdelerini özleşdirmek üçin aýdyň serhet gazanmakdy.

Gazagystan, Azerbaýjan hem 2018-nji ýyldaky Konwensiýanyň tassyklanma prosesini ilkinjileriň hatarynda tamamladylar (soňra ony tassyklaýan Türkmenistan we Russiýa bilen bilelikde), bu bolsa hukuk düzgüni durnuklaşdyrmak we nebit-gaz pudagyna maýa goýumlaryny üpjün etmek üçin resminamanyň çalt güýje girmegine gyzyklanmalaryny nygtaýar [5].

Hormatly Prezidentimiz turuwbaşdan daşary syýasat işiniň ileri tutulýan möhüm ugurlarynyň biri hökmünde Hazar deňziniň meselesini birnäçe gepleşikleriň netijesinde çözmegi maksat edinýär. Munuň netijesinde, paýtagtymyzda BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň döredilmegi hem Türkmenistan döwletini dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmak üçin ýöredýän oýlanyşykly, parasatly içerki hem daşarky syýasatlarynyň ýer ýüzünde ykrar edilýändiginiň aýdyň nyşany bolup durýar. Şeýle merkeziň döredilmegi sebit mümkinçiliklerini birleşdirmäge, daşky gurşawy goramak ulgamynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam berer. Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmaga, hususan-da, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, gury ýeriň ekoulgamlaryny gorap saklamak işine saldamly goşant goşar diýip hasaplaýarys. Ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda öňe sürlen we Hazar deňziniň ekoulgamyny gorap saklamak üçin halkara platformany döretmäge gönükdirilen Hazar ekologik başlangyjyny ilerleder [6].

Şeýlelikde, Hazar deňziniň meseleleri sebit, hatda kontinental çäklerden hem çykýar. Şoňa görä-de, biziň ýurdumyz Baş Assambleýanyň 78-nji sessiýasynda Hazaryň daşky gurşawyny goramak bilen bagly meseleleriň giň toplumy boýunça hünärmenleriň anyk dialogy hökmünde «Hazar ekologik başlangyjy» bilen çykyş etdi. Onuň wagty ýeten ençeme ekologiýa meselelerini çözmegi öňe sürdi [6]. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bu barada şeýle nygtady: «Halkara gatnaşyklary babatda Türkmenistanyň ýöredýän ugry üýtgewsiz galýar. Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistanyň bütin dünýäde, halkara bileleşiginde eýe bolan uly abraýyny saklap galmak üçin türkmen halkynyň parahatsöýüjilik, adalatlylyk ýörelgelerine esaslanan içeri we daşary syýasatyny gyşarnyksyz dowam etdireris». Şeýle-de «Iki sany uly yklymyň – Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda ýerleşen Türkmenistan asyrlaryň hem-de müňýyllyklaryň sepgidinde asudalygyň we durnuklylygyň gyşarnyksyz utgaşmagy bilen tapawutlanýan döwlet düzüminiň özboluşly nusgasyny dünýä görkezdi». Hakykatdan-da, eziz Diýarymyzda amala aşyrylýan oňyn özgerişikler halkara jemgyýetçiliginiň gyzgyn goldawyna eýe bolýar. Munuň özi Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň öz saýlap alan ýoly bilen altyn geljegine sary ynamly öňe barýandygyna güwä geçýär.

## EDEBIÝATLAR

1. Deňizleriň Konstitusiýasy hakynda Konwensiýa. – Montego-Bay, 1982.
2. Hazar deňziniň hukuk statusy hakynda Konwensiýa. – Aktau, 2018.
3. Sowet-Eýran dostluk şertnamasy. – M., 1921.
4. Söwda we deňizçilik şertnamasy. – Tähran, 1940.
5. Demokratiýa we hukuk // №3, 2025.
6. *Кочумов И.* Международно-правовые и политические вопросы Каспия. Вестник Министерства иностранных дел, 1998.

# АКТУАЛЬНЫЕ ВОПРОСЫ РЕАЛИЗАЦИИ КОНВЕНЦИИ О ПРАВОВОМ СТАТУСЕ КАСПИЙСКОГО МОРЯ

Данная тема посвящена сложной эволюции правового режима Каспийского моря, переходя от двусторонних соглашений раннего периода к поиску пятисторонней «истинной конституции Каспия» с участием всех прикаспийских государств (Россия, Иран, Казахстан, Азербайджан, Туркменистан). Ключевой проблемой остается делимитация северной границы, включая споры о морском дне (для недропользования) и вопросы определения прямых исходных линий. Рассматриваются позиции Казахстана, Азербайджана и Туркменистана по этим вопросам и их отношение к применению норм международного морского права. Кульминацией этого процесса стала Конвенция о правовом статусе Каспийского моря 2018 года, которая устанавливает ключевые принципы разграничения: регулирование судоходства и рыболовства, а также закрепляет, что делимитация дна для недропользования осуществляется по договоренности сопредельных и противолежащих государств, что стало основой для дальнейшего секторального разграничения.

# CURRENT ISSUES OF IMPLEMENTING THE CONVENTION ON THE LEGAL STATUS OF THE CASPIAN SEA

This topic examines the complex evolution of the Caspian Sea’s legal regime, moving from early bilateral agreements to the search for a five-party «true constitution of the Caspian» involving all Caspian littoral states (Russia, Iran, Kazakhstan, Azerbaijan, and Turkmenistan). The key issue remains the delimitation of the northern boundary, including disputes over the seabed (for subsoil use) and the determination of direct baselines. The positions of Kazakhstan, Azerbaijan, and Turkmenistan on these issues and their approach to the application of international maritime law are examined. This process culminated in the 2018 Convention on the Legal Status of the Caspian Sea, which establishes key principles of delimitation: the

regulation of navigation and fisheries, and also stipulates that seabed delimitation for subsoil use is carried out by agreement between adjacent and opposite states, which became the basis for subsequent sectoral delimitation.

**Ogulaý JUMADURDYÝEWA,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty.*

## TERRITORIAL JEDELLERIŇ HALKARA HUKUK TAÝDAN KADALAŞDYRYLYŞY

Gahryman Arkadagymyzyň: «Biz oňyn Bitaraplyk diýlip atlandyrylýan nusgasyny saýlap aldyk. Onuň esasy düzgünleri parahatçylyk söýüjilikden, beýleki döwletleriň işine gatyşmazlykdan, olaryň özbaşdaklygyny we çäk bitewüligini hormatlamakdan, halkara harby bileleşiklere hem-de harby şertnamalara goşulmazlykdan ybaratdyr» diýip belleýşi ýaly, biz öz döwletimiziň çäginde territorial jedellerden erkin durýarys. Hemişelik Bitaraplygyň 30 ýyllygy – Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda parahatçylyk we döredijilik ýoly bilen ynamly öňe barýan Garaşsyz Türkmenistanyň taryhynda şanly senedir [4].

BMG-niň degişli Kararnamalary bilen üç gezek tassyklanan bu hukuk derejesi Watanymyzyň diňe bir milli bähbitlerine laýyk gelmek bilen çäklenmän, eýsem, parahatçylyk döredijiliginiň, sebit we dünýä derejesinde howpsuzlygy, durnuklylygy berkitmegiň netijeli guraly hökmünde özüni görkezdi. Milletler Bileleşiginiň giň goldawyna eýe bolan oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirýän Türkmenistan ählumumy abadançylygyň, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň bähbidine netijeli halkara hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar. BMG-niň we beýleki abraýly düzümleriň çäklerinde öňe sürülýän netijeli başlangyçlar, şol sanda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi munuň şeýlediginiň aýdyň güwäsidir [3].

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda: «Döwlet Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, çäk bitewüligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün edýär» diýip bellenilýär, şeýle-de Birleşen Milletler Guramasy özüniň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýalarynda Türkmenistanyň yglan eden hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýär we goldaýar; Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga we ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäk bitewüligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar» diýlip bellenilýär [1].

Bitaraplyk syýasaty Türkmenistanyň ähli döwletler bilen deňhukukly, özara hormat goýmak we içerki işlerine goşulmazlyk ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary ýola goýmagyna mümkinçilik berýär. Bu ýörelgeler halkara gatnaşyklarynda durnuklylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmaga ýardam edýär. Muňa garamazdan, halkara derejesinde birnäçe meseleleriň ýüze çykýandygy üçin we onuň halkara hukuk taýdan düzgünleşdirilmegi zerur bolup durýar.

Territorial jedeller häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň iň çylşyrymly we iň köp üns berilýän meseleleriniň biridir. Bu jedeller döwletleriň territoriýasy, serhetleriniň kesgitlenmegi, tebigy baýlyklara eýelik etmek ýa-da taryhy-hukuk esasly talaplary bilen baglanyşykly bolup biler. Territorial jedelleriň ýüze çykmagy, köplenç, ýurtlaryň milli bähbitleriniň we halkara hukugyň ýörelgeleriniň arasynda deňagramlylygyň bozulmagynyň netijesidir. Şonuň üçin bu mesele diňe bir syýasy däl, eýsem, halkara hukugyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde möhüm ylmy we amaly ähmiýete eýedir.

Ylmy makalanyň maksady territorial jedelleriň hukuk esaslaryny, olaryň çözülmeginde ulanylýan halkara hukuk ýörelgelerini we häzirki zaman dünýä tejribesindäki ugurlary ylmy taýdan seljermekden ybaratdyr. Şeýle-de, halkara kazyýet edaralarynyň tejribesine we BMG-niň degişli resminamalaryna salgylanmak arkaly territorial jedelleriň çözgüdiniň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşynyň orny seljerilýär.

Halkara hukugynda territorial jedel diýen düşünje, iki ýa-da ondan köp döwletleriň belli bir territoriýa bolan hukuk taýdan degişli bolmagynda gapma-garşy garaýyşlarynyň ýüze çykýan ýagdaýyna aýdylýar. Bu jedelleriň döremegine, köplenç, taryhy taýdan kesgitlenmedik serhetler, kolonial geçmiş, tebigy baýlyklaryň ýerleşişi, ýa-da halklaryň öz ykbalyny özi kesgitlemek hukugy ýaly faktorlar sebäp bolýar.

Territorial jedelleriň hukuk taýdan düzgünleşdirilmegi halkara jemgyýetçiliginiň durnuklylygyny we döwletleriň arasynda parahatçylykly gatnaşyklaryň dowamlylygyny üpjün etmegiň möhüm bölegidir. Halkara hukugynyň esasy çeşmeleri bolan BMG-niň Düzgünnamasy, BMG Baş Assambleýasy tarapyndan 1970-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda kabul edilen (2625-nji Karar (XXV)) BMG-niň Tertipnamasyna laýyklykda, döwletleriň arasynda dostlukly gatnaşyklar we hyzmatdaşlyklar baradaky halkara hukugynyň ýörelgeleri baradaky Jarnama, şeýle hem BMG-niň Halkara Kazyýetiniň kararlary bu ugurda halkara hukugynyň ýörelgelerini kesgitleýär [6].

BMG-niň Düzgünnamasynyň 2-nji maddasynda döwletleriň territorial bitewüligini we özbaşdaklygy hormatlamak ýörelgesi aýratyn görkezilýär. Bu ýörelge her bir döwletiň halkara derejesindäki territoriýalaryny goramagynyň we onuň üýtgedilmeginiň diňe parahatçylykly ýol bilen, kanuny esasda amala aşyrylmagyna mümkinçilik berýär. Şeýle-de, halkara hukukda territoriýa bolan

eýeçiligiň kanuny taýdan ykrar edilmegi üçin, döwletiň şol territoriýada hakyky dolandyryş we administratiw iş alyp barmagy möhüm talap hasaplanylýar [6, 2-nji madda].

BMG-niň Halkara Kazyýeti we beýleki halkara kazyýet edaralary bu ugurda birnäçe möhüm işlere seredipdi. Mysal üçin, 2002-nji ýylda «Kamerun – Nigeriýa serhedi» baradaky işi, territorial jedelleriň çözülmeginde halkara şertnamalarynyň, kolonial döwrüň kartalarynyň we täsirli dolandyryş alamatlarynyň nähili ornunyň bardygyny görkezdi. Şeýle ýagdaýlar halkara hukugynyň häzirki döwründe territorial jedelleriniň diňe syýasy däl, eýsem, yzygiderli hukuk seljermesine mätäç meselelerdigini görkezýär [7].

Territorial jedelleriň çözülmeginde halkara hukuk ýörelgeleri halkara parahatçylygy saklamakda we döwletleriň deňhukuklylygyny üpjün etmekde möhüm gural hökmünde çykyş edýär. Bu ýörelgeler halkara hukugyň esasy kadalaryna daýanýar we döwletleriň arasynda jedelleri parahatçylykly çözmäge ýardam edýär.

Serhetleriň synmazlyk ýörelgesi («uti possidetis juris») – bu ýörelge boýunça döwletler garaşsyzlygyny alýan wagtyndaky administratiw serhetleriniň halkara derejesinde ykrar edilmegini üpjün etmeli. Bu ýörelge ilkinji gezek Latyn Amerikasy ýurtlarynyň garaşsyz bolan döwründe, soňra bolsa Afrika ýurtlarynda giňden ulanyldy. Ol täze döwletleriň arasynda serhet dawalarynyň öňüni almakda möhüm ähmiýete eýe boldy [5].

Jedelleri parahatçylykly çözmek ýörelgesi BMG-niň Düzgünnamasynyň 33-nji maddasyna laýyklykda, ähli döwletler jedelleri gepleşik, araçylyk, arbitraž ýa-da halkara kazyýet edaralarynyň üsti bilen çözmelidir. Bu ýörelge halkara jemgyýetçiliginde güýç ulanmazlyk ýörelgesi bilen berk baglanyşyklydyr. Parahatçylykly çözgüt diplomatiýasynyň ösdürilmegi halkara durnuklylygynyň esasy şerti hökmünde çykyş edýär [6].

Halkara hukugynda territoriýalaryň bitewülik ýörelgesi territoriýanyň üstünde hakyky dolandyryş güýjüni amala aşyrýan döwletiň şol territoriýa bolan hukugynyň halkara derejesinde ulanmagyny düşündirýär. Bu ýörelge BMG-niň Halkara Kazyýetiniň birnäçe çözgütlerinde, şol sanda «Mali – Burkina Faso» (1986 ý.) işinde anyk beýan edilendir [7].

Halklaryň öz ykbalyny özi kesgitlemek hukugy ýörelgesi – bu ýörelge halkara hukugyň esasy ýörelgeleriniň biridir. Her bir halk öz syýasy, ykdysady we medeni ösüş ugruny öz erkine görä kesgitlemekde erkindir. Emma bu ýörelge, döwletleriň territorial bitewüligi bilen deň derejede möhüm bolup, olaryň arasynda deňagramlylyk saklanylmalydyr [5]. Bu ýörelgeleriň her biri aýratyn ýagdaýlarda dürli derejede ulanylýar. Halkara kazyýet edaralary we BMG-niň kararlary şunuň ýaly ýagdaýlarda hukuk taýdan balansly çözgütleri tapmaga çalyşýarlar.

Territorial jedelleriň halkara hukuk taýdan kadalaşdyrylyşy döwletleriň arasynda parahatçylykly gatnaşyklary saklamakda möhüm orny eýeleýär. Halkara hukugynda bu jedelleriň çözgüdine degişli ýörelgeler yzygiderli kämilleşdirilýär. BMG, Halkara Adalat Kazyýeti, Arbitraž we sebitara guramalar bu ugurda möhüm iş alyp barýarlar. Geljekde territorial jedelleriň öňüni almak üçin:

– döwletleriň arasynda serhet ylalaşyklarynyň doly hukuk taýdan berkidilmegi;

– halkara kazyýet instansiýalarynyň abraýynyň ýokarlandyrylmagy;

– «parahatçylykly gepleşik» ýörelgesiniň diplomatik medeniýet hökmünde ornaşdyrylmagy zerurdyr.

Gahryman Arkadagymyz «Bitarap Türkmenistan» atly kitabynda «Bitaraplyk bize ynamly ädimler bilen öňe gitmäge ýardam edýän, halkymyzyň ynsanperwerlik, parahatçylyk ýörelgelerini dabaralandyrýan, kuwwatly döwletimiziň, agzybir milletimiziň, adyny, şan-şöhratyny dünýä ýaýýan gymmatlykdyr» diýip jaýdar belleýär. Hakykatdan hem, häzirki wagtda özüniň oňyn Bitaraplyk syýasaty esasynda dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny has-da berkidýän eziz Watanymyzyň abraý-mertebesi günsaýyn belentliklere göterilýär. Munuň özi döwletimiziň içerki we daşarky syýasatynyň utgaşykly alnyp barylýandygynyň we onuň ýokary netijelere eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr [2].

**EDEBIÝATLAR**


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2023.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015.
3. BMG-niň Düzgünnamasy. 1945.
4. BMG-niň Halkara Kazyýetiniň kararlar toplumy.
5. neutrality.gov.tm
6. ahal.info
7. *Vashakmadze T.* Territorial Disputes and International Law. Springer, 2017.


## РЕГУЛИРОВАНИЕ ТЕРРИТОРИАЛЬНЫХ СПОРОВ НОРМАМИ МЕЖДУНАРОДНОГО ПРАВА


В статье рассматриваются теоретические и правовые аспекты территориальных споров в международном праве. Анализируются основные принципы и нормы международного права, регулирующие вопросы территориальной целостности, суверенитета и права народов на самоопределение. Особое внимание уделяется практике Международного суда ООН, а также анализу конкретных примеров – Косово, Крыма и споров в Южно-Китайском море. На основе проведённого исследования автор приходит к выводу, о том, что эффективное урегулирование территориальных споров возможно только при

строгом соблюдении принципов международного права, мирных переговоров и уважения территориальной целостности государств.

## REGULATION OF TERRITORIAL DISPUTES BY INTERNATIONAL LAW

The article examines the theoretical and legal foundations of territorial disputes in international law. It analyzes the key principles and norms governing territorial integrity, state sovereignty, and the right of peoples to self-determination. Special attention is given to the practice of the International Court of Justice and case studies such as Kosovo, Crimea, and the South China Sea disputes. The author concludes that effective resolution of territorial conflicts is achievable only through strict adherence to international law, peaceful negotiation mechanisms, and respect for the territorial integrity of states.

**Atamyrat MÖWLAMOW,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty.*

## HALKARA SANKSIÝALAR: HÄZIRKI ZAMAN HALKARA HUKUK ULGAMYNDAKY ORNY

Halkara sanksiýalar halkara hukuk jogapkärçiliginiň bir bölegi hökmünde çykyş edýär. Häzirki zaman dünýäsinde sanksiýalaryň ornuna, ähmiýetine düşünmek hem-de olaryň ösüş ugurlaryny anyklamak maksady bilen, «sanksiýa» düşünjesini halkara hukuk jogapkärçiligi nukdaýnazaryndan seljermek möhüm bolup durýar.

2001-nji ýylda BMG tarapyndan kabul edilen maslahat beriş häsiýetli BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Döwletleriň halkara hukuga garşy hereketleri üçin jogapkärçiligi» atly Kararnamasy halkara hukuk jogapkärçiliginiň köp sanly taraplaryny düzgünleşdirdi [10]. Bu resminamada bellenilişine görä, halkara hukuk jogapkärçiliginiň ýüze çykmagynyň esasyny halkara hukuga garşy hereket düzýär. Onuň düzüm bölegi hökmünde döwletiň hereketi ýa-da hereketsizligi arkaly ýüze çykýan özüni alyp barşy görkezilýär.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň agzalan Kararnamasyna laýyklykda, halkara hukuk jogapkärçiliginiň möhüm aýratynlygy hökmünde çykyş etmegi üçin döwlet tarapyndan amala aşyrylan hereketiň halkara hukuga garşy diýip ykrar edilmegi içerki hukuk däl-de, diňe halkara hukugy tarapyndan kesgitlenmegi zerurdyr.

Halkara hukugynyň edebiýatlarynda sanksiýalara düzüm birlik, mehanizm, çäre hökmünde seredilip, köplenç, halkara hukuk jogapkärçiligi bilen baglanyşdyrylýar. Rus hukukçysy S.S.Alekseýewiň pikirine görä, sanksiýa giň düşünje bolup, mejbur ediş çäreleriň ulgamyny häsiýetlendirýär [3; sah. 77].

Sanksiýanyň ilkinji kesgitlemeleriniň biri 1938-nji ýylda Beýik Britaniýanyň Halkara gatnaşyklary boýunça patyşa instituty tarapyndan berildi: «Halkara sanksiýa – bu bar bolan ýa-da howp salynýan hukuk bozulmalaryna garşy halkara jemgyýetçiliginiň subýektleriniň hereketidir» [2; sah. 267]. Şeýle hem halkara sanksiýalar düşünjesine kesgitleme bermek bilen, S. W. Bahin we I. Ý. Ýeremenko olaryň BMG-niň Düzgünnamasynyň 41-nji maddasyna laýyklykda, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan ulanylmagy göz öňünde tutulýan mejbury çärelerdigini belleýärler [4; sah. 170–176].

Halkara hukukçy K. G. Geworgýanyň belleýşi ýaly, «sanksiýa» düşünjesi olaryň ulanylýan ugry we subýektiň görnüşine baglylykda dürli many hem-de mazmuna eýe bolup biler [5; sah. 87–95].

Halkara hukuk jemgyýetçiliginiň meşhur alym-teoretigi A.Pelle sanksiýa syýasatyny, olaryň hukuk häsiýetini we mazmunyny öwrenip, sanksiýalaryň «halkara hukuga garşy hereketlere jogap hökmünde ulanylýan hukuga laýyk mejbur ediş çäresi» bolup çykyş edýändigini belleýär [1; sah. 256–804].

K. W. Kritskiý ylmy işinde şeýle netijä gelýär: «Sanksiýalar – BMG-niň Düzgünnamasynyň 7-nji bölüminiň esasynda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan parahatçylyga howp salnanda ýa-da harby häsiýetli hereketler ýüze çykanda ulanylýan çärelerdir» [6; sah. 47].

Hukukçy alym W. L. Tolstyh «Sanksiýalar – halkara gatnaşyklarynda hukuk bozulmalaryna garşy jogap berşiň görnüşi bolup, döwlet ýa-da halkara guramalarynyň kararlary esasynda halkara guramalary tarapyndan ulanylýan çäreleriň toplumydyr» diýip belleýär [9; sah. 214].

D.B.Lewin sanksiýalara diňe bir döwlet tarapyndan däl, eýsem, halkara guramalary tarapyndan hem kähalatda bolsa birtaraplaýyn tertipde ulanylýan mejbur ediş çäresi hökmünde garaýar [7; sah. 40–48].

Awtorlaryň bir topary bolsa «sanksiýalary» halkara hyzmatdaşlygynyň dürli ugurlarynda halkara hukuk tertibini saklamaga gönükdirilen we halkara kadalarda berkidilen jogapkärçiligiň bir görnüşi hökmünde kesgitleýärler [8; sah.1–6].

Ýokarda getirilen kesgitlemelerden görnüşi ýaly, sanksiýalar halkara hukuk jogapkärçiligine degişli edilýär. Şeýlelikde, dürli awtorlaryň beren kesgitlemelerine esaslanyp, sanksiýalaryň aşakdaky ölçeglerini bellemek mümkin: sanksiýalaryň çeşmesi – (adatça) ýokary derejeli (häkimiýet güýjüne eýe) instansiýa; hukuk bozulmasynyň bolmagy; oňaýsyz netijeler; halkara hukugynyň çäginde–täsir ediş çäresi.

R. S. Bewzenkonyň belleýşi ýaly, döwletleriň hukuk taýdan özara deňligi (par in parem non habet imperium) we özygtyýarlyklaryna laýyklykda, sanksiýalary döwletiň jogapkärçilik çäresi hökmünde kesgitlemek mümkin däl. «Sanksiýalar – bu bir özygtyýarly döwletiň başga bir özygtyýarly döwletiň hereketlerine bolan öz garaýşyny görkezmek hem-de onuň öz hereketini üýtgetmegine itergi bermek

maksady bilen girizýän çäklendiriji çäreleridir». Şu manyda sanksiýalar hukuk instituty bolman, özygtyýarly döwletiň syýasy karary bolup durýar.

Häzirki wagtda dürli ölçeglere görä, halkara sanksiýalaryň köp sanly görnüşlerini tapawutlandyrmak mümkin. Ilki bilen, sanksiýany girizýän subýektiň nukdaýnazaryndan seredilende, üç esasy subýekt tapawutlandyrylýar: BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi; sanksiýa düzgünini bellenen tertipde girizmäge hukugy bolan beýleki halkara guramalar; döwletler.

Halkara bileleşiginde has ýaýran ölçege laýyklykda, sanksiýalar halkara we awtonom görnüşlere bölünýär. Şeýle hem sanksiýany girizýän döwletleriň sanyna laýyklykda, sanksiýalar birtaraplaýyn we köptaraplaýyn diýen görnüşlere bölünýär.

Ylmy edebiýatlarda bellenilişi ýaly, diňe BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan girizilen çäreler sözüň doly manysynda BMG-niň Düzgünnamasynyň VII bölüminde kesgitlenýän sanksiýalar hökmünde ykrar edilýär.

Beýleki halkara guramalar tarapyndan girizilýän sanksiýalar barada aýdylanda bolsa, ilkinji nobatda, Ýewropa Bileleşigini we Afrika Bileleşigini ýatlamak zerurdyr. BMG-niň Sanksiýalar baradaky hasabatyna laýyklykda, şeýle çäklendiriji çäreler Ýewropa Bileleşigi tarapyndan 48 ýagdaýda, Afrika Bileleşigi tarapyndan bolsa 11 ýagdaýda girizilendir.

Alymlar täsir ediş usullary we gurallary boýunça tapawutlanýan halkara sanksiýalaryň beýleki görnüşlerini hem hödürleýärler: diplomatik (syýasy); önümçilik, söwda we ykdysady; bank-maliýe; ylmy, sport we medeni; iş ýörediş; beýleki görnüşler bolsa: taryhy; ykdysady sanksiýalardyr.

«Sanksiýa» düşünjesi ilkinji gezek Birinji Jahan urşunyň resmi taýdan tamamlanmagyna getiren, 1919-njy ýylda gol çekilen Wersal parahatçylyk şertnamasynda ulanylýar. Agzalan şertnamanyň VII bölümi şeýle atlandyrylyp, resminamada sanksiýalar düşünjesi indiwidiň jenaýat jogapkärçiligi hökmünde kesgitlenilýär.

Milletler Ligasynyň Düzgünnamasynda «sanksiýa» düşünjesi resmi taýdan berkidilmedik hem bolsa onuň 16-njy maddasynda «de facto» sanksiýa düşünjesine meňzeýän hukuk bozujy döwletler babatynda görülýän çäreler kesgitlenipdir. Milletler Ligasynyň agzasy ýaragly güýçlerini bikanun ulanan halatynda ähli agza döwletler düzgün bozujy bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary kesmäge, şeýle gatnaşyklaryň saklanmagynyň öňüni almaga borçlanypdyr. Bu çäreler Milletler Ligasy tarapyndan birnäçe gezek ulanylypdyr: 1921-nji ýylda Ýugoslawiýa, 1925-nji ýylda Gresiýa, 1931–1932-nji ýyllarda Paragwaý we Boliwiýa, 1935–1936-njy ýyllarda Italiýa babatynda.

Milletler Ligasy tarapyndan goýberilen boşluklar Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üsti doldurylyp Tertipnamanyň VII bölümi häzirki wagtda sanksiýalar bilen baglanyşykly meseleleri düzgünleşdirýän kadalary özünde jemleýär. BMG döräli bäri Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan 26 sanksiýa düzgüni girizildi.

Sanksiýalaryň ulanylmagy üçin esas hökmünde halkara hukugynyň subýektleriniň bikanun hereketleri çykyş edýär. BMG-niň Halkara hukugy komissiýasy tarapyndan döwletleriň jogapkärçiligi baradaky maddalaryň taslamasynda berlen halkara hukuk bozmalar düşünjesi häzirki wagtda hemmeler tarapyndan kabul edilýär. Oňa laýyklykda, halkara hukuk bozma:

1. Etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik).
2. Günäli.
3. Halkara hukugynyň kadalaryna garşy gelýän.
4. Jogapkärçiligi ýüze çykarýan.

Sanksiýalary girizmek hakynda karar bermegiň tertibi dürli-dürlüdir. BMG-niň ulgamynyň ýöriteleşdirilen guramalarynyň tertipnamalarynyň seljermesi, şeýle ädimiň halkara guramasynyň iň ýokary ýa-da ýerine ýetiriji edarasy tarapyndan tassyklanmalydygy barada netijä gelmäge mümkinçilik berýär. Bütindünýä Meteorologiýa Guramasynyň, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň, Halkara Zähmet Guramasynyň, ÝUNESKO-nyň, Bütindünýä Poçta Bileleşiginiň, Bütindünýä Intellektual Eýeçilik Guramasynyň we beýlekileriň düzgünnamalarynda sanksiýalary ulanmak meselesiniň diňe iň ýokary edara tarapyndan çözülýändigi resmi taýdan bellenilendir.

Harby däl sanksiýalar has giň ýaýrandyr we köpdürlüligi bilen tapawutlanýarlar. Ugruna baglylykda olary birnäçe uly kategoriýalara bölmek mümkin:

1. Diplomatik we syýasy (nägilelik, ýazgarmak, saparyň / gepleşikleriň yza süýşürilmegi ýa-da ýatyrylmagy, gatnaşyklaryň kesilmegi).
2. Medeniýet we aragatnaşyk pudagynda (medeniýet, sport, ylym, bilim ugurlaryndaky gatnaşyklary azaltmak ýa-da kesmek, syýahatçylygy gadagan etmek, wiza düzgünlerini berkitmek, telegraf we poçta aragatnaşygyny gadagan etmek, howa, deňiz we gury ýer gatnawyny gadagan etmek).
3. Ykdysady (embargo, söwda we ykdysady gatnaşyklaryň mukdarynyň, tehniki kömek bermek babatynda gatnaşyklaryň azalmagy).
4. Döwletiň halkara guramadaky hukuk ýagdaýyna degişli (bir döwletiň agzalyga kabul edilmezligi, agzalygyň togtadylmagy, guramadan çykarylmagy).

Sanksiýalar ýerine ýetiriş usulyna baglylykda şu görnüşlere bölünýärler: ygtyýarly edarasynyň karary esasynda halkara guramasy tarapyndan we agza döwletleriň hereketleriniň üsti bilen amala aşyrylýan sanksiýalar. Birinji topara ses bermek hukugynyň togtadylmagy (köplenç, agzalyk tölegleri tölenmedik ýagdaýynda), wekilçilik etmek hukugyndan mahrum etmek (netijede, döwlet öz bähbitlerini goramak we guramada ses bermek hukugyny ýitirýär), kömegiň togtadylmagy (guramanyň üsti bilen amala aşyrylýan maliýe, ykdysady, tehniki kömekler), hukuklaryň we artykmaçlyklaryň togtadylmagy.

Aýry-aýry döwletler tarapyndan halkara guramanyň karary bilen amala aşyrylýan sanksiýalar barada aýdylanda bolsa, olary durmuşa geçirmek, adatça,

iki basgançakda amala aşyrylýar. Ilki bilen, halkara guramanyň ygtyýarly edarasy düzgüni bozanlara garşy sanksiýalary ulanmak barada degişli karary kabul edýär. Ikinjiden, sanksiýa çärelerini durmuşa geçirmek üçin döwletleriň özleri zerur çäreleri görýärler.

Agzalanlary jemlesek, häzirki döwürde «sanksiýa» düşünjesiniň dürli ylmy ugurlaryň alymlarynyň arasynda giňden ýaýrandygyny bellemek gerek. Şeýle hem bir döwletiň hereketleri barada söz açylanda, sanksiýalary jogapkärçilik çäresi hökmünde däl-de, ýaramaz netijeleri döredýän birtaraplaýyn çäklendiriji çäre hökmünde düşünmek gerek.

## EDEBIÝATLAR


1. *Pellet A.* Unilateral Sanctions and International Law // Yearbook of Institute of International law. Tallinn, 2015. Vol. 76.

2. Royal Institute of International Affairs (RIIA), International Sanctions: A Report. – London, 1938.

3. *Алексеев С.* Проблемы теории права: Основные вопросы общей теории социалистического права // С.С. Алексеев. – Свердловск: Изд-во Свердл. юрид. ин-та, 1972.

4. *Бахин С., Еременко И.* Односторонние экономические «санкции» и международное право // Закон. 2017. №11.

5. *Геворгян К.* Односторонние «санкции» и международное право // Международная жизнь. 2012. №8.

6. *Крицкий К.* Санкции и односторонние ограничительные меры в современном международном праве: дис.канд. юр. наук // Московский государственный институт международных отношений. – М., 2019.

7. *Левин Д.* Санкции в международном праве // Правоведение. 1981. №1.

8. *Семенова Н., Марченкова Е., Грачева И.* Санкции, односторонние ограничительные меры и рестрикции в международном праве // Международный научно-исследовательский журнал. 2022. №8 (122).

9. *Толстых В.* Курс международного права. – М.: Проспект, 2018.

10. Резолюция Генеральной Ассамблеи ООН A/RES/56/83 от 12 декабря 2001 г. с приложением Проекта статей «Ответственность государств за международно-противоправные деяния».

# МЕЖДУНАРОДНЫЕ САНКЦИИ: РОЛЬ В СИСТЕМЕ СОВРЕМЕННОГО МЕЖДУНАРОДНОГО ПРАВА

В статье рассматривается понятие международных санкций в контексте международно-правовой ответственности. Анализируется их содержание в современной системе международного права, а также роль и значение как для мирового сообщества в целом, так и для отдельных субъектов международного права. Поскольку в настоящее время санкции выступают одним из основных инструментов внешней политики и представляют собой компромиссный способ реагирования на нежелательные действия государств, особое внимание уделяется правовым и институциональным основам их применения.

# INTERNATIONAL SANCTIONS: THEIR ROLE IN THE MODERN SYSTEM OF INTERNATIONAL LAW

The article examines the concept of international sanctions in the context of international legal responsibility. It analyzes their nature within the modern system of international law, as well as their role and significance for the global community as a whole and for individual subjects of international law. Since sanctions today serve as one of the main instruments of foreign policy and represent a compromise response to undesirable actions by states, particular attention is paid to the legal and institutional foundations of their implementation.

# VI BAP
# HALKARA ARBITRAŽ WE IŞEWÜRLIK HUKUGY

**Gurbanmuhammet AMANDURDYÝEW,**
*Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty.*

## HALKARA TÄJIRÇILIK JEDELLERINI ÇÖZMEKDE ARBITRAŽ MEHANIZMLERINI ULANMAK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başlangyçlaryndan badalga alýan il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleriň netijesinde oňyn görkezijileriň gazanylmagy babatda köp işler ygtybarly we kämil kanunçylykdan gözbaş alýar. Hut şu nukdaýnazardan, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisindäki çykyşynda: «Meýilnama laýyklykda, biz, ilkinji nobatda, kanun çykaryjylyk başlangyçlarymyza bolan hukugymyz esasynda kanunçylygy kämilleşdirmek işlerimizi guramaçylykly dowam etmeli» [1] diýip belledi. Türkmenistanda Kanunyň hökmürowanlygy, döwletiň, onuň ähli edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň hukuk hem-de konstitusion gurluş bilen baglydyklary, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 8-nji maddasynda bellenendir [2]. Eziz Diýarymyzda kabul edilýän her bir kadalaşdyryjy we kadalaşdyryjy däl hukuk namalar adamyň, raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny, kanuny bähbitlerini goralmagyna gönükdirilendir.

Döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde, ylmy ösdürmegiň ähli ugurlary boýunça netijeli işleri we ylmy seljermeleri geçirmek üçin uly ýeňillikler we giň gerimli mümkinçilikler döredildi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen täze özgertmelere beslenýän döwrebap durmuş gurşawy halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny şertlendirýär, döwletimiziň ykdysady kuwwatyny berkidýär. Halk bilen jebislik, sazlaşyk, bitewi güýje, sarsmaz sütüne öwrülmek bilen, döwlet hem jemgyýetçilik durmuşynda agzybirligiň pugtalandyrylmagyny, ösüşleriň berkidilmegini üpjün edýär. Ata-babalarymyzyň döwleti dolandyrmakda toplan köpasyrlyk tejribesi bu günki gün her bir belent tutumynyň esasy ýörelgesine öwrülýär. Olaryň parasatly wesýetlerine eýerip, döwletiň we jemgyýetiň durmuşyna dahylly meseleleri çözmäge ilatymyzyň wekillerini giňden gatnaşmagy milli demokratiýany ösdürmek babatdaky belent başlangyçlaryň doly amala aşýandygyny açyp görkezýär.

Häzirki zaman ykdysady gatnaşyklarda birnäçe hukuk taýdan gapma-garşylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolunýar. Bu ýagdaýlary çözmegiň serişdesi hökmünde arbitraž hazyýetinden peýdalanylýar. Halkara hukugynda ýüze çykýan ykdysady jedelleri taraplar özara ylalaşyk esasynda halkara täjirçilik arbitražyna ýüz tutup bilýärler. Şu düşünjeler: täjirçilik bitarap kazyýeti, bitarap kazyýet, täjirçilik kazyýeti, halkara arbitraž kazyýeti, arbitraž, arbitraž kazyýet birmeňzeş manyly sözler (sinonimler) hökmünde ulanylýar. Täjirçilik arbitraž kazyýeti – bu hemişe hereket edýän, döwlete dahylly bolmadyk we arbitrlerden (kazylardan) ybarat bolan, jedelleri çözmek üçin ýörite döredilen edaradyr. Ýöne anyk bir jedeli çözmek üçin döredilen bir gezeklik arbitraž kazyýeti hem bolup biler [3].

Halkara arbitraž kazyýetiniň iş ýörediş kadalary taraplaryň saýlap alan kanunçylygy esasynda seredilýär. Ilki bilen, maddy we iş ýörediş hukuk kadalaryna düşünmek zerur bolup durýar.

– Maddy hukuk kadalary – bu hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny berkidýän we özlerinde anyk şekillendirilen ýagdaýda özüňi alyp barmagyň takyk düzgünlerini beýan edýän hukuk kadalarydyr;

– Iş ýörediş (prosessual) hukuk kadalary – bu maddy hukugyň kadalaryny tejribede durmuşa geçirmegiň jikme-jik tertibini kesgitleýän hukuk kadalarydyr [4].

Arbitraž iş ýöredilişi Türkmenistanyň kanunçylygyna we şol iş alnyp barylýan döwründe bar bolan hukuk namalara laýyklykda çözülýär. Arbitraž iş ýörediş prosesine gatnaşýan kazylar garaşsyzdyrlar we diňe Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna tabyndyrlar. Iş alnyp barlan wagtynda başga bir şahsyň ýa-da guramanyň alnyp barylýan işe hiç hili gatnaşmagyna ýol berilmeýär. Beýle ýagdaýlaryň ýüze çykmaklygyna sebäp bolan şahsy ýa-da gurama kanun jogapkärçiligine çekilýär.

Arbitraž kazyýet iş ýöredişindäki işleriň esasy bölegine ykdysady (raýat-hukuk) jedelleri hökmünde talap önümçiliginiň kadalary boýunça garalýar. Şonuň üçin arbitraž kazyýet önümçiliginde garalýan işler, biziň pikirimizçe, ykdysady (raýat) hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan ykdysady jedellerden döreýän raýat işleri, gysgaça aňladylanda, ykdysady işler diýip atlandyrylsa dogry bolar. Telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işler hem ykdysady işleriň hataryna goşulýar. Sözüň düýp manysynda, ykdysady jedeller bilen bagly dolandyryş hukuk ähmiýetli faktlary anyklamak we batyp galmak gatnaşyklaryndan gelip çykýan işlerde ykdysady işler diýen düşünjä girýärler. Şunuň ýaly çemeleşme TRIÝK-da raýat işleri babatda hem ulanylýanlygyny belläp geçmek gerek.

Arbitraž iş ýöredişi we maddy hukuk diňe görnüş (forma) bilen mazmunyň gatnaşygy hökmünde ýüze çykýar. Arbitraž iş ýöredişi ykdysady jedeller bilen bagly bozulan we jedelli raýat hukuklarynyň we bähbitleriniň mejbury goragyny üpjün etmegiň görnüşi bolup durýar. Arbitraž, raýat iş ýöredişinde hem durmuşa geçirilýän maddy hukuk kanun – raýat hukugydyr. Ykdysady hukuk gatnaşyklarynyň hem TRK-nyň kadalary tarapyndan düzgünleşdirilýändigini bellemek zerurdyr. Russiýa

Federasiýasynyň arbitraž iş ýörediş kodeksinde «arbitraž işleri» diýen düşünje ýokdur, onuň deregine ykdysady jedeller bilen bagly raýat, dolandyryş we beýleki jemagat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan, şeýle hem hukuk ýagdaýlaryny anyklamak boýunça işleri öz içine alýan «Arbitraž kazyýetde garalýan işler» diýen düşünje ulanylýar.

Ykdysady işler kazyýetleriň we bitarap kazyýetleriň garamagyna degişlidir. Kazyýet çözgüdi çykarylýança, taraplaryň ylalaşygy boýunça, islendik ykdysady iş bitarap kazyýetiň garamagyna geçirilip bilner. Talap arza bilen kazyýete ýüz tutmak diňe talapçynyň «talaby bildirmäge hukugy» bolan ýagdaýynda mümkindir. Talaby bildirmäge bolan hukuk anyk şertleriň bolmagynda ýüze çykýar. Prosesual-hukuk ylmynda şol şertler talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertleri diýlip atlandyrylýar.

Talap arza bildirilende kazyýet, ilkinji nobatda, talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertlerini barlaýar we olar üpjün edilmedik halatynda işi gozgamakdan ýüz dönderýär.

Türkmenistanda arbitraž kazyýeti döwlet dilinde alnyp barylýar. Eger-de, kazy işine gatnaşýan şahs döwlet dilini bilmeýän bolsa onda oňa terjimeçi kömegi berilýär. Arbitraž kazyýeti açyk amala aşyrylýar. Ol diňe şu ýagdaýlarda ýapyk esasda geçirilýär:

– eger-de, iş döwlet syrynyň goraglylygy bilen bagly bolanda;

– haýsy hem bolsa bir tarapyň kazy tarapyndan haýyşnamasy kanagatlandyrylan, şeýle-de gulluk, komersiýa we beýleki syrlar bilen bagly bolanda;

– şeýle-de kanun tarapyndan seredilýän beýleki ýagdaýlarda [5].

Türkmenistanyň kanunçylygynda arbitraž iş ýörediş hereketleri 2021-nji ýylda kabul edilen «Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi» esasynda amala aşyrylýar. Bu kodeks arbitraž iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny, işe seretmegiň möhletlerini, arza bermegiň tertibini we iş ýörediş tapgyrlaryny beýan edýär. Arbitraž kazyýet önümçiligi işlere seredilýän, aýry-aýry iş ýörediş hereketleriniň amala aşyrylýan ýa-da arbitraž kazyýetiniň çözgüdiniň ýerine ýetirilýän döwründe hereket edýän Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda ýöredilýär. Arbitrlar diňe taraplaryň getiren we iş üçin ähmiýetli bolan subutnamalaryna seredip kanuny çözgüt çykarýarlar. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň 6-njy maddasynda: «Taraplar arbitraž kazyýet önümçiliginiň barşynda öz nukdaýnazaryny, ony goramagyň usullaryny we serişdelerini özbaşdak we arbitraž kazyýetden, beýleki edaralardan we adamlardan garaşsyz saýlap alýarlar.

Arbitraž kazyýeti işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak maksady bilen, öz başlangyjy boýunça subutnamalary ýygnamakdan doly boşadylandyr, ýöne taraplaryň delillendirilen haýyşnamasy boýunça şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde zerur materiallary almakda olara ýardam edýär» [5] diýip bellenilmegi arbitraž kazyýetiniň bäsdeşlik esasynda amala aşyrylýandygynyň hukuk kepili bolup çykyş edýär.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisindäki çykyşy. – Türkmenistan // 02.10.2024.
2. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A., 2023.
3. *Goçyýew T. we beýl.* Arbitraž iş ýöredişi. – A.: 2010.
4. *Nuryýew Ý. we beýl*. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. – A.: TDNG, 2010.
5. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. 2021.


# ИСПОЛЬЗОВАНИЕ АРБИТРАЖНЫХ МЕХАНИЗМОВ В РАЗРЕШЕНИИ МЕЖДУНАРОДНЫХ КОММЕРЧЕСКИХ СПОРОВ

С развитием современных экономических отношений всё чаще возникают различные юридические противоречия. В качестве средства их урегулирования используется институт арбитража. В международном праве в случае возникновения экономических споров стороны по взаимному соглашению могут обратиться в международный коммерческий арбитраж. Арбитражные суды и другие внесудебные формы разрешения споров являются альтернативными способами рассмотрения экономических конфликтов наряду с государственными судебными органами. Вместе с тем они не могут конкурировать с государственной судебной системой. Они должны служить лишь как инструмент, дополняющий государственную судебную систему. Привлекательность арбитражных судов в основном объясняется тем, что расходы на рассмотрение дела значительно ниже, чем в государственных судах.

# THE USE OF ARBITRATION MECHANISMS IN RESOLVING INTERNATIONAL COMMERCIAL DISPUTES

With the development of modern economic relations, various legal conflicts increasingly arise. Arbitration mechanisms are used as a means of resolving these issues. In international law, when economic disputes occur, the parties may, by mutual agreement, apply to international commercial arbitration. Arbitral tribunals and other non-judicial dispute-resolution procedures serve as alternative methods for resolving economic disputes alongside state courts. At the same time, they cannot compete with the state judicial system; rather, they should function as tools that complement it. The attractiveness of arbitral tribunals is largely explained by the fact that the costs of resolving a case are significantly lower than in state courts.

**Seýidulla ATAÝEW,**
*Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty.*

# ARBITRAŽ KAZYÝETLERINIŇ IŞ ÖNÜMÇILIGINE PROKURORYŇ GATNAŞMAGYNYŇ HALKARA TEJRIBESI

Bu makalada arbitraž kazyýetleriniň iş önümçiligine prokuroryň gatnaşmagynyň halkara tejribesi giňişleýin seljerilýär. Makalada ilkinji bolup arbitraž kazyýetleriniň funksiýalary we proseduralary baradaky esasy çemeleşmeler beýan ediler, soňra prokuroryň bu ulgama goşulmagynyň mümkin bolan formalary, artykmaçlyklary we töwekgelçilikleri beýan edilýär; soňra dürli ýurtlaryň we sebitleriň tejribesine seredilip, iň möhüm meseleler we gowulandyrmak teklipleri getirilýär. Prokuroryň arbitraž prosesine gatnaşmagynyň halkara tejribeleriniň aýratynlyklary beýan edilýär.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soňra kanunçylykda «Prokuroryň kazyýet önümçiligine gatnaşmagy» diýen düşünje bilen çalyşdy. Häzirki wagtda Prokuror iş ýöredişe (raýat, jenaýat, arbitraž) gatnaşýar we oňa gatnaşyjy hökmünde prosessual hukuklary hem borçlary berilýär [1].

Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş Kodeksiniň 43-nji maddasyna laýyklykda, prokuroryň beýleki şahslaryň hukuklaryny we kanun bilen goralýan bähbitlerini goramak baradaky hak isleýiş arzasy bilen arbitraž kazyýetine ýüz tutmaga hukugy bardyr [2].

«Prokuror» düşünjesi we Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kontekstinde onuň wezipesi «Prokuror» sözi, köplenç, jenaýat prosesinde, döwlet wekiliniň ýa jemgyýetçilik gyzyklanmalaryny goramaklyga jogapkär bolan wekil hökmünde ulanylýar. Ýöne arbitraž ulgamynda, aýratyn wagtlarda, prokuror diňe jenaýat hukugynda däl-de, ykdysady hukukda, döwlet we hususy gyzyklanmalarda gatnaşýan tarap hökmünde ýa «jemi hukuk» hukugynyň goragynda bolup biler.

Arbitraž prosesinde prokuroryň wezipesi aşakdaky görnüşlerde bolup bilýär:

Şertnamanyň yzyna düşmek üçin ýa hakykatda nähili proseduralaryň geçirilýändigi gözegçilik etmegi; Döwlet we jemgyýetçilik gyzyklanmalaryny goramak boýunça arbitraž prosesine «işjeň» gatnaşmak (meseläni öňünden öňe sürmek, dawalara goşulmak); Arbitraž ýa milli arbitraž prosesiniň beýleki gatnaşyjylary (taraplar, arbitraž tribunal, institut) bilen hyzmatdaşlykda bolmak, tertipleriň dogrulygyny üpjün etmek.

Mysal üçin, Russiýanyň tejribesinde prokuroryň arbitraž prosesine goşulmagyna degişli ýörelgeler we praktik teklipler bar. « Правовое положение прокурора в арбитражном судопроизводстве» atly makalada prokuroryň arbitraž prosesindäki hukuk ýagdaýy seljerilýär [3].

Arbitraž prosesine prokuroryň goşulmagynyň dürli formalary bolup biler. Aşakda esasy görüşleri saýlanyp beýan edilýär:

Dawany öňünden gozgalmak (prokuror tarapyndan başlangyç): Prokuror arbitražyň başlangyç derejesinde dawa edýär ýa arbitraž kazyýetine dawa gatnaşýar. Mysal üçin, Russiýada döwlet we hususy hukuk ýagdaýlarynda prokuroryň arbitraž kazyýetine şikaýat, talap goýan tarap hökmünde degişlidir.

Başlanan arbitraž prosesine goşulmak (joining the case): Arbitraž işleri başlanandan soň, prokuror ýagdaýy gözden geçirip, «ykdysady howplar», «jemi hukuk», «salgyt, walýuta, düzgünbozmalar» ýaly ugurlarda arbitraž kazyýetinde tarap bolup goşulyp biler. Meselem, Russiýada täze kanunlar arbitraž prosesi başlanandan soň, prokuroryň goşulma mümkinçiliklerini giňeltdi.

Gözegçilik we pikir bermek roly: Prokuror arbitraž prosesinde daşarky meseläni seljermek, arbitraž tribunalyna maglumat ýa pikir bermek hökmünde hem gatnaşyp biler. Bu görüş «üçünji tarap» häsiýetini alyp biler. Meselem, «Specifics of the prosecutor's participation in arbitration proceedings as a third party» makalada şeýle usul gozgaldy.

Ýerine ýetiriş we arbitraž çözgütlerine gözegçilik: Arbitraz çözgüdiniň milli kazyýetlerde tanalmagy we ýerine ýetirilmegi prosesine, aýratyn ýagdaýlarda arbitraž çözgüdiniň «jemi hukuk», ýagny döwlet gyzyklanmasyna garşy gelen ýagdaýynda prokuror goşulyp biler. Russiýada prokuror arbitraž we daşary ýurt arbitraž çözgütleriniň ýerine ýetirilişine goşulmaly tarap boldy.

Russiýada prokuroryň arbitraž prosesine gatnaşmagy we prosessual ýagdaýlary barada birnäçe täze düzgün we praktik üýtgeşmeler bar. Mysal üçin, 2022-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda «Federal Law, N 387-FZ» kabul edildi, ol Russiýanyň «Arbitraž Prosessual Kodeksi» we «Garaýyş Prosessual Kodeksi» neşir edilen üýtgeşmeleri öz içine alýar [4].

Şeýle-de prokuror arbitraž kazyýetlerinde başlanan işlere soňundan goşulyp bilýär: «recognition and enforcement of foreign court judgments and arbitral awards» ýaly ugurlarda arbitraž kazyýetine prokuroryň goşulma ýa gatnaşygy resmi taýdan giňeldi.

Bu tejribede birnäçe meseläniň ýüze çykmagynda bellidir:

Taraplaryň deňlik hukugy (equality of parties) we arbitraž gizlinligi: prokuroryň arbitraž prosesine girmegi durmuş şertlerinde taraplaryň arasynda hukuk deňligi girizip bilermi? Prokuroryň arbitraž tribunalynyň içinde wekil hökmünde mynasyplygy, garaşsyzlygy we tekizligi: arbitraž arasynda prokuroryň roly kime degişli we arbitraž nähili ygtyýarlaşmagyna täsir edýär? Taraplaryň erkinligi: arbitražda taraplar özleriniň wekillerini saýlap, arbitraž şertlerini kesgitleýärler; prokuroryň goşulmagy bu autonomy (taraplaryň erkinligi) prinsipine howp döredýär. Daşary ýurt arbitraž çözgütleriniň tanalmagy we ýerine ýetirilişi: prokuroryň goşulmagy bu ugurda «jemi hukuk howpsuzlygy» ýaly subsidiar ýagdaýlary döredýär.

Tailandda hem prokuroryň arbitraž prosesinde gatnaşmagyna degişli praktika bar [5]. Mysal üçin, hasabatda arbitraž tribunalyna prokuroryň arbitratr hökmünde bellenmegi we bu bellenmä garşy «garaşsyzlyk» baradaky subýektleriň şikaýatlary aýdyldy: arbitratr hökmünde prokuroryň roly sebäpli taraplaryň garaşsyzlyk baradaky soraglary ýüze çykdy. Şeýlelik bilen, bu tejribede prokuroryň arbitraž prosesindäki gatnaşmagy nähili praktiki we institusional çypyşmalar döredýändigini görýäris: taraplaryň arbitraż arbitratr saýlamagy ýa arbitraž tribunalyna goşulmagy ýagdaýynda prokuroryň däl-de, «şahsy däl» arbitratr hökmünde bellenmegi garaşsyzlyk we erkinlik soraglaryny döredýär.

Arbitraž we prokuroryň gatnaşmagy boýunça maglumat köp däl, sebäbi arbitraž, adatça, hususy hukuk rugsady bilen işleýär. Şeýle-de bolsa, dürli demokratik ýurtlarda prokuroryň arbitraž prosesine gatnaşmagy «jemi hukuk goragy», «döwlet gyzyklanmalary» ýaly maksatlar esasynda peýda bolup bilýär.

Jemi hukuk gyzyklanmalaryny goramak: Prokuroryň arbitraž prosesine goşulmagy döwlet we jemgyýetçilik gyzyklanmalaryny (meselem, maliýe düzgünbozmalar, salgyt, walýuta, anti-money laundering, anti-korrupsiýa) goramak üçin mümkinçilik döredip biler. Bu arbitraž prosesi diňe taraplaryň talaplary boýunça däl-de, «jemi hukuk» nukdaýnazaryndan hemmelere degişli meselelere degip geçilýär diýlip hasap edilip bilner.

Howpsuzlyk we ygtyýarlyk: Arbitraž çözgütleriniň milli kazyýetlerde tanalmagy we ýerine ýetirilmegi üçin prokuroryň gözegçiligi we degişli arbitraž netijeleriniň durmuşa geçirilmegi üçin goşmaça kepillik bolup biler. Mysal üçin, Russiýada prokuroryň arbitraž çözgütleriniň tanalmagy we ýerine ýetirilmegine goşulmagy resmi taýdan giňeldi.

Taraplaryň deňligi we taraplaryň hukuklary: Arbitraž düzgünlerine laýyklykda, taraplaryň deňligi we taraplaryň hukuklary arbitražda özüni alyp baryşlarynyň erkinligi ähmiýetlidir. Prokuroryň arbitraž prosesine goşulmagy bu deňligi bozup biler, ýagny bir tarap hökmünde güýç taýdan artykmaçlyk gazanyp biler.

Taraplaryň erkinligi: Arbitražda taraplar arbitraž şertlerini kesgitleýärler (arbitraž instituty, arbitratr saýlawy, ýer, dil). Prokuroryň goşulmagy bu özleşdirilmegi we arbitraž şertnamasynyň taraplar tarapyndan kesgitlenilmegini çäklendirip biler.

Gizlinlik we hususylyk: Arbitraž prosesi, köplenç, gizlin ýagdaýda geçirilýär. Döwlet prokurorynyň gatnaşmagy ýa arbitraž çözgüdine gözegçilik etmegi gizlinligi we arbitraž prosessiniň hususylygyna päsgel bolup biler.

Döwletiň we prokuroryň arbitraž çözgütlerine goşulmagy, aýratynlykda onuň döwlet gyzyklanmalaryna garşy bolmagy ýagdaýynda, arbitraž çözgütleriniň beýleki ýurtlarda tanalmagy we ýerine ýetirilmegi üçin howp bolup biler. Meselem,

Russiýada arbitraždan soň prokuroryň girmegi bilen «jemi hukuk howpsuzlygy» prinsipi boýunça tanyşlyk we ýerine ýetiriş meselesinde garaşsyzlyk soraglary ýüze çykdy.

Prokuroryň arbitraž prosesine goşulmagy ulgamlaýyn taýdan netijeli we deňhukukly görnüşde bolup geçmegi üçin aşakdaky teklipler hödürlenýär: Lex arbitri we arbitraž şertnamalarynda prokuroryň goşulmagy boýunça düzgünleriň netijelendirilmegi.

Arbitraž şertnamalarynda ýa milli arbitraž institutlarynda prokuroryň gatnaşmagy ýa gatnaşmazlygy boýunça taraplaryň ylalaşmagy we bu görnüşiň arbitraž şertnamasynda çykyşy bolup bilmegi teklip edilýär. Mysal üçin, arbitraž instituty prokuroryň girmegini «jemi hukuk» meselesinde degişli ýagdaýlar bilen çäklendirip biler.

Prokuroryň arbitraž prosesine goşulan ýagdaýlarynda arbitraž prosesiniň ähli taraplary üçin deň mümkinçilikleri üpjün edilmeli. Bu arbitraž institutlaryň düzgünlerinde «prokuroryň wekilleri» üçin aýratyn çäreleriň kesgitlenmegi, arbitratr aýyrmak mümkinçilikleri we garaşsyzlyk goraýyş çärelerini öz içine almaly.

Prokuroryň arbitraž prosesinde gatnaşygy ýagdaýlarynda arbitraž tribunalynyň we arbitratrlaryň garaşsyzlygynyň we tekizlik derejesiniň aýratyn gözegçiligi zerurdyr. Arbitraž instituty tarapyndan arbitratrlaryň we kazyýet kömekçileriniň wekilçilik ýagdaýy we düşnüksizligi barada deklarasiýalary we howpsuzlyk mehanizmleri bolup biler.

Prokuroryň arbitraž prosesine goşulmagy arbitraž prosesiniň hususylygy üçin howp bolup biler. Şonuň üçin arbitraž instituty proseduralarynda prokuroryň gatnaşygyny we arbitraž prosesiniň gizlinligini deňleýän ýörelgeleri görkezmeli. Prokuroryň arbitraž çözgütlerine goşulmagy ýurtlaryň halkara hukuk ulgamyna (meselem, New York Convention) we arbitraž çözgütleriniň tanalmagy we ýerine ýetirilişi ugurlaryna täsir edip biler. Bu bolsa arbitraž çözgütleriniň netijeliligini howply edip biler. Şonuň üçin arbitraž çözgütleriniň halkara tanalmagyny üpjün etmek üçin prokuroryň gatnaşygynda bilelikdäki halkara meýilnamalar we kömek mehanizmleri döretmek peýdaly bolar [6].

Arbitraž kazyýetleriniň iş önümçiligine prokuroryň gatnaşmagy halkara hukuk we ykdysady gatnaşyklarynda täze we çylşyrymly ugur bolup durýar. Taraplaryň hukuk taýdan deňligi, arbitraž şertnamasynyň güýçlüligi, arbitraž çözgütleriniň halkara tanalmagy we ýerine ýetirilmegi ýaly esasy şertler bu ulgamda esasy bolup galýar.

Prokuroryň arbitraž prosesine goşulmagy döwlet we jemgyýetçilik gyzyklanmalaryny goramak arkaly arbitraž işiniň dolulygyny artdyryp biler. Şeýle-de bolsa, bu gatnaşygy düzgünleşdirmek tarap ulgamynyň erkinligi, arbitraž prosesiniň gizlinligi we arbitraž tribunalynyň garaşsyzlygy ýaly ýörelgeler bozulan ýagdaýlara düşmezligi üçin üns bermek zerurdyr.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kodeksi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2021.

2. *Goçyýew T.* Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň hem-de prokuroryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň möhüm meseleleri. – A.: TDNG, 2010.

3. *Михайлова Е.В.* Правовое положение прокурора в арбитражном судопроизводстве. – Институт государства и права Российской Академии наук, 2023.

4. Federal Law, № 387. – FZ, 2022.

5. Tilleke & Gibbins, Challenges Made against Arbitrators in Thailand: New Trends, 2020.

6. New York Convention. – New York, 1598.

## МЕЖДУНАРОДНОГО ОПЫТА УЧАСТИЯ ПРОКУРОРА В УПРАВЛЕНИИ ДЕЛАМИ АРБИТРАЖНЫХ СУДОВ

В данной статье представлен комплексный анализ международного опыта участия прокурора в управлении делами арбитражных судов. В статье сначала излагаются основные подходы к функциям и процедурам арбитражных судов, затем описываются возможные формы участия прокурора в этой системе, ее преимущества и риски; Затем, опираясь на опыт различных стран и регионов, представлены наиболее важные вопросы и предложения по улучшению. Описаны особенности международной практики участия прокурора в арбитражном процессе.

После обретения независимости Туркменистан заменил это в своем законодательстве концепцией «участия прокурора в судебном разбирательстве». В настоящее время прокурор участвует в разбирательствах (гражданских, уголовных, арбитражных) и, как сторона, наделен процессуальными правами и обязанностями.

## INTERNATIONAL EXPERIENCE WITH THE PROSECUTOR'S PARTICIPATION IN THE CASE MANAGEMENT OF ARBITRATION COURTS

The following article provides a comprehensive analysis of international experience with the prosecutor's participation in the case management of arbitration courts. The article first outlines the basic approaches to the functions and procedures of arbitration courts, then describes the possible forms, advantages, and risks of the prosecutor's involvement in this system; Then, drawing on the experience of various countries and regions, the most important issues and proposals for improvement are presented. The characteristics of international practices for the prosecutor's

participation in the arbitration process are outlined. After gaining independence, Turkmenistan replaced this concept with the one of «the Prosecutor's participation in judicial proceedings.» Currently, the Prosecutor participates in proceedings (civil, criminal, arbitration) and, as a party, is granted procedural rights and obligations.

**Meret KÜLJÄÝEW,**
*Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty.*

## HALKARA IŞEWÜRLIK JEDELLERINI ÇÖZMEKDE ARBITRAŽ GURALLARYNYŇ ULANYLYŞY

Häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynyň we bazar gatnaşyklarynyň işini pugtalandyrmakda ykdysady gatnaşyklar döwletleriň arasynda we halkara hukugynyň beýleki subýektleriniň arasynda aýratyn orny eýeleýär. Ykdysadyýetiň global derejede çalt ösýän şertlerinde ykdysady meseleleri bilen baglanyşykly jedelleri çözmekde halkara täjirçilik arbitražynyň ähmiýeti barha artýar we halkara hukugynyň wajyp pudagy bolmagynda galýar. Dünýä jemgyýetçiligi beýle kazyýetiň işiniň netijeliligine göz ýetirenden soň, XX asyryň ikinji ýarymynda öz gerimini has-da giňeltdi we halkara hukugynyň esasy bir möhüm pudagyna öwrüldi. Halkara arbitraž häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetinde möhüm meseleleriň biri bolup durýar. Daşary ýurt maýa goýumlarynyň köpelmegi, halkara kärhanalarynyň ykdysady taýdan gatnaşygy we dünýä bazarlarynyň birikmegi bilen bir hatarda, arbitraž kazyýetiniň derwaýyslygy hem ýokarlanýar. Şol sebäpden, arbitraž gurallarynyň peýdalanylmagy halkara ykdysady gatnaşyklarynyň durnuklylygyny üpjün etmekde möhüm mehanizm hasaplanylýar. Arbitraž taraplaryň ylalaşygy esasynda ýüze çykýan jedelleri kazyýetden daşarda çözmek üçin ýörite gurulýan hukuk mehanizmidir. Arbitraž bilen milli kazyýetleriň arasyndaky esasy tapawut, arbitražyň ylalaşyk esasynda emele gelýär.

Arbitraž – taraplaryň öz dawalaryny garaşsyz araçylara tabşyrýan döwlet kazyýet ulgamynyň daşyndaky jedelleri çözmegiň alternatiw usulydyr. Bu usul çeýeligi, gizlinligi we tizligi hödürleýär, bu ykdysady hem-de söwda jedellerini, şol sanda halkara jedellerini çözmek üçin amatly usullaryň biridir. Arbitraž kazyýetiň karary taraplar üçin gutarnykly we hökmany bolup, onuň ýerine ýetirilmegi halkara konwensiýalary tarapyndan halkara derejesinde üpjün edilýär. Arbitraž kazyýetleriň kararlarynyň ýerine ýetirilişi şu ýagdaýlarda alnyp barylýar:

– arbitraž ylalaşyk şertnamasy – taraplar geljekdäki ähli jedelleri arbitraž kazyýetlerinde seretmeklige we tabşyrmaklyga meýletin şertnama baglaşýarlar;

– araçylary (arbitrleri) saýlamak – taraplar degişli ugurda hünärmen araçylary saýlaýarlar;

– iş tertibi – bu amal arbitraž institusional edarasynyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar ýa-da ýekeje jedel üçin ýörite tertip-düzgün döredilýär.

– karar – subutnamalary gözden geçirenden soň, araçy (ýa-da araçylar topary) gutarnykly karar berýär.

Arbitraž – telekeçileriň hukuklaryny goramak mehanizminiň möhüm bölegi bolup durýar. Döwlet kazyýetlerinde talaplar netijeli togtadylanda, arbitraža ýüz tutmak jedelleri çalt we hil taýdan kanagatlanarly çözmäge, kabul edilen resminamalary tassyklamak we hyzmatdaşlygy gorap saklamak ýaly kararlarda, özara hukuklary hem-de borçlary resmileşdirmäge mümkinçilik berýär.

Halkara arbitraž ulgamynyň taryhy ösüşi XX asyryň başlarynda işewürlik gatnaşyklarynyň artmagy bilen baglanyşyklydyr. ICC (Halkara Söwda Palatasy), ICSID (Daşary ýurt maýa goýum jedelleri boýunça halkara merkez) we LCIA (London Halkara Arbitraž Merkezi) ýaly merkezi arbitraž institutlary döredildi. Halkara hukugynyň halkara täjirçilik arbitražy işindäki esasy çeşmesi bolup 1958-nji ýylda UNICTRAL tarapyndan taýýarlanylyp, BMG-niň garamagynda kabul edilen, «Daşary ýurt arbitraž kararlaryny ykrar etmek we ýerine ýetirmek hakyndaky Nýu-Ýork konwensiýasy» bolup, bu konwensiýa agza döwletleriniň çäginde arbitraž kararlarynyň ykrar edilmegi, ýerine ýetirilmegi üçin ygtybarly kepillikleri kesgitleýär.

Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlaryny goramak, arbitraž jedellerine seretmek hakynda şertnamalarda bellenilmegi we arbitraž institutlary bilen hyzmatdaşlyk işewürlik gatnaşyklaryny durnukly saklamaga ýardam berýär. Mundan başga-da arbitraž arkaly çözülýän jedeller daşary ýurt maýadarlarynyň ynamyny artdyrýar we maýa goýum çekijiligini ýokarlandyrýar. Türkmenistan arbitraž ulgamyny ösdürmegiň birnäçe mümkinçiliklerine eýedir, ýagny olar:

– hukuk binýadyny kämilleşdirmek;

– arbitraž jedelleriniň dogry we kanunalaýyk çözülmegi üçin hünärmenleriň taýýarlanylyşyny ýokarlandyrmak;

– sanly arbitraž ulgamlaryna geçmek bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistan bu ulgamy ösdürmek bilen halkara maýa goýumlaryny çekmek-de we işewürlik gatnaşyklaryny durnukly saklamakda möhüm ädimleri ädýär. Hukugyň hökmürowanlygyna esaslanan döwletimiz, arbitraž kazyýetiniň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän «Halkara täjirçilik arbitražy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hereket edýär. Bu kanun 2014-nji ýylyň 16-njy awgustynda kabul edilip, 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda güýje girdi. Ady agzalan Kanuna laýyklykda, Halkara täjirçilik arbitražyna taraplaryň ylalaşmagy boýunça şu aşakdakylar berlip bilner: «eger taraplaryň bolmanda biriniň täjirçilik kärhanasy Türkmenistanyň çäklerinden daşynda bolsa, daşary söwda we halkara ykdysady gatnaşyklarynyň beýleki görnüşleri amala aşyrylanda ýüze çykýan şertnamalaýyn hem-de beýleki raýat-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller, şeýle hem Türkmenistanyň

çäginde döredilen daşary ýurt maýa goýumly kärhanalaryň we halkara birleşikleriniň, guramalarynyň öz aralaryndaky jedeller, olaryň gatnaşyjylarynyň arasyndaky jedeller, şonuň ýaly-da olaryň Türkmenistanyň beýleki hukuk subýektleri bilen jedeller» [1] diýip beýan edilendir.

Türkmenistan üçin arbitraž ulgamy diňe bir kanuny mehanizm bolman, eýsem, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde, maýa goýum çekijiligini ýokarlandyrmakda möhüm strategiýa serişdesidir. Türkmenistanyň hukuk ulgamynda arbitraž bilen baglanyşykly degişli kanunçylyk çäreleri, milli we halkara kararlaryň ýerine ýetirilişiniň düzgünleri bellenilendir. Iki döwletiň ýa-da korporasiýalaryň arasynda ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin Arbitraž kazyýetine ýüz tutmaklyk degişli tertipde alnyp barylýar.

Halkara täjirçilik arbitražynyň iki görnüşi hereket edýär: «institusional» hem-de «ad hoc» arbitražlar.

«Institusional» täjirçilik arbitražy, düzgün bolşy ýaly, söwda palatasy, söwda-senagatçylar birleşigi ýa-da assosiasiýa tarapyndan döredilip hemişelik hereket edýän edaradyr.

«Ad hoc» täjirçilik arbitražyna başgaça wagtlaýyn arbitražlar hem diýilýär. «Ad hoc» arbitražlar diňe belli bir jedeli çözmek üçin döredilýär we şol jedel boýunça karar kabul edilenden soň bu arbitraž hereket etmegini bes edýär [2].

Halkara derejesinde meşhurlyga eýe bolan arbitraž kazyýetleri: London halkara arbitraž kazyýeti; Amerika arbitraž asosasiýasy; Stakgolm şäheriniň söwda palatasynyň ýanyndaky arbitraž kazyýeti; Sýurih söwda senagat palatasynyň ýanyndaky arbitraž kazyýeti; Awstriýanyň ykdysady federal palatasynyň Wenadaky halkara arbitraž kazyýeti; Belarussiýada Belarus söwda-senagat palatasynyň ýanyndaky halkara arbitraž kazyýeti.

Halkara arbitraž düzgünleriniň esasy aýratynlygy – arbitraž kararlarynyň ýerli milli kazyýetleriň garaýşyndan garaşsyz, özbaşdak we ýerine ýetirilmegi hökmany häsiýete eýe bolmagydyr. Şeýlelik bilen, arbitraž ulgamy diňe bir adalatly çözgüdi üpjün etmek bilen çäklenmän, ykdysady gatnaşyklaryň durnuklylygyny hem üpjün edýär. Halkara hukugynyň halkara täjirçilik arbitražy işindäki esasy çeşmesi bolup 1958-nji ýylda UNCITRAL tarapyndan taýýarlanylyp, BMG-niň garamagynda kabul edilen, «Daşary ýurt arbitraž kararlaryny ykrar etmek we ýerine ýetirmek hakyndaky Nýu-Ýork konwensiýasy» bolup, bu konwensiýa agza döwletleriniň çäginde arbitraž kararlarynyň ykrar edilmegi we ýerine ýetirilmegi üçin ygtybarly kepillikleri kesgitleýär.

Halkara hukugynda ondan başga-da arbitraž meseleleri bilen baglanyşykly birnäçe halkara hukuk resminamalary hereket edýär, olar adatça sebitleýin häsiýete eýe bolup durýar. 1961-nji ýyldaky Daşary söwda arbitražy hakyndaky Ýewropa konwensiýasy bolup, onda agza döwletleriniň fiziki we ýuridiki şahslarynyň arasyndaky gatnaşyklarynda arbitražy ulanmaklygyň guramaçylyk meseleleri

düzgünleşdirildi. Şeýle halkara hukuknamalary halkara täjirçilik arbitražynyň ähmiýetiniň ösmegine goşant goşýar.

Esasan, jedelleri arbitraž kazyýetleriň garamagyna bermäge bolan isleg halkara ykdysady gatnaşyklarda ýüze çykýar. Bu ýagdaý, ilkinji nobatda, jedelleşýän taraplaryň arasynda olaryň haýsysynyň döwletindäki kazyýete jedeli garamaga bermeli diýen meseläniň döreýändigi bilen düşündirilýär. Elbetde, olaryň her haýsynyň jedeliň öz döwletinde hem-de öz milli kanunçylygynyň esasynda garalmagynda bähbidi bar. Düşnükli sebäplere görä, jedelleşýän taraplaryň başga bir döwletiň nätanyş kanunçylygyndan we onuň kazyýetiniň jedeli seljerende hem çözende tarapgöýlüge ýol bermeginden gorkusy bolýar. Şonuň üçin hem şeýle halatlarda jedelleşýän taraplaryň özara ylalaşygy esasynda döredilen halkara arbitraž kazyýetlere jedelleri garamak üçin hödürlemäge bolan isleg artýar. Halkara täjirçilik arbitražy her bir anyk ýagdaýda taraplaryň ikisiniň hem bähbitleriniň adyl we obýektiw goraljakdygynyň kepili bolup çykyş edýär. Mundan başga-da halkara tejribesinden gelip çykyşyna görä, halkara arbitraž kazyýetleriniň işine döwlet hiç-hili täsir edip bilmeýär**.** Bu ýagdaý bolsa halkara arbitraž kazyýetiniň alternatiw alamatyny has-da şöhlelendirýär.

## EDEBIÝATLAR


1. «Halkara täjirçilik arbitražy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
2. *Goçyýew T. we beýl.* Arbitraž iş ýöredişi. – A., 2010.


# ИСПОЛЬЗОВАНИЕ МЕХАНИЗМОВ АРБИТРАЖА ПРИ РАЗРЕШЕНИИ МЕЖДУНАРОДНЫХ КОММЕРЧЕСКИХ СПОРОВ

В условиях стремительного развития мировой экономики значение международного коммерческого арбитража в разрешении споров, связанных с экономическими вопросами, постоянно возрастает и остаётся важной отраслью международного права. Осознав эффективность такой формы судебного разбирательства, мировое сообщество во второй половине XX века значительно расширило сферу её применения и она превратилась в одну из основных сфер международного права. В современный период международный арбитраж является одним из важнейших вопросов мировой экономики. Наряду с увеличением объёмов иностранных инвестиций, экономическим взаимодействием международных компаний и интеграцией мировых рынков возрастает и актуальность арбитражного разбирательства. В Туркменистане закрепление в соглашениях положений о защите иностранных инвестиций, о рассмотрении арбитражных споров, а также сотрудничество с арбитражными институтами способствует поддержанию стабильности деловых отношений.

Кроме того, разрешение споров посредством арбитража повышает доверие иностранных инвесторов и увеличивает инвестиционную привлекательность страны.

## THE USE OF ARBITRATION MECHANISMS IN RESOLVING INTERNATIONAL COMMERCIAL DISPUTES

In the context of the rapidly developing global economy, the importance of international commercial arbitration in resolving disputes related to economic issues is steadily increasing and remains a significant branch of international law. After the global community recognized the effectiveness of this judicial mechanism, its scope expanded considerably in the second half of the 20th century, turning it into one of the major fields of international law. Today, international arbitration is one of the key matters in the world economy. Along with the growth of foreign investments, the economic cooperation of international enterprises, and the integration of global markets, the relevance of arbitral proceedings is also rising. In Turkmenistan, the inclusion in agreements of provisions on the protection of foreign investments and the settlement of arbitration disputes, as well as cooperation with arbitration institutions, helps maintain the stability of business relations. Moreover, resolving disputes through arbitration increases the confidence of foreign investors and enhances the country's investment attractiveness.

**Şirin MUHAMMETMYRADOWA,**
*Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty.*

## IKITARAPLAÝYN ŞERTNAMALAR BILEN BAGLANYŞYKLY ÝÜZE ÇYKÝAN JEDELLERIŇ ÇÖZÜLMEGINDE ARBITRAŽ KAZYÝETLERINIŇ ORNY

Ikitaraplaýyn şertnamalar häzirki ykdysady we halkara söwda gatnaşyklarynyň aýrylmaz möhüm bölegi bolup durýar. Bu şertnamalar, taraplaryň hukuk we maliýe borçlaryny anyk kesgitlemek bilen, dürli görnüşdäki söwda, hyzmat, maýa goýum we beýleki ylalaşyklary öz içine alýar. Şeýle şertnamalardan ýüze çykýan meseleler, köplenç, taraplaryň öz borçlaryny ýerine ýetirmeýän ýagdaýlaryndan, şertleriň düşnüksiz ýa-da çylşyrymly bolmagyndan, şeýle hem dürli hukuk ulgamlaryndaky tapawutly talaplardan we düşünişmezliklerden döreýär. Bu jedelleriň netijeli we adalatly çözülmegi, halkara söwdanyň durnuklylygy hem-de maýa goýum gurşawynyň ygtybarlylygy üçin esasy şertdir. Bu meseleleri çözmekde Arbitraž kazyýetleri esasy orny eýeleýärler.

Arbitraž kazyýetleri bu meseleleriň çözgüdine gönükdirilen esasy institutlaryň biri bolmak bilen, olar diňe bir kazyýet işini geçirmek bilen çäklenmän, taraplaryň arasyndaky gatnaşyklary saklamaga, çözgütleri kanuny we özara ylalaşyk esasynda çykarmaga hem-de halkara hukuk normalaryna laýyklykda meseleleri çözmäge hyzmat edýär [1].

Ikitaraplaýyn şertnamalar, hukuk taýdan iki tarap arasyndaky borçnama gatnaşygy hökmünde, taraplaryň borçlaryny, jogapkärçiliklerini we hukuklaryny anyk kesgitleýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda, esasanam, Türkmenistan Raýat kodeksiniň kadalarynda bellenilişi ýaly: «Geleşigiň hakyky bolmagy üçin kanun tarapyndan bellenilen formanyň berjaý edilmegi zerurdyr». Şertnamalaryň dogry düzülmegi, ähli şertleriň anyk beýan edilmegi hem-de ony taraplaryň dogruçyl ýerine ýetirmegi, ykdysady gatnaşyklary we geljekki hyzmatdaşlyklary goramak üçin iň möhüm şertdir.

Halkara tejribesinde hem şertnamanyň maksady diňe bir kagyz ýüzündäki ylalaşyk bolman, eýsem, taraplaryň özara bähbitlerini üpjün edýän we ykdysady howpsuzlygy kepillendirýän esasy resminama hasaplanýar. Şonuň üçin, şertnamanyň düşnüksiz ýa-da çylşyrymly bolmagy, taraplaryň garaýyşlarynyň tapawudy ýa-da islendik bir tarapyň borçnamalaryny yza çekmegi dawalaryň döremegine ýol açýan esasy sebäplerdir [2].

Ikitaraplaýyn şertnamalarda ýüze çykýan jedelleriň esasy sebäpleri diňe bir ykdysady ýa-da maliýe meseleleri bilen çäklenmän, eýsem, hukuk we amaly meseleleri hem öz içine alýar. Borçlaryň ýerine ýetirilmezligi, ýagny taraplaryň öz borçlaryny şertnamada göz öňünde tutulan möhletde, göwrümde ýa-da doly ýerine ýetirmän, şertnamanyň talaplaryna laýyk hereket etmezligi bilen baglanyşykly ýagdaýlar we düşnüksiz, çylşyrymly şertler, ýagny şertnamanyň aýry-aýry maddalarynyň, terminleriň ýa-da kadalarynyň düşnüksizligi hem-de dürli talaplary öz içine almagy, taraplaryň hukuk goragyny çäklendirip, olaryň arasynda düşünişmezlik döredýän ýagdaýlar, jedelleriň iň esasy çeşmesidir. Halkara şertnamalarda bolsa hukuk ulgamlarynyň tapawutlylygy bilen bagly meseleler arbitraž işleriniň öňünde ýene bir kynçylyk döredýär, sebäbi dürli ýurtlaryň milli kadalarynyň we hukugyň amala aşyrylyşynyň aýratynlyklary jedelleriň has köp ýüze çykmagyna, täsirini ýetirip olaryň çözülişini çylşyrymlaşdyryp biler. Şeýle hem taraplaryň özara düşünişmezligi we aragatnaşygyň ýetmezçiligi ýaly meseleleri güýçlendirýän we jedelleriň döremegine itergi berýän sebäplerdir. Bu sebäpler arbitraž kazyýetleriniň ähmiýetini görkezýär, sebäbi olaryň wezipesi diňe bir hukuk çözgütleri bermek bilen çäklenmän, eýsem, taraplaryň arasyndaky gatnaşyklaryny gorap saklamak hem-de geljekki hyzmatdaşlygyň mümkinçiligini üpjün etmekdir [3].

Arbitraž kazyýetleri, adatça, taraplaryň özara razylygy bilen döredilen, durnuklylygy we ygtybarlylygy bilen tapawutlanýan hukuk guramasy bolup, dawalary çalt hem-de netijeli çözmäge niýetlenendir. Arbitraž iş ýöredişi, milli

döwlet kazyýetlerindäki çylşyrymly we uzaga çekýän proseslerden tapawutlylykda, çalt, düşnükli, adalatly geçirilýän hukuk prosesi hökmünde kabul edilýär. Bu ulgamyň esasy artykmaçlyklary onuň çözgütleriniň hünär taýdan bilermenleriň esasynda kabul edilmegi, taraplaryň özara ylalaşyp arbitri (arbitraž kazysyny) saýlap bilmek mümkinçiligi we işiň gizlinligidir.

Arbitraž kazyýetleri öz işinde birnäçe esasy funksiýany ýerine ýetirýärler: Birinjiden, olar taraplaryň bähbitlerini gorap, arbitraž çözgütlerini diňe bir kanuny esasda däl, eýsem, şertnamanyň mazmunyna we maksadyna laýyklykda üpjün edýär. Ikinjiden, arbitraž gatnaşyklaryň bozulmazlygyny üpjün etmäge çalyşýar, sebäbi bu ulgamda taraplaryň özara hormat we ylalaşyk esasynda işlemegine aýratyn üns berilýär. Üçünjiden, daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlykda arbitraž kazyýetleri ynamly hukuk goragyny üpjün edýär, sebäbi halkara maýa goýum hem-de söwda gatnaşyklarynda döwletiň içerki kazyýetlere tabyn bolmazlyk esasy we strategik möhüm ähmiýete eýedir. Dördünjiden, olar çözgütleri milli we halkara hukuk kadalaryna laýyklykda amala aşyrýarlar, şonuň üçin kabul edilen kararlar diňe bir ýurduň çäginde däl, eýsem, halkara derejesinde hem ykrar edilip, güýje girizilip bilner [4].

Türkmenistandaky tejribede arbitraž kazyýetleriniň iş ýörelgeleri Türkmenistan Arbitraž iş ýöredişi hakyndaky Kodeksde bellenilen tertip bilen kesgitlenýär. Bu Kodeks arbitraž kazyýetleriniň wezipelerini, hak islegini bildirmegiň tertibini, kararlary kabul etmegiň we çözgütleri durmuşa geçirmegiň düzgünlerini öz içine alýar. Milli kanunçylykdaky bu düzgünler halkara standartlaryna laýyk gelýän, ygtybarly we adalatly arbitraž prosesini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Halkara tejribesinde arbitraž ulgamy, esasy halkara normalar we şertnamalar bilen berk sazlaşýar, bu bolsa onuň global derejede ähmiýetini güýçlendirýär. Arbitraž ulgamynyň işini düzgünleşdirýän iň esasy halkara resminamalaryň hatarynda BMG-niň Halkara Söwda Hukugy Komissiýasynyň (UNCITRAL) işläp düzen kadalary aýratyn orun tutýar. UNCITRAL Model Law (1985-nji ýyl, 2006-njy ýyldaky üýtgeşmeler bilen) arbitraž işleriniň çalt, düşnükli we adalatly geçirilmegini üpjün edýän, milli kanunçylyklara girmek üçin nusga bolup hyzmat edýän esasy halkara kadasydyr. Bu Model Kanunyň maksady, arbitraž ulgamynyň hereketini bütin dünýäde birmeňzeş etmäge we onuň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir [5].

Şeýle hem arbitraž çözgütleriniň halkara derejesinde ykrar edilmegi we durmuşa geçirilmegi üçin esasy şert bolup, Daşary ýurt arbitraž çözgütlerini ykrar etmek hem-de durmuşa geçirmek hakyndaky Nýu-Ýork Konwensiýasy (1958-nji ýyl) hyzmat edýär. Bu Konwensiýa dünýäniň 170-den gowrak döwletleri tarapyndan tassyklanylyp, bir ýurduň çäginde kabul edilen arbitraž çözgüdiniň başga bir ýurduň çäginde hem ykrar edilmegine we mejbury güýje girmegine şert döredýär. Bu ikitaraplaýyn şertnamalar esasynda ýüze çykýan jedelleri çözmek üçin iň möhüm

ähmiýetli halkara resminamasydyr, sebäbi maýa goýujylara we halkara söwda gatnaşyjylara öz hukuklarynyň daşary ýurtda hem goralýandygyna ynam döredýär.

Türkmenistanyň arbitraž kazyýetleri içerki kanunçylykda halkara arbitraž mehanizmlerini ulanmak boýunça progres edýär. Ýurtda «Halkara täjirçilik arbitražy hakynda» kanun kabul edilip, arbitraž işleri «Arbitraž iş ýörediş kodeksi» arkaly düzgünleşdirilýär. Türkmenistan 2022-nji ýylyň 4-nji maýynda Nýu-Ýork konwensiýasyna goşuldy we 2-nji awgustdan ol konwensiýanyň kadalary ýurduň çäginde işläp başlady. Mundan başga-da, arbitraž kazyýeti tarapyndan kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilmegi milli kanunlara laýyklykda amala aşyrylýar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň arbitraž ulgamy diňe ýurduň içindäki şertnamalary däl, eýsem, halkara edaralar tarapyndan ykrar edilen käbir arbitraž kararlaryny hem deňeşdirip bilýän, hem-de amala aşyryp bilýän hukuk guralyna öwrülýär [6].

Türkmenistanda arbitraž kazyýetleriniň iş ýörelgeleri, Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş Kodeksi we beýleki degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary düzgünleşdirilýär. Bu kanunlar arbitraž iş ýöredişiniň karar kabul ediş tertibiniň adalatlylygyny, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny anyk kesgitleýär. Arbitraž kazyýetleriniň işjeňligi we netijeliligi, taraplaryň şertnamalardan ýüze çykýan meselelerini döwlet kazyýetlerinden has çalt we ygtybarly çözmäge mümkinçilik berýär.

Bu çaltlyk we ygtybarlylyk, ýurduň ykdysady ösüşine we halkara işewürlik gatnaşyklaryna amatly şert döredýän esasy faktorlardyr. Haçanda halkara maýa goýujylar we söwda hyzmatdaşlary, ýurduň hukuk ulgamynyň durnukly we jedelleri netijeli çözüp bilýändigine göz ýetirenlerinde, maýa goýum töwekgelçiligi peselýär hem-de hyzmatdaşlyga bolan ynam artýar. Arbitraž ulgamynyň gizlinligi hem kärhanalar üçin möhüm ähmiýete eýedir, sebäbi täjirçilik syrlaryny, maliýe maglumatlaryny köpçülige mälim etmezlige mümkinçilik berýär.

Ikitaraplaýyn şertnamalar bilen baglanyşykly meseleleriň çözülmeginde arbitraž kazyýetleriniň orny çäksizdir we olar häzirki zaman hukuk hem-de ykdysady gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegidir. Olar diňe bir jedellere hukuk çözgütleri bermek bilen çäklenmän, eýsem, taraplaryň arasyndaky ynamy we gatnaşyklary saklamaga, milli hem-de halkara hukuk normalaryna laýyklykda adalatly çözgütleri üpjün etmäge niýetlenendir.

Türkmenistandaky tejribe we halkara normallary, arbitraž ulgamynyň işiniň netijeliligini, ygtybarlylygyny ýokarlandyrýar. Arbitraž kazyýetleri, iki tarap arasyndaky şertnamalardan ýüze çykýan meseleleri çalt, adalatly, hünär taýdan dogry we yzygiderli çözmekde möhüm gural bolup durýar, şeýlelik bilen ýurduň ykdysady howpsuzlygyny hem-de halkara abraýyny pugtalandyrýar.

Halkara arbitraž tejribesinde UNCITRAL Model Kanunynyň giňden ulanylmagy onuň dünýäniň dürli kazyýet ulgamlary bilen sazlaşykly işleýändigini görkezýär. Mysal üçin, Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň köpüsi, şeýle

hem Aziýanyň birnäçe ykdysady taýdan ösen döwletleri bu model hukugy milli kanunçylyklaryna goşmak arkaly arbitraž işleriniň birmeňzeş çäreler esasynda geçirilmegini üpjün edýärler. Bu ýagdaý bolsa dürli hukuk ulgamyna degişli taraplaryň gatnaşýan jedellerinde düşünişmezlikleriň azalmagyna we çözgütleriň kabul edilmeginiň çaltlaşmagyna oňyn täsir edýär. Netijede, arbitraž ulgamynyň halkara derejesindäki abraýy we ynamlylygy has-da ýokarlanýar.

Şeýle hem halkara arbitraž tejribesinde möhüm özgertmeleriň biri – sanlylaşdyrma bolup, häzirki wagtda köp arbitraž merkezleri onlaýn gepleşik geçirmäge, resminamalary elektron görnüşde ibermäge we onuň kanuny güýjüni ykrar etmäge mümkinçilik berýän häzirki zaman maglumat tehnologiýalaryny giňden ulanýarlar. Bu täzelikler diňe bir wagty we serişdäni tygşytlamak bilen çäklenmän, daşary ýurtly taraplaryň gatnaşmagyny hem ýeňilleşdirýär. Elektron arbitraž ulgamlarynyň ösdürilmegi, halkara hyzmatdaşlygyň täze usullaryny döretmek bilen birlikde, jedelleriň çözülmeginiň umumy netijeliligini artdyrýar.

Arbitraž işlerinde mediasiýanyň we beýleki alternatiw jedel çözgütleriniň ulanylmagy hem soňky ýyllarda aýratyn ähmiýete eýe boldy. Käbir döwletlerde arbitraž prosesinde mediatoryň gatnaşmagy hökmany düzgüne öwrülip, jedelleriň has dostlukly we ýaraşykly ýol bilen çözülmegine mümkinçilik döredilýär. Bu ugur, taraplaryň arasyndaky gatnaşyklaryň dowam etmegi üçin möhüm bolan ynamy we hyzmatdaşlygy saklamaga gönükdirilen häzirki zaman hukuk syýasatynyň aýrylmaz bölegi hökmünde kabul edilýär. Singapur tejribesinde bolsa halkara arbitraž ulgamynyň kämilleşdirilen görnüşi hökmünde «Arb-Med-Arb» (arbitraž–mediasiýa–arbitraž) prosedurasy giňden ulanylýar. Singapur Halkara Arbitraž Merkezi (SIAC) bilen Singapur Halkara Mediasiýa Merkezi (SIMC) tarapyndan işläp düzülen bu ulgam, jedel ilkinji nobatda arbitražda seredilip, soňra taraplaryň islegi boýunça mediasiýa tapgyryna geçirilmegini üpjün edýär. Eger, mediasiýa esasynda ylalaşyk gazanylsa, ol arbitraž karary derejesinde resmileşdirilip, halkara derejesinde mejbury güýje eýe bolýar. Bu tejribe halkara jedelleri has çalt, tygşytly we bähbitleriň deňagramlylygy esasynda çözmekde täsirli mehanizm hasaplanýar.

Şeýlelikde, dünýäniň dürli döwletleriniň tejribesi halkara ölçeglerine laýyk derejede gurlan arbitraž ulgamy diňe bir jedel çözgütleri bermäge hyzmat etmän, eýsem, ykdysady ösüşiň, maýa goýumlaryň howpsuzlygynyň we daşary ýurt hyzmatdaşynyň ynamynyň ýokarlandyrylmagynyň möhüm guraly bolup hyzmat edýändigini subut edýär. Bu babatda Türkmenistanyň giň gerimli ykdysady taslamalary we halkara hyzmatdaşlyk mümkinçilikleri, ýurdumyzyň arbitraž ulgamynyň halkara talaplara laýyklykda ösdürilmeginiň aýratyn zerurdygyny görkezýär. Ýurdumyzyň hukuk ulgamynda amala aşyrylýan kämilleşdirme işleri bolsa diňe bir içerki däl, eýsem, halkara derejedäki ykdysady gatnaşyklaryň berkidilmegine gönükdirilendir.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Raýat Kodeksi.

2. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş Kodeksi.

3. United Nations, Convention on the Recognition and Enforcement of Foreign Arbitral Awards. 1958.

4. *Born G.* International Commercial Arbitration. 2009.

5. United Nations Commission on International Trade Law (UNCITRAL), Model Law on International Commercial Arbitration. 1985, amended 2006.

6. New York Convention. 1958.

## РОЛЬ АРБИТРАЖНЫХ СУДОВ В РАЗРЕШЕНИИ СПОРОВ, ВОЗНИКАЮЩИХ В СВЯЗИ С ДВУСТОРОННИМИ ДОГОВОРАМИ

В данной статье рассматривается роль арбитражных судов в разрешении споров, возникающих из двусторонних контрактов. Основное внимание уделяется правовой основе, причинам споров по контрактам, роли арбитражных судов, международным нормам и национальным правовым рамкам Туркменистана. Также анализируются международный опыт и юридические принципы, обеспечивающие эффективное разрешение споров.

## ROLE OF ARBITRATION COURTS IN RESOLVING DISPUTES ARISING FROM BILATERAL CONTRACTS

This article explores the role of arbitration courts in resolving disputes arising from bilateral contracts. The focus is on the legal framework, causes of contractual disputes, the role of arbitration courts, international legal norms, and Turkmenistan’s regulatory framework. The study also draws on international experience and legal principles to analyze effective dispute resolution mechanisms.

**Aýlar NURYÝEWA,**
*Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty.*

# HALKARA ARBITRAŽDA DÖWLET BÄHBITLERINIŇ GORALMAGYNYŇ MEHANIZMLERI

Halkara işewürliginiň ählumumylaşmagy, döwletleriň hususy hukuga degişli jedellere gatnaşmagy barha artýar. Bu ýagdaý olaryň arbitražda öz bähbitlerini goramagynyň mehanizmlerini seljermegi talap edýär. Döwletleriň we döwlet edaralarynyň gatnaşmagyndaky halkara täjirçilik arbitražy tarapyndan seredilýän jedelleriň sany geçen asyryň ortalaryndan bäri yzygiderli artýar. Tejribäniň görkezişi ýaly, bu kategoriýadaky jedellere seretmegiň birnäçe özboluşly aýratynlyklary bardyr. Olaryň arasynda aşakdakylary görkezmek bolar:

a) döwletiň ýurisdiksiýasy bilen bagly meseleler;

b) gizlinlik meseleleri;

c) ulanylýan hukugy kesgitlemegiň aýratynlyklary.

Halkara täjirçilik arbitražy halkara täjirçilik işleriniň dowamynda ýüze çykýan jedelleri çözmegiň giňden ykrar edilen usulydyr.

Halkara täjirçilik arbitražynyň meşhurlygy şu artykmaçlyklar bilen düşündirilýär: ýokary derejeli hünärmenleriň arbitr hökmünde gatnaşmagy; jedel çözmegiň döwlet kazyýet önümçiligi bilen deňelende has çalt we az resmileşdirilen tertibi; jedele seretmegiň tertibini taraplaryň kesgitlemäge bolan hukugy; jedele seredilende gizlinlik; ulanylmaly hukugy kesgitlemegiň aýratynlyklary: çözgüt çykarylanda arbitrler diňe bir milli hukugyň we halkara şertnamalarynyň esasy kadalaryny däl-de, eýsem, söwda adatlaryny hem göz öňünde tutýarlar.

XX asyryň ortalaryndan bäri birnäçe ýagdaýlar sebäpli, halkara täjirçilik arbitražlarynda döwletleriň gatnaşmagynda seredilýän jedelleriň sany yzygiderli artýar. Mysal üçin, ozalky sosialistik ýurtlaryň köpüsinde döwlet ähli daşary söwda we daşary ykdysady amallary amala aşyrmak üçin aýratyn monopoliýa eýe bolýanlygy sebäpli halkara täjirçilik jedeliniň tarapy döwlet bolýardy. SSSR-iň dargamagyndan we Gündogar Ýewropa hem-de Merkezi Aziýa ýurtlarynda sosialistik düzgüniň üýtgemeginden soňra döwletler öz ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça işjeň hereket etdiler. Netijede, bu halkara täjirçilik jedelleriniň aýratyn bir derejesiniň – döwletleriň gatnaşmagyndaky maýa goýum jedelleriniň ep-esli artmagyna getirdi.

Häzirki wagtda bu ýagdaýlar ösüp barýan ýurtlaryň köpüsi üçin hem häsiýetlidir.

Halkara täjirçilik arbitražlarynyň tejribesiniň görkezişi ýaly, döwletiň gatnaşmagyndaky jedellere seretmek birnäçe aýratynlyklara eýedir we köp sanly soraglary ýüze çykarýar. Olaryň arasynda aşakdakylary görkezmek bolar:

1. Döwletiň eldegrilmesizligi;

2. Halkara täjirçilik arbitražy tarapyndan jedellere seredilende gizlinlik meseleleri;

3. Döwletiň gatnaşmagyndaky jedellerde ulanylýan hukugy kesgitlemegiň aýratynlyklary.

Döwletiň eldegrilmesizlik meselesine degip geçmek bilen, umumy düzgün boýunça döwletiň beýleki subýektler bilen umumy esaslarda hususy hukuk gatnaşyklaryna girýändigini bellemek zerurdyr. Emma halkara hususy gatnaşyklarda döwletiň hukuk ýagdaýynyň aýratynlygy onuň eldegrilmesizlik hukugynyň barlygy bilen şertlendirilendir. Eldegrilmesizlik döwlete aýrylmaz häsiýetlidir we halkara hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri bolan döwletiň özygtyýarlyk ýörelgesine esaslanýar. Döwletleriň özygtyýarlygynyň deňligi ýörelgesi gadymy düzgüniň «par in parem imperium non habet» – deň-deňiň üstünde hökümdarlyk edip bilmez üsti bilen beýan edilýär.

Şeýle hem adata laýyklykda, doktrinada döwletiň eldegrilmesizliginiň iki sany konsepsiýasy tapawutlandyrylýar: absolýut we funksional eldegrilmesizlik. Häzirki wagtda funksional eldegrilmesizligiň konsepsiýasy agdyklyk edýär we ol döwletiň ähli hereketlerini özygtyýarlyk wezipelerini amala aşyrmak boýunça işlere hem-de täjirçilik işlerine bölmegi maslahat berýär. Döwletiň eldegrilmesizligine salgylanmaga hukugy diňe birinji ýagdaýda, ýagny diňe özygtyýarlyk wezipelerini amala aşyranda ýüze çykýar. Galan ähli ýagdaýlarda bolsa döwletiň eldegrilmesizligi ýokdur we ol söwda dolanyşygynyň beýleki gatnaşyjylary bilen deň esaslarda gatnaşyklara girýär.

Daşary ýurt edebiýatynda, döwlet tarapyndan eldegrilmesizligi ulanmak meselesiniň çözgüdini halkara täjirçilik arbitražynyň öz tebigatynda gözlemelidigi barada pikir öňe sürülýär. Jedelleri çözmegiň hususy hukuk usuly bolmak bilen, halkara täjirçilik arbitražy şertnama esasyndaky tebigata eýedir. Arbitrleriň özleriniň hiç hili häkimiýet ygtyýarlyklary ýokdur; olaryň jedele seretmek boýunça ýurisdiksiýasy diňe taraplaryň ylalaşygy, ýagny arbitraž ylalaşygy bilen kesgitlenýär. Halkara täjirçilik arbitražy ulgamyndaky iň abraýly awtorlaryň biri bolan A.Redfern şeýle belleýär: «Arbitraž ylalaşygy – arbitraž üçin häkimiýet ygtyýarlyklarynyň ýeke-täk çeşmesidir. Şeýlelikde, taraplaryň özleri arbitražyň näçe arbitrden ybarat bolmalydygyny, arbitrleri bellemegiň tertibiniň nähili bolmalydygyny, olaryň nähili ygtyýarlyklara eýe bolmalydygyny we jedele seretmegiň tertibiniň nähili bolmalydygyny çözüp bilerler. Arbitražyň ýurisdiksiýasy diňe taraplaryň arbitraž ylalaşygyna esaslanýar we ondan gelip çykýar» [1; sah.5]. Şeýlelikde, arbitraž ylalaşygyna gol çekmek bilen, döwlet bu jedele seretmek boýunça halkara täjirçilik arbitražynyň ýurisdiksiýasyny ykrar edýär we soňraky kazyýet eldegrilmesizligi hem-de arbitraž çözgüdini mejbury ýerine ýetirmekden eldegrilmesizlige salgylanmalar esassyzdyr.

Bu çözgüt umumy ykrar edilen «pacta sunt servanda – şertnamalar ýerine ýetirilmelidir» ýörelgesi bilen hem baglanyşyklydyr. Arbitraž ylalaşygyna gol çekmek bilen, taraplar diňe bir arbitražyň ýurisdiksiýasyny ykrar etmän, eýsem, çykarylan çözgüdi ýerine ýetirmek borjuny hem öz üstüne alýarlar.

Özygtyýarlygyň eldegrilmesizligi – bu halkara hukugynyň mukaddes ýörelgesidir, oňa laýyklykda döwlet daşary ýurt döwletleriniň kazyýetleriniň ýurisdiksiýasyndan boşadylýar. Ilkibaşda ulanylyşynda bu taglymat özygtyýarly döwletiň ýurisdiksiýasyna razyçylygy bolmazdan, başga bir döwletiň milli kazyýetlerinde jedeliň tarapy bolup bilmejekdigi baradaky hukuk ýagdaýyna deňdi. Umumy hukugyň adatynda bu doktrina halkara sypaýylygynyň zerurlygyny ykrar etmekden we milli suwerenitet konsepsiýasynyň ösmeginden gözbaş alýar. Şunuň bilen baglylykda, «özygtyýarly döwletiň razyçylygy bolmazdan oňa garşy ýurisdiksiýany kabul etmek, milletleriň özygtyýarlygynyň deňligi ýörelgesini gowşatmak we döwletiň mertebesine degmek hasaplanýardy». Şunuň bilen baglylykda, «özygtyýarly döwletiň razyçylygy bolmazdan oňa garşy ýurisdiksiýany kabul etmek, milletleriň özygtyýarlygynyň deňligi ýörelgesini gowşatmak we onuň mertebesine degmek hasaplandy». Özygtyýarlygyň eldegrilmesizligi doktrinasyny ilkinji bolup ulanmak hormaty Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna (ABŞ) degişlidir, yzýany bolsa Birleşen Patyşalyga (Beýik Britaniýa) degişlidir [3; 166 sah.].

Özygtyýarlygyň eldegrilmesizlik taglymaty, Ikinji jahan urşy gutarandan soň ösüp barýan ýurtlar kazyýet tankydynyň esasy meselesi boldy, sebäbi şol döwürde döwletleriň täjirçilik işine gatnaşmagy ýokarlandy [4].

Arbitirler bu taglymatyň diňe täjirçilik işine hiç hili dahyly bolmadyk ýagdaýlarda ulanmaga barha köp gyzyklanma bildirip başladylar. Bu bolsa taglymatyň absolýut formulasynda pese gaçmagyna we özygtyýarlygyň eldegrilmesizliginiň «çäklendiriji taglymatynyň» döremegine getirdi. Asyl manysynda, soňky doktrina aşakdakylary öňe sürýär: eger esasy kazyýet ýa-da arbitraž işi döwletiň ýa-da onuň edaralarynyň biriniň tarap bolan täjirçilik geleşiginden gelip çykýan bolsa, onda döwlet talap edilmegine garşy öz eldegrilmesizligini ýitirýär. Çäklendiriji taglymat eger esasy kazyýet ýa-da arbitraž işi döwletiň ýa-da onuň edaralarynyň biriniň tarap bolan täjirçilik geleşiginden gelip çykýan bolsa, onda döwletiň talap arzasyna garşy öz eldegrilmesizligini ýitirýändigini öňe sürýär.

Halkara täjirçilik arbitražynyň çäginde seredenimizde, häzirki wagtda abraýly garaýyşlaryň aglaba bölegi şeýle pikiri goldaýar: arbitraž ylalaşygynyň tarapy bolan döwletiň, ylalaşygyň maksadyny amala aşyrmaga päsgel bermek üçin öz eldegrilmesizligine salgylanmaga hukugy ýokdur. Degişli ygtyýarlyklara arbitraž tribunallarynyň çözgütlerini, Eldegrilmesizlik boýunça Ýewropa Konwensiýasynyň düzgünlerini, Birleşen Patyşalygyň 1978-nji ýyldaky Döwletleriň eldegrilmesizligi hakyndaky kanunynyň ýagdaýlaryny, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Federal döwletleriň eldegrilmesizligi hakyndaky kanunyny, şeýle hem käbir iňlis we

amerikan kazyýetleriň kararlaryny öz içine alýar. Hakykatdan hem, ýokarda görkezilen kadalaşdyryjy düzgünleriň hereketi şundan ybaratdyr: döwlet jedeli arbitraža bermäge ýazmaça razylyk berenden soň, ol arbitražyň geçirilýän ýerine garamazdan, şol arbitraža degişli islendik mesele Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň ýa-da Birleşen Patyşalygyň milli kazyýetleri tarapyndan seredilende, eldegrilmesizlige bolan hukugyny ýitirýär.

Bu üýtgeşmeleriň awtorlygy esasy kapitaly eksport ediji döwletleriň hökümetlerine degişli bolup, olaryň hyzmat etmeli bähbitleri nazara alnyp bahalandyrylmalydyr. Elbetde, olar arbitraž şertnamasyny döwletiň ony ýatyrmaga gönükdirilen birtaraplaýyn hereketlerinden gorap saklamak arkaly, daşary ýurt maýadarlaryna elýeterli goragy güýçlendirmäge gönükdirilipdir. Bu üýtgeşmeler halkara täjirçilik arbitražy nukdaýnazaryndan aşakda görkezilenleri aradan aýyrmaga gönükdirilendir: talap arzasy boýunça özygtyýarly eldegrilmesizlik ýörelgesi. Bu ýörelge, eger bu üýtgeşmeler bolmadyk bolsa, arbitraž boýunça öňki borçlaryndan gaçmaga synanyşýan gatnaşyjy döwletleri gorardy.

Emma ösüp barýan ýurtlary özygtyýarly eldegrilmesizlik çäklendiriji taglymatynyň umumy ulanylyşyndan boşatmagyň peýdasyna güýçli delil getirip bolar. Bu taglymatyň döremeginiň, döwletiň transmilli söwda gatnaşygynyň artmagy we ösen ýurtlaryň kanun çykaryjylarynyň döwletiň täjirçilik meýdança-syna çykanda, ol «hususy hereketi» amala aşyrýan hasaplanmalydygy baradaky ynamy bilen şertlendirilendigi giňden ykrar edilýär we netijede, oňa köplenç, jemgyýetçilik häsiýetli hereketleri amala aşyranda berilýän goralga hukugy ýok edilýär [3]. Jemgyýetleriniň ykdysady taryhyny we gurluşyny göz öňünde tutanymyzda, köp ösen ýurtlar üçin jemagat we hususy hereketleriň arasyndaky tapawut dogry bolsa-da, bu tapawuta esaslanyp döredilen taglymaty ösüp barýan ýurtlara ulanmak birnäçe sebäplere görä esaslandyrylan däldir.

Birinjiden, ösüp barýan ýurtlar halkara meýdançasyna çykan pursatlaryndan başlap, ösen ýurtlaryň ilatynyň özlerini seýrek baglaşdyryp biljek ykdysady we ýaşaýyş şertleri bilen ýüzbe-ýüz boldular. Ikinjiden, XVI asyrda başlanan Ýewropa bilen mejbury gatnaşyklar we soňky kolonial tejribe sebäpli, ösüp barýan ýurtlarda harytlary we hyzmatlary üpjün etmegi hem-de tebigy baýlyklary ulanmagy ynam bildirmäge mynasyp bolmadyk telekeçileriň ösmedik topary bardyr. Şoňa laýyk-lykda, Günbatar jemgyýetinde adatça «hususy» hasaplanýan täjirçilik häsiýetli hereketlere gatnaşmak–üçünji dünýä ýurtlarynyň hökümetleriniň saýlap bilmejek zadydyr. Başga sözler bilen aýdylanda, ösüp barýan ýurtlaryň köpüsinde hökümetiň diňe bir düzgünleşdiriji hökmünde däl, eýsem, «söwdagär» hökmünde hem ykdysadyýete gatnaşmagy hökmany zerurlykdyr. Şonuň üçin şeýle hökümetleriň milli maksatlara we isleglere ýetmek üçin täjirçilik mazmuny bolan geleşiklere girenlerinde hususy amallar bilen meşgullanýandyklaryny aýdyp bolmaz.

Özygtyýarly eldegrilmesizligiň çäklendiriji taglymatynyň umumy ulanylmagynyň şübheli bolmagynyň ýene bir sebäbi bardyr. Özygtyýarly eldegrilmesizlik baradaky absolýut taglymatyň esaslandyrylmagyny ählumumy hasaplamak mümkin bolsa-da, döredilen wagty ähli döwlet guramalary üçin umumydyr, bu taglymatyň çäklendiriji görnüşiniň esaslary hemmeler tarapyndan kabul edilip bilinmez. Konsensusyň ýoklugynyň iň gowy mysaly, öňki we häzirki sosialistik döwletleriň garaýşy bolup durýar, oňa görä, döwlet diňe bir sosialistik däl hukuk ulgamlarynda adatça hususy şahslara berlen wezipeleri ýerine ýetirendigi üçin özygtyýarly bolmagyny bes etmeýär. Şeýle hem Üçünji Dünýä ýurtlarynyň çäklendiriji doktrinany häzirki zaman halkara hukugyny şöhlelendirýän ýagdaý hökmünde kabul edendigi barada hiç hili subutnama ýokdur [2; 37 sah.].

Şeýlelikde, eldegrilmesizligiň çäklendiriji taglymatynyň ösüşi täjirçilik gatnaşyklarynda döwletleri we hususy subýektleri deňlemäge bolan meýli şöhlelendirýär, emma onuň ählumumy ulanylyşy ösüp barýan ýurtlaryň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmagy talap edýär.

## EDEBIÝATLAR


1. Law and Practice of International Commercial Arbitration /Alan Redfern, Martin Hunter, Nigel Blackaby, Constantine Partasides // Kluwer Law International, KluwerArbitration. 2004.

2. P.C. Osode State Contracts, State Interests and International Commercial Arbitration: a Third World Perspective. – Comparative and International Law Journal of Southern Africa // 1997.

3. *Chukwumerije O.* «ICSID Arbitration and Sovereign Immunity». – (1990), Anglo-American L. R. Volume 19.

4. Foreign Sovereign Immunities Act (FSIA), USA, 1976.


# МЕХАНИЗМЫ ЗАЩИТЫ ГОСУДАРСТВЕННЫХ ИНТЕРЕСОВ В МЕЖДУНАРОДНОМ КОММЕРЧЕСКОМ АРБИТРАЖЕ


В статье подробно анализируются правовые механизмы и инструменты, используемые государствами для защиты своих национальных интересов в международных арбитражных судах. В рамках инвестиционного и межгосударственного арбитража исследуется, каким образом государства заявляют свои суверенные права, принципы публичного порядка и обязательные нормы права. Цель статьи – показать, как государства обеспечивают баланс между своими международно-правовыми обязательствами и требованиями внутреннего законодательства, а также эффективно отстаивают национальные интересы, минимизируя потенциальные риски.

## MECHANISMS OF PROTECTION OF STATES INTERESTS IN INTERNATIONAL ARBITRATION

The article extensively analyzes the legal mechanisms and tools used by states to protect their national interests in international arbitration courts. Within the framework of investment arbitration and inter-state arbitration, it is explored how states assert their sovereign rights, principles of public order (public policy), and mandatory rules of law. The purpose of the article is to reveal how states maintain a balance between their international legal obligations and domestic legal requirements, and effectively defend national interests while minimizing potential risks.

**Aýsoltan ORAZGULYÝEWA,**
*Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty.*

## ENERGETIKA MESELELERI BOÝUNÇA ÝÜZE ÇYKÝAN MESELELERIŇ ÇÖZÜLMEGINDE ARBITRAŽ TEJRIBESI

Energetika pudagynyň giňelmegi we halkara derejede ösdürilmegi döwletleriň, maýadarlaryň hem-de hususy kärhanalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň has-da çylşyrymly bolmagyna getirdi. Energetika ulgamynda ýüze çykýan jedeller, adatça, bahalaryň üýtgemegi, syýasy töwekgelçilikler, kanunçylykdaky üýtgeşmeler hem-de uzakmöhletleýin şertnamalaryň ýerine ýetirilişi bilen bagly bolýar. Şeýle ýagdaýlarda halkara arbitraž pudagy, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň Halkara Söwda Hukugy boýunça Komissiýasy – UNCITRAL tarapyndan döredilen düzgünler arkaly, jedelleri çözmegiň iň ygtybarly usuly hökmünde tanalýar.

Energetika pudagy dünýä ykdysadyýetiniň iň möhüm we iň köp maýa goýum talap edýän ugurlarynyň biridir. Halkara energetika jedellerini çözmekde arbitraž ulgamynyň ähmiýeti diňe bir hukuk taýdan däl, eýsem, ykdysady taýdan hem giňden duýulýar. Häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetiniň ösmegi, halkara energetika hyzmatdaşlygynyň giňelmegi bilen birlikde, ykdysady gatnaşyklarda dörän jedelleriň netijeli çözülmegi döwletleriň durnukly ösüşi üçin möhüm ähmiýete eýe bolýar. Nebit-gaz, elektrik energiýasy hem-de gaýtadan dikeldilýän çeşmeler ýaly pudaklarda döwletleriň we halkara korporasiýalarynyň gatnaşmagynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň çylşyrymlylygy, jedelleriň hem köpelmegine sebäp bolýar. Şeýle jedelleriň köpüsi şertnamalaryň bozulmagy, döwlet tarapyndan konfiskasiýa ýa-da milli kanunçylygyň üýtgedilmegi bilen bagly bolýar [1].

Arbitraž ulgamynyň üstünlikli işini üpjün edýän esasy halkara guramalardan biri – UNCITRAL bolup, ol 1966-njy ýylda döredildi. Komissiýanyň baş maksady

halkara söwda hukuklaryny sazlaşdyrmak we döwrebaplaşdyrmak bolup durýar. UNCITRAL-yň 1976-njy ýylda kabul eden «Arbitraž Düzgünleri» hem-de 1985-nji ýyldaky «Halkara Täjirçilik Arbitražy» baradaky Model Kanuny häzirki wagtda 80-den gowrak döwlet tarapyndan ulanylýar we energetika jedellerini çözmekde esasy hukuk binýady bolup hyzmat edýär [2].

Energetika ulgamyndaky jedeller, köplenç, döwletleriň, milli kompaniýalaryň, hususy maýadarlaryň we daşary ýurt hyzmatdaşlarynyň gatnaşmagynda ýüze çykýar. Bu jedelleriň käbiri halkara şertnamalaryň, beýleki bir bölegi bolsa energiýa serişdeleriniň milli kadalaşdyrylyşynyň bozulmagy bilen baglanyşykly bolýar. Şeýle ýagdaýlarda arbitraž ulgamy döwletleriň syýasy täsirinden azat bolup, bitarap görnüşde çözgüt tapmaga mümkinçilik berýär [3].

UNCITRAL-nyň Arbitraž Düzgünleri halkara arbitraž tejribesiniň möhüm bölegine öwrülip, dürli döwletleriň milli kazyýet ulgamyndan garaşsyz, bitarap çözgüt tapmak mümkinçiliklerini döredýär. Energetika ugurlaryndaky jedelleriň köpüsi köpýyllyk maýa goýum şertnamalaryna, önümçilik üpjünçiligine we döwlet hyzmatdaşlygyna daýanýandygy üçin bu ulgamda garaşsyz hem-de tejribeli araçylaryň gatnaşmagy örän möhüm hasaplanýar. Şol nukdaýnazardan, UNCITRAL-nyň Düzgünleri jedelleriň çözgüdinde bitaraplygy, aç-açanlygy we adalatlylygy üpjün edýär. Bu düzgünler arkaly taraplar jedel çözgüdiniň ýerine ýetirilmeli ýeri, dili we degişli kanuny özara saýlap bilerler. Şeýlelikde, dürli hukuk ulgamlaryndan gelen taraplar özlerine amatly şertlerde iş alyp barýarlar. Şeýle hem UNCITRAL ulgamynyň möhüm aýratynlygy – çözgütleriň ýerine ýetirilmeginiň halkara derejesinde ykrar edilmegi bolup, bu ýagdaý 1958-nji ýylyň Nýu-Ýork konwensiýasy bilen üpjün edilýär. Bu konwensiýa daşary ýurt arbitraž çözgütleriniň ykrar edilmegi we ýerine ýetirilmegi babatda halkara derejesinde berk kepillikleri döredýär. Şol sebäpli, UNCITRAL düzgünleriniň esasynda çykarylan çözgütleriň dünýäniň köp ýurtlarynda güýje girmegi mümkin bolýar. Bu bolsa energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygyň durnuklylygyny we maýa goýumlarynyň goraglylygyny üpjün edýär [4].

Şeýle-de energetika jedelleriniň çözülmeginde halkara arbitražynyň mümkinçilikleriniň giňelmegi onuň ylmy we amaly taýdan ösdürilmegini talap edýär. Energetika gatnaşyklarynyň hukuk taýdan häsiýeti, köplenç, döwletleriň strategik bähbitleri bilen baglanyşykly bolansoň, arbitraž kazyýetleriniň öňünde milli hukuk bilen halkara hukugyň arasynda deňagramlylygy saklamak we ýagdaýy adalatly bahalandyrmak wezipeleri durýar. Şeýle ýagdaýlarda UNCITRAL-yň kadalarynyň ulanylmagy, şeýle hem onuň model kanunlarynyň milli hukuk ulgamyna ornaşdyrylmagy möhüm ähmiýete eýe bolýar. Sebäbi bu kadalar halkara derejesinde ykrar edilen ýörelgeleriň, ýagny «taraplaryň deňhukuklylygy», «raýatlaryň kanuny bähbitleriniň goragy» we «adalatly kazyýet diňlenişigi» ýörelgelerine esaslanýar.

Energetika ulgamyndaky arbitraž jedellerinde gatnaşyjylaryň arasynda deňagramly gatnaşyklary saklamak üçin araçylaryň ýokary hünär derejesine we tehniki tejribesine aýratyn üns berilýär. Bu ýagdaý energetika şertnamalarynyň köpüsiniň çylşyrymly, köpugurly hem-de tehnologik taýdan aýratynlyklarynyň bardygy bilen düşündirilýär. Şonuň üçin hem halkara derejede kabul edilen arbitraž kadalary işiň ýagdaýyna laýyklykda ýörite hünärmenleriň gatnaşmagyny göz öňünde tutýar. Şeýle çemeleşme jedelleriň diňe hukuk taýdan däl, eýsem ykdysady taýdan hem deňagramly çözülmegine mümkinçilik berýär.

Netijede, UNCITRAL tarapyndan döredilen hukuk binýady energetika pudagyndaky halkara jedelleriň çözülmeginde uly orny eýeleýär. Onuň döredýän mümkinçilikleri diňe bir döwletleriň däl, eýsem hususy maýadarlaryň hem bähbitleriniň goraglylygyny üpjün edýär. Arbitraž ulgamynyň bu ugurda ornaşdyrylmagy dünýäniň energetika bazarlarynda ynamyň we durnuklylygyň artmagyna getirýär. Bu ugurda alnyp barylýan halkara tejribeleriň üsti bilen milli kanunçylyk ulgamlarynyň hem kämilleşdirilmegine itergi berilýär.

Soňky ýyllarda dünýä energetika bazarynda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri – Gün we ýel energiýasy ýaly taslamalar has giň gerim alýar. Şeýle taslamalarda ýüze çykýan jedeller, adatça, şertnamalaryň ýerine ýetirilişi, töwekgelçilikleriň paýlanyşy ýa-da ekologiýa bilen bagly düzgünleriň üýtgemegi bilen baglanyşykly bolýar.

Şeýle hem arbitraž energiýa pudagynda iň köp ýüze çykýan «force majeure» ýagdaýa degişli jedellerde möhüm orny eýeleýär. Mysal üçin, Moulin v. Russia (2012) işinde Russiýanyň gaz üpjünçiligi boýunça şertnamany ýerine ýetirmänligi sebäpli, tribunal «force majeure» ýagdaýynyň kanun boýunça subut edilmedigini yglan etdi. Şeýle tejribeler şertnamalaryň takyk we açyk ýazylmagynyň möhümdigini görkezýär.

Energetika jedellerinde möhüm meseleleriň biri – açyklyk we adalatlylyk ýörelgeleriniň berjaý edilmegidir. Mysal üçin, Aguas del Tunari v. Bolivia (2005) işinde tribunal maglumatlaryň açyklygyny we taraplaryň deňhukuklylygyny üpjün etmegiň wajypdygyny belläp geçýär. Şeýle ýagdaýlar energiýa jedellerinde hem örän möhüm bolup, döwletleriň jemgyýetçilik bähbitleri bilen hususy maýadarlaryň hukuklarynyň deň derejede goralmagyny üpjün edýär.

Şeýle hem UNCITRAL arbitraž tejribesi döwletleriň tebigy serişdeleri dolandyrmakdaky özygtyýarlyk hukuklaryny ykrar edip, şol bir wagtda halkara şertnamalaryň berjaý edilmegini talap edýär. Bu ýagdaý döwletleriň öz milli bähbitlerini gorap bilmegi bilen birlikde, daşary ýurt maýadarlar üçin hukuk kepilligini hem üpjün edýär.

Türkmenistan energetika ulgamynda möhüm halkara hyzmatdaşlyklary alyp barýan döwletleriň biridir. Nebit-gaz serişdeleri boýunça halkara şertnamalaryň ýerine ýetirilişinde döwletimiziň halkara hukugynyň ýörelgelerine, şol sanda

arbitraž tejribesine aýratyn ähmiýet berýändigi bellidir. Türkmenistan 1992-nji ýylda Halkara Söwda Hukugy boýunça BMG-niň Komissiýasynyň (UNCITRAL) işine gatnaşyp başlady we milli hukuk ulgamynda hem onuň käbir ýörelgeleri ulanylýar. Şeýle hem ýurdumyz daşary ýurt maýa goýumlarynyň goralmagy, energetika hyzmatdaşlygy we halkara şertnamalaryň ýerine ýetirilmegi ýaly ugurlarda halkara kadalaryna laýyk hereket edýär. Bu bolsa Türkmenistanyň energetika gatnaşyklarynda jedelleriň çözülmeginde bitaraplyk, açyklyk we adalatlylyk ýörelgelerini berjaý edýändigini görkezýär.

Energetika jedellerini çözmekde halkara arbitraž tejribesi häzirki zaman halkara hukugynyň möhüm bölegine öwrüldi. UNCITRAL tarapyndan döredilen düzgünler we model kanunlar arkaly halkara derejede energiýa bilen bagly jedelleriň çözgüdi adalatly, çeýe hem-de bitarap görnüşde amala aşyrylýar. Arbitraž ulgamynyň artykmaçlygy – onuň halkara derejede tanalýandygy we çözgütleriň ýerine ýetirilmeginiň kepillendirilmegidir.

Energetika pudagynyň durnukly ösmeginde halkara arbitraž tejribesiniň orny has-da artýar. Bu ulgam diňe döwletleriň däl, eýsem, hususy maýadarlaryň hem hukuklaryny gorap, dünýä ykdysadyýeti üçin durnukly hyzmatdaşlyk gurşawyny döredýär. Türkmenistanyň hem şeýle ýörelgeleri goldamagy we halkara tejribäni milli hukuk ulgamyna ornaşdyrmagy energiýa hyzmatdaşlygynyň netijeliligini üpjün edýär.

## EDEBIÝATLAR


1. *Omoaka C.* (2024). International Arbitration and Energy Sector Disputes: The Role of UNCITRAL Framework. Academic International Journal of Social Sciences, 4 (1), 175—184.]

2. *Ingle R. & KC, D.* (2024). The UNCITRAL Model Law and Its Application in Energy Arbitration. Academic International Journal of Social Sciences, 4 (1), 160–162.

3. *Koumpli E.* (2024). Energy Disputes and the Importance of Neutral Forums in International Arbitration. Academic International Journal of Social Sciences, 4 (1), 45–50.

4. UNCITRAL Arbitration Rules. 1976.


# АРБИТРАЖНАЯ ПРАКТИКА В РАЗРЕШЕНИИ СПОРОВ, ВОЗНИКАЮЩИХ В СФЕРЕ ЭНЕРГЕТИКИ

Расширение и глобализация энергетического сектора привели к усложнению трансграничных отношений между корпорациями, инвесторами и государствами. Энергетические споры возникают из-за политических рисков, колебаний цен, изменений законодательства и долгосрочных обязательств. Международный арбитраж, основанный на нормах ЮНСИТРАЛ, стал основным механизмом разрешения таких споров благодаря своей

нейтральности, гибкости и возможности исполнения решений в разных странах. Модельный закон ЮНСИТРАЛ о международном коммерческом арбитраже (1985 г.) и Арбитражные правила (1976 г.) обеспечивают единый правовой подход, применяемый в спорах, связанных с нефтью, газом и возобновляемыми источниками энергии. Арбитражная практика показывает, что этот механизм остается наиболее эффективным средством разрешения энергетических споров.

## THE PRACTICE OF ARBITRATION IN RESOLVING ENERGY-RELATED DISPUTES

The expansion and globalization of the energy industry have led to increasingly complex cross-border relations between corporations, investors, and states. Energy disputes arise frequently due to political risks, fluctuating prices, regulatory changes, and long-term contractual obligations. International arbitration, supported by the United Nations Commission on International Trade Law (UNCITRAL), has become the main mechanism for resolving these disputes because of its neutrality, flexibility, and global enforceability. UNCITRAL's Model Law on International Commercial Arbitration (1985) and Arbitration Rules (1976) provide a unified framework widely applied in oil, gas, and renewable energy cases. Case law such as Occidental Petroleum v. Ecuador and Liu v. Kazakhstan shows how UNCITRAL ensures fairness between state sovereignty and investor protection. The practice demonstrates that arbitration remains the most reliable and impartial method for settling complex energy disputes in the modern world.

**Babajan ROZYBAÝEW,**
*Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty.*

## TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINE HALKARA MALIÝE INSTITUTLARY ARKALY MAÝA GOÝUMLARYNY ÇEKMEGIŇ HUKUK ESASLARY

Ýurdumyzyň abadançylygyny, halkymyzyň eşretli we döwrebap durmuşyny üpjün etmek boýunça amala aşyrylýan işleriň netijesinde eziz Diýarymyzda bu gün uly üstünlikler gazanylýar [1]. Biziň ýurdumyz baý serişde üpjünçiligine eýe bolup, maýa goýum üçin oňaýly şertleri döretmäge çalyşýar. Berkarar döwletimiz diňe daşary ýurt maýa goýumlary bilen çäklenmän, eýsem, döwlet serişdeleriniň hasabyna ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna, şol sanda elektrik energetikasy,

daşary ýurtlardan ýokary öndürijilikli oba hojalyk tehnikalaryny we enjamlaryny satyn almak üçin maýa goýumlaryny gönükdirmek boýunça yzygiderli işler amala aşyrylýar [2].

Halkara ykdysady gatnaşyklarynyň özara utgaşmagy, olarda integrasiýa prosesleriniň güýçlenmegi şertlerinde döwletleriň ykdysadyýetiniň ösüşi olaryň çäginde maýa goýumlaryň möçberi we gurluşy, olaryň hil derejesi hem-de ýerine ýetiriliş tizligi bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin häzirki wagtda dünýäniň ähli ýurtlary diňe milli derejede däl, eýsem, halkara derejesinde hem maýa goýum işjeňligini güýçlendirmegiň obýektiw zerurlygy bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar [3; 5 sah.]. Daşary ýurt maýa goýumlary çekmek Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň strategik ugurlarynyň biri bolup durýar. Häzirki zaman globalizasiýa şertlerinde daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek babatynda halkara maliýe institutlary (HMI) aýratyn ähmiýete eýedirler. Sebäbi olar maýa goýum serişdelerine, döwrebap tehnologiýalaryna we dolandyryş tejribesine elýeterliligi üpjün edýärler. HMI bilen hyzmatdaşlygyň alnyp barylmagy bolsa ykdysadyýetiň, infrastrukturanyň ösmegine we maliýe ulgamynyň berkidilmegine ýardam edýär.

Bu makalanyň maksady Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlarynyň kadalaşdyrylmagynyň hukuk esaslaryny seljermek, HMI bilen hyzmatdaşlygy alyp barmagyň tejribesini öwrenmek bolup durýar. Türkmenistanda maýa goýum amallary kadalaşdyrýan esasy hukuk çeşmesi «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny [4] (mundan beýläk – Kanun) bolup durýar. Bu Kanunda maýa goýum işini üstünlikli amala aşyrmak üçin wajyp bolan gatnaşyklary düzgünleşdirilýär, şol sanda maýa goýumlaryň görnüşleri kesgitlenýär (pul serişdeleri, emläk, gymmatly kagyzlar, eýeçilik hukuklary, intellektual eýeçilik, tebigy serişdelere bolan hukuk), maýa goýujylaryň hukuklarynyň goraglylygy berkidilýär, gazanjyň we beýleki girdejileriň ýurduň daşyna erkin çykarmagyň şertleri kesgitlenýär, daşary ýurt we ýerli maýa goýujylar üçin deň derejedäki hukuk şertleri bellenilýär, daşary ýurt maýa goýumlaryny Türkmenistana çekmek üçin hukuk binýady döwlet bilen daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň arasyndaky ynamyň esasyny düzýär.

Milli kanunçylykdan başga-da, Türkmenistan maýa goýumlaryny düzgünleşdirmek üçin halkara hukuk binýadyny işjeň ösdürýär. Girdejiler we maýa üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gruziýanyň Hökümetiniň arasynda Konwensiýa (1997 ý.) ýa-da Türkmenistanyň Hökümeti bilen Ýaponiýanyň Hökümetiniň arasynda girdeji boýunça salgytlara degişli ikili salgyt salynmagynyň aradan aýrylmagy we salgytdan gaçmagyň hem-de salgytdan gaça durmagyň öňüni almak hakynda Konwensiýa (2024 ý.) ýaly, şeýle hem bu häsiýetli halkara resminamalar konwensiýa ýa-da ylalaşyk görnüşinde bolup, häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 39 döwleti bilen şeýle häsiýetli resminamalaryny baglaşdy.

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gazagystan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Maýa goýumlaryň özara höweslendirilmegi we goralmagy baradaky Ylalaşygy (2024 ý.) ýaly maýa goýumlarynyň özara goralmagy hakynda halkara resminamalary Türkmenistan döwletimiz dürli döwürlerde jemi 30 sanysyny baglaşdy. Bu halkara namalar daşary ýurt maýa goýumlaryň goraglylygynyň kepilligini görkezýär.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň kanunçylyk binýady milli kepillikleri we halkara borçnamalaryny özünde jemleýär we utgaşdyrýar. Ol maýa goýujylaryň ynamyny üpjün edýär, ýurduň global integrasiýa üçin açyklygyny görkezýär we halkara derejesinde ygtybarly hyzmatdaş hökmündäki ornuny pugtalandyrýar.

Türkmenistanyň HMI bilen hyzmatdaşlygy döwletiň maýa goýum syýasatynyň möhüm bölegi bolup durýar. Bu guramalar maliýe serişdelerini üpjün edýärler, döwrebap dolandyryş standartlarynyň ornaşdyrylmagyna we hususy pudagyň ösüşine ýardam edýärler.

Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky umumy bahasy 333 million ýewro barabar bolan 87 sany taslamalar toplumyny Türkmenistanda durmuşa geçirdi [5]. Olaryň esasy ugry – öndürilen önüminiň esasy bölegi eksport üçin niýetlenen telekeçileri goldamak, halkara hil standartlary girizmek, gaýtadan dikelýän energiýa çeşmelerini ösdürmek we suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak bolup durýar.

Bütindünýä banky makroykdysady ulgamynda tehniki goldawy üpjün edýär, infrastrukturanyň kämilleşmegi we hususy sektoryň ösmegi boýunça taslamalara goldaw berýär [6].

Halkara pul gaznasy maliýe durnuklylygy we maýa goýumlary çekmek boýunça maslahatlary berýär [7].

Bu mysallar Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine durnukly ornaşýandygynyň we kämilleşmek, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin Halkara maliýe institutlarynyň mümkinçiliklerini peýdalanýandygynyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Şonuň bilen birlikde, häzirki zaman ykdysady ösüşiniň esasy şertleriniň biri maýa goýumlaryň möçberi we gurluşy, olaryň hil derejesi hem-de ýerine ýetiriliş tizligidir. Türkmenistanyň ykdysady syýasaty diňe milli serişdeler bilen çäklenmän, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly hem ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda ösüşi üpjün etmäge gönükdirilendir.

Makalada görkezilen mysallar, hususan-da, Halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygyň netijeleri ýurdumyzyň dünýä ykdysadyýetine durnukly ornaşýandygyny we global integrasiýa proseslerine işjeň gatnaşýandygyny subut edýär. Şeýle hyzmatdaşlyk diňe maliýe serişdelerini üpjün etmek bilen çäklenmän, döwrebap dolandyryş tejribesini ornaşdyrmaga, hususy pudagyň ösüşini goldamaga we halkara hil standartlaryny girizmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň hukuk binýadynyň halkara kadalaryna laýyklykda kämilleşdirilmegi maýa goýujylaryň ynamyny berkitmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Milli kanunçylyk bilen halkara borçnamalaryň utgaşdyrylmagy ýurdumyzyň açyklygyny görkezýär we Türkmenistany ygtybarly hyzmatdaş hökmünde halkara derejesinde pugtalandyrýar.

Geljekki ösüşleriň maýa goýujylaryň hukuklarynyň goraglylygynyň kepilligini berkitmek, maýa goýum jedelleriniň çözülmegi boýunça mehanizmleriň kämilleşdirilmegi, maýa goýum amallarynyň açyklygynyň ýokarlandyrylmagy ýaly wajyp ugurlary hökmünde belläp geçmeklik ýerlikli bolsa gerek. Bu çäreler çözülmeli mesele hökmünde däl-de, kanunçylygyň kämilleşdirilmegi we halkara hyzmatdaşlaryň ynamynyň mundan beýläk hem berkidilmegi üçin mümkinçilik hökmünde görülmelidir. Netijede, Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty diňe ykdysady ösüşi üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek arkaly ýurdumyzyň global ykdysady giňişlikdäki ornuny hem berkidýär.

Şu makalada ilkinji gezek Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde halkara maliýe institutlarynyň (HMI) ornuny hukuk esaslary bilen utgaşdyryp seljerildi. Bu ugurda milli kanunçylyk binýadynyň halkara kadalara laýyklykda kämilleşdirilmegi we ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn ylalaşyklaryň giňeldilmegi ýurdumyzyň maýa goýum syýasatynyň täze tapgyryny görkezýär.

Makalanyň ylmy täzeligi şunda jemlenýär: Türkmenistanyň maýa goýum hukuk binýadynyň halkara borçnamalar bilen utgaşdyrylmagy ilkinji gezek HMI bilen hyzmatdaşlygyň tejribesi arkaly seljerildi. Şeýlelikde, döwletimiziň global ykdysady giňişlikdäki ornuny berkitmekde halkara maliýe institutlarynyň mümkinçilikleriniň nähili peýdalanylýandygy açyk görkezildi.

Makalanyň amaly ähmiýeti bolsa şunda jemlenýär: getirilen netijeler döwlet edaralaryna, hususy pudaga we daşary ýurtly hyzmatdaşlara Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň açyklygyny, hukuk kepillikleriniň ygtybarlylygyny, halkara hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini görkezýär. Bu bolsa täze maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine, ykdysadyýetiň pudaklaýyn ösüşine we halkara ynamyň berkemegine ýardam edýär.

Netijede, Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty diňe ykdysady ösüşi üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek arkaly ýurdumyzyň global ykdysady giňişlikdäki ornuny hem berkidýär.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň mejlisindäki çykyşy. 06.11.2025.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipä girişmegi mynasybetli geçirilen dabarada eden çykyşy. 19.03.2022.

3. Международное инвестиционное право: курс лекций / сост. Л.Ф.Трецевская. – Витебск: ВГУ имени П.М.Машерова, 2022.
4. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2008.
5. European Bank for Reconstruction and Development (EBRD). Reports on projects in Turkmenistan. – London: EBRD, 2023.
6. World Bank. Investment Climate in Central Asia: Analytical Reports. – Washington, D.C.: World Bank Publications, 2022.
7. International Monetary Fund (IMF). Turkmenistan: Macroeconomic Policy Review. – Washington, D.C.: IMF, 2021.

## ПРАВОВЫЕ ОСНОВЫ ПРИВЛЕЧЕНИЯ ИНВЕСТИЦИЙ В ЭКОНОМИКУ ТУРКМЕНИСТАНА ЧЕРЕЗ МЕЖДУНАРОДНЫЕ ФИНАНСОВЫЕ ИНСТИТУТЫ

В статье исследуются правовые основы привлечения иностранных инвестиций в экономику Туркменистана через международные финансовые институты. Новизна работы заключается в том, что впервые систематизирована роль международных финансовых институтов (ЕБРР, Всемирный банк, МВФ) в контексте национального законодательства и международных соглашений Туркменистана. Показано, что сочетание национальной правовой базы и международных обязательств формирует устойчивый инвестиционный климат, укрепляет доверие инвесторов и способствует интеграции страны в мировую экономику. Практическая ценность исследования состоит в том, что его результаты могут быть использованы государственными органами, частным сектором и зарубежными партнёрами для разработки новых инвестиционных проектов и укрепления международного сотрудничества.

## LEGAL FRAMEWORK FOR FOREIGN INVESTMENTS IN TURKMENISTAN VIA INTERNATIONAL FINANCIAL INSTITUTIONS

The article examines the legal framework for attracting foreign investments into Turkmenistan’s economy through international financial institutions. The novelty of the study lies in the first systematic analysis of the role of international financial institutions (EBRD, World Bank, IMF) within the context of Turkmenistan’s national legislation and international agreements. It demonstrates that the combination of domestic legal guarantees and international commitments creates a stable investment climate, strengthens investor confidence, and promotes the country’s integration into the global economy. The practical significance of the research is that its findings can be applied by government agencies, the private sector, and foreign partners to design new investment projects and enhance international cooperation.

**Ýalkapberdi YLÝASOW,**
*Halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň magistranty*.

# HALKARA LOGISTIKA ULGAMYNDA ÝÜZE ÇYKÝAN MESELELERIŇ ÇÖZÜLMEGINDE ARBITRAŽ TEJRIBESI

Häzirki zaman ykdysadyýetinde dünýä ýurtlarynyň arasynda söwda we önümçilik gatnaşyklarynyň çalt ösmegi bilen bilelikde, halkara logistika ulgamynyň ähmiýeti hem has-da artdy. Türkmenistanda ulag ýollarynyň doly döwrebaplaşdyrylmagyna, täze köprüleriň, ähli zerur düzümi bolan ýokary tizlikli awtobanlaryň gurulmagyna uly üns berilýär. Şunda transmilli awtomobil ýollarynyň gurluşygynda halkara ülňüleriň berjaý edilmegi möhüm talap bolup durýar. Netijede, häzirki döwürde ýurdumyzyň awtomobil, demir, howa we deňiz ýollaryna degişli düzümler milli ykdysadyýetimizi ösdürmek, onuň eksport mümkinçiliklerini amala aşyrmak, halkara gatnaşyklary işjeňleşdirmek üçin zerur bolan durmuş-ykdysady şertleriň döredilmegini üpjün edýär. Şeýle işler hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe alnyp barylýan we uly geljegi nazarlaýan döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir.

Ulag ulgamynda awtomobil, howa, demir ýol, derýa we deňiz gatnawlary Türkmenistany geljek 30 ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, ýurdumyz ykdysadyýetiň dürli ugurlaryna maýa serişdelerini goýar. Ulag-aragatnaşyk ulgamynda esasy maýa goýum awtomobil, howa, demir ýol, derýa we deňiz gatnawlaryny ösdürmäge, awtomobil ýollaryny gurmaga, telekommunikasiýa, poçta-elektroaragatnaşyk ulgamyny kämilleşdirmäge, ýurdumyzyň geosyýasy ýerleşişinden, şeýle hem üstaşyr ulag amatlyklaryndan has netijeli peýdalanyp, ýolagçy hem-de ýük dolanyşygyny artdyrmaga, täze üstaşyr geçelgeleri döretmäge gönükdiriler. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şeýle belleýär: «Häzirki döwürde ulag-logistika ulgamy sebitleri we dünýäniň kontinentlerini birleşdirýän güýje öwrülýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi bolup durýar. Şoňa görä-de, bu geografik ýagdaýdan we beýleki mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanarys» [1].

Logistika maddy akymlaryň, şeýle-de olara ugurdaş maglumat hem-de maliýe akymlarynyň ilkinji çeşmelerinden ahyrky sarp edijä çenli giňişlikde we wagt boýunça hereketini meýilnamalaşdyrmak, guramak, dolandyrmak, gözegçilik etmek bolup durýar. Logistika, çuň taryhy kökleriniň bardygyna garamazdan, belli bir derejede, täze pudakdyr. «Logistika» ady gadymy grek dilinde «hasap usuly» ýa-da «oýlanma we hasaplap çykarma sungaty» diýmegi aňladýan sözden gelip çykýar.

Logistika – bu, bir tarapdan, ylym, beýleki tarapdan bolsa, işiň amaly ugry bolup durýar. Logistikanyň gelip çykyşyny, köplenç halatda, harby iş bilen baglanyşdyrýarlar, çünki uzak wagtyň dowamynda logistika dürli ýurtlarda we dürli döwürlerde harby amallar meýilnamalaşdyrylanda, geçirilende ösüpdir hem kämilleşipdir.

Aleksandr Makedonskiý harby logistikanyň esasyny goýan hasap edilýär. Ol logistikany peýdalanmak bilen, örän gysga wagtyň içinde ägirt uly çäkleri basyp almagy başarypdyr. Mysal üçin, ol goşunlaryň ýöriş edýän ýoluny derýalaryň akym ugruna görä saýlap alypdyr. Bu bolsa goşunyň ýarag, azyk we egin-eşik bilen öz wagtynda üpjün edilmegine ýardam edipdir [2].

Logistika boýunça işleriň birinji awtory fransuz harby nazaryýetçi alymy Antuan Anri Žomini (1779–1869 ý.) bolup durýar. «Logistika» adalgasynyň peýdalanylýan ikinji jäheti matematika bolup durýar. Logistikanyň matematikada peýdalanylyşynyň diňe ylmy ugry bardyr. XVII asyryň ahyrlarynda – XVIII asyryň başlarynda ýaşan nemes filosofy, matematik we dil öwrenijisi Gotfrid Wilgelm Leýbnis matematik logikany «logistika» diýip atlandyrypdyr. Bu adalga Ženewadaky konferensiýada 1904-nji ýylda matematiki logika diýlip resmi kabul edildi. Ikinji jahan urşundan soň, ykdysatçylar logistika bilen gyzyklandylar, olar ony önümçilik kärhanalarynyň üpjün edilişini kämilleşdirmek üçin peýdalanyp ugrapdyrlar. Ykdysady ulgamda logistika umumy görnüşde harytlar satyn alnanda, öndürilende we satylanda harajatlary azaltmak üçin serişde bolup durýar. Önümçilikde we söwdada logistika konsepsiýasyny peýdalanmak harytlaryň hereket ediş işini kämilleşdirmäge, ätiýaçlyklaryň we çykdajylaryň amatly bolmagyny, sarp edijilere hyzmat etmegiň ýokary hilini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Logistika ýükleriň we hyzmatlaryň täsirli hem-de tertipli hereketini üpjün edýän bir ykdysady ulgam hökmünde giňden kabul edilýär.

Logistika birnäçe möhüm bölüme bölünýär:

1. Daşama (Transport) – bu harytlaryň we hyzmatlaryň bir ýerden beýlekisine geçirilmegi bilen baglanyşykly bolup, ýük daşaýyş, rels, awtoulaglar ýa-da howa, deňiz ulaglary arkaly amala aşyrylýar.

2. Maglumat dolandyryşy – logistika ulgamynda, satyn alyş, söwda şertnamalary, çykdajylar we daşama şertleri ýaly maglumatlaryň dogry, tiz ýagdaýda dolandyrylmagy.

3. Saklaýyş (Warehousing) – harytlary saklamak, ýükleriň hili, mukdary we amaly taýdan daşamak üçin düzgünli üpjünçilik merkezleriniň ýa-da ammarlaryň gurnalmagy.

Logistikanyň maksady – zähmet, maddy, maliýe serişdeleriniň jemi harajatlaryny mümkin boldugyça azaltmak bilen önümi (harydy) sarp edijä gerek wagtynda we gerek ýerine eltip bermegi (ibermegi) üpjün etmekdir.

Aşakda görkezilýän alty kada (düzgün) ýerine ýetirilen halatynda logistika işiniň maksadyny amala aşyrdy hasap edilýär:

– gerek haryt;
– zerur bolan hilde;
– zerur bolan mukdarda,
– gerek wagtynda;
– gerek bolan sarp edijä;
– iň pes jemi harajatlar bilen eltilip berilmelidir [3].

Logistika amallary düzgünli we netijeli bir görnüşde amala aşyrsa, bu diňe biziň ykdysadyýetimizi däl, eýsem, kärhananyň üstünlikli işlemegi hem-de müşderilere hyzmatynyň ýokary derejesini üpjün etmek üçin möhüm şertdir. Şeýle hem logistika ulgamynyň döremegi we ösüşi Günbatar ýurtlarynda ilki başlanyp, häzirki wagtda dünýäniň ähli künjeklerinde möhüm orun eýeleýär. Modern logistika tehnologiýalary we optimizasiýa çäreleri, işiň tizligini, netijeliligini, şeýle hem maliýe taýdan artykmaçlyklary ýokarlandyrmaga kömek edýär. Logistika görnüşleri birnäçe esasy kategoriýalara bölünýär:

1. Üpjünçilik logistikasy (Supply logistics).

Bu görnüş çig mallaryň, materiallaryň we serişdeleriň üpjün edijilerden önümçilik ýerlerine ýetirilmegine degişli. Maksat – önümçilik üçin gerekli serişdeleri wagtynda we dogry mukdarda ýetirmekdir.

2. Önümçilik logistikasy (Production logistics).

Önümçilik logistikasy, çig maldan taýýar önüm öndürilýänçä içki akymlary dolandyrýar. Şeýle hem önümçilik liniýasynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we çykdajylary azaltmak maksadyny göz öňünde tutýar.

3. Daşama logistikasy (Transportation logistics).

Bu görnüş harytlaryň bir ýerden başga ýere – ammardan dükanlara ýa-da müşderilere ýetirilmegini guraýar. Ulag serişdeleriniň görnüşi, çykdajy we wagtyň dolandyrylyşy möhüm orun eýeleýär.

4. Paýlama logistikasy (Distribution logistics).

Taýýar önümleriň müşderilere ýa-da söwda nokatlaryna paýlanylyşyny öz içine alýar. Maksat – müşderiniň talaplaryna laýyk ýagdaýda, wagtynda we ygtybarly hyzmat etmekdir.

5. Yza logistika (Reverse logistics).

Bu gaýtadan ulanylýan ýa-da yzyna gaýdýan harytlaryň dolandyrylyşydyr. Meselem: zaýalanan önümleriň yzyna getirilmegi, gaýtadan işleýän zatlaryň ýygnalmagy ýa-da gaýtadan işlenilmegi

6. Maglumat logistikasy (Information logistics).

Bu görnüşde maglumat akymlary dolandyrylýar. Logistika ulgamyndaky ähli maglumatlaryň (ýük statusy, üpjünçilik maglumatlary, sargyt ýagdaýlary) wagtynda we dogry dolandyrylyp, degişli taraplara ýetirilmegi üpjün edilýär.

7. Elektron logistika (E-logistics).

Internet we sanly tehnologiýalar arkaly amala aşyrylýan logistikadyr. Onlaýn sargytlar, awtomatlaşdyrylan ammarlary dolandyrmak we maglumat sistemalary bilen bilelikde işlemek elektron logistikanyň esasy ugry bolup durýar.

Halkara logistika amala aşyrylanda tejribede birnäçe meseleleriň ýüze çykmagyna eltýär. Bu meseleleri taraplaryň özleri çözüp bilmedik ýagdaýynda arbitraž kazyýetine ýüz tutýarlar. Arbitraž kazyýeti taraplaryň arasynda ýüze çykan meselä kanunalaýyklyk we kanunyň çäginde öz garaýşyna görä netijä çykarýar. Halkara arbitraž kazyýetleri–söwda gatnaşygynda ýüze çykýan dawalary çalt, bitarap we halkara hukugyň kadalaryna laýyk çözýän ýöriteleşdirilen edaralardyr. Logistika pudagynda arbitražyň esasy artykmaçlyklary şulardyr:

Bitaraplyk: taraplaryň biri öz ýurdunyň kazyýetine üstünlük bermeýär, çünki arbitraž halkara derejesinde garaşsyz hereket edýär.

Çalt çözgüt tapmak: adaty kazyýet işlerine garanyňda, arbitraž kazyýeti dawalary has tiz wagtda seredip bilýär.

Gizlinlik: söwda gatnaşyklaryna degişli maglumatlaryň açylmazlygy kärhanalar üçin möhüm howpsuzlyk çäresidir.

Halkara logistika ulgamynda ýüze çykýan esasy meseleleri birnäçe topara bölmek bolar:

1. Şertnama bozulmalary: daşama wagtynyň gijikdirilmegi, harydyň zeperlenmegi ýa-da ýitmegi, şeýle hem tölegleriň wagtynda geçirilmezligi ýaly ýagdaýlar, köplenç, dawalaryň döremegine sebäp bolýar.

2. Gümrük we hukuk päsgelçilikleri: Her ýurduň öz gümrük düzgünleriniň we import/eksport syýasatynyň bolmagy sebäpli harytlaryň serhetden geçişinde bökdençlikler ýüze çykýar.

3. Ýerine ýetiriji we hyzmat üpjün ediji kärhanalaryň arasynda dawalar: mysal üçin, ekspeditor kompaniýasy bilen müşderiniň arasynda jogapkärçiligiň bölünişi baradaky düşünişmezlikler.

Halkara hukugynda logistika meselesi, daşaýyş şertnamasynyň kadalary boýunça düzgünleşdirýärler. Daşaýyş şertnamasy boýunça daşaýjy ýüki ylalaşylan ýere eltmäge, beýleki tarap bolsa ýüki kabul etmäge we hyzmatyň amala aşyrylandygy boýunça töleg tölemäge borçludyr [4]. Bu borçlaryň bozulmagy taraplaryň arasynda jedeliň döremegine eltýär. Taraplaryň erk-isleginiň erkinligi ýörelgesinden ugur alyp, logistika tölegi taraplaryň arasynda ylalaşmak arkaly kesgitlenilýär. Halkara logistika ulgamynda ýüze çykýan meseleleriň çözülmeginde arbitraž tejribesi möhüm hukuk guralydyr. Ol işewür gatnaşyklaryň durnuklylygyny saklaýar we taraplaryň hukuklaryny gorap, söwda gatnaşyklarynyň dowamlylygyny üpjün edýär.

**EDEBIÝATLAR**

1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşy. – Türkmenistan // 25.09.2025.
2. *Gurbanowa E. we beýl.* Logistikanyň esaslary. – A.: 2018.
3. *Meredow G., Çoşurow A.* Üpjünçiligiň logistikasy. – A.: 2014.
4. Türkmenistanyň Raýat kodeksi. 2014.


## АРБИТРАЖНАЯ ПРАКТИКА В РЕШЕНИИ ПРОБЛЕМ, ВОЗНИКАЮЩИХ В СФЕРЕ МЕЖДУНАРОДНОЙ ЛОГИСТИКИ

В современном мире, наряду с быстрым развитием торговых и производственных отношений между всеми странами, значение международной логистической системы существенно возросло. В Туркменистане уделяется большое внимание полной модернизации транспортных путей, строительству новых мостов и высокоскоростных автомагистралей со всей необходимой инфраструктурой. Логистика – с одной стороны наука, а с другой – практическое направление деятельности. Происхождение логистики часто связывают с военной сферой, поскольку на протяжении длительного периода логистика развивалась и совершенствовалась в процессе планирования и проведения военных операций в разных странах и в разные эпохи. В экономической системе логистика в общем виде служит инструментом для снижения затрат при закупке, производстве и продаже товаров. Применение логистической концепции в производстве и торговле направлено на оптимизацию процессов движения товаров, обеспечение рациональности запасов и расходов, а также повышение качества обслуживания потребителей.

## ARBITRATION PRACTICE IN RESOLVING ISSUES ARISING IN INTERNATIONAL LOGISTICS

In the modern economy, along with the rapid development of trade and production relations among all countries of the world, the importance of the international logistics system has significantly increased. In Turkmenistan, great attention is paid to the complete modernization of transportation routes, the construction of new bridges, and high-speed highways equipped with full necessary infrastructure.

Logistics is, on the one hand, a science, and on the other hand, a practical field of activity. The origins of logistics are often associated with military affairs,

since for a long time logistics developed and improved in the course of planning and conducting military operations in different countries and in different historical periods.

In the economic sphere, logistics generally serves as a means to reduce costs when purchasing, producing, and selling goods. The use of the logistics concept in production and trade is aimed at improving the movement of goods, ensuring the efficiency of inventories and expenses, and providing a high level of service to consumers.

# VII BAP
# HALKARA YKDYSADYÝETI

**Ogulşeker AKJAÝEWA,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

## DÜNÝÄNIŇ ENERGIÝA BAZARYNDA TÜRKMENISTANYŇ ORNUNY ÝOKARLANDYRMAGYŇ ÝOLLARY

Ýurdumyzyň giň tebigy mümkinçiliklerine esaslanyp, ýangyç-energetika pudagynyň ösdürilmegine hem uly üns berilýär. Bazar gatnaşyklary şertlerinde ykdysady netijeliligi artdyrmaga bolan zerurlyklar has-da güýçlenýär. Bu, öz gezeginde, ykdysady netijeliligi bahalandyrmak meselesiniň derwaýyslygyny ýokarlandyrýar. Ykdysady netijeliligi bahalandyrmak, bir tarapdan, döwlet, sebit, pudak, beýleki tarapdan, kärhana derejelerinde amala aşyrylýar [3]. Türkmenistan dünýä bazarynda ähli pudaklar boýunça, şol sanda energiýa serişdeleri babatda hem möhüm orny eýeleýär we öňegidişligi gazanýar. Energiýa serişdeleri häzirki döwrüň ykdysady ösüşiniň we halkara gatnaşyklarynyň esasy sütüni bolup durýar. Dünýäniň ykdysady ösüşi, senagatlaşma derejesi we halklaryň abadançylygy, köplenç, energiýa üpjünçiligine baglydyr. Şol sebäpli her bir döwletiň energiýa bazarynda eýeleýän orny onuň ykdysady kuwwatynyň hem-de halkara abraýynyň görkezijisi hökmünde çykyş edýär.

Türkmenistanyň energiýa serişdeleri, esasan, tebigy gaza esaslanýar. Halkara çaklamalara görä, ýurdumyzyň tebigy gaz ätiýaçlyklary dünýä boýunça iň uly baýlyklaryň biri bolup, halkara derejesinde dördünji orny eýeleýär. Bu baýlyklar Türkmenistanyň dünýäniň energiýa bazarynda strategik ähmiýetli ýurtlaryň biridigini görkezýär. Türkmenistanyň energiýa syýasaty durnukly ösüş, energiýa howpsuzlygy we halkara hyzmatdaşlygy ýörelgelerine esaslanýar. Dünýäniň energiýa bazary häzirki wagtda giň gerimli özgertmeleri başdan geçirýär: energiýa serişdelerine bolan isleg, bazaryň bäsdeşlik derejesi, daşky gurşaw meseleleri we innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy täze ýagdaýlary döredýär. Şol sebäpli Türkmenistan öz energiýa syýasatyny diňe bir eksportdan girdeji gazanmak ugrunda däl-de, eýsem, halkara bazarda durnukly we ygtybarly hyzmatdaş hökmünde netijeli işleri ýola goýýar.

Türkmenistan hem özüniň baý tebigy serişdeleri, aýratyn-da, tebigy gazyň ätiýaçlyklary bilen dünýäniň energetika ulgamynda möhüm orny eýeleýär. Şeýle-de bolsa, häzirki zaman ykdysady şertlerinde ýurdumyzyň energiýa bazaryndaky ornuny has-da ýokarlandyrmak üçin netijeli ugurlar boýunça ýörite

strategiýalaryň amala aşyrylmagy zerur bolup durýar. Ilki bilen, Türkmenistanyň energiýa ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek möhüm ähmiýete eýedir. Bu ugurda halkara energetika guramalary, sebit hyzmatdaşlyk gurluşlary we daşary ýurtlaryň iri energiýa kompaniýalary bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegi ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga hem-de täze bazarlara çykmaga şert döredýär. Hususan-da, tebigy nebiti we gazy dürli ugurlar boýunça eksport etmek üçin täze gaz geçirijiler, uglewodorodlary gaýtadan işleýän senagat kärhanalary gurulýar, ozal bar bolanlary bolsa döwrebaplaşdyrylýar. Gaýtadan işlenilen önümleri öndürýän kärhanalaryň görnüşiniň artdyrylmagy diňe bir eksport girdejilerini ýokarlandyrman, eýsem, ýurduň içerki senagat kuwwatynyda giňeldýär. Nebitden plastmassa, himiki önümler, gurluşyk serişdeleri, awtoulag ýangyçlary ýaly ýokary bahaly harytlaryň öndürilmegi Türkmenistanyň dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny güýçlendirýär. Ýurdumyzy çig maly ibermek bilen çäklenmän, özüniň ýangyç-energetika toplumynyň uglewodorod serişdelerini gaýtadan çuňňur işlemäge hem-de dünýä bazarlarynda bäsleşige ukyply we ýokary goşmaça bahaly önümleri çykarmaga ugrukdyrýar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, biz nebitgaz ulgamyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, täze döwrebap önümçilikleri öndürmegiň hasabyna onuň düzümini giňeltmäge ugur aldyk. Şonuň bilen baglylykda, tebigy gazy gaýtadan işlemek hem-de çykarmak ileri tutulýan ugur bolup durýar. Ykdysadyýetiň bu pudagynyň önümçiligine ylmy-tehniki ösüşiň täze gazananlarynyň netijeli ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň gülläp ösmegini şertlendirýär [1].

Häzirki wagtda «Türkmengaz» döwlet konserni Döwletabat–Derýalyk gaz geçirijisi boýunça türkmen tebigy gazyny Russiýa Federasiýasyna ugradýar. Körpeje–Gurtguýy we Döwletabat–Hangeran gaz geçirijileri boýunça hem günorta ugurda türkmen gazyny ibermek üçin tehniki mümkinçilikler bar. Ýöne uly nebit-gaz geçirijileriň ygtybarlylygyny häzirki zaman usulyýetlerini we tehniki taýdan anyklaýyş serişdelerini giňişleýin ornaşdyrmazdan, ýokarlandyrmak mümkin däldir. Döwrebap anyklaýyş kemçilikleri has öňünden anyklamaklyga, düzetmeklige kömek edýär, nebit-gaz geçirijini amatly möhletlerde abatlaýşa çykarmaklyga we abatlaýşyň görnüşini kesgitlemeklige, abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan zähmet harajatlaryny hem-de wagtyny gysgaltmaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, türkmen gazynyň eksportynyň ýokarlanmagy tehniki taýdan has kyn we uzak turbageçirijileriň gurulmagyna getirip, olaryň senagat, ýangyn hem-de ekologik howpsuzlygyny üpjün etmek üçin gözegçilik serişdeleri bilen enjamlaşdyrylmagy talap edýändigi aýdyňdyr [2]. Energiýa serişdelerini daşary ýurtlara ugratmakda ugradylýan ugurlaryň diwersifikasiýa edilmegi hem möhüm orny eýeleýär. Türkmenistan häzirki wagtda Hytaýa, Eýrana we Russiýa gönükdirilen gaz geçirijileri arkaly öz energiýa serişdelerini eksport edýär. Şeýle-de bolsa, häzirki wagtda ýurdumyzyň esasy gaz eksport ugurlary Hytaýa, Eýrana we

Russiýa gönükdirilen bolsa-da, täze bazarlara çykmak üçin giň mümkinçilikler bar. Hususan-da, Hazar deňziniň üsti bilen Türkmenistandan Azerbaýjana, ol ýerden bolsa Ýewropa ýurtlaryna gaz çykarmagy maksat edinýän «Transkaspian gaz geçirijisi» taslamasy ýurdumyzyň ykdysady we syýasy täsirini güýçlendirýär. Şeýle hem Türkmenistanyň tebigy gazyny Günorta Aziýa ýurtlaryna ýetirmek ugrunda durmuşa geçirilýän Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçiriji taslamasy Merkezi Aziýa energiýa ulgamynyň halkara integrasiýasyny ösdürýär. Bu ugurlaryň durmuşa geçirilmegi diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem geosyýasy taýdan hem Türkmenistanyň halkara derejesindäki täsirini artdyrýar.

Mundan başga-da Türkmenistanyň içerki energiýa infrastrukturasynyň ösdürilmegi hem möhüm strategik ugurdyr. Täze elektrik beketleriniň, gaz we nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň gurlup ulanylmaga berilmegi, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy içerki ykdysady ösüşi güýçlendirýär we eksport mümkinçiliklerini artdyrýar. Nebitiň, tebigy gazyň, elektrik energiýasynyň öndürilýän möçberlerini artdyrmaga mümkinçilik berýän uglewodorod serişdeleriniň çykarylyşyny döwrebap ýagdaýa getirmek, gaýtadan işlenmegini guramak we dünýä bazarlaryna iberilýän möçberlerini artdyrmak bu ugurda döwletimiziň alyp barýan işleriniň esasy ugurlarydyr. Bu wezipeleri amala aşyrmak üçin köp möçberde serişde gönükdirildi. Şol sanda, nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýadarlarynyň serişdeleri hem çekilýär. Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň pudaklaýyn düzümini toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak, energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň ugurlaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, gaýtadan işleýän, şol sanda gaz senagatynyň kuwwatyny pugtalandyrmak, ýokary hilli bäsleşige ukyply önümi çykarmak boýunça strategiýany durmuşa geçirýär. Ýurdumyzyň gaz gorlary 50 trillion kub metrden gowrak möçberde bahalandyrylýar. Özüniň geoykdysady taýdan amatly ýerleşmegi hem-de uglewodorod serişdelerine baý bolmagy ýurdumyzyň häzir bar bolan we geljegi uly ugurlar boýunça gazyň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmaga uly mümkinçilik berýär. Häzirki döwürde türkmen döwleti Merkezi we Günorta–Gündogar Aziýa möçberinde «mawy ýangyjy» iberýän esasy ýurtlaryň hataryna girýär. Türkmenistan–Hytaý transmilli gaz geçirijisi munuň aýdyň subutnamasydyr [2].

Energiýa ulgamynda innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy hem Türkmenistanyň halkara bazardaky ornuny berkidýär. Dünýäniň energiýa bazary häzirki wagtda ekologiýa taýdan arassa we durnukly ösüşe gönükdirilen täze energiýa çeşmelerine uly üns berýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda Gün we ýel energiýasy ýaly gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriň öwrenilmegi we ornaşdyrylmagy ýurduň energiýa ulgamynyň döwrebaplaşmagyna, şeýle hem halkara derejesinde ekologiýa taýdan jogapkär döwlet hökmünde tanalmagyna ýardam edýär. Energiýa öndürmekde we gaýtadan işlemekde häzirki zaman tehnologiýalarynyň ulanylmagy çykdajylary azaldýar, öndürijiligi artdyrýar hem-de daşky gurşawa täsiri peseldýär.

Energiýa bazaryndaky ornuny has hem ýokarlandyrmakda möhüm ugurlaryň biri hem ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmelerine geçişdir. Dünýäde häzirki wagtda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Türkmenistan bu ugurda hem uly mümkinçiliklere eýedir. Gün we ýel energiýasy boýunça Türkmenistanyň geografik ýagdaýy örän amatly hasaplaýar. Şonuň üçin täze Gün panelleriniň, ýel turbinalarynyň gurnalmagy, şeýle hem bu ulgamda halkara maýa goýumlaryny çekmek ýurdumyzyň energiýa ulgamynyň döwrebap we ekologiýa taýdan durnukly bolmagyna mümkinçilik berýär. Türkmenistanda täze gaz arassalaýjy, nebit gaýtadan işleýän we polimer öndürýän kärhanalaryň gurluşygy bu ugurda uly ädimdir. Energiýa bazarynda diňe tebigy gaz bilen däl, eýsem, Gün, ýel ýaly ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmeleri bilen çykyş etmek ýurduň halkara abraýyny ýokarlandyrýar.

Mundan başga-da halkara energiýa abraýynyň pugtalanmagy hem uly orun eýeleýär. Türkmenistan halkara energiýa forumlaryna, sammitlere we hyzmatdaşlyk gepleşiklerine işjeň gatnaşyp, dünýä jemgyýetçiligine öz mümkinçiliklerini, durnukly syýasatyny, ykdysady howpsuzlygyny görkezýär. Bu ugurda BMG-niň, Energetika hartiýasynyň hem-de beýleki halkara energetika guramalarynyň çäginde alnyp barylýan hyzmatdaşlyk aýratyn ähmiýetlidir.

Türkmenistanyň dünýä energiýa bazarynda ornuny ýokarlandyrmak üçin onuň öňünde birnäçe strategik ugurlar durýar: halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek, energiýa serişdelerini gaýtadan işleýän senagaty ösdürmek, içerki infrastrukturany döwrebaplaşdyrmak, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerine geçmek we halkara energetika gatnaşyklarynda işjeň orny saklamak. Şol ugurlarda maksatnamalaýyn işler alnyp barylsa, Türkmenistan diňe bir energiýa serişdelerini eksport edýän döwlet bolman, eýsem, energiýa üpjünçiliginde ynamdar, durnukly we täsirli hyzmatdaş hökmünde dünýä bazarynda berk orun eýelär.

## EDEBIÝATLAR

1. Энергетическая безопасность в условиях глобализации. – Санкт-Петербург: Питер, 2020.

2. *Хрусталёв Е. В.* Мировой энергетический рынок и его тенденции развития. – М.: Наука, 2021.

3. oilgas.gov.tm (Türkmenistanyň nebitgaz toplumynyň resmi saýty).

## ПУТИ ПОВЫШЕНИЯ РОЛИ ТУРКМЕНИСТАНА НА МИРОВОМ ЭНЕРГЕТИЧЕСКОМ РЫНКЕ

В этой работе анализируются важные направления повышения роли Туркменистана на мировом энергетическом рынке. Излагаются вопросы диверсификации экспортных маршрутов энергоресурсов, расширения международного сотрудничества, модернизации энергетической отрасли, а также внедрения инновационных и экологически чистых технологий. Также раскрывается экономическое и геополитическое значение таких энергетических проектов как ТАПИ и Транскаспийский трубопровод.

## WAYS TO INCREASE TURKMENISTAN'S ROLE IN THE GLOBAL ENERGY MARKET

This work analyzes important directions for enhancing Turkmenistan's role in the global energy market. Issues concerning the diversification of energy resource export routes, expansion of international cooperation, modernization of the energy industry, as well as the introduction of innovative and environmentally friendly technologies are presented. Furthermore, the economic and geopolitical significance of energy projects such as TAPI and the Trans-Caspian pipeline is revealed.

**Aýgül ATAÝEWA,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

## DÜNÝÄ YKDYSADYÝETİNDE YKDYSADY MERKEZLERİŇ EMELE GELMEGİ (ABŞ-NYŇ WE HYTAÝYŇ MYSALYNDA)

XXI asyr dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiň täze derejä çykmagy ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň çuňlaşmagy, dünýä bazarlarynyň integrasiýasy we täze ykdysady merkezleriň emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Globallaşmak şertlerinde ykdysady kuwwaty we halkara täsiri bilen tapawutlanýan ýurtlar dünýä ykdysadyýetinde möhüm orny eýeleýärler. Şolaryň arasynda Amerikanyň Birleşen Ştatlary (ABŞ) bilen Hytaý Halk Respublikasy (HHR) häzirki wagtda dünýäniň esasy ykdysady merkezleriniň hatarynda durýar. Ykdysady merkezleriň emele gelmegi diňe bir ykdysady ösüşiň netijesi bolman, eýsem, döwletleriň syýasy durnuklylygynyň, tehnologiki mümkinçilikleriniň we halkara hyzmatdaşlygynyň netijesidir. Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetiniň gurluşynda güýç merkezleriniň üýtgemegi, täze ykdysady faktorlaryň peýda bolmagy we ykdysady täsir ugrunyň Gündogara tarap süýşmegi möhüm tendensiýalaryň biridir.

Bu ylmy makalanyň maksady dünýä ykdysadyýetinde ykdysady merkezleriň emele gelmeginiň nazary we amaly esaslaryny seljermek hem-de ABŞ bilen Hytaýyň ykdysady ösüşini deňeşdirme esasda öwrenmek bolup durýar. Işde seljerme, deňeşdirme, taryhy we statistiki usullar ulanyldy.

«Ykdysady merkez» diýen düşünje ykdysadyýetde belli bir sebitde ýa-da döwletiň çäginde ykdysady güýjüň, maliýe serişdeleriniň we tehnologik mümkinçilikleriň jemlenýän ýerini aňladýar. Şeýle merkezler halkara söwda gatnaşyklaryna, maýa goýum akymlaryna we global ykdysady ösüşe täsir edýän esasy faktorlardyr. Olar dünýä ykdysadyýetiniň ösüş ugruny kesgitleýär, halkara söwda, maýa goýum we tehnologik ösüş proseslerine täsir edýärler [4; 52 sah.].

Taryhy taýdan ilkinji ykdysady merkezler Ýewropanyň günbatar böleginde – Beýik Britaniýada, Fransiýada, Germaniýada emele gelýär. Senagat öwrülişiginden soň, bu ýurtlar dünýä ykdysadyýetinde öňdebaryjylyk gazanýarlar. XX asyryň ortalaryndan başlap, ykdysady güýç merkezi Atlantikanyň beýleki tarapyna – ABŞ-a geçýär. XXI asyryň başyndan bäri, Aziýa sebitinde, esasan hem, Hytaýda täze ykdysady güýç merkezi kemala geldi [5; 26 sah. ]. Ykdysady merkezleriň emele gelmeginde tehnologik ösüş, ylmy barlaglar we innowasiýa aýratyn orun degişli bolup durýar. ABŞ-nyň Silikon Jülge sebitiniň dünýäniň tehnologik merkezi hökmünde ykrar edilmegi, şeýle-de Hytaýyň Şençžen sebitiniň täze innowasiýa merkezine öwrülmegi munuň aýdyň mysallarydyr. Ykdysady merkezleriň emele gelmegine täsir edýän esasy faktorlar şulardan ybarat:

– senagatlaşma derejesi we tehnologik ösüş;
– maliýe ulgamyň ösüşi;
– daşary söwda gatnaşyklaryň gerimi;
– ulag-logistika mümkinçilikleri;
– syýasy durnuklylyk we halkara hyzmatdaşlyk.

Bu faktorlaryň utgaşmagy ýurduň halkara derejesindäki ykdysady ornuny kesgitleýär. Bu barada Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Halk Maslahatynda: «Ýurduň ykdysady kuwwaty diňe tebigy serişdelerde däl, eýsem, ylym-bilim, innowasiýa we halkara hyzmatdaşlykda jemlenýär» [1]. Bu pikir dünýä ykdysady ösüşiniň häzirki döwründäki täze ugurlary bilen doly sazlaşykly bolup, ykdysady merkezleriň emele gelmeginiň esaslaryny açyp görkezýär.

Amerikanyň Birleşen Ştatlary XX asyryň dowamynda dünýä ykdysadyýetiniň iň güýçli merkezine öwrüldi. Döwlet ykdysadyýetiniň binýady innowasiýa, hususy pudagyň işjeňligine we ýokary öndürijilik derejesine daýanýar. ABŞ-nyň ykdysady kuwwaty dünýä bazarlarynda onuň maliýe serişdeleri we tehnologik mümkinçilikleri, sarp ediji bazarynyň giňligi bilen kesgitlenýär. ABŞ XX asyryň başyndan bäri, dünýä ykdysadyýetinde öňdäki orny eýeledi. ABŞ XIX asyryň ahyrynda senagat taýdan ösen döwlete öwrüldi. XX asyryň ortasynda bolsa dünýäniň iň güýçli ykdysadyýetine öwrüldi. 1945-nji ýyldan soň ABŞ jemi içerki

önümi (JIÖ) boýunça dünýäniň iň güýçli ykdysadyýetli döwleti boldy. Bu ösüşiň esasy sebäpleri:

– tehnologiýa taýdan öňe gidişlik (elektronika, awtomobil, IT ulgamlary);

– uly tebigy baýlyklar we önümçilik kuwwaty;

– maliýe ulgamynyň dünýä derejesinde giňelmegi (Nýu-Ýork);

– global söwda we maliýe ulgamynda dollar sistemasynyň ornaşmagy;

– ýokary derejeli infrastruktura we energiýa üpjünçiligi;

– iňlis dili arkaly halkara ykdysady gatnaşyklara üýtgewsiz täsiriň artmagy;

– innowasiýa we bilim ulgamynyň ýokary derejesi (Garward, MIT, Stanford ýaly uniwersitetler).

ABŞ-nyň dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň we maliýe merkezleriniň mekany bolan Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýän «Wall Street» dünýäniň esasy maliýe we paýnama bazarlarynyň biridir. ABŞ-nyň dollary halkara hasaplaşyk serişdeleriniň esasy görnüşi bolup, dünýä ykdysadyýetinde möhüm we hökmany orny eýeleýär. Şeýle-de amerikan IT kompaniýalary («Apple», «Microsoft», «Google») dünýä innowasiýasynyň ugruny kesgitleýärler.

2024-nji ýylda ABŞ-nyň nominal jemi içerki önümi 28 trillion amerikan dollaryna golaý boldy. ABŞ-nyň jemi içerki önümi dünýäniň umumy JIÖ-niň, takmynan, 24–25 göterimini düzýär. Ulgamlaýyn taýdan ABŞ-nyň ykdysadyýeti tehnologiýa, energetika, harby-senagat toplumlary we hyzmatlar pudagy boýunça giňden ösýär. Bu bolsa ýurduň ykdysady durnuklylygyny üpjün edýär.

Hytaý Halk Respublikasy soňky ýyllaryň dowamynda dünýäniň iň çalt ösýän ykdysadyýetleriniň birine öwrüldi. 1978-nji ýylda başlanan «Özgeriş we açylyş» syýasaty Hytaýyň ykdysady ösüşinde öwrülişik boldy. Bu syýasata Hytaý 1978-nji ýylda Den Siýaopiniň ýolbaşçylygynda başlady. Bu çäreler merkezi meýilnama ykdysadyýetinden bazar ykdysadyýetine geçmäge mümkinçilik berdi. Şol döwürden bäri, Hytaý ykdysady ösüşde rekord görkeziji gazandy: soňky 40 ýylda ýurduň ortaça ösüş derejesi ýylda 8–9 göterim boldy [3].

Hytaýyň ykdysady ösüşi üç esasy ugra daýanýar:

1. Eksporta gönükdirilen önümçilik.

2. Içerki bazaryň giňeldilmegi we hyzmatlar pudagynyň ösmegi.

3. Tehnologik özbaşdaklygyň we innowasiýanyň ösdürilmegi.

Şanhaý, Guançžou, Şençžen ýaly şäherler häzirki wagtda Aziýanyň iri ykdysady merkezlerine öwrüldi. Şeýle hem Hytaýyň ykdysady ösüşi halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek bilen baglydyr. «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy arkaly Hytaý dünýäde ykdysady täsirini giňeldýär [5; 28 sah. ].

Häzirki wagtda Hytaýyň ykdysady ösüşiniň esasy aýratynlyklary:

Önümçilik kuwwaty: Dünýäniň önümçilik güýjüniň 28 göterimi Hytaýda jemlenýär.

Eksport merkezligi: Hytaý dünýäde iň iri eksporta eýe bolan ýurt.

Tehnologiýa ösüşi: «Made in China 2025» programmasy bilen ýokary tehnologiýaly önümçilige geçildi.

Sebit merkezleri: Guançžou, Şençžen, Şanhaý.

Maýa syýasaty: «Bir guşak, bir ýol».

Tehnologiýa ösüşi: emeli aň, 5G, robototehnika.

Döwlet tarapyndan gönükdirilen innowasiýa syýasaty.

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky hyzmatdaşlyk hem bu ugurda möhüm orun eýeleýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly: «Biziň ykdysady ösüşimiziň esasy maksady – dünýä ykdysadyýetine üstünlikli goşulyşmak, dostlukly hyzmatdaşlygyň üsti bilen durnukly ösüşi gazanmakdyr» [2; 97 sah.]. Bu pikirler Hytaý ýaly iri ykdysady güýçler bilen gatnaşyklaryň milli ösüş üçin ähmiýetini görkezýär.

ABŞ bilen Hytaý häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetiniň iki esasy güýji bolsa-da, olaryň ykdysady gurluşlary we ösüş modelleri biri-birinden tapawutlanýar.

| **Görkezijiler** | **ABŞ** | **HHR** |
|---|---|---|
| JIÖ (2024) | Takmynan, 27 trillion amerikan dollary | Takmynan, 17 trillion amerikan dollary |
| Ykdysady modeli | Erkin bazar, hususy pudagyň agdyklygy | Döwlet tarapyndan gönükdirilen bazar ykdysadyýeti |
| Ýöriteleşen eksport ugurlary | Tehnologiýa, hyzmatlar, nebit önümleri | Elektronika, senagat we dokma önümleri, |
| Maliýe ulgamy | Global maliýe merkezleri (Nýu-Ýork) | Sebitleýin maliýe merkezleri (Şanhaý) |
| Tehnologik ösüş | Innowasiýa boýunça öňdelik | Tehnologiýa geçiş döwrüniň ösüşi |

ABŞ henizem tehnologik we maliýe taýdan dünýäniň öňdebaryjy ykdysady merkezi bolup galýar. Hytaý bolsa çalt ösüşi, önümçilik kuwwaty we maýa syýasaty arkaly täze ykdysady merkez hökmünde çykyş edýär. Netijede, ABŞ-nyň ykdysady güýji – innowasiýa, maliýe we hyzmatlar pudagyna; Hytaýyň ykdysady güýji bolsa önümçilik, eksport we sebit hyzmatdaşlygyna daýanýar. Şeýlelikde, iki ýurt dünýä ykdysadyýetinde deňagramly täsir güýji döredýärler.

Häzirki wagtda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň we Hytaý Halk Respublikasynyň ykdysady taýdan saýlanmagy diňe bir önümçilik kuwwatynyň ýa-da milli girdejiniň mukdary bilen däl, eýsem, tehnologik innowasiýalaryň derejesi, halkara söwda ulgamyna täsir edýän güýji, maliýe bazarlarynyň giňligi hem-de global ykdysady dolanyşygy ugrukdyrýan baş ýolbaşçylyk ukyby bilen hem

baglanyşyklydyr. Dünýä ykdysady ulgamynyň bu görnüşe geçmeginde taryhy ösüşleriň, döwlet syýasatynyň, ykdysady strategiýalaryň we tehnologiýa derejesindäki ösüşleriň özara utgaşmasy möhüm ähmiýete eýedir. Şol sebäpli, ABŞ bilen Hytaýyň ykdysady merkez derejesine çykmagynyň sebäplerini seljermek häzirki zaman ykdysady gurluşynyň ugruna düşünmekde möhüm ylmy we amaly ähmiýete eýedir.

Amerikanyň Birleşen Ştatlary XIX asyryň ahyryndan başlap, senagat ösüşiniň iň ýokary derejesine çykdy. Önümçilik ulgamlarynyň giňelmegi, energiýa serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagy we innowasiýa esasly önümçilik tehnologiýalarynyň girizilmegi ýurduň içerki bazaryny hem-de eksport mümkinçiliklerini güýçlendirdi. XX asyryň dowamynda IT, awiasiýa, himiýa we farmasewtika pudaklary amerikan ykdysadyýetiniň binýadyny emele getirdi. Döwletde ykdysady ösüşi goldaýan giň maliýe ulgamy döredildi. Nýu-Ýork şäherindäki «Wall Street» dünýäniň iň täsirli maliýe merkezleriniň birine öwrüldi. Syýasy durnuklylyk we hukuk ulgamynyň kämilligi ABŞ-nyň ykdysady ösüşine ygtybarly şert döretdi. Erkin bazar gatnaşyklary, hususy eýeçilik hukugynyň goragy we halkara hyzmatdaşlyga açyk ykdysady syýasat daşary ýurt maýasyny giňden çekmäge mümkinçilik berdi. Bilim ulgamynyň ýokary derejesi ykdysady üstünlikleriň esasy diregidir. Dünýäniň öňdebaryjy uniwersitetleriniň köpüsi ABŞ-da ýerleşýär, bu bolsa ylmy-barlag işleriniň, tehnologiki täzelikleriň we innowasiýanyň milli ösüş strategiýasynyň özenine öwrülmegine ýardam etdi.

Hytaýyň ykdysady ösüşiniň häzirki derejesine ýetmeginde 1978-nji ýylda başlanan «Açyk gapylar» we bazar ykdysadyýetine geçiş syýasaty aýratyn orun eýeledi. Hytaý ilatynyň köplügi we işçi güýjüniň elýeterliligi we arzanlygy sebäpli dünýäniň köp sanly halkara kompaniýalary önümçiliklerini bu ýurda geçirdiler. Bu ýagdaý Hytaýyň «dünýäniň önümçilik zawody» diýlip atlandyrylmagyna sebäp boldy. Döwlet tarapyndan infrastruktura, energetika, ulag we logistika ulgamlaryna maýa goýumyň uly möçberde gönükdirilmegi ykdysady ösüşiň durnuklylygyny üpjün etdi. Şäherleşme derejesiniň ýokarlanmagy, täze senagat sebitleriniň döredilmegi we halkara söwda ýollarynyň giňeldilmegi Hytaýy global üpjünçilik zynjyrynyň möhüm bölegine öwürdi. Soňky ýyllarda Hytaý tehnologiýa taýdan öz ýoluny döretdi. Sanly ykdysadyýet, intellekt, ýaşyl energetika, telekommunikasiýa we robotlaşdyrma ýaly ugurlarda bu ýurt dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna girdi. «Huawei», «Alibaba», «Tencent» ýaly kompaniýalar Hytaýyň innowasiýa mümkinçilikleriniň derejesini görkezýär.

ABŞ-nyň dünýä ykdysadyýetinde ykdysady güýç merkezine öwrülmegi bilim, innowasiýa we maliýe bazarlaryna esaslanýan ykdysady gurluşyndan gelip çykýar. Hytaýyň dünýä ykdysadyýetinde ykdysady güýç merkezine öwrülmegi bolsa önümçilik kuwwatyna, demografik mümkinçiliklerine we döwlet tarapyndan ýörite meýilleşdirilen strategiýalaryna daýanýar. Şonuň üçin häzirki wagtda dünýä

ykdysadyýeti ABŞ-nyň innowasiýa ulgamyna we Hytaýyň önümçilik ulgamyna baglylykda ösýär. Bu ýurtlaryň ösüşi dünýä ykdysadyýetiniň köp merkezli gurluşa geçmegini çaltlandyrdy. Şeýle-de bolsa, häzirki wagtda ABŞ bilen Hytaýyň täsir edýän güýji global ykdysady ösüşiň ugruny kesgitleýän esasy faktor bolmagynda galýar.

Dünýä ykdysadyýetinde ykdysady merkezleriň emele gelmegi köpugurly we dowamly prosesdir. ABŞ bilen Hytaýyň mysalynda ykdysady güýç diňe baýlyklaryň mukdary bilen däl, eýsem, döwletiň innowasiýa mümkinçilikleri, bilim derejesi we halkara hyzmatdaşlyk ukyby bilen birlikde kesgitlenýändigini görmek bolýar. ABŞ häzirki wagtda hem dünýä ykdysadyýetiniň esasy faktory bolup galýar, emma Hytaýyň tiz ösüşi dünýäniň ykdysady deňagramlygyny üýtgedýär. XXI asyrda ykdysady merkezleriň köpugurlylygy we sebit taýdan paýlanyşy täze halkara ykdysady tertibiň emele gelmegine ýol açýar.

XXI asyrda dünýä ykdysadyýetinde güýç merkezleriniň köpugurlylygy we sebit taýdan paýlanyşy täze halkara ykdysady tertibiň emele gelmegine ýol açýar. Türkmenistanyň halkara ykdysady gatnaşyklaryny giňeltmegi hem şu global tendensiýalar bilen sazlaşykly ugurda alnyp barylýar.

### EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow. Türkmenistanyň Halk Maslahatynda eden çykyşy. – A., 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.

3. China’s Growth and Integration into the World Economy. – IMF Publication, 2024.

4. *Krugman P., Obstfeld M.* International Economics: Theory and Policy. – Pearson Education, 2018.

5. US – China Economic Relations and Global Balance. – Global Economic Review, №2, 2023.


## ФОРМИРОВАНИЕ ЭКОНОМИЧЕСКИХ ЦЕНТРОВ В МИРОВОЙ ЭКОНОМИКЕ (НА ПРИМЕРЕ США И КИТАЯ)


Данная научная статья анализирует формирование экономических центров в мировой экономике в XXI веке (на примере США и Китая).

Автор подчеркивает, что формирование экономических центров определяется не только результатом экономического развития, но и политической стабильностью государств, инновационным потенциалом, уровнем образования и способностью к международному сотрудничеству.

В работе констатируется, что США остаются ключевым фактором мировой экономики в настоящее время, однако быстрый рост Китая меняет глобаль-

ный баланс экономических сил. Подчёркивается, что многовекторность и региональное распределение экономических центров в XXI веке открывает путь к формированию нового международного экономического порядка.

Отмечаются, что расширение международных экономических отношений Туркменистана также осуществляется в гармонии с этими глобальными тенденциями, и демонстрируется, что данные сдвиги в мировой экономике и появление новых центров открывают новые возможности для страны.

## THE FORMATION OF ECONOMIC CENTERS IN THE WORLD ECONOMY (ON THE EXAMPLE OF THE USA AND CHINA)

This scientific article analyzes the formation of economic centers in the world economy in the 21st century (using the example of the USA and China).

The author emphasizes that the formation of economic centers is determined not only by the result of economic development but also by the political stability of the states, their innovation potential, the level of education, and the capacity for international cooperation.

The article shows that the USA currently remains a key factor in the world economy, but China's rapid growth is shifting the global balance of economic power. Consequently, it is clearly stated that the multi-polarity and regional distribution of economic centers in the 21$^{st}$ century pave the way for the formation of a new international economic order.

The article concludes by noting that the expansion of Turkmenistan's international economic relations is also carried out in harmony with these global trends, demonstrating that these developments in the world economy and the emergence of new centers open up new opportunities for the country.

**Şamyrat BEGENJOW,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistry.*

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINE DAŞARY ÝURT MAÝA GOÝUMLARY ÇEKMEGIŇ ÝOLLARYNY KÄMILLEŞDIRMEK

Täze tehnologiýalary, döwrebap enjamlary ornaşdyrmaga, adam maýasyna we ýurdumyzyň ekologik, durmuş-ykdysady abadançylygyny üpjün edýän ulgamlary ösdürmäge gönükdirilen daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň strategik ugurlarydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda içerki we daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna dürli pudaklarda gurlup ulanylmaga berilýän täze önümçilik desgalarynyň önüm berijiligi we öndürýän önüminiň hili döwletimiziň eksport kuwwatlylygyny artdyryp, goýlan maýa goýumlarynyň öz bellenilen möhletlerinde özüni ödemegine hem-de giren girdejileriň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň yzygiderli gowulandyrylmagyna şert döredýär.

Döwletimiz tarapyndan alnyp barylýan maýa goýum syýasatynyň baş maksady maýa goýum işjeňligini artdyrmak, ykdysady ösüşi çaltlandyrmak, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de ilatyň durmuş derejesini has-da gowulandyrmakdan ybaratdyr. Maýa goýum syýasaty diňe maliýe serişdelerini jemlemek däl, eýsem, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, önümçilik ulgamlaryny giňeltmek we düýpli maýa goýumlary maýadarlar üçin peýdaly görnüşde uýgunlaşdyrmak boýunça döwlet derejesinde amala aşyrylýan toplumlaýyn çäreler ulgamydyr. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden çekmek ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar [1].

Maýa goýum – bu toplanylan süýşürintgileri çökgünlikden goramak ýa-da maýa goýum guralynyň ýokary girdejililigi arkaly köpeltmek maksady bilen dürli aktiwlere gysga ýa-da uzak möhletli pul serişdeleri. Maýa goýumlary dürli şekillerde klassifikasiýa edilip bilner. Ýagny, goýumyň obýekti, möhleti, töwekgelçilik derejesi, gatnaşýanlar we formasy boýunça görnüşlere bölünýärler [3]. Türkmenistanda maýa goýum boýunça iş alyp barmak «Daşary ýurt maýa goýumlary barada» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrylýar. Kanunyň 1-nji maddasynda bellenilişi ýaly, daşary ýurt maýa goýumlary daşary ýurt maýa goýujysyna degişli raýat hukuklarynyň obýektleri, şol sanda pul serişdeleri, gymmatly kagyzlar, beýleki emläk, pulda bahasy kesgitlenen emläk hukuklary, intellektual işiň netijeleri üçin aýratyn hukuklar, şeýle hem hyzmatlar we maglumatlar görnüşinde Türkmenistanyň çägindäki telekeçilik işiniň obýektine daşary ýurt maýasyny goýmakdyr [4].

Maýa goýum syýasatynyň durmuşa geçirilmeginde we ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maliýe serişdeleriniň çekilmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyna uly orun degişlidir. Döwlet daşary ykdysady iş banky ileri tutulýan maýa goýum taslamalary maliýeleşdirmek üçin kiçi we orta möhletli daşary ýurt karzlaryny çekmek bilen, halkara maliýe bazarlarynda Türkmenistanyň adyndan çykyş edýän döwlet edarasydyr.

Daşary ýurt edebiýatynda maýa goýumlary, adatça, 2 topara, ýagny göni we bukja goýumlary diýlip bölünýär. Göni maýa goýumlary daşary ýurt maýa goýumçylary tarapyndan maýanyň beýleki ýurduň kärhanasyna gözegçiligi alar ýaly görnüşde ýerleşdirilmegini göz öňünde tutýar. Adatça, bu daşary ýurt kompaniýasynyň şu firmany öz bähbitlerinde peýdalanmakçy bolýan halatlarynda bolup geçýär. Bukja maýa goýumlarynda olaryň eýeleri üçin diňe girdejiniň ähmiýeti bardyr, kärhana gözegçilik etmek olary gyzyklandyrmaýar. Ýurtda daşary ýurt maýa goýumlaryna bolan gatnaşyk olaryň öz öňünde goýýan maksatlaryna baglydyr. Daşary ýurtlaryň göni maýa goýumlaryna diňe bir içerki düýpli goýumlar üçin goşmaça çeşme hökmünde seredilmän, eýsem täze, has kämil tehnologiýany, daşarky bazarda ýerleme ulgamyny, täze maliýeleşdiriş çeşmelerini elýeter etmegiň usuly hökmünde hem seredilýär.

Daşary ýurt maýa goýumlary täze önümçilikleriň döredilmegini çaltlandyrmaga ýardam edip bilerler. Şunuň bilen birlikde, serişdelere gözegçiligiň daşary ýurt korporasiýalaryna berilmegi olaryň daşary ýurtlara esaslandyrylmadyk pes bahalar boýunça gitmegine getirip biler, milli ykdysadyýetiň ösüş mümkinçiliklerine ýaramaz täsir eder diýen düýpli wehimler hem bardyr. Daşary ýurt maýa goýumlary babatynda hakyky syýasat olaryň gowy we ýaramaz taraplarynyň doly balansyna berilýän bahadan ugur alnyp gurulmalydyr [2].

«Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, ýurduň öndürijilik kuwwatyny durmuşa geçirmek we sosial pudagy ösdürmek üçin döwletimiz 278,9 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýmagy meýilleşdirýär [5]. Bu döwürde önümçilik kärhanalarynyň we beýleki desgalaryň gurluşygy arkaly goşmaça iş ýerleri döretmek meýilleşdirilýär. Ýaşaýyş jaýlarynyň, lukmançylyk edaralarynyň, çagalar baglarynyň, mekdepleriň, awtoulag ýollarynyň gurluşygyna, gaz, suw, energiýa we aragatnaşyk ulgamlaryny ösdürmek üçin ep-esli maýa goýumlary gönükdiriler. Ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek durmuş-ykdysady ösüşiň birnäçe meselelerini çözmäge ýardam eder. Ýagny ýurduň harytlaryny daşarky bazara çykarmak, eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge, diwersifisirlemäge, aýry-aýry, pudaklarda importyň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmäge ýardam etmek, täze iş ýerlerini döretmek, önümçiligi guramagyň öňdebaryjy görnüşlerini özleşdirmek we beýlekileri öz içine alýar.

Daşary ýurt maýa goýumlary çekmegiň ýollaryny kämilleşdirmekde, bu ugurda daşary ýurtly bilermenler bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek zerur hasaplanýar. Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek ugrunda 2025-nji ýylda uly göwrümli çäreleriň ençemesiniň amala aşyrylandygyny bellemek gerek. Has takygy, 6-njy martda Pekinde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: Türkmenistanda maýa goýumlaryny öňe sürmek boýunça konferensiýa» işewürlik forumy geçirildi. Forumyň maksady, daşary ýurtlarda kärhanalary ösdürmek boýunça birleşiginiň agzalary bolan 40 sany hytaý kompaniýasyna Türkmenistanyň maýa goýum mümkinçiliklerini görkezmekden ybarat boldy. Şeýle-de şol aýda Aşgabatda «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forum geçirilip, onuň işine Russiýa Federasiýasy, Gyrgyz Respublikasy, Fransiýa, Türkiýe, Germaniýa, Gazagystan, Hytaý, Angliýa, Estoniýa, ABŞ, Azerbaýjan, Ukraina, Owganystan, Niderlandlar Patyşalygy, Belarus we Saud Arabystany Patyşalygyndan daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşdy. Bu möhüm çärä wekilçilikli gatnaşmak Türkmenistanyň maýa goýum mümkinçiliklerine barha artýan gyzyklanmany görkezýär.

Aprel aýynda «Türkmengaz» we «Türkmennebit» döwlet konsernleriniň hem-de Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň guramagynda Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpur şäherinde Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara göçme forumy geçirildi. Bu forumyň maksady energiýa, ulag, aragatnaşyk, gurluşyk we maliýe ýaly türkmen ykdysadyýetiniň esasy pudaklaryna göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin mümkinçilikleri giňeltmek we energiýa pudagynyň durnukly ösüşi üçin sebit gepleşiklerini güýçlendirmekden ybarat boldy [7].

18–19-njy sentýabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Türkmenistanyň maýa goýum forumy ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmaga, göni maýa goýumlary çekmäge, hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirildi. Forumyň işi «Ygtybarly energetika durnuklylygy: Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumynyň ileri tutulýan pudaklarynyň ösüşi», «Türkmenistanyň gurluşygynda we senagatynda täze meýiller hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri», «Türkmenistanda ygtybarly ulag-kommunikasiýa infrastrukturasynyň ösüşi. Ulag-logistika ulgamyna maýa goýumlar», «Howa şertlerine durnukly oba hojalyk we gaýtadan işleýän oba hojalyk senagatyna maýa goýumlar», «Durnukly ösüşiň bähbidine sanly we «ýaşyl» özgertmeler», «Söwdanyň institusional esaslaryny berkitmek. Täze bazarlara ýol açmak», «Maýa goýum taslamalarynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy», «Howanyň üýtgemegi we durnukly geljek üçin ygtybarly infrastruktura», «Ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna gönükdirilen strategik ugur» atly temalara bagyşlanan mowzuklarda geçdi [6].

Maýa goýum forumy Türkmenistanyň maýadarlar üçin uly gyzyklanma döredýändigini hem-de ygtybarly hyzmatdaş hökmünde uly abraýa eýedigini

nobatdaky gezek tassyklap, milli ykdysadyýeti ösdürmek boýunça geljegi uly meýilnamalary durmuşa geçirmekde möhüm ädimleriň biri boldy.

30–31-nji oktýabrda Germaniýa Federatiw Respublikasynda geçirilen Türkmenistanyň Ykdysadyýet günleriniň maksady ýurdumyz bilen Germaniýanyň, şeýle hem Ýewropa Bileleşiginiň gyzyklanma bildirýän beýleki döwletleriniň arasyndaky söwda-ykdysady hem-de maýa goýum hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de berkitmekden, gatnaşyklaryň gerimini giňeltmekden ybarat boldy. Oňa Germaniýanyň 50-den gowrak öňdebaryjy kompaniýalarynyň, banklarynyň we senagat birleşikleriniň, 51 türkmen kompaniýasynyň we birnäçe döwlet düzümleriniň wekilleri gatnaşdylar. Forum hyzmatdaşlygyň söwda-ykdysady gatnaşyklar we göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde, ulag-logistika geçelgelerini ösdürmekde, şeýle hem energiýa hyzmatdaşlygy ýaly möhüm ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmakda möhüm orna eýe boldy [8].

Täze tehnologiýalary, döwrebap enjamlary ornaşdyrmaga, adam maýasyna we ýurdumyzyň ekologik, durmuş-ykdysady abadançylygyny üpjün edýän ulgamlary ösdürmäge gönükdirilen daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň strategiki ugurlarydyr. Şunda ulag-logistika pudagyna maýa goýumlar hem ýurdumyz üçin ileri tutulýan ugur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň geografik taýdan strategik çäkde ýerleşmegini, halkara ulag geçelgeleri ulgamynda möhüm orny eýeleýär. Türkmenistan Gündogar–Günbatar, Demirgazyk–Günorta halkara ulag geçelgeleriniň ugrunda wajyp halka bolup durýar. Şoňa görä, demir ýol, ulag we deňiz infrastrukturasynyň ösdürilmegi ýurdumyz üçin strategik ähmiýete eýedigini bellemek zerur. Bu barada sentýabr aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Türkmenistanyň maýa goýum forumynda hem giňişleýin bellenildi.

Türkmenistan işjeň ösýän, maýa goýum-senagat we ýeterlik derejede açyk ykdysadyýetli ýurtlaryň biridir. Döwletiň işjeň maýa goýum syýasaty türkmen ykdysadyýetiniň çalt we durnukly ösmeginde esasy faktorlardan biridir. Ýurdumyzda ýokary depginli maýa goýum syýasatyny alyp barmak üçin zerur şertler üpjün edilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy taýdan durnuklylygynyň, kuwwatly çig mal binýadynyň bolmagynyň, içerki bazarda energiýa göterijileriniň bahalarynyň bäsdeşlige ukyplydygynyň we durnukly derejede saklanýandygynyň, maýa goýumlaryň ygtybarly kepilini döredýän hukuk binýadynyň bolmagynyň türkmen bazarynyň özüne çekijiligini üpjün edýändigi, onuň maýa goýum babatda dünýä ýurtlary bilen gatnaşyklary ösdürmäge giň mümkinçilikleri açýar. Maglumatlara salgylansak, Türkmenistanda 2024-nji ýylda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça meýilnama 110 göterim ýerine ýetirildi. Munuň özi ýurdumyzyň dünýä ýurtlary bilen maýa goýum hyzmatdaşlygy mundan beýläkde ösdürmäge şert döredýär.

Bitaraplyga we hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan syýasy durnuklylyk daşary ýurtly işewürler üçin uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygy kepillendirýär we maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin möhüm esas bolup hyzmat edýär. Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň esasy wezipeleriniň hatarynda durýan maýa goýum syýasaty tutuş dünýäde wajyp ugurlaryň birine öwrüldi. Munuň özi ykdysady ösüş bilen bir hatarda, parahatçylygyň, howpsuzlygyň, halkara hyzmatdaşlygyň berkidilmegi nukdaýnazaryndan-da möhüm ähmiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan oýlanyşykly maýa goýum syýasaty ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösdürilmegine, ykdysady mümkinçilikleriň artdyrylmagyna hem-de halkymyzyň hal-ýagdaýynyň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir. Ykdysady ösüşe gönükdirilýän maýa goýum serişdeleri ählumumy gün tertibiniň wezipeleriniň üstünlikli çözülmeginiň baş şertini emele getirýär. Daşary ýurtly maýadarlar üçin amatly gurşawyň döredilmegi, bu ugurda degişli kanunçylygyň hereket etmegi hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirýänleriň sanynyň artmagyny şertlendirýär we ýurdumyzyň maýa goýum mümkinçiliklerini has-da ýokarlandyrýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan maýa goýum mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek maksady bilen, halkara söwda ulgamynda birek-birege hormat goýmak, deňhukuklylyk, ynanyşmak ýörelgeleri esasynda ýola goýulýan hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine örän jogapkärçilikli çemeleşýär.

## EDEBIÝATLAR


1. «Daşary ýurt maýa goýumlary barada» Türkmenistanyň Kanuny. 2008.
2. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlary çekmek» atly halkara foruma gatnaşylara Gutlagy.
3. *Rejepow Ç., Mämmedow Ý., Möwlamowa A.* Maýa goýumlar. – A.: TDNG, 2019.
4. *Ковалева В*. Инвестиции. – М., 2003.
5. business.com.tm
6. tdh.gov.tm
7. mfa.gov.tm
8. turkmenportal.com.tm


# УЛУЧШЕНИЕ МЕХАНИЗМОВ ПРИВЛЕЧЕНИЯ ИНОСТРАННЫХ ИНВЕСТИЦИЙ В ЭКОНОМИКУ ТУРКМЕНИСТАНА

Привлечение иностранных инвестиций, направленных на внедрение новых технологий, современного оборудования, развитие человеческого капитала и систем, обеспечивающих экологическое, социально-экономическое благополучие нашей страны, является стратегическим направ-

лением инвестиционной политики Туркменистана.В настоящее время производительность новых производственных объектов, вводимых в эксплуатацию в различных отраслях за счет внутренних и иностранных инвестиций, и качество производимой ими продукции увеличивают экспортный потенциал нашего государства, что создает условия для окупаемости вложенных инвестиций в установленные сроки и для постоянного улучшения условий жизни нашего народа за счет полученных доходов.В статье излагается информация о комплексной системе мер, осуществляемых на государственном уровне по инвестиционной политике Туркменистана, диверсификации экономики, расширению производственных систем и адаптации капитальных инвестиций в форме, выгодной для инвесторов. Предоставляется информация о необходимости создания благоприятной среды для иностранных инвесторов в целях совершенствования путей привлечения зарубежных инвестиций, о действии соответствующего законодательства в этой сфере, а также о развитии сотрудничества с экспертами.

## IMPROVING THE WAYS OF ATTRACTING FOREIGN INVESTMENTS TO THE ECONOMY OF TURKMENISTAN

Attracting foreign investment aimed at introducing new technologies, modern equipment, developing human capital, and systems that ensure the ecological and socio-economic well-being of our country is a strategic direction of Turkmenistan’s investment policy. Currently, the productivity of new production facilities commissioned in various sectors through domestic and foreign investments, and the quality of their manufactured products, increase our state’s export potential, which creates conditions for the recoupment of invested funds within established deadlines and for the consistent improvement of our people’s living conditions through the received income. This article presents grounded information on the system of integrated measures implemented at the state level concerning Turkmenistan’s investment policy, economic diversification, the expansion of production systems, and the adaptation of capital investments into a form beneficial to investors. Information is also provided on the necessity of creating a favorable environment for foreign investors to improve ways of attracting foreign investment, the operation of relevant legislation in this area, and the development of cooperation with experts.

**Ata BERDIGYLYJOW,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

# TÜRKMENISTANDA ÖNDÜRILEN ÖNÜMLERI HALKARA BAZARLARYNA ÇYKARMAKDA MARKETINGIŇ ÝÖRELGELERI WE OLARY KÄMILLEŞDIRMEK

Marketing düşünjesi ilkinji gezek XIX asyryň ahyrlarynda ABŞ-da peýda bolup, häzirki döwürde bütin dünýäde işewürligiň, ykdysady ösüşiň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Marketing diňe bir önümi satmak bilen çäklenmän, eýsem, müşderiniň islegini öwrenmek, bazardaky ýagdaýy seljermek, önümiň bäsdeşlik derejesini ýokarlandyrmak, şeýle hem kompaniýanyň abraýyny pugtalandyrmak ýaly birnäçe ugurlary öz içine alýar. Marketing diňe bir söwda däl, eýsem, ylmy taýdan seljerme, meýilleşdiriş, ykdysady düşünje we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň utgaşmasydyr. Häzirki wagtda ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna esaslanmagy, täze bäsdeşleriň peýda bolmagy, sanly tehnologiýalaryň giňden ulanylmagy bilen marketingiň orny has ilerleýär. Marketingiň esasy maksatlary:

– kärhananyň öndürýän harytlaryna we hyzmatlaryna bolan islegi ýokarlandyrmak;
– müşderi bilen dowamly gatnaşyk saklamak we onuň ynamyny gazanmak;
– kärhananyň bazardaky ornuny berkitmek;
– täze bazarlara çykmak;
– kärhananyň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak.

Marketing dürli ugurlara we maksatlara görä birnäçe görnüşe bölünýär. Şolaryň iň esasy görnüşleri bolup klassiki, sanly, hyzmat, sarp edijiler we sosial marketingler çykyş edýärler.

Döwletleriň ykdysady ösüşi diňe önüm öndürmek bilen çäklenmeýär. Häzirki döwürde dünýä bazarynda bäsdeşlik güýçlenýär, müşderiniň islegi üýtgeýär, täze tehnologiýalar yzygiderli ösýär. Şonuň üçin hem öndürilýän önümiň daşarky bazarda ýerlenmeginde marketingiň orny aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Dünýä tejribesi seljerilende, üstünlikli eksport edýän ýurtlaryň hemmesi öz milli marketing strategiýasyny döretmäge aýratyn üns berýärler. Mysal üçin, Koreýa Respublikasy eksport önümlerinde «K-brand» düşünjesini ornaşdyrdy, Türkiýe «Turquality» maksatnamasy arkaly milli brendleriň halkara derejesinde tanalmagyny üpjün etdi, Hytaý bolsa elektron söwda platformalary arkaly dünýä bazarlaryna giňden çykdy.

Eksport marketingi – ýurduň ykdysady strategiýasynyň aýrylmaz bölegi, daşary ýurtlardaky bazarlarda milli önümleriň abraýyny ýokarlandyrmagyň, brendiň tanalmagynyň hem-de ykdysadyýetiň durnukly ösüşiniň kepilidir. Eksport marketingi – bu önümçilik bilen daşary ykdysady gatnaşyklary baglanyşdyrýan möhüm

köpri. Onuň üsti bilen ýurtlaryň önümleri diňe söwda harydy däl, eýsem, olaryň medeni we ruhy gymmatlyklarynyň beýany hökmünde dünýä bazaryna çykýar. Eksport marketinginiň esasy wezipelerine daşary ýurt bazarlarynyň talaplaryny öwrenmek, harytlary ýerlemegiň we tanatmagyň netijeli usullaryny saýlamak, halkara derejesinde bäsdeşlige ukyply strategiýalary döretmek, müşderileriň ynamyny gazanmak we saklamak girýär. Şeýlelikde, eksport marketingi diňe ykdysady däl, eýsem, diplomatik ähmiýete hem eýedir. Ol ýurduň halkara abraýyny, ykdysady aýratynlyklaryny we ösüş kuwwatyny görkezýän güýçli serişdedir.

Marketingiň kämilleşdirilmeginde elektron söwda aýratyn orun eýeleýär. Häzirki wagtda dünýäde «e-commerce» bazary örän çalt ösýär, kompaniýalaryň aglabasy önümlerini «Amazon», «Alibaba», «Etsy» ýaly platformalar arkaly dünýä satýarlar. Elektron söwda, sosial mediada mahabat, internet arkaly bazary öwrenmek häzirki wagtda eksport marketinginiň iň täsirli ugurlarydyr. Kompaniýalar onlaýn ulgam arkaly daşary ýurtly müşderileri bilen gönüden-göni aragatnaşyk saklaýarlar, öz önümlerini wideo, surat, maglumat we interaktiw görnüşde tanadýarlar. Bu bolsa çykdajylary azaltmak bilen bir hatarda, kompaniýalaryň dünýä derejesinde bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrýar.

Eksport marketinginiň netijeliligi marketingiň dogry we ylmy esasda guralmagyna gönüden-göni baglydyr. Eksport amallarynda marketingiň kemçilikleri, esasan, ylmy çemeleşmäniň ýetmezçiliginden, barlaglaryň üstünden çalt geçilmeginden we sanly marketingiň mümkinçilikleriniň doly ulanylmazlygyndan gelip çykýar. Köp eksport subýektlerinde bazar barlaglarynyň ylmy esasda geçirilmezligi, maglumatlaryň statiki we analitiki taýdan işlenmezligi netijesinde ýerliksiz marketing kararlary kabul edilýär. Bu bolsa önümiň degişli bazara dogry çykmazlygyna getirýär. Esasy ýüze çykýan kemçilikleriň içinde önümleriň ýerli bazaryň aýratynlyklaryna uýgunlaşdyrylmazlygydyr. Her ýurduň özüne mahsus ykdysady, medeni, kadalaşdyryjy we sosial aýratynlyklary bar. Eksportda bolsa käwagt önümler şol bazara gerekli uýgunlaşdyrylmalar geçmezden hödürlenýär: gaplamanyň talaplara laýyk bolmazlygy, dil taýdan uýgunlaşdyrylmadyk maglumatlar, ýerli sarp ediş endiklerine ters görnüşde çykarylýan hyzmatlar. Bu ýagdaýlaryň ählisi önümiň kabul ediliş derejesini peseldýär. Şeýle hem marketing hyzmatlarynyň pes derejesi we täze tehnologiýalaryň ulanylmazlygy uly zyýan ýetirýär. Häzirki zaman marketingi giň maglumat akymyny, sanly gurallary, analitiki programmalar toplumy ýaly serişdeleri talap edýär. Köp eksport subýektlerinde bu ugurlaryň ýeterlik derejede ulanylmazlygy sebäpli müşderi maglumatlary doly seljerilmeýär, bazar tendensiýalary yzygiderli gözegçilikde saklanmaýar, sanly marketing mümkinçilikleri doly açylmaýar. Eksportda önümiň daşary ýurt bazarlarynda tanalmagy üçin reklama işi we marka gurluşygy esasy orun tutýar. Şol sebäpden reklamanyň mazmun taýdan şertlere laýyk bolmazlygy, maksatlaýyn müşderi toparyna gönükdirilmezligi, mahabat serişdeleriniň ylmy taýdan

seljerilmezden saýlanmagy, netijeleriň barlagynyň alnyp barylmazlygy mahabat çykdajylarynyň ýokary, täsiriniň bolsa pes bolmagyna getirýär. Bu kemçilikleri aradan aýyrmak üçin bazar barlaglaryny düýpli geçirmek, önümleri degişli şertlere uýgunlaşdyrmak, strategiýany ulgamlaýyn guramak, sanly marketing tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, müşderi hyzmatlaryny kämilleşdirmek zerurdyr. Şeýle çemeleşme eksportyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrar, daşary ýurt bazarlarynda durnukly orny üpjün eder.

Dünýä bazarynda diňe arzan baha bilen öňe çykmak mümkin däl. Häzirki wagtda kompaniýalar özboluşlylygy, hili we ynamy bilen tanalýar. Brend – bu diňe logotip ýa-da at däl, bu müşderiniň ýüregindäki garaýyş. Şonuň üçin hem kompaniýalar milli aýratynlyklaryny, taryhyny we gymmatlyklaryny öz brend strategiýasyna ornaşdyrýarlar. «Türkmenistanda öndürilen» nyşany bilen çykarylýan önümleriň köpüsi häzirki wagtda daşary ýurtlarda ýokary islegden peýdalanýar. Bu bolsa ýurdumyzyň brend gymmatynyň artýandygyny görkezýär. Türkmen önümleri diňe ykdysady taýdan däl, eýsem, medeni taýdan hem aýratyn orna eýedir. Milli nagyşlaryň, tebigy çig malyň, arassalygyň we hiliniň utgaşmagy daşary ýurtly müşderilerde ýokary ynam döredýär.

Berkakar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan eksport ugurlaryny giňeltmekde we dünýä bazarynda milli brendini ösdürmekde möhüm ädimleri ädýär. Ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň täze tapgyrynda nebitgaz pudagy bilen birlikde, dokma, halyçylyk, oba hojalyk önümleri, gurluşyk serişdeleri we azyk senagaty eksportyň esasy ugry bolup durýar. Soňky ýyllarda ýurdumyzda halkara sergilerde çykyş edýän eksportçylaryň sany artýar, sanly marketing ulgamynyň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär, kiçi we orta kärhanalaryň eksport mümkinçilikleri giňeýär, döwlet tarapyndan daşary bazarlara çykmak üçin goldaw çäreleri artdyrylýar. Döwlet tarapyndan telekeçilere yzygiderli berilýän goldaw hem marketingiň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda «Eksportyň ösdürilmegi baradaky Döwlet maksatnamasy», «Sanly ykdysadyýet Konsepsiýasy» ýaly möhüm resminamalaryň çäklerinde eksport mümkinçiliklerini giňeltmek üçin giň şertler döredilýär. Bu ugurda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary, maýa goýum çärelerine, halkara işewür sapaklaryna gatnaşmaga berilýän üns, hususy pudagyň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak boýunça durmuşa geçirilýän işler uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, «TEIF–2025» – Kuala Lumpurda geçirilen Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara forumynda nebit-gaz, ulag, gurluşyk, senagat we energetika pudaklarynda hyzmatdaşlyk mümkinçilikleri giňden ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu çärä daşary ýurtly iri kompaniýalar we guramalar gatnaşyp, Türkmen önümçiliginiň dünýä bazarlaryna çykmakdaky mümkinçilikleri görkezildi. Şeýle hem «IFT – 2025» – Aşgabatda hususy pudaga maýa çekmek maksady bilen geçirilen forumda türkmen

telekeçileri we daşary ýurtly maýadarlar özara pikir alyşdylar. Şeýle hem önümleriň hilini we eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak, brendleri halkara ülňülerine laýyk gelýän derejä ýetirmek üçin strategiýalar ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu çäreler türkmen önümleriniň abraýyny ýokarlandyrmak we daşary ýurt bazarlarynda bäsdeşlige ukyply bolmak ugrunda möhüm ädimler boldy.

Halkara forumlaryň geçirilmegi önümleri daşary ýurt bazarlaryna çykarmak isleýän öndürijiler üçin uly mümkinçilik bolup durýar. Forumlaryň esasy artykmaçlygy: alyjylar we hyzmatdaşlar ýakyndan tanyşýarlar, önümleriň hakyky gymmaty we bildirilýän islegler, bazar talaplary barada göni maglumatlar berilýär, hususan-da, hiliň we daşky görnüşiň halkara ölçeglerine laýyk gelmegi üçin görkezmeler alynýar.

Türkmenistanda öndürilen önümleri halkara bazarlaryna çykarmak, marketingiň döwrebap ýörelgelerini ornaşdyrmak, elektron marketing mümkinçiliklerini giňeltmek, döwlet we hususy pudagyň hyzmatdaşlygyny artdyrmak ugrunda uly işler alnyp barylýar. Şeýle toplumlaýyn çemeleşme ýurdumyzyň eksport mümkinçilikleriniň artmagyna, türkmen önümleriniň dünýä bazarlarynda tanalmagyna we ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegine itergi berer. Marketingiň ylmy esasda kämilleşdirilmegi diňe ykdysady taýdan däl, eýsem, ýurdumyzyň halkara abraýyny pugtalandyrmak taýdan hem möhüm ähmiýete eýedir.

## EDEBIÝATLAR


1. *Kotler P., Keller K.L.* Marketing Management, 15th Edition, 2016.
2. tif-turkmenistan.com
3. ift.com.tm


# ПРИНЦИПЫ МАРКЕТИНГА И ИХ СОВЕРШЕНСТВОВАНИЕ ПРИ ЭКСПОРТЕ ПРОДУКЦИИ, ПРОИЗВЕДЕННОЙ В ТУРКМЕНИСТАНЕ, НА МЕЖДУНАРОДНЫЕ РЫНКИ


В данной статье теоретически и практически анализируется стратегическое значение маркетинга для реализации экспортного потенциала национальной экономики. Основная цель статьи – научное выявление недостатков маркетинга, возникающих при экспорте туркменской продукции на международные рынки, и представление аналитических решений по их устранению. В связи с этим подчеркивается важность развития рекламной деятельности, активного использования онлайн-площадок для торговли, повышения качества товаров и их индивидуальной адаптации для каждого целевого рынка, развития цифровых технологий, укрепления глобальной конкурентоспособности и устойчивости товаров посредством расширения стратегического партнерства.

## PRINCIPLES OF MARKETING AND THEIR IMPROVEMENT FOR THE EXPORT OF PRODUCTS MANUFACTURED IN TURKMENISTAN TO INTERNATIONAL MARKETS

This article provides a theoretical and practical analysis of the strategic importance of marketing for realizing the national economy's export potential. The article's primary objective is to scientifically identify marketing shortcomings that arise when exporting Turkmen products to international markets and to present analytical solutions for addressing them. In this regard, the article emphasizes the importance of developing advertising, actively using online trading platforms, improving product quality and tailoring them to each target market, developing digital technologies, and strengthening global competitiveness and product sustainability through strategic partnerships.

**Aýbölek GURBANOWA,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

## GLOBAL YKDYSADYÝETDE SÖWDA WE WALÝUTA ÇAPRAZLYKLARYNY KADALAŞDYRMAK MESELESI

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän ägirt uly özgerişlikler döwletimiziň mundan beýläk-de barha kuwwatlanmagyny, şol sanda dünýä ykdysadyýetinde çalt ösýän ýurtlaryň öňdäki hatarlarynda bolmagyny kepillendirýär. Milli eksport mümkinçiliklerimizi artdyrmak maksady bilen, 2015-nji ýylyň maý aýynda «Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Bu Maksatnamada Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmagyň himiýa we ýeňil senagaty, gurluşyk pudagy, maşyngurluşygy, oba hojalyk hem-de azyk senagaty, farmasewtika ýaly esasy ugurlary kesgitlenilýär. Bulardan başga-da, Maksatnamada Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça gurulmaly kärhanalaryň sanawy hem tassyklanyldy.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki eden çykyşynda global ykdysadyýetde döwletimiziň ornuny berkitmekde belent wezipeleri kesgitleýän şu garaýyşlaryny öňe sürdi: «Biz döwlet maýa goýum syýasatynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak üçin zerur işleri alyp barýarys. Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça geçirilýän halkara forumlar täze işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmaga, ýurdumyzyň maýa goýum mümkinçilikleri bilen tanyşmaga gowy şert döredýär.

Biz geljekde hem maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmak, bu ugurdaky halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda alyp barýan işlerimizi dowam etdireris. Ýurdumyzda sebit we milli maýa goýum taslamalarymyz üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu bolsa Diýarymyzyň sebitleriniň ykdysady kuwwatyny yzygiderli berkidýär» [1].

Türkmenistanyň daşary-söwda we ykdysady gatnaşyklaryny okgunly giňeltmek we diwersifikasiyalaşdyrmak wezipesi «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen strategik maksatlaryň hatarynda durýar. Şunuň bilen baglylykda, Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda hem dünýäniň ykdysady ginişligine deňhukukly goşulmak üçin ýardam berjek zerur şertleri döretmek esasy maksatlaryň we wezipeleriň hatarynda kesgitlenendir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylyş dabarasyndaky gutlag sözünde daşary söwdanyň ähmiýeti barada aýtmak bilen, bu işde hususy kärhanalaryň goşandynyň barha giňelýändigini nygtap, şeýle diýdi: «Häzirki wagtda Türkmenistany senagatlaşdyrmak boýunça durmuşa geçirilýän işler esasynda hereket edýän hususy kärhanalar alyp barýan işiniň gerimini has-da giňeldýärler. Olar innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylan häzirki zaman kärhanalaryny gurýarlar we döwrebap önümçilikleri, täze iş orunlaryny döredýärler. Hyzmatlar ulgamyny ösdürmäge uly goşant goşýarlar. Şeýle hem içerki bazary azyk önümleri we halkyň sarp edýän harytlary bilen üpjün etmek bilen bir hatarda, olaryň artýan möçberini dünýäniň 50-den gowrak ýurduna eksport edýärler» [3].

Türkmenistanyň uzak möhlete gönükdirilen maliýe-ykdysady çäreleriň netijeli durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň daşary söwdasynyň ösmegine we «Türkmenistanda öndürildi» diýlip atlandyrylýan harytlara islegiň ýokarlanmagyna sebäp boldy. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýä ykdysady giňişliginde özüniň ähmiýetli ornuny eýelemek bilen, daşary bazarlara eksportynyň geografiýasyny giňeltdi. Netijede, daşary ýurtlara eksport edilýän oba hojalyk, azyk, dokma, elektron, gurluşyk materiallary we öý himiki serişdeleriniň mukdary artdyryldy.

Ýokarda aýdylanlar bilen baglanyşyklykda, milli ykdysadyýetiň çalt depginler bilen ösmeginiň zerur şertleriň biri hökmünde dünýäniň dürli döwletleri bilen ýokary tehnologiýaly pudaklarda hyzmatdaşlyk etmäge, söwda-ykdysady gatnaşyklary hil we mazmun taýdan has ýokary derejelere çykarmak işi giň gerimler bilen alnyp barylýar. Global ykdysadyýete goşulmak bilen, ýurdumyzyň halkara söwdasyny, eksport-import boýunça dünýä bazarynda hem-de maýa goýum ulgamlarynda milli bähbitleri goramagy üpjün etmek örän wajyp bolup durýar.

Gahryman Arkadagymyz özüniň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitabynda belleýşi ýaly, Türkmenistany

dünýäniň ýokary ösüşli döwletleriniň hataryna çykarmak boýunça maksatlaýyn meýilnamalara ýetmek üçin aşakdaky strategik wezipeleriň çözülmegi zerurdyr. Gahryman Arkadagymyz olaryň arasynda şeýle wezipeleri öňde goýýar: «Ýurduň eksport mümkinçiligini goşmaça gymmaty ýokary bolan harytlaryň we hyzmatlaryň hasabyna giňeltmek, önümleri ýerleşdirmegiň geljegi uly bazarlaryny giňeltmek; daşarky bazarda iş alyp barmak üçin ýurdumyzyň maýasyny daşary çykarmak maksady bilen, maliýe ulgamynyň durnukly ösdürilmegi, karz bermek, girewine almak mümkinçilikleriniň, şeýle hem maliýe serişdeleriniň goýulmagynyň ýokarlanmagy [2].

Ýokarda görkezilen wezipeleri talabalaýyk amala aşyrmak üçin häzirki döwürde we geljekde halkara maliýe guramalary hem-de maliýe edaralary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek möhüm ugur hökmünde hasaplanýar. Şundan ugur alnyp, milli eksport-import we ätiýaçlandyryş guramalary, halkara banklar we ösüş gaznalary bilen hyzmatdaşlyk yzygiderli giňeldilýär. Ýurdumyzda Türkiýäniň, Çehiýanyň, Malaýziýanyň halkara maliýe edaralary hem-de Hytaýyň «Exim» banky, Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, şeýle-de «Hermes», «Coface» we OND ätiýaçlandyryş guramalary bilen uzakmöhletleýin hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Halkara banklaryň we ösüş gaznalarynyň arasynda maliýe guramalary bolan Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky, Yslam ösüş banky, OPEK gaznasy, Abu-Dabiniň Ösüş gaznasy we Saud Arabystanynyň Ösüş gaznasy has ýokary işjeňlik görkezýärler [4].

Halkara maliýe institutlary we maliýe edaralary tarapyndan islendik bir ýurduň maýa goýum taslamalary maliýeleşdirilende, ol ýurduň ykdysadyýeti öwrenilýär we halkara derejeli reýting baha beriş agentlikleriniň berýän bahalaryndan ugur alynýar. Muňa mysal edip, 2023-nji ýylyň 4-nji awgustynda «Fitch Ratings» agentliginiň geçiren seljermeleriniň netijesinde, Türkmenistanyň reýtingi «B + oňyn» derejesinde tassyklanyldy. 2025-nji ýylyň iýul aýynda agentlik tarapyndan gaýtadan geçirilen seljermede bolsa Türkmenistanyň reýtingini «BB-durnukly» çaklama bahasyna çenli ýokarlandyryldy [5].

Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşmagy integrasiýa hereketlerini güýçlendirýär hem-de söwda amallary ýokary tehnologiýaly harytlar, hyzmatlar, maglumatlar taýdan üpjün edilen bazar gatnaşyklary arkaly ýerine ýetirilýär. Öndürijileriň, ilkinji nobatda, transmilli korporasiýalaryň önümçilik mümkinçilikleri ýokarlanýar, harytlaryň we hyzmatlaryň düýpgöter täze görnüşleri emele gelýär. Ylmy-tehniki işläp taýýarlamalaryň dünýä bazarynyň täze pudaklary döreýär. Şol bir wagtda-da, halkara maliýe ulgamy hem ösýär hem-de ulag-logistikanyň bütindünýä infrastrukturasy giňelýär. Bularyň ählisi ýurtlaryň arasynda halkara ykdysady alyş-çalşygy çaltlandyrýar we ýeňilleşdirýär. Munuň özi bolsa milli ykdysadyýetleriň özara ýakynlaşmagyna ýardam berýär [6].

Ýewropanyň Merkezi bankynyň bilermenleriniň garaýyşlaryna görä, halkara söwdasynda walýuta çaprazlyklarynyň öňüni almak üçin ulgamlaýyn çäreleriň amala aşyrylmagy zerur bolup durýar. Mysal üçin, 2010-njy ýylyň Ýewropadaky ykdysady çökgünligine çenli bolan döwürde söwda işjeňliginiň esasy görkezijileri ýewro ölçeglerine seljerilýärdi. Emma maliýe üpjünçiliginiň kepilnamalaryny işläp düzmekde 2012-nji ýylda amerikan dollary bilen bilelikde, britan funt-sterlinginde we ýapon ýeninde hem hasaba alnyp başlamak kararyna gelindi. Bu, aýratyn hem, obligasiýalary ýerleşdirmegi meýilleşdirmekde maksadalaýyk bolup durýardy. Girdejilik mümkinçiliklerini kesgitlemekde töwekgelçilikleri hem göz öňünde tutmak üçin «ýewro–dollar» deňeşdirmeleriniň jübüti has netijeli boldy [7]. Şol bir wagtda-da, soňky döwürlerde global yksadyýetiň başdan geçirýän çylşyrymly ýagdaýlarynda halkara söwda gatnaşyklarynyň walýuta ölçeglerini öwrenmek we bar bolan çaprazlyklary çözmek meselesi has-da derwaýys häsiýete eýe bolýar. Mysal üçin, walýuta töwekgelçiliklerini seljermekde tanalýan bilermen Adem Tumerkanyň pikirlerine görä, halkara söwdanyň çylşyrymlaşýan şertlerine walýuta çaprazlygy, köplenç halatda, emeli usullar arkaly hem döredilýär. Sebäbi milli walýutanyň gymmaty peselende ýurduň harytlaryny eksport etmeklik üçin oňaýly bazar bahalary döreýär. Netijede, eksport ösýär we harytlary öndürijiler peýda gazanýarlar. Emma bu emeli usuly birbada ençeme ýurt ulansa, onda halkara bazarynda başagaýlyk döräp biler we bu ýagdaý inflýasiýanyň ösmegine, söwda-walýuta gatnaşyklarynyň durnuksyz hala gelmegine sebäp bolup biler. Şu sebäpli hem söwda hem-de walýuta çaprazlyklaryny aradan aýyrmak üçin ähli gyzyklanýan taraplaryň, ilkinji nobatda bolsa ýurtlaryň bilelikdäki hyzmatdaşlygy zerur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, halkara maliýe hem-de söwda guramalarynyň ähmiýeti barha ösýär [8].

Ýokardaky ýagdaýlar bilen baglylykda, Türkmenistan global ykdysadyýetde döreýän şertleri hasaba almak bilen, eksporty ösdürmek boýunça yzygiderli çäreleri geçirýär. Türkmenistanda ornaşdyrylan «Eksport-import amallary üçin ýeke penjire» ulgamy, sanly ykdysadyýete geçmekde möhüm tapgyrdyr. Bu taslama Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy we Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş konferensiýasy (UNCTAD) ýaly halkara guramalarynyň işjeň hyzmatdaşlygy bilen halkara ülňülerine laýyklykda durmuşa geçirildi. «Bir penjire» ulgamy daşary ykdysady işjeňligi ep-esli çaltlaşdyrdy we ýönekeýleşdirdi. Resminamalary has çalt derejede gaýtadan işlemek eksportyň ösmegi we daşary söwdada täze hyzmatdaşlaryň sanynyň artmagy üçin şert döredýär.

Söwda we walýuta çaprazlyklarynyň ters täsirleriniň öňüni almak üçin banklaryň hem ähmiýetli orny uludyr. Ýurtda milli puluň ýeke-täk hümmetiniň saklanmagy, bank ulgamyndaky bitewi döwlet pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary bolan kadaly pul dolanyşygynyň, netijeli pul-karz syýasatynyň alnyp barylmagy, bank karzlarynyň ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna gönükdirilýän görnüşleriniň

we möçberleriniň artdyrylmagy, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň berkidilmegi, ýuridik we fiziki şahslaryň ykdysady işjeňliginiň maliýeleşdirilmegi ugrunda amatly şertleriň döredilmegi döwlet syýasatynyň rowaçlanýandygynyň aýdyň nyşanydyr [9].

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşy.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.

3. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylyş dabarasyndaky Gutlag sözi. 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabry.

4. *Myradow G., Ilýasow I.* Halkara maliýe institutlary we maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk ykdysady ösüşleri nazarlaýar. – Maliýe we ykdysadyýet // №4, 2025.

5. *Garahanowa G., Berdiliýew K.* Halkara ykdysady goşulyşmanyň dünýä hojalygyny ösdürmekdäki ähmiýeti. – Maliýe we ykdysadyýet // №3, 2025.

6. *Stefano Corradin, Florian Heider, Marie Hoerova.* On collateral: implications for financial stability and monetary policy. – European Central Bank Discussion Paper Series // №25.

7. *Adem Tumerkan.* From Trade Wars to Currency Wars: Why the Real Global Economic Fight Is Just Beginning. April 11, 2025.

8. *Haýytowa D.* Türkmen manady–durnukly ösüşiň kepili, milli buýsanjymyzyň nyşany. – Maliýe we ykdysadyýet // №5, 2024.


# ПРОБЛЕМАТИКА РЕГУЛИРОВАНИЯ ТОРГОВЫХ И ВАЛЮТНЫХ КОНФЛИКТОВ В ГЛОБАЛЬНОЙ ЭКОНОМИКЕ


Статья посвящена исследованию содержания и основных характеристик торговых и валютных конфликтов в глобальной экономике и определению путей их регулирования.

В статье анализируются основные признаки и направленности проблематики регулирования торговых и валютных конфликтов в глобальной экономике. Рассматриваются также меры по укреплению национальной экономики, в частности, банковской системы, практики торгово-валютных операций, чтобы не допустить конфликтности в области внешней торговли. Подчеркивается важность сотрудничества с международными структурами, создания благоприятного инвестиционного климата и совершенствования экспортно-импортных операций. Анализируется опыт укрепления национальной валюты и поддержки денежно-кредитных операций, в том числе и для частного предпринимательства.

## THE PROBLEMS OF REGULATING TRADE AND CURRENCY CONFLICTS IN THE GLOBAL ECONOMY

This article examines the content and main characteristics of trade and currency conflicts in the global economy and identifies ways to regulate them.

The article analyzes the main features and areas of concern in regulating trade and currency conflicts in the global economy. It also examines measures to strengthen the national economy, particularly the banking system and practices of trade and currency transactions, to prevent conflicts in foreign trade. The importance of cooperation with international organizations, creating a favorable investment climate, and improving export-import operations is emphasized. Experience in strengthening the national currency and supporting monetary operations, including for private enterprise, is analyzed.

**Aýgül HAÝYTOWA,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

## TÜRKMENISTANYŇ DEMIR WE GARA ÝOL ULAG ULGAMYNDA DAŞARY SÖWDA DAŞAMALARYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Türkmenistan Merkezi Aziýanyň ulag-logistika ulgamynda möhüm strategik orny eýeleýär. Döwletimiz üstaşyr geçelgeleriniň çatrygynda ýerleşip, dürli ugurly halkara ykdysady gatnaşyklar üçin möhüm logistik merkez hasaplanýar. Ýurdumyzyň içerki we daşarky ulag arabaglanyşygy üçin ähli şertleriň döredilýän Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ulag ulgamynyň köptaraply ösdürilmeginiň ähmiýeti barha artýar. Munuň özi milli ykdysadyýetiň ösüşine, Türkmenistanyň Ýewraziýanyň söwda-ulag ýollarynyň möhüm çatrygynda çäk taýdan ýerleşişiniň amatlyklaryndan dolulygyna peýdalanmaga şert döredýär. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň üstünlikli durmuşa geçirýän syýasatyna laýyklykda, Türkmenistan ulagyň ähli görnüşiniň maddy-enjamlaýyn binýadyny we infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrýar, geljegi uly üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek bilen, durnukly ösüşiň, ählumumy abadançylygyň bähbitlerine ulag diplomatiýasyny barha ilerledýär [1]. Türkmenistanyň daşary söwdasy, esasan, iki möhüm ulag görnüşine – demir ýol we gara ýol arkaly amala aşyrylýar.

Daşary söwda daşamalary logistikanyň möhüm düzüm bölegi bolup, harytlaryň üsti bilen ykdysady gatnaşyklary giňeldýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň infrastrukturasynda giň möçberli özgertmeler alnyp barylýar: täze ýollaryň çekil-

megi, bar bolan ugurlaryň döwrebaplaşdyrylmagy, sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy we halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi daşary söwda akymlarynyň artmagyna itergi berýär. Şeýle şertlerde demir ýol we gara ýol daşamalarynyň aýratynlyklaryny giňişleýin seljermek logistik syýasatyň möhüm ugry bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary söwda ulgamynda demir ýol ulagynyň orny uludyr. Ýurdumyz demir ýol ulgamy babatda ençeme döwletler bilen hyzmatdaşlygy alyp barýar. Oňa mysal edip, 2025-nji ýylyň 6–8-nji sentýabry aralygynda türkmen wekiliýetiniň Eýran Yslam Respublikasyna amala aşyran saparyny görkezmek bolar. Saparyň dowamynda geçirilen duşuşykda, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna agza ýurtlaryň arasyndaky ýük dolanyşygyny giňeltmek boýunça demir ýol ulgamy boýunça hyzmatdaşlygy artdyrmak, Ermenistan–Eýran–Türkmenistan–Gazagystan üstaşyr ulag geçelgesi boýunça ýük daşamak we bu ugry netijeli peýdalanmak boýunça hem maslahat edildi [2]. Demir ýol ulgamy Türkmenistanda iň durnukly we ýeňil bahaly daşama usullarynyň biri bolup, iri göwrümli harytlary uzak aralyga amatly bahadan daşamaga mümkinçilik berýär. Demir ýol arkaly ýüklenilýän harytlaryň uly bölegi eksport önümleridir. Türkmenistan Demirgazyk–Günorta, Gündogar–Günbatar ulag geçelgeleriniň möhüm bölegi bolup, Gazagystan, Eýran, Özbegistan, Täjigistan we Owganystan bilen birleşýän strategik demir ýol ugurlaryna eýedir. Häzirki wagtda sanly ulgama geçmek bilen, Elektron deklarasiýa ulgamy, sanly serhet geçiş ulgamlary we gümrük hyzmatlarynyň awtomatlaşdyrylmagy daşamalaryň tizligini ýokarlandyrýar.

Demir ýol ulagynyň esasy aýratynlyklary:
– 60 tonnadan ýokary göwrümli harytlary ýeňil bahadan daşamak,
– howa şertlerinden az derejede baglylyk,
– ýokary durnuklylyk we howpsuzlyk derejesi,
– gysga wagtyň içinde köp mukdarda haryt daşamak.

Eksport harytlarynyň arasynda polimerler, gaz kondensaty, karbamid, çig mal, pagta süýümi we gurluşyk serişdeleri hem bar. Import boýunça bolsa tehnologiýa enjamlary, himiýa senagaty önümleri, gurluşyk serişdeleri we sarp ediş harytlarynyň aglaba bölegi demir ýol arkaly gelip gowuşýar. Döwletimizde demir ýol bilen birlikde, daşary söwdada gara ýol daşamalary hem möhüm orna eýedir. Gara ýol daşamalary Türkmenistanyň daşary söwdasynda iň çeýe we çalt hyzmat edýän ugurlaryň biridir. Awtoulaglar dürli görnüşli we dürli göwrümli harytlary ýokary tizlikde eltmäge mümkinçilik berýär. Çalt we tiz hyzmatyň artykmaçlygy:
– ýeňil senagat harytlarynyň;
– kiçi göwrümli we gymmat bahaly ýükleriň;
– operatiw eltilmegi talap edilýän serişdeleriň daşalmagynda möhüm ugur bolup çykyş edýär.

Soňky ýyllarda döwrebap awtomobil ýollary guruldy. Bu ýollaryň üsti bilen Türkiýe, Eýran, Azerbaýjan, Gazagystan, Gruziýa we GDA ýurtlaryna çykmak

mümkinçiligi artýar. Awtoulag ulagynda elektron gümrük, onlaýn hasaba alyş, GPS ulgamly ýol barlagy we elektron resmileşdirme ýaly hyzmatlaryň ornaşdyrylmagy:

– geçiş wagtyny 30–45% peseldýär;

– çykdajylary azaldýar;

– halkara hyzmatdaşlygyň hilini ýokarlandyrýar.

Ulag ulgamlarynyň arasynda utgaşykly işlemek daşary söwda akymlarynyň durnuklylygyna we tizligine oňyn täsir edýär. Multimodal daşamalar (bir harydy birnäçe ulag görnüşiniň birleşmegi arkaly eltmek) häzirki wagtda Türkmenistanyň ulag syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Multimodal daşamalaryň artykmaçlygy:

– wagtyň tygşytlanmagy;

– çykdajynyň azalmagy;

– haryt akymynyň giňelmegi;

– halkara hyzmatdaşlygynyň berkemegi.

Türkmenbaşy Halkara deňiz porty, Aşgabat halkara logistika merkezi ýurtlaryň arasynda logistik gatnaşyklary güýçlendirýär. Demir ýol bilen harytlar gysga wagtyň içinde awtoulaglara ýüklenip, islendik sebitlere ugradylýar. Şeýlelikde, üpjünçilik zynjyrynyň dolandyrylyşy çeýe we täsirli bolýar. Türkmenistan halkara logistika ulgamynda möhüm orny eýeläp, birnäçe daşky we içerki kynçylyklar bilen hem ýüzbe-ýüz bolýar:

– halkara ýagdaýlaryň üýtgemegi;

– gümrük proseduralarynyň uzalmagy;

– möwsümlilik sebäpli ýol şertleriniň üýtgemegi;

– halkara tranzit harytlarda talaplaryň üýtgeýänligi;

– halkara standartlaryna laýyklykda hyzmatdaşlygyň dowamly kämilleşdirilmegi.

Döwlet tarapyndan alnyp barylýan sanly özgertmeler, täze ulag taslamalary we halkara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegi kynçylyklary azaldýar. Türkmenistanyň demir ýol we gara ýol ulag ulgamlary ýurduň daşary söwda gatnaşyklarynyň esasyny düzýär. Demir ýol ulgamy uzak aralykdaky uly göwrümli ýüklere amatly çözgüt hödürlese, gara ýol ulgamy tiz we çeýe hyzmatlary ýerine ýetirýär. Iki ulgam utgaşykly işläp, Türkmenistanyň üstaşyr ýurt hökmünde mümkinçiliklerini giňeldýär. Soňky ýyllarda dowam edýän ulag taslamalary, awtomobil we demir ýollaryň giňeldilmegi, sanly ulgamlaryň ornaşdyrylmagy we halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi ýurdumyzyň dünýä ykdysady ulgamyndaky ornuny berkitmäge mümkinçilik berýär.

Geljekki ösüş ugurlary:

– halkara geçelgeleriň kuwwatynyň artdyrylmagy;

– sanly logistika ulgamlarynyň giňden ornaşdyrylmagy;

– multimodal daşamalaryň giňeldilmegi;

– täze logistika merkezleriniň döredilmegi;

– ekologiýa taýdan arassa ulag serişdeleriniň ulanylyşynyň giňeldilmegi.

## EDEBIÝATLAR

1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar–Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I–XV tom. – A.: TDNG, 2008–2023.
3. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. – A.: TDNG, 2010.
4. Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri. – A.: TDNG, 2010.
5. *Kazygulyýew A. we başg.* Dünýä ykdysadyýeti. – A.: TDNG, 2016.
6. Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy // 2024.
7. turkmenportal.com
8. orient.tm.ru
9. tdh.gov.tm
10. turkmenistan.gov.tm
11. mfa.gov.tm
12. metbugat.gov.tm
13. worldbank.org


# ОСОБЕННОСТИ ВНЕШНЕТОРГОВЫХ ПЕРЕВОЗОК В ЖЕЛЕЗНОДОРОЖНОЙ И АВТОМОБИЛЬНОЙ ТРАНСПОРТНОЙ СИСТЕМЕ ТУРКМЕНИСТАНА


Анализируются особенности внешнеторговых перевозок Туркменистана по железнодорожным и автомобильным транспортным маршрутам. Описываются геостратегическое положение страны, транзитные возможности и роль международных переходов. В статье раскрываются преимущества железнодорожного транспорта при крупномасштабных и дальних грузоперевозках, его значение в экспортно-импортных потоках и экономическое влияние транзитных возможностей. Анализируется также обеспечение автомобильным транспортом быстрых, гибких и оперативных услуг, развитие современных автомагистралей, влияние цифровых таможенных и логистических систем. Особое внимание уделяется совместимости систем, возможностям мультимодальных перевозок и оптимизации цепочки поставок. Описываются трудности, которые могут возникнуть в международных логистических планах, и роль государственной политики в их устранении. В результате исследования определено, что железнодорожные и автомобильные системы Туркменистана играют важную роль в развитии внешней торговли и имеют стратегическое значение в превращении страны в региональный логистический центр.

## CHARACTERISTICS OF FOREIGN TRADE TRANSPORTATION IN TURKMENISTAN'S RAIL AND ROAD TRANSPORT SYSTEMS

This research article analyzes the specifics of Turkmenistan's foreign trade transportation via rail and road routes. It examines the country's geostrategic position, transit opportunities, and the role of international crossings. It explores the advantages of rail transport for large-scale and long-distance freight shipments, its importance in export-import flows, and the economic impact of transit opportunities. It also analyzes how road transport provides fast, flexible, and efficient services, the development of modern highways, and the impact of digital customs and logistics systems. Particular attention is paid to system compatibility, multimodal transportation opportunities, and supply chain optimization. Potential challenges in international logistics plans are discussed, as well as the role of public policy in addressing them. The study concludes that Turkmenistan's rail and road systems play a significant role in the development of foreign trade and are strategically important in transforming the country into a regional logistics hub.

**Güljeren MÄMMEDOWA,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

## TÜRKMENISTAN BILEN KOREÝA RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDAKY SÖWDA-YKDYSADY HYZMATDAŞLYGYŇ ÄHMIÝETI

Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy iki ýurduň arasynda dürli ugurlarda hyzmatdaşlygyň esasyny goýdy. Bu gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda resmi taýdan başlady. Şol döwürden başlap, iki ýurduň arasynda syýasy, ykdysady, medeni we bilim ugurlarynda ysnyşykly gatnaşyklar ösdürilip başlandy. Bu gatnaşyklaryň iň möhüm bölegi bolsa söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk bolup durýar, sebäbi ykdysady hyzmatdaşlyk halklaryň durmuş derejesine, döwletleriň ösüş strategiýasyna we halkara abraýyna täsir edýär.

Koreýa Respublikasy dünýäniň iň ösen ykdysadyýetleriniň biri hökmünde tanalýar. Bu ýurt ýokary tehnologiýaly önümçilik, elektronika, awtomobil senagaty, gämi gurluşygy, IT ulgamy we bilim ulgamynda öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. Koreýa ykdysady taýdan çalt ösmegi bilen dünýäde «Koreýa möjizesi» adyny alan ösüş modelini döretdi. Bu ösüş modeli dünýäniň köp ýurtlary üçin nusga bolup hyzmat edýär. Şol sanda Türkmenistan üçin hem Koreýa Respublikasynyň tejribesi örän ähmiýetlidir.

Türkmenistan bolsa Merkezi Aziýada strategik taýdan möhüm ýerleşýän, tebigy baýlyklary bilen tanalýan ýurtlaryň biridir. Hususan-da, gazyň we nebitiň ägirt uly gorlary, ulag-logistika mümkinçilikleri we ykdysady taýdan açyk syýasaty bilen Türkmenistan daşary ýurtly hyzmatdaşlar üçin özüne çekiji ýurt hökmünde çykyş edýär. Türkmenistanyň «Açyk gapylar» syýasaty daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek we ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak maksadyny göz öňünde tutýar.

Şu nukdaýnazardan, Koreýa Respublikasy bilen hyzmatdaşlyk Türkmenistana birnäçe ugurda peýda getirýär. Birinjiden, Koreýa ýokary tehnologiýaly enjamlary we bilim ulgamyndaky tejribesi bilen Türkmenistana goldaw berýär. Ikinjiden, Koreýa bazary türkmen önümleri üçin täze eksport mümkinçiliklerini açýar. Üçünjiden, koreý kompaniýalarynyň Türkmenistanda maýa goýumlary täze iş orunlaryny döredýär we ýerli ykdysadyýeti ösdürýär.

Bu kontekstde ynsanperwer, bilim we ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen bilelikdäki başlangyçlar aýratyn ähmiýete eýe. Şol çäkde, 2023-nji ýylyň noýabr aýynda Aşgabatda geçirilen «Merkezi Aziýa–Koreýa Respublikasy hyzmatdaşlyk forumy» atly 16-njy forumyň çäginde Türkmenistan hyzmatdaşlygy ösdürmäge we hyzmatdaşlyk üçin täze görnüşleri döretmäge birnäçe başlangyçlary öňe sürdi. Olaryň arasynda Merkezi Aziýanyň ýaş diplomatlary üçin Koreýa Respublikasynyň Halkara hyzmatdaşlyk agentliginiň goldaw bermeginde her ýyl geçiriljek hünärleri ýokarlandyrmak kurslaryny guramak teklibi bardyr. Bu başlangyç tejribe alyşmaga, ynamyň berkidilmegine we diplomatik edaralaryň wekilleriniň hünär gatnaşyklaryň pugtalandyrmaga mümkinçilik döredýär. Mundan başga-da her ýyl sebitiň bir ýurdunyň çäginde geçirilmegi meýilleşdirilen Merkezi Aziýa–Koreýa Respublikasy Ýaşlar festiwalyny guramak teklip edildi. Bu çäre ýaşlaryň arasynda medeni düşünişmegi pugtalandyrmaga we döredijilikli hyzmatdaşlygy ösdürmäge hyzmat eder. Şol bir wagtda Merkezi Aziýanyň we Koreýa Respublikasynyň ýaş telekeçileriň startap taslamalarynyň sergisini guramak hem aýratyn ähmiýete eýedir. Bu sergi öňdebaryjy pikirleri alyşmaga, hyzmatdaşlary we maýadarlary tapmaga mümkinçilik döredýär. Bu hereketi «ýaşyl ugurda» ösdürmek bilen, ol biziň ýurtlarymyzyň ykdysady ösüşi we durnukly ösüşi üçin netijeli gural bolup biler.

Diplomatik gatnaşyklaryň esaslandyrylmagy bilen iki ýurduň arasynda ýokary derejeli saparlar, hökümetara ylalaşyklar, işewürlik maslahatlary we medeni alyş-çalyşlar geçirilip başlandy. Bu çäreler hyzmatdaşlygyň hukuk we guramaçylyk esaslaryny berkidýär. Mysal üçin, 2008-nji ýylda Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Türkmenistana resmi sapar bilen geldi. Bu sapar iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň täze tapgyryna ýol açdy. Saparyň dowamynda energetika, ulag-logistika we senagat ugurlarynda birnäçe ylalaşyklar baglaşyldy.

Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk diňe bir ikitaraplaýyn bähbitlere däl, eýsem, sebitleýin durnuklylyga hem uly goşant goşýar. Merkezi Aziýa sebitinde durnukly ösüşi üpjün etmek, halkara ulag geçelgelerini ösdürmek we energetika howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly meselelerde Koreýa Respublikasy bilen hyzmatdaşlyk örän möhüm bolup durýar.

Türkmenistanyň bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ähmiýeti diňe bir ykdysady ösüş bilen çäklenmän, eýsem, halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna, bilim alyş-çalyşlarynyň giňeldilmegine we tehnologik ösüşiň üpjün edilmegine hem hyzmat edýär. Bu hyzmatdaşlygyň geljekde has-da giňeldilip, täze ugurlarda ösdürilmegine garaşylýar.

Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň taryhy esaslary 1990-njy ýyllaryň başyndan kem-kemden ösdürilip başlandy. 1992-nji ýylyň fewralynda diplomatik gatnaşyklaryň resmi taýdan ýola goýulmagy bilen iki ýurduň arasynda hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary boýunça mümkinçilikler açyldy. Ilkinji ýyllarda gatnaşyklaryň esasynda syýasy we medeni alyş-çalyşlar durýardy. Soňra bu gatnaşyklar ykdysady ugurlara hem täsir etdi.

1990-njy ýyllaryň ahyrynda we 2000-nji ýyllaryň başynda geçirilen ýokary derejeli saparlar hyzmatdaşlygyň ösüşine uly itergi berdi. Bu saparlaryň dowamynda dürli ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek boýunça hökümetara ylalaşyklar baglaşyldy. Hususan-da, energetika, senagat, ulag-logistika, bilim we medeniýet ugurlarynda hyzmatdaşlygyň esaslary goýuldy. Bu ylalaşyklar iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary hukuk taýdan berkidip, hyzmatdaşlygyň çägini giňeltdi. Şeýle hem iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk diňe bir döwlet derejesinde däl, eýsem, işewürlik we jemgyýetçilik guramalarynyň gatnaşmagynda hem ösdürildi. Türkmenistanda geçirilen halkara sergiler, ykdysady forumlar we işewürlik maslahatlary koreý tarapynyň gatnaşmagynda geçirildi. Bu çäreler täze taslamalaryň esasyny düzdi we hyzmatdaşlygyň amaly taýdan durmuşa geçirilmegine mümkinçilik döretdi.

2010-njy ýyllarda hyzmatdaşlyk has-da giňelip, täze ugurlary öz içine aldy. Hususan-da, bilim ulgamynda alyş-çalyş maksatnamalary, tehnologiýa ulgamynda bilelikdäki taslamalar we sanly ykdysadyýet boýunça hyzmatdaşlyk meseleleri öňe çykdy. Koreýa Respublikasynyň tejribesi Türkmenistanda sanlylaşdyrma we innowasiýa syýasatynyň ösdürilmegine täsir etdi.

2020-nji ýyllardan başlap, iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk täze tapgyra geçdi. Bu döwürde halkara ýagdaýlaryň üýtgemegi, ykdysady ösüşiň täze talaplary we sebitleýin integrasiýa meseleleri hyzmatdaşlygyň mazmunyny baýlaşdyrdy. Türkmenistanda geçirilen ýokary derejeli duşuşyklar we hökümetara gepleşikler hyzmatdaşlygyň strategik ugurlarda ösdürilmegine gönükdirildi.

2023-nji ýylda iki ýurduň arasynda Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara ylalaşyga gol çekildi. Bu ylalaşyk hyzmatdaşlygyň hukuk esaslaryny berkidip, täze taslamalaryň durmuşa geçirilmegine mümkinçilik döretdi. Şeýle hem bu ylalaşyk iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň uzak möhletli strategiýasyny kesgitledi. Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk birnäçe möhüm ugurlarda alnyp barylýar. Bu ugurlar iki ýurduň ykdysady mümkinçiliklerini utgaşdyrmak bilen, özara bähbitli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine mümkinçilik berýär. Hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:

**Energetika.** Türkmenistan energiýa serişdeleri bilen baý ýurt hökmünde dünýäniň gaz eksportynda möhüm orun eýeleýär. Koreýa Respublikasy bolsa energiýa taýdan daşary ýurtlara garaşly ýurt hökmünde energiýa üpjünçiligini diwersifikasiýalaşdyrmaga çalyşýar. Şu nukdaýnazardan, iki ýurduň arasynda energetika ulgamynda hyzmatdaşlyk örän möhüm bolup durýar. Koreýa tarapynyň tejribesi hem-de tehnologiýasy Türkmenistanda gazy we nebiti gaýtadan işlemek, energiýany tygşytlaýjy usullary ornaşdyrmak, energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça taslamalara itergi berýär.

**Senagat.** Senagat ulgamy ykdysady ösüşiň esasy sütüni bolup durýar. Koreýa Respublikasynyň senagat boýunça tejribesi Türkmenistanda täze önümçilik kärhanalarynyň döredilmegine, senagat infrastrukturasynyň ösdürilmegine we ýokary hilli önümleriň öndürilmegine täsir edýär. Şeýle hem senagat ulgamynda tehnologiýa alyş-çalşygy, işgärleriň taýýarlanylmagy we önümçilik medeniýetiniň kämilleşdirilmegi boýunça hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

**Ulag-logistika.** Türkmenistan strategik taýdan Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda ýerleşýär. Bu ýagdaý ýurduň halkara ulag geçelgelerinde möhüm orun eýelemegine mümkinçilik berýär. Koreýa Respublikasy bilen hyzmatdaşlykda demir ýol, awtomobil ýollary, howa gatnawy we deňiz portlary boýunça taslamalar durmuşa geçirilýär. Bu hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň eksport mümkinçiliklerini artdyrýar, sebitleýin integrasiýany güýçlendirýär we halkara bazarlara çykmagyň ýoluny giňeldýär.

**Bilim we tehnologiýa.** Koreýa Respublikasynyň bilim ulgamyndaky tejribesi Türkmenistanda bilim reformalarynyň geçirilmegine, ýokary okuw mekdepleriniň kämilleşdirilmegine we sanly bilim ulgamynyň ösdürilmegine täsir edýär. Şeýle hem iki ýurduň arasyndaky alyş-çalyş maksatnamalary arkaly talyplar we mugallymlar bilim tejribesini paýlaşýarlar. Tehnologiýa ulgamynda bolsa innowasiýa taslamalary, sanlylaşdyrma we IT infrastruktura boýunça hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

Iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk diňe bir taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen çäklenmän, eýsem, giň gerimli ykdysady netijeleri hem döredýär. Bu hyzmatdaşlygyň ykdysady ähmiýeti birnäçe ugurda ýüze çykýar. Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky söwda

dolanyşygy ýylsaýyn artýar. Bu ösüş iki ýurduň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň pugtalandyrylýandygyny görkezýär. Türkmen önümleriniň Koreýa Respublikasynyň bazaryna çykarylmagy eksport mümkinçiliklerini giňeldýär, Koreýa Respublikasynyň önümleriniň Türkmenistana getirilmegi bolsa içerki bazaryň ýokary hilli harytlar bilen üpjün edilmegine mümkinçilik berýär.

Koreýa Respublikasynyň tarapynyň Türkmenistanda maýa goýumlary goýmagy täze iş orunlarynyň döredilmegine, ýerli önümçiligiň ösdürilmegine we ykdysady ösüşiň çaltlanmagyna täsir edýär. Maýa goýumlar diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem, tehnologik taýdan hem ösüşi üpjün edýär. Bu ýagdaý Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň açyk we hyzmatdaşlyga gönükdirilendigini görkezýär.

Iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk işewürlik guramalarynyň arasynda ysnyşykly gatnaşyklaryň döredilmegine mümkinçilik berýär. Türkmen işewürleri Koreýa Respublikasynyň bazarynda täze hyzmatdaşlar bilen hyzmatdaşlyk edýärler, Koreýa Respublikasynyň işewürleri bolsa Türkmenistanda täze taslamalara gatnaşýarlar. Bu ýagdaý iki ýurduň işewürlik gurşawynyň halkara derejesinde giňelmegine mümkinçilik berýär. Geljekde Türkmenistanyň bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň has-da giňelmegine garaşylýar. Bu hyzmatdaşlyk diňe bir häzirki ugurlar bilen çäklenmän, eýsem täze ugurlarda hem ösdürilip bilner. Geljekki mümkinçilikler aşakdaky ýaly ugurlary öz içine alýar:

**Sanly ykdysadyýet.** Koreýa Respublikasynyň sanlylaşdyrma tejribesi Türkmenistanda elektron dolandyryş, sanly hyzmatlar we IT infrastruktura boýunça taslamalaryň ösdürilmegine täsir edip biler. Bu hyzmatdaşlyk döwlet dolandyryşynyň netijeliligini artdyrar we raýatlara hödürlenýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrar.

**Energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalar.** Geljekde energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy boýunça hyzmatdaşlyk mümkinçilikleri giňdir. Bu ugurda Koreýa Respublikasynyň tejribesi Türkmenistanda ekologiýa taýdan arassa önümçilik usullarynyň ösdürilmegine, energiýa sarp edilişiniň azaldylmagyna we tebigy serişdeleriň netijeli ulanylmagyna mümkinçilik berer.

**Bilim ulgamynda bilelikdäki institutlar.** Iki ýurduň arasyndaky bilim hyzmatdaşlygynyň çäginde bilelikdäki institutlaryň döredilmegi, alyş-çalyş maksatnamalarynyň giňeldilmegi we ylmy-barlag taslamalarynyň amala aşyrylmagy garaşylýar. Bu mümkinçilikler ýaş nesliň halkara derejesinde bilim almagyna we täze tehnologiýalara eýe bolmagyna ýol açar.

**Medeni alyş-çalyşlaryň giňeldilmegi.** Medeniýet halklaryň arasynda ysnyşykly gatnaşyklaryň esasyny düzýär. Geljekde medeni çäreleriň, sergileriň, festiwallaryň we döredijilik maksatnamalarynyň geçirilmegi iki halkyň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna hyzmat eder.

**Sebitleýin hyzmatdaşlyk.** Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň

üstünlikli nusgasy hökmünde çykyş edýär. Bu hyzmatdaşlygyň birnäçe möhüm aýratynlyklaryny nygtamak zerurdyr:

– hyzmatdaşlygyň taryhy esaslary iki ýurduň arasynda ynamly we durnukly gatnaşyklaryň esasyny düzýär. Diplomatik gatnaşyklaryň esaslandyrylmagy bilen başlanan hyzmatdaşlyk häzirki wagtda strategik ugurlarda ösdürilýär.

– hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary – energetika, senagat, ulag-logistika, bilim we tehnologiýa – iki ýurduň ykdysady mümkinçiliklerini utgaşdyrmaga, özara bähbitli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine mümkinçilik berýär.

– ykdysady taýdan bu hyzmatdaşlyk söwda dolanyşygynyň artmagyna, maýa goýumlaryň giňelmegine, tehnologiýa alyş-çalşynyň güýçlenmegine we işewürlik mümkinçilikleriniň giňelmegine täsir edýär.

– geljekki mümkinçilikler sanly ykdysadyýet, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalar, bilim ulgamynda bilelikdäki institutlar we sebitleýin hyzmatdaşlyk ýaly ugurlarda ösüşiň täze tapgyrlaryny açýar.

Bu gatnaşyklaryň üstünlikli ösdürilmegi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň açyk we hyzmatdaşlyga gönükdirilendigini görkezýär. Koreýa Respublikasy bilen gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistana halkara derejesinde täze mümkinçilikleri açýar, ykdysady ösüşi çaltlandyrýar we halkyň durmuş derejesini ýokarlandyrýar. Merkezi Aziýa sebitinde Koreýa Respublikasynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýan taslamalar sebitiň halkara abraýyny ýokarlandyrýar we ykdysady taýdan birleşmegine itergi berýär.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýol bilen duşuşygyndaky çykyşy. 2024.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim–güýç we bagtyýarlyk eýýamy. – A.: TDNG, 2015.

3. Koreýa Respublikasynyň Türkmenistan bilen energetika we infrastruktura hyzmatdaşlygyny ösdürmek barada ylalaşygy. – Seul: The Korea Times, 2024.


# ЗНАЧИМОСТЬ ТОРГОВО-ЭКОНОМИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА МЕЖДУ ТУРКМЕНИСТАНОМ И РЕСПУБЛИКОЙ КОРЕЯ

В научной работе анализируется формирование и современные направления развития торгово-экономического сотрудничества между Туркменистаном и Республикой Корея.

Автор подчёркивает, что с установлением дипломатических отношений в 1992 году экономическое взаимодействие между двумя странами приобрело стратегический характер. Ключевыми направлениями сотрудничества опре-

делены энергетика, промышленность, транспортно-логистическая сфера, образование и технологии. Отмечается, что высокотехнологичный опыт Республики Корея оказывает положительное влияние на экономическое развитие Туркменистана, расширение его инновационных возможностей и рост производственного потенциала. В то же время природные ресурсы и выгодное географическое положение Туркменистана делают его важным экономическим партнёром для Кореи.

Делается вывод, что в перспективе торгово-экономическое сотрудничество двух стран открывает новые возможности в сферах цифровой экономики, энергосберегающих технологий и образования.

## THE IMPORTANCE OF TRADE AND ECONOMIC COOPERATION BETWEEN TURKMENISTAN AND THE REPUBLIC OF KOREA

This research work analyzes the formation and current development trends of trade and economic cooperation between Turkmenistan and the Republic of Korea.

The author emphasizes that with the establishment of diplomatic relations in 1992, economic cooperation between the two countries has acquired a strategic nature. Key areas of cooperation include energy, industry, transport and logistics, education, and technology.

It is noted that the Republic of Korea’s high-tech expertise has a positive impact on Turkmenistan’s economic development, expanding its innovative capabilities and increasing its production potential. At the same time, Turkmenistan’s natural resources and advantageous geographic location make it an important economic partner for Korea.

If is fulfilled in the future, trade and economic cooperation between the two countries offers new opportunities in the spheres of the digital economy, energy-saving technologies, and education.

**Mergen MYRATNAZAROW,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

# TÜRKMENISTANDA ÖNDÜRILÝÄN ÖNÜMLERI HALKARA BAZARLARYNA ÇYKARMAKDA BANKLARYŇ ÝÖRELGELERI WE OLARY KÄMILLEŞDIRMEK

Häzirki döwürde milli ykdysadyýeti ösdürmegiň möhüm ugurlarynyň biri Türkmenistanda öndürilýän önümleriň halkara bazarlarynda orun tapmagydyr. Daşary ýurt bazarlarynda bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmak üçin döwlet tarapyndan maliýe serişdeleriniň netijeli dolandyrylmagy, bank ulgamy arkaly eksport amallarynyň goldanylmagy zerurdyr. Türkmenistanda öndürilýän önümleri halkara bazarlaryna çykarmak üçin, ilkinji nobatda, täjirçilik gatnaşyklaryny güýçlendirmek, logistikany we daşary söwda hyzmatlaryny ösdürmek hem-de önümçiligiň hilini, şeýle-de möçberini halkara standartlaryna laýyk getirmek esasy serişdeleriň biridir.

Türkmenistanda pudaklar dürli önümleri öndürýär. Esasy eksport harytlaryna tebigy gaz we nebit, dokma, himiýa senagatynyň önümleri girýär. Şeýle hem azyk we beýleki önümleriň önümçilikleri ýeterlik derejede giňeldilýär. Häzirki wagtda eksport mümkinçilikleriniň çäkliligi, daşary ýurt bazarlary bilen yzygiderli hyzmatdaşlygyň bolmazlygy, logistika meseleleri we maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligi ýaly sebäpler bilen baglanyşyklydyr [2].

Türkmenistan halkara ykdysady hyzmatdaşlyklaryny giňeltmeginiň netijesinde, ýurtda öndürilýän önümleri halkara bazarlaryna çykarmaklygyň mümkinçiliklerini hem artdyryp bolar. Munuň üçin ýurduň ykdysady we söwda gatnaşyklaryny güýçlendirmek, söwda hyzmatlarynyň hasabyna ösdürmek, täze bazarlary gözlemek we halkara bazarlarynda türkmen önümleriniň hilini, sanawyny ýokarlandyrmak zerurdyr.

Türkmenistanyň ykdysadyýeti uzak wagtyň dowamynda energiýa çeşmeleriniň (tebigy gaz we nebit) eksportyna daýanyp geldi. Şeýle-de bolsa durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek, daşarky bazarlardaky üýtgeşmelere durnuklylygy ýokarlandyrmak we iş ýerlerini döretmek maksady bilen, eksporty diwersifikasiýa etmek, ýagny energiýa däl pudaklardaky önümleriň eksportyny artdyrmak esasy strategiýa hökmünde öňe sürülýär. Gozgalýan soragy oňyn çözmek maksady bilen, Türkmenistanda öndürilýän önümleriň eksport mümkinçiliklerini giňeltmek üçin zerur bolan strategiýalary öwrenmek we bu ugurda ýüze çykýan kynçylyklar, olary çözmek üçin çemeleşmeler giňişleýin derňelýär.

Döwlet tarapyndan eksporty goldamak maksady bilen, birnäçe maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Mysal üçin, telekeçilere ýeňillikli karzlar, daşary ýurt

bazarlarynda sergi we forumlara gatnaşmak üçin subsidiýalar, eksport resminamalarynyň düzgünleşdirilmegi ýaly çäreleri aýdyp bolar.

Banklar eksport işlerinde maliýe serişdelerini üpjün edip, telekeçilere dürli hyzmatlary hödürleýär. Türkmen banklarynda hyzmatlaryň esasy görnüşleri:

– eksport amallaryny maliýeleşdirmek;
– lizing we kepillik hyzmatlary bermek;
– walýuta hasaplaşyklaryny amala aşyrmak;
– kredit liniýalary arkaly daşary ýurt bazarlaryna çykmaga goldaw bermek;
– elektron bank hyzmatlary arkaly sanly ykdysadyýeti ösdürmek.

Halkara tejribede eksporty goldamakda banklaryň ýerine ýetirýän işleri, şol sanda kepillik, maliýe seljermeleri, karz üpjünçiligi we tölegler ulgamlarynyň bir bitewi ulgam hökmünde işledilmegi ýokary netijelilik gazanýar [3].

Häzirki wagtda Türkmenistanyň bank ulgamy eksport amallaryny maliýeleşdirmekde birnäçe ýörelge kabul edýär:

– kredit bermek we kepillik hyzmatlaryny hödürlemek;
– walýuta hasaplaşyklar boýunça hyzmatlary ýola goýmak;
– sanly bank hyzmatlaryny giňeltmek (internet banking, onlaýn töleg ulgamlary);
– daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk etmek.

Bu ýörelgeler ýerli telekeçileriň halkara bazarlarda üstünlik gazanmagyna ýardam berýär, emma olary kämilleşdirmek üçin birnäçe ugurlar bar: banklaryň halkara tejribelerini has giňden ornaşdyrmak, dolandyryş ulgamlaryny güýçlendirmek, eksport-bank hyzmatlaryny ýöriteleşdirmek.

Eksport diwersifikasiýasy bir ýurduň ykdysadyýetiniň durnuklylygyny we durnukly ösüşini üpjün etmegiň esasy şertlerinden biridir. Ýurtlaryň bir-iki sany önümiň eksportyna bagly bolmagy, dünýä bazarlaryndaky nyrhlaryň üýtgemegi netijesinde ykdysadyýet üçin uly töwekgelçilik döredip biler. Türkmenistan ýaly tebigy baýlyklara baý ýurtlar üçin bu has-da ähmiýetlidir. Şol sebäpli, eksport harytlarynyň sanawyny giňeltmek we täze bazarlary tapmak, ykdysadyýetiň sagdyn ösüşini, durnuklylygyny üpjün etmek üçin möhümdir. Eksporty diwersifikasiýa etmek üçin aşakdaky esasy ugurlar göz öňünde tutulýar:

**Haryt diwersifikasiýasy:** önümleriň görnüşini giňeltmek, mysal üçin, pagta süýüminden başga-da, taýýar dokma önümlerini, konditer we beýi baly ýaly azyk önümlerini eksport etmek.

**Geografik diwersifikasiýa:** eksport edilýän ýurtlaryň sanawyny artdyrmak, täze sebitleri we alyjylary tapmak.

**Görnüş diwersifikasiýasy:** önümler bilen birlikde, hyzmatlaryň eksportyny hem ösdürmek.

Türkmenistanyň eksporty, esasan, tebigy gaza we nebit önümlerine daýanýar. Şeýle-de bolsa, soňky ýyllarda eksporty diwersifikasiýa etmek boýunça amala aşyrylýan döwlet syýasaty netijesinde beýleki pudaklarda hem görnükli ösüşler gazanyldy.

**Dokma pudagy:** Türkmenistan uly möçberde pagta öndüriji ýurt hökmünde pagta süýüminden başga-da, ýüplük, matalar we taýýar egin-eşik önümlerini eksport edýär. Döwlet tarapyndan bu pudagyň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak üçin goldaw berilýär.

**Himiýa pudagy:** ýurtda öndürilýän karbamid we beýleki himiýa önümleri daşary ýurt alyjylara hödürlenýär.

**Oba hojalyk önümleri:** soňky ýyllarda oba hojalyk önümleriniň eksporty görnükli derejede artdy. Pomidor, bakja önümleri, miweler, gök önümler Russiýa Federasiýasy, Gazagystan we Gyrgyzystan ýaly ýurtlara iberilýär.

Türkmenistanda öndürilýän önümleriň halkara bazarlaryna çykmagy bank ulgamynyň netijeli işiniň goldawy bilen göni baglanyşyklydyr. Häzirki ýörelgeler eksport işlerini ýeňilleşdirýär, emma olary kämilleşdirmek üçin täze karz we kepillik ulgamlary, sanly bank hyzmatlaryny giňeltmek, halkara hyzmatdaşlygy güýçlendirmek we eksport banklaryny döretmek zerurdyr. Bu çäreler milli ykdysadyýetiň durnukly ösmegine we daşary ýurt bazarlarynda bäsdeşlik ukybynyň ýokarlandyrylmagyna ýardam eder.

Türkmenistan özüniň ýakyn goňşulary we beýleki döwletler bilen dostlukly gatnaşyklaryny ýola goýýar. Şu günki gün ýurdumyz Merkezi Aziýanyň, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitleriniň, Ýewropanyň, Orta we Ýakyn Gündogaryň ýurtlary bilen özara bähbitli ýakyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürýär. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň öňe süren halkara başlangyçlary Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden dikeltmek ugrunda energetika, ulag, aragatnaşyk we beýleki ugurlarda toplumlaýyn, häzirki zaman, ýokary tehnologiýa üpjün ediş ulgamlaryny ösdürmek üçin şertleriň döredilmegine, Gündogar–Günbatar, Günorta–Demirgazyk ugurlary boýunça sebitara we yklymara hyzmatdaşlygy ösdürmäge niýetlenen köptaraplaýyn taslamalary amala aşyrmaga, geoykdysady, serişde, önümçilik, tehnologik mümkinçilikleri doly açmaga gönükdirilendir. Bu wezipeleriň amala aşyrylmagyna biz Aziýa yklymynda parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy üpjün etmegiň we goldamagyň, döwletleriň we halklaryň öňe gitmeginiň, pajarlap ösmeginiň örän möhüm esasy hökmünde garaýar [1; 8 sah.].

## EDEBIÝATLAR


1. Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Beýik ýüpek ýolunyň ugrundaky diplomatiýa: taryhdan geljege» atly ylmy maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagy. 2014.
2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýyllyk hasabatlary. 2023.
3. Döwlet statistika komitetiniň maglumatlary. 2023.
4. turkmenportal.com

## ПРИНЦИПЫ РАБОТЫ БАНКОВ И ИХ СОВЕРШЕНСТВОВАНИЕ В ВОПРОСАХ ВЫВОДА ПРОДУКЦИИ, ПРОИЗВОДИМОЙ В ТУРКМЕНИСТАНЕ, НА МЕЖДУНАРОДНЫЕ РЫНКИ

В настоящее время одним из важных направлений развития национальной экономики является вывод продукции, произведённой в Туркменистане, на международные рынки. Для повышения конкурентоспособности на внешних рынках необходимо эффективное управление финансовыми ресурсами со стороны государства и поддержка экспортных операций через банковскую систему.

Для экспорта продукции, произведённой в Туркменистане, на международные рынки основными средствами являются, прежде всего, укрепление торговых связей, развитие логистики и внешнеторговых услуг, а также доведение качества и объёмов производства до международных стандартов.

## PRINCIPLES OF BANKS AND THEIR IMPROVEMENT IN THE CONTEXT OF EXPORTING PRODUCTS MANUFACTURED IN TURKMENISTAN TO INTERNATIONAL MARKETS

Currently, one of the important directions for the development of the national economy is securing a place for products manufactured in Turkmenistan on international markets. To increase competitiveness in foreign markets, effective state management of financial resources, as well as support for export operations through the banking system, is necessary.

The main means for exporting products manufactured in Turkmenistan to international markets are, first of all, strengthening trade ties, developing logistics and foreign trade services, and bringing the quality and volume of production up to international standards.

**Dürdäne NAZARGYLYJOWA,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

# MERKEZI AZIÝA ÝURTLARYNYŇ YKDYSADYÝETINDE IMPORTYŇ ORNUNY TUTÝAN ÖNÜMLERI ÖNDÜRMEGIŇ STRATEGIÝALARY

Merkezi Aziýa döwletleri geografik taýdan ýokary mümkinçiliklere eýe bolmak bilen, öz ykdysadyýetlerinde importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek arkaly sebitiň global ykdysady täsirini güýçlendirmek isleýärler. Importyň ornuny tutmak, ýerli öndürijileriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we ýerli bazarlary ösdürmek üçin esasy usuldyr. Mysal üçin, Gazagystan Merkezi Aziýanyň ykdysady mümkinçilikleri ýokary bolan döwletleriniň biri hasaplanýar. Onuň ykdysadyýeti, esasan, nebit-gaz, metallurgiýa we oba hojalygyna daýanýar. Importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek bu ýerde milli ykdysadyýetde esasy ugurlaryň biri hökmünde garalýar.

Gazagystan dünýäde nebit-gaz, uran we dürli metallaryň baý serişdelerine eýedir. Şeýle serişdeleri diňe çig görnüşde eksport etmek däl-de, olary gaýtadan işläp, ýerli önüm hökmünde bazara çykarmak esasy ugurlaryň biridir. Gazagystanda soňky ýyllarda awtomobil senagaty ösdürilýär. Import edilýän awtoulaglaryň mukdaryny azaltmak maksady bilen, ýerli zawodlarda awtomobil ýygnamak ýola goýuldy. Özbegistan Merkezi Aziýanyň iň köp ilatly döwleti bolup, ykdysadyýeti, köplenç, oba hojalygyna, dokma we himiýa senagatyna daýanýar. Importyň ornuny tutmak bu ýerde döwlet derejesinde ileri tutulýan maksatlaryň biridir. Özbegistan dünýäde pagta öndürmekde öňde barýar. Ozal ýurtda çig pagta eksport edilýärdi. Indi döwlet bu çig maly ýerli işläp, ýokary derejeli dokma önümlerini öndürmäge üns berýär.

Gyrgyz Respublikasy Merkezi Aziýanyň daglyk ýurdy bolup, tebigy baýlyklary çäkli, emma oba hojalygyna we hyzmatlar pudagyna berk daýanýan ykdysady gurluşa eýedir. Ýurduň jemi içerki önüminiň 25–30 göterimini oba hojalygy emele getirýär, bu bolsa ýurduň ilatynyň uly böleginiň iş bilen üpjünçiliginde möhüm orny eýeleýär. Gyrgyz Respublikasy azyk önümleriniň aglaba bölegini import edýär, şonuň üçin ýerli azyk önümçiligini ösdürmek strategik maksat hökmünde öňe çykýar.

Täjigistan Merkezi Aziýanyň suw serişdelerine iň baý döwletidir. Importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek Täjigistanyň ykdysady garaşsyzlygyny üpjün etmegiň möhüm şerti hasaplanýar. Ýurduň ykdysadyýeti üç esasy sütüne–suw-energetika, oba hojalygyna, ýeňil senagata daýanýar [1].

Häzirki wagtda halkymyzyň eşretli ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji

ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» ýurdumyzy ykdysady taýdan ösdürmek, importyň ornuny tutup biljek harytlary öndürmek babatda wajyp wezipeler öňde goýulýar. Ykdysady özgertmeleriň geçirilmegi, öňi bilen, ykdysadyýetiň pudaklarynyň işini täzeçe, döwrüň talabyna laýyklykda guramaga we ony dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesi esasynda kämilleşdirmäge, milli ykdysadyýetiň özboluşly nusgasynyň kemala gelmegine mümkinçilik berýär.

Garaşsyzlygyna eýe bolandan soňra ýurdumyz ägirt uly baýlyklaryny rejeli peýdalanmak bilen, okgunly ösýän ýurtlaryň biri hökmünde öňe saýlandy, täze önümçilikler döredildi. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär [2].

Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň baş ugurlarynyň biri milli ykdysadyýeti durnukly ösdürmek, bazar-institusional özgertmeleri mundan beýläk-de ilerletmek, durmuş ulgamynyň durnuklylygyny saklap galmak we ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak bolup durýar. Ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, eksportyň möçberini artdyrmak, importyň düzümini kämilleşdirmek, tebigy serişdeleri rejeli we toplumlaýyn peýdalanmak, täze iş ýerlerini döretmek, innowasion, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça giň gerimli çäreler geçirilýär. Bularyň ählisi milli ykdysadyýetiň pudaklarynda ýokary depginli ösüşi saklamaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan tarapyndan özara bähbitli, deňhukukly esasda milli we halkara taslamalara badalga berilmegi ýurdumyzyň geosyýasy hem-de geoykdysady mümkinçiliklerini berkidýär. Uglewodorod çig malynyň uly gorlarynyň özleşdirilmegi ykdysadyýeti depginli ösdürmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň ykdysadyýeti diňe uglewodorod serişdelerine bagly bolman, eýsem Garaşsyzlyk ýyllarynda gaýtadan işleýän pudaklary ösdürmäge-de uly üns berildi. Bu bolsa önümçilik senagatynyň pudaklaýyn düzüminiň köpdürlüligini üpjün edýär we Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň energiýa serişdeleriniň dünýä bazarynyň üýtgäp durýan şertlerine baglylygyny peseltmäge mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda eksporta gönükdirilen we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek ugry bolan gaýtadan işleýän pudaklar, ýagny himiýa, nebit-gaz, ýeňil, azyk senagaty, maşyn gurluşygy, metallurgiýa we beýleki pudaklar çalt depginde ösdürilýär. Senagat önümleriniň möçberi ýylsaýyn artýar, ýerli önümçiligiň hasabyna içerki bazaryň azyk önümleri bilen üpjünçiligi ýokarlanýar, sebitlerde täze kärhanalar gurulýar, halkara we milli taslamalar

durmuşa geçirilýär. Balkan welaýatynyň Gyýanly şäherçesinde polietilen we polipropilen öndürýän gaz-himiýa toplumy, Garabogaz şäherinde azot dökünlerini öndürýän karbamid zawody, Ahal welaýatynyň Owadandepe şäherçesinde aýna kombinaty we tebigy gazdan benzin öndürýän zawod ýaly iri önümçilik desgalary işe girizildi. Olar ýokary goşulan gymmaty bolan innowasion önümleri öndürmäge gönükdirilendir.

Ýurdumyzda döwlete dahylsyz bölegiň ösdürilmegine aýratyn orun berilýär. Bu bolsa milli ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna geçmegi bilen baglydyr. Soňky ýyllarda kiçi we orta telekeçiligiň ösüşini işjeňleşdirmek, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda onuň işini giňeltmek boýunça uly işler amala aşyryldy. Ýurdumyzyň hususy telekeçilik düzümleri tarapyndan import edilýän harytlaryň ornuny tutýan, eksporta gönükdirilen önümleriň täze görnüşleri özleşdirildi. Olaryň öndürilýän möçberi, ýokary hilli, bäsdeşlige ukyply harytlaryň görnüşleri artýar. Milli ykdysadyýetiň mundan beýläk-de durnukly ösmegi hususy telekeçiligiň işjeňleşmegi bilen gönüden-göni baglydyr. Bu bolsa ýurduň jemi içerki önüminiň düzüminde döwlete dahylsyz bölegiň paýynyň artmagyna getirýär.

## EDEBIÝATLAR

1. Central Asian Regional Economic Cooperation. Trade and Industrial Diversification in Central Asia. Asian Development Bank. 2023.

2. tdh.gov.tm

# СТРАТЕГИИ ПРОИЗВОДСТВА ИМПОРТОЗАМЕЩАЮЩЕЙ ПРОДУКЦИИ В ЭКОНОМИКЕ СТРАН ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

Центральноазиатские государства, имея большие географические возможности, стремятся усилить глобальное экономическое влияние региона за счёт производства импортозамещающей продукции в своих экономиках. Импортозамещение является ключевым методом повышения конкурентоспособности местных производителей и развития местных рынков. В статье подробно рассматриваются стратегии производства импортозамещающей продукции в экономиках стран Центральной Азии. Приводится конкретная информация по каждой из них. Также рассматривается специфика производства импортозамещающей продукции в Туркменистане.

## STRATEGIES FOR PRODUCING IMPORT-SUBSTITUTING PRODUCTS IN THE ECONOMY OF CENTRAL ASIAN COUNTRIES

Central Asian countries, with their vast geographic opportunities, are seeking to strengthen their global economic influence through the production of import-substituting products in their economies. Import substitution is a key method for increasing the competitiveness of local producers and developing local markets. This research article examines in detail the strategies for producing import-substituting products in the economies of Central Asian countries. Specific information on each strategy is provided. The specifics of import-substituting production in Turkmenistan are also discussed.

**Azady NURMYRADOW,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

## ÖSEN ÝURTLARDA ELEKTRON TELEKEÇILIGI ÖSDÜRMEGIŇ TEJRIBESINI TÜRKMENISTANDA ORNAŞDYRMAGYŇ ÝOLLARY

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň VII bölüminiň 134-nji maddasynda: «Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam edýär» diýlip bellenilýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2014-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda geçiren giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmegiň ýollaryny kesgitlemekde şeýle ugurlary öňe sürýär: «Ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmeli, maliýe-bank ulgamyny kämilleşdirmeli, eksporta niýetlenen ýokary hilli önümleri öndürýän ähli pudaklary ösdürmegi dowam etdirmeli. Hususylaşdyrmagy mundan beýläk-de netijeli dowam etmeli, kärhanalaryň belli bir bölegini hususy eýeçilige bermek boýunça teklipleri taýýarlamaly. Anyk maksatlara gönükdirilen karzlary ulanmagyň tejribesini täze kärhanalary gurmakda, tebigy baýlyklaryň ýataklaryny özleşdirmekde giňden peýdalanmaly».

Şu aýdylanlardan ugur alyp, ýurdumyzda geçirilýän syýasy, ykdysady we durmuş özgertmeleriniň strategiýasynda diňe bir önümçilige dünýäniň öňdebaryjy tehnika hem-de tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, bank, maliýe ulgamynyň aýratyn ornunyň bardygyny bellemelidiris. Bank we maliýe ulgamy babatda aýdylanda, dünýäniň köp ýurtlarynda elektron töleg ulgamlary

hereket edýär. Gahryman Arkadagymyz: «Nagt pul hasaplaşyklary bilen bir hatarda, dünýäniň öňdebaryjy tilsimatlaryna daýanýan nagt däl hasaplaşyklaryň ulanylyşynyň gerimini hem düýpli giňeltmeli» diýip nygtaýar. Ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan milli manadymyzyň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we amala aşyrylýan bank hyzmatlaryny kämilleşdirmek, şonuň bilen birlikde-de, nagt däl hasaplaşyklary ornaşdyrmak boýunça talabalaýyk işler alnyp barylýar. Şeýle işleriň hatarynda dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, milli aýratynlyklarymyz esasynda hasaplaşyklarda nagt däl hasaplaşyklaryň gurallarynyň biri bolan elektron kartlaryň giňden ornaşdyrylmagy ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň, şol sanda elektron tölegleriň gerimini giňeltmäge ýardam eder [1; 1 sah.].

Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetiniň ösüşinde sanly tehnologiýalaryň orny barha artýar. Elektron telekeçilik, ýagny internet arkaly harytlar we hyzmatlar bilen söwda etmek, häzirki zaman ykdysadyýetiniň möhüm bölegi hökmünde ösýär. Bu ugur diňe bir ykdysady girdejileri artdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, täze iş orunlaryny döretmäge, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga we halkara bazarlaryna çykmaga mümkinçilik berýär. Dünýäniň ösen ýurtlarynda bu ulgam ýokary derejede ösdürilip, döwlet goldawy, hukuk üpjünçiligi we tehniki infrastruktura arkaly güýçlenýär. Türkmenistan hem sanly ykdysadyýeti ösdürmek strategiýasynyň çäginde elektron telekeçiligiň ösüşine aýratyn ähmiýet berýär. Bu makalada ösen ýurtlaryň bu ugurda gazanan üstünlikleriniň seljermesi berlip, olaryň tejribesini ýurdumyzyň ykdysady ulgamyna ornaşdyrmagyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşylýar.

Elektron telekeçiligiň ösüşi, ilkinji nobatda, sanly infrastruktura, ykdysady kadalaşdyrma we maglumat howpsuzlygy bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, ABŞ dünýäniň iň uly elektron söwda bazaryna eýe bolup, «Amazon», «eBay», «Walmart» ýaly kompaniýalaryň hyzmatlary arkaly milliardlarça müşderä hyzmat edýär **[6].** Bu üstünlikleriň esasy sebäbi, netijeli logistika ulgamy, ýokary derejeli maglumat goragy we müşderi ynamydyr. Hytaýda elektron telekeçilik döwlet goldawy bilen güýçlenip, «Alibaba» we «JD.com» ýaly kompaniýalar milli brend derejesine ýetdiler. Döwlet tarapyndan internetiň elýeterliligi üpjün edilip, telekeçiler üçin salgyt ýeňillikleri döredildi. Ýaponiýa we Koreýa Respublikasy ýaly döwletlerde elektron töleg ulgamlary («PayPay», «KakaoPay», «SamsungPay») giňden ornaşdy. Ýewropa ýurtlarynda bolsa GDPR düzgünnamasy arkaly raýatlaryň maglumatlary gorag astyna alyndy. Bu tejribeler elektron telekeçiligi ösdürmekde döwlet bilen hususy pudagyň hyzmatdaşlygynyň möhümdigini görkezýär [7].

Bilşimiz ýaly, Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça birnäçe möhüm ädimler ädildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» bu ugurdaky ösüşiň hukuk we guramaçylyk esasyny düzýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň internet

hyzmatlary giňeldilip, onlaýn töleg ulgamlary ösdürilýär. «Altyn Asyr» bank kartlarynyň üsti bilen mobil tölegler, «Türkmen poçta» arkaly onlaýn hyzmatlar ýaly mümkinçilikler ornaşdyryldy. Ýöne şonuň bilen birlikde, elektron söwda ulgamynyň giňden ýaýramagy üçin käbir kynçylyklar saklanyp galýar. Şolaryň arasynda kadr taýýarlygynyň ýetmezçiligi, jemgyýetiň sanly sowatlylygynyň pesligi bellenilýär. Türkmenistanda elektron telekeçiligi ösdürmek üçin giň mümkinçilikler bar. Ilkinji nobatda, milletiň köp bölegini tehnologiýalara gyzyklanma bildirýän ýaşlar tutýar. Ýurduň ykdysady ösüş derejesi we döwletiň sanly ulgam babatda alyp barýan syýasaty bu ugurda üstünlik gazanmaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da milli bank ulgamlarynyň täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga taýýarlygy elektron tölegleri giňeltmäge ýardam berýär. Kynçylyk hökmünde bolsa internetiň tizlik derejesiniň pesligi, onlaýn hyzmatlaryň ygtybarlylygynyň azlygy we müşderi ynamynyň doly bekemedikligi görkezilýär. Bu meseleleri çözmek üçin halkara tejribäniň öwrenilmegi we ýurdumyzyň şertlerine uýgunlaşdyrylmagy wajypdyr [2].

Elektron telekeçiligiň taryhy 1960-njy ýyllaryň ahyrynda başlady, ARPANET («Advanced Research Projects Agency Network») Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda Goranmak ministrliginiň harby guramalarynyň arasynda tory döretmekleri bilen baglanyşyklydyr. Beýle görnüşli toruň amatlydygyny görüp, uniwersitetleriň we kollejleriň alymlary maglumat alyş-çalşygyny amala aşyrýan şuňa meňzeş torlary kompýuterleriň arasynda gurup başlapdyrlar. Kem-kemden täze lokal torlar döräp, olar özara birleşip başlapdyrlar. Netijede, XX asyryň 80-nji ýyllarynda internet ady bilen dünýä tory döredildi. Internetiň ösmegi bilen kärhanalaryň arasynda elektron baglanyşyklar döredildi, bu bolsa täze elektron baglanyşygy döretmegiň esasyny goýdy. Netijede, tordaky maglumatlar has amatly we düşnükli boldy. Internet bir wagtda ykdysadyýetiň elektron görnüşiniň döremeginiň sebäbi we netijesi boldy. Bularyň hemmesi ykdysadyýetiň düýpli üýtgedilip guralmagyna getirdi. Telekeçiligi guramagyň täze modeli ýüze çykdy. Önüm öndürijiniň hökmürowanlygy, ilki bilen, sarp ediljek harydyň mukdary esasy bolmaly, soňra araça köp önüm öndürmekden – sargyt edilen önümi öndürmeklige geçmeli; işjeň material çig mallaryň bahasyna däl-de, eýsem, maglumatyň hümmetine, bilime we intellektual gymmata bagly bolmaly.

Türkmenistanyň gülläp ösýän ykdysadyýetinde durmuşa geçirilýän özgertmeler hyzmatlaryň, maliýe we bank edaralarynyň üsti bilen amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň geçirilmeginiň çaltlandyrylmagyny, köpdürlüligini, has-da kämilleşdirilmelidigini talap edýär [3].

Ýurdumyzda geçirilýän tölegleriň (elektron tölegleriň) görnüşlerini köpeltmek we olaryň hilini ýokarlandyrmak, ykdysadyýetde hasaplaşyklaryň geçirilişini çaltlandyrmak hem-de müşderileriň saýlap almak mümkinçiligini artdyrmak maksady bilen geçirilýän çäreleriň biri-de töleg bank kartlarynyň hem-de halkara elektron hasaplaşyk ulgamlarynyň (SWIFT), halkara pul geçirimleri üçin niýetlenen

«Western Union» ýaly ulgamlarynyň girizilmegidir. Häzir Türkmenistanyň bank ulgamy tarapyndan edilýän hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem plastik kartlar bilen geçirilýän amallardyr. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Prosessing» merkeziniň binýadynda hereket edýän «Altyn Asyr» töleg ulgamynyň plastik kartlarynyň eýeleri üçin döwrebap hyzmatlaryň toplumyna giň ýol açylýar. «Altyn Asyr» kart ulgamy ýurdumyzyň paýtagtyndan başlap, ähli welaýatlarda diýen ýaly gurnalýar.

Şu sanawda kredit we depozit amallarynyň ýerine ýetirilmegi, banklardan alnan karzlary yzyna gaýtarmagy we beýleki töleg ulgamynyň plastik kartlarynyň eýeleriniň arasyndaky pul serişdeleriniň elektron geçirilmegi ýaly hyzmatlary bar. «Altyn Asyr» ýeke-täk töleg ulgamynyň plastik kartlar ulgamyny ösdürmek strategiýasy boýunça Türkmenistanyň Merkezi banky bankomat-terminal ulgamlary, info-kiosk ulgamlary we «elektron bank şahamçalaryň» ulgamyny döretdi. Geljek döwürde plastik kart ulgamy arkaly «BANK 24» atly «Elektron bank şahamçalary» tory dörediler. Bu şahamçalar olarda ýerleşdirilen döwrebap bankomatlarda esasy bank hyzmatlaryny alyp bilerler. Olaryň içinde hasapdan pul serişdelerini almak, alyş-çalyş amallary, owerdraft amallary, bir hasapdan başga hasaba pul geçirmek amaly, kommunal tölegleri geçirmek amallary bardyr [5]. Bankomatlarda ýerine ýetirilýän bank hyzmatlarynyň sany yzygiderli artdyrylýar. Türkmen, rus we iňlis dillerindäki programma menýusy olaryň ulanylyşyny ýönekeýleşdirýär we amatly şert döredýär. Täze bankomatlaryň müşderileriň töleg kartlary bilen rugsat edilmedik amallaryň amala aşyrylmagyna, ilkinji nobatda, bolsa galp kartlaryň ulanylmagyna garşy durýan goşmaça gorag serişdeleri bilen üpjün edilendigini bellemek gerek.

«Altyn Asyr» bank kartynyň binýadynda hyzmatlaryň sanawyny artdyrmak, magnit zolakly plastik kartlaryň «akylly» kartlaryna geçilmegi göz öňünde tutulýar. «Akylly» kart – bu çipli (mikroprosessorly) kart bolup, ol edil kiçijek kompýuter ýaly hereket edýär. Çip-modul has uly möçberdäki maglumatlary bellige almaga we aýratyn bellemeli zat zerur bolan halatynda ony üýtgetmäge mümkinçilik berýär [4].

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistan // 2014-nji ýylyň 10-njy ýanwary.

2. Sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy.

3. *Rahmanow A.* Nagt däl hasaplaşyk. – Daşoguz habarlary // 2014-nji ýylyň 15-nji apreli.

4. *Rahmanow A.* Oňaýly hasaplaşyk ulgamlary. – Daşoguz habarlary // 2014-nji ýylyň 7-nji iýuny.

5. *Rahmanow A.* Elektron tölеglerde ulanylýan bank kartlary. – Daşoguz habarlary // 2014-nji ýylyň 6-njy noýabry.

6. emoney.ru

7. swift.ru

## ПУТИ ВНЕДРЕНИЯ ОПЫТА РАЗВИТЫХ СТРАН ПО РАЗВИТИЮ ЭЛЕКТРОННОЙ КОММЕРЦИИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

В настоящее время роль цифровых технологий в развитии мировой экономики постоянно возрастает. Электронная коммерция, то есть торговля товарами и услугами через интернет, развивается как важная составляющая часть современной экономики. Эта сфера не только увеличивает экономическую прибыль, но и создает новые рабочие места, повышает качество услуг и позволяет выходить на международные рынки. В развитых странах мира эта система получила широкое развитие и подкрепляется государственной поддержкой, правовым обеспечением и развитой технической инфраструктурой. Туркменистан также придает большое значение развитию электронной коммерции в рамках своей стратегии развития цифровой экономики.

## WAYS OF IMPLEMENTING THE EXPERIENCE OF DEVELOPED COUNTRIES FOR THE DEVELOPMENT OF E-COMMERCE IN TURKMENISTAN

The role of digital technologies in the development of the global economy is constantly growing. E-commerce, that is, the trade of goods and services via the internet, is developing as an important component part of the modern economy. This sector not only increases economic profit but also creates new jobs, improves the quality of services, and allows for entry into international markets. In the developed countries of the world, this system has gained widespread development and is supported by state assistance, legal provision, and advanced technical infrastructure. Turkmenistan also attaches great importance to the development of e-commerce within the framework of its digital economy development strategy.

**Jennet NURYMYRADOWA,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

# WIRTUAL MALIÝE SERIŞDELERINI ULANMAGYŇ HALKARA TEJRIBESI

Innowasiýalar uzak möhletli ykdysady ösüşiň, dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygy üpjün etmegiň, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň esasy çeşmesi bolup durýar. Ykdysadyýet ulgamynda innowasion ösüşi çaltlandyrmak, şol bir wagtda, internetden peýdalanmak we maglumat tehnologiýalar ulgamyny ornaşdyrmak arkaly sanly ykdysadyýeti giň gerimde ornaşdyrmak Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň öňdengörüjilikli syýasatynyň strategik ugurlarynyň hatarynda durýar. Innowasiýalar bazar şertlerinde döwletiň ösüşinde we ykdysady gatnaşyklarynda özgertmeleriň durmuşa geçirilmegini, şeýle hem ýokary talaply, has bähbitli we netijeli önümleri taýýarlamakda täzeçillikleriň ornaşdyrylmagyny aňladýar.

Ykdysadyýetiň we durmuş gurşawynyň sanlylaşdyrylmagy maliýe dolanyşygyna hem-de maýa goýumlarynyň häsiýetine öz täsirini ýetirýär. Döwür bilen deň gadam urmak, öňegidişlikli ösüş özgerişlere uýgunlaşmak durnukly ykdysady ösüşi gazanmagyň möhüm şertidir. Olary nazara almak bilen, ýurdumyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda sanly ykdysadyýete geçmek, innowasion tehnologiýalaryň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak ugrunda giň gerimli işler alnyp barylýar.

Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň okgunly ösýän häzirki döwründe kämil innowasion işläp taýýarlamalar yzygiderli esasda döredilýär. Täzeçillikler ozalkylardan has çalt ýaýrap, durmuşymyza işjeň ornaşdyrylýar. Maliýe we ykdysadyýet pudagy hem bu täzeçilliklerden sowa durmaýar. Has amatlylaşdyrýan sanly binýatlar söwda-ykdysady amallary pudagyna giňden ornaşdyrylýar. Soňky ýyllarda kriptowalýutalar, tokenler, maýning tehnologiýasy ýaly innowasiýalaryň meşhurlygy barha artýar. Olar «sanly» ýa-da «wirtual aktiwler» düşünjelerine birleşdirilýär.

«Wirtual» düşünjesi türkmen dilindäki «bolup biljek» diýen jümle bilen manydaşdyr, ol göz öňüne getirip boljak ýa-da kesgitli şertlerde ýüze çykyp biljek ýagdaýlary, hadysalary, iş amallaryny aňladýar. «Aktiw» düşünjesi «emläk, baýlyk, maýa» ýaly sözler bilen manydaşdyr. Ykdysady ylymda «aktiw» düşünjesine eýesine yzygiderli esasda girdeji getirýän, çykdajylary azaltmaga kömek edýän ýa-da bahasy ýokarlanýan emläkdir serişdeleri degişli edýärler. Şeýlelikde, wirtual aktiwleri özlerine eýelik edýän taraplara peýda getirýän sanly dolanyşyk serişdeleri hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetinde wirtual aktiwleriň paýy ýokary depginde artýar.

Türkmenistanda tehnologik öňegidişligiň iň täze gazananlary işjeň ornaşdyrylýar. Bu ýagdaý garalýan ugurda ýurdumyzda möhüm başlangyçlaryň başy tutulýandygyna şaýatlyk edýär. Wirtual aktiwler ulgamynda döwlet düzgünleşdirmesi, olaryň dolanyşygy çygrynda işleriň netijeli guralmagy, maýning, wirtual aktiwleriň emissiýasy we jemgyýetçilige hödürlenilmegi, şeýle hem degişli ugurdaky hyzmatlary üpjün edijiler bilen bagly kanunçylyk namalarynyň işlenip taýýarlanylmagy hem-de kabul edilmegi milli ykdysadyýete maýa goýumlaryň has netijeli çekilmegine, maliýe tehnologiýalarynyň ösdürilmegine, sanly hyzmatlar ulgamynda telekeçilik işjeňliginiň höweslendirilmegine itergi berer.

Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýeti sanly tehnologiýalaryň täsiri bilen çalt üýtgeýär. Şol üýtgeşmeleriň iň täsirli görnüşleriniň biri hem wirtual maliýe serişdeleri bolup durýar. Wirtual maliýe serişdeleri ýa-da kriptowalýutalar, pul serişdesiniň täze görnüşi bolup, olar diňe elektron görnüşde hereket edýärler we adaty fiziki puluň ornuny belli bir derejede tutup bilýärler. Wirtual maliýe serişdeleriň esasy aýratynlygy olarda merkezi dolandyryjynyň bolmazlygydyr.

Ilkinji wirtual pul bitkoin bolup, ol 2009-njy ýylda «Satoshi Nakamoto» atly şahsyýet tarapyndan oýlanyp tapyldy. Wagtyň geçmegi bilen ol diňe bir elektron pul bolman, eýsem, dünýä ykdysadyýetinde maýa goýum serişdesi hökmünde giňden ulanylyp başlandy. Şondan soňra ýüzlerçe täze kriptowalýutanyň görnüşleri, mysal üçin: ethereum, ripple, litekoin, dogekoin ýaly elektron pullar peýda boldy. Wirtual maliýe serişdeleriniň esasy wezipesi – adaty bank ulgamyndan daşarda tölegleri geçirmek, maýa goýum döretmek we ykdysady gatnaşyklarda täze mümkinçilikleri açmakdan ybarat. Olar dünýäniň islendik ýerindäki adamlaryň arasynda aragatnaşygy ýeňilleşdirýär we global ykdysady integrasiýany ösdürýär. Wirtual maliýe serişdeleri blokçeýn tehnologiýasy esasynda işläp, maglumatlaryň üznüksiz görnüşde saklanylmagyna, açyk we howpsuz görnüşde ulanmaga mümkinçilik berýär.

Häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde wirtual maliýe serişdeleri möhüm orny eýeleýär. Ol diňe täze töleg serişdesi bolmak bilen çäklenmän, global ykdysady gatnaşyklaryny ýeňilleşdirmek we sanly ykdysadyýeti ösdürmek üçin möhüm gurala öwrüldi. Wirtual serişdeler töleg amallarynyň tizligini we elýeterliligini üpjün edýär. Adaty bank ulgamy arkaly halkara tölegleri geçirmek ýaly amallary birnäçe günläp dowam edip bilýär, emma kriptowalýutalaryň üsti bilen bu amal birnäçe minutda ýerine ýetirilýär. Bu bolsa söwda gatnaşyklarynyň netijeliligini artdyrýar. Wirtual serişdeler bank hyzmatlaryna elýeterligi bolmadyk adamlara täze mümkinçilik döredýär. Dünýäde müňlerçe adam bank hasabyny açyp bilmeýär, emma internet arkaly wirtual pul hasabyny aňsat we çalt açmak mümkindir. Şeýlelikde, bu serişdeler jemgyýetiň ykdysady işjeňligini ýokarlandyrýar. Kriptowalýutalaryň döremegi bilen täze maýa goýum mümkinçilikleri has-da ýokarlandy. Köp ýurtlarda kripto bazarlary döräp, olar gatnaşyjylara täze mümkinçilikleri hödürleýärler.

Käbir kompaniýalar wirtual serişdeleri maýa goýum serişdesi hökmünde ulanmaga başladylar. Bu ýagdaý sanly ykdysadyýetde täze iş orunlarynyň we innowasion taslamalaryň döremegine mümkinçilik berýär. Mundan başga-da wirtual serişdeleriň ornaşdyrylmagy maliýe ulgamynyň aç-açanlygyny ýokarlandyrýar. Blokçeýn tehnologiýasynda ähli amallar açyk görnüşde saklanylýar, bu bolsa korrupsiýanyň we bikanun pul dolanyşygynyň öňüni almaga ýardam berýär.

Wirtual maliýe serişdelerini ulanmak boýunça dünýä tejribesi häzirki wagtda örän giň gerimde ösdürilýär. Her bir ýurt bu ulgama öz ykdysady syýasatyna we milli kanunçylyk ýörelgelerine laýyklykda çemeleşýär. Ösüş derejesi ýokary bolan döwletleriň birnäçesi, mysal üçin, ABŞ we Ýaponiýa, kriptowalýutalary ykdysady ulgamyň bir bölegi hökmünde kabul etdiler. ABŞ-da wirtual serişdeler maýa goýum serişdesi hökmünde giňden ulanylýar, Ýaponiýada bolsa bitkoin resmi töleg serişdesi hökmünde ykrar edildi. Ýewropa Bileleşigi hem bu ugurda möhüm ädim ädip, «MiCA» düzgünnamasy arkaly sanly serişdeleriň bazarynda aç-açanlygy we müşderi goragyny üpjün edýän hukuk binýadyny döretdi. Şol bir wagtyň özünde, käbir ýurtlar kriptowalýutalaryň erkin dolanyşygyny çäklendirip, olaryň ýerine döwlet tarapyndan goldanylýan sanly pul ulgamyny ornaşdyrdy. Bu ulgam ykdysadyýetiň dolandyrylyşyny ýeňilleşdirýär we döwlet gözegçiligini güýçlendirýär.

Birleşen Arap Emirlikleri kripto-tehnologiýalaryny ösdürmekde halkara merkezine öwrülmäge çemeleşýärler. Umuman aýdanymyzda, wirtual maliýe serişdeleri häzirki wagtda diňe pul serişdesi bolman, eýsem, täze ykdysady gatnaşyklary döretmegiň hem möhüm guralyna öwrülýär. Şol bir wagtda, döwletler bu ulgamy kadalaşdyrmak arkaly onuň durnukly we howpsuz işlemegini üpjün etmäge çalyşýarlar.

Ýaşlaryň dünýä ölçeglerine laýyk bilim almagynyň hem-de kämil hünärmenler bolup ýetişmeginiň möhüm şertleriniň biri-de, olaryň häzirki zaman maglumat tehnologiýalaryny hünär işinde işjeň we netijeli ulanyp bilmegini gazanmakdan ybaratdyr. Bu wezipäni üstünlikli amala aşyrmak üçin ýurdumyzda döwrebap tehnologiýalar bilen üpjün edilen ylym-bilim ojaklary yzygiderli gurlup, ulanylmaga berilýär. Bu ylym-bilim ojaklarynda daşary ýurt dillerini kämil derejede bilýän, döwrüň ösen tehniki mümkinçiliklerinden baş çykarýan, täzeçe, döredijilikli pikirlenmegi başarýan hünärmenler okadylyp ýetişdirilýär.

Bilermenleriň bellemegine görä, wirtual aktiwler bazary häzirki döwürde kemala geliş tapgyryny başdan geçirýär, onuň ugurdaş infrastrukturasy yzygiderli kämilleşdirilýär. Pudagyň işiniň sazlaşykly ýola goýulmagyna birnäçe ýyl gerek bolar. Şol bir wagtyň özünde, wirtual aktiwleriň ýerine ýetirýän wezipeleriniň nagt däl hasaplaşyklardan kän bir tapawutlanmaýandygyny bellemek bolar. Şunuň bilen baglylykda, wirtual aktiwler bilen netijeli iş alyp barjak hünärmenleri taýýarlamakda nagt däl hasaplaşyklar boýunça amala aşyrylan ugurdaş tejribeler göz öňünde

tutulyp bilner. Şeýle hünärmenlere, ilkinji nobatda, tehniki hünärmenler, ýagny innowasion tehnologiýalaryň maliýe bilen utgaşdyrylmagy esasynda iş alyp barýan hünärmenler degişli edilip bilner. Hemmetaraplaýyn we üznüksiz gözegçiligi talap edýänligi wirtual aktiwleri adaty görnüşli nagt däl hasaplaşyk serişdelerinden düýpli tapawutlandyrýar. Munuň özi, ilkinji nobatda, Merkezi bank tarapyndan ýurdumyzyň çäginde dolanyşyga goýberilýän wirtual aktiwleriň bitewi sanawynyň tassyklanylmagyny, kadaly we howpsuz iş alyp barjak ulgamy işe girizmek bilen bagly wezipeleriň üstünlikli çözülmegini talap edýär.

Häzirki wagtda dünýäniň dürli ýurtlarynda, şol sanda Merkezi Aziýa döwletlerinde wirtual aktiwleri peýdalanmagyň kanunçylyk, maliýe-ykdysady, tehnologik esaslary berkidilýär. Wirtual aktiwler bilen baglanyşykly hünärmenleri taýýarlamak ykdysadyýetiň degişli pudagynyň kadaly işlemegi we üstünlikli ösmegi üçin möhüm wezipe bolup durýar. Bu wezipe wirtual aktiwleriň ugurlary we olar bilen baglanyşykly anyk işler üçin zerur bolan başarnyklary emele getirmäge gönükdirilmelidir.

Wirtual aktiwler bilen baglanyşykly hünärmenleri taýýarlamak işi birnäçe esasy jähtleri öz içine alýar. Hukuk nukdaýnazaryndan seredilende, wirtual aktiwler, kriptowalýutalar we blokçeýn tehnologiýalary boýunça ýöriteleşen hukukçylary taýýarlamak zerurlygy öňe çykýar. Olar wirtual aktiwler bilen bagly kanunçylyk düzgünleşdirmesi, salgytlar, halkara standartlar boýunça bildirilýän talaplar babatynda çuň düşünjeli bolmalydyr.

Maliýe jähetden seredilende, wirtual aktiwler bilen bagly hünärmenler degişli ugurdaky maliýe gurallaryny döretmegiň, dolanyşyga goýbermegiň, netijeli peýdalanmagyň inçe tärlerini gowy bilmelidir. Şeýle gurallara merkezleşdirilmedik maliýe serişdeleri, görnüşleri barha artýan sanly dolanyşyk serişdeleri, sanly maliýe ulgamlary we beýlekiler degişlidir.

Ykdysady jähetden seredilende, wirtual aktiwler bilen baglanyşykly ykdysady nusgalara hemmetaraplaýyn düşünmek, bu pudakda baha emele getiriş ýörelgelerini, maýa goýum strategiýalaryny we bolup biljek töwekgelçilikleri çaklamagy hem-de olaryň öňüni almagy başarmak bu ugurdaky hünärmenlere zerur iş başarnyklaryň hatarynda görkezilýär. Olar wirtual aktiwler bilen bagly tehnologiýalary işläp taýýarlamak we olaryň sazlaşykly işlemegini gazanmak, maglumatlary seljermek, kriptografiýa, «akylly» şertnamalar we blokçeýn platformalarynyň gurluşy baradaky düýpli bilimlere eýe bolmalydyr. Şeýle hem wirtual aktiwler boýunça hünärmenler öz hünär ugruna baglylykda pudaga degişli anyk platformalar, goşundylar we beýleki gurallar bilen işlemegi düýpli öwrenmelidir.

Blokçeýn goşundylaryny işläp taýýarlaýjylar, wirtual aktiwleri seljerijiler, ugurdaş kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly hünärmenler, kriptowalýutalar we tokenler bazarynda işleýän hünärmenler, wirtual

aktiwler iň arasynda iş alyp barýan kärhanalara hem-de şahsy taraplara maslahat beriş hyzmatlaryny ýerine ýetirýän bilermenler ýaly hünärmenlere eýýäm ýakyn geljekde zähmet bazarynda bildirilýän islegiň düýpli artjakdygyny çaklamak bolar. Wirtual aktiwler bazarynyň ösmegi maliýe ulgamyndaky innowasion tehnologiýalaryň hödürleýän mümkinçiliklerine düşünýän hem-de olary netijeli peýdalanmagy başarýan ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanylmagyny talap edýär. Häzirki wagtda dünýä tejribesinde wirtual aktiwler pudagynyň hünärmenlerini taýýarlamagyň dürli ugurlary bilen baglanyşykly ýörite okuw maksatnamalary, amaly treningler, seminarlar we maslahatlar geçirilýär. Bu ugurda bilim beriş işi bakalawr hem-de magistr derejesinde uniwersitetleriň okuw maksatnamalary esasynda çuňlaşdyrylan okuwlar, degişli pudagyň haýsy hem bolsa anyk bir ugry bilen bagly bilimleri we başarnyklary öwredýän gysga möhletli hünär okuwlary görnüşinde-de alnyp barylýar.

Bilermenleriň bellemegine görä, hünärmenleri taýýarlamak işiniň ykdysadyýetiň bu pudagynyň howpsuzlygyny, ygtybarlylygyny we durnukly ösüşini üpjün etjek anyk talaplar, şertler bilen baglanyşdyrylmagy maksadalaýyk bolar. Şeýle çemeleşme wirtual aktiwler pudagy üçin hünärmenleri taýýarlamak işini geljege gönükdirilen gymmatly maýa goýuma öwürýär, ol innowasiýaly tehnologiýalaryň mümkinçiliklerini doly derejede peýdalanmaga hem-de olaryň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri düýpli peseltmäge ýardam eder. Bu pudagyň netijeli ösdürilmegi bolsa milli ykdysadyýete maýalaryň has köp möçberde çekilmegine, maliýe tehnologiýalarynyň has-da ösmegine, sanly hyzmatlar ulgamynda telekeçilik işjeňliginiň paýynyň artmagyna itergi berer.

Mälim bolşy ýaly ýurdumyzda ähli pudaklar bilen bir hatarda, «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, maliýe ulgamyna hem sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy amala aşyrylýar. Maliýe ulgamyny sanlylaşdyrmak maksatnamalaýyn esasda alnyp barlyp, konsepsiýanyň çäginde bu ugurda aýratyn Döwlet maksatnamasy hem-de ony amala aşyrmagyň çäreleriniň meýilnamasy hereket edýär. Sanly tehnologiýalaryň ykdysady ulgama ornaşdyrylmagy bu pudagy ösdürmeklige, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga, diwersifikasiýalaşdyrmaga hem-de höweslendirmäge, durnukly ykdysady ösüşi saklamaga, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga hem-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň hilini gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Soňky wagtda sanly ykdysadyýetiň depginli ösmegi bilen baglylykda, döwletiň sanly aktiwler babatyndaky hukuk binýadyny kämilleşdirmek meseleleri aýratyn ähmiýete eýe bolýar. 2025-nji ýylyň 23-nji maýynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hem hut şu ugurda möhüm mesele – wirtual aktiwleriň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagy we maýning tehnologiýalarynyň kanunlaşdyrylmagy ara alnyp maslahatlaşyldy [1].

Mejlisiň dowamynda dürli ulgamlarda giňden ornaşdyrylýan sanly hyzmatlar bilen baglylykda taýýarlanylan «Wirtual aktiwler hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasy boýunça hasabat berdi. Kanunçylyk başlangyjy bu ugurda ýüze çykýan gatnaşyklaryň doly we toplumlaýyn kadalaşdyrylmagyny nazarlaýar. Taslama sanly ykdysadyýetde dolandyryş ulgamynyň hukuk esaslaryny, degişli edaralaryň ygtyýarlyklaryny, wirtual aktiwleriň emissiýasy, jemgyýetçilikde ýerleşdirilişi, olaryň hyzmat üpjünçilikleri tarapyndan ýerine ýetirilýän işleriň düzgünlerini, şeýle hem maýning arkaly öndürilýän aktiwleriň hereket tertibini özünde jemleýär.

Wirtual aktiwler boýunça ilkinji milli Kanunyň kabul edilmegi Türkmenistanyň sanly ykdysadyýetiniň ösmegine täze itergi berer diýip garaşylýar. Häzirki wagtda dünýäde ykdysady hyzmatlaryň ýokary derejede sanlylaşdyrylmagy fonunda bu Kanunyň girizilmegi ýurdumyza daşary ýurt maýasynyň çekilmegine, finteç-innowasiýalaryň ösdürilmegine, sanly hyzmatlar ulgamynda telekeçiligi höweslendirmäge giň mümkinçilik döreder. Şeýlelikde, degişli kanunçylyk binýadynyň döredilmegi halkara tejribä laýyklykda täze ykdysady mümkinçilikleri açar.

2025-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda hormatly Prezidentimiz hökümet mejlisiniň barşynda «2030-njy ýyla çenli maliýe bazaryny ösdürmegiň strategiýasyny», «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny» tassyklaýan Kararlara gol çekdi. Strategiýa Türkmenistanyň maliýe pudagyny hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen maksatlary we wezipeleri kesgitleýär. Konsepsiýanyň esasy maksady innowasiýa tehnologiýalaryny giň gerimde ornaşdyrmak arkaly ýurduň global bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar.

## EDEBIÝATLAR


1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar–Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: TDNG, 2010.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tom. – A.: TDNG, 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I–XV tom. – A.: TDNG, 2008–2023.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir! – A.: TDNG, 2009.

7. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli maksatnamasy. – A.: TDNG, 2010.

8. Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri. – A.: TDNG, 2010.

9. Türkmenistanda nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. – A.: TDNG, 2006.

10. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşy. – Türkmenistan // 2017-nji ýylyň 19-njy fewraly.

11. *Kazygulyýew A. we başg.* Dünýä ykdysadyýeti. – A.: TDNG, 2016.

12. *Ataýew G. we başg.* Halkara ykdysady guramalar. – A.: TDNG, 2019.

## МЕЖДУНАРОДНЫЙ ОПЫТ ИСПОЛЬЗОВАНИЯ ВИРТУАЛЬНЫХ ФИНАНСОВЫХ ИНСТРУМЕНТОВ

Данная статья исследует содержание, исторические основы возникновения и роль виртуальных финансовых активов в современной глобальной экономике. Анализируется опыт использования криптовалют в развитых странах мира и сравниваются различные подходы к регулированию, надзору и технологическим аспектам. В работе заявляется, что блокчейн-платформы повышают прозрачность в финансовой системе, скорость транзакций и доступность финансовых услуг. Результаты исследования, опираясь на мировой опыт, предлагают научные рекомендации по правовой гармонизации, кибербезопасности, финансовому надзору, управлению рисками, международному сотрудничеству и инновационной инфраструктуре для обеспечения стабильного функционирования системы виртуальных активов. Подчеркивается важность стратегических подходов государств в данном направлении и демонстрируются будущие возможности развития цифровой экономики.

## INTERNATIONAL EXPERIENCE IN THE USE OF VIRTUAL FINANCIAL INSTRUMENTS

This article explores the content, historical foundations of emergence, and the role of virtual financial assets in the modern global economy. It analyzes the experience of using cryptocurrencies in developed countries worldwide and compares various approaches to regulation, oversight, and technological aspects. The paper asserts that blockchain platforms enhance transparency in the financial system, the speed of transactions, and the accessibility of financial services. The research results, drawing on international experience, offer scholarly recommendations regarding legal harmonization, cybersecurity, financial supervision, risk management, international cooperation, and innovative infrastructure to ensure the stable functioning of the virtual asset system. The need for specialists in this field is also addressed.

In conclusion, the importance of strategic state approaches in this area is emphasized, and the future development opportunities of the digital economy are demonstrated.

**Kerim SERDAROW,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty.*

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY HYZMATDAŞLYGYNY ÖSDÜRMEKDE HÖKÜMETARA TOPARLARYNYŇ ORNY (GDA ÝURTLARYNYŇ MYSALYNDA)

SSSR-iň dargamagy bilen onuň düzümindäki döwletler dünýä kartasynda öz ornuny tapdylar. Täze döwletleriň döremegi netijesinde, syýasy arenada 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda «Garaşsyz Döwletler Arkalaşygy» atly täze gurama döredildi. GDA-ny döretmegiň esasy maksady, garaşsyz döwletleriň arasyndaky ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary ösdürmek bolup durýar. Türkmenistan hemişelik Bitaraplygyna eýe bolandan soňra, 2005-nji ýylyň 26-njy awgustynda Kazan şäherinde geçirilen sammitde GDA döwletleriniň Baştutanlary dostluk hem-de hyzmatdaşlyk ruhunda Türkmenistanyň Arkalaşyga gatnaşygynyň assosirlenen agza hökmünde dowam etdirjekdigi baradaky Beýannamany kabul etdiler.

Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmegiň möhüm ugrudyr. Daşary ykdysady syýasatda ýurdumyz Bitaraplyk syýasatyny alyp barýar. Bitaraplyk syýasaty, Türkmenistanyň ähli döwletler bilen deňhukukly, özara hormat goýmak we içerki işlerine goşulmazlyk ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary ýola goýmagyna mümkinçilik berýär.

Türkmenistan garaşsyzlygyny alanyndan bäri halkara gatnaşyklaryna işjeň gatnaşyp, daşary ýurtlar we sebit birleşikleri bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürýär. Köptaraplaýyn özara gatnaşyklaryň hususanda döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki halkara, sebitara we sebitleýin guramalaryň çäginde alyp barýan işleri bellärliklidir.

Ýurduň halkara gatnaşyklarynda ykdysady hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi, täze bazarlara çykmak, maýa goýum mümkinçilikleriniň artdyrylmagy hem-de önümçilik we hyzmatlar ulgamynyň halkara standartlaryna laýyk ösdürilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu babatda hökümetara toparlaryň orny aýratyn ähmiýete eýedir. Olar döwletleriň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy kämilleşdirmekde, bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmekde we ylalaşykly çözgütleri kabul etmekde möhüm mehanizm bolup çykyş edýärler.

Türkmenistanyň GDA ýurtlary bilen gatnaşyklary bu nukdaýnazardan giň tejribe toplap, hyzmatdaşlygyň köpugurly ösüşine ýardam berýär. Türkmenistanyň

hökümetara toparlary, esasan, ykdysady, söwda, energetika, ynsanperwer, ulag we maýa goýum ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir. Özara söwdanyň giňeldilmegi, haryt dolanyşygynyň möçberiniň artdyrylmagy, senagat, sanly ykdysadyýete geçiş boýunça uzak möhletleýin gatnaşyklaryň ösdürilmegi, maýa goýumlaryň, işewürligiň höweslendirilmegi häzirki döwrüň esasy wezipeleriniň hataryndadyr. Ynsanperwer ulgam hem GDA formatyndaky hyzmatdaşlygyň möhüm ugrudyr. Medeni özara baglanyşyk, ýurtlarymyzyň halklarynyň ruhy taýdan ýakynlygy, umumy taryh Arkalaşygyň çäklerindäki gatnaşyklaryň berk binýady bolup çykyş edýär. GDA ýurtlary bilen gatnaşyklarda bu toparlaryň esasy wezipesi gatnaşyjy ýurtlaryň ykdysady mümkinçiliklerini seljermek, bilelikdäki ykdysady maksatnamalary taýýarlamak we olaryň ýerine ýetirilişini üpjün etmekden ybaratdyr. Mysal üçin, Türkmenistan bilen Russiýanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň arasyndaky hökümetara toparlar energetika ulgamynda hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginde möhüm orny eýeleýärler. Türkmenistanyň tebigy gaz eksportynyň ugurlary, ulag geçelgeleriniň kämilleşdirilmegi we söwda dolanyşygynyň artdyrylmagy şol toparlaryň gepleşikleriniň üsti bilen yzygiderli ösdürilýär.

2025-nji ýylyň 28-nji iýulynda Bakuda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-azerbaýjan toparynyň 8-nji mejlisi geçirildi. Duşuşykda energiýa, ulag we oba hojalygy ýaly esasy pudaklarda hyzmatdaşlygy ösdürmek ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle-de söwda we ykdysady gatnaşyklaryň üstünlikli ösdürilmekligi, hususy pudagyň bilelikdäki çärelere gatnaşygyny artdyrmaklygyň ähmiýeti nygtaldy. Duşuşygyň ahyrynda hyzmatdaşlygy giňeltmek baradaky teswirnama gol çekildi.

Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-belarus toparynyň mejlisi 2021-nji ýylyň 26-njy fewralynda wideokonferensiýa arkaly geçirildi. Bu konferensiýada taraplar söwda we ykdysady ugurda hyzmatdaşlygyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna hem-de özara söwda dolanyşygynyň mukdaryny ýokarlandyrmaga gönükdirilen birnäçe anyk ädimleri ara alyp maslahatlaşdylar. Ýygnagyň ahyrynda degişli teswirnama gol çekildi.

Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-ermeni toparynyň 10-njy mejlisi 2025-nji ýylyň 26-njy martynda Ýerewanda geçirildi. Duşuşykda söwda, energiýa, bilim, medeniýet we ulag ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen resminamalara gol çekildi. Gepleşikleriň ahyrynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin indiki ädimleri kesgitleýän teswirnama gol çekildi.

Ykdysady, ylmy, tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-gazak toparynyň 12-nji mejlisi 2023-nji ýylyň 15-nji maýynda Astana şäherinde geçirildi. Söwda, ulag, maliýe, oba hojalygy, gurluşyk, medeniýet we ylym, şeýle hem nebit-gaz pudagyndaky dürli ugurlardaky hyzmatdaşlyk ara alnyp maslahatlaşyldy.

2023-nji ýylyň 5-nji iýunynda Tbiliside Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-gruzin toparynyň ýolbaşçylarynyň mejlisi geçirildi. Söhbetdeşligiň dowamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary ýokary derejede alnyp barylýandygy bellenip geçildi we iki ýurduň arasyndaky köpmaksatlaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň ugurlary kesgitlenildi. Ýygnakda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek boýunça meseleleri ara alyp maslahatlaşyldy [1].

Söwda, ykdysady, ylmy, tehniki we gumanitar hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-gyrgyz toparynyň 6-njy mejlisi 2024-nji ýylyň 24–25-nji iýuly aralygynda Çolpon-Ata şäherinde geçirildi. Taraplar energiýa, oba hojalygy, medeniýet we beýleki ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmegi ara alyp maslahatlaşdylar. Netijede, 2025-nji ýylda Türkmenistandan Gyrgyz Respublikasyna elektrik toguny eksport etmek barada şertnama baglaşyldy.

Söwda, ykdysady, ylmy, tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-özbek toparynyň 17-nji mejlisi 2023-nji ýylda Aşgabatda geçirildi. Duşuşykda taraplar söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek, ulag ulgamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy güýçlendirmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Oba hojalygyndaky hyzmatdaşlygy, şeýle-de himiýa pudagyndaky meseleleri ara alyp maslahatlaşyldy. Bilelikdäki hökümetara toparynyň işiniň jemleri boýunça 17-nji mejlisiň Teswirnamasyna gol çekildi [2].

Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň 13-nji mejlisi 2025-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda geçirildi. Duşuşykda taraplar Türkmenistan bilen Russiýanyň arasyndaky söwda, ykdysady, medeni we ynsanperwer hyzmatdaşlygy bilen baglanyşykly möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Ýygnagyň ahyrynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň 13-nji mejlisiniň teswirnamasy ýaly birnäçe ikitaraplaýyn resminama gol çekildi. Şeýle duşuşyklaryň geçirilmegi iki ýurduň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürýär.

Söwda-ykdysady, medeni, ynsanperwer hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-täjik toparynyň 12-nji mejlisi 2023-nji ýylyň 27–28-nji noýabrynda Duşanbe şäherinde geçirildi. Duşuşykda oba hojalygy we azyk senagaty, suw resurslaryny dolandyrmak we daşky gurşawy goramak, saglygy goraýyş, ylym we bilim, medeniýet, sport we syýahatçylyk ýaly pudaklar barada gepleşikler alnyp baryldy.

Hökümetara toparlar ykdysady gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekde möhüm ähmiýete eýedirler. Olar döwletara ylalaşyklarynyň ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklaýarlar we täze hyzmatdaşlyk şertnamalarynyň taslamalaryny taýýarlamakda gatnaşýarlar. GDA çäklerinde ykdysady integrasiýany ösdürmek, hususan-da, erkin söwda zolaklaryny döretmek, göni maýa goýumlaryň goraglylygyny üpjün etmek ýaly meselelerde hökümetara toparlaryň orny aýratyn

bellenilýär. Hökümetara toparlaryň işiniň netijeliligi diplomatik gatnaşyklaryň derejesine we syýasy ylalaşyklara hem baglydyr. Türkmenistan öz daşary syýasatynda «Açyk gapylar» syýasatyna esaslanyp, dostlukly, deňhukukly we özara peýdaly hyzmatdaşlygy ösdürmäge üns berýär. Bu ýörelgäniň esasynda GDA ýurtlary bilen gatnaşyklar durnukly we strategik ugurda ösdürilýär.

Türkmenistanyň daşary ykdysady hyzmatdaşlygyny ösdürmekde hökümetara toparlaryň orny aýratyn ähmiýete eýedir. Bu toparlar döwletleriň arasynda ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmakda, täze mümkinçilikleri açmakda we sebitleýin integrasiýany güýçlendirmekde möhüm mehanizm bolup çykyş edýärler. GDA ýurtlary bilen gatnaşyklarda bu toparlaryň üstünlikli işi Türkmenistanyň halkara abraýyny ýokarlandyrmaga we milli ykdysadyýetiň halkara ulgamyna üstünlikli goşulyşmagyna ýardam berýär.

## EDEBIÝATLAR


1. *Serdar Berdimuhamedow*. Ýaşlar–Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: TDNG, 2010.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tom. – A.: TDNG, 2010.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I–XV tom. – A.: TDNG, 2008–2023.
5. *Ataýew G. we başg*. Halkara ykdysady guramalar. – A.: TDNG, 2019.
6. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy. – A., 2025.
7. turkmenistan.gov.tm
8. un.org
9. neutrality.gov.tm
10. mfa.gov.tm
11. metbugat.gov.tm
12. georgia.tmembassy.gov.tm


# РОЛЬ МЕЖПРАВИТЕЛЬСТВЕННЫХ КОМИССИЙ В РАЗВИТИИ ВНЕШНЕЭКОНОМИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА ТУРКМЕНИСТАНА (НА ПРИМЕРЕ СТРАН СНГ)

В данной научной статье анализируется значение межправительственных групп и механизмы их работы в развитии внешнеэкономического сотрудничества Туркменистана. На примере стран СНГ обсуждаются вопросы координации торгово-экономических отношений, расширения инвести-

ционных возможностей, а также совершенствования транспортных и энергетических коридоров. Отмечается, что благодаря реализации межгосударственных соглашений, обеспечению правил и последовательности со стороны межправительственных групп, сотрудничество развивается на структурной основе. Подчёркивается, что межправительственные группы оцениваются как важные инструменты внешней экономической политики Туркменистана и как институты, создающие возможности для укрепления устойчивого развития и взаимовыгодного сотрудничества в регионе.

## THE ROLE OF INTERGOVERNMENTAL GROUPS IN DEVELOPING TURKMENISTAN'S FOREIGN ECONOMIC COOPERATION (USING THE EXAMPLE OF CIS COUNTRIES)

In this scientific article, the significance of intergovernmental groups and the mechanisms of their work in developing Turkmenistan's foreign economic cooperation are analyzed. Using the example of CIS countries, issues of coordinating trade and economic relations, expanding investment opportunities, and improving transport and energy corridors are discussed.It is noted that, thanks to the implementation of interstate agreements and the provision of rules and consistency by intergovernmental groups, cooperation is developed on a structural basis. In conclusion, intergovernmental groups are assessed as important instruments of Turkmenistan's foreign economic policy and as institutions that create opportunities for strengthening sustainable development and mutually beneficial cooperation in the region.

# VIII BAP
# SYÝASY KOMMUNIKASIÝA WE INTERNET ŽURNALISTIKASY

**Begmyrat GURBANOW,**
*Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugrunyň magistranty.*

## SYÝASY KOMMUNIKASIÝA ULGAMYNDA MAHABAT IŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY

Syýasy kommunikasiýa – jemgyýetde hökümet bilen raýatlaryň arasynda aragatnaşyk saklaýan, maglumat alyş-çalşygy arkaly jemgyýetçilik pikirini emele getirýän möhüm ulgamdyr. Şol ulgamda mahabat aýratyn ähmiýete eýedir, sebäbi ol syýasy pikiriň we jemgyýetçilik garaýyşlarynyň ugruny kesgitleýär. Mahabat arkaly syýasy guramalar, partiýalar we liderler öz ideologiýalaryny, maksatlaryny, gymmatlyklaryny jemgyýete ýetirýärler. Şeýlelikde, mahabat diňe bir maglumat bermegiň özboluşly guraly däl-de, eýsem, jemgyýetiň duýgularyna, aň-düşünjesine täsir etmek, ynsanlarda ynam döretmek we jemgyýetde syýasy işjeňligi ýokarlandyrmak üçin ulanylýan täsirli kommunikasiýa serişdesidir.

Mahabat diňe bir ykdysady maksatlara däl, eýsem syýasy, medeni we sosial gatnaşyklary hem berkitmäge gönükdirilendir [1; 5 sah.]. Ol jemgyýetiň pikir-garaýyşlaryny kämilleşdirmekde, sazlaşykly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny üpjün etmekde möhüm orny eýeleýär [2; 11 sah.]. Syýasy kommunikasiýa ulgamynda mahabat raýatlaryň garaýyşlaryny, saýlawçylaryň syýasy kararlaryny we jemgyýetde syýasy medeniýetiň ösüşini kesgitleýän möhüm faktor hökmünde hem çykyş edýär [1; 20 sah.].

Gi de Mopassanyň «Mont – Oriol» romanynda mahabat hakynda şeýle jümleler berilýär: «Mahabat – biziň döwrümiziň möhüm meseleleriniň biridir. Ol häzirki zaman söwda we senagat ulgamynyň esasy orny eýeleýär. Mahabat – bu diýseň ýeňil bolmadyk, sabyrlylygy we kanagatlylygy talap edýän sungat. Taryhdan mysallara ýüzlensek, ilkibaşda bu sungat bilen iş salyşanlar biraz gödek usullary ulanypdyrlar. Olar depleriň we top oklarynyň sesleri arkaly köpçüligiň ünsüni çekipdirler. Biz indi täzeçe usullar bilen köpçüligiň ünsüni özümize çekmeli – ilki auditoriýany geň galdyrmaly, soňra bolsa ynandyrmaly. Mahabat sungatynyň düýp mazmuny hem, her bir haryt üçin ýeke-täk dogry usuly tapmakdan ybaratdyr» [3; 44 sah.].

Syýasy kommunikasiýa – bu döwlet edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik guramalary we media serişdeleri tarapyndan amala aşyrylýan maglumat alyş-çalşygydyr [2; 34 sah.]. Bu ulgamda mahabatyň esasy wezipesi diňe bir maglumat

bermek bilen çäklenmän, syýasy garaýyşlary formirlemekden we jemgyýetde belli bir ideologiýany ornaşdyrmakdan ybaratdyr [1; 63 sah.]. Reklama – jemgyýetçilik pikirine täsir edýän we ykdysady gymmatlyklary syýasy düşünjeler bilen baglanyşdyrýan, täsirli gurallaryň biridir [2; 102 sah.]. Mahabat arkaly syýasy ýolbaşçylar öz maksatlaryny jemgyýete ýetirýärler, şonuň netijesinde-de raýatlaryň ynamyny gazanýarlar [1; 76 sah.].

Syýasy mahabatyň esasy aýratynlyklarynyň biri onuň psihologik we emosional güýjüdir. Ol saýlawçylaryň duýgularyna, milli we medeni gymmatlyklaryna, şeýle hem sosial ýagdaýlaryna täsir edýär [2; 125 sah.]. Şeýle hem syýasy mahabat dürli kommunikasion serişdeler – telewideniýe, radio, internet we jemgyýetçilik çäreleri arkaly, halk köpçüliginiň ünsüni özüne çekýär [1; 41 sah.].

Mahabat işi strategik meýilleşdirişi we döredijilikli çemeleşmäni talap edýär. Syýasy meýdançadaky islendik maglumat belli bir derejede jemgyýete öz täsirini ýetirýär [2; 71 sah.]. Şonuň üçin mahabat işgärleri diňe maglumat bermek bilen çäklenmeli däl-de, eýsem, döredjilikli usullary hem ýerlikli ulanmagy başarmalydyrlar [1; 45 sah.].

Mahabatyň syýasy kommunikasiýadaky orny, onuň jemgyýet bilen döwletiň arasynda aragatnaşyk gurmakdaky mümkinçilikleri bilen kesgitlenilýär [2; 183 sah.]. Mahabat jemgyýetçilik pikirini emele getirýär, jemgyýetiň pikirini belli bir ugra gönükdirýär we syýasy propagandanyň netijeliligini ýokarlandyrýar [2; 83 sah.]. Şu nukdaýnazardan, mahabat syýasy kommunikasiýanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ol jemgyýetiň maglumat giňişligine, jemgyýetçilik pikiriniň ugrukdyrylyşyna we saýlawçylaryň karar bermek prosesine düýpli täsir edýär [2; 270 sah.]. Mahabat arkaly döwlet we syýasy häkimiýet öz strategiýalaryny durmuşa geçirýärler. Şeýlelikde, jemgyýetde syýasy durnuklylyk we aragatnaşyk kemala gelýär [1; 96 sah.].

Umuman alanyňda, syýasy kommunikasiýa ulgamynda mahabat esasy orny eýeleýär. Ol jemgyýet bilen döwletiň arasynda aragatnaşyk gurmaga ýardam edýär, jemgyýetçilik pikirini belli bir ugra gönükdirýär we jemgyýetiň syýasy düşünjeliligini artdyrýar. Mahabat gündelik syýasy habarlara, maglumatlara hem öz täsirini ýetirýär. Şonuň üçin-de mahabat işi diňe bir maglumat bermekligiň serişdesi däl-de, eýsem, strategik pikirlenmegiň, döredijiligiň we jemgyýeti dogry ugra gönükdirmegiň netijeli guralydyr.

## EDEBIÝATLAR


1. *Омарова Г.В.* Основы рекламы: Учебно-методическое пособие. – Ярославль: Ремдер, 2007.

2. *Романов А.А., Панько А.В.* Маркетинговые коммуникации. – М.: Эксмо, 2006.

3. *Mämmedow A.* Reklamanyň esaslary we jemgyýetçilik gatnaşyklary. – A.: TDNG, 2010.

## ОСОБЕННОСТИ РЕКЛАМНОЙ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ В СИСТЕМЕ ПОЛИТИЧЕСКОЙ КОММУНИКАЦИИ

Реклама в системе политической коммуникации занимает ключевое место в жизни общества. Она помогает наладить открытую связь между социумом и государством, направляет общественное мнение и развивает его осведомленность. Реклама влияет не только на избирательные кампании, но и на ежедневные политические новости и информацию. Поэтому рекламная деятельность является результатом не только технических данных или формы, но и стратегического мышления, творчества и правильного направления общественного развития.

## PECULARITIES OF ADVERTISING ACTIVITY IN THE SYSTEM OF POLITICAL COMMUNICATION

In the system of political communication, advertising occupies a key place in the political life of society. It helps establish open communication between society and the state, guides public opinion, and develops the society's understanding. Advertising influences not only election campaigns but also daily political news and information. Therefore, advertising activity is the result of not only technical data or form, but also strategic thinking, creativity, and the proper direction of the public's feeling.

**Döwran HALLYGYLYJOW,**
*Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugrunyň magistranty.*

## HALKARA MAGLUMATLARY ÝAÝRATMAKDA INTERNET ŽURNALISTIKASYNYŇ ŽANR AÝRATYNLYKLARY

XXI asyr «maglumat eýýamy» hökmünde häsiýetlendirilip, dünýä jemgyýetçiliginiň ýaşaýyş, aragatnaşyk we kommunikasiýa giňişliginde düýpli özgerişler emele geldi. Şoňa görä-de, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň: «Men internetiň we aragatnaşygyň iň täze tilsimatlarynyň Türkmenistanyň her bir raýaty üçin elýeterli bolmagyny isleýärin» diýip bellemegi Türkmenistanda bu ugra aýratyn ähmiýet berilýändigini görkezýär [1; 198 sah.].

Sanly tehnologiýalaryň ösmegi bilen internet global maglumat alyş-çalşygynyň esasy çeşmesine öwrüldi. Şeýlelikde, internetiň döredip beren täze mümkinçilikleri žurnalistikanyň mazmunynda, tehnologiýasynda, usulyýetinde, formatlarynda we

aýratynlykda bolsa žanr gurluşynda uly täsir görkezdi. Bu barada türkmen halkynyň Milli Lideri: «Ýurtda gündelik amala aşyrylýan çuň özgertmeleriň mazmunyny, gerimini yzygiderli beýan etmekde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öňünde örän jogapkärli wezipeler goýulýar» diýip belleýär [2; 8 sah.].

Bu günki gün internet žurnalistikasy diňe bir milli däl, eýsem, halkara derejede maglumatlary ýetirmegiň, jemgyýetçilik pikirini emele getirmegiň hem-de jemgyýetiň sosial-syýasy dinamikasyna täsir etmegiň möhüm guraly hökmünde çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, bu ylmy makalada internet žurnalistikasynyň halkara derejede maglumatlary ýaýratmak mümkinçiligi, onuň žurnalistlik žanrlar bilen deňeşdirme aýratynlyklary, täze döreýän žanr görnüşleri, şeýle hem olaryň jemgyýetçilik pikirine edýän täsiri seljerilýär.

Mälim bolşy ýaly, internet žurnalistikasy XX asyryň ahyrlarynda emele gelip başlady. Beýleki habar beriş serişdeleri (gazetler, radio, telewideniýe) bilen deňeşdirilende, internet maglumatlary çalt we interaktiw görnüşde ýetirmäge mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, žurnalist diňe maglumat berýän däl, eýsem, şol maglumat boýunça diňleýji bilen göni aragatnaşyk arkaly pikir alyşýan synçynyň hökmünde çykyş edýär.

Internetiň ýaýramagy esasynda internet žurnalistikasynyň dörändigini ýokarda belläp geçdik. Onuň döremegi bilen maglumatlary üýtgeşik çykdajysyz, az zähmet bilen giň köpçülige çalt we täsirli ýaýratmak mümkinçiligi ýüze çykýar. «Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda: «Internet ulgamyndaky neşir – köpçülikleýin habar beriş serişdesi hökmünde hasaba alnan, internet maglumat-telekommunikasiýa ulgamyndaky saýt. Internet KHS-ni döretmek we işini hukuk taýdan düzgünleşdirmek şu Kanun hem-de internet hyzmatlaryny düzgünleşdirmek babatda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen amala aşyrylýar» diýlip bellenilýär [4; 1 m.].

Internet žurnalistikasynyň esasy aýratynlyklary şulardan ybarat:

1) Menzilsiz elýeterlilik: maglumat dünýäniň islendik nokadyndan tiz wagtda kabul edilýär;

2) Interaktiwlik: okyjy bilen žurnalistiň gatnaşygy, teswirler we pikir alyşmalar, onlaýn ses berlişikler arkaly gatnaşyk güýçlenýär;

3) Multimediallyk: tekstiň surat, wideo, ses ýazgy we animasiýalar bilen utgaşdyrylmagy;

4) Operatiwlik: habaryň çalt taýýarlanylmagy we derrew ýaýradylmagy.

Görnüşi ýaly, bu aýratynlyklar halkara derejede täsirli maglumat alyş-çalşygynyň giňelmegine şert döredýär.

Dünýäde syýasy, ykdysady, medeni we jemgyýetçilik häsiýetli maglumatlar häzirki wagtda, esasan, internet arkaly ýaýraýar. Döwrümizdäki möhüm wakalar, halkara konfliktler, syýasy gepleşikler, ykdysady forumlar we medeni hyzmatdaşlyk çäreleri, ilkinji nobatda, internetiň maglumat giňişliginde peýda bolýar. Şeýlelikde,

bolsa, halkara maglumat giňişliginde internetiň ähmiýeti aşakdaky meselelerde aýratyn ýüze çykýar:

– Global jemgyýetçilik pikiri döredilýär.

– Döwletleriň we halklaryň arasynda gatnaşyklaryň açyklygy üpjün edilýär.

– Diplomatik maglumatlar mediada giňden beýan edilýär.

– Medeni alyş-çalyş giňeýär.

Bular bolsa internetiň dünýä halklaryny umumy maglumat giňişliginde birleşdirýän köpri hökmünde çykyş edýändigini alamatlandyrýar.

Metbugatda žanrlar belli kategoriýalara bölünýär: habar, makala, reportaž, söhbetdeşlik, seljerme, syn we ş.m. Internetde bolsa bu žanrlar saklanylýar, ýöne olaryň gurluşy üýtgeýär, şeýle hem täze žanr görnüşleri peýda bolýar. Meselem:

**a) Habar (News).** Internetde habar çalt we gysga görnüşde ösdürilýär. Ilkinji maglumat paýlaşylandan soň tema boýunça yzygiderli täzelenme dowam edýär. Bu ýagdaý «habaryň akymy» diýlip atlandyrylýar.

**b) Reportaž.** Internet reportažlarynda suratlar we wideo ýazgylar esasy orny eýeleýär. Wakanyň göni ýaýlym arkaly berilmegi internetde reportažyň täsirini artdyrýar.

**ç) Analitiki makala.** Analitika giňişleýin seljermä esaslanýar. Internet analitikasynyň artykmaçlygy dürli çeşmeleri çalt deňeşdirip seljermäge mümkinçilik bermeginde.

**d) Söhbetdeşlik (Interwýu).** Onlaýn söhbetdeşlikler ýazgy, wideo we podkast görnüşinde berilýär. Okyjy söhbetdeşlikde ýetirilen pikire interaktiw gatnaşyp bilýär.

Häzirki wagtda internet žurnalistikasynda täze žanrlar hem yzygiderli döreýär. Şu aşakdaky görnüşler internet habar beriş serişdesinde täze žanrlar hasaplanylýar:

**Blog** – şahsy garaýyşly analitiki maglumat görnüşi.

**Wlog** – wideo blog görnüşi.

**Podkast** – ses ýazgylary arkaly tematik gürrüňler.

**Onlaýn translýasiýa** – wakanyň göni internet arkaly berlişi.

Bu žanrlar global jemgyýete maglumat taýdan has netijeli täsir edýär, sebäbi olar emosional, göni we tiz kabul edilýär.

Internet žurnalistikasynyň jemgyýetçilik pikirine edýän täsiri barada durup geçmek bilen, internet arkaly ýaýradylýan maglumata hem üns çekmek isleýäris. Ol diňe bir bilim bermek bilen çäklenmän, jemgyýetiň duýgusyna we garşy alşyna täsir edýär. Şeýlelikde, internet jemgyýetçilik pikirini döretmekde aýratyn güýçli gural hökmünde çykyş edýär. Aýratyn hem, internetde global pikir akymlary ýüze çykyp, jemgyýet belli temalar boýunça mobilizasiýa edilýär. Şeýle hem internetiň üsti bilen medeniýetara gatnaşyklar ösdürilýär, halklaryň we döwletleriň özara hyzmatdaşlygy güýçlendirýär. Şeýle-de bolsa, maglumatlaryň gözegçiliksiz ýaýramagy käwagt maglumat howpsuzlygynyň we fakt ýalňyşlygynyň ägirt uly

meselelerini döredýär. Şonuň üçin internet žurnalistikasynyň esasy talaplary – takyklyk, jogapkärçilik, obýektiwlik bolup durýar.

Telekommunikasiýa, ykjam telefon we internet giň halk köpçüliginiň aýrylmaz hemrasyna öwrüldi. Maglumaty gözlemekde, almakda we ýaýratmakda olaryň uly ähmiýetiniň bardygy äşgärdir. Şoňa görä-de, häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginiň, Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň, «Türkmenistan: Altyn asyr» habarlar gullugynyň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň resmi internet sahypalary hereket edip, maglumatlar toplumy ýaýradylýar [5; 25 sah.].

Dünýäde «Žurnalistikanyň täze ösüş tapgyry» diýlip atlandyrylýan häzirki döwürde elektron metbugat neşirleriniň we internet saýtlarynyň sanynyň barha artmagy hem esasy ösüş döwürleriniň arasyndaky köprüni emele getirdi. Ýurdumyzyň bu meselede hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän döwrebaplyk ýörelgelerine esaslanmagy netijesinde, dünýä tejribesiniň mynasyp durmuşa geçirýändigini bellemek gerek. Mysal üçin, «www.turkmenmetbugat.gov.tm» elektron neşirler ulgamynyň, şeýle-de neşirleriň beýleki elektron nusgalarynyň uly ähmiýete eýe bolmagy, web žurnalistikanyň özboluşly bitewi ulgamy emele getirmegi we beýlekiler sözümize delil bolup biler.

Netijede, internet žurnalistikasy häzirki zaman maglumat giňişliginiň esasy hereketlendiriji güýçleriniň biridir. Ol žurnalistlik ýörelgeleri täze tehnologiýalar bilen utgaşdyryp, maglumatlary halkara derejede çalt we täsirli ýaýratmaga mümkinçilik berýär. Täze žanrlar – blog, wlog, podkast we onlaýn translýasiýa – jemgyýetçilik pikirini emele getirmekde has güýçli kommunikatiw täsir döredýär. Internetiň ösüşi bilen žurnalistika hem üýtgeýär, täze filosofik, tehnologik we medeni mazmun bilen baýlaşýar. Geljekde internet žurnalistikasynyň ösüşi dünýä jemgyýetçiliginiň maglumat aragatnaşygyny hem-de global medeni gatnaşyklaryň berkidilmegini dowam etdirer.

## EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – A.: TDNG, 2008. – 198 sah.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir! – A.: TDNG, 2008.

3. *Jumalyýewa O.* Žurnalistikanyň esaslary – A.: TDNG, 2013.

4. «Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2012.

5. *Jumalyýewa O.* Stilistika we edebi redaktirleme. Ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünäriniň talyplary üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2022.

## ЖАНРОВЫЕ ОСОБЕННОСТИ ИНТЕРНЕТ-ЖУРНАЛИСТИКИ В РАСПРОСТРАНЕНИИ МЕЖДУНАРОДНОЙ ИНФОРМАЦИИ

В XXI веке произошли глубокие изменения в жизни, коммуникации и информационном пространстве мирового сообщества. В связи с этим интернет-журналистика сегодня выступает не только национальным, но и международным инструментом передачи информации, формирования общественного мнения и влияния на социально-политическую динамику общества. В данной научной статье анализируются возможности интернет-журналистики по распространению информации на международном уровне, её особенности по сравнению с традиционными журналистскими жанрами, новые формирующиеся жанровые формы, а также их влияние на общественное мнение.

## GENRE FEATURES OF INTERNET JOURNALISM IN DISSEMINATING INTERNATIONAL INFORMATION

The 21$^{st}$ century profound changes have taken place in the life, communication, and interaction space of the global community. In this regard, today's internet journalism serves not only as a national but also an international tool for delivering information, shaping public opinion, and influencing the socio-political dynamics of society. This scientific article analyzes the ability of internet journalism to disseminate information at the international level, its specific features compared to traditional journalistic genres, newly emerging genre forms, and their influence on public opinion.

**Şirin HANMÄMMEDOWA,**
*Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugrunyň magistranty.*

## ÝAŞLAR ÜÇIN NIÝETLENEN MEDIA KOMMUNIKASIÝA GIŇIŞLIGINIŇ ÖSÜŞ AÝRATYNLYKLARY

XXI asyr maglumatlaryň şeýle bir uly möçberde we tiz kabul edilýän döwri bolup, ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli görnüşine ýiti täsir edýär. Bu döwürde aýratyn üns bermäge laýyk bolan jemgyýetiň gatlagy bolsa ýaşlardyr. Çünki ýaşlar jemgyýetiň innowasion, döredijilikli, işjeň hem-de geljegi emele getirýän güýçleridir. Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» [1]. Şonuň üçin hem ýaşlara gönükdirilen media kommunikasiýa giňişliginiň ylmy

taýdan öwrenilmegi we onuň ösüş aýratynlyklarynyň seljerilmegi häzirki zaman jemgyýetiniň möhüm ylmy, medeni hem-de strategik meselesi bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynyň geçirilmegi, bu gurultaýyň dowamynda ýurdumyzyň ýaşlaryna uly mümkinçilikleri döredip berýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taryhy çykyş etmegi, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşine gol çekilmegi we ýaşlar bilen bagly ähli meselelerde öňde durýan wezipeleriň kesgitlenilmegi möhüm ähmiýete eýe boldy [2].

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda ýaşlar syýasaty döwlet ösüşiniň möhüm ugry hökmünde çuň esasda we giň gerimde alnyp barylýar. Döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy bilen döredilýän mümkinçilikler ýaşlaryň bilim, döredijilik, sport we jemgyýetçilik işjeňligini giňeltmekde möhüm orny eýeleýär. Bu giňişligiň möhüm we netijeli ulanylýan ulgamlarynyň biri hem media giňişligidir.

Media kommunikasiýa giňişligi diňe bir maglumat beýan etmek däl, eýsem ýaşlaryň dünýäni kabul edişini, pikirlenişini, edep-terbiýe we medeni kada taýdan kemala gelşini üpjün edýän çylşyrymly sosial ulgamdyr. Media dünýä habarlaryny tiz kabul etmäge, jemgyýetçilik pikirini emele getirmäge, ýaşlaryň özüni şahsyýet hökmünde görkezmegine, döredijiligi ösdürmäge, jemgyýetiň ruhy we medeni gymmatlyklaryna düşünmäge mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, media giňişligi ýaşlaryň jemgyýetçilik durmuşa goşulyşmagynyň iň täsirli serişdelerinden biridir.

Elbetde, ýaşlarda öz ýurduna, Watanyna milli buýsanç duýgularyny döretmek işi hem, ilki bilen, žurnalistlere degişlidir. Öz ýurdunda alnyp barylýan çärelere işjeň gatnaşýan ýaşlarda ýurdy mundan beýläk-de gülletmäge ýakyndan goşant goşmak höwesi döreýär. Bu bolsa olary durmuşa höweslendirmek arkaly terbiýelemegiň esasy görnüşidir. Ýaşlaryň aňynda jemgyýetimizde gabat gelýän ýaramaz ýagdaýlara, hadysalara ýigrenç duýgusyny döretmek hem terbiýäniň esasy görnüşleriniň biridir. Bu barada ýazylan täsirli materiallaryň, guralan teleradiogepleşikleriň üsti bilen ýaşlaryň aňyna täsir etmegi başarmak zerurdyr [3; 100-101 sah.].

Türkmenistanda ýaşlaryň medeniýetli ösmegine, bilimli, watansöýüji, giň dünýägaraýyşly şahslar bolup kemala gelmegine gönükdirilen döwlet syýasaty alnyp barylýar. Bu ugurda jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde, habar beriş serişdeleriniň hem möhüm orny bar. Şunda «Ýaşlyk» teleýaýlymyna, «Nesil» gazetine hem-de «Arkadagly Ýaşlar» elektron žurnalyna aýratyn orun degişlidir.

Ýaşlara niýetlenen programma gurluşygy bilen tapawutlanýan «Ýaşlyk» teleýaýlymy häzirki döwürde hem öz ähmiýetini saklaýar. Teleýaýlym talyp ýaşlaryň üstünliklerini şöhlelendirýär, ýaş hünärmenleriň inženerçilik, ylym-bilim gazananlaryny wagyz edýär, döredijilik bäsleşiklerini, ýaşlar festiwallaryny yzygiderli ýaýlyma çykarýar, ýaşlaryň milli medeni mirasa bolan söýgüsini artdyrýar.

«Ýaşlyk» teleýaýlymy ýaşlaryň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmaga, olaryň döredijilik we medeni ösüşine ýardam bermäge gönükdirilen teleýaýlym hökmünde çykyş edýär. Bu teleýaýlym jemgyýetçilik çäreleri, sport, sungat, talyp durmuşy, ýaşlaryň tehnologiýa we innowasiýa ugurlaryndaky üstünliklerini şöhlelendirmekde möhüm platforma bolup durýar. Programmalar ýaşlara gyzykly, terbiýe we aň güýjüni artdyrýan häsiýetleri özünde jemleýär.

Häzirki wagtda «Ýaşlyk» teleýaýlymynda «Sagdynlygyň mukamy», «Nurana ýaşlar», «Garaşsyzlygyň merjen däneleri», «Beýik Galkynyş we ýaşlar», «Siziň üçin, körpeler!», «Bereketli toprak», «Watan guwanjy», «Ýaşlyk agşamy», «Ylym hazynasy», «Ýaşlyk bahary», «Sport» ýaly gepleşikler bar bolup, olaryň ählisi hem ýaşlaryň durmuşyndan söz açýar.

«Nesil» gazeti ýaşlaryň döredijilik meýdançasydyr. Onda täze pikirli ýaş alymlar tarapyndan taýýarlanan makalalar, talyp döredijiligi, jemgyýetçilikdäki işjeň ýaşlar bilen söhbetdeşlikler, milli medeni öwüt-nesihatlar giň orun alýar. Ýeri gelende bellesek, «Nesil» gazetiniň ilkinji sany 1992-nji ýylyň 2-nji ýanwarynda çykdy. Uly formatly, möçberi 4 sahypadan ybarat. Häzirki wagtda hepdede iki gezek çykýar [4; 134 sah.].

«Nesil» gazeti diňe bir maglumat berýän däl, eýsem ýaşlary döredijilige höweslendirýän terbiýeçilik güýjüne eýedir. Gazet diňe bir habar bermeýär, eýsem, ýaşlary uly maksatlara, ylym-bilim edinmäge, jemgyýetçilik işlerine gatnaşmaga höweslendirýär. Onda ýaş alymlar, talyplar, döredijilik adamlary we sport ussatlary bilen söhbetdeşlikler, makalalar, çeper eserler hem-de terjimeler giň orun alýar.

Döwlet Baştutanymyzyň Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda giň gözýetimli ýaş nesli kemala getirmek barada beren tabşyryklaryndan hem-de Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň düşündiriş-wagyz işlerini güýçlendirmek baradaky wesýetlerinden ugur alnyp, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň ýanynda «Arkadagly Ýaşlar» atly elektron žurnal döredildi. Bu barada 2022-nji ýylyň 18-nji noýabrda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde maglumat berildi [5].

«Arkadagly Ýaşlar» atly elektron žurnalynyň döredilmegi ylymly-bilimli, maksada okgunly we Watana wepaly ýaşlaryny terbiýeläp ýetişdirmek boýunça alnyp barylýan işleriň nobatdaky subutnamasydyr. Bu täze elektron neşir zehinli türkmen ýaşlarynyň geçirýän ylmy barlaglarynyň hem-de innowasion işläp taýýarlamalarynyň ähmiýetini açyp görkezmekde esasy çeşme bolup hyzmat eder. Internet neşiri döwrebap sanly tehnologiýalary giňden ulanmagyň döwleti we jemgyýeti toplumlaýyn hem-de okgunly ösdürmegiň möhüm şertidigini, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň belent maksatlaryny hem-de wezipelerini ýerine ýetirmegiň üstünligini kesgitleýändigini aýdyň alamatlandyrýar.

Häzirki wagtda ýaşlaryň iň işjeň gatnaşýan media giňişligi – bu sosial ulgamlardyr. Olara, esasan, «Instagram», «TikTok», «YouTube», «Telegram», «Link», «IMO» ýaly menejerler degişlidir.

«Instagramyň» hyzmaty suratlar, gysga wideolar arkaly täsirli beýanlary, öňdebaryjy pikirleri çalt ýaýratmakdan ybarat bolsa, «TikTok» gysga wideolar arkaly oýlanyşykly we döredijilikli çykyş ussatlygyny ösdürýär. «YouTube» bolsa giňişleýin wideokontent hökmünde meşhur bolup, bilim, öwüt-nesihat, döredijilik okuwlaryny kabul etmekde möhüm orna eýedir. «Telegram» hem kommunikasiýa we habarlary tiz paýlaşmakda, täze maglumatlara çalt elýeterliligi üpjün etmekde hem-de pikir alyşmakda möhüm ähmiýetlidir.

Sosial media ýaşlara diňe tomaşaçy bolmak däl-de, öz ukyp-başarnyklaryny görkezmek, taslama, toplum döretmek, internet jemgyýetçiliginde abraý gazanmak mümkinçiligini döredýär. Bu bolsa ýaşlaryň özüne bolan ynamyny artdyrýar.

Media giňişliginiň ösüşindäki häzirki tendensiýalaryň köpdürli görnüşi bar. Olaryň biri-de, sanlylaşdyrmakdyr. Sanlylaşdyrma esasan, wagt tygşytlamasyny üpjün edýär.

Interaktiw kontent – tomaşaçy diňe diňlemeýär-de, eýsem onuň özi hem gatnaşýar.

Milli ruha esaslanyş – kontentde milli medeni gymmatlyklar güýçlenýär.

Ýaşlaryň döredijilik synpynyň döremegi – olara indi diňe tomaşa etmek däl, öz kontentini döredip, paýlaşmak häsiýeti mahsus.

Umuman, häzirki wagtda Türkmenistanda ýaşlar üçin niýetlenen media kommunikasiýa giňişligi döwrebap ösüş ýolunda barýar. «Ýaşlyk» teleýaýlymynda, «Nesil» gazetinde, «Arkadagly Ýaşlar» elektron žurnalynda, şeýle hem sosial ulgamlarda ýaşlaryň işjeňligi jemgyýetde döredijilikli, bilimli, maksatlaýyn, milli ruhly nesliň kemala gelmegine täsir edýär. Geljekde bu giňişligiň ösmegi üçin ýaşlaryň media sowatlylygyny ýokarlandyrmak, innowasion sanly platformalary ösdürmek, ýaşlaryň öz kontent tejribesini goldamak zerurdyr. Bu çäreler ýurdumyzyň geljegini gurmaga ukyby bolan ýaş nesliň döredijilik hem-de ruhy ösüşine güýç berer.

## EDEBIÝATLAR

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.
2. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2022.
3. *Jumalyýewa O.* Žurnalistikanyň esaslary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2013.
4. *Goçmyradow H., Annagurdow M.* Türkmen žurnalistikasynyň taryhy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2010.
5. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi. – Türkmenistan // 19.11.2022.

# ОСОБЕННОСТИ РАЗВИТИЯ МЕДИА-КОММУНИКАЦИОННОГО ПРОСТРАНСТВА, ОРИЕНТИРОВАННОГО НА МОЛОДЁЖЬ

В современных условиях развитие информационно-коммуникационных технологий коренным образом изменило процессы получения информации всеми слоями общества, в особенности молодёжью, а также формирование их взглядов и мировоззрения. Медиа-пространство сегодня представляет собой не только систему распространения новостей, но и важный фактор воспитания молодёжи, формирования её мировосприятия, культурной и общественной активности. Информационные потребности молодёжи характеризуются быстротой, оперативностью и ориентацией на удобные для восприятия форматы; при этом они в бóльшей степени склонны воспринимать видеоконтент, визуальные и интерактивные формы информации. Такая ситуация предъявляет новые требования к современным средствам массовой информации. В связи с этим научное изучение медиа-коммуникационного пространства, ориентированного на молодёжь, а также анализ особенностей его развития становятся важной научной, культурной и стратегической задачей современного общества. Исходя из этого, в данной работе рассматриваются особенности развития медиа-коммуникационного пространства для молодёжи, а также проводится анализ деятельности средств массовой информации, ориентированных на молодёжную аудиторию.

# FEATURES OF THE DEVELOPMENT OF YOUTH-ORIENTED MEDIA COMMUNICATION SPACE

In the current era, the development of information and communication technologies has fundamentally transformed the processes of information exchange across all segments of society, particularly among young people, as well as the formation of their views and perceptions. Today, the media space is not only a system for disseminating news but also plays a significant role in the education of youth, their perception of the world, and their cultural and social engagement. Young people's demand for information is characterized by speed, immediacy, and formats tailored to their preferences; they are more inclined to consume video-based, visual, and interactive content. This situation requires modern media outlets to adopt innovative approaches and methods. Therefore, the scientific study of youth-oriented media communication space and the analysis of its developmental features constitute an important scientific, cultural, and strategic issue of contemporary society. Based on this perspective, the paper outlines the features of the development of media communication space intended for youth and provides an analysis of the activities of youth-oriented media outlets.

**Bägül JUMAÝEWA,**
*Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugrunyň magistranty.*

# SYÝASY ŽURNALISTIKANYŇ MEDIA KOMMUNIKASIÝALARYNY ÖSDÜRMEKDÄKI ORNY

XXI asyr maglumatlaryň, maglumat tehnologiýalarynyň we kommunikasiýanyň ýokary derejede ösýän döwrüdir. Bu döwürde jemgyýetiň ähli ulgamlarynda, şol sanda syýasy ulgamda hem, media serişdeleri we žurnalistika aýratyn orun eýeleýär. Syýasy žurnalistika jemgyýetiň syýasy medeniýetiniň kemala gelmeginde, jemgyýetçilik pikiriniň döredilmeginde we raýatlaryň maglumat bilen üpjün edilmeginde möhüm ähmiýete eýedir. Media kommunikasiýalaryň ösmegi bilen birlikde, syýasy maglumatlaryň ýaýramagy we olaryň jemgyýete täsiri has çaltlaşdy. Şonuň üçin-de syýasy žurnalistikanyň media kommunikasiýalaryň ösüşindäki orny häzirki wagtda ylmy taýdan öwrenilmegi möhüm temalaryň biridir. Häzirki döwrüň iň möhüm aýratynlyklarynyň biri maglumatlaryň çalt ýaýramagy we jemgyýetiň maglumat bilen üpjünçilik derejesiniň ýokarlanmagydyr. Bu ýagdaý syýasy ulgama hem öz täsirini ýetirýär.

Syýasy žurnalistika jemgyýetiň syýasy durmuşyna degişli maglumatlary toplamak, seljermek we halka ýetirmek bilen meşgullanýan žurnalistikanyň ýörite ugurlarynyň biridir. Ol döwlet häkimiýetleriniň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň we raýatlaryň arasynda aragatnaşyk üpjün edýän möhüm kommunikasiýa köprüsidir.

Media kommunikasiýa – maglumatlaryň döretmek, paýlamak we alyşmak arkaly jemgyýetdäki gatnaşyklaryň üsti bilen amal edilýän ulgam. Bu ulgam taryhy taýdan dürli basgançaklardan geçip, häzirki döwürde sanly kommunikasiýa görnüşine öwrüldi. Ilkinji döwürlerde kommunikasiýa serişdesi hökmünde gazetler, žurnallar çykyş eden bolsa, soňra radio we telewideniýe bu ugurda öňe çykdy. XXI asyrda bolsa internet we sosial ulgamlar kommunikasiýanyň iň güýçli serişdelerine öwrüldi. Media kommunikasiýalaryň ösmegi jemgyýetde maglumat alyş-çalşyny çaltlaşdyrdy, şeýle hem maglumatlaryň elýeterliligini üpjün etdi. Bu ýagdaý syýasy žurnalistikanyň täsirini artdyrdy, sebäbi maglumatlar indi diňe bir resmi çeşmeler arkaly däl-de, dürli sanly platformalar arkaly hem ýaýraýar.

Maglumat jemgyýetiniň ösmegi bilen žurnalistika jemgyýetiň syýasy ulgamynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi [1; 5 sah.]. XXI asyrda jemgyýetiň ösüşi maglumat tehnologiýalarynyň we kommunikasiýanyň derejesi bilen ölçenýär [2; 268 sah.]. Syýasy žurnalistika jemgyýet bilen häkimiýetiň arasynda arabaglanyşyk döredýär we jemgyýetçilik pikiriniň ugruny kesgitleýär [3; 3 sah.]. Täze media serişdeleri bu gatnaşyklaryň görnüşini üýtgedip, maglumatlary paýlamagyň we kabul etmegiň täze mümkinçiliklerini döretdi [4; 5 sah.].

W. D. Popowyň pikirine görä, žurnalistika diňe sosial maglumat beriji däl, eýsem, syýasy häkimiýetiň işine täsir edýän ylym hökmünde çykyş edýär. Ol žurnalistikanyň ösüşini maglumat jemgyýetiniň döremegi bilen baglanyşdyrýar, sebäbi maglumat häzirki döwürde dolandyryş güýjüniň esasy serişdesine öwrülendir [1; 7 sah.]. Maglumat jemgyýeti döwletiň syýasy ulgamynyň täze görnüşidir, bu ýagdaýda žurnalistika jemgyýetiň maglumat howpsuzlygyny üpjün edýän möhüm institut hökmünde çykyş edýär [1; 6–8 sah.].

«Castells» maglumat jemgyýetiniň esasy aýratynlygyny «torlaýyn güýç» («network power») düşünjesi bilen düşündirýär. Onuň pikirine görä, häzirki wagtda jemgyýetdäki güýç ulgamlaýyn aragatnaşyklar arkaly amala aşyrylýar. Şol ulgamda žurnalistika maglumatlaryň paýlanyşynyň kepili bolup çykyş edýär [5; 15–47 sah.].

M. Kastesiň «Häzirki media žurnalistikany nädip üýtgetdi?» atly eserinde maglumat jemgyýeti täze sosial gurluş hökmünde häsiýetlendirilýär. Ol maglumat ulgamynyň ykdysadyýet, syýasat we medeniýet bilen baglanyşygyny görkezýär. Täze media serişdeleri arkaly maglumatlaryň tor görnüşinde paýlanylyşy jemgyýetiň ähli gatlaklaryny birleşdirýär. Netijede, žurnalistika sanly giňişlikde jemgyýetiň maglumat talaplaryny üpjün edýän global ulgam hökmünde hereket edýär [2; 269–271 sah.].

Kasero-Ripollesiň pikirine görä, sosial media döwründe maglumatlaryň akymy öňküsinden has çalt we giň gerimlidir, bu ýagdaý žurnalistikanyň gurluşyny üýtgetdi [6; 44–47 sah.].

Häzirki wagtda her bir raýat maglumat alyjy hem paýlaýjy bolup çykyş edýär, bu bolsa maglumatlaryň ygtybarlylygyny üpjün etmegiň zerurlygyny döredýär [6; 111–115 sah.]. Şol bir wagtyň özünde sosial mediada «galp habarlar» hadysalary ýüze çykyp, syýasy maglumatlaryň dogrulygyna şübhe döredýär [6; sah. 185]. Şonuň üçin žurnalistler çeşmeleriň takyklygyny barlamaga, maglumatlary ylmy esasda seljermäge borçludyr [7; 31–32 sah.].

Makalada syýasy žurnalistikanyň media kommunikasiýalaryň ösüşindäki orny giňden öwrenildi. Bar bolan çeşmeler we analitiki gözlegler görkezildi. Syýasy žurnalistika jemgyýetçilik pikirini emele getirmekde, maglumat akymyny dolandyrmakda we jemgyýetçilik dialogyny ösdürmekde möhüm orun eýeleýär. Şeýle-de maglumat tehnologiýalarynyň çalt ösüşi bilen syýasy žurnalistikanyň täze formatlara uýgunlaşandygy, sanly media ulgamlarynda täsirini artdyrandygy we okyjy bilen göni interaktiw gatnaşyklaryny ösdürýändigi anyklandy. Seljermäniň netijesinde, syýasy žurnalistikanyň diňe maglumat beriji funksiýany ýerine ýetirmän, eýsem, jemgyýetde syýasy düşünjäni kemala getirmek we ösdürmek, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny güýçlendirmek, media sowadyny ýokarlandyrmak boýunça möhüm wezipä eýe bolýandygy kesgitlenildi.

## EDEBIÝATLAR


1. *Попов В.Д.* «Журналистика как политическая наука». Ст. 2003.

2. *Амзин А., Галустян А., Гатов В., Кастельс М., Кульчицкая Д., Лосева Н., Паркс М., Паранько С., Силантьева О., Б. Ван дер Хаак.* Как новые медиа изменили журналистику. – Екатеринбург, 2016.

3. *Дзялошинский И.М.*. Политическая журналистика. Учебно-методическое пособие. – М.: Гуманитарный институт, 2006.

4. *Градюшко А.А.*. Основы творческой деятельности веб-журналиста. – Минск, БГУ, 2019.

5. *Castells, M.* Communication Power. – Oxford University Press, 2009.

6. *Casero-Ripollés.* Journalism and Politics: New Influences and Dynamics in the Social Media Era. – MDPI, 2022.

7. *Никитина Е.В., Рубцова Д.Н.* Основы журналистики. – М.: РУДН, 2018.


## РОЛЬ ПОЛИТИЧЕСКОЙ ЖУРНАЛИСТИКИ В РАЗВИТИИ МЕДИА-КОММУНИКАЦИИ

Политическая журналистика играет важную роль в формировании общественного мнения, создании информационной прозрачности и развитии общественного диалога. С быстрым ростом информационных технологий политическая журналистика адаптируется к новым форматам, усиливает свое влияние на цифровую медиасреду и укрепляет свои интерактивные связи с общественностью.

Политическая журналистика имеет важную задачу: информировать, углублять политическое понимание в обществе, укреплять общественные связи и повышать медиаграмотность.

Политическая журналистика и медиа-коммуникации неразделимы и оказывают влияние на развитие общества.

## THE ROLE OF POLITICAL JOURNALISM IN THE DEVELOPMENT OF MEDIA COMMUNICATIONS

Political journalism plays an important role in shaping public opinion, creating information transparency, and advancing public dialogue. Thus, it has been determined that with the rapid growth of information technologies, political journalism adapts to new formats, increases its influence on the digital media environment, and strengthens its interactive relationships with the public.

Political journalism is confirmed to have an important duty to inform, to deepen political understanding in society, to enhance public relations, and to raise media literacy.

Political journalism and media communications are inseparable and influence the development of society.

**Bägül KAKALYÝEWA,**
*Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugrunyň magistranty.*

# DÖREDIJILIK MIRASYNY MEDIA GIŇIŞLIGINDE JEMGYÝETÇILIGE ÝETIRMEGIŇ HÄZIRKI ZAMAN ÇEPERÇILIK USULLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary esasynda ýurduň ähli ulgamlary bilen bir hatarda, medeniýet ulgamy hem belent ösüşleri nazarlaýar. Medeniýet – bu jemgyýetiň ruhy, we medeni durmuşynyň bir bölegi. Ol halkyň taryhyny, däp-dessurlaryny, sungatyny, edebiýatyny, edep-kadalaryny, aň-düşünjelerini halka ýaýýan bitewülikdir. Medeniýet halkyň ösüş derejesini görkezýän esasy görkezijileriň biridir.

Teatr, kino, zergärçilik, aýdym-saz sungaty – medeniýetiň bir bölegi. Metbugat habar beriş serişdeleri bolsa medeni gymmatlyklary giň halk köpçüligine ýaýmaga badalga berýär. Ýene-de bir bellemeli zat, medeniýet ulgamy diňe bir geçmişi şöhlelendirmän, eýsem, döredijiligiň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyna, baýlaşmagyna-da goltgy berýär. Milli gymmatlyklarymyzy, däp-dessurlarymyzy gözleriniň göreji deýin gorap, nesillere miras galdyrmak ugrunda ata-babalarymyz hem uly aladalar edipdirler. Medeniýetiň kämilligi jemgyýetiň ruhy taýdan ösüşini belende götermäge ýardam berýär.

Gahryman Arkadagymyz «Medeniýet halkyň kalbydyr» atly kitabynda türkmen halkynyň milli gymmatlyklaryna ýokary derejede baha berýär: «Türkmen halky adamzadyň gadymy döwürlerinden bäri dünýäniň medeni-ruhy, ykdysady ösüşine ummasyz goşant goşan halkdyr» [1; 27 sah.].

Döreden adamyň kimdigi belli bolmadyk, emma halk arasynda giňden meşhur bolup, asyrlarboýy halk köpçüliginiň arasynda dilden-dile, nesilden-nesle geçip, ýatdan aýdylýan edebi döredijilige halk döredijiligi diýilýär. Halk döredijiligine degişli bolan eserleriň belli bir awtory bolmaýar. Eserleriň haýsy birini alsak-da, ol ussat, zehinli adamlar tarapyndan döredilipdir. Emma wagtyň geçmegi bilen ony döreden adamyň ady unudylypdyr. Eser halkyň diline geçip, il içine ýaýransoň, onuň awtoryna ähmiýet berilmeýär. Türkmen halky medeni hem edebi mirasa baý halk. Taryhyň gatlaryna siňen ruhy baýlygymyz diňe ýurdumyza däl, daşary ýurtlarda-da giňden ýaýrapdyr.

Dürli žanrlardan ybarat bolan halk döredijiligi egsilmez çeşmedir. Halk köpçüligi özüniň döredijilik ylhamyny, ruhy dünýäsini, gam-gussasyny, şatlygyny, arzuw-islegini folklor eserlerinde şöhlelendiripdir. Halk döredijiligini gowy öwrenmezden, halkyň taryhyny bilmek mümkin däl. Halky eserleriň çeperçiligi,

terbiýeçilik gymmady, şeýlelikde, ony öwrenmegiň zerurlygy irki döwürlerde-de ýiti duýlupdyr. Folklor eserleri taryhçylaryň, edebiýatçylaryň ünsüni çekipdir.

Türkmen folklorynyň halkyň köp ýyllar dowamyndaky taryhy tejribesini, ösüşini, dürli döwürlerdäki dünýägaraýşyny şöhlelendirendigi, halkyň iň oňat milli häsiýetini özünde jemleýändigi üçin hem gymmaty ýokarydyr. Türkmen halk döredijiliginde çeperçilik serişdeleriniň ulanylyşy, obrazlar ulgamynyň berlişi-de özboluşly bir mekdepdir.

Türkmen halkynyň biziň eýýamymyzdan öňki on ikinji ýüzýyllykdan gözbaş alyp gaýdýan Awesta edebiýatynda-da, bäş ýüz ýyllyk taryhy bolan Parfiýa medeniýetinde-de paýy bar. Alymlar Oguz-Orhon ýazgylaryny hem harby-gahrymançylykly poema hasaplap, onuň edebi eserleriň ajaýyp nusgalarynyň biridigini nygtaýarlar [2; 4–10 sah.].

Döredijilik mirasymyz biziň milli we medeni baýlyklarymyzyň özenini düzýär. Edebiýat, sungat, däp-dessurlarymyz, medeni we ruhy gymmatlyklarymyzyň ählisiniň özeninde biziň döredijilik mirasymyz ýatyr. Geçmişde döredilen dildendile geçip gelen biziň dessanlarymyz, eposlarymyz, halk döredijiligimiziň eserleri häzirki wagta hem biziň mirasymyz hasaplanylýar we gymmatlyklarymyzyň özenini düzýär. Döredijilik mirasy köpdürlüdir. Sebäbi her bir halkyň öz medeniýeti, däp-dessurlary, edim-gylymlary bar. Şolary giň köpçülige ýaýratmakda-da habar beriş serişdeleriniň, medianyň aýratyn goşandy bolmaly.

Milli mirasymyzy halka ýetirmek üçin geçmişimizden galan baý medeni, ruhy we taryhy gymmatlyklarymyzy şu günki nesillere düşündirmek, wagyz etmek gönüden-göni wagyzçylaryň, ýagny žurnalistleriň paýyna düşýär. Teleýaýlymdyr radioýaýlymda, internetde, sosial mediada ýa bolmasa audio ýazgylardyr, sanly kitaplaryň, wideo şekilleriň, filmleriň üsti bilen üns çekdirmegi başarmaly.

Hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim ulgamynyň kämil derejeleri nazarlamagy ugrunda uly işleri durmuşa geçirmeginiň netijesinde häzirki wagtda sanly ulgam bilen birlikde internet torlarynyň üsti bilen media platformalarynyň ýaýrawynyň ýokarlanýandygyna şaýat bolýarys.

Media näme? Media giňişligi hakynda gürrüňe geçmezden ozal, ol hakynda biraz tanyşlyk açsak has-da göwnejaý bolar.

«Media» sözi latynça «medium» diýen sözden gelip çykyp, ol «aragatnaşyk serişdesi» diýen manyny berýär. Ýöne häzirki zaman düşünjesinde media diýlende jemgyýete maglumat, habar, täzelikleri ýetirýän serişde hökmünde garalýar. Olaryň içine:

Metbugat, radio, telewideniýe, internet hem-de sosial ulgamlar, kino, foto, wideo we beýlekiler girýär.

Media – bu giň düşünje bolup, jemgyýete maglumat ýetirmekde iň ygtybarly serişde. Medianyň häzirki wagtda ulanylýan esasy görnüşleri şulardyr:

1. Metbugat mediasy: gazetler, žurnallar, kitaplar. Bularyň aýratynlygy ýazuw görnüşinde maglumat bermegidir.

2. Audiowizual media: telewideniýe, kino, wideo serişdeler. Bularyň aýratynlygy ses we şekil arkaly täsir edýänligidir.

3. Audiomedia: radio, podkastlar. Bularyň aýratynlygy diňe ses arkaly maglumat ýaýradýanlygydyr.

4. Sanly media: internet saýtlary, sosial ulgamlar («Facebook», «Instagram», «TikTok», «Twitter/X», «YouTube» we ş.m.), bloglar, onlaýn gazet-žurnallar. Bular häzirki döwürde iň giňden ýaýran görnüşlerdir [4].

Şeýlelikde, media jemgyýete täzelikleri, habarlary, syýasy, ykdysady we medeni wakalary haýal etmän ýetirýär. Häzirki wagtda bütin dünýä jemgyýetçiligi öz ýurdunyň ýa bolmasa başga gaýry ýurtlarda bolup geçýän zatlary medianyň üsti bilen anyklaýarlar. Teleýaýlymlar, internet, kitap-žurnallar, okuw maksatly programmalar, ylmy maglumatlar adamlarda bilim derejelerini ýokarlandyrmaga kömek edýän bolsa, kino, teatr, saz sungaty, suratlaryň täsin dünýäsi ynsanda edep-terbiýäni, medeniýeti, ahlak sypatlaryny oýarýar we ýaşaýşa bolan söýgini artdyrýar. Media arkaly adamlar dürli meseleler barada pikir alşyp bilýärler.

Medianyň ýene bir aýratynlygy ýurtda bolup geçýän wakalary jemgyýete aýan etmekde öňdebaryjy işjeňligi görkezip bilmegindedir. Şeýle-de, häzirki wagtda reklamadyr mahabat işleri ýaly halkyň üns merkezindäki gysga wideoşekiller hem medianyň bir görnüşidir.

Häzirki zaman mediasynda döredijiligi ýaýratmak üçin diňe bir döredip goýmak ýeterlik däldir. Hut şonuň üçin hem döredijilikli çekilen zähmeti täzeçillik bilen toplumlaýyn wagyz etmek has möhümdir. Munuň üçin sosial ulgamlary ulanmak hökmany ýagdaýdyr. Ýokarda adyny agzap geçen platformalarymyzda şygyr, aýdym, surat, wideo ýa bolmasa makalalary paýlaşmak tomaşaçylar üçin gyzykly boljak, üns çekjek zatlardyr.

Onlaýn media platformalar bolsa blog ýa-da websaýt açyp, ýazgylary, makalalary ýa-da çeper eserleri ýerleşdirmäge giň mümkinçilikleri döredip berýär. Audiowizual serişdeler bolsa aýdymlary, kinofilmleri, gysga metražly wideolary döretmek we paýlaşmak üçin juda amatlydyr. Bu bolsa multimedia sereşdeleriniň üsti bilen jemgyýete aýratyn täsir ýetirýär. Medianyň ýene bir tapawutly tarapy onlaýn duşuşyklary, ussatlyk sapaklaryny geçirmeklikdir. Halk bilen göni aragatnaşykda alnyp barylýan bu işler medianyň aýratynlygydyr [3; 20–24 sah.].

Häzirki wagtda media serişdeleri jemgyýetiň ösüşinde halkyň aňynyň kemala gelmeginde örän möhüm orun eýeleýär. Media maglumatlary ýaýratmak, jemgyýeti habardar etmek we adamlaryň pikirlenişine täsir etmek üçin döredilen giň kommunikasiýa ulgamydyr.

Jemgyýetçilik aňy – bu köpçüligiň aglaba böleginiň pikirlenişi, garaýşy, ruhy gymmatlyklary we durmuşda bolup geçýän ýagdaýlara gatnaşygy. Bu bolsa halkyň

taryhy, medeniýeti, bilimi hem-de ykdysady ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda media serişdeleri adamlaryň dünýäni kabul edişine täsir edýär. Täze maglumatlary berýär, möhüm meseleler boýunça pikir alyşmaga şert döredýär.

Jemgyýete hyzmat edýän medianyň (teleýaýlym, radio, gazet, internet sahypalarynyň we beýlekileriň) çeperçilik tarapy hem ýokary derejede bolmalydyr. Bu ýerde maglumatlaryň dürs we takyk, hil taýdan aňrybaş bolmagy zerurdyr. Başgaça aýdanyňda, mediadaky çeperçilik maglumatlary diňe habar hökmünde ýaýramaly däldir. Ol tomaşaçynyň, diňleýjiniň duýgusyna, aňyna, garaýşyna, ruhuna ýetmeli. Mediada sözleriň çeperligi, wideoşekilleriň özüne çekijiligi, reňkleriň sazlaşygy, yşyklar, saz bezegleri hem aýratyn orun eýeleýär. Täze üýtgeşik usullar arkaly pikir alyşmak bilen adamlara täsir etmegi başarmaly.

Netijede, ylmy makalada hem bellenilişi ýaly, häzirki wagtda döredijiligimizi, milli gymmatlyklarymyzy köpçülige ýaýmak boýunça habar beriş serişdeleriniň, şol sanda medianyň aýratyn ähmiýeti bar. Çeperçilik taýdan ýokary hilli, halkyň göwnünden turýan gepleşikler, wideorolikler, gysga göwrümli mahabatlar sosial torlaryň we teleýaýlymlardyr medianyň edýän işini görkezýär. Şonuň üçin-de halk we jemgyýet hiç haçan bu ulgamlardan üzňe bolmaýar.

### EDEBIÝATLAR


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Medeniýet halkyň kalbydyr. – A.: TDNG, 2014.
2. *Goçmyradow H.* Türkmen halk döredijiligi. – A.: TDNG, 2010.
3. *Goçmyradow H.* Žurnalistika žanrlary. – A.: TDNG, 2014.
4. goethe.de


## ПРОПАГАНДА ТВОРЧЕСКОГО НАСЛЕДИЯ В СОВРЕМЕННОМ ОБЩЕСТВЕ И МЕДИА-ПРОСТРАНСТВЕ


В современном медиапространстве (интернет, социальные сети, цифровые платформы) важной задачей считается донесение национального и международного творческого наследия (литература, искусство, исторические ценности) до широкой аудитории. Исходя из этого, в статье исследуются наиболее эффективные и инновационные художественные методы представления творческого наследия в медиа. Также определяется значение творческого наследия в национальном и международном политическом медиапространстве и анализируются механизмы его влияния на коммуникацию с обществом.

## MODERN ARTISTIC METHODS OF DELIVERING CREATIVE HERITAGE TO THE PUBLIC THROUGH MEDIA

In the modern media space (internet, social media, digital platforms), delivering national and international creative heritage (literature, art, historical values) to the public is considered an important task. Based on this, the article studies the most effective and innovative artistic methods of presenting creative heritage to the wider audience through the media. It also identifies the significance of creative heritage in national and international political media spaces and analyzes its mechanisms of influence in communication with society.

**Ejeş TAGANOWA,**
*Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugrunyň magistranty.*

## HÄZIRKI ZAMAN MASS-MEDIA ULGAMYNA EMELI AŇ TEHNOLOGIÝALARYNYŇ TÄSIRI

XXI asyr sanly maglumatlaryň, internetiň we emeli aň (artificial intelligence, AI) tehnologiýalarynyň çalt ösýän döwrüdir. Häzirki zaman jemgyýetinde maglumatyň dowamly täsir edýän güýji bar, şonuň üçin mass-media ulgamynyň orny has-da artdy. Emeli aň tehnologiýalarynyň ösmegi bolsa bu ulgamda düýpli üýtgeşmeleriň emele gelmegine sebäp boldy: maglumat öndürilişinden tutuşly jemgyýetçilik pikiriniň dolandyrylyşyna çenli täze mümkinçilikleri açdy. Şu jähetden ugur alnyp, bu makalada emeli aň tehnologiýalarynyň mass-mediadaky orny, ähmiýeti we aýratynlyklary ylmy taýdan seljerilýär.

Adamzadyň kämil paýhasynyň we tehnologiýalar babatda soňky gazananlarynyň önümi bolan «emeli intellekt», ýagny «emeli aň» tehnologiýalary ylymda we durmuşymyzda uly öwrülişik döretdi. Adamyň öz döreden tehnologiýalary bilen hyýaly zatlary hakykata öwürýändigine şaýat bolýarys. Sanly ulgam we maglumatlar zamanasynda tehnologik ulgamlar tarapyndan meseleleri seljermeklige, özbaşdak çözmeklige, netije çykarmaklyga talaplar güýçlendi.

Žurnalistler üçin öz işini kämilleşdirmegiň ýeke-täk ýoly – özüňe talapkärligi ýokarlandyrmak we ähli babatda döwrüň talabyndan ugur almakdyr. Ýurtda gündelik amala aşyrylýan çuň özgertmeleriň mazmunyny, gerimini yzygiderli beýan etmekde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öňünde örän jogapkärli wezipeler goýulýar [1; 8 sah.].

Mass-media (metbugat, telewideniýe, radio, internet habar serişdeleri) häzirki wagtda diňe maglumat paýlaýan däl, eýsem, jemgyýetçilik pikirini şekillendirýän täsirli mehanizmdir. Sanly kommunikasiýanyň ösmegi bilen habar serişdeleri

maglumat alyş-çalyş ulgamyna öwrüldi. Bu ýagdaýlaryň netijesinde maglumatlaryň önümçiligi awtomatlaşdy, sosial medianyň täsiri güýçlendi, maglumatlaryň dürslügi bilen baglanyşykly meseleler ýüze çykdy. Şeýle ýagdaýda emeli aň tehnologiýalary mass-medianyň täze ösüş basgançagyna geçmegine mümkinçilik berýär. Ýöriteleşdirilen web-saýtlaryň mazmunynyň dürli zerur maglumatlara baý bolmagy bolsa olaryň sanly ulgamyň durmuşymyza giňden ornaşýan döwründe iň ykjam salgy bolmagyna getirýär [2; 13 sah.].

Häzirki wagtda, dünýä siwilizasiýasynyň üçünji müňýyllygynda žurnalistika köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň güýçli depginde ösmegi bilen häsiýetlenýär. Bu ugurda köpçulikleýin kommunikasiýada bolup geçen özgerişler – täze habar tehnologiýalarynyň işe girizilmegi, aragatnaşyk ulgamynyň ösmegi, elektron poçtalaryň köpçülikleýin kommunikasiýa serişdeleriniň, internetleriň döredilmegi we beýleki ençeme täzelikler bilen baglanyşyklydyr [3; 57 sah.]. Şoňa görä-de, emeli aň häzirki wagtda habar serişdelerinde giňden ulanylýar. Esasy ugurlary aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolýar:

**Awtomatlaşdyrylan habary taýýarlamak.** AI algoritmleri maglumatlary seljerip, awtomatik habar teksti döredip bilýär. Halkara köpçülikleýin habar beriş guramalarynyň köpüsi, şol sanda «Reuters», «Associated Press», «BBC», «The Washington Post» we «The New York Times» gazetleri eýýäm emeli aň üçin býujet bölüp berip, habar otaglarynda habarçylaryň iş ýüküni ýeňilleşdirjek tejribeleri durmuşa geçirip başladylar.

«Reuters» gazeti habar beriş ulgamynda emeli aň programmalaryny ulanýar. Bu gazetiň redaksiýasynda, esasan ykdysady täzelikleri ýazmaklyk prosesinde ulanylýan «Lynx Insight» atly programma žurnalistlere täzelik tekliplerini hödürleýär we habar üçin birnäçe sözlemi ýazyp berýär. «Reuters» gazetiniň emeli aň programmalaryny ulanmaklykdaky esasy maksady habar ýazmak prosesini robotlaşdyrmak däl-de, eýsem, çäkli wagtyň içinde baý many-mazmunly köp täzeligiň çykarylmagy babatda žurnalistlere kömek edip, olaryň iş ýüküni ýeňletmeklikden ybaratdyr.

**Maglumatlary saýlamak.** Uly maglumat bazalarynyň üsti bilen emeli aň ulanyjynyň gyzyklanmasyna görä habarlary saýlap berýär. Bu «algoritmik redaktirleme» diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin, «YouTube», «Facebook» we «TikTok» ýaly platformalar AI arkaly kontenti şahsylaşdyrýarlar.

**Surat we wideo seljerme.** Wideo kebşirlemek, ses, ýüz tanamak ýaly AI tehnologiýalary teleýaýlym we maglumat portallarynda giňden ulanylýar. Bu işler redaksiýanyň işgärleriniň zähmetini ýeňilleşdirýär we wagty tygşytlaýar.

Emeli aň işiň her bir pudagynyň, hususan-da, žurnalistika hünäriniň döwrebap derejede pajarlap ösmegine diýseň oňyn goşant goşdy. Emeli aňyň bu oňyn goşandynyň netijesinde häzirkizaman žurnalistika ylmynda «Maglumatlar žurnalistikasy» ugry döredi. Emeli aňyň mass-media ulgamyna täsiriniň oňyn

taraplaryny seljerenimizde, emeli aň tehnologiýalarynyň peýdaly täsirleri köp ugurda görünýär:

– maglumat öndürilişiniň netijeliligi: habar taýýarlaýyş tizligi we takyklygy ýokarlanýar;

– seljerme mümkinçilikleri: emeli aň jemgyýetçilik wakalaryny seljermäge, jemgyýet pikirini kesgitlemäge mümkinçilik berýär;

– şahsylaşdyrylan hyzmat: ulanyjylar diňe öz gyzyklanmasyna laýyk maglumatlary alýarlar;

– redaksiýa çykdajylarynyň azalmagy: awtomatlaşma arkaly iş netijeliligi artýar.

Şol bir wagtda bu ösüşler bilen bagly birnäçe möhüm meseleler hem ýüze çykýar. Meselem, AI tarapyndan döredilen habar kämahal hakykatdan daşlaşyp bilýär, galp wideo we ses ýazgylary jemgyýetde şübhelenme döredýär, awtomat habar döredilende jogapkärçilik meselesi sorag döredýär. Bulary aradan aýyrmak üçin halkara derejesinde maglumat howpsuzlygyny we AI-ny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň kabul edilmegi möhümdir.

2025-nji ýylyň mart aýynda internet habarlarynda Italiýada dolulygyna emeli aň ulanylyp taýýarlanylan «Il Foglio» atly ilkinji gazetiň satuwa çykarylandygy barada aýdyldy. Bu tejribe geljekde žurnalistleriň hem işini emeli aňyň alyp biljekdigini ýüze çykardy. «Il Foglio»-nyň redaktory Claudio Cerasa, bu tejribäniň emeli aňyň habar merkezinde «amaly taýdan» nähili işleýändigini synag etmek maksady bilen ýerine ýetirilendigini belledi. Şeýle hem bu proses žurnalistlere tehnologiýanyň geljekde žurnalistika üçin näme aňladýandygy barada pikirlenmek mümkinçiligini berdi [5].

Türkmenistanda hem soňky ýyllarda sanly kommunikasiýa ulgamy ösdürilýär. «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň we ýurdumyzyň habar serişdeleriniň sanly ulgama geçmegi emeli aň tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna mümkinçilik döredýär. Türkmen metbugaty, teleýaýlymlar we elektron habar portallary maglumatlaryň işlenilişini awtomatlaşdyrmak, wideo arhiwleri tertiplemek, ulanyjylara şahsylaşdyrylan maglumat hödürlemek ýaly ugurlarda AI mümkinçiliklerini ulanmagyň ýolundadyr.

Biz dünýäniň ösen innowasion tehnologiýalaryna daýanyp, ýurdumyzy hemmetaraplaýyn özgertmekde uly üstünlikleri gazanýarys. Sanly tehnologiýalaryň gurluşyny, maddy-tehniki, hukuk binýadyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirip, düýpli ylmy-tehniki özgertmeleri we iri taslamalary durmuşa geçirýäris. Sanly ykdysadyýeti ösdürmek, elektron hökümet ulgamyny ornaşdyrmak, emeli aň we bulut tehnologiýasynyň mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. Bu ugurda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga hem uly üns berilýär. Alnyp barylýan işleriň çäklerinde öýjükli aragatnaşyk ulgamynyň iň kämil tehnologiýalary ornaşdyrylýar, internet ulgamynyň mümkinçilikleri giňeldilýär [4].

Şeýlelikde, žurnalistler emeli aň mümkinçiliklerini gündelik wezipeleri ýerine ýetirmäge, işiň tertipnamasyny, degişli ugurlar boýunça maksatnamalary taýýarlamaga gönükdirýärler. Bu bolsa kesgitli ugur boýunça alnyp barylýan işleriň netijeli häsiýete eýe bolmagyny şertlendirýär.

Netijede, emeli aň tehnologiýalary häzirki zaman mass-media ulgamynyň gurluşyny düýpli üýtgedýär. Ol maglumat öndürmek, paýlamak we kabul etmek ulgamyny netijeliligi bilen ösdürýär. Şol bir wagtyň özünde maglumat howpsuzlygy, ynamlylyk we ahlak jogapkärçiligi meseleleri has-da möhüm orna çykýar. Geljekde emeli aňyň mass-mediadaky orny diňe bir tehnologik däl, eýsem, jemgyýetçilik we hukuk taýdan hem seljerilmäge degişli ugur bolup galar.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir! – A.: TDNG, 2008.

2. *Soltanow H., Jumaýew A.* Sanly bilim ulgamy. – Mary, 2017.

3. *Jumalyýewa O.* Žurnalistikanyň esaslary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2013.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Türkmentel – 2025» atly XVIII halkara sergä we ylmy maslahata hem-de «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2025» atly halkara maslahata we sergä gatnaşyjylara Gutlagy. – Türkmenistan // 12.11.2025.

5. wikipedia.org


# ВЛИЯНИЕ ПЕРЕДОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ ИСКУССТВЕННОГО ИНТЕЛЛЕКТА НА СОВРЕМЕННУЮ СИСТЕМУ МАСС-МЕДИА

XXI век является эпохой стремительного развития цифровых данных, интернета и технологий искусственного интеллекта. В современном обществе информация обладает устойчивой и значительной силой воздействия, в связи с чем роль системы масс-медиа существенно возросла. Развитие технологий искусственного интеллекта привело к коренным изменениям в данной сфере, открыв новые возможности – от производства информации до управления общественным мнением в целом. Исходя из этого, в статье с научной точки зрения анализируются место, значение и особенности технологий искусственного интеллекта в системе масс-медиа.

# THE IMPACT OF ADVANCED ARTIFICIAL INTELLIGENCE TECHNOLOGIES ON THE MODERN MASS MEDIA SYSTEM

The twenty-first century is an era of rapid development of digital data, the Internet, and artificial intelligence (AI) technologies. In contemporary society, information possesses a sustained and powerful influence, which has significantly increased the role of the mass media system. The advancement of artificial intelligence technologies has led to profound transformations in this field, opening up new opportunities ranging from information production to the overall management of public opinion. From this perspective, the article provides a scientific analysis of the role, significance, and specific features of artificial intelligence technologies in the mass media system.

## MAZMUNY

Sözbaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

## I BAP
## SANLY DIPLOMATIÝA

**Kasym AMANOW**
MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERINIŇ SANLY DIPLOMATIÝASYNYŇ GIŇIŞLEÝIN SELJERMESI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
**Ysmaýyl BERDIÝEW**
DÖWLETIŇ SANLY DIPLOMATIÝASYNA ONUŇ MEDIA SYÝASATYNYŇ TÄSIRI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .14
**Maral KAKAGELDIÝEWA**
HÄZIRKI ZAMAN EMELI AŇ TEHNOLOGIÝASYNYŇ DIPLOMATIK GULLUKLARDAKY ÄHMIÝETI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .19
**Amangül MUHAMMEDOWA**
SANLY DIPLOMATIÝANYŇ MAGLUMAT ULGAMYNDA HOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEK MESELESI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .22
**Gülşirin MYRADOWA**
TÜRKMENISTANYŇ MEDENI DIPLOMATIÝASY PARAHATÇYLYGY PUGTALANDYRMAGYŇ ÝÖRELGESI HÖKMÜNDE . . . . . . . . . . . . . . . .27
**Aýlar SAPARMUHAMMEDOWA**
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNY DURMUŞA GEÇIRMEKDE DIPLOMATIK WEKILHANALARYŇ ORNY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .31

## II BAP
## SELJERIŞ WE STRATEGIK MEÝILLEŞDIRIŞ

**Myratbeg BERDIMYRADOW**
MERKEZI AZIÝANYŇ SUW-EKOLOGIÝA MESELELERINIŇ GEOSYÝASY ÝAGDAÝLARA TÄSIRINI SELJERMEK WE ÇAKLAMAK . . . . . . . . . . . .35
**Aýjahan ÇARYÝEWA**
ÖŇÜNI ALYŞ DIPLOMATIÝASYNDA DAWALARY GOWŞATMAGYŇ MEDIASIÝA USULY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .39
**Selim GURBANSÄHEDOW**
OWGANYSTANDAKY SYÝASY ÝAGDAÝLARY KADALAŞDYRMAKDA SYÝASY-DIPLOMATIK ÇEMELEŞMELERIŇ ÄHMIÝETI . . . . . . . . . . . . .44
**Muhammet MÄHREMOW**
SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ GEOSYÝASY MESELELERE TÄSIRI . . . . . .49
**Dursunjemal MEREDOWA**
HALKARA ÜSTAŞYR GEÇELGELERIŇ AZIÝA SEBITINDE GEOSYÝASY ÝAGDAÝLARA TÄSIRI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .53
**Kowus ÝAZGURDOW**
ÖŇÜNI ALYŞ DIPLOMATIÝASYNYŇ NETIJELI UGURLARYNY SELJERMEK . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .58

## III BAP
## GÜNDOGARY ÖWRENIŞ

**Kakabaý AŞYRBERDIÝEW**
ÝAPONIÝANYŇ TEHNOLOGIK ÖSÜŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY . . . . . . . . . .62
**Atamyrat BEKÇIÝEW**
ÝAPON DIPLOMATIÝASYNA MILLI DÄPLERIŇ TÄSIRI
(NAZARY WE AMALY NUKDAÝNAZARDAN) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .69
**Mähri DURDYMYRADOWA**
KOREÝA RESPUBLIKASYNYŇ MEDENI DIPLOMATIÝASYNYŇ
AÝRATYNLYKLARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .78
**Eziz HALLAÝEW**
EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ SANKSIÝALAR ŞERTLERINDE
YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .83
**Gülnur HOJAÝEWA**
«AZIÝA GAPLAŇLARY» ÝURTLARYNYŇ YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ
AÝRATYNLYKLARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .93
**Begenç HUDAÝBERDIÝEW**
HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ KOMMUNISTIK PARTIÝASYNYŇ
DÖWLET SYÝASATYNA TÄSIRI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .97

## IV BAP
## HALKARA HUSUSY HUKUGY

**Gülnar AKMYRADOWA**
TÜRKMENISTANYŇ NOTARIAL EDARALARYNYŇ MIRAS
MESELELERI BABATYNDAKY IŞLERINI HALKARA HUKUGYNA
LAÝYKLYKDA KÄMILLEŞDIRMEK . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 101
**Süleýman AMANOW**
HALKARA HOWA GATNAWLARYNY WE DAŞAMALARYNY
DÜZGÜNLEŞDIRMEGIŇ HALKARA HUKUK ESASLARY . . . . . . . . . . . 105
**Atajan AŞYROW**
DAŞARY SÖWDADA SARP EDIJILERIŇ BÄHBITLERINI GORAMAKLYGYŇ
HALKARA HUKUK TEJRIBESI. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 109
**Dünýä DIDAROWA**
HUSUSY KÄRHANALARYŇ HUKUKLARYNYŇ
HALKARA HUKUGYNYŇ KADALARY ESASYNDA GORAGLYLYGYNYŇ
ÜPJÜN EDILMEGI (DAŞARY WE MILLI TEJRIBÄNIŇ SELJERMESI) . . . . . . 113
**Nurşat ESENOWA**
ZÄHMET RUGSATLARY BILEN BAGLANYŞYKLY HALKARA
HUKUGYNYŇ KADALARYNYŇ MILLI TEJRIBEDE ULANYLYŞY . . . . . . . 117
**Döwletmyrat ORAZOW**
JENAÝATÇYLYK ÝOLY BILEN EDINILEN EMLÄKLERI DÖWLET
HAÝRYNA GEÇIRMEGIŇ HALKARA TEJRIBESI . . . . . . . . . . . . . . . . . 122

**Amanbagt USSAÝEWA**
ELEKTRON SÖWDA GATNAŞYKLARYNDA ÝÜZE ÇYKÝAN MESELELERINIŇ HALKARA HUKUGYNYŇ KADALARY ESASYNDA ÇÖZÜLIŞINIŇ TEJRIBESI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 127

## V BAP
## HALKARA JEMAGAT HUKUGY

**Nurjahan ANNANAZAROWA**
DAŞARY ÝURT RAÝATLARYNYŇ HUKUKLARYNYŇ HALKARA HUKUGYNDA DÜZGÜNLEŞDIRILMEGI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 133
**Kerim DÖRTGULYÝEW**
ZÄHMET MIGRANTLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝYNY DÜZGÜNLEŞDIRMEGIŇ HALKARA HUKUK ESASLARY . . . . . . . . . . . 138
**Myrat DURDYMÄMMEDOW**
KORRUPSIÝA GARŞY GÖREŞMEK: HALKARA HUKUK NAMALAR WE MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERINIŇ TEJRIBESI. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 143
**Aýgözel GAPUROWA**
ADAMYŇ DURMUŞ-YKDYSADY WE MEDENI HUKUKLARYNYŇ HALKARA HUKUK GORAGLYLYGY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 148
**Bagtyýar GARAJAÝEW**
EKSTRADISIÝA INSTITUTY: TARYHY, ÖSÜŞI, AÝRATYNLYKLARY WE HALKARA HUKUGYNDA DÜZGÜNLEŞDIRILIŞI. . . . . . . . . . . . . . . . . 152
**Işanguly GULMYRADOW**
HAZAR DEŇZINIŇ HUKUK STATUSY HAKYNDAKY KONWENSIÝANY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ DERWAÝYS MESELELERI . . . . . . . . . . . . . . . 158
**Ogulaý JUMADURDYÝEWA**
TERRITORIAL JEDELLERIŇ HALKARA HUKUK TAÝDAN KADALAŞDYRYLYŞY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 163
**Atamyrat MÖWLAMOW**
HALKARA SANKSIÝALAR: HÄZIRKI ZAMAN HALKARA HUKUK ULGAMYNDAKY ORNY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 167

## VI BAP
## HALKARA ARBITRAŽ WE IŞEWÜRLIK HUKUGY

**Gurbanmuhammet AMANDURDYÝEW**
HALKARA TÄJIRÇILIK JEDELLERINI ÇÖZMEKDE ARBITRAŽ MEHANIZMLERINI ULANMAK . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 173
**Seýidulla ATAÝEW**
ARBITRAŽ KAZYÝETLERINIŇ IŞ ÖNÜMÇILIGINE PROKURORYŇ GATNAŞMAGYNYŇ HALKARA TEJRIBESI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 177
**Meret KÜLJÄÝEW**
HALKARA IŞEWÜRLIK JEDELLERINI ÇÖZMEKDE ARBITRAŽ GURALLARYNYŇ ULANYLYŞY. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 182

**Şirin MUHAMMETMYRADOWA**
IKITARAPLAÝYN ŞERTNAMALAR BILEN BAGLANYŞYKLY ÝÜZE ÇYKÝAN JEDELLERIŇ ÇÖZÜLMEGINDE ARBITRAŽ KAZYÝETLERINIŇ ORNY . . . . . 186
**Aýlar NURYÝEWA**
HALKARA ARBITRAŽDA DÖWLET BÄHBITLERINIŇ GORALMAGYNYŇ MEHANIZMLERI . . . . . 192
**Aýsoltan ORAZGULYÝEWA**
ENERGETIKA MESELELERI BOÝUNÇA ÝÜZE ÇYKÝAN MESELELERIŇ ÇÖZÜLMEGINDE ARBITRAŽ TEJRIBESI . . . . . 197
**Babajan ROZYBAÝEW**
TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINE HALKARA MALIÝE INSTITUTLARY ARKALY MAÝA GOÝUMLARYNY ÇEKMEGIŇ HUKUK ESASLARY . . . . . 201
**Ýalkapberdi YLÝASOW**
HALKARA LOGISTIKA ULGAMYNDA ÝÜZE ÇYKÝAN MESELELERIŇ ÇÖZÜLMEGINDE ARBITRAŽ TEJRIBESI . . . . . 206

## VII BAP
## HALKARA YKDYSADYÝETI

**Ogulşeker AKJAÝEWA**
DÜNÝÄNIŇ ENERGIÝA BAZARYNDA TÜRKMENISTANYŇ ORNUNY ÝOKARLANDYRMAGYŇ ÝOLLARY . . . . . 212
**Aýgül ATAÝEWA**
DÜNÝÄ YKDYSADYÝETİNDE YKDYSADY MERKEZLERİŇ EMELE GELMEGİ (ABŞ-nyň WE HYTAÝYŇ MYSALYNDA) . . . . . 216
**Şamyrat BEGENJOW**
TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINE DAŞARY ÝURT MAÝA GOÝUMLARY ÇEKMEGIŇ ÝOLLARYNY KÄMILLEŞDIRMEK . . . . . 223
**Ata BERDIGYLYJOW**
TÜRKMENISTANDA ÖNDÜRILEN ÖNÜMLERI HALKARA BAZARLARYNA ÇYKARMAKDA MARKETINGIŇ ÝÖRELGELERI WE OLARY KÄMILLEŞDIRMEK . . . . . 229
**Aýbölek GURBANOWA**
GLOBAL YKDYSADYÝETDE SÖWDA WE WALÝUTA ÇAPRAZLYKLARYNY KADALAŞDYRMAK MESELESI . . . . . 233
**Aýgül HAÝYTOWA**
TÜRKMENISTANYŇ DEMIR WE GARA ÝOL ULAG ULGAMYNDA DAŞARY SÖWDA DAŞAMALARYNYŇ AÝRATYNLYKLARY . . . . . 238
**Güljeren MÄMMEDOWA**
TÜRKMENISTAN BILEN KOREÝA RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDAKY SÖWDA-YKDYSADY HYZMATDAŞLYGYŇ ÄHMIÝETI . . . . . 242

**Mergen MYRATNAZAROW**
TÜRKMENISTANDA ÖNDÜRILÝÄN ÖNÜMLERI HALKARA BAZARLARYNA ÇYKARMAKDA BANKLARYŇ ÝÖRELGELERI WE OLARY KÄMILLEŞDIRMEK. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 249
**Dürdäne NAZARGYLYJOWA**
MERKEZI AZIÝA ÝURTLARYNYŇ YKDYSADYÝETINDE IMPORTYŇ ORNUNY TUTÝAN ÖNÜMLERI ÖNDÜRMEGIŇ STRATEGIÝALARY. . . . . . 253
**Azady NURMYRADOW**
ÖSEN ÝURTLARDA ELEKTRON TELEKEÇILIGI ÖSDÜRMEGIŇ TEJRIBESINI TÜRKMENISTANDA ORNAŞDYRMAGYŇ ÝOLLARY . . . . . . 256
**Jennet NURYMYRADOWA**. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 261
WIRTUAL MALIÝE SERIŞDELERINI ULANMAGYŇ HALKARA TEJRIBESI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 261
**Kerim SERDAROW**
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY HYZMATDAŞLYGYNY ÖSDÜRMEKDE HÖKÜMETARA TOPARLARYNYŇ ORNY (GDA ÝURTLARYNYŇ MYSALYNDA) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 268

## VIII BAP
## SYÝASY KOMMUNIKASIÝA WE INTERNET ŽURNALISTIKASY

**Begmyrat GURBANOW**
SYÝASY KOMMUNIKASIÝA ULGAMYNDA MAHABAT IŞINIŇ AÝRATYNLYKLARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 273
**Döwran HALLYGYLYJOW**
HALKARA MAGLUMATLARY ÝAÝRATMAKDA INTERNET ŽURNALISTIKASYNYŇ ŽANR AÝRATYNLYKLARY . . . . . . . . . . . . . . . . 275
**Şirin HANMÄMMEDOWA**
ÝAŞLAR ÜÇIN NIÝETLENEN MEDIA KOMMUNIKASIÝA GIŇIŞLIGINIŇ ÖSÜŞ AÝRATYNLYKLARY. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 279
**Bägül JUMAÝEWA**
SYÝASY ŽURNALISTIKANYŇ MEDIA KOMMUNIKASIÝALARYNY ÖSDÜRMEKDÄKI ORNY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 284
**Bägül KAKALYÝEWA**
DÖREDIJILIK MIRASYNY MEDIA GIŇIŞLIGINDE JEMGYÝETÇILIGE ÝETIRMEGIŇ HÄZIRKI ZAMAN ÇEPERÇILIK USULLARY . . . . . . . . . . . 287
**Ejeş TAGANOWA**
HÄZIRKI ZAMAN MASS-MEDIA ULGAMYNA EMELI AŇ TEHNOLOGIÝALARYNYŇ TÄSIRI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 291

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy, III neşir)

| | |
|---|---|
| Redaktory | *E. Söýünowa,* |
| | *M. Gurbanow,* |
| | *Ç. Çaryýew* |
| Teh. redaktor | *Ý. Peskowa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Ataýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 16.03.2026.
A–118223. Ölçegi $70 \times 100^{1}/_{16}$. Edebi garnitura.
Çap listi 19,0. Şertli-çap listi 24,51. Hasap-neşir listi 18,55.
Neşir №22. Sargyt №00. Sany 100.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Ylym» neşirýaty.
744000. Aşgabat, 2011-nji (Azady) köçesi, 61.

Telekeçi: Hallyýew B.
Aşgabat ş. Bekrewe ýaşaýyş toplumynyň
2100/9-njy (Ýaşlar) köçesiniň 45-nji jaýy.